**Ý.M. Nuryýew, S.K. Ataýew,**
**A.A. Çaryýew, B.M.Orazdurdyýewa**

# TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝA HUKUGY

Ýokary okuw mekdepleri we Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşiriýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK
N

Nuryýew Ý.M. we başg.
N Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, 2012.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk institutynda taýýarlanan bu okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjileri, aspirantlar we mugallymlar üçin niýetlenen. Kitapda Türkmenistanyň konstitusiýasynyň kadalaryny, konstitusion hukugyň esasy düşünjelerini özleşdirmek üçin niýetlenen maglumatlar, ylmy garaýyşlar beýan edilýär. Temalary netijeli özleşdirmäge gönükdirilen çyzgylar, şeýle-de sapaklary häzirki zaman interaktiw-multimediýa usullary bilen geçirmäge mümkinçilik berýän maglumatlar hem kitapda öz beýanyny tapýar. Okuw kitabynda ýerleşdirilen sowalnamalar bolsa, hukuk öwrenijileriň özleşdiren hünär bilimlerini özbaşdak barlamaklaryna ýardam berer. Okuw kitabynyň giriş, XVII bap. Türkmenistanda kazyýet häkimiýet, XVIII bap. Türkmenistanyň prokuraturasy bölümlerini B.Orazdurdyýewa ýazdy.

TDKP №, 2012 KBK

© Nuryýew Ý.M. we başg., 2012.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# M A Z M U N Y

**Giriş** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12

**I bap. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň predmeti, usulyýeti we wezipeleri**

§1. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň düşünjesi we onuň predmeti . . . . . . . . . 14
§2. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň usulyýeti (metodologiýasy) . . . . . . . . . . 16
§3. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 21
§4. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň beýleki hukuk ylymlary bilen arabaglanyşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 23
Sowalnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30

**II bap. Türkmenistanda konstitusion gatnaşyklaryň hukuk düzgünleşdirmesi**

§1. Konstitusion-hukuk gatnaşyklary barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 34
§2. Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 36
§3. Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 38
§4. Konstitusion-hukuk kadalary we institutlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 40
4.1. Konstitusion-hukuk kadasynyň düşünjesi we mazmuny . . . . . . . . . . . . . . 40
4.2. Konstitusion-hukuk kadasynyň düzüm gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
4.3. Konstitusion-hukuk kadalarynyň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43
4.4. Konstitusion-hukuk institutlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 46
§5. Hukugyň pudagy hökmünde konstitusiýa hukugynyň ulgamy . . . . . . . . . . . . . . . . 47
Sowalnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 52

**III bap. Konstitusiýa barada düşünje, onuň mazmuny, gurluşy we görnüşleri**

§1. Konstitusiýa barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 55
§2. Konstitusiýalaryň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 59
§3. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň taryhy, mazmuny we gurluşy . . . . . . . . . . . . . 61
Sowalnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 71

### IV bap. Konstitusiýa hukugynyň çeşmeleri

§1. Konstitusiýa hukugynyň çeşmeleri barada düşünje we olaryň görnüşleri........ 75
§2. Türkmenistanyň konstitusiýasy ........................................ 77
§3. Türkmenistanyň konstitusion kanunlary we kanunlary ...................... 79
§4. Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary ..................... 81
Sowalnama ........................................ 90

### V bap. Konstitusion-hukuk jogapkärçiligi

§1. Konstitusion-hukuk jogapkärçiligi barada düşünje .......................... 94
§2. Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň esaslary ............................ 96
§3. Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň subýektleri.......................... 100
§4. Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşleri bilen gatnaşygy .................. 102
Sowalnama ........................................ 107

### VI bap. türkmenistan demokratik, hukuk, dünýewi we bitarap döwletdir

§1. Türkmenistan – demokratik döwlet ........................................111
§2. Türkmenistan hukuk döwleti ..............................................113
§3. Türkmenistan dünýewi döwlet..............................................118
§4. Türkmenistan bitarap döwlet ............................................. 120
Sowalnama ........................................ 130

### VII bap. Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary

§1. Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary barada düşünje............ 134
§2. Türkmenistanda döwlet häkimiýetiniň amala aşyrylyşynyň Esasy Kanunynda berkidilişi ..................... 135
§3. Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň konstitusion esaslary........... 143
§4. Döwlet dili, döwlet nyşanlary, we döwlet garaşsyzlygyny goramak .......... 152
Sowalnama ........................................ 164

### VIII bap. jemgyýetçilik we döwlet gurluşynyň konstitusion-hukuk esaslary

§1. Jemgyýetiň ykdysady esaslarynyň Esasy Kanunda berkidilişi ............... 168
§2. Jemgyýetiň syýasy gatnaşyklar ulgamynyň konstitusion-hukuk esaslary....... 173
§3. Jemgyýetiň ruhy durmuşynyň konstitusion-hukuk esaslary ................. 175
§4. Türkmenistanyň durmuş üpjünçiligi ulgamynyň konstitusion-hukuk esaslary... 178
Sowalnama ........................................ 186

.

## IX bap. Türkmenistanyň raýatlygy we türkmenistanda daşary ýurt raýatlarynyň hem-de raýatlygy ýok adamlaryň hukuk ýagdaýy

§1. Raýatlyk barada düşünje we onuň görnüşleri . . . . . . . . . . 190
§2. Adamyň we raýatyň hukuklarynyň Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilişi . . . . . . . . . . 191
§3. Türkmenistanyň raýatlygy . . . . . . . . . . 195
§4. Türkmenistanda daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň hukuk ýagdaýy . . . . . . . . . . 200
§5. Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy. Gaçybatalga hukugy . . . . . . . . . . 202
Sowalnama . . . . . . . . . . 210

## X bap. Adamyň we raýatyň konstitusion-hukuklary, azatlyklary we borçlary

§1. Adamyň hem raýatyň hukuklary we borçlary barada düşünje. Hukuklaryň hem borçlaryň özara baglanyşygy . . . . . . . . . . 214
§2. Şahsy hukuklar we azatlyklar . . . . . . . . . . 224
2.1. Ýaşaýşa bolan hukuk . . . . . . . . . . 224
2.2. Şahsyýetiň mertebesine, erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige bolan hukuk . . . . . . . . . . 225
2.3. Şahsy durmuşynyň, şahsy we maşgala syrlarynyň eldegrilmesizligine, mertebesini we at-abraýyny, hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta, telegraf we beýleki habarlary alyşmagyň syryny goramaklyga bolan hukuk . . . . . . . . . . 231
2.4. Ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligine bolan hukuk . . . . . . . . . . 235
2.5. Hukuklaryň we azatlyklaryň deňligi . . . . . . . . . . 238
2.6. Özüni kämilleşdirmäge, bilime we döredijilige bolan hukuk . . . . . . . . . . 240
2.7. Ýaşajak ýerini erkin saýlap almaga, erkin gezmäge bolan hukuk . . . . . . 248
2.8. Wyždan azatlygyna we dine uýmak erkinligine bolan hukuk . . . . . . . . . . 250
§3. Türkmenistanyň raýatlarynyň syýasy hukuklary we azatlyklary . . . . . . . . . . 254
3.1. Erkin pikir ýöretmäge we pikirini beýan etmäge bolan hukuk . . . . . . . . . 254
3.2. Beýleki raýatlar bilen birleşmeler döretmäge bolan hukuk . . . . . . . . . . 258
3.3. Ýygnaklary, ýygnanyşyklary we ýörişleri erkin geçirmäge bolan hukuk . . . . . . . . . . 266
3.4. Döwleti dolandyrmaklyga gatnaşmaga bolan hukuk . . . . . . . . . . 267
3.5. Saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuk . . . . . . . . . . 269
§4. Sosial-ykdysady hukuklar . . . . . . . . . . 272
4.1. Eýeçilige bolan hukuk . . . . . . . . . . 272
4.2. Erkin zähmet çekmäge bolan hukuk . . . . . . . . . . 277
4.3. Dynç almaga bolan hukuk . . . . . . . . . . 280
4.4. Eneligiň, çagalygyň, maşgalanyň goraglylygyna, çagalary barada alada etmäge we olary terbiýelemäge bolan hukuk . . . . . . . . . . 287

4.5. Abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna bolan hukuk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 294
4.6. Saglyk goraglylygyny we lukmançylyk
kömegini almaga bolan hukuk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 295
4.7. Amatly daşky gurşawa bolan hukuk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 298
§5. Hukuklaryň we azatlyklaryň kazyýet tarapyndan goralmagy . . . . . . . . . . . . . . . . 300
Sowalnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .311

## XI bap. Saýlaw ulgamy. sala salşyk

§1. Saýlaw we sala salşyk barada düşünje. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 314
§2. Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmegiň hukuk esaslary . . . . . 325
§3. Saýlawly wezipeler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 330
Sowalnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 335

## XII bap. Türkmenistanyň prezidenti

§1. Döwleti dolandyrmagyň prezident respublikasy
görnüşi barada düşünje we onuň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 339
§2. Türkmenistanyň Prezidentini saýlamagyň tertibi,
onuň ygtyýarlyk möhleti hem hukuk ýagdaýy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 342
§3. Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 346
Sowalnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 363

## XIII bap. Türkmenistanyň mejlisi

§1. Türkmenistanyň Mejlisiniň döredilmeginiň tertibi we onuň hukuk ýagdaýy . . . . 368
§2. Türkmenistanyň Mejlisiniň düzüm gurluşy we onuň işini guramagyň tertibi. . . . 371
§3. Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 376
§4. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň hukuk ýagdaýy . . . . . . . . . . . . . . . . 388
§5. Kanunçykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuk. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 393
Sowalnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 399

## XIV bap. Türkmenistanyň ministrler kabineti

§1. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetini
döretmegiň tertibi we onuň hukuk ýagdaýy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 403
§2. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . 408
Sowalnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 420

## XV bap. Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralary

§1. Türkmenistanyň ýerli häkimiýet edaralary barada düşünje. . . . . . . . . . . . . . . . . 423
§2. Ýerli häkimiýet edaralarynyň görnüşleri we olaryň ygtyýarlyklary . . . . . . . . . . . 424
§3. Wekilçilikli ýerli häkimiýet edaralary (welaýatlaryň, etraplaryň, welaýat we etrap
hukukly şäherleriň halk maslahatlary). . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 431
Sowalnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 442

## XVI bap. Türkmenistanda ýerli öz-özüňi dolandyryşyň konstitusion-hukuk esaslary

§1. Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary barada düşünje ........ 445
§2. Geňeşler ........ 446
§3. Arçynlar ........ 455
Sowalnama ........ 464

## XVII bap. Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti

§1. Türkmenistanyň kazyýet ulgamy barada düşünje we kazyýet edaralarynyň wezipeleri ........ 468
§2. Kazyýet edaralarynyň işini guramagyň hukuk esaslary........ 477
Sowalnama ........ 493

## XVIII bap. Türkmenistanyň prokuraturasy

§1. Prokuratura edaralary barada düşünje we olaryň hukuk ýagdaýy........ 496
§2. Prokuratura edaralarynyň ulgamy hem ygtyýarlyklary ........ 500
Sowalnama ........ 510
Jemleme ........ 515
Sowalnamalaryň dogry (nädogry) jogaplarynyň belgileri ........ 517
Peýdalanylan kanunlar we edebiýatlar........ 520

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

***– Esasy Kanunymyz Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň täze sepgitlerine tarap ýokary depginler bilen öňe barýan eziz Diýarymyzda bolup geçýän, halkymyzyň gülläp ösmegine gönükdirilen özgertmeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy üçin iň ýokary halkara ölçeglerine laýyk gelýän kanunçylyk binýady bolup durýar[1].***

# GIRIŞ

Türkmenistanda amala aşyrylan we amala aşyryljak syýasy, ykdysady we medeni özgertmeleriň ählisi, şol sanda Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we milli hukuk ulgamymyzyň kämilleşdirilmegi-de ýurdumyzda raýat jemgyýetini we hukuk döwletini berkarar etmeklige gönükdirilendir. Şonuň ýaly-da, Garaşsyz Bitarap Türkmenistan döwletiniň maksatlary barada hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly biziň konstitusiýamyzda türkmen halkynyň özygtyýarlylygyny pugtalandyrmak, halk häkimiýetiniň we hukuk döwletiniň esaslaryny berkitmek, milli gymmatlyklarymyzy we bähbitlerimizi yzygiderli goramak, raýat asudalygyny hem-de milli agzybirligi üpjün etmek döwlet gurluşynyň esasy maksatlary hökmünde bellenendigi aýratyn bellärlikdir.

Her bir döwletiň konstitusiýasynyň özüne mahsus aýratynlyklary bolýar. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň esasy aýratynlyklary hökmünde, onda berkidilen hukuk kadalarynyň agramly böleginiň ynsanyň tebigy we mizemez hukuklarynyň kanuny taýdan kepillendirilmegine gönükdirilendigini bellemek gerek. Şahsyýet, onuň hukuklary we erkinligi biziň jemgyýetimiziň esasy özeni bolup durýar. Bu hakykat biziň döwletimiziň gurluşynyň esasy ýörelgesi. Munuň şeýledigine, döwlet Baştutanymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygarynyň, Esasy Kanunymyzda berkidilen konstitusion-hukuk aňlatmasy bolan: «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, namysyny, mertebesini we azatlygyny,

---

[1] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. «Türkmenistanyň konstitusiýasy Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň Esasy Kanuny». Türkmenistan, 18.05.2012 ý..

şahsyýetine eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar[1]» diýen ynsanperwer kada hem şaýatlyk edýär.

Okuw dersi hökmünde, esasan, ýurdumyzyň konstitusiýasyny talyp ýaşlara doly we hemmetaraplaýyn öwretmegi maksat edinýän Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy, hukuk öwrenişiň esasy pudaklarynyň biridir we wajyp ähmiýete eýedir. konstitusiýa hukugyna gysgaça kesgitleme berlende, hukukçy alymlar onuň döwletiň gurluşyny öwredýändigini aýratyn belleýärler.

Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy öwrenilende – Türkmenistanyň döwlet gurluşy, şonuň bilen birlikde-de jemgyýetimiziň syýasy-hukuk düzgünleşdirmesiniň esaslary öwrenilýär. Şol bir wagtda-da ol özboluşly hem esasy hukuk pudagy hökmünde ýurdumyzyň hukuk ulgamynyň düzüminde bolup, hukuk ulgamyny emele getiriji ýörelgeleri, başlangyçlary hem özünde jemleýär.

Görkezilenler bilen bir hatarda, konstitusiýa hukugy beýleki hukuk pudaklary bilen hem jebis arabaglanşyklydyr. Şol sebäpli-de Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy öwrenilende diňe bir konstitusiýanyň özüni däl-de, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we beýleki ýerine ýetiriji edaralaryň kabul eden kadalaşdyryjy hukuk namalaryny hem öwrenmeklik maksat edinilýär. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy halkyň özygtyýarlylygyny pugtalandyrmaklygy, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirmekligi, jemgyýetiň asudalygyny we agzybirligini üpjün etmekligi, halk häkimiýetiniň we hukuk döwletiniň esaslaryny berkarar etmekligi ýaly maksatlary-da özünde jemleýär. Türkmenistanyň döwlet we jemgyýetçilik gurluşynyň ösüş döwürleri bilen talyplary tanyş etmek wezipesini, şeýle-de kanunçylygy we hukuk düzgünlerini berjaý etmegiň, hereket edýän kada-kanunlary durmuşa ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri talyplaryň aňyna ýetirmäge hem konstitusiýa hukugy esas bolup durýar. Şonuň bilen baglylykda-da döwletiň Esasy Kanunynyň we kanunçylyk namalarynyň mazmunyna, döwlet dolandyrlyşynyň Prezident Respublikasy görnüşiniň alamatlaryna, döwlet edaralarynyň düzümüne, döwlet edaralary tarapyndan kabul edilýän dürli-dürli kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul ediliş düzgünlerine, olaryň güýje girip hereket etmegine bu ders öwrenilende aýratyn üns berilýär. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň mazmunyny düzýän temalaryň ählisi, Esasy Kanunymyzyň kadalaryndan ugur alýar.

Şol sebäpli-de, bu okuw kitabynda binýatlaýyn hukuk pudagy bolan konstitusiýa hukugyny talyp ýaşlara has çuňňur we doly öwretmek üçin, döwletimiziň konstitusion-hukuk esaslarynyň mazmunyny hem häsiýetli aýratynlyklaryny sada we düşnükli dilde jikme-jik açyp görkezmeklige ýykgyn edilýär. Şonuň ýaly-da kitapda okuw-usuly serişdeleriň sanawyna girýän çyzgylary hem sowalnamalary ulanmak bilen, hukuk öwrenijileriň beýan edilýän temalary has oňat özleşdirmeklerine ýardam bermek maksat edinilýär.

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 3-nji madda. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

# I BAP. TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝA HUKUGYNYŇ PREDMETI, USULYÝETI WE WEZIPELERI

## §1. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň düşünjesi we onuň predmeti

*Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy* – bu Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň esasy hukuk pudagy bolup, onuň kadalary döwletimiziň durmuş-ykdysady, syýasy we çäk gurluşynyň binýatlaýyn başlangyçlaryny, döwletiň hukuk ýagdaýyny, onuň jemgyýet, şahsyýet hem raýat bilen özara gatnaşygynyň hukuk esaslaryny, şonuň ýaly-da döwlet häkimiýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgam gurluşyny kesgitleýär.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň konstitusiýa hukugyna üç röwüşde (aspektde[1]) garamak bolýar:

1. Hukuk ulgamynyň bir pudagy hökmünde;
2. Hukuk ylmynyň bir düzüm bölegi (pudagy) hökmünde;
3. Okuw dersi hökmünde.

Bu üç nukdaýnazaryň biri-birinden esasy tapawutlylygy bolsa şulardan ybarat:

- Hukugyň pudagy hökmünde Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy jemgyýetimiziň döwlet hem jemgyýetçilik gurluşynyň, döwlet häkimiýet ulgamynyň konstitusion-hukuk esaslaryny, döwlet häkimiýet şahalarynyň özara gatnaşygynyň ýörelgelerini, adamyň hem raýatyň hukuklarynyň, azatlyklarynyň we borçlarynyň binýatlaýyn kadalaryny berkidýär, umuman döwletiň, jemgyýetiň, adamyň we raýatyň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär;
- Hukuk ylmynyň pudagy hökmünde görkezilen konstitusion-hukuk gatnaşyklaryny öwrenýär;
- Okuw dersi hökmünde görkezilen konstitusion-hukuk gatnaşyklaryny öwredýär.

Konstitusiýa hukugy ylmy öz gezeginde jemgyýetçilik ylymlarynyň ulgamyna degişli bolan hukuk ylmynyň ulgamynyň esasy düzüm bölekleriniň biri bolup durýar. Käbir döwletlerde konstitusiýa hukugy ylmy «Döwlet hukugy» diýlip hem atlandyrylýar.

Belli bolşy ýaly, hukuk ylymlarynyň taryhy-nazaryýet, pudaklaýyn, amaly, halkara-hukuk we beýleki[2] görnüşleri bardyr. konstitusiýa hukugy pudaklaýyn

---

[1] Lat. aspectus – garaýyş, nukdaýnazar;

[2] *Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A.* Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Okuw gollanmasy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011. S.23.

hukuk ylymlaryna degişlidir. Hukuk ylymlarynyň bu görnüşiniň esasy alamaty, olaryň predmetiniň hukugyň adybir pudagynyň kadalaryny we şol kadalar bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny öwrenýänliginden ybaratdyr. Mysal üçin: Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmy Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň konstitusiýa hukugyny emele getirýän, Türkmenistanyň konstitusiýasynda, konstitusion kanunlarynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilýän konstitusion-hukuk kadalary hem-de olaryň düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny öwrenýär. Türkmenistanyň jenaýat hukugy ylmy bolsa Türkmenistanyň Jenaýat hukugyny emele getirýän, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilen jenaýat-hukuk kadalaryny hem-de olaryň düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny öwrenýär we ş.m.

Konstitusiýa hukugynyň predmeti hökmünde belli bir ýurduň çäginde hemişelik ýaşaýan ilatyň (halkyň) jemgyýetçilik we döwlet gurluşyny emele getirýän binýatlaýyn hukuk gatnaşyklaryny görkezmek bolar. Olar şu aşakdakylardan ybarat:

● döwletiň konstitusion (jemgyýetçilik) gurluşy, döwletde häkimiýeti amala aşyrmagyň görnüşleri we usullary;

● şahsyýetiň hukuk ýagdaýynyň esaslary;

● döwlet gurluşy, ýagny döwletiň çäk (milli-çäk) gurluşy;

● döwletde döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgamy, olary döretmegiň tertibi (şol sanda saýlaw hukugy-da), olaryň işini guramagyň hem-de olaryň öz işlerini amala aşyrmaklarynyň ýörelgeleri we ş.m.

Milli hukuk ulgamynyň bir pudagy hökmünde konstitusiýa hukugy görkezilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär hem-de olaryň ösmegine ýardam berýär. konstitusiýa hukugynyň predmetini emele getirýän hukuk gatnaşyklary «konstitusion» ýa-da «konstitusion-syýasy» gatnaşyklar diýlip atlandyrylýar. Bellenip geçilişi ýaly, bu hukuk gatnaşyklary jemgyýet, döwlet we beýleki ähli hukuk gatnaşyklary üçin binýatlaýyn häsiýete eýedir. Çünki konstitusiýa hukugy, milli hukuk ulgamynyň adamlaryň jemgyýetde we döwletde ýaşamaklarynyň başlangyç esaslary, jemgyýeti we döwleti dolandyrmagyň ilkinji ýörelgeleýin hem binýatlaýyn kadalary berkidilýän esasgoýujy pudagy bolup durýar.

Käbir daşary ýurt edebiýatlarynda konstitusiýa hukugy ylmynyň predmeti hökmünde diňe konstitusion-hukuk kadalary kesgitlenýär, konstitusion-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklary bolsa hukuk ylmynyň bu pudagynyň obýekti diýlip bellenilýär[1].

Döwletiň we hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, islendik hukuk ylmynyň predmeti şol hukuk pudagynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik

[1] Конституционное право Российской Федерации. Курс лекций. Под редакцией М.П. Авдеенкова. Москва: «Весь Мир», 2005. С.354.

gatnaşyklary, ýagny hukuk gatnaşyklary bolup durýar. Sebäbi hukuk gatnaşygy esasan üç sany düzüm bölekden ybarat:

1. Subýekt;
2. Obýekt;
3. Hukuk kadasy[1].

Hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklary hem hukuk gatnaşygynyň obýektidir. Hukuk ylmy ýa-da hukuk dersi diňe hukuk kadalaryny ýa-da diňe hukuk subýektlerini hem obýektlerini öwrenmeýär we öwretmeýär. Olar hukuk gatnaşygynyň bu üç düzüm böleginiň üçüsini-de öwrenýär. Şoňa görä-de bellenip geçilişi ýaly, Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň hem dersiniň predmeti – bu olaryň öwrenýän konstitusion-hukuk gatnaşyklarydyr, diýip kesgitlemäge esas bar.

Şeýlelikde, konstitusiýa hukugynyň predmetini düzýän hukuk gatnaşyklarynyň uly bölegi döwletiň gurluşy, şahsyýetiň döwletde eýeleýän orny, döwlet häkimiýetini amala aşyrmagyň tertibi we ş.m. bilen baglydyr. Şoňa görä-de konstitusiýa hukugynyň ylmynda käbir ýagdaýlarda bu hukuk pudagy «döwlet hukugy» diýlip hem atlandyrylýar, onuň kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryna bolsa, degişlilikde «döwlet-hukuk gatnaşyklary» hem diýilýär. Bu ugurdan ýörite edebiýatlarda görkezilen adalgalar babatda birnäçe dürli-dürli ylmy garaýyşlar hem öňe sürülýär. Mysal üçin: daşary ýurtly alymlar R.W. Ýengibarýan we I.E. Tadewosýan hukugyň bu pudagyny döwlet hukugy, onuň predmetini bolsa döwlet-hukuk gatnaşyklary hökmünde kesgitleýärler[2]. Hukuk ylmynda umumy ykrar edilen garaýyşlar bolsa hukugyň bu pudagyny esasan «konstitusiýa hukugy» diýip atlandyrmaklyga ýykgyn edýärler.

## §2. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň usulyýeti (metodologiýasy)

Islendik hukuk ylmy we hukuk okuw dersi ýaly, Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy okuw dersiniň hem konstitusion-hukuk gatnaşyklaryny öwrenmek üçin niýetlenen özboluşly usullary bar. Şol usullar hem bu hukuk ylmynyň hem-de okuw dersiniň usulyýetini emele getirýärler.

Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň usullary – bu konstitusion-hukuk gatnaşyklaryny öwrenmek hem-de öwretmek üçin ulanylýan ylmy usullar hem serişdelerdir. Bu hukuk ylmynyň usullaryny birnäçe toparlara bölmek bolýar:

---

[1] *Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A.* Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Okuw gollanmasy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011. S.330.

[2] *Енгибарян Р.В., Тадевосян Э.В.* О некоторых дискуссионных теоретико-методологических вопросах курса конституционного права (читая новейшую учебную литературу). Москва: // Государство и право, 2001. №1. С.16.

● umumy filosofiýa usullary;
● umumy ylmy usullar;
● hususy ylmy usullar;
● ýörite usullar.

*Umumy filosofiýa usullarynyň* her biriniň esasynda ol ýa-da beýleki bir filososfiýa garaýşy (nazaryýeti, taglymaty) durýar. Umumy filosofiýa usullary Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň predmetini dünýä babatda umumy filosofiýa garaýyşlarynyň çäklerinde öwrenmäge hem-de öwrenilýän meselelere aň ýetirmegiň usullaryny we serişdelerini saýlap almaga mümkinçilik berýär. Umumy filosofiýa usullarynyň käbirini synlap göreliň:

Taryhy filosofiýa tejribe obýektiw idealizm we subýektiw idealizm atly usullary döredipdir. *Obýektiw idealizm* usuly döwletiň we hukugyň döremegini hem ösüşini Hudaýyň erk-islegi, ygtyýary we adamyň erkine bagly bolmadyk gaýry kesgitleýji sebäpler bilen baglanyşdyrýar. Subýektiw idealizm usuly bolsa, döwletiň hem hukugyň döremegini hem ösmegini adamyň paýhasy bilen, onuň erk-islegi bilen baglaýar.

*Materialistik çemeleşme* Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň binýatlaýyn esaslaryny ykdysadyýetiň, jemgyýetde hereket edýän eýeçiligiň görnüşleriniň we maddy dünýäniň gaýry närseleriniň kesgitleýändiginden ugur alýar. Bu usulyň baş ýörelgesi – ykdysadyýet binýat, hukuk bolsa şol binýadyň üstünde gurlan ymarat (bina) diýen garaýyşdyr. Şol bir wagtda-da bu usul konstitusiýa hukugy babatda ykdysadyýetiň kesgitleýji ähmiýetini berkitmek bilen oňa beýleki mahsus häsiýetli bolan syýasatyň, ahlagyň, däp-dessurlaryň, diniň, medeniýetiň we ş.m. täsir edýändigini-de ykrar edýär.

*Dialektikanyň* kömegi bilen bolsa konstitusiýa hukugynyň ösüşdäki we beýleki jemgyýetçilik hadysalary bilen aragatnaşykdaky hereketi öwrenilýär. Dialektikanyň esasy kanunlary, möçberleýin üýtgeşmeleriň hil üýtgeşmelerine öwrülmegi, gapma-garşylyklaryň bütewiligi we çaknyşygy, inkär etmegiň inkär edilmegi ýaly kanunlar bolup durýar. Dialektikanyň kanunlary aň ýetirişiň logiki serişdeleri bilen aýrylmaz baglanyşykda durýarlar.

*Umumy ylmy usullar* hukuk ylymlarynyň şeýle hem beýleki ylymlaryň aglaba köp böleginiň usulyýet düzümine girýärler. Ylmy usullaryň bu görnüşine taryhy, logiki, ulgamlaýyn-düzümleýin, wezipeleýin (funksional) we aksiologik usullar degişlidir.

*Taryhy usul* konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň hem-de hukuk kadalarynyň taryhy ösüşini öwrenmekde ulanylýar. Çünki,Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy dersini ol ýa-da beýleki konstitusion-hukuk institutynyň mazmunyny doly we hemmetaraplaýyn öwrenmek üçin onuň emele geliş hem ösüş taryhyny-da göz öňünde tutmaly. Mysal üçin: halk wekilçiliginiň, döwlet häkimiýetiniň şahalara bölünmeginiň nazaryýeti gadymy döwürlerde emele gelip, onlarça asyrlaryň

2. Sargyt № 1499.

dowamynda kämilleşip gelipdir, häzir hem kämilleşmegini dowam edýär. Şu we beýleki konstitusion-hukuk institutlarynyň dürli taryhy şertlerde döreýşiniň hem ösüşiniň aýratynlyklarynyň çintgelip öwrenilmegi bolsa, olary mundan beýläk-de ösdürmegiň hem kämilleşdirmegiň nazary we amaly esaslaryny işläp düzmegiň wajyp şerti bolup durýar.

*Logiki usulyň* düzüminde seljeriş (analiz), sintez, induksiýa we deduksiýa usullary ulanylýar. Seljeriş çylşyrymly hadysany akylyň kömegi bilen düzüm böleklerine bölüp, olaryň her haýsyny aýratynlykda öwrenmekden ybarat. Mysal üçin: hukuk kadasynyň has doly we jikme-jik öwrenmek maksady bilen, onuň dispozisiýasyny, gipotezasyny we sanksiýasyny aýratynlykda seljermek. Sintez bir bütewi zadyň böleklerini aklyň kömegi bilen birleşdirip, ony onuň ähli düzüm bölekleriniň bütewiliginde öwrenmekden ybarat. Mysal üçin: ministrlik müdirliklerden, müdirlikler bölümlerden, bölümler bölümçelerden ybarat, olaryň her haýsynyň hem wezipeleri we ygtyýarlyklary bar. Emma sintez usulynda olaryň her haýsy aýratynlykda öwrenilmän, tutuş ministrligiň wezipeleri hem ygtyýarlyklaryny öwrenmek bilen onuň düzüm birlikleriniň her haýsynyň wezipeleri we ygtyýarlyklary barada netije çykarmak bolýar. *Induksiýa* – bu usul seljerişi hususylyklardan umumylyklara tarap alyp gitmekden ybaratdyr. Mysal üçin: anyk bir hukuk kadasyny düýpli seljermegiň esasynda şoňa meňzeş hukuk kadalarynyň jemi hökmünde tutuş kanunçylygyň düzüm gurluşyna düşünmek bolýar ýa-da anyk döwlet edarasynyň alamatlaryny öwrenmek bilen tutuş döwlet gurluşynyň (mehanizminiň) takyk döwlet wezipelerini ýerine ýetirýän döwlet edaralarynyň jemidigine göz ýetirmek mümkindir. *Deduksiýa* – bu usul seljerişi umumylyklardan hususylyklara tarap alyp gitmekden ybaratdyr. Mysal üçin: hukugyň takyk bir pudagyny öwrenmekden başlap, onuň belli bir kadasyna çenli öwrenmekligi dowam etdirmek.

*Aksiologik*[1] *usul* konstitusion-hukuk hadysalaryny ahlak, durmuşy, ruhy gymmatlyklaryň nukdaýnazaryndan seljermeklige gönükdirilýär. Bu usulyň kömegi bilen Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň kadalary olaryň ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynda nähili ähmiýetiniň bardygy, nähili peýdaly wezipeleri ýerine ýetirýändigi, olaryň hereket etmeginiň döwletiň, hukugyň, jemgyýetiň we aň ýetirişiň ösüşine edýän täsiri öwrenilýär.

*Ulgamlaýyn-düzümleýin usulyň* mazmuny bir bütewi ulgamyň düzümindäki dürli düzüm bölekleriniň özara arabaglanyşygyny hem-de biri-birine edýän täsirini ýüze çykarmakdan we öwrenmekden ybarat. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy bütewilikde we onuň aýry-aýry institutlary dürli düzüm bölekleriniň köplüginiň tertipleşdirilen bütewiligini, ýagny bir ulgamy emele getirýärler. Bu usulyň esasy wezipesi-de Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň ulgamynyň düzüm gurluş birliklerini, olaryň özara arabaglanyşygyny we birek-birege täsirini, ulgamdan

---

[1] Grekçe axio – gymmatlyk, logos – okuw, ylym, gymmatlyklar hakynda ylym.

daşgary hereket edenlerinde olara mahsus bolan häsiýetli alamatlary, şonuň ýaly-da ol bir bütewi ulgama birleşdirilenden soňra olarda döreýän häsiýetleri öwrenmek bolup durýar. Mysal üçin: parlament[1] institutyny, onuň ol ýa-da beýleki hukuk ýagdaýyny kesgitleýän, döwletde hereket edýän döwlet häkimiýetiniň şahalara bölüniş ulgamynyň düzümindäki sebäpli arabaglanyşygy doly ýüze çykaryp, seljermek maksadalaýykdyr.

*Wezipeleýin (funksional) usul* konstitusion-hukuk hadysalaryny olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň hem-de şol wezipeleriň beýleki hadysalara edýän täsiriniň nukdaýnazaryndan öwrenmeklige gönükdirilýär. Şunuň bilen baglylykda-da döwlet häkimiýetiniň şol bir düzüm gurluşy dürli wagtlarda biri-birinden üýtgeşik bolup görnüp biler.

*Hususy ylmy usullar* – bu tehniki, tebigy we utgaşyk hukuk ylymlarynyň gazananlarynyň ulanylmagynyň netijesinde emele gelen usullardyr. Başgaça aýdylanda, bu usullar beýleki ylymlar tarapyndan işlenip düzülip, Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň predmetini öwrenmek üçin ulanylýar. Hususy ylmy usullara takyk-jemgyýeti öwreniş (sosiologik), statistika, sinergetika, germenewtika usullary, hukuk taýdan modelirlemek, durmuşy-hukuk synagyny (eksperimentini) geçirmek usulyny degişli etmek bolýar.

*Takyk jemgyýeti öwreniş (sosiologik) usuly* – bu ýazuw çeşmeleriniň (resminamalaryň) gözegçiligini, seljerişini, sowalnamalaşdyrmak, sorag-jogap söhbetdeşligini geçirmek ýaly usullaryň jemidir. Bu usulyň kömegi bilen konstitusion-hukuk kadalarynyň hereket edişiniň, döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işiniň netijeliligi we ş.m. öwrenilýär.

*Statistiki usul* statistika ylmynyň umumy nazaryýetinde işlenip düzülip, möçberleýin görkezijileri öwrenmek üçin ulanylýar. Mysal üçin: Türkmenistana gelýän daşary ýurtlylaryň umumy sanynyň statistiki esasda seljerilmegi olaryň näçe göteriminiň daşary ýurt raýatlary, näçe göteriminiň raýatlygy ýok adamlar, näçe göteriminiň bosgunlar ýa-da mejbury göçüp gelenlerdigi, olaryň ýurduň dolandyryş-çäk birlikleri boýunça bölünişi barada maglumatlar ýurdumyzyň çäginde migrasiýa gatnaşyklaryny hukuk taýdan öz wagtynda hem-de netijeli düzgünleşdirmeklige ýardam berýär. Şonuň ýaly-da statistiki usul birnäçe möçberleýin görkezijileriň kabul edilen kanunlaryň sanynyň hem-de ýurtdaky hukuk tertibiniň ýagdaýynyň arasyndaky matematiki baglanyşygy ýüze çykarmaga mümkinçilik döredýär. Bu bolsa kanunçykaryjylyk işiniň netijeliligine dogry baha bermäge ýardam berýär.

*Hukuk taýdan modelirlemek* usuly belli bir jemgyýetçilik gatnaşygynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilişiniň hyýaly nusgasyny düzüp öwrenmekden ybaratdyr. Bu usulyň kömegi bilen hukuk öwreniji alymlar ýa-da tejribede işleýän hukukçylar ol ýa-da beýleki hukuk kadasynyň kabul edilmeginiň, üýtgedilmeginiň ýa-da

[1] Fransuzça parler – geplemek, hukuk ylmynda döwlet häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli kanunçykaryjy edarasynyň ady.

ýatyrylmagynyň ýüze çykaryp biljek netijelerini göz öňüne getirip bilýärler. Bu usul durmuşy hukuk synagy (eksperiment) usulyna ýakyndyr, emma ondan tapawutlylykda ol diňe hyýaly amala aşyrylýar. Bu usul, dürli obýektleriň arasynda özara birmeňzeş kybapdaşlyklary ýüze çykyp biler, şonuň üçin hem ol obýektleriň biriniň nusgasyna göz ýetirmek bilen, belli bir derejedäki takyklyk bilen beýlekilerine hem baha berip bolar diýen çaklamadan ugur alýar.

*Durmuşy-hukuk synagy (eksperiment)* usuly ol ýa-da beýleki hukuk kadalarynyň kabul edilmeginiň, üýtgedilmeginiň ýa-da ýatyrylmagynyň ýüze çykaryp biljek netijeleri barada çaklamalaryň esaslylygyny deslapdan barlap görmek üçin ulanylýar.

*Sinergetika usuly* konstitusion-hukuk institutlarynyň özara hyzmatdaşlygynyň netijeliligini kesgitlemek üçin ulanylýar. Sinergetika öz-özünden döreýän, öz-özüni guraýan, tötänleýin hadysalar baradaky ylymdyr. Bu usul konstitusion-hukuk çygryndaky öz-özüňi dolandyryşyň we dolandyryşyň dürli pursatlaryny, esasan hem ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň demokratiýa başlangyçlarynyň esasynda ösüşini seljerip öwrenmäge mümkinçilik berýär.

*Germenewtika usuly* konstitusion-hukuk kadalarynyň mazmunyna düşünmegiň hem düşündiriş bermegiň usullaryny özünde jemleýär. Hukuk kadalaryna düşündiriş bermek bilen bagly soraglar döwletiň we hukugyň nazaryýeti okuw dersinde çintgelip öwredilýär[1].

*Ýörite usullar* diňe hukuk ylymlaryna degişli usullar bolup, olara deňeşdirme-hukuk we resmi-hukuk usullary degişlidir.

*Deňeşdirme-hukuk usuly* deňeşdirme-hukuk ylmynyň esasy usullarynyň biri bolup durýar. Ol Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynda-da giňden ulanylýar. Mälim bolşy ýaly, umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalaryny, daşary ýurtlaryň -hukuk tejribesini öwrenmek we deňeşdirmek bilen, hukuk ylmy kämilleşdirilýär. Bu usulyň çäklerinde anyk bir ýurduň döwlet-hukuk institutlary, hukuk hadysalary we yzygiderlikli hereketleriň toplumlary başga bir döwletiň ýa-da döwletleriň döwlet-hukuk institutlary, hukuk hadysalary we yzygiderlikli hereketleriň toplumlary, olaryň arasyndaky meňzeşlikleri we tapawutlyklary çykarmak arkaly, olaryň has netijeli hereket etmegi üçin çäreleri işläp düzmek maksady bilen deňeşdirilip seljerilýär. Bu usuly ulanmagyň esasynda birnäçe döwletleriň hukuk ulgamlaryny, hukuk pudaklaryny ýa-da birmeňzeş hem dürli-dürli hukuk institutlaryny we kadalaşdyryjy hukuk namalaryny deňeşdirip seljermek bolýar (deňeşdirme hukuk öwrenişi).

*Resmi-hukuk usuly* hukuk düşünjeleriniň mazmunyny we hukuk gurluşlarynyň düzüm gurluşyny kesgitlemekden ybarat. Bu usul hukugyň ýazmaça çeşmelerini

[1] Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Okuw gollanmasy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011. S.312–316.

öwrenmeklige gönükdirilýär. Bu usuly ulanmagyň dowamynda hukuk ykdysadyýet, syýasat, ahlak we beýleki jemgyýetçilik ylymlaryndan aýratynlykda öwrenilýär.

Umuman Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy dersiniň hem ylmynyň şu usullary bar. Emma bu ýerde islendik toparlara hem görnüşlere bölmegiň şertli häsiýete eýedigini we haýsydyr bir usulyň ol ýa-da beýleki bir usullaryň toparyna degişli edilmeginiň onuň ähmiýetini we wajyplygyny peseltmeýändigini, bu ugurdan başga-da garaýyşlaryň juda köp bolup biljekdigini unutmaly däldir. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy dersiniň we ylmynyň ýokarda görkezilen usulyýet düzümi bolsa gutarnykly hem doly däldir. Şu nukdaýnazardan hem hukuk ylmynyň bu ugruň ösmegi hem kämilleşmegi bilen ýene-de ençeme usullaryň döremegi ýa-da öň ulanylýan usullaryň üýtgemegi mümkindir.

## §3. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň wezipeleri

Ylmyň islendik pudagy hem-de islendik okuw dersi ýaly, Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň we okuw dersiniň hem öz wezipeleri bar. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy dersiniň nazaryýetinde onuň esasan aň ýetiriş, çaklaýyş (prognostiki) we amaly wezipeleriniň bardygy ykrar edilýär.

1. Dersiň *aň ýetiriş wezipesi* konstitusiýa hukugy ylmynyň predmetine aň ýetirmekden, ýagny ony öwrenmekden we öwretmekden ybaratdyr. Bu hukuk ylmynyň hem-de dersiniň maksatlaryna ýetmek üçin ilkinji nobatda Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň predmetine – onuň özenini düzýän konstitusion-hukuk gatnaşyklaryna, olaryň görnüşlerine, ýörelgelerine, emele gelmeginiň we hereket etmeginiň mehanizmlerine aň ýetirmek zerur bolup durýar.

2. Hukuk ylmynyň *amaly wezipesiniň* mazmuny onuň predmetini hem-de milli we daşary ýurt konstitusion-hukuk tejribesini öwrenmegiň hem seljermegiň netijesinde Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy dersiniň döwletiň kanunçylygyny, şol sanda konstitusion kanunçylygyny-da kämilleşdirmek babatda anyk, tejribe nukdaýnazardan doly esaslandyrylan teklipleriň işlenip düzülýänliginden ybaratdyr. Kanunçykaryjynyň hukuk ylmy çygrynda geçirilen seljermeleriň esasynda gelnen netijelere we işlenip düzülen tekliplere esaslanmagy islendik hukuk ulgamynyň hem kämilleşmeginde wajyp ähmiýete eýedir. Sebäbi bu hukuk ýalňyşlarynyň ýüze çykmagynyň öňüni almaga, hukuk ýetmezçiliklerini aradan aýyrmaga hem-de kabul edilýän hukuk kadalarynyň hereket etmeginiň netijeliligini artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Belli bolşy ýaly, islendik döwürde-de ylym tejribeden öňde ýöreýär, şeýle-de bolmaly. Sebäbi ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik instituty kanunyň maddasyna öwrülmezden öňürti ol ylmy hem amaly esasda doly we jikme-jik öwrenilmäge

degişli. Çünki taryhy hukuk tejribesinden görnüşi ýaly, kabul edilýän hukuk kadalarynyň ýeterlik derejede nazary taýdan işlenilmezligi, daşary ýurt hukuk tejribesiniň milli tejribäni we hukuk mentalitetini göz öňünde tutmazdan ulanylmagy käbir ýagdaýlarda netijeliligi ujypsyz bolan hukuk kadalarynyň döremegine getirip bilýär.

3. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň *çaklaýyş wezipesi* onuň geçen we häzirki zaman milli we daşary ýurt hukuk tejribesini düýpli seljermegiň esasynda tutuş kanunçylyk ulgamyny geljekde kämilleşdirmegiň ugurlary barada nazary hem amaly taýdan doly esaslandyrylan ündewleriň, şonuň ýaly-da şol ündewlerde berilýän teklipler durmuşa geçirilen ýagdaýynda garaşylýan netijeler barada çaklama häsiýetli maglumatlaryň taýýarlanmagyndan, şeýle hem konstitusiýa hukugy pudagynyň geljekki ösüşi üçin kuwwatly nazary-hukuk binýadyny döretmekden ybaratdyr.

Konstitusion-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösüşiniň ylmy taýdan esaslandyrylan çaklamalarynyň işlenip düzülmegi geljekde ol ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň kabul edilmeginiň zerurlygyny kesgitlemäge we meýilnamalaşdyrmaga, olaryň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir edişiniň näderejede netijeli boljakdygyny anyklamaga, hereket etmejek hukuk kadalarynyň kabul edilmeginiň öňüni almaga ýardam berýär.

Konstitusiýa hukugy ylmynyň nazaryýetinde ýene-de hukuk ylmynyň bu pudagynyň aňyýet we terbiýeleýiş wezipeleriniň hem bardygy nygtalýar.

Onuň aňyýet wezipesi – hukuk ulgamynyň bu pudagynyň kadalarynda häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň konstitusion-hukuk taýdan ösüşiniň has durmuşy we ähmiýetli taraplarynyň berkidilýändiginden we olaryň düýpli seljerilip, bu hukuk ylmynyň çäklerinde hukuk aňyýetiniň, hukuk medeniýetiniň emele gelmegi üçin wagyz-nesihat işleriniň giň gerimde alnyp barylýandygyndan, şonuň netijesinde-de jemgyýetiň aňyýetiniň ösmegine we kämilleşmegine örän uly täsir edilýändiginden ybaratdyr.

Onuň terbiýeleýiş wezipesiniň mazmuny bolsa, edil beýleki hukuk dersleri ýaly, Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy dersiniň hem ilatyň hukuk aň-düşünjesiniň giňelmegine, halk köpçüligine hukugy öwretmek we raýatlarda döwlete hem hukuga hormat goýmak endiklerini terbiýelemek işine işjeň gatnaşýandygyndan ybaratdyr. Ondan başga-da bu hukuk ylmy fiziki hem ýuridik şahslara, döwlet edaralaryna we wezipeli adamlara konstitusion-hukuk durmuşy çygrynda ugur alynmaly hukuk çelgilerini (oriýentirlerini) görkezýär.

## §4. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň beýleki hukuk ylymlary bilen arabaglanyşygy

Döwletiň we hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, hukuk ylymlarynyň ulgamy bilelikde hukuk öwreniş ylmyny emele getirýän üç sany uly topara: nazaryýet-taryhy, pudaklaýyn we ýörite hukuk ylymlara bölünýär. Şonuň ýaly-da hukuk ylymlarynyň hukugyň halkara ugurlaryny öwrenýän ylymlar, ykdysady gatnaşyklaryň ösmeginiň we çylşyrymlaşmagynyň netijesinde emele gelen we hukugyň ýörite ugurlary bolan, bank hukugy, birža hukugy, sport hukugy, syýahatçylyk hukugy, lukmançylyk hukugy, maglumat hukugy ýaly beýleki görnüşleri hem bardyr.

Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmy, ilkinji nobatda, nazaryýet-taryhy hukuk ylymlary bilen özara baglanyşýar. Sebäbi, hukuk ylmynyň bu pudagynyň predmetini düzýän gatnaşyklar bolan, döwletimiziň durmuş-ykdysady, syýasy we çäk gurluşynyň binýatlaýyn başlangyçlary, döwletiň hukuk ýagdaýy, onuň jemgyýet, şahsyýet hem raýat bilen özara gatnaşygynyň hukuk esaslary, şonuň ýaly-da döwlet häkimiýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgamynyň gurluşy seljerilende zerur taryhy maglumatlar bolmazdan düýpli taryhy-hukuk ylmy derňewlerini geçirmek mümkin däl.

Şeýle maglumatlaryň aglaba köpüsini bolsa, Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmy bilen meşgullanyjylar diňe nazaryýet-taryhy hukuk ylymlarynyň maglumat binýadyny we usulyýet düzümini ulanyp alyp bilýärler. Şol bir wagtda nazaryýet-taryhy hukuk ylymlaryna girýän, döwletiň we hukugyň taryhy ylmyna, syýasy-hukuk taglymatlaryň taryhy ylmyna hem Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynda jemlenýän konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň emele geliş we ösüş ýoly, geljegi barada nazary umumylaşdyrmalaryň hem-de amaly netijeleriň olar tarapyndan öwrenilýän dürli soraglar barada anyk netijeleri çykarmaga ýardam berýändigini bellemek zerur.

Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň pudaklaýyn hukuk ylymlary bilen has hem mäkäm arabaglanyşygy bar. Sebäbi Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy pudaklaýyn hukuk ylymlarynyň her haýsy babatda özboluşly, nazary hem amaly kadalaşdyryjy hukuk binýady we olaryň ählisiniň ylmy derňewleriň üsti bilen çykaran netijelerini umumylaşdyryjy serişde hem-de olary konstitusion-hukuk nazaryýet täzelikleri bilen yzygiderli baýlaşdyryp durýan çeşme bolup hyzmat edýär. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň döwletimiziň tutuş kanunçylygy üçin esasgoýujy başlangyç çeşme bolşy ýaly, milli hukuk ylmynyň pudaklaýyn hukuk ylymlary hem özüniň ýörelgeleýin esaslaryny Türkmenistanyň konstitusion hukugyndan alyp gaýdýarlar. Bu hukuk ylmy milli pudaklaýyn hukuk ylymlarynyň ählisi üçin ilkinji çeşme bolup durýar.

Şonuň ýaly-da pudaklaýyn hukuk ylymlarynyň çäklerinde döreýän (döredilýän) täze kanunalaýyklar hem öz gezeginde Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň ösmegine täsir edýär. Mysal üçin: milli kanunçylykda ykdysady gatnaşyklary düzgünleşdirmeklige gönükdirilen täze, has kämil kadalaşdyryjy hukuk namalaryň sanynyň artmagy olaryň ýörelgeleýin başlangyçlarynyň Türkmenistanyň Esasy Kanunyna girizilmegine getirdi[1].

Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy dersi ýörite hukuk ylymlary bilen hem özara gatnaşykda durýar. Sebäbi bu hukuk ylmy ýokarda bellenip geçilişi ýaly, ilkinji nobatda jemgyýetiň, döwletiň we şahsyýetiň arasyndaky gatnaşyklary, arabaglanyşygy düýpli öwrenýär, şeýle-de şahsyýetiň konstitusion-hukuk ýagdaýy hem bu hukuk ylmynyň seljerýän wajyp soraglary bolup durýar. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň çäklerinde geçirilen seljermeleriň netijesinde toplanan nazary maglumatlar, kriminalistika, kriminologiýa, kazyýet--lukmançylygy, kazyýet-psihiatriýasy, hukuk psihologiýasy ýaly, ýörite hukuk ylymlary üçin örän möhüm ylmy çeşmeler hem nazary binýat bolup hyzmat edýär. Şonuň bilen birlikde-de hukuk statistikasy, kriminologiýa ýaly ýörite hukuk ylymlarynyň çäklerinde toplanan maglumatlar bu hukuk ylmy bilen meşgullanýan alymlar üçin baý maglumat gaznasy bolup durýar.

Ondan başga-da, Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmy filosofiýa, syýasaty öwreniş, ykdysady ylymlar, sosiologiýa ýaly ylymlaryň dürli görnüşleri bilen berk arabaglanyşykda durýar. Sebäbi ylymlaryň bu görnüşleri Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmy üçin maglumat hem usulyýet çeşmesi bolup hyzmat edýär. Bu hukuk ylmy hem öz gezeginde görkezilen ylymlara döwletiň we şahsyýetiň konstitusion-hukuk ýagdaýyna, döwlet edaralarynyň gurluşyna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgamyna, adamyň we raýatyň hukuklaryna, azatlyklaryna hem borçlaryna we ş.m. dahylly nazary-hukuk maglumatlaryny toplamaga, seljermäge hem-de olar boýunça anyk netijeleri çykarmaga ýardam berýär.

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 10-njy madda. Aşgabat:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008. (Bu madda 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Türkmenistanyň konstitusiýasyna girizildi).

*1.1-nji çyzgy*


Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy:
Hukuk ylmynyň pudagy hökmünde konstitusion gatnaşyklary düzgünleşdirýär
Hukuk ylmynyň pudagy hökmünde görkezilen konstitusion-hukuk gatnaşyklaryny öwrenýär
Okuw dersi hökmünde görkezilen konstitusion-hukuk gatnaşyklaryny öwredýär
Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy öwrenýär:
döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgamy, olary döretmegiň tertibi (şol sanda saýlaw hukugy-da), olaryň işini guramagyň hem-de olaryň öz işlerini amala aşyrmaklarynyň ýörelgelerini
döwlet gurluşy, ýagny döwletiň çäk gurluşyny
şahsyýetiň hukuk ýagdaýynyň esaslaryny
döwletiň konstitusion (jemgyýetçilik) gurluşyny, döwletde häkimiýeti amala aşyrmagyň görnüşlerini we usullaryny

*1.2-nji çyzgy*



Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň usullary
umumy filosofiýa usullary
umumy ylmy usullar
hususy ylmy usullar
ýörite usullar




Umumy filosofiýa usullary
Materialistik usul
Metafizika usuly
Subýektiw idealizm usuly
Obýektiw idealizm usuly
Dialektiki usul




Umumy ylmy usullar
Taryhy usul
Logiki usul
Wezipeleýin usul
Aksiologik usul
Ulgamlaýyn-düzümleýin usul

*1.3-nji çyzgy*


Hususy ylmy usullar
Takyk-sosiologik usul
Statistika usuly
Sinergetika usuly
Germenewtika usuly
Modelirlemek usuly
Durmuşy-synag usuly


Ýörite usullar
Deňeşdirme-hukuk usuly
Resmi-hukuk usuly

*1.4-nji çyzgy*


Türkmenistanyň konstitusion hukugy ylmynyň wezipeleri
Aň ýetiriş wezipesi
Amaly wezipesi
Çaklaýyş (prognostiki) wezipesi
Türkmenistanyň konstitusion hukugy ylmynyň predmetine – onuň özenini düzýän konstitusion-hukuk gatnaşyklaryna, olaryň görnüşlerine, ýörelgelerine, emele gelmeginiň we hereket etmeginiň mehanizmlerine aň ýetirmekden ybarat
Ylmyň predmetini hem-de milli we daşary ýurt konstitusion--hukuk tejribesini öwrenmegiň hem seljermegiň netijesinde Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy dersiniň döwletiň kanunçylygyny, şol sanda konstitusion kanunçylygyny-da kämilleşdirmek babatda anyk, tejribe nukdaýnazardan doly esaslandyrylan teklipleriň işlenip düzülýänliginden ybarat
Ylmyň geçen we häzirki zaman milli we daşary ýurt hukuk tejribesini düýpli seljermegiň esasynda tutuş kanunçylyk ulgamyny geljekde kämilleşdirmegiň ugurlary barada nazary hem amaly taýdan doly esaslandyrylan ündewleriň, şonuň ýaly-da şol ündewlerde berilýän teklipler durmuşa geçirilen ýagdaýynda garaşylýan netijeler barada çaklama häsiýetli maglumatlaryň taýýarlanmagyndan, şeýle hem konstitusiýa hukugy pudagynyň geljekki ösüşi üçin kuwwatly nazary-hukuk binýadyny döretmekden ybarat

*1.5-nji çyzgy*


Türkmenistanyň konstitusion hukugynyň wezipeleri
Aň ýetiriş wezipesi
konstitusion hukugy ylmynyň predmetine aň ýetirmekden, ýagny ony öwrenmekden we öwretmekden ybarat
Amaly wezipesi
döwletiň kanunçylygyny kämilleşdirmek babatda anyk, tejribe nukdaýnazardan doly esaslandyrylan teklipleriň işlenip düzülýänliginden ybarat
Çaklaýyş wezipesi
kanunçylyk ulgamyny geljekde kämilleşdirmegiň ugurlary barada nazary hem amaly taýdan doly esaslandyrylan ündewleriň taýýarlanmagyndan ybarat
Aňyýet wezipesi
hukuk aňyýetiniň, hukuk medeniýetiniň emele gelmegi üçin wagyz-nesihat işleriniň giň gerimde alnyp barylýandygyndan, şonuň netijesinde-de jemgyýetiň aňyýetiniň ösmegine we kämilleşmegine örän uly täsir edilýändiginden ybarat
Terbiýeleýiş wezipesi
ilatyň hukuk aň-düşünjesiniň giňelmegine, halk köpçüligine hukugy öwretmek we raýatlarda döwlete hem hukuga hormat goýmak endiklerini terbiýelemek işine işjeň gatnaşýandygyndan ybarat

## Sowalnama:

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy – bu**

● hukugyň pudagy;
● hukuk ylmy;
● hukuk pudagy, hukuk ylmy we okuw dersi;
● hukuk ylmy we okuw dersi.

**2. Türkmenistanyň konstitusion hukugy ylmynyň predmeti – bu**

● konstitusion-hukuk kadalary;
● konstitusion-hukuk gatnaşyklary;
● konstitusion-hukuk institutlary;
● konstitusion-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklary.

*Has dogry jogaby tapyň.*

**3. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy milli hukuk ulgamynyň beýleki pudaklary babatda**

● binýatlaýyn başlangyç hukuk pudagy bolup durýar;
● kanunlaryň «enesi» bolup durýar;
● kanunlary dörediji bolup durýar;
● adaty hukuk pudagy bolup durýar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**4. Türkmenistanyň konstitusion hukugy ylmynyň usullarynyň şu görnüşleri bar:**

● umumy ylmy we ýörite usullar;
● umumy ylmy, hususy ylmy we ýörite usullar;
● umumy ylmy ýa-da hususy ylmy usullar;
● umumy filosofiýa, umumy ylmy, hususy ylmy we ýörite usullar.

**5. Umumy ylmy usullara taryhy, logiki, ulgamlaýyn-düzümleýin, wezipeleýin we aksiologik usullar degişlidir.**

● hawa;
● ýok;
● aksiologik usuldan galanlary degişli;
● ählisi degişli, ýöne bu ýerde dialektikanyň kanunlary galdyrylypdyr.

**6. Takyk-jemgyýeti öwreniş usuly we statistika usuly hususy ylmy usullara degişlimi?**

● ýok, ikisi-de degişli däl;

● hawa;

● diňe takyk-jemgyýeti öwreniş usuly degişli;

● diňe statistika usuly degişli.

**7. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy dersiniň ýörite usullaryna sinergetika, germenewtika, hukuk taýdan modelirlemek, durmuşy-hukuk synagyny geçirmek, deňeşdirme-hukuk we resmi-hukuk usullary degişlimi?**

● hawa;

● ýok, hiç haýsy degişli däl;

● deňeşdirme-hukuk we resmi-hukuk usullaryndan galany degişli;

● deňeşdirme-hukuk we resmi-hukuk usullaryndan galany degişli däl.

**8. Logiki usulyň düzüminde haýsy usullar bar?**

● analiz, sintez, deduksiýa, induksiýa;

● analiz, sintez we deduksiýa;

● deduksiýa we induksiýa;

● analiz, deduksiýa we induksiýa.

**9. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň aň ýetiriş wezipesi:**

● kanunçylygy kämilleşdirmek babatda anyk teklipleriň işlenip düzülmeginden ybarat;

● kanunçylyk ulgamyny geljekde kämilleşdirmegiň ugurlary barada nazary hem amaly taýdan doly esaslandyrylan ündewleriň taýýarlanmagyndan ybarat;

● konstitusiýa hukugy ylmynyň predmetine aň ýetirmekden, ýagny ony öwrenmekden we öwretmekden ybarat;

● konstitusion-hukuk kadalaryny wagyz etmekden ybarat.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**10. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň wezipelerine şu aşakdakylar degişli:**

● çaklaýyş wezipesi;

● aňyýet wezipesi;

● sinergetika wezipesi;

● terbiýeleýiş wezipesi.

**11. Terbiýeleýiş wezipesiniň özenini düzýär:**

● ilatyň hukuk aň-düşünjesini giňeltmek;

● halk köpçüligine hukugy öwretmek we raýatlarda döwlete hem hukuga hormat goýmak endiklerini terbiýelemek;

● döwletiň kanunçylygyny kämilleşdirmek barada anyk teklipleri taýýarlamak;

● fiziki hem ýuridik şahslara, döwlet edaralaryna we wezipeli adamlara konstitusion-hukuk durmuşy çygrynda ugur alynmaly hukuk çelgilerini görkezmek.

*Dogry jogaby tapyň.*

**12. Türkmenistanyň konstitusion hukugy ylmy we okuw dersi, nazaryýet--taryhy, pudaklaýyn we amaly hukuk ylymlary bilen baglanyşýarmy?**

● hawa;

● ýok, hiç haýsy bilen baglanyşmaýar;

● nazaryýet-taryhy we pudaklaýyn hukuk ylymlary bilen baglanyşýar;

● diňe amaly hukuk ylymlary bilen baglanyşýar.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**13. Türkmenistanyň konstitusion hukugy ylmy kriminalistika, kriminologiýa, kazyýet-lukmançylygy, kazyýet-psihiatriýasy, hukuk psihologiýasy ýaly amaly hukuk ylymlary bilen nädip baglanyşýar?**

● bu ylmyň çäklerinde geçirilen seljermeleriň netijesinde toplanan nazary maglumatlar örän möhüm ylmy çeşmeler hem nazary binýat bolup hyzmat edýär;

● amaly hukuk ylymlarynyň çäklerinde toplanan maglumatlar bu hukuk ylmy bilen meşgullanýan alymlar üçin baý maglumat gaznasy bolup durýar;

● bu ylymlaryň ählisi, köplenç, ylmy derňewleri geçirmek üçin biri-biriniň usulyýet düzümini işjeň ulanýarlar;

● ählisiniň mazmuny hem ugur alýan ýörelgeleri kybapdaş bolup durýar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**14. Türkmenistanyň konstitusion hukugy ylmy, hukuk ylymlarynyň haýsy toparyna degişli?**

● döwlet-hukuk ylymlaryna;

● nazaryýet-taryhy hukuk ylymlaryna;

● amaly hukuk ylymlaryna;

● pudaklaýyn hukuk ylymlaryna.

# II BAP. TÜRKMENISTANDA KONSTITUSION GATNAŞYKLARYNYŇ HUKUK DÜZGÜNLEŞDIRMESI

## §1. Konstitusion-hukuk gatnaşyklary barada düşünje

Belli bolşy ýaly, hukuk gatnaşyklary diýlende, ilkinji nobatda hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryna düşünilýär. *Konstitusion--hukuk gatnaşyklary* bolsa, konstitusion hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr.

Konstitusion-hukuk gatnaşyklary öz mazmuny boýunça umumy we anyk häsiýetlere eýe bolup durýarlar. Mysal üçin, raýatlaryň esasy hukuklary we borçlary berkidilen kadalar bilen düzgünleşdirilýän, raýat bilen döwletiň arasyndaky gatnaşyklar, umumy häsiýetdäki gatnaşyklar hökmünde çykyş edýärler. Umumy häsiýetdäki gatnaşyklar, hemişelik hereket edýän gatnaşyklardyr. Şonuň üçin hem bu gatnaşyklar, olara gatnaşyjy taraplar (subýektler) barka, olar mydama hereket edýärler. Ýagny, bu diýildigi, gatnaşyklaryň hereket etmek wagty kesgitlenilmedik ýa-da çäklendirilmedik diýildigidir. Anyk häsiýetli gatnaşyklar bolsa, tersine belli bir hukuklary we borçlary gönümel iş ýüzüne geçirmek bilen, hemişe, ol ýa-da beýleki konstitusion-hukuk kadalarynyň durmuşa geçirilmegi bilen baglydyr. Şonuň üçin hem anyk häsiýetli gatnaşyklar belli bir wagtyň dowamynda hereket edýärler. Ýagny, olar belli bir hukuk gatnaşyklary doly amala aşyrylýança ýa-da şol gatnaşyklaryň möhleti dolýança hereket edýärler. Mysal üçin, döwlet Baştutanynyň Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi toparyny döretmegi, şeýle hem onuň düzümine üýtgetmeleri girizmegi[1].

Öz mazmuny boýunça konstitusion-hukuk gatnaşyklaryny şu aşakdakylar ýaly uly toparlara bölüp bolýar:

1. Döwletiň konstitusion-hukuk gurluşynyň esaslarynyň berkidilmegi we goralmagy bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklara. Ýagny, bu ýerde gürrüň halk häkimiýetliligi we ony durmuşa geçirmekligiň esasy görnüşleri, döwletiň we jemgyýetiň satatusy (hukuk ýagdaýy), şeýle hem adamyň, döwletiň konstitusion-hukuk gurlyşynyň ulgamyndaky ýagdaýy barada barýar.

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 53-nji madda, 8-nji bent. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

2. Adamyň we raýatyň konstitusion-hukuk statusynyň[1] kanunda berkidilişi we goralyşy bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklara. Bu ýerde gürrüň ilkinji nobatda deňhukuklylyk, raýatlyk, şeýle hem döwletiň raýatlarynyň konstitusion hukuklary we azatlyklary barada, şonuň ýaly-da olaryň hereket etmek mehanizmi barada barýar.

3. Döwletiň görnüşi, ýagny, ilkinji nobatda döwlet gurlyşy we onuň goralmagy bilen bagly ýüze çakýan gatnaşyklara.

4. Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň döredilmeginiň we işlemeginiň esaslarynyň ulgamlaýyn berkidilmegi we goralmagy bilen bagly ýüze çakýan gatnaşyklara. Gürrüň bu ýerde häkimiýet bölünişiginiň mehanizmi, döwlet häkimiýet edaralarynyň statusy, ilkinji nobatda hem kanunçykaryjylyk häkimiýetiniň döredilmegi we hereket etmegi, onuň döwlet baştutany we beýleki häkimiýet şahalary bilen özara gatnaşyklary barada barýar. Şonuň ýaly-da bu topara döwletiň ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň kesgitlenilmegi we olaryň hereket etmegi bilen bagly hukuk gatnaşyklary hem goşulýar.

Ähli jemgyýetçilik we hukuk gatnaşyklarynda bolşy ýaly, konstitusion-hukuk gatnaşyklary hem, beýleki hukuk gatnaşyklary bilen özara baglanyşykly hereket etmezden, özbaşdak we aýratynlykda hereket edip bilmeýär. Şonuň üçin hem konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň aýratynlyklaryna seredilende, olaryň hukuk gatnaşyklarynyň beýleki gönüşleri bilen özara arabaglanyşygy barada hem belläp geçmelidir. Belli bolşy ýaly, konstitusion-hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän konstitusion-hukuk kadalary, özüne degişli belli bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirende, umumy häsiýetdäki kadalary ulanýar, ýöne şol gatnaşyklary herekete getirmek, şeýle hem ondan gutarnykly netije almak üçin bolsa, ol hukuk gatnaşyklarynyň beýleki pudaklary bilen bilelikde hereket etmeli bolýar. Mysal üçin, döwletiň wekilçilikli edaralaryna saýlawlar geçirilýän wagtynda, köp derejede konstitusion-hukuk gatnaşyklary ýüze çykýar. Ýöne, saýlaw prosesiniň özi hem-de onuň netijeleri, zähmet-hukugy, raýat-hukugy, administratiw-hukugy ýaly hukugyň beýleki pudaklary bilen üpjün edilýär.

Esasy bellemeli zatlaryň biri-de, konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy üçin, diňe bir hukuk kadalarynyň – konstitusiýanyň, konstitusion kanunlaryň, kanunlaryň ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bolmaklygy ýeterlik bolman, eýsem-de konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň subýekti, obýekti, şonuň ýaly-da konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy üçin onuň esaslary (ýuridiki faktlary) ýaly, konstitusion-hukuk gatnaşyklaryny emele getiriji elementleriň hem bolmaklary hökmandyr.

---

[1] Lat. status – ýagdaý. Hukuk ylmynda belli bir subýektiň hukuk ýagdaýyny, ýagny onuň hukuklarynyň we borçlarynyň jemini, şol hukuklary amala aşyrmagyň we borçlary berjaý etmegiň tertibi.

## §2. Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri

*Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri* – bu konstitusion hukuk kadalary bilen düzügünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryna girişen fiziki we ýuridiki şahslardyr. Hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, subýektiw hukuklara we ýuridik borçlara eýe bolan fiziki hem ýuridik şahslar – hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylary hökmünde çykyş edýärler. Ýöne şol gatnaşyklara girişen subýektiň (şahsyýetiň ýa-da guramanyň) hukuk gatnaşygynyň subýekti bolmak üçin, ilkinji nobatda olaryň hukuk subýektliligi, ýagny hukugyň subýekti hökmünde çykyş etmäge ýa-da öz hereketlerini amala aşyranda şahsy hukuklaryna eýelik etmäge we ýuridik borçlaryny ýerine ýetirmäge ukyply bolmaklygy hem hökmandyr[1]. Emma muňa garamazdan, konstitusion-hukuk gatnaşyklary, hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri babatynda, beýleki hukuk gatnaşyklardan özboluşly tapawutly aýratynlyklara eýedir. Onuň beýleki hukuk gatnaşyklaryndan tapawutly tarapy-da, konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň, hiç-haçan raýatlaryň, ýagny fiziki şahslaryň arasynda ýüze çykyp bilmeýänligidir. Mysal üçin, raýat-hukuk gatnaşyklarynda taraplaryň, ýagny subýektleriň ikisi-de fiziki şahslar bolup bilýän bolsa, konstitusion--hukuk gatnaşyklarynda taraplaryň, ýagny subýektleriň biri hökmünde mydama döwlet çykyş edýändir. Ýagny, bu diýildigi mydama döwlet haýsy hem bolsa, bir edara ýa-da wezipeli adam görnüşinde, subýektleriň biri hökmünde çykyş edýär diýildigidir. Hut şonuň üçin hem hukuk ylmynda konstitusiýa hukugyna başgaça «Döwlet hukugy» hem diýlip atlandyrylýar.

Konstitusiýa hukugynda, konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri şu aşakdaky ýaly toparlara bölünýärler:

1. Halk;
2. Döwlet häkimiýet edaralary;
3. Syýasy partiýalar we jemgyýetçilik guramalary (birleşikleri);
4. Fiziki şahslar.

● *Halk* – subýektiň bu topary özünde *«halk», «millet»* we *«saýlawçylar»* diýen düşünjeleri jemleýär. Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň subýekti hökmünde halkynyň degişli ygtyýarlyklary bolsa, döwletiň konstitusiýasynyň degişli maddalynda berkidilýär[2].

● *Halk* – bu düşünje öz mazmuny boýunça syýasy düşünje däl-de, geografik düşünje bolup, ol belli bir ýurduň ilaty, taryhy umumylyklaryň bir görnüşi bolup durýar;

● *Millet* – bu düşünje etniki manysynda ulanylýan düşünje bolup, ol biri-biri bilen özara berk ykdysady gatnaşyklary, dil, milli-medeni, häsiýet meňzeşlikleri

---

[1] Ý. Nuryýew, S. Ataýew, A. Çaryýew. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Aşgabat, 2011. S. 309;

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 2-nji madda. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

bolan hem-de kada bolşuna görä, belli bir umumy çäklerde ýaşaýan adamlaryň we halkyýetleriň birleşmeginiň netijesinde emele gelýän taryhy umumylykdyr.

● *Saýlawçylar* ýa-da başgaça *«saýlaw korpusy*[1]*»* diýen düşünje bolsa, saýlawçylary aňladýan düşünjedir.

● *Döwlet häkimiýet edaralary* – suýektiň bu toparyna döwletiň kanunçykaryjy edarasy (Mejlis), döwlet baştutany, Hökümet we döwlet häkimiýet ygtyýarlyklaryna eýe bolan beýleki döwlet edaralary degişli bolup, olar döwlet häkimiýetini emele getirýärler. Döwlet häkimiýetiniň mazmuny döwletiň abraýy, guramaçylyk çäreleri, zerurlyk ýüze çykanda bolsa mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýän, döwletiň bütin çäginde döwlet-hökmanylyk güýji bolan namalaryň kabul edilmeginden we hereketleriň amala aşyrylmagyndan ybaratdyr. Döwlet häkimiýetiniň kanuny talaplaryny berjaý etmek döwletiň ähli raýatlarynyň borjudyr. Döwletiň çäginde ýaşaýan ýa-da wagtlaýyn bolýan daşary ýurt raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlar (apatridler[2]) hem döwlet häkimiýetini sylamaga hem-de özlerine degişli talaplaryny berjaý etmäge borçludyrlar. Döwlet häkimiýeti gönüden-göni halkyň özi tarapyndan ýa-da halk tarapyndan erkin, deň, gizlin ýa-da açyk we göni saýlawlaryň netijesinde saýlanan şahslardan düzülen döwlet häkimiýet edaralary ýa-da wezipeli şahslar tarapyndan amala aşyrylýar. Döwlet konstitusion-hukuk gatnaşyklaryndan başga-da beýleki gatnaşyklara hem girişýän umumy subýekt hökmünde çykyş edýär. Bu subýektiň aýratynlygy özünde döwlet özygtyýarlygyny saklamagydyr, çünki, şonuň esasynda döwlet özüniň çäklerinde hökmurowandyr we daşary syýasy gatnaşyklary özbaşdak alyp barýandyr[3]. Köplenç döwlet konstitusion-hukuk gatnaşyklaryna gönümel gatnaşmaýar, döwletiň ygtyýarlyklaryny onuň adyndan ygtyýarly edilen döwlet häkimiýet edaralary we wezipeli adamlar amala aşyrýarlar.

● *Syýasy partiýalar we jemgyýetçilik guramalary (birleşikleri)* – konstitusiýa hukugynyň subýektleriniň bu topary, adyndan belli bolşy ýaly, syýasy partiýalardan we dürli jemgyýetçilik guramalaryndan (birleşiklerinden) ybarat bolup, olar öz gezeginde jemgyýetçilik häkimiýetini emele getirýärler we jemgyýetiň adyndan saýlawlara, sala salyşyklara işjeň gatnaşmak, döwletiň saýlawly wezipelerine dalaşgärleri hödürlemek, saýlawlaryň öň ýanyndaky çäreleri gurnamak we ş.m. ýaly hereketleri amala aşyrmak bilen, döwletiň syýasy durmuşyna gatnaşýarlar. Esasan hem olaryň raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny goramaklyga gatnaşmaklary möhüm orna eýedir. Häzirki wagtda Türkmenistanda jemgyýetçilik häkimiýetini amala aşyrýan guramalar hökmünde Türkmenistanyň Demokratik partiýasyny, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasyny, Türkmenistanyň Zenanlar birleşini, Türkmenistanyň Uruş weteranlarynyň

---

[1] Ses bermek hukugyna (saýlaw hukugyna) eýe bolan raýatlaryň jemi.

[2] Gr. apatris we apolis – watanyndan mahrum edilen, raýatlygy ýok adamlar;

[3] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 1-nji madda. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

guramasyny, Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşygyny, balykçylaryň we awçylaryň jemgyýetini we beýleki jemgyýetçilik guramalary görkezmek bolar.

● *Fiziki şahslar* – adatça konstitusiýa hukugynyň subýektleriniň bu toparyna, raýatlar, daşary ýurt raýatlary we özygtyýarly döwletiň çäginde ýaşaýan raýatlygy ýok adamlar (apatridler) degişli edilýär. Aslynda fiziki şahs diýen düşünje raýat hukugyna degişli düşünje bolup durýar, ýöne muňa garamazdan bu düşünje käwagtlar konstitusiýa hukugynda hem ulanylýar. Subýektleriň bu topary, konstitusion-hukuk gatnaşyklarynda mydama hereket edýän subýektler hökmünde çykyş etmeýärler. Sebäbi olar diňe saýlawlarda ýa-da sala salyşyklarda konstitusion-hukuk gatnaşyklaryna girişýärler. Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar bolsa, konstitusion-hukuk gatnaşyklaryna diňe raýatlyk meselesi boýunça (ýagny raýatlyga girmek ýa-da raýatlygy almak meselesi boýunça) döwletiň ygtyýarly edaralaryna haýyş bilen ýüz tutan ýagdaýynda girişýärler.

Umuman, ýokarda görkezilen subýektleriň topary, häzirki wagtda konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň subýekt düzümini emele getirýän esasy toparlar hökmünde seredilýär. Ýöne, beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen bir hatarda, konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň hem çalt depginlerde ösmegi, geljekde konstitusiýa hukugynyň täze-täze subýektleriniň döretmek mümkinçiligini-de aradan aýyrmaýar, şonuň üçin hem subýektleriň beýan edilen sanawy gutarnykly sanaw däldir.

## §3. Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri

*Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri* – bu konstitusion-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän hem-de belli bir gatnaşyklaryň ýüze çykmagyna sebäp (esas) bolýan zatlardyr. Başgaça aýdylanda, konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri diýlende, belli bir subýektiw hukuklaryna we ýuridik borçlaryna eýe bolan hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň hereketiniň gönükdirilen zatlaryna, ýagny belli bir hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna sebäp bolan zatlara düşünilýär.

Türkmenitanyň konstitusiýa hukugynda, konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýekti hökmünde şu aşakdakylar çykyş edýärler:

1. Döwletiň çägi (territoriýasy). Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasynyň 2-nji böleginde Türkmenistanyň döwlet çäginiň bitewiligi we bölünmezligi baradaky hukuk kadasy berkidilýär. Görkezilen bu hukuk kadasynyň esasynda hem Türkmenistanyň döwlet çägi[1] bilen bagly konstitusion-hukuk gatnaşyklary ýüze çykýar.

[1] 1993-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Döwlet serhedi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň çägine döwletiň özygtyýarlylygyna degişli bolan gury ýerler, ýerasty, suw hem-de howa giňişligi (Türkmenistanyň Döwlet serhediniň çäk çyzygyndan dikligine gidýän tekizlige çenli bolan giňişlik) girýär.

2. Maddy gymmatlyklar. Belli bolşy ýaly, konstitusion hukuk kadalary dürli görnüşdäki eýeçiligiň obýektler toparyny we şol obýektlerden peýdalanmaga degişli subýektleriň hukuklaryny kesgitleýärler (mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 9,10-njy mad.). Şol kadalaryň esasynda hem konstitusion-hukuk gatnaşyklary ýüze çykyp bilýär.

3. Emläkleýin däl şahsy bähbitler (durmuş, ýaşaýyş, saglyk, at-abraý, mertebe we ş.m.). Türkmenistanyň konstitusiýasynyň käbir kadalary, görkezilen obýektler boýunça özünde degişli kadalary berkidýär. Mysal üçin, adamyň hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň eldegrilmesizligi we olaryň adamyň elinden alyp bolmaýandygy[1]; her bir adamyň ýaşamaga we azat ömür sürmäge bolan hukugy[2]; raýatlaryň saglygyny gorap saklamaga bolan hukugy[3] we ş.m.

Mälim bolşy ýaly, beýleki hukuk pudaklarynda köp halatlarda ilki gatnaşyk ýüze çykýar diňe şondan soň ony düzgünleşdirmek üçin degişli hukuk kadasy kabul edilýär. konstitusiýa hukugy bolsa, bu meselede birneme «öňe gidýär», ýagny bu diýildigi, konstitusiýa hukugynda ilki hukuk gatnaşyklary döreýär we ol şondan soňra hukuk mazmuna eýe bolýar. Mysal üçin: Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet hökmünde yglan edilýär. Görnüşimiz ýaly, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasy Türkmenistan döwletiniň döwlet we hukuk gurluşyny öňünden kesgitleýär. Ýagny, döwletde ýüze çykjak islendik gatnaşyklaryň konstitusiýada berkidilen demokratik, hukuk we dünýewi ýörelgeleriň esasynda gurulmalydygyny öňünden kesgitleýär. Şonuň üçin hem beýleki hukuk pudaklardan tapawutlylykda, konstitusiýa hukugy esaslandyryjy häsiýete eýe bolup durýar.

Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri öz gezeginde üç topara bölünýärler:

1. Maddy obýektler (maddy eşretler);
2. Maddy däl obýektler (maddy däl eşretler);
3. Hereket.

● *Maddy eşret* – bu emläk (pullar, beýleki emläkler, harytlar we beýleki predmetler) görnüşindäki gymmatlyklar – eşretler.

● *Maddy däl eşret* – maddy däl eşretlere şahsyýetiň jan saglygy, mertebesi, şahsy eldegrilmesizligi, at-abraýy, hususy durmuşyň eldegrilmesizligi, şahsy syry we maşgala syry, ondan-oňa erkin geçmek, bolýan we ýaşaýan ýerini erkin saýlap almak hukugy, at edinmek hukugy, awtorlyk hukugy, emläkleýin däl beýleki şahsy hukuklar hem-de beýleki maddy däl eşretler degişlidir[4].

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 18-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] Şol ýerde. 22-nji madda.

[3] Şol ýerde. 35-nji madda.

[4] Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 175-nji maddasy.

● *Hereket* – bu adamyň öz aňyna erk edip, töwerek-daşyna özüniň täsirini ýetirmegi bolup, ol hem öz gezeginde iki görnüşe – hukuga laýyk hereketlere we hukuga laýyk däl hereketlere bölünýärler.

● *Hukuga laýyk hereketlere* – işe ýa-da ýokary okuw mekdebine kabul edilmegi, pensiýa çykmagy, nika baglaşmagy we ş.m. degişli edilýär;

● *Hukuga laýyk däl hereketlere* bolsa, hukuk bozulmanyň ähli görnüşleri degişli edilýär. Hukuk bozulma bilen bagly hereketler hem öz gezeginde iki görnüşe ýagny – hereketli we hereketsiz görnüşlerine bölünip bilinýär.

Şeýlelikde, ýokarda beýan edilenlerden görnüşi ýaly, belli bir gatnaşyklaryň ýüze çykmagyna sebäp (esas) bolan zatlar konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýekti hökmünde çykyş edýär. Başgaça aýdylanda, konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýekti diýlende, haýsydyr bir şahsyň ýa-da edaranyň talaplaryny ýa-da isleglerini kanagatlandyrmak maksadyna gönükdirilen kesgitli bir hukuklara we şoňa laýyklykda hem degişli borçlara düşünilýär.

## §4. Konstitusion-hukuk kadalary we institutlary

### 4.1. Konstitusion-hukuk kadasynyň düşünjesi we mazmuny

Bellenip geçilişi ýaly, konstitusiýa hukugy, hukuk ulgamynyň esasgoýujy hem ilkinji hukuk pudagy bolup, onuň kadalary döwletiň durmuş-ykdysady, syýasy we çäk gurluşynyň binýatlaýyn başlangyçlaryny, döwletiň hukuk ýagdaýyny, onuň jemgyýet, şahsyýet hem raýat bilen özara gatnaşygynyň hukuk esaslaryny, şonuň ýaly-da döwlet häkimiýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgamynyň gurluşyny kesgitleýär. Islendik hukuk pudagy ýaly, konstitusiýa hukugy hem öz gezeginde adamlaryň özlerini alyp baryşlarynyň hemmelere hökmany bolan hem-de olaryň ýerine ýetirilmegi (zerur bolan halatlarynda) döwletiň dürli mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýän hukuk kadalarynyň jemini emele getirýär. Hukugyň seredilýän bu pudagyny emele getirýän hukuk kadalary, umumy alamatlar bilen kesgitlenen, içki bitewiligi bilen häsiýetlenýärler we biri-biri bilen berk baglanşykly bolup, hukugyň beýleki pudaklaryndan tapawutlanýarlar.

Hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, hukugyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna bolan täsiri, elmydama hukugyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän, haýsydyr bir hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna getirýär. Konstitusion hukugy barada aýdylanda bolsa, onda onuň ähli kadalary mydama täze hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna sebäp bolup bilmeýändiklerini belläp geçmelidir. Sebäbi, bu pudak özüniň öňünde goýlan wezipelerine we häsiýetine laýyklykda, özünde, kesgitli kadalaryň emele gelmegi üçin umumy kadalary we ýörelgeleri

saklaýan, jarnamalaýyn häsiýetli kadalary jemleýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 5-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň konstitusiýasy döwletiň Esasy Kanunydyr. Onda berkidilen kadalar we düzgünler gös-göni hereket edýär. konstitusiýa ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur. Bu konstitusion kada, konstitusiýanyň özüne we kadalaryna häsiýetnama berýär.

Häzirki wagtda konstitusion-hukuk kadalaryny kesgitlemekde şu aşakdakylar ýaly, üç hili çemeleşme bar:

1. Konstitusion-hukuk kadalary, konstitusiýa hukugynyň üsti bilen kesgitlenýär. Ýagny, bu diýildigi konstitusiýa hukugynyň umumy jemini emele getirýän kadalar, «konstitusion-hukuk kadalary» diýip atlandyrylýar diýildigidir;

2. Konstitusion-hukuk kadalary, durmuşyň ol ýa-da beýleki bir çygryny düzgünleşdirýän kadalaryň sanawynyň üsti bilen kesgitlenilýär. Ýagny, bu ýagdaýda kesgitleme berilende, onda konstitusion-hukuk kadalary – bu konstitusion gurluşynyň esaslaryny, adamyň we raýatyň hukuk ýagdaýynyň (statusynyň) esaslaryny, döwlet gurluşynyň we döwlet häkimiýet edaralarynyň ulgamyny düzgünleşdirýän kadalardyr.

3. Konstitusion-hukuk kadalary, konstitusiýa hukugynyň subýektleriniň üsti bilen kesgitlenilýär.

Şu ýerde bir zady, ýagny, «konstitusion-hukuk kadalary» diýen düşünjäniň, diňe bir konstitusiýanyň kadalaryny öz içine alman, eýsem, konstitusiýa hukugynyň çygryna girýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekligi öz öňünde maksat edinen ähli hukuk kadalaryny-da öz içine alýandygyny belläp geçmelidir.

Mälim bolşy ýaly, ýüze çykan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek, ähli hukuk kadalarynyň öňlerinde duran esasy maksat bolup durýar. Hukugyň beýleki pudaklaryna garanyňda, konstitusiýa hukugynyň öz öňünde goýýan maksatlary bolsa, ilkinji nobatda, döwletiň konstitusion gurluşynyň we şahslaryň hukuk ýagdaýlarynyň esaslaryny, şonuň ýaly-da döwlet gurluşyny hem-de döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgamyny berkitmekden ybaratdyr.

## 4.2. Konstitusion-hukuk kadasynyň düzüm gurluşy

Hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, umumy hukuk kadasynyň hereket ediş bitewiligini üpjün edýän düzüm böleklerini biri-biri bilen many taýdan yzygiderlikli (logiki) sepleşdirýän içki gurluşy – hukuk kadasynyň düzüm gurluşy diýlip atlandyrylýar. Özüniň nusgawy (doly we kämil) görnüşinde hukuk kadasynyň düzüm gurluşynyň üç sany düzüm bölegi bardyr:

- gipoteza;
- dispozisiýa;
- sanksiýa.

*Gipoteza* – bu hukuk kadasynyň düzüm bölegi bolup, ol hukuk kadasynyň durmuşa geçirilmegi üçin bolmagy ýa-da bolmazlygy zerur bolan durmuş ýagdaýlaryny (şertlerini, hadysalaryny) görkezýär. Ol «näme etmeli? nähili bolmaly? haçan? we ş.m.» diýen soraglara jogap berýär.

*Dispozisiýa* – bu hukuk kadasynyň düzüm bölegi bolup, onda gipotezada göz öňünde tutulan şertler bolan (bolmadyk) ýagdaýynda jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjy şahslaryň ýerine ýetirmäge borçly bolan özüňi alyp barmagyň düzgünleri berkidilýär. Hukuk kadasynyň dispozisiýasy nähili hereketleri amala aşyryp bolýandygyny, haýsylaryny bolsa amala aşyryp bolmaýandygyny kesgitleýär. Ol hukuk kadasynyň mazmunyny beýan edýär we onuň esasy düzüm bölegi bolup durýar. Dispozisiýada hukugyň subýektleriniň hukuklary hem borçlary bellenilýär.

*Sanksiýa* – bu hukuk kadasynyň düzüm bölegi bolup, dispozisiýada beýan edilen özüňi alyp barmagyň düzgünleriniň berjaý edilmeginiň döwlet üpjünçiliginiň ölçegidir.

Umumy hukuk kadasynyň görkezilen bu düzüm gurluşy, ähli hukuk kadasyna degişlidir. Emma beýleki hukuk kadalaryndan tapawutlylykda, hukuk kadasyny emele getirýän bu düzüm bölekleri (gipoteza, dispozisiýa we sanksiýa) konstitusion-hukuk kadasynyň düzüm gurluşynda mydama doly bolmaýar.

Mälim bolşy ýaly, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda döwlet düzgünleşdirişini amala aşyrmak bilen, konstitusiýa hukugynyň kadalary, gös-göni konstitusion-hukuk kadalarynda, özüniň talaplarynyň dürli görnüşlerini beýan etmekligiň we şol talaplary umumylaşdyrmaklygyň dürli derejelerine eýe bolup durýarlar. Şonuň üçin hem olarda elmydama umumy hukuk kadasynyň nusgawy görnüşine mahsus bolan düzüm gurluşynyň üç bölegi takyk we göz-görtele ýüze çykyp durmaýar.

Ýöne muňa garamazdan, konstitusion-hukuk kadalaryny düýpli seljerip görsek, onda hukugyň bu pudagynda hem hukuk kadasynyň umumy düzüm gurluşyny emele getirýän böleklerini görse bolýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 61-nji maddasynyň 3-nji bölegi. konstitusiýanyň salgylanylýan bu maddasynda umumy hukuk kadasynyň gurluşyna mahsus bolan düzümiň üç bölegini-de görmek bolýar. Ýagny, bu kadadaky kim diýen soraga jogap berýän «Türkmenistanyň Prezidenti» diýen jümle – gipotezany, onuň «alty aýyň dowamynda Mejlisiň ýolbaşçy düzümi düzülmedik mahalynda» diýen şerti – dispozisiýany, Mejlisiň möhletinden öň ýatyrylyp bilinýänligi bolsa – sanksiýany emele getirýärler.

## 4.3. Konstitusion-hukuk kadalarynyň görnüşleri

Hukuk kadalarynyň görnüşleri diýlende, özüniň belli bir kesgitlenen alamatlary boýunça, şol kadalaryň aýratyn toparlara bölünmegine düşünilýär.

Aslynda hukuk kadalarynyň ylmy taýdan esaslandyrylan görnüşlere ýa-da toparlara bölünmegi şu aşakdakylara mümkinçilik berýär:

1. Hukuk kadalarynyň her bir görnüşiniň döwletde hereket edýän hukuk ulgamyndaky ýerini takyk kesgitlemeklige;

2. Hukuk kadalarynyň wezipelerini we olaryň hukuk düzgünleşdiriş mehanizmindäki ornuny aýdyňlaşdyrmaklyga;

3. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde hukuk çägini we mümkinçiligini, şeýle hem hukuk kadalarynyň täsirini güýçlendirmekligiň ýollaryny takyk kesgitlemeklige;

4. Döwlet edaralarynyň hukuk döredijilik we hukuk ulanyş işlerini kämilleşdirmeklige.

Hukugyň beýleki pudaklary bilen deňeşdireniňde, özüne mahsus bolan birnäçe häsiýetlere eýe bolan konstitusion-hukuk kadalary, köpdürli bolup, birnäçe alamatlar boýunça biri-birlerinden tapawutlanýarlar we şu aşakdaky ýaly esaslara görä toparlara bölünýärler:

***1.*** *Mazmuny boýunça.* Hukuk kadalarynyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän çygry boýunça, şonuň bilen baglylykda hem kadanyň ol ýa-da beýleki konstitusion-hukuk institutlaryna[1] degişliligi boýunça.

Häzirki wagtda alymlaryň aglaba köp bölegi bu gatnaşyklaryň dört sany toparyny we şoňa laýyklykda hem konstitusion-hukuk kadalarynyň dört sany toparyny tapawutlandyrýarlar. Bu kadalar bolsa öz gezeginde:

– Konstitusion gurluşynyň esaslaryny berkidýän;

– Adamyň we raýatyň hukuk ýagdaýynyň esaslaryny berkidýän;

– Döwlet gurluşyny berkidýän;

– Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyny berkidýän kadalar bolup durýarlar[2].

Alymlaryň başga bir topary bolsa, konstitusion-hukuk kadalaryny öz mazmuny boýunça şu aşakdaky ýaly toparlara bölýärler:

– Konstitusion gurluşynyň esaslaryny berkidýän;

– Adamyň we raýatyň hukuklaryny düzgünleşdirýän;

– Döwlet gurluşyny kesgitleýän;

---

[1] Lat. Institutum – dikeldilen, gurama. Jemgyýetiň ykdysady, syýasy, hukuk we ahlak ýaşaýşynyň belli bir kadalaryny özünde jemleýän, jemgyýetçilik we sosial gatnaşyklaryň guramaçylykly toparlary.

[2] Козлова Е.И., Кутафин О.Е. Конституционное право России. М., 2004. С.16.

– Gös-göni halk häkimiýetliligi amala aşyrmaklygyň tertibini kesgitleýän;
– Döwlet häkimiýetiniň guramaçylyk esaslaryny düzýän;
– Ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyny berkidýän;
– konstitusiýanyň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän[1].

*2. Hukuk güýji boýunça.* Konstitusion-hukuk kadasynyň görkezilen bu topary şu aşakdakylar bilen gönümel bagly bolup durýar:

– Ol ýa-da beýleki kadalarda beýan edilen, dürli kadalaşdyryjy-hukuk namalar bilen, mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 71-nji maddasy we «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;

– Konstitusion-hukuk kadalarynyň, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň köpbasgançakly ulgamyndaky tutýan orny bilen, mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 5-nji maddasynyň 2-nji bölegine, şeýle hem «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, Türkmenistanyň konstitusiýasy döwletiň Esasy Kanuny bolmak bilen döwletiň çäginde iň ýokary derejede duran kadalaşdyryjy hukuk namadyr;

**3.** Konstitusion-hukuk kadalarynyň hereket ediş çägi boýunça, şu aşakdakylary tapawutlandyrýarlar:

– Döwletiň ähli çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalar. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasy, konstitusion kanunlar, kodeksler, kanunlar we ş.m.;

– Döwletiň belli bir çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalar. Mysal üçin, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň kararlary;

– Belli bir etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň ýa-da arçynlyklaryň çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalar. Mysal üçin, Geňeşlikleriň kararlary.

*4. Görkezme (ýa-da buýruk) berijilik häsiýeti boýunça.* Konstitusion-hukuk kadalarynyň bu görnüşleri şu aşakdakylara bölünýärler:

– Ygtyýar beriji;
– Borçlandyryjy;
– Gadagan ediji.

● *Ygtyýar beriji* ýa-da başgaça ygtyýarlandyryjy kadalar – bu kadalar belli bir konstitusion-hukuk gatnaşyklaryna girişen subýektleriň hukuklaryny berkitmek bilen bir hatarda, şol subýektleriň ygtyýarlyklarynyň çäklerini-de kesgitleýärler. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 51-54, 62, 65, 66-njy maddalary;

● *Borçlandyryjy* kadalar – bu kadalar belli bir hukuk gatnaşyklaryna girişen subýektleriň, degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilen belli bir hereketleri etmeklige borçlandyrýan kadalary özlerinde berkidýärler. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 3-nji maddasynyň 2-nji we 3-nji bölekleri;

---

[1] Катков Д.Б., Корчиго Е.В. Конституционное право России. М., 1999. С. 9.

● *Gadagan ediji kadalar* – bu kadalar belli bir hereketleri amala aşyrmaklygy gadagan edýän kadalardyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 55-nji maddsy, 64, 68-nji maddalaryň 2-nji bölekleri.

Konstitusion-hukuk kadalarynyň häsiýetleri boýunça görkezilen görnüşlere bölünmegi, öz gezeginde konstitusion-hukuk kadalarynyň täsir ediş güýjüni açyp görkezýär.

**5.** Görkezme berijiligiň aýdyňlyk derejesi boýunça:

– Imperatiw kadalaryna;

– Dispozitiw kadalaryna.

● *Imperatiw*[1] *kadalar* – bu kadalar, konstitusiýada, konstitusion kanunlarda ýa-da kanunlarda berkidilen, hemmeler tarapyndan berjaý edilmeli we hökmany güýji bolan kadalardyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 5-nji maddasynyň 2-nji bölegi;

● Dispozitiw[2] kadalar – bu kadalar, öz hukuklarynyň we borçlarynyň mukdaryny we häsiýetini, hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň özleriniň çözmekligine mümkinçilik berýän kadalardyr. Mysal üçin, Türkmnistanyň konstitusiýasynyň 26-njy maddasynyň 1-nji bölegi.

**6.** Wezipeleri boýunça. Wezipeleri boýunça konstitusion-hukuk kadalary şu aşakdakylara bölünýär:

1. *Düzgünleşdiriji*. Konstitusion-hukuk kadalarynyň bu görnüşi ýüze çykan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny gönümel düzgünleşdirýän kadalardyr. Mysal üçin, Türkmnistanyň konstitusiýasynyň 50, 51-nji maddalary;

2. *Goraýjy*. Konstitusion-hukuk kadalarynyň bu görnüşi, hukuk jogapkärçilik we subýektiw hukuklary goramak çärelerini özünde berkidýärler. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 45, 46-njy maddalary;

3. *Ýöriteleşdirilen*. Bu kadalara umumylaşdyrýan kadalar we beýleki kadalaryň hereketlerini düzgünleşdirýän kadalar degişlidir:

● Umumylaşdyrýan kadalara bolsa şu aşakdakylar degişlidir.

➢ *Umumy kadalar* – bu kadalar düzgünleşdirilýän gatnaşyklaryň kesgitlenen elementlerini umumylaşdyrylan görnüşinde berkitmeklige gönükdirilendir. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýandygy baradaky hukuk kadasy berkidilen 2-nji maddasy;

➢ *Deklaratiw*[3] *kadalar* – bu kadalar hukugyň belli bir pudagynyň (institutynyň) degişli kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny

---

[1] Lat. Imperativus – höküm ediji. Talap etmek, buýruk, kanun we ş.m.;

[2] Lat. Dispositivus – hojaýynlyk ediji, saýlamaklyga ýol berýän.

[3] Lat. Declaratio – bildiriş ýa-da yglan etmek. Resmi ýüzlenme, adatça, deklarasiýa görnüşinde döwletiň içeri we daşary syýasaty, halkara guramalarynyň, halkara gatnaşyklaryndaky belli bir wezipeleri we ýerine ýetirýän işleriniň esasy ýörelgeleri we düzgünleri yglan ediýär;

düzgünleşdirmekligiň umymy ýörelgelerini özünde jemleýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy, döwletiň bolsa her bir raýatynyň öňünde jogapkärdigini we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýänligi, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şeýle hem şahsy eldegrilmesizligini hem-de tebigy we mizemez hukuklaryny goraýandygy baradaky hukuk kadasyny özünde jemleýän 3-nji maddasynyň 1, 2-nji bölegi.

● Beýleki kadalarynyň hereketini we ulanylşyny düzgünleşdirýän kadalar (başgaça aýdylanda, kadalar hakynda kadalar):

➢ *Dessin (operatiw*[1]*) kadalar* – bu kadalar beýleki kadalaryň hereketini üýtgedýän ýa-da ýatyrýan kadalardyr;

4. *Çapraz (kollizion*[2]*) kadalar* – bu belli bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň arasyndaky gapma-garşylykdyr. Bu kadalaryň esasy wezipeleri biri-birlerine çapraz gelýän kadalary sazlaşdyrmakdan ybaratdyr. Bu kadalar biri-birine gabat gelmedik ýagdaýynda haýsy hukuk namalarynyň kadalarynyň ulanylýanlygyny kesgitleýärler. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 115-nji maddasynyň 2-nji bölegi.

## 4.4 Konstitusion-hukuk institutlary

*Konstitusion-hukuk institutlary* – bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň birmeňzeş toparyny düzgünleşdirýän we biri-birine has ýakyn bolan hukuk kadalarynyň umumy jemidir. Aslynda birmeňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň bir ýere jemlenmekligi ylmy-nazaryýet we tejribeleýin ähmiýete eýe bolup durýar. Sebäbi, birinjiden: kadalaryň bir ýere jemlenmegi, ýagny hukuk institutlaryna birleşdirilmegi konstitusion-hukuk gatnaşyklaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmekde ýüze çykýan meseleleri aýan etmäge mümkinçilik berýär. Ikinjiden: olary has gowy öwrenmeklige we degişlilikde bir bitewi ulgama salmaklyga (ulgamlaşdyrmaklyga) ýardam berýär.

Konstitusion-hukuk institutynda konstitusiýanyň kadalary, hereket edýän kanunlarda berkidilen hukuk kadalary (dürli hukuk güýjüne eýe bolan hukuk kadalar) ýaly, dürli görnüşdäki kadalar bilen birleşdirilýär. Şonuň bilen baglylykda hem konstitusion-hukuk institutynyň düzüminde, hereket ediş çägi, buýruk berijiligiň hukuk derejesi şeýle hem beýleki dürli alamatlary boýunça dürli hukuk kadalary bolup bilýär. Görkezilenler bilen bir hatarda, hukuk institutlarynyň, bilim beriş ulgamyndaky tutýan orny seljerilip görlende, konstitusion-hukuk institutlarynyň

[1] Nem. Operativ – çalt (dessine) hereket etmek. Ýagny, işiň gidişini wagtynda we çalt düzetmekligi ýa-da ugrukdyrmaklygy, başarmaklygy aňladýar;

[2] Lat. Collisio – çaknyşyk, sarsgyn. Bir döwletiň aýra-aýra kanunlarynyň arasyndaky gapma--garşylyk, çapraz ýa-da kadalaryň deň gelmezligi.

kābir aýratynlyklary bilen bagly ýüze çykýan käbir gapma-garşylyklaryň bardygyny görmek bolýär. Munuň esasy sebäbi-de, konstitusiýa hukugynda: konstitusion--hukuk institutlaryndan başga-da administratiw-hukuk kadalaryny birleşdirýän raýatlyk instituty; hereketleri konstitusiýa we raýat hukugynyň kadalary bilen dessurlanýan jemgyýetçilik birleşikleri instituty ýaly, pudagara institutlary hereket edýänligidir.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde, hukuk dersleri öwrenilende, olaryň pudaklar boýunça öwrenilýändigini belläp geçmelidir. Şonuň üçin hem ol hukuk dersleriniň biri-birlerine meňzeş bolmaklary hem örän mümkindir. Ýöne munuň ýaly ýagdaý, hukuk ylmynda kanunalaýyklykdyr. Sebäbi, belli bolşy ýaly, islendik hukuk pudagynyň esasy düşünjeleri, ýörelgeleri we çeşmeleri öz gözbaşyny, ilkinji nobatda, umumy hukuk nazaryýetinden alyp gaýdýandyr. Emma muňa garamazdan, hukuk ylmynyň pudaklary öz öwrenýän predmetleri boýunça biri-birlerinden tapawutlanýandyr. Mysal üçin, raýat hukuk gatnaşyklaryny öwrenýän «raýat hukugy», şahslaryň arasyndaky ýüze çykýan jenaýatçylykly (kriminal[1]) gatnaşyklary öwrenýän «jenaýat hukugyndan» özüniň öwrenýän predmeti boýunça tapawutlanýar. Edil şonuň ýaly-da, hukugyň beýleki pudaklary hem öz öwrenýän predmeti boýunça biri-birlerinden tapawutlanýarlar.

## §5. Hukugyň pudagy hökmünde konstitusiýa hukugynyň ulgamy

Mälim bolşy ýaly, adamzat jemgyýetiniň çalt depginlerde ösmegi we netijede dürli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň emele gelmegi, şol jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň sazlaşykly hereket etmeklerini üpjün edýän hukuk ulgamynyň pudaklara bölünmek zerurlygynyň ýüze çykmagyna getirdi. Aslynda hukuk ulgamynyň pudaklara bölünmegi, dürli görnüşdäki tejribeleýin maksatlara eýe bolup durýar. Çünki, hukuk ulgamy, islendik ýagdaýda-da islendik hukuk özgertmeleri amala aşyrylanda, olary hukuk taýdan düzgünleşdirmekligiň durnuklylygyny saklamaklyga mümkinçilik berýär.

Belli bolşy ýaly, hukuk pudagynyň ulgamy diýlende, onuň belli bir içki düzümine (gurluşyna, bölekleriniň, baplarynyň ýa-da maddalarynyň ýerleşişine) düşünilýär. Şoňa baglylykda hem islendik jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän degişli kadalaşdyryjy hukuk namasy işlenip düzülende, ilkinji nobatda onuň düzüm gurluşyna üns berilmegi hökmandyr. Çünki, islendik gatnaşyklaryň ösmegi, ilkinji nobatda şol gatnaşyklary düzügünleşdirjek täze pudaklaýyn kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hiline bagly bolup durýandyr. Hut şonuň üçin hem hukugyň islendik ulgamyna yzygiderli kämilleşmek mahsusdyr.

[1] Lat. Criminalis – jenaýatçylykly, jenaýata degişli.

Konstitusion-hukuk ulgamynyň däp bolan nusgawy institutlaryny emele getirýän esasy elementler hökmünde şu aşakdakylar çykyş edýärler:

1. Konstitusion gurluşyň esaslary;
2. Adamyň we raýatyň hukuk ýagdaýynyň esaslary;
3. Döwlet gurluşy;
4. Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamy.

Başda belläp geçişimiz ýaly, jemgyýetiň ösmegi, islendik jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hiliniň üýtgemegine getirýär, netijede bolsa, şol gatnaşyklary düzgünleşdirýän hukuk ulgamynyň pudaklaýyn kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň-da üýtgemegine getirýär. Şonuň üçin hem häzirki wagtda alymlaryň köpüsi, konstitusion-hukuk ulgamyny emele getirýän elementleriň düzümini şu aşakdaky ýaly ulgamlara bölýärler:

- Konstitusion gurluşyň esaslary;
- Adamyň we raýatyň esasy hukuklary we azatlyklary;
- Döwlet gurluşy;
- Saýlaw ulgamy (saýlaw hukugy);
- Prezidentlik häkimiýeti;
- Kanunçykaryjylyk häkimiýeti;
- Ýerne ýetirijilik häkimiýeti;
- Kazyýet häkimiýeti we prokuratura;
- Ýerli öz-özüňi dolandyryş;
- konstitusiýa täzeden seretmekligiň hem-de oňa üýtgetme we goşmaça girizmekligiň tertibi[1].

Türkmenistanyň konstitusion-hukuk ulgamynyň düzüm gurluşy barada aýdylanda, onda olary şu aşakdaky ýaly tertipde görkezmek bolar:

- Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary;
- Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary hem borçlary;
- Türkmenistanda häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamy;
- Prezidentlik häkimiýetine (Türkmenistanyň Prezidenti);
- Kanunçykaryjylyk häkimiýetine (Türkmenistanyň Mejlisi);
- Ýerine ýetiriji we serenjam beriji häkimiýete (Türkmenistanyň Ministrler Kabineti);
- Ýerli häkimiýet;
- Ýerli öz-özüňi dolandyryş;
- Saýlaw ulgamy, sala salşyk (saýlaw hukugy);
- Kazyýet häkimiýeti;
- Prokuratura;
- konstitusiýa üýtgetme we goşmaça girizmekligiň tertibi.

---

[1] *Баглай М.В.* Конституционное право РФ. М., 1998. С.30.

*2.1-nji çyzgy*


Öz mazmuny boýunça konstitusion-hukuk gatnaşyklary şu aşakdaky dört sany uly toparlara bölünýär:
Döwletiň konstitusion-hukuk gurluşynyň esaslarynyň berkidilmegi we goralmagy bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklara
Adamyň we raýatyň konstitusion-hukuk statusynyň döwletde berkidilişi we goralyşy bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklara
Döwletiň görnüşiniň, ilkinji nobatda döwlet gurluşynyň berkidilmegi we goralmagy bilen bagly ýüze çakýan gatnaşyklara
Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň döredilmeginiň we işlemeginiň esaslarynyň ulgamlaýyn berkidilmegi we goralmagy bilen bagly ýüze çakýan gatnaşyklara

*2.2-nji çyzgy*







4. Sargyt № 1499.

*2.3-nji çyzgy*




*2.4-nji çyzgy*



**Sowalnama:**

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Konstitusion-hukuk gatnaşyklary – bu**
● konstitusion-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklary;
● konstitusion-hukuk kadalarynyň sazlaşykly hereketi;
● konstitusion-hukuk kadalary bilen konstitusiýa hukugynyň arasyndaky arabaglanşyk;
● konstitusion-hukuk kadalary bilen beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň özara baglanşygy.

*Has dogry jogaby tapyň.*

**2. konstitusiýa hukugynyň subýektleri – bu**
● konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylary;
● döwlet häkimiýet edaralary;
● konstitusion-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryna girişen fiziki we ýuridiki şahslar;
● akly düzüw bolan fiziki şahslar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**3. Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri – bu**
● maddy zatlardyr;
● konstitusion-hukuk kadalary bilen goralmaga degişli maddy zatlardyr;
● konstitusion-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän hem-de belli bir gatnaşyklaryň ýüze çykmagyna sebäp (esas) bolýan zatlardyr;
● belli bir gatnaşyklaryň ýüze çykmagyna sebäp (esas) bolýan zatlardyr.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**4. Türkmenitanyň konstitusiýa hukugynda konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýekti hökmünde çykyş edýärler:**
● döwletiň çägi (territoriýasy);
● maddy dünýäniň predmetleri (maddy gymmatlyklar);
● emläkleýin däl şahsy bähbitler (at-abraý, mertebe we ş.m.);
● konstitusion-hukuk kadalarynyň täsir edip biljek ähli zatlary.

*Dogry jogaby tapyň.*

**5. Görkezme (ýa-da buýruk) berijilik häsiýetleri boýunça, konstitusion – hukuk kadalary şu aşakdakylara bölünýär:**

● ygtyýar beriji; borçlandyryjy; gadagan ediji;
● diňe ygtyýar beriji;
● diňe gadagan ediji;
● diňe borçlandyryjy.

**6. Görkezme berijiligiň aýdyňlyk derejesi boýunça konstitusion-hukuk kadalary şu aşakdakylara bölünýärler:**
● imperatiw we dispozitiw kadalaryna;
● diňe imperatiw kadalaryna;
● diňe dispozitiw kadalaryna;
● hiç-haýsyna-da degişli däl.

**7. Konstitusion-hukuk institutlary – bu**
● konstitusion-hukuk kadalarynyň toparydyr;
● jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň birmeňzeş toparyny düzgünleşdirýän we biri-birine has ýakyn bolan hukuk kadalarynyň umumy jemidir;
● takyk bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän konstitusion-hukuk kadalarynyň jemidir;
● biri-birine has ýakyn bolan konstitusion-hukuk kadalarynyň umumy jemidir.

**8. Konstitusion-hukuk ulgamynyň däp bolan nusgawy institutlaryny emele getirýär:**
● diňe konstitusion gurluşyň esaslary;
● diňe adamyň we raýatyň hukuk ýagdaýynyň esaslary;
● diňe döwlet gurluşy;
● döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamy bilen bir hatarda ýokardaky görkezilenleriň ählisi.

**9. Wezipeleri boýunça konstitusion-hukuk kadalary bölünýärler:**
● düzgünleşdiriji, gapma-garşy (kollizion), goraýjy;
● diňe düzgünleşdiriji we goraýjy;
● diňe gapma-garşylyklaýyn;
● ýöriteleşdirilen.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**10. Konstitusion-hukuk kadalarynyň hereket ediş çägi boýunça, şu aşakdakylary tapawutlandyrýarlar:**
● döwletiň ähli çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalar;
● döwletiň belli bir çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalar;
● belli bir etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň ýa-da arçynlyklaryň çäklerinde

hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalar;

● belli bir maşgalanyň içinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalar.

**11. Özüniň nusgawy (doly we kämil) görnüşinde hukuk kadasynyň düzüm gurluşy şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

● gipoteza;
● dispozisiýa;
● sanksiýa;
● terbiýeleýiş.

**12. Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri öz gezeginde şu aşakdaky toparlara bölünýär:**

● maddy obýektler (maddy eşret);
● maddy däl eşret;
● hereket;
● gatnaşyklar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**13. Maddy eşret – bu**

● emläk (pullar, beýleki emläkler, harytlar we beýleki predmetler) görnüşindäki gymmatlyklar – eşretler;
● şahsyň pikiri;
● diňe pul bilen ölçelip bolýan zatlar;
● diňe emläk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna sebäp bolýan zatlar.

**14. Konstitusion-hukuk gatnaşyklary öz mazmuny boýunça şu aşakdaky häsiýetlere eýe bolup durýar:**

● gaty we ýumşak häsiýetlere;
● ylalaşykly we ylalaşyksyz (oňşuksyz) häsiýetlere;
● umumy we anyk häsiýetlere;
● hiç-hili häsiýete eýe däl.

# III BAP. KONSTITUSIÝA BARADA DÜŞÜNJE, ONUŇ MAZMUNY, GURLUŞY WE GÖRNÜŞLERI

## §1. konstitusiýa barada düşünje

*Konstitusiýa* – bu döwletiň esasy kanuny bolup, ol tutuş halkyň ýa-da jemgyýetiň aýry-aýry sosial gatlaklarynyň (toparlarynyň) erk-islegini hem bähbitlerini beýan edýär we olaryň bähbitlerinden ugur almak bilen belli bir ýurtda jemgyýetçilik gurluşynyň hem döwlet guramaçylyk gurluşynyň iň wajyp başlangyçlaryny özünde berkidýär.

Görnüşi boýunça konstitusiýa hemişe döwletiň resminamasy, hukuk nama, ýurduň esasy kanuny bolup durýar. konstitusiýa kabul edilip bilinýär:

- parlament tarapyndan;
- ýörite konstitusion geňeş (assambleýa) tarapyndan;
- gönüden-göni halkyň ses bermegi bilen, ýagny referendum esasynda;
- oktroirlenmegi esasynda.

Konstitusiýa döwletiň esasy kanuny bolandygy sebäpli-de ol edil beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar ýaly hökmany – döwlet häsiýetlidir, ýöne beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalardan tapawutlylykda ýokary hukuk güýjüne eýedir. Bu bolsa Konstitusiýanyň ýurduň kanunçylygynda ilkinji orunda durup, milli hukuk ulgamynyň binýatlaýyn başlangyçlaryny özünde jemleýänligini, döwletiň ähli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň konstitusiýadan ugur almalydygyny we şoňa laýyk gelmelidigini, konstitusion-hukuk kadalaryna ters gelýän kadalaryň bolsa hereket etmeýändigini hem-de ýatyrylmaga degişlidigini aňladýar.

*Konstitusiýa* – syýasy resminama. Şonuň üçin onuň mazmunynyň esasy soraglary döwlet häkimiýeti, eýeçiligiň görnüşleri, şahsyýetiň hukuk ýagdaýy, döwlet gurluşy barada bolýar. Konstitusion-hukuk kadalary döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, wezipeli adamlaryň işi, şol ýurduň raýatlarynyň we onuň çäginde ýaşaýan ýa-da bolýan daşary ýurt raýatlarynyň özlerini alyp baryşlary üçin esasgoýujy binýatlaýyn häsiýete eýedir.

Konstitusiýanyň kabul edilmegi durmuş-ykdysady we syýasy häsiýetli sebäpler bilen şertlendirilendir. konstitusiýa ilkinji nobatda, özünde şol jemgyýetde bolan eýeçiligiň we ykdysady işiň guramaçylygynyň görnüşleriniň nähilidigini, döwletiň raýatlarynyň olara bolan gatnaşygyny beýan edýär, şeýle hem adamlaryň jemgyýetde we döwletde ýaşamagynyň esasy düzgünlerini, olaryň iň wajyp hukuklaryny, azatlyklaryny we borçlaryny berkidýär. konstitusiýa şol ýurtdaky häkimiýet ulgamyny, döwletiň maksatlaryny, wezipelerini hem ygtyýarlyklaryny,

onuň içki düzüm gurluşyny, döwlet edaralarynyň ulgamyny, ilatyň öz-özüni dolandyryşynyň esaslaryny kesgitleýär.

Konstitusiýanyň esasy iki sany wezipesi bar:

● tutuş jemgyýetiň we döwletiň gurluşynyň, ýurtdaky döwlet häkimiýetiniň häsiýetleriniň, şahsyýetiň hukuk ýagdaýynyň esaslaryny berkitmek (bu esaslar soňra milli hukuk ulgamynyň dürli pudaklarynyň kadalarynda has ösdürilýär we jikme-jik giňeldilýär);

● döwlet häkimiýetini we ýerli öz-özüňi dolandyryş häkimiýetini amala aşyrmagyň mehanizmlerini jikme-jik düzgünleşdirmek.

Ondan başga-da her bir döwletiň konstitusiýasy (döwletiň sosial ulgamynyň nähilidigine garamazdan) döredijilik, guramaçylyk, daşary syýasy, aňyýet, hukuk we ş.m. wezipeleri berjaý edýär.

Konstitusiýanyň döredijilik wezipesi – jemgyýetdäki düýpli özgertmeleriň netijesinde kabul edilip, taryhy ösüşiň indiki tapgyrynda onuň ösüşiniň syýasy-hukuk esasyna öwrülýänliginden ybaratdyr.

Konstitusiýa adamyň aňly-düşünjeli işjeňliginiň netijesi hökmünde öň bar bolan zatlary, jemgyýetçilik hadysalaryny hukuk galybyna salyp berkidýär ýa-da jemgyýetde zerurlygy ýüze çykan, ýöne degişli hukuk binýady bolmadyk öz-özünden emele gelip bilmeýän, düýbünden täze gatnaşyklary emele getirmeklige gönükdirilen hukuk şertlerini döredýär. Şeýlelikde, konstitusiýanyň dörediji häsiýeti onuň jemgyýetçilik (syýasy) ulgama tutuşlygyna we aýry-aýry döwlet-hukuk institutlaryna edýän täsirinde ýüze çykýar.

Konstitusiýanyň guramaçylyk wezipesi onuň diňe bir jemgyýetçilik ösüşinde gazanylanlary resmileşdirmek we jemgyýetiň hem döwletiň öňünde täze wezipeleri goýmak bilen çäklenmän, eýsem syýasy işjeňlige itergi berýändiginden we ähli döwlet edaralaryny, jemgyýetçilik guramalaryny, raýatlary esasy kanunyň mazmunyndan ugur alýan işjeňlige gönükdirýändiginden ybarat. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, konstitusiýa diňe bir jemgyýetde bar bolan degişli şertleri hem ýagdaýlary beýan etmek bilen çäklenmän, eýsem dürli jemgyýetçilik bähbitli maksatlara ýetmegiň anyk hem netijeli usullaryny we serişdelerini hem özünde jemlemelidir.

Konstitusiýanyň daşary syýasy wezipesi onuň diňe bir ýurduň içki durmuşyna täsir etmeklige däl-de, eýsem şol bir wagtda-da döwletiň daşary ykdysady işjeňliginiň hem ýörelgeleýin esaslaryny berkitmeklige gönükdirilýänliginden ybaratdyr.

Konstitusiýanyň aňyýet wezipesi onuň mazmunynda döwletiň ugur alýan anyk bir syýasy taglymatynyň jedelsiz başlangyçlarynyň (postulatlarynyň[1]) agalyk ediji garaýyşlar hökmünde hukuk taýdan berkidilýändiginden ybarat. Sebäbi konstitusiýa

[1] Lat. postulatum – talap, haýsydyr bir ylmy taglymatyň çäklerinde onuň öz serişdeleri we usullary bilen subut etmek mümkin bolmandygy üçin aksioma (jedelsiz başlangyç) häsiýetli hakykat hökmünde kabul edilýän pikir.

öz tapawutly aýratynlyklary boýunça syýasy-hukuk häsiýetli kadalaşdyryjy hukuknamadyr. Çünki onda berkidilen her bir kada, her bir hukuk instituty ýurduň durmuşy-syýasy ulgamynyň başlangyç esaslarynyň beýany bolup durýar. Her bir konstitusiýa jemgyýetçilik gymmatlyklarynyň özboluşly ulgamyny berkidýär we şol gymmatlyklaryň esasynda jemgyýetiň her bir agzasynyň dünýägaraýşynyň kemala gelmegine gönükdirilýär.

Konstitusiýanyň hukuk wezipesi şu aşakdakylardan ybarat:

*birinjiden*, ýurduň hukuk ulgamynyň we hukuk tertibiniň (ýa-da eger-de olar öň hereket edýän bolsa we olaryň ýörelgeleýin başlangyçlary üýtgewsizligine galdyrylýan bolsa, onda olaryň ösüşiniň täze tapgyrynyň) binýatlaýyn esasy bolmagyndan;

*ikinjiden*, konstitusiýanyň özüniň jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýänliginden we göni hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk nama hökmünde jemgyýetde täze gatnaşyklaryň döremegine itergi berýänliginden;

*üçünjiden*, konstitusiýada berkidilen ýörelgelerden hem kadalardan ugur almak bilen kanunçylygyň kämilleşdirilmegine we täze kadalaşdyryjy hukuk namalaryň uly toplumynyň kabul edilmegine badalga berýänliginden.

Her bir konstitusiýanyň özüne mahsus hukuk häsiýetleri, ýagny ony döwletiň esasy kanuny hökmünde häsiýetlendirýän hukuk alamatlary bolýar. Ol alamatlara şular degişli:

● her bir konstitusiýa kadalaşdyryjy hukuk namalara degişlidir we ol kanun bolmak bilen onuň ähli häsiýetlerine eýedir.

Biziň ýurdumyzda konstitusiýa – bu bir bütewi hukuk nama. konstitusiýa hukugy ylmynda bir bütewi nama görnüşindäki esasy kanun «ýazmaça konstitusiýa» diýlip atlandyrylýar. Eger-de döwletiň şeýle bir bütewi nama görnüşindäki hukuk namasy bolman, dürli ýyllarda kabul edilen birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalar konstitusiýa ähmiýetli namalar hökmünde ykrar edilýän bolsa, onda şol namalaryň jemi adatça «ýazylmadyk konstitusiýa» diýlip atlandyrylýar. Mysal üçin, döwlet dolandyryşy boýunça konstitusion monarhiýa bolan Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynda konstitusion hukugy parlament tarapyndan kabul edilen kanunlar (statutlar), konstitusion ylalaşyklar, kazyýetleriň çözgütleri we ş.m. emele getirýärler. Bu ýurtda şeýle resminamalaryň 4 müňe golaýy hereket edýär[1].

Käbir ýurtlarda döwletiň esasy kanunyna goşmaça hökmünde ýene-de birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalar hereket edip bilýär. Düzgün bolşuna görä, olar konstitusion kanunlar diýlip atlandyrylýar. Eger-de şeýle namalaryň hukuk güýji konstitusiýa goşmaça hökmünde resmi taýdan ykrar edilen bolsa, onda olary hem konstitusiýa bilen bilelikde bir bütewi ýazmaça konstitusiýa diýip hasaplamak bolar.

---

[1] Большая электронная юридическая энциклопедия. Москва, 2007. Раздел «Конституционное право», статья «Виды конституций».

Eger-de konstitusion kanun konstitusiýa üýtgetmeleri we goşmaçalary girizýän bolsa, onda şeýle hasap etmek üçin doly esas bar.

● konstitusiýanyň ýene-de bir esasy hukuk häsiýeti, onuň hukuk güýjüniň döwletiň beýleki ähli kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ýokarda durýanlygy bolup durýar. Döwletiň tutuş kanunçylygy konstitusiýadan ugur almalydyr we şoňa laýyk gelmelidir. Adatça konstitusiýanyň hukuk agalygy onuň mazmunynda beýan edilýär[1];

● konstitusiýa hereket edýän kanunçylygyň binýady bolmak bilen, onuň tapawutly aýratynlyklaryny kesgitleýär. Hereket edýän kanunçylyk konstitusiýanyň kadalaryny has giňişleýin beýan edýär we ösdürýär, dürli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirende onuň özenini düzýän ýörelgelerden ugur alýar;

● Döwletiň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna garanyň-da ony kabul etmegiň hem-de oňa üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegiň ýörite tertibi bolýar.

Adatça ähli döwletlerde-de konstitusiýanyň kabul edilmegi aç-açanlyk ýagdaýynda hem-de jemgyýetiň üns merkezinde saklamagy bilen amala aşyrylýar. Sebäbi bu taryhy waka bolup durýar. Eger-de adaty kanunlaryň kabul edilmegi barada halk köpçüligi juda ujypsyz üns berýän bolsalar-da, täze konstitusiýanyň taslamasynyň tekstini ara alyp maslahatlaşmaga jemgyýetiň aglaba köp bölegi işjeň gatnaşýar. Onsoňam döwletde täze konstitusiýanyň taslamalarynyň neşir edilmegine we giň jemgyýetçiligiň dykgatyna ýetirilmegine aýratyn uly üns berilýär.

Konstitusiýanyň kabul edilmeginiň ýörite tertibi täze Esasy Kanunyň taslamasynyň köpçülikleýin (ählihalk) ara alyp maslahatlaşylmagynyň döwlet tarapyndan ýörite guralmagynda hem ýüze çykýar. Mysal üçin, milli konstitusion taryhda şeýle çäre 2008-nji ýylda Türkmenistanyň konstitusiýasynyň täze redaksiýasy kabul edilende guralypdy.

Esasy Kanunyň kabul edilmeginiň ýörite tertibi ýene-de onuň taslamasynyň ählihalk sala salşygyny çykarylmagynda-da ýüze çykýar. Sala salşygyň netijesi ýurduň bütin çäginde hemmeler üçin hökmany bolup durýar we sala salşyga hödürlenen taslamanyň halk tarapyndan kabul edilendigini ýa-da edilmändigini aňladýar. Taslama kabul edilen halatynda ol bada-bat hökmany güýje eýe bolýar, ýöne bu ýagdaý onuň hukuk güýjüne girýändigini döwletiň parlamenti ýa-da prezidenti, ýa-da merkezi saýlaw topary tarapyndan konstitusiýanyň kabul edilendigini resmi taýdan yglan etmek hereketiniň amala aşyrylmaly däldigini aňlatmaýar.

Konstitusiýa üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegiň ýörite tertibi bolsa degişli taslamalary ygtyýarly döwlet edarasyna hödürlemegiň, olary ara alyp maslahatlaşmagyň we kabul etmegiň çylşyrymly tertibidir.

Eger-de konstitusiýa üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda konstitusion kanun parlament tarapyndan kabul edilýän bolsa, onda ol sesleriň

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 5-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

kwalifisirlenen köplügi[1] (adaty kanunlar adatça sesleriň ýönekeý köplügi) bilen kabul edilýär. Mysal üçin, Türkmenistanda konstitusion kanunlar Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär[2].

Konstitusiýa üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeklige bildirilýän ýörite talaplar ilkinji nobatda Esasy Kanunyň uzakmöhletleýin durnuklylygyny üpjün etmeklige gönükdirilýär. Türkmenistanda döwletimiziň konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan[3] hem-de ählihalk sala salşygynyň netijesi esasynda girizilip bilinýär.

## §2. konstitusiýalaryň görnüşleri

Dünýäde döwletiň esasy kanuny hökmünde konstitusiýanyň emele geliş taryhy barada gysgaça aýdylanda, bu syýasy-hukuk resminamasynyň ilkinji dörän ýeri, Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Korollygy bolup durýar. 1647-nji ýylyň oktýabr-noýabr aýlarynda Angliýanyň Patni şäherinde, şol döwürde güýçli syýasy akym bolan lewellerleriň partiýasy tarapyndan, «Halk Ylalaşygynyň» demokratik konstitusiýasynyň taslamasy Goşun Geňeşi atlandyrylýan ygtyýarly edaranyň garamagyna hödürlenýär. Emma ynsanyýetiň taryhy ösüş ýolunda döwletiň esasy kanuny hem-de hukuk ulgamynyň binýatlaýyn başlangyjy bolan syýasy-hukuk resminamasy hökmünde işlenip düzülen ilkinji konstitusiýanyň taslamasy şol döwürde dürli sebäplere görä kabul edilmeýär.

Adamzat taryhynda ilkinji ýazylan we resmi taýdan kabul edilen konstitusiýa bolsa Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň 1787-nji ýyldaky konstitusiýasydyr. Hut şol konstitusiýada hem ilkinji gezek, XV asyryň italýan pelsepeçişi Marsiliý Padualy tarapyndan täze garaýyş hökmünde hödürlenen we XVII asyrda ýaşap geçen fransuz akyldary Şarl-Lui Monteskýe tarapyndan doly kämilleşdirilip işlenip düzülen döwlet häkimiýetiniň üç şaha bölünmegi hakyndaky ýörgünli taglymat öz beýanyny tapypdy. Bu konstitusiýa häzirki döwürde-de hereket edip gelýär. Ýöne onuň ilkibaşky 7 sany madda-synyň üstüne onlarça üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. ABŞ-nyň konstitusiýasynyň kadalarynyň jemgyýetçilik durmuşynda

---

[1] Bu adalga belli bir wekilçilikli döwlet häkimiýet edarasynyň maslahatyna gatnaşýan deputatlaryň sanynyň ýa-da şol edaranyň deputatlarynyň umumy sanynyň üçden iki ($\frac{2}{3}$), bäşden üç ($\frac{3}{5}$) ýa-da dörtden üç ($\frac{3}{4}$) bölegini aňladýar.

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 117-nji mad. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.; «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 9-njy mad. Aşgabat. 09.01.2009, № 15-IV.

[3] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 63-nji mad. 1-nji böl., 117-nji mad. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

bolup geçýän üýtgeşmelere laýyk getirilmegi bolsa diňe bir onuň mazmunyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek arkaly däl-de, eýsem kazyýetleriň konstitusiýanyň kadalaryna täze düşündirişleri berýän çözgütleriniň kömegi bilen hem amala aşyrylyp gelinýär.

Resminamalaýyn görnüşi boýunça konstitusiýalar şu görnüşlere bölünýärler:

● kodifisirlenen;

● kodifisirlenmedik;

● gatyşyk.

*Kodifisirlenen konstitusiýa* – bu konstitusion häsiýetli ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän, bir bütewi ýazmaça kadalaşdyryjy hukuk namadyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasy. Eger-de görkezilen gatnaşyklar birnäçe kadalaşdyryjy hukuk nama bilen düzgünleşdirilýän bolsa, onda olaryň ählisine kodifisirlenmedik konstitusiýa diýilýär. Gatyşyk görnüşli konstitusiýa bolsa diňe bir kanunlary däl-de, eýsem kazyýet presedentlerini, hukuk dessurlaryny we ýazmaça doktrinal düşündirişleri hem özünde jemleýär.

Üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegiň tertibi boýunça konstitusiýalar berk we çeýe görnüşlere bölünýärler. Çeýe konstitusiýalara üýtgetmeler we goşmaçalar adaty kanunlary kabul etmek arkaly, bir tapgyrda aňsatlyk bilen girizilip bilinýär. Berk konstitusiýalara bolsa üýtgetmeler we goşmaçalar diňe ýörite çylşyrymlaşdyrylan kanunçykaryjylyk tertibini berjaý etmek bilen, düzgün bolşuna görä, parlamentiň agzalarynyň kwalifisirlenen köplüginiň ses bermegi esasynda, kähalatda bolsa bu mesele boýunça sala salşyk geçirilip, onuň netijesi degişli döwlet edarasy (parlament, konstitusion geňeş, topar) ýa-da döwletiň ýolbaşçysy tarapyndan bellenen tertipde tassyklanandan soň ýörite konstitusion kanun kabul edilip bilinýär.

Mazmuny boýunça konstitusiýalar şu görnüşlere bölünýärler:

● aňyýet (ideologiki) konstitusiýalary – ýurtda agalyk ediji syýasy garaýyşlary wagyz etmeklige we olary hukuk taýdan tassyk etmeklige gönükdirilýär. Mysal üçin, 1977-nji ýylda kabul edilen SSSR-iň konstitusiýasy;

● häkimiýet konstitusiýalary – döwlet häkimiýetiniň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär, onuň ulgamynyň gurluşyny belleýär. Mysal üçin, ilki kabul edilende ABŞ-nyň konstitusiýasy;

● ynsan konstitusiýalary – jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy hökmünde adamy kesgitlemek bilen olaryň mazmunynyň esasy bölegi adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny berkitmeklige bagyşlanýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasy.

Kabul edilişi boýunça konstitusiýalar şu görnüşlere bölünýär:

● parlament tarapyndan kabul edilen konstitusiýalar;

● ýörite konstitusion geňeş (assambleýa, topar) tarapyndan kabul edilen konstitusiýalar;

● sala salşyk esasynda kabul edilen konstitusiýalar;

● oktroirlenen (fr. octroi-bagyş edilen, peşgeş berlen) konstitusiýalar (monarh, döwlet baştutany ýa-da döwletiň hökümeti tarapyndan halka berlen, peşgeş edilen konstitusiýa), mysal üçin, Pakistan Yslam Respublikasynyň 1962-nji ýyldaky konstitusiýasy döwletiň prezidenti tarapyndan oktroirlenipdi. konstitusiýa hukugy ylmynda oktroirlenen konstitusiýalardan galan konstitusiýalar «halk konstitusiýalary» diýlip atlandyrylýar.

## §3. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň taryhy, mazmuny we gurluşy

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ýurduň konstitusiýasy kanunçylygyň kepili, raýatlaryň hukuklarynyň we erkinliginiň berjaý edilişiniň, ýurdumyzyň mundan beýläk-de ösüşiniň kepili hökmünde esasy orny eýeleýär[1]» diýip belleýşi ýaly, döwletiň konstitusiýasy döwletiň hukuk binýadyny emele getirýän, döwletiň we raýatlaryň esasy hukuklarynyň, borçlarynyň resmi beýanydyr. Has takygy, konstitusiýa – bu jemgyýetçilik we döwlet gurluşyny, häkimiýetiň wekilçilikli edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň döredilmeginiň, işlemeginiň, işiniň üýtgedilmeginiň we bes edilmeginiň tertibini hem-de ýörelgelerini[2], saýlawlar we sala salşyklar ulgamynyň gurluşyny, raýatlaryň esasy hukuklaryny we borçlaryny, döwletiň häkimiýet şahalarynyň gurluşyny we häkimiýet şahalarynyň edaralarynyň hem-de wezipeli adamlarynyň ygtyýarlyklaryny kesgitleýän ýurduň esasy kanunydyr, şeýle hem konstitusiýa döwletiň tutuş hereket edýän kanunçylygynyň esasgoýujy binýadydyr. konstitusiýa sözi «constitutio» diýen latyn sözünden emele gelip, «gurmaklyk, dikeltmeklik, döretmeklik» diýen manylary aňladýar.

Her bir döwletiň konstitusiýasynyň ony kabul eden halkyň milli dünýägaraýşyna esaslanýan özboluşly aýratynlyklary bardyr. Biziň Esasy Kanunymyzyň aýratynlygy barada aýdylanda bolsa, konstitusiýanyň agramly böleginiň ynsanyň tebigy we mizemez hukuklarynyň kanuny taýdan kepillendirilmegine gönükdirilenligindedir. Şahsyýet, onuň hukuklary we erkinligi biziň jemgyýetimiziň baş gymmatlygy bolup durýandyr. Bu hakykat biziň döwletimiziň gurluşynyň esasy ýörelgesidir. Munuň şeýledigine Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilen: «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet

---

[1] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylyň 23-nji aprelinde geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat. Türkmenistan gazeti, 24.04.2008. S.2.

[2] Lat. Prinsip – «principium-başlangyç, esas», hukuk ylmynda esasgoýujy kadalary, başlangyçlary aňladýar.

her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsy eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar[1]» diýen belent adamkärçilikli kada hem şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň taryhy barada aýdylanda, Türkmenistanyň SSSR-iň düzüminde bolan döwri, Türkmenistan SSR-niň konstitusiýasy 1927--nji, 1937-nji we 1978-nji ýyllarda kabul edilip, ol konstitusiýalar öz döwrüniň islegini kanagatlandyran hem bolsa, SSSR dargandan soňra täze jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň emele gelmegi, täze ösüş ýollarynyň özbaşdak saýlanylyp alynmagy bilen bagly täze döwrebap hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan kanunlaryň, şol sanda döwrüň talabyna laýyk gelýän Garaşsyz döwletiň esasy kanuny bolan konstitusiýasynyň kabul edilmeginiň zerurlygy ýüze çykdy. Şol sebäpli hem Türkmenistan özüniň Garaşsyzlyk alan ilkinji döwürlerinde has takygy 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda kabul edilip, onda umumy adamzat gymmatlyklary hökmünde kesgitlenýän hem-de dünýä bileleşigi tarapyndan umumy ykrar edilen ähli ýörelgeler bilen birlikde türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly däp--dessurlary öz beýanyny tapdy.

Şeýle-de bolsa Garaşsyzlyk ýyllarynda, Garaşsyz Türkmenistanyň syýasatyna, ykdysadyýetine, medeniýetinde we taryhynda hukuk we halkara gatnaşyklarynyň emele gelmegi netijesinde, olaryň kanuny we taryhy ähmiýete eýe bolandyklary sebäpli, döwletiň Esasy Kanuny bolan konstitusiýasyna döwrüň talabyna laýyk gelýän birnäçe üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Olaryň girizilen senesi we mazmuny şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Türkmenistan 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasy bilen 185 döwletiň biragyzdan goldamagynda hemişelik bitarap döwlet hökmünde ykrar edildi. Şonuň üçinem, 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji we 6-njy maddalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi.

2. 1999-njy ýylyň 28-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen Türkmenistanda ölüm jezasy ýatyryldy. Şonuň üçinem 1999-njy ýylyň 29-njy dekabrynda Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 20-nji maddasyna üýtgetmeler we goşmaçalar hem-de Esasy Kanunyň 46-njy, 48-nji, 50-nji, 55-nji, 57-nji, 66-68-nji, 72-nji, 76-njy, 90-njy we 100-nji hem-de beýleki maddalaryna redaksion düzedişler girizildi, şeýle hem 112-nji maddasy aýryldy.

3. 2003-nji ýylyň 15-nji awgustynda Türkmenistanyň konstitusiýasyna ençeme redaksion düzedişlerden başga-da, onuň 4-nji maddasyna hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakyndaky maddalaryna düýpli üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip, bu konstitusion institutyň ygtyýarlyklary giňeldildi.

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 3-nji mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

4. 2005-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda hem Türkmenistanyň konstitusiýasynyň Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakyndaky maddalaryna birnäçe üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi.

5. 2006-njy ýylyň 26-njy dekabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň nobatdan daşary saýlawlary bilen baglanyşykly, Esasy Kanunyň 46-njy, 50-51-nji, 60-njy maddalaryna üýtgetmeler-goşmaçalar girizildi.

6. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Türkmenistanyň konstitusiýasy täze redaksiýada, kämilleşdirilen görnüşde kabul edildi we redaksion düzedişlerdenem başga, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň konstitusion institut hökmünde hukuk ýagdaýy ýatyrylyp, onuň ygtyýarlyklarynyň belli bir bölegi Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary we Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlygy hökmünde kesgitlenildi.

Bellenip geçilişi ýaly, milli Garaşsyzlygymyza eýe bolanymyzdan soň, biziň halkymyz umumy adamzat gymmatlyklary hökmünde kesgitlenýän hem-de dünýä bileleşigi tarapyndan umumy ykrar edilen ähli ýörelgeler bilen birlikde türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly däp-dessurlaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň konstitusiýasyny kabul etdi. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda bolsa, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda, üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen Türkmenistanyň konstitusiýasynyň täze redaksiýasy kabul edildi. 2008-nji ýylda üstünlikli amala aşyrylan Türkmenistanyň konstitusiýasyny kämilleşdirmek işleriniň dowamynda-da Konstitusion topar[1] tarapyndan beýleki ugurlar bilen birlikde Esasy Kanunymyzda döwletimiziň konstitusion gurluşynyň esaslary berkidilýän kadalarynyň mazmunyny baýlaşdyrmaklyga we olaryň düzümini sünnälemäge hem aýratyn üns berildi.

Kämilleşdirilen görnüşde kabul edilen Türkmenistanyň konstitusiýasy, 117 maddany özünde jemleýän, 8 bölümden we 5 bapdan ybarat bolup, onuň birinji bölümi «Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary» diýlip atlandyrylýar. Esasy Kanunymyzyň bu bölümi 1-nji maddadan 17-nji madda çenli, jemi 17 maddany öz içine alýar hem-de Türkmenistanda döwlet gurluşyny we onuň hukuk mazmunyny, onuň hukuk ýagdaýyny we syýasy ulgamyny, jemgyýetiň we döwletiň özara gatnaşygyny kesgitleýän esasgoýujy ýörelgelerini özünde berkidýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň ikinji bölümi bolsa,18-nji maddadan 47-nji madda çenli, jemi 30 maddany öz içine alýar hem-de «Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary hem borçlary» diýlip atlandyrylýar. Bu bölüm adamyň we raýatyň esasy hukuklaryny hem azatlyklaryny döwletiň we jemgyýetiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde berkidýän, şonuň ýaly-da raýatlaryň borçlaryny beýan edýän konstitusion-hukuk kadalaryny özünde jemleýär.

---

[1] «Türkmenistanyň konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça konstitusion toparyň düzümi hakynda» Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň karary. Aşgabat. 18.04.2008, №HMK-72.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň üçünji bölümi 48-nji maddadan 83-nji madda çenli, jemi 36 maddany öz içine alýar hem-de «Türkmenistanda häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamy» diýlip atlandyrylýar. Bu bölüm Türkmenistanda ýokary döwlet we ýerli häkimiýeti hem-de dolandyryşy amala aşyrýan döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň ygtyýarlyklaryny we borçlaryny kadalaşdyrýan, hukuk kadalaryny özünde jemleýän bäş bapdan ybaratdyr.

● I bap. Umumy düzgünler (48-49-njy maddalar);

● II bap. Türkmenistanyň Prezidenti (50-nji maddadan 58-nji madda çenli, jemi 9 madda);

● III bap. Türkmenistanyň Mejlisi (59-njy maddadan 71-nji madda çenli, jemi 13 madda);

● IV bap. Türkmenistanyň Ministrler kabineti (72-nji maddadan 76-njy madda çenli, jemi 5 madda);

● V bap. Ýerli häkimiýet edaralary (77-nji maddadan 83-nji madda çenli, jemi 7 madda).

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň «Ýerli öz-özüňi dolandyryş» diýlip atlandyrylýan dördünji bölümi 83-nji maddadan 88-nji madda çenli, jemi 5 maddadan ybarat bolup, onda ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyny emele getirýän Geňeşler we ýerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň hukuk ýagdaýlaryny we olaryň gurluş mazmunyny özünde jemleýän hukuk kadalary berkidilýär.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň bäşinji bölümi 89-njy maddadan 98-nji madda çenli, jemi 10 maddadan ybarat bolup, ol «Saýlaw ulgamy, sala salşyk» diýlip atlandyrylyp, onda saýlaw we sala salyşyk ulgamy baradaky esasgoýujy hukuk kadalary beýan edilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň «Kazyýet häkimiýeti» diýlip atlandyrylýan altynjy bölümi bolsa 99-njy maddadan 109-njy madda çenli, jemi 11 maddadan ybarat bolup, onda adyl kazyýetligi amala aşyrýan döwlet häkimiýetiniň garaşsyz we özbaşdak şahasy bolup durýan kazyýet edaralarynyň hukuk ýagdaýy, olaryň öz işlerini amala aşyrmakda özbaşdaklygy, hem-de kazyýet häkimiýetiniň diňe kazyýetlere degişlidigi baradaky hukuk kadalary berkidilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň ýedinji bölümi 110-njy maddadan 114-nji madda çenli, jemi 5 maddadan ybarat bolup, ol «Prokuratura» diýlip atlandyrylýar. Onda Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gözegçiligiň Türkmenistanyň Baş prokuroryna hem-de oňa tabyn prokurorlara ýüklenilýänligi baradaky hukuk kadadan başlamak bilen, tutuş prokuratura edaralarynyň hukuk ýagdaýyny, onuň ygtyýarlyklaryny we borçlaryny kesgitleýän esasgoýujy hukuk kadalary berkidilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň «Jemleýji düzgünler» diýlip atlandyrylýan iň soňky sekizinji bölümi, 115-nji maddadan 117-nji madda çenli, 3 maddany öz içine

almak bilen, Kanunlaryň, şeýle hem döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň beýleki hukuk namalarynyň konstitusiýanyň esasynda we şoňa laýyklykda kabul edilýänligi, eger-de konstitusiýada we kanunlarda görkezilýän düzgünleriň biri--birine gabat gelmedik halatynda konstitusiýanyň düzgünleriniň hereket edýänligi barada, şeýle hem konstitusiýanyň döwleti dolandyrmagyň prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýandygy hakyndaky düzgünleriniň üýtgedilip bilinmezligi we konstitusiýany üýtgetmek hakyndaky Kanunyň, diňe Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň ýa-da ählihalk sala salşygyna gatnaşan Türkmenistanyň raýatlarynyň ýarysyndan köpüsiniň oňa ses bermegi bilen kabul edilen diýlip hasap edilýändigi baradaky hukuk kadalaryny özünde jemleýär.

Türkmenistanyň häzirki wagtda hereket edýän Esasy Kanuny öz görnüşi boýunça, *kodifisirlenen ýazmaça* görnüşli, üýtgetmeler we goşmaçalar girizmegiň tertibi boýunça *berk tertipli, par lament tarapyndan kabul edilen, halk* we *ynsan* konstitusiýasy bolup durýar.







5. Sargyt № 1499.

*3.2-nji çyzgy*



Resminamalaýyn häsiýeti boýunça konstitusiýalaryň görnüşleri
Kodifisirlenen konstitusiýa
Kodifisirlenmedik konstitusiýa
Gatyşyk konstitusiýa
konstitusion häsiýetli ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän, bir bütewi ýazmaça kadalaşdyryjy hukuk namadyr
konstitusion häsiýetli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namadyr
diňe kanunlary däl-de, kazyýet presedentlerini, hukuk dessurlaryny we ýazmaça doktrinal ylmy düşündirişleri hem özünde jemleýän konstitusion namalardyr

*3.3-nji çyzgy*


**Üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegiň tertibi boýunça konstitusiýalaryň görnüşleri**
Berk konstitusiýa
Çeýe konstitusiýa
üýtgetmeler we goşmaçalar diňe ýörite çylşyrymlaşdyrylan kanunçykaryjylyk tertibini berjaý etmek bilen girizilip bilinýär
üýtgetmeler we goşmaçalar adaty kanunlary kabul etmek arkaly, bir tapgyrda aňsatlyk bilen girizilip bilinýär
**Mazmuny boýunça konstitusiýalaryň görnüşleri**
aňyýet konstitusiýalary
ýurtda agalyk ediji syýasy garaýyşlary wagyz etmeklige we olary hukuk taýdan tassyk etmeklige gönükdirilýär
häkimiýet konstitusiýalary
döwlet häkimiýetiniň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär, onuň ulgamynyň gurluşyny belleýär
ynsan konstitusiýalary
jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy hökmünde adamy kesgitlemek bilen olaryň mazmunynyň esasy bölegi adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny berkitmeklige bagyşlanýar

*3.4-nji çyzgy*


TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASYNYŇ GURLUŞY
Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň girişi
I bölüm. Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary
II bölüm. Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary hem borçlary
III bölüm. Türkmenistanda häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamy
I bap. Umumy düzgünler
II bap. Türkmenistanyň Prezidenti
III bap. Türkmenistanyň Mejlisi
IV bap. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti
V bap. Ýerli häkimiýet edaralary
IV bölüm. Ýerli öz-özüňi dolandyryş
V bölüm. Saýlaw ulgamy, sala salşyk
VI bölüm. Kazyýet häkimiýeti
VII bölüm. Prokuratura
Jemleýji düzgünler

*3.5-nji çyzgy*



**Türkmenistanyň konstitusiýasynyň alamatlary**
kodifisirlenen
ýazmaça görnüşli
berk tertipli
parlamentiň kabul eden
halk konstitusiýasy
ynsan konstitusiýasy

**Sowalnama:**

*Hukuk tejribesi nukdaýnazaryndan has dogry jogaby tapyň.*

**1. Türkmenistanyň konstitusiýasy Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakyndaky Jarnamadan hukuk güýji boýunça ýokarymy?**

● hawa;
● ýok;
● ikisiniň hem hukuk güýji deň;
● Jarnama kadalaşdyryjy hukuk namalaryň Türkmenistanyň kanunçylygynda berkidilen sanawyna girmeýär, şonuň üçinem olary deňeşdirmek bolmaýar.

*Doly we dogry jogaby tapyň.*

**2. Türkmenistanyň konstitusiýasy haýsy döwlet edarasy tarapyndan kabul edilip bilinýär?**

● Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan;
● Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan we sala salşyk esasynda;
● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan;
● Sala salşyk esasynda.

**3. Mazmuny boýunça Türkmenistanyň konstitusiýasy:**

● aňyýet konstitusiýasydyr;
● häkimiýet konstitusiýasydyr;
● ynsan konstitusiýasydyr;
● adaty konstitusiýadyr.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**4. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň alamatlaryna degişli:**

● ol kodifisirlenmedik;
● ol ýazmaça görnüşli;
● berk tertipli;
● halk konstitusiýasy.

*Dogry jogaby tapyň.*

**5. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň iň esasy alamaty bolan ynsanperwerlik ýörelgesi onuň haýsy maddasynda berkidilýär?**

● 1-nji maddasynda;
● 18-nji maddasynda;
● 3-nji maddasynda;
● 2-nji maddasynda.

**6. Türkmenistanyň konstitusiýasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek barada esasy hukuk kadasy onuň haýsy maddasynda berkidilýär?**

● 63-nji maddasynda;
● 53-nji maddasynda;
● 94-nji maddasynda;
● 117-nji maddasynda.

*Has dogry jogaby tapyň.*

**7. konstitusiýasynyň esasy wezipeleri şulardyr:**
● döredijilik, aňyýet, guramaçylyk, daşary syýasy, hukuk wezipeleri;
● döredijilik, guramaçylyk, daşary syýasy, hukuk wezipeleri;
● aňyýet, guramaçylyk, daşary syýasy, hukuk wezipeleri;
● döredijilik, aňyýet, guramaçylyk, daşary syýasy, hukuk, agzybirlik, jebislik, aç-açanlyk.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**8. Resminamalaýyn görnüşi boýunça konstitusiýalar şu görnüşlere bölünýärler:**
● kodifisirlenen;
● utgaşyk;
● kodisifisirlenmedik;
● gatyşyk.

*Dogry jogaby tapyň.*

**9. Çeýe konstitusiýalara üýtgetmeler we goşmaçalar girizilýär:**
● parlamentiň agzalarynyň kwalifisirlenen köplüginiň ses bermegi esasynda;
● diňe sala salşyk esasynda;
● diňe ýörite konstitusion geňeşiň agzalarynyň bellenen sanynyň has artyk böleginiň ses bermegi esasynda;
● adaty kanunlary kabul etmek arkaly, bir tapgyrda aňsatlyk bilen girizilip bilinýär.

**10. Oktroirlenmedik konstitusiýa nähili atlandyrylýar?**

● halk konstitusiýasy;
● ynsan konstitusiýasy;
● erkin konstitusiýa;
● demokratik konstitusiýa.

*Dogry jogaby tapyň.*

**11. Häkimiýet konstitusiýalary:**

● ýurtda agalyk ediji syýasy garaýyşlary wagyz etmeklige we olary hukuk taýdan tassyk etmeklige gönükdirilýär;

● döwlet häkimiýetiniň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär, onuň ulgamynyň gurluşyny belleýär;

● mazmunynyň esasy bölegi adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny berkitmeklige bagyşlanýar;

● monarh, döwlet baştutany ýa-da döwletiň hökümeti tarapyndan halka peşgeş berilýär.

**12. Türkmenistanyň konstitusiýasy Türkmenistanyň jenaýat we jenaýat iş ýörediş kanunçylygy üçin başlangyç bolup durýarmy?**

● ýok, sebäbi kanunçylygyň bu pudaklaryna degişli ýörite kodeksler bar;

● hawa, ol döwletiň tutuş kanunçylygy üçin başlangyç bolup durýar;

● ýok, diňe jenaýat kanunçylygy üçin başlangyç bolup durýar, sebäbi jenaýat iş ýörediş kanunçylygy maddy däl-de iş ýörediş kanunçylygy;

● ýok, diňe jenaýat iş ýörediş kanunçylygy üçin başlangyç bolup durýar, sebäbi onda raýatlaryň esasy hukuk we azatlyklary babatda döwlet tarapyndan çäklendirmeleriň girizilmeginiň tertibi bellenilýär.

**13. Eger-de Türkmenistanyň konstitusion kanunynyň kadalary Türkmenistanyň konstitusiýasynyň kadalaryna garşy gelse, haýsy kadalar ulanylmaly?**

● Türkmenistanyň konstitusiýanyň kadalary;

● Türkmenistanyň konstitusion kanunynyň kadalary, sebäbi olar bilen Türkmenistanyň konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilýär;

● olaryň ikisiniň hem hukuk güýji deň, şoňa görä-de şeýle ýagdaý ýüze çykanda olaryň arasyndaky kolliziýany aýyrmak üçin Türkmenistanyň Mejlisi ýörite karar çykarýar;

● ikisiniň hem kadalary ýatyrylýar-da täze konstitusion kanun kabul edilýär.

**14. Türkmenistanyň konstitusiýasyna haýsy döwlet edarasy resmi düşündiriş berip bilýär?**

● Türkmenistanyň Adalat ministrligi;

● Türkmenistanyň Ministrler Kabineti;

● Türkmenistanyň Mejlisi;

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti.

# IV BAP. KONSTITUSIÝA HUKUGYNYŇ ÇEŞMELERI

## §1. konstitusiýa hukugynyň çeşmeleri barada düşünje we olaryň görnüşleri

Hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, hukuk çeşmeleri diýlende, hukugyň emele gelmegine we hereket etmegine itergi berýän kesgitleýji sebäplere (faktorlara), şeýle hem döwletiň adyndandan kabul edilen, hukugyň aýry-aýry kadalarynyň, institutlarynyň we pudaklarynyň mazmunyny beýan edýän ýazmaça resminamalaryna düşünilýär[1]. konstitusiýa hukugynyň çeşmeleri diýlende bolsa, konstitusion-hukuk kadalarynyň ýuridik (hukuk) güýjüni kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryna düşünilýär. Hukugyň beýleki pudaklary ýaly, konstitusiýa hukugynyň çeşmeleri hem öz gezeginde döwlet edaralarynyň – Mejlisiň (Parlamentiň), döwlet ýolbaşçysynyň, hökümetiň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we ş.m. hukuk döredijilik işleriniň esasy netijeleri bolup durýarlar.

Döwlet edaralarynyň hukuk döredijilik işleriniň netijelerinden başga-da, döwlet tararapyndan ykrar edilen hukuk dessurlary, kazyýet çözgütleri (presedentleri[2]) we halkara-hukuk kadalary hem konstitusiýa hukugynyň çeşmeleri hökmünde çykyş edip bilýändigini bu adalga giňişleýin düşünýän hukukçy alymlar ykrar edýärler.

Konstitusiýa hukugynyň çeşmeleri biri-birleri bilen özara baglanşykly we özara garaşly şeýle hem ýuridik güýjüne görä derejelere (iýerarhiýa[3]) bölünýärler. Çeşmeler, derejeler boýunça bölünende, olaryň takyk ýeri, elmydama olaryň ýuridik güýji boýunça kesgitlenilýär. Çeşmeleriň derejeleri, adatça, konstitusiýa we degişli kanunlar arkaly kesgitlenilýär[4]. Emma konstitusiýa hukugynyň ol ýa-da beýleki çeşmesiniň, çeşmeler ulgamyndaky tutýan orny baradaky mesele, dürli sebäplere görä (mysal üçin, şol döwletde konstitusion-hukuk dessurlarynyň, presedent hukugynyň kadalarynyň barlygy ýa-da halkara-hukuk kadalarynyň hereket etmegi we ş.m.) ähli döwletler üçin çözülmesi aňsat bolan adaty sorag bolup

---

[1] Ý. Nuryýew, S.Ataýew, A.Çaryýew. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Aşgabat, 2011. S. 190.

[2] Lat. Praecedentis – öňünden bolan, öňünden gelýän. Bu söz **birinjiden**, ýüze çykan ýagdaý babatda şoňa meňzeş öň bolan we şol ýagdaýy esaslandyrýan (aklaýan) ýagdaýy, **ikinjiden**, kazyýet presedentini, ýagny anyk bir iş boýunça kazyýetiň çykaran çözgüdiniň ýa-da höküminiň şoňa meňzeş işler boýunça edil şeýle görnüşdäki çözgüdi ýa-da hökümi çykarmagyna esas bolmagyny aňladýar.

[3] Gr. Hieros – mukaddes, arche – häkimiýet. Ýagny bir bitewi ulgamyň düzüm bölekleriniň ýokardan aşaklygyna beýikden-pese çenli ýerleşiş tertibi.

[4] «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasy.

durmaýar. Çünki her bir döwletiň çeşmeler ulgamy, özüniň milli däp-dessurlary we dolandyryşyň görnüşleri boýunça, döwletiň çäk gurluşy we beýleki sebäplere görä biri-birinden tapawutlanýan aýratynlyklara eýedirler. Ýöne şol bir wagtyň özünde, konstitusiýa hukugynyň çeşmelerine, olary toparlara bölmeklige mümkinçilik berýän hukugyň çeşmeleriniň umumy alamatlary-da, häsiýetleri-de mahsusdyr.

Konstitusiýa hukugynyň çeşmelerini, özleriniň hukuk mazmuny boýunça esasan şu aşakdaky ýaly iki topara bölüp bolýar:

1. Tebigy hukuklara;

2. Pozitiw[1] hukuklara (ýagny, häzirki wagtda hereket edýän hukuklara).

*Tebigy hukuklar* – bu adamlaryň elinden alyp ýa-da aýrybaşgalaşdyryp bolmaýan tebygy we mizemez hukuklaryň hem-de azatlyklaryň umumy jemidir. Tebigy hukuklar baradaky düşünjeler, baryp antiki döwürde ýüze çykyp, soň-soňlar, ýagny XVII–XVIII asyrlarda hukuk döwleti we halk häkimiýeti diýen düşünjeleriň ilkinji konsepsiýasynyň[2] emele gelmeklerine hem sebäp boldylar. XX asyrda, esasan hem, ikinji jahan urşundan soň, umumadamzan gymmatlyklary we arzuw-hyýallary, adam hukuklary baradaky dürli kadalary we ylalaşyklary özünde jemleýän, köp görnüşli halkara deklarasiýalarynda[3], konwensiýalarynda[4] we paktlarynda[5], şeýle hem dünýäniň köp döwletleriniň milli kadalaşdyryjy-hukuk namalarynda öz mynasyp ornuny tapdy. Hazirki wagtda, ýaşamaga we azat ömür sümäge bolan hukuk, şahsyň we ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligi, hususy eýeçilige bolan hukuklar ýaly, tebigy hukuklar we azatlyklar, dünýäniň köp döwletleriniň konstitusiýalarynda şeýle hem beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda öz beýanyny tapmak bilen, ýuwaş-ýuwaşdan pozitiw hukuklara öwrülip başladylar.

*Pozitiw hukuklar* – bu tebigy hukuklardan tapawutlylykda, hazirki wagtda hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalar arkaly, döwlet tarapyndan, ýagny kanunçykaryjynyň erkiniň esasynda ýüze çykýan hukuklardyr.

Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň pozitiw hukuk çeşmelerini, olaryň ýuridik güýji boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölüp bolýar:

● Türkmenistanyň ähli çäklerinde (territoriýasynda) hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara;

● Ýerli öz-özüňi dolandyryşyň çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara.

---

[1] Lat. Positivus – kanagatlanarly, oňaýly. Hakykat ýüzünde hereket edýän hukuklar. Mysal üçin, adamyň tebygy we mizemez hukuklarynyň konstitusiýada berkidilmegi;

[2] Lat. Conseptio – düşünmeklik, ulgam. Haýsydyr bir hadysalara düşünmegiň usuly, olar baradaky garaýyşlar, esasy nukdaýnazar;

[3] Lat. Declaration – bildiriş, yglan etmek. Möhüm maglumatlary habar berýän käbir resmi dokumentleriň ady;

[4] Lat. Convention – ylalaşyk. Ýagny belli bir çygyrda döwletleriň özara hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän halkara şertnamalarynyň bir görnüşi;

[5] Lat. Pactum – şertnama, ylalaşyk. Halkara şertnamalaryň bir görnüşi.

*Türkmenistanyň ähli çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara şu aşakdakylar degişli edilýär:*

– Türkmenistanyň konstitusiýasy;
– Türkmenistanyň Konstitusion kanunlary;
– Türkmenistanyň kanunlary;
– Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary;
– Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary;
– Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary.

*Ýerli öz-özüňi dolandyryşyň çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara bolsa şu aşakdakylar degişli edilýär:*

– welaýat , etrap, şäher halk maslahatlarynyň kararlary;
– häkimleriň kararlary;
– Geňeşleriň kararlary.

Döwletiň tutuş hereket edýän kanunçylygynyň esasgoýujy binýady bolmak bilen, tutuş döwletiň, döwlet we hukuk gurluşynyň düýp özenini emele getirýän esasy ýörelgeleri özünde berkidýänligi sebäpli, Türkmenistanyň konstitusiýasy, Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň görkezilen çeşmeleriniň içinde iň esasy orny eýeleýär we özüniň ýuridik güýji boýunça ýokarda durýar.

Döwletiň esasy kanuny bolan konstitusiýa bilen bir hatarda, döwlet ähmiýetli beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar hem öz gezeginde konstitusiýa hukugynyň çeşmeleri hökmünde çykyş edýärler. Şol sebäpli-de, döwletiň konstitusiýasynda, dürli alamatlar boýunça biri-birinden tapawutlanýan konstitusion kanunlaryň we kanunlaryň kabul edilmekliginiň tertibi göz öňünde tutulýar.

Kabul edilýän kanunlar öz gezeginde şu aşakdaky aýratynlyklary bilen biri-birlerinden tapawutlanýarlar:

● hukuk derejesi boýunça (Türkmenistanyň ähli territoriýasynda hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we ýerli öz-özüňi dolandyryşyň çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara);

● kabul edilmekliginiň tertibi boýunça (Mejlis tarapyndan, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan we ş.m.);

● güýje girizmegiň predmeti boýunça.

## §2.Türkmenistanyň konstitusiýasy

Mälim bolşy ýaly, her bir konstitusiýa – islendik hukuk döwletiň we jemgyýetiň esasy hukuk resminamasy bolmak bilen, ol tutuş halkyň ýa-da jemgyýetiň aýry-aýry sosial gatlaklarynyň (toparlarynyň) erk-isleglerini hem-de bähbitlerini beýan edýär, şonuň ýaly-da olaryň bähbitlerinden ugur almak bilen, ýurtda jemgyýetçilik gurluşynyň we döwlet gurluşynyň iň wajyp başlangyçlaryny özünde jemleýär. Şeýle

hem ýurduň konstitusiýasy dürli görnüşdäki jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilmegini üpjün edýän has möhüm bolan kadalary we ýörelgeleri özünde jemleýär. Şonuň üçin hem konstitusiýa, elmydama konstitusiýa hukugynyň esasy we ilkinji çeşmesi hökmünde çykyş edýär. konstitusiýanyň, seredilýän hukuk pudagynyň esasy çeşmesi bolmaklygynyň sebäpleri bolsa şu aşakdakylar bilen şertlendirilýär:

● konstitusiýa halkyň öz erk-islegleriniň beýan edilmeginiň iň ýokary görnüşi hökmünde çykyş edýär. Olar halk tarapyndan ýa-da halkyň adyndan kabul edilýär. konstitusiýada döwletde kabul edilýän ähli kadalaşdyryjy hukuk namalar üçin hökmany bolan umumy häsiýetli konstitusion hukuk kadalary kesgitlenilýär. Hukugyň ähli çeşmeleri-de gönümel konstitusion hukuk kadalaryna laýyk bolmaly we öz ýerlerinde konstitusion hukuk kadalaryny jikme-jik açyp görkezmeli.

● konstitusiýa özüniň hukuk kadalarynyň, durmuşyň ähli taraplaryna gönükdirilýänligi bilen häsiýetlenýär. Olar syýasy, ykdysady, sosial, medeni we ruhy gurluş ýaly, durmuşyň ähli çygyrlaryna täsir edýärler. Şunuň bilen hem konstitusiýa, konstitusiýa hukugynyň, haýsydyr bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän, beýleki çeşmelerinden tapawutlanýar.

● konstitusiýa ýurduň ähli ýerinde hereket edýän we ýokary ýuridik (hukuk) güýjüne eýe bolan hukuk kadalaryny özünde berkidýär. Türkmenistanda kabul edilýän we hereket edýän islendik kanunlar şeýle hem beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar konstitusiýada berkidilen kadalara ters gelmeli däldir. Çünki konstitusiýa ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur.

● Konstitusion kadalar başlangyç kadalar bolmak bilen, esaslandyryjy häsiýete eýedirler. konstitusiýa üçin pozitiw hukugynyň hökmany bolan haýsydyr bir borçlandyryjy görkezmeleri ýokdur.

● konstitusiýanyň kadalary diňe bir konstitusiýa hukugynyň däl-de hukugyň ähli pudaklarynyň hem esasy çeşmesi bolup durýar. Olar ähli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilişiniň esasyny emele getirýär.

Konstitusiýa hukugynyň esasy çeşmesi hökmünde konstitusiýanyň çykyş etmekliginiň ýene bir sebäbi, onda berkidilen kadalaryň halkyň erk-isleginiň beýany hökmünde bolup durýanlygy bilen hem şertlendirilýär. Çünki konstitusiýada jemgyýet we döwlet gurluşynyň dolandyrlyşyny üpjün etjek umumy maksatlar kesgitlenilýär.

Konstitusiýa hukugynyň beýleki çeşmeleri bilen deňeşdirilende konstitusiýa diňe bir hukuk derejesi boýunça ýokary ýuridik güýjüne eýe bolan nama bolman, eýsem jemgyýetçilik ähmiýetine görä-de ýokarda duran hukuk çeşmesidir. Çünki, onda berkidilen kadalar, döwletiň her bir raýatyndan başlap, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli subýektlerine hem degişli edilýändir.

Konstitusiýanyň ýuridik alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Ol ýokary ýuridik güýjüne eýedir. Onda berkidilen kadalar we düzgünler gös-göni hereket edýärler. konstitusiýa ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur;

2. Ony kabul etmekligiň we üýtgetmekligiň ýörite tertibi bardyr. konstitusiýany üýtgetmek hakyndaky Kanun, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň ýa-da ählihalk sala salşygyna gatnaşan Türkmenistanyň raýatlarynyň ýarysyndan köpüsiniň oňa ses bermegi bilen, kabul edilýär[1].

3. Ol kabul edilýän we hereket edýän kanunlar üçin hukuk döredijilik bazasy (esasy) bolup durýar. Bu diýildigi, döwletde kabul edilýän Kanunlaryň ählisiniň konstitusiýada berkidilen hukuk kadalaryna laýyk gelmeli diýildigidir.

## §3. Türkmenistanyň konstitusion kanunlary we kanunlary

Kanunlar özleriniň ýuridik güýji boýunça, derejelere bölünýärler[2]. Türkmenistanyň konstitusiýasyndan soň, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen deňeşdirilende Türkmenistanyň konstitusion kanunlary we kanunlary hukuk taýdan has ýokary güýje eýedirler. Türkmenistanyň konstitusion kanunlary – bu Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslaryna düýpli degip geçýän, ählihalk sala salşygy arkaly ýa-da Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namasydyr[3]. Käbir döwletlerde konstitusion kanunlar diýlip gönümel şol döwletiň konstitusiýasyna üýtgetme we goşmaça girizýän kanunlara düşünilýär, şonuň üçin hem bu kanunlar edil konstitusiýanyňky ýaly ýuridik güýje eýedir. Başga bir döwletlerde bolsa, mysal üçin, Russiýa Federasyýasynda – konstitusion kanunlary diýlip gönümel konstitusiýanyň kadalarynda görkezilen kanunlardyr. konstitusiýa düzediş girizmek (üýtgetme ýa-da goşmaça girizmek) üçin kabul edilýän kanunlar konstitusion kanunlary däldir.

*Türkmenistanyň kanunlary* – bu umumy döwlet ähmiýetli möhüm meseleler boýunça Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan ýa-da ählihalk sala salşygy arkaly kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalardyr[4]. Başgaça aýdylanda kanunlar, halkyň erk-islegini görkezýän we ýuridiki güýje eýe bolan, döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilen hem-de jemgyýetçilik guramalary, döwlet edaralary, kärhanalary, şeýle hem raýatlar tarapyndan hökmany ýerine

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 117-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasy.

[3] «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njі maddasy.

[4] Şol ýerde. 7-njy mad., 1-nji böl.

ýetirilmäge degişli edilen, belli bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalardyr.

Kanunda esasan, 1) raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary, olary goramagyň we üpjün etmegiň usullary; 2) kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýeti edaralaryny döretmegiň we işiniň tertibi; 3) Türkmenistanyň raýatlyk gatnaşyklary; 4) Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygy we goranmagy bilen baglanyşykly meseleler; 5) eýeçilik gatnaşyklary; 6) ykdysadyýeti, medeni--durmuş gurluşy dolandyrmagy guramak; 7) býujet-maliýe ulgamy, nyrh emele gelme we salgyt salma; 8) jenaýat, dolandyryş we raýat kanunçylygynyň meseleleri; 9) kazyýet işini ýörediş; 10) jemgyýetçilik birleşiklerini döretmegiň we olaryň işiniň meseleleri; 11) köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hukuk ýagdaýy; 12) daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly meseleler düzgünleşdirilýär. Emma bu görkezilenler kanun bilen düzgünleşdirilýän meseleleriň we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gutarnykly sanawy däldir. Kanuna laýyklykda umumydöwlet ähmiýetli beýleki meseleler hem kanun arkaly düzgünleşdirilip bilinýär. Aýry-aýry meseleler boýunça kanunlar Türkmenistanyň konstitusiýasy tarapyndan bellenilen tertipde Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan hem kabul edilip bilinýär[1].

Aslynda gündelik hereket edýän kanunlarda belli bir jemgyýetçilik gastnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalar saklanýar (mysal üçin, deputatlaryň hukuk ýagdaýy, raýatlyk, saýlaw hukugy we ş.m.). Haýsy-da bolsa bir meseläni ýa-da soragy düzgünleşdirmekligiň esasy ýörelgelerini özünde berkidýän, çarçuwa görnüşli kanunlar, belli bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunlary emele getirýärler. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir pudagyny düzgünleşdirýän Kodeksler bolsa, şol gatnaşyklary bütewilikde toplumlaýyn düzgünleşdirýärler. Mysal üçin, raýat hukuk gatnaşyklaryny toplumlaýyn düzgünleşdirýän Türkmenistanyň Raýat kodeksi.

Kanuna laýyklykda degişli ygtyýarlygy bolan döwlet edarasy ýa-da wezipeli adam kadalaşdyryjy hukuk namany kabul edende, birnäçe talaplary berjaý etmelidir we şu aşakdakylary öz içine almalydyr[2]:

- kadalaşdyryjy hukuk namanyň görnüşiniň adyny;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň nämäni düzgünleşdirýändigini görkezýän adyny;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysyny;
- kadalaşdyryjy hukuk nama gol çekýän adamyň wezipesini;
- kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilen senesini, belgisini we ýerini.

Islendik döwletde kanunlar şol ýurduň konstitusiýasynda we kanunçykaryjylyk kadalarynda kesgitlenen aýratyn tertip boýunça, şeýle hem konstitusion-hukuk dessurlaryna laýyklykda kabul edilýär. Köp döwletlerde kanunlaryň taslamalaryna,

[1] «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny. 7-nji mad.

[2] Şol ýerde. 15-njy mad.

degişli meseleleri işläp taýýarlamak we olara deslapdan seretmek işlerini alyp barmak üçin şol döwletiň Mejlisi deputatlaryň hataryndan komitetleri we toparlary düzülýärler. Adatça komitetler hemişelik esasda düzülýär. Toparlar hemişelik, şeýle hem wagtlaýyn esasda döredilip bilinýär. Bu komitetleri we toparlary döretmegiň we ýatyrmagyň tertibi bolsa, şol döwletiň parlamentiniň işini düzgünleşdirýän degişli kadalaşdyryjy namalarynda berkidilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Mejlisiniň düzüminde komitetleri we toparlary döretmegiň we ýatyrmagyň, olaryň başlyklaryny we orunbasarlaryny hem-de olaryň agzalaryny saýlamagyň we boşatmagyň tertibi «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny tarapyndan bellenilýär. Görkezilen kadalaşdyryjy hukuknamalaryna laýyklykda komitetiň başlygy, onuň orunbasary we komitetiň agzalary Mejlis tarapyndan saýlanylýar. Komitetleriň agzalary saýlanan mahalynda komitetiň tutuş düzümi boýunça ses berilýär, zerur bolan halatynda bolsa, hödürlenýän her bir adam boýunça aýratynlykda ses berilýär. Komitetiň başlygy, onuň orunbasary olaryň haýyşy boýunça, şeýle hem olaryň öz borçlaryny ýerine ýetirmegine mümkinçilikleriniň bolmadyk ýagdaýlary bilen baglylykda Mejlis tarapyndan wezipesinden boşadylyp bilinýär. Mejlisiň Başlygy we Başlygyň orunbasary komitetleriň düzümine saýlanyp bilinmeýär[1].

Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, döwlet syryny ýa-da kanun arkaly goralýan başga syrlary öz içine alýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan başga, döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary çap etmek arkaly hemmeleriň dykgatyna ýetirilýär ýa-da başga usul bilen halka mälim edilýär. Adamyň we raýatyň hukuklaryna hem-de azatlyklaryna degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary hemmeleriň dykgatyna ýetirilmese, özleriniň kabul edilen pursadyndan hereket etmeýärler[2].

## §4. Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary

Görkezilen hukuk namalaryndan başgada, ýerine ýetiriji häkimiýetiň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul eden kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, konstitusiýa hukugynyň çeşmesi hökmünde seredip bolýar. Olara hususanda şu aşakdakylar degişlidir:

– Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary;

– Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary;

---

[1] «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň IV baby;

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 5-nji mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

– Ýerli wekilçilikli edaralaryň (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň) kararlary;

– Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň häkimleriniň) kararlary;

– Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň (Geňeşleriň) kararlary;

– Halkara hukugynyň umumy ykrar eden kadalary we halkara şertnamalary.

Görkezilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň, içinde Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň çeşmesi hökmünde, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlarydyr, kararlary; şeýle hem Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary wajyp orna eýe bolup durýarlar. Çünki, bu kadalaşdyryjy hukuk namalaryň wajyplygy döwlet ýolbaşçysynyň we hökümetiň her bir ýurduň durmuşynda we döwlet dolandyryş mehanizminde tutýan orny bilen düşündirilýär.

Köp döwletlerde, döwlet ýolbaşçysynyň we hökümetiň kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ilkinji hukuk kadasy hökmünde kabul edilýänligine garamazdan, esasan olar kanuna laýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar hökmünde çykyş edýärler[1]. Mysal üçin, Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilýän permanlardyr, kararlar, Türkmenistanyň konstitusiýasynda we kanunlarynda berkidilen kadalary ýerine ýetirmek üçin umumydöwlet ähmiýetli möhüm meseleler boýunça çykarylýan kadalaşdyryjy hukuk namalary bolup durýarlar[2]. Öz gezeginde hökümet tarapyndan kabul edilýän namalar hem kanuna laýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar hökmünde çykyş edýärler. Düzgün bolşuna görä döwlet ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýän namalar özüniň ýuridik güýji boýunça, hökümetiň kabul edýän namalaryndan ýokarda durýarlar[3]. Mysal üçin, Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasynda, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr diýen hukuk kadasy berkidilýär. Döwlet ýolbaşçysy ýa-da hökümet tarapyndan kabul edilýän namalar dürli döwletlerde: dekretler[4], permanlar[5], ordonanslar[6] we ş.m. ýaly dürli-dürli atlar bilen atlandyrylýarlar.

---

[1] Kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar özlerinde hukuk kadalaryny jemlemek bilen hemmeler üçin hökmany häsiýete eýedirler. Olaryň hukuk namalara mahsus bolan ähli alamatlary (rekwizitleri) we berk kesgitlenen resmi-hukuk görnüşi hem galyby bardyr.

[2] «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasy.

[3] Şol ýerde. 3-nji madda.

[4] Lat. Decretum – karar. Döwlet ýolbaşçysy ýa-da hökümet tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk nama;

[5] Döwlet ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýän hukuk nama;

6 Fr. Ordonnances – buýruk bermek. Käbir daşary ýurt döwletleriniň ýokary döwlet edaralary tarapyndan kabul edilýän hukuk namalar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň belli bir şahsa degişli we guramaçylyk-serenjam beriji häsiýetindäki permanlary hem kararlary, şeýle hem gündelik meseleleri çözmek üçin Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çykarylýan buýruklar kadalaşdyryjy hukuk namalary däldir, ýagny ol hukuk namalar hemmeler üçin hökmany bolan umumy häsiýete eýe däldirler we diňe özlerinde anyk görkezilen şahslara ýa-da hereketlere degişlidirler[1]. Şeýle namalar indiwidual häsiýetdäki namalar diýlip atlandyrylýarlar.

*Ýerli wekilçilikli edaralaryň* (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň) kararlary – bu Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň esasynda hem-de olary ýerine ýetirmek üçin karar görnüşinde, olaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr. Olaryň kararlary maslahat beriji häsiýete eýedir.[2]

*Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň* (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň häkimleriniň) kararlary – bu Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň esasynda hem-de olary ýerine ýetirmek üçin kararlar görnüşinde, olaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr.

Häkimleriň belli bir şahsa degişli we guramaçylyk-serenjam beriji häsiýetdäki kararlary, şeýle hem, gündelik meseleler boýunça kabul edýän buýruklary kadalaşdyryjy hukuk namalary däldir. Häkimleriň kadalaşdyryjy häsiýetdäki kararlary, şeýle hem raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna täsir edýän namalary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşmak arkaly kabul edilýär.[3]

Belli bolşy ýaly, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň (Geňeşleriň) çözgütleri hem öz gezeginde konstitusiýa hukugynyň kadalaryny özünde saklap bilýärler. Mysal üçin, şunuň ýaly kadalar, halk häkimiýeti bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýänligi sebäpli, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň düzgünnamalarynda (ustawlarynda) ýa-da statutlarynda[4] bolup bilýär. Şonuň üçin hem käbir ýagdaýlarda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütleride konstitusiýa hukugynyň çeşmesi hökmünde çykyş edip bilýär. Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütleri, adatça, karar görnüşinde kabul edilýär.

*Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň (Geňeşleriň) kararlary* – bu Türkmenistanyň konstitusiýasyna, kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň

[1] 7.12.2005-nji ýylda kabul edilen, «Kadalaşdyrjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasy.

[2] Şol ýerde. 13-nji mad.

[3] Şol ýerde. 12-nji mad.

[4] Lat. Statuo – karar edýärin. Käbir döwletleriň (ABŞ, Beýik Britaniýa) kanunçylyk ulgamynda, kanunlary aňladýar.

we Ministrler Kabinetiniň namalaryna laýyklykda, olaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr. Geňeşiň kararlary açyk ses bermek arkaly, Geňeş agzalarynyň umumy sanyndan berlen sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Geňeşiň kabul eden kararlary hemmeleriň dykgatyna ýetirilýär we halka ýetirilen pursadyndan güýje girýär.[1]

Mälim bolşy ýaly, dünýäniň köp döwletlerinde, şol sanda Türkmenistanda hem halkara hukugynyň umumy ykrar eden kadalary we halkara şertnamalary konstitusiýa hukugynyň çeşmesi hökmünde çykyş edýär. Adatça halkara hukugynyň kadalary konstitusiýa hukugynyň çeşmesi hökmünde çykyş edip bilýär, eger-de olar döwletiň çäginde ýüze çykýan konstitusion-hukuk gatnaşyklary bilen bagly meseleleri düzgünleşdirýän bolsa ýa-da olaryň ulanylmagy şol döwletiň çäginde göz öňünde tutulan bolsa. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 6-njy maddasynda, Türkmenistanyň halkara hukugynyň kadalaryny ileri tutýandygy, eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň kanunçylygyndan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýandygy baradaky hukuk kadasy berkidilýär. Şunuň ýaly kadalar dünýäniň köp döwletleriniň konstitusiýalarynda hem berkidilýär.

Käbir döwletlerde bolsa belli bir iş boýunça kazyýetleriniň çykaran kazyýet çözgütleri-de konstitusiýa hukugynyň çeşmesi hökmünde çykyş edip bilýär. Şunuň ýaly tejribe esasan hem iňlis-sakson hukuk ulgamy hereket edýän döwletlerde (Beýik Britaniýa, ABŞ, Hindistan we ş.m.) has giňden ulanylýar. Kazyýetler tarapyndan döredilen kadalaryň ulgamy, pozitiw hukugyndan tapawutlylykda, umumy hukuk diýlip atlandyrylýar. Döwlet edaralarynyň özara gatnaşyklaryny, şeýle hem raýatlaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň hukuk ýagdaýlaryny kesgitleýänligi sebäpli, olar (kazyýet çözgütleri) konstitusiýa hukugynda uly ähmiýete eýe bolup durýar. Şeýlelikde, kazyýet edaralary, köp döwletlerde diňe bir ýurisdiksion[2] wezipeleri däl-de, hukuk döredijilik wezipelerini-de amala aşyrýarlar.

Konstitusion dessurlar hem öz gezeginde käbir döwletlerde konstitusiýa hukugynyň çeşmesi hökmünde ykrar edilýärler. Konstitusion dessurlar – bu döwlet tarapyndan sanksianirlenen we resmi ýagdaýda (resmi çeşmelerde) bellige alynmadyk, ýöne dymmak bilen makullanan hem-de hakykat ýüzünde tejribede birnäçe gezek ulanylýan düzgündir. Hususanda bu düzgün dürli sebäplere görä şu günki güne çenli ýazylan konstitusiýasy bolmadyk Beýik Britaniýa döwletinde, şeýle hem Britan hukuk ulgamyny kabul eden beýleki kabir döwletlerde has giňden ulanylýar.

---

[1] 25.10.2005-nji ýylda kabul edilen, «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasy.

[2] Lat. Jurisdictio – kazyýet, kazyýet önümçiligi. Belli bir faktlar boýunça hukuk taýdan baha bermekde kazyýet ýa-da administratiw edaralarynyň ygtyýarlyklarynyň çygry.

*4.1-nji çyzgy*


**Konstitusiýa hukugynyň çeşmeleri, özleriniň hukuk mazmuny boýunça şu aşakdakylara bölünýärler:**
**Tebigy hukuklara**
**Pozitiw hukuklara**
*Tebigy hukuklar* – bu adamlaryň elinden alyp ýa-da aýrybaşgalaşdyryp bolmaýan tebygy we mizemez hukuklaryň hem-de azatlyklaryň umumy jemidir.
*Pozitiw hukuklar* – bu tebigy hukuklardan tapawutlylykda, hazirki wagtda hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalar arkaly, döwlet tarapyndan, ýagny kanunçykaryjynyň erkiniň esasynda ýüze çykýan hukuklardyr.

*4.2-nji çyzgy*



Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň pozitiw hukuk çeşmelerini, olaryň ýuridik güýji boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölüp bolýar:
Ýerli öz-özüňi dolandyryşyň çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara
Welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň kararlary
Häkimleriň kararlary
Geňeşleriň kararlary
Türkmenistanyň ähli territoriýasynda hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara
Türkmenistanyň konstitusiýasy
Türkmenistanyň Konstitusion kanunlary
Türkmenistanyň kanunlary
Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary
Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary
Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary

*4.3-nji çyzgy*

**Konstitusiýanyň ýuridik alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

Ol ýokary ýuridik güýjüne eýedir. Onda berkidilen kadalar we düzgünler gös-göni hereket edýärler. konstitusiýa ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur

Ol kabul edilýän we hereket edýän kanunlar üçin hukuk döredijilik bazasy (esasy) bolup durýar. Döwletde kabul edilýän Kanunlaryň ählisiniň konstitusiýada berkidilen hukuk kadalaryna laýyk gelmelidir

Ony kabul etmekligiň we üýtgetmekligiň ýörite tertibi bardyr. konstitusiýany üýtgetmek hakyndaky Kanun, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň ýa-da ählihalk sala salşygyna gatnaşan Türkmenistanyň raýatlarynyň ýarysyndan köpüsiniň oňa ses bermegi bilen kabul edilýär

*4.4-nji çyzgy*


Kabul edilýän kanunlar öz gezeginde şu aşakdaky aýratynlyklary bilen biri-birlerinden tapawutlanýarlar:
Hukuk derejesi boýunça (Türkmenistanyň ähli territoriýasynda hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we ýerli öz-özüňi dolandyryşyň çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara)
Kabul edilmekliginiň tertibi boýunça (Mejlis tarapyndan, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan we ş.m.)
Güýje girizmegiň predmeti boýunça


Kanuna laỳyklykda degişli ygtyỳarlygy bolan döwlet edarasy ỳa-da wezipeli adam kadalaşdyryjy hukuk namany kabul edende, birnäçe talaplary berjaỳ etmelidir we şu aşakdakylary öz içine almalydyr
Kadalaşdyryjy hukuk namanyň görnüşiniň adyny
Kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysyny
Kadalaşdyryjy hukuk nama gol çekýän adamyň wezipesini
Kadalaşdyryjy hukuk namanyň nämäni düzgünleşdirýändigini görkezýän adyny
Kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilen senesini, belgisini we ýerini

*4.5-nji çyzgy*

**Kanun bilen düzgünleşdirilýän meselelere şu aşakdakylar degişli edilýärler:**

- Raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary, olary goramagyň we üpjün etmegiň usullary bilen bagly meseleler
- Kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýeti edaralaryny döretmegiň we işiniň tertibi bilen bagly meseleler
- Türkmenistanyň raýatlyk gatnaşyklary bilen bagly meseleler
- Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygy we goranmagy bilen baglanyşykly meseleler
- Eýeçilik gatnaşyklary bilen baglanyşykly meseleler
- Ykdysadyýeti, medeni-durmuş gurluşy dolandyrmagy guramak bilen baglanyşykly meseleler

- Býujet-maliýe ulgamy, nyrh emele gelme we salgyt salma bilen bagly meseleler
- Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hukuk ýagdaýy bilen bagly meseleler
- Kazyýet işini ýörediş meseleleri
- Jemgyýetçilik birleşiklerini döretmegiň we olaryň işini garamagyň meseleleri
- Jenaýat, dolandyryş we raýat kanunçylygynyň meseleleri
- Daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly meseleler

**Sowalnama:**

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. konstitusiýa hukugynyň çeşmeleri diýlende:**

● konstitusion-hukuk kadalarynyň ýuridik (hukuk) güýjüni kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryna düşünilýär;

● konstitusion-hukuk kadalarynyň jemine düşünilýär;

● konstitusion-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryna düşünilýär;

● konstitusion-hukuk kadalarynyň emele gelýän ýeri.

*Has dogry jogaby tapyň.*

**2. konstitusiýa hukugynyň çeşmelerini, özleriniň hukuk mazmuny boýunça esasan şu aşakdaky ýaly iki topara bölüp bolýar:**

● diňe pozitiw hukuklara bölünýärler;

● diňe tebigy hukuklara bölünýärler;

● tebigy we pozitiw hukuklara bölünýärler;

● jemgyýetiň ösüşine görä beýleki hukuklara hem bölünýärler.

*Dogry jogaby tapyň.*

**3. Tebigy hukuklar – bu**

● tebigat hukugydyr;

● adamlaryň elinden alyp ýa-da aýrybaşgalaşdyryp bolmaýan tebygy we mizemez hukuklaryň hem-de azatlyklaryň umumy jemidir;

● adamlaryň ýaşamaga ýa-da ýaşamazlyga bolan öz boluşly hukukdyr;

● adamlaryň eden-etdiligidir.

**4. Pozitiw hukuklar – bu**

● kadalaşdyryjy hukuk namalarda berkidilen käbir hukuklardyr;

● çäklendirilen hukuklardyr;

● hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalar arkaly, döwlet tarapyndan, ýagny kanunçykaryjynyň erkiniň esasynda ýüze çykýan hukuklardyr;

● Emläk bilen bagly hukuklardyr.

**5. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň pozitiw hukuk çeşmelerini, olaryň ýuridik güýji boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölüp bolýar:**

● Türkmenistanyň ähli çäklerinde (territoriýasynda) hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara we ýerli öz-özüňi dolandyryşyň çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara;

● ygtyýar beriji; borçlandyryjy we gadagan ediji hukuk namalara;
● biri-birine has ýakyn bolan konstitusion hukuk namalaryna;
● diňe konstitusion gurluşyň esaslaryna täsir edýän hukuk namalaryna.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**6. Kabul edilýän kanunlar öz gezeginde şu aşakdaky aýratynlyklary bilen biri-birlerinden tapawutlanýarlar:**
● hukuk derejesi boýunça;
● kabul edilmekliginiň tertibi boýunça;
● düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hili boýunça;
● güýje girizmegiň predmeti boýunça.

**7. konstitusiýanyň ýuridik alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:**
● ol ýokary ýuridik güýjüne eýedir;
● ony kabul etmekligiň we üýtgetmekligiň ýörite tertibi bardyr;
● ol kabul edilýän we hereket edýän kanunlar üçin hukuk döredijilik bazasy (esasy) bolup durýar;
● ol hökman ýazylan görnüşinde bolmaly.

*Dogry jogaby tapyň.*

**8. Türkmenistanyň konstitusion kanunlary – bu**
● belli bir guramanyň ýa-da halk köpçüliginiň topary tarapyndan özlerine bähbitli bolan meseleleri çözmek üçin kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namasydyr;
● diňe adamyň we raýatyň hukuk ýagdaýlaryna täsir edýän kadalaşdyryjy hukuk namasydyr;
● Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslanýan, ählihalk sala salşygy arkaly ýa-da Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namasydyr;
● döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamy bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namasydyr.

**9. Türkmenistanyň kanunlary – bu**
● umumy döwlet ähmiýetli möhüm meseleler boýunça Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan ýa-da ählihalk sala salşygy arkaly kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalardyr;
● adamlaryň tebigy we mizemez hukuklarynyň belli kadalaşdyryjy namalarda berkidilmegidir;

● belli bir hereketi ýatyrýan kadalaşdyryjy hukuk namadyr;

● bu hukuk gatnaşyklarynyň käbir subýektlerine aýratyn hukuk berýän kadalaşdyryjy hukuk namadyr.

**10. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilýän Permanlar we Kararlar:**

● konstutusion kanunlary ýa-da kanunlary kabul etmeklik üçin aýratyn görkezmeleri özünde saklaýan kadalaşdyryjy hukuk namalardyr;

● Türkmenistanyň konstitusiýasynda we kanunlarynda berkidilen kadalary ýerine ýetirmek üçin umumydöwlet ähmiýetli möhüm meseleler boýunça çykarylýan kadalaşdyryjy hukuk namalardyr;

● ýurduň belli bir çäklerinde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalardyr;

● raýatlaryň arasynda maddy we maddy däl eşretler bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýän aýratyn kadalaşdyryjy hukuk namalardyr.

**11. Ýerli wekilçilikli edaralaryň (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň) kararlary – bu**

● welaýatlaryň ýa-de etraplaryň we olara deňeşdirilen şäherleriň çäklerinde ýaşaýan belli bir şahsy kanunda göz öňünde tutulan hukuklaryndan we azatlyklaryndan mahrum etmeklik üçin çykarylýan kadalaşdyryjy hukuk namasydyr;

● belli bir adama ygtyýar berýän kadalaşdyryjy hukuk namasydyr;

● Halk maslahatynyň agzalaryna öz islän hereketlerini etmeklige hukuk berýän kadalaşdyryjy hukuk namasydyr;

● Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň esasynda hem-de olary ýerine ýetirmek üçin karar görnüşinde, olaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr.

**12. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň häkimleriniň) kararlary – bu**

● raýatlaryň arasyndaky maddy gatnaşyklary düzgünleşdirýän ýörite kadalaşdyryjy hukuk namasydyr;

● Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň esasynda hem-de olary ýerine ýetirmek üçin kararlar görnüşinde, olaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr;

● belli bir çäkde ýüze çykýan maşgala gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr;

● welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň häkimleriniň ös islegini resmi taýdan beýan etmegidir.

**13. Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň (Geňeşleriň) kararlary – bu**

● Türkmenistanyň konstitusiýasyna, kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň we Ministrler Kabinetiniň namalaryna laýyklykda, olaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr;

● Geňeş agzalarynyň öz şahsy pikirini beýan etmekleridir;

● Geňeşiň çäklerinde bolup geçýän ähli gatnaşyklar babatynda kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namadyr;

● Geňeşiň çeginde ählumumy gadanlygy girizýän kadalaşdyryjy hukuk namadyr.

*Türkmenistanyň konstitusiýasyna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**14. Türkmenistanyň konstitusiýasy döwletimiziň nämesi?**

● Baş Kanuny;

● kanunçylyk ulgamynyň binýady;

● Esasy Kanuny;

● Esasgoýujy, kadalaşdyryjy hukuk namasy.

# V BAP. KONSTITUSION-HUKUK JOGAPKÄRÇILIGI

## §1. Konstitusion-hukuk jogapkärçiligi barada düşünje

Hukuk kadasy, hukuk gatnaşygy diňe onuň mazmunynda beýan edilen görkezmeler hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri tarapyndan ýerine ýetirilen halatynda durmuşa geçýär. Hukuk kadalarynyň hakykat ýüzünde durmuşa geçmegini üpjün edýän esasy hukuk serişdesi bolsa olaryň ýerine ýetirilmedik ýa-da degişli derejede ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda herekete girýän hukuk jogapkärçilik çäreleri bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, umumy ykrar edilen düşünjä laýyklykda, «hukuk jogapkärçiligi – bu hukuk bozulmanyň subýektiniň (hukuk bozujy hereketi amala aşyran şahsyň) amala aşyran hukuga garşy etmişi üçin oňyn däl (ýaramaz, islenilmeýän) netijeleri başyndan geçirmäge (çekmäge) bolan, hukuk kadalarynda göz öňünde tutulan borjudyr. Başgaça aýdylanda, hukuk jogapkärçiligi kanunda göz öňünde tutulan we döwletiň degişli edaralary tarapyndan ulanylýan, hukuk bozujy şahsyň belli bir hukuklaryndan (eşretlerinden) mejbury tertipde mahrum edilmegidir ýa-da şol hukuklaryň (eşretleriň) mejbury tertipde çäklendirilmegidir[1]».

Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynyň nazaryýetinde konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň bolmagy onuň şu ýörite maksatlarynyň bardygy bilen häsiýetlendirilýär:

- konstitusiýanyň rüstemligini we gönüden-göni hereket etmegini üpjün etmek;
- hereket edýän konstitusiýanyň goraglylygyny üpjün etmek;
- konstitusion-hukuk tertibiniň we kanunylygyň üpjün edilmegi;
- konstitusiýanyň bozulmagy üçin berilýän temminiň adalatlylygyny üpjün etmek we ş.m.

Adatça konstitusion jogapkärçilik kadalarynyň özünde jogapkärçilik (temmi, jeza) çäreleri (sanksiýalar) kesgitlenmeýär, olar şol jogapkärçilik çärelerini takyklaýan we olaryň görnüşini, möçberini berkidýän başga kadalaşdyryjy hukuk namalara salgylanma berýärler. Mysal üçin, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatyny onuň ygtyýarlyklaryndan mahrum etmek Türkmenistanyň konstitusiýasynda diňe

[1] Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Okuw gollanmasy. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011. S.430.

agzalyýar[1]. Bu konstitusion jogapkärçilik çäresiniň ýüze çykmagynyň esaslary we ony amala aşyrmagyň tertibi bolsa başga ýörite kadalaşdyryjy hukuk namalarda berkidilýär[2].

Esasan hem hereket edýän kanunçylykda, konstitusion jogapkärçilik bilen bagly mesele, raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň bozulmagy bilen baglylykda has jikme-jik işlenilip düzülendir. Mysal üçin: saýlaw hukugynyň amala aşyrylmagyna we sala salşyga gatnaşmak hukugyna päsgel bermek ýa-da saýlawlar hem sala salşyk guralanda we geçirilende kanunçylygy bozmak jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagyna getirýär[3].

Ýöne käbir ýagdaýlarda konstitusion jogapkärçilik çäresiniň mazmuny we onuň ýüze çykmagynyň hem-de amala aşmagynyň esaslary konstitusion-hukuk kadalarynda has giňişleýin beýan edilýän ýagdaýlary-da bolýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 61-nji maddasynda, alty aýyň dowamynda Mejlisiň ýolbaşçy düzümi düzülmedik mahalynda, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Türkmenistanyň Mejlisiniň möhletinden öň ýatyrylyp bilinýändigi bellenilýär. Görnüşi ýaly, bu konstitusion-hukuk kadasy, nusgawy hukuk kada bolup, onda hukuk kadasynyň üç düzüm bölegi hem (ýagny, gipoteza, dispozisiýa we sanksiýa) bar. Bu kadanyň *gipotezasy* – Mejlisiň ýolbaşçy düzümini düzmek üçin berilýän «alty aý» möhlet we «ýolbaşçy düzüm» şerti, *dispoziýasy* – bellenilen möhletiň dowamynda Mejlisiň ýolbaşçy düzümini düzmezlik, *sanksiýasy* bolsa – görkezilen edaranyň (ýagny Türkmenistanyň Mejlisiniň) möhletinden öň ýatyrylmagy bolup durýar.

Konstitusion-hukuk kanunçylygynyň kadalarynyň bozulmagy zerarly ýüze çykýan hukuk netijeleriniň (jogapkärçilik, temmi, jeza çäreleriniň) ýaýrawy örän giňdir. Mysal üçin, ol çäreleriň şu aşakdaky ýaly görnüşleri bolup biler:

● döwlet edaralarynyň hukuk namalarynyň tutuşlygyna ýa-da olaryň aýry-aýry düzgünleriniň hereket etmeginiň togtadylmagy ýa-da ýatyrylmagy;

● saýlawlaryň ýa-da sala salşygyň netijeleriniň hakyky däl diýip bilinmegi (ýatyrylmagy);

● hereket edýän kanunçylygyň kadalary ýa-da bellenilen gadaganlyklar gödek ýa-da birnäçe sapar, yzygiderli bozulan halatynda, saýlawlara gatnaşýan dalaşgärleriň sanawynyň hakyky däl diýlip bilinmegi (ýatyrylmagy);

● dürli döwlet edaralarynyň, wezipeli şahslarynyň ýa-da jemgyýetçilik guramalaryň işiniň möhletinden öň bes edilmegi;

● saýlawlara gatnaşmak işleýän jemgyýetçilik guramasyny ýa-da dalaşgäri döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegi we ş.m.

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 68-nji mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 33-nji mad. Aşgabat. 9.01.2009 -njy ý. № 15-IV.

[3] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. 149-150-nji mad. Aşgabat. 1998.

Konstitusion-hukuk gatnaşyklarynda syýasy jogapkärçiligiň düzüm bölekleriniň hem ýüze çykmagy mümkin. Sebäbi köp halatlarda syýasy jogapkärçiligiň ýüze çykmagy, esasan hem, döwlet edaralary we jemgyýetçilik guramalary ýaly, konstitusion-hukugyň subýektleriniň nädogry işi, nädogry alyp baran syýasy ugry ýa-da başga ters hereketleri zerarly bolup geçýär.

Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň düzgünleşdirýän obýektleriniň häsiýetli aýratynlyklaryny nazarda tutmak bilen konstitusion-hukuk jogapkärçilik çäreleriniň kömegi bilen goralýan obýekt hökmünde ilkinji nobatda jemagat (jemgyýetçilik) häkimiýetini amala aşyrmagyň degişli tertibini görkezmek bolar. Öz gezeginde jemagat (jemgyýetçilik) häkimiýeti Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynda, zerurlyk ýüze çykan halatynda mejbury amala aşyrylmagy üpjün edilýän jemgyýetçilik işlerini dolandyrmak babatda ygtyýarlyklaryň ulgamy hökmünde kesgitlenýär[1]. Dolandyryşyň derejesine baglylykda ol döwlet tarapyndan öz edaralarynyň üsti bilen (döwlet häkimiýeti) ýa-da öz-özüni dolandyrýan jemgyýetçilik (jemagat) birleşmeleri tarapyndan kanun esasynda olaryň dolandyrmaklyga degişli edilen ygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyrylýar[2].

Ýokarda aýdylanlardan ugur almak bilen, konstitusion-hukuk jogapkäçiligine şeýle kesgitleme bermek mümkin. Konstitusion-hukuk jogapkärçiligi – bu hukuk jogapkärçiliginiň Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň kadalarynda bellenen özboluşly görnüşi bolup, ol jemagat (jemgyýetçilik) häkimiýet edaralary we wezipeli adamlary tarapyndan jemagat häkimiýet ygtyýarlyklary degişli derejede amala aşyrylmadyk halatynda ýüze çykýar.

## §2. Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň esaslary

Döwletiň we hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, hukuk jogapkärçiliginiň bir görnüşini beýleki görnüşinden tapawutlandyrýan esasy alamat, şeýle hem hukuk jogapkärçiliginiň ol ýa-da beýleki bir görnüşiniň wajyp düzüm bölegi, hukuk jogapkärçiliginiň ýüze çykmagynyň esaslary bolup durýar.

Hukuk jogapkärçiliginiň (şol sanda konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň hem) ýüze çykmagynyň esaslary şu düzüm bölekleriniň jemidir:

- ýuridik ýagdaýlar esasy (hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlaryň (ýuridik faktlaryň) jemi);
- kadalaşdyryjy esasy (hukuk bozmanyň düzüminiň kadalaşdyryjy hukuk namada berkidilen bolmagy).

---

[1] Конституционное право: словарь / Отв.ред. В.В. Маклакова. Москва, 2001. С. 404.

[2] Конституционное право: словарь / Отв.ред. В.В. Маклакова. Москва, 2001. С. 404.

*Konstitusion-hukuk bozmasy (delikti)* – bu jemagat häkimiýet edarasynyň ýa-da wezipeli adamyň jemagat häkimiýetiniň amala aşyrylmagy bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetiren ýa-da zyýan ýetirmeklige howp döreden we şonuň üçin hereket edýän kanunçylykda konstitusion-hukuk jogapkärçilik çäresi göz öňünde tutulan, hukuga garşy, günäli (bilkastdan ýa-da seresapsyzlyk bilen amala aşyrylan) etmişidir (hereketi ýa-da hereketsizligidir).

Konstitusion-hukuk bozmanyň aşakdaky ýaly alamatlary bolýar:

1. Ol hereket ýa-da hereketsizlik arkaly edilen etmiş görnüşinde amala aşyrylan bolmaly. Türkmenistanyň kanunçylygy hereket ýa-da hereketsizlik, şeýle hereketi ýa-da hereketsizligi amala aşyrmaklyga kast etmek ýa-da taýýarlyk görmek görnüşinde ýüze çykmadyk pikir ýa-da niýet üçin hukuk jogapkärçilik çäresini göz öňünde tutmaýar.

2. Konstitusion-hukuk bozmanyň hukuga garşy bolmagy, onuň hereket edýän kanunçylykda berkidilen hukuk kadalaryny bozýandygyny aňladýar. Konstitusion etmişiň hukuga garşylygy bellenilen borçlaryň ýerine ýetirilmezliginde (ýagny, hereketsizlikde) ýa-da ygtyýarlyklardan hyýanatçylykly peýdalanmakda (ýagny, hereketde) ýüze çykyp biler.

3. Konstitusion-hukuk bozmanyň günäliligi konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň subýektiniň özüniň amala aşyran etmişine bolan we bilkastlaýynlyk ýa-da seresapsyzlyk görnüşinde ýüze çykan içki, ruhy (psihiki) gatnaşygyny aňladýar. Edil hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşlerindäki ýaly etmiş günäsiz edilen halatynda adamy konstitusion-hukuk jogapkärçiligine çekmeklige ýol berilmeýär.

4. Konstitusion-hukuk bozmanyň jemgyýetçilik howplulygy etmişiň konstitusion-hukuk kadalary bilen goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirmegini ýa-da zyýan ýetirmeklige howp döretmegini aňladýar. Döwletiň we hukugyň nazaryýetinde hukuk bozmanyň netijesinde ýetirilýän ýa-da ýetirmek howpy döredilýän zeleliň şu görnüşlerde bolup bilýändigi bellenilýär:

- ykdysady zelel;
- harby zelel;
- raýatlaryň konstitusion-hukuklaryna ýetirilen zelel;
- dolandyryşyň tertibine ýetirilen zelel;
- jemgyýetçilik tertibine ýetirilen zelel we ş.m.

5. Konstitusion-hukuk bozmanyň konstitusion-hukuk jogapkärçiligine degişliligi görkezilen etmiş üçin hereket edýän kanunçylykda konstitusion hukuk temmi çäresiniň bellenilen bolmalydygyny aňladýar. Etmiş jemgyýet üçin zyýanly bolup biler, kanun esasynda goralýan obýektlere (jemgyýetçilik gatnaşyklaryna) zyýan ýetirip ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döredip biler, hukuga garşy bolup biler, emma Türkmenistanyň kanunçylygynda şeýle etmişiň amala aşyrylmagy üçin anyk konstitusion-hukuk jogapkärçilik çäresi bellenilmedik bolsa, onda şeýle etmiş konstitusion-hukuk bozmasy (delikti) diýlip hasaplanyp bilinmez. Mysal

üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynda raýatlaryň döwlet syryndan we kanun tarapyndan goralýan beýleki syrlardan başga maglumatlary almaga bolan hukugy berkidilýär[1]. Emma Türkmenistanyň kanunçylygynda raýatlaryň bu konstitusion hukugyň bozulmagy üçin anyk jogapkärçilik çäresi bellenilmeýär. Şoňa görä-de şeýle etmiş amala aşyrylan halatynda-da ol konstitusion-hukuk delikti hökmünde kesgitlenip bilinmez.

6. Konstitusion-hukuk bozmanyň hukuk bozmalaryň beýleki görnüşlerinden ýene-de bir tapawutly alamaty onuň ýörite subýektleri (jemagat häkimiýet edaralary hem-de wezipeli şahslary) bar.

Etmişiň konstitusion-hukuk bozmasy diýlip bilinmegi üçin görkezilen alamatlaryň ählisiniň bolmagy zerurdyr.

Hukuk jogapkärçilikleriniň beýleki görnüşleri bilen meňzeşlikde Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmy konstitusion-hukuk bozmanyň düzüminiň şu düzüm bölekleriniň bardygyny kesgitleýär:

- obýekt;
- obýektiw tarap;
- subýekt;
- subýektiw tarap.

Konstitusion-hukuk bozmanyň obýekti – bu Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýän we goralýan jemagat häkimiýetiniň amala aşyrylmagy bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumydyr.

Konstitusion-hukuk bozmanyň obýektiw tarapy bolsa birnäçe düzüm böleklerden emele gelýär: hukuga garşy etmişden (hereketden ýa-da hereketsizlikden), jemgyýetçilik howply netijelerden we etmiş bilen netijeleriň arasyndaky sebäpli arabaglanyşykdan. Etmiş işjeň (aktiw) hereketiň ýa-da hereketsizligiň üsti bilen amala aşyrylyp bilinýär. Umuman, konstitusion-hukuk bozmanyň ýüze çykmagyna getirýän özüňi alyp barmagyň şu aşakdaky görnüşleriniň bolup biljekdigini görkezmek bolar:

- konstitusion-hukuk kadasynyň ýerine ýetirilmezligi;
- konstitusion-hukuk kadasynyň degişli derejede ýerine ýetirilmezligi;
- konstitusion-hukuk kadasynyň gös-göni bozulmagy.

Hukuk bozmalaryň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda konstitusion-hukuk bozmanyň obýektiw tarapynyň esasy aýratynlyklarynyň biri, onuň zerur düzüm bölegi hökmünde diňe hukuga garşy etmişiň çykyş edýänligidir, jemgyýetçilik howply netijäniň bolmagy bolsa köplenç halatda zerur däldir. Şol sebäpli-de, hukuk bozmalaryň beýleki görnüşlerinde jemgyýetçilik howply netije we etmiş bilen netijäniň arasyndaky sebäpli arabaglanyşyk hukuk bozmanyň obýektiw tarapynyň hökmany alamatlary hökmünde çykyş edýän bolsalar, konstitusion deliktlerde olar obýektiw tarapyň goşmaça (fakultatiw) düzüm bölekleri bolup durýarlar. Mysal

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 28-nji mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

üçin, Türkmenistanyň Mejlisiniň ýolbaşçy düzüminiň alty aýyň dowamynda düzülmezligi döwlet we jemgyýet üçin belli bir derejede howply netijeleriň ýüze çykmagyna getirmän hem biler, emma bu hereket konstitusion-hukuk bozma bolup durýar. Çünki bu hereket jemgyýetde durnuklylygyň we hukuk tertibiniň, döwlet häkimiýet-dolandyryş ulgamynyň kadaly işiniň bozulmagyna getirip biljek ýagdaýlaryň ýüze çykmak howpuny döredýär.

Konstitusion hukuk bozmanyň subýekti bolsa bellenip geçilişi ýaly, jemagat häkimiýet ygtyýarlyklary bolan we kanunda bellenen wezipelerini ýerine ýetirmedik (degişli derejede ýerine ýetirmedik) edara ýa-da wezipeli şahs bolup durýar (Bu soragyň mazmuny şu babyň 3-nji paragrafynda giňişleýin beýan edilýär).

Konstitusion hukuk bozmanyň subýektiw tarapynyň esasy alamatlary günä, goşmaça alamatlary bolsa etmişiň delili we maksady bolup durýar.

Günäniň aşakda görkezilen iki sany esasy görnüşi bardyr:

● bilkastlaýyn (niýetlilik) (göni ýa-da gytaklaýyn niýet bilen edilen jemgyýetçilik howply etmiş bilkastdan edilen diýlip hasaplanýar). Günäniň bilkastlaýynlyk bilen amala aşyrylýan görnüşi hem öz gezeginde ikä bölünýär:

– göni niýetlilik (eger etmişi eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, şolaryň bolmagyny islese ýa-da şeýle netijeleriň ýüze çykmagynyň gutulgysyzdygyny öňünden görse, etmiş göni niýet bilen edilen diýlip hasap edilýär);

– gytaklaýyn niýetlilik (eger etmişi eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, islemese, ýöne şeýle netijeleriň bolmagyna düşünjeli ýol berse ýa-da olara parhsyz garasa, etmiş gytaklaýyn niýet bilen edilen diýlip hasap edilýär).

● seresapsyzlyk (jemgyýetçilik üçin howply netijeleriň bolmagyna getiren, özüne ynam edijilik ýa-da harsallyk boýunça edilen jemgyýetçilik howply etmiş seresapsyzlyk boýunça edilen diýlip hasap edilýär). Günäniň seresapsyzlyk bilen amala aşyrylýan görnüşi hem öz gezeginde ikä bölünýär:

– özüne ynam edijilik (eger etmişi eden adam, öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howplydygyna akyl ýetirse, jemgyýetçilik howply netijeleriň, bolmak mümkinçiligini öňünden görse, ýöne olaryň öňüni alaryn diýip ýeňilkellelik etse, şeýle etmiş özüne ynam edijilik boýunça edilen diýlip hasap edilýär);

– harsallyk (eger etmişi eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howplydygyna akyl ýetirmese, jemgyýetçilik howply netijeleriň bolmak mümkinçiligi öňünden görüp bilmese, hatda zerur ünslülik we hüşgärlik bolanda şolary öňünden görmeli we görmegi mümkin bolan ýagdaýdaky edilen etmiş harsallyk boýunça edilen diýlip hasaplanýar).

Konstitusion-hukuk bozmanyň delili – bu hukuk bozujynyň hukuga garşy etmişi amala aşyrmaklygyna itergi beren we onuň özüňi alyp barmagyň şol hukuga garşy görnüşini saýlap almagynda kegsitleýji ähmiýeti bolan ymtylyşy, islegidir. Hukuk bozmanyň delili hukuk bozujyny hukuga garşy özüňi alyp barşy amala aşyrmaklyga höweslendiriji, meçew beriji duýgy, pikir hökmünde çykyş edýär. Deliliň düzümi, esasan, adamyň zerurlyklaryndan, ymtylyşlaryndan, gyzyklanmalaryndan we bähbitlerinden ybaratdyr.

Delillendirilendigi (deliliniň bolmagy) şahsyň hukuga garşy erkiniň ýüze çykmagyny häsiýetlendirýär. Ýöne köp halatlarda hukuk bozmalaryň dürli görnüşleri üçin jogapkärçilik çärelerini kesgitlände kanunçykaryjy hukuk bozujynyň delillerine biparh garaýar, sebäbi delilleri hukuk bozmany amala aşyran şahsyň günasini öz içine alýar. Onsoňam hukuga garşy etmişleriň käbir görnüşleriniň delili bolman hem bilýär.

Konstitusion-hukuk bozmanyň maksady onuň delili bilen örän jebis baglanyşykda durýar, emma bu düşünjeler birmeňzeş däldir. Bellenip geçilişi ýaly, delil özüňi alyp barmagyň görnüşini saýlap almakdaky we hukuk bozmany amala aşyrmakdaky ymtylyşy, islegi, pikiri, içki-ruhy iteriji duýguny aňladýar. Maksat bolsa şahsyň hukuk bozmany amala aşyrmak bilen nämä ymtylýandygyny, haýsy netijä ýetmek (haýsy netijäni gazanmak) isleýändigini aňladýar. Edil delil ýaly, etmiş seresapsyzlyk sebäpli amala aşyrylan halatynda konstitusion-hukuk bozmanyň maksady hem bolman bilýär.

Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň esaslary diňe bir Türkmenistanyň konstitusiýasynda we konstitusion kanunlarynda däl-de, eýsem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarda-da berkidilýär.

## §3. Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň subýektleri

Bellenip geçilişi ýaly, konstitusion-hukuk jogapkärçiligi hukuk bozmanyň ýörite subýektiniň barlygy bilen häsiýetlendirilýär. Konstitusion-hukuk bozmanyň subýekti diňe Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň kadalary bilen jemagat häkimiýetini amala aşyrmak boýunça wezipeler üstüne ýüklenilen häkimiýet edaralary ýa-da wezipeli şahslar bolup bilýär.

Görkezilenlerden ugur almak bilen konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň subýektleri hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, (ministrlikler we pudak edaralary, şeýle hem olaryň ýolbaşçysy,), Türkmenistanyň

Mejlisi, Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, orunbasary, komitetiniň ýolbaşçysy, deputaty, welaýatyň hem-de welaýat hukukly şäheriň häkimligi we häkimi, etrabyň we etrap hukukly şäheriň häkimligi we häkimi, welaýatyň hem-de welaýat hukukly şäheriň halk maslahaty we onuň wekili, etrabyň we etrap hukukly şäheriň halk maslahaty we onuň wekili, geňeş (ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy), onuň agzasy, arçyn, syýasy partiýa we jemgyýetçilik guramasy, Türkmenistanyň Merkezi saýlaw topary, Türkmenistanyň Baş prokuraturasy, Türkmenistanyň Baş prokurory, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy ýaly jemagat häkimiýet edaralaryny hem-de wezipeli şahslary görkezmek bolar.

Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň subýektleri indiwidual we kollektiwleýin bolup bilýärler. Ýöne şahsyň konstitusion-hukuk jogapkärçiligine çekilmegi üçin, onuň jogapkärçilik (delikt) ukyplylygy bolmaly, ýagny ol öz hereketlerine (hereketsizliklerine) jogap bermäge ukyply bolmaly.

Wezipeli şahslaryň konstitusion-hukuk jogapkärçiligine ukyplylygy olaryň wezipelerine bellenen (ygtyýarlyk möhletiniň başlanan) pursatyndan döreýär we olaryň wezipelerini tabşyran (ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanan) pursatyndan aýrylýar. Köpçülikleýin subýektleriň, ýagny jemagat häkimiýet edaralarynyň konstitusion-hukuk jogapkärçiligine ukyplylygy olaryň döredilen pursatyndan emele gelýär, emma şeýle edaralaryň wezipeli şahslarynyň aýratynlykdaky konstitusion-hukuk jogapkärçiligine ukyplylygy welin, diňe olaryň wezipelerine bellenen (ygtyýarlyk möhletiniň başlanan) pursadyndan döreýär.

Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy ylmynda konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň ýene-de bir ýörite subýektiniň bardygy bellenilýär. Ol subýekt döwletdir. Türkmenistanyň konstitusiýasynda döwletiň bu hukuk ýagdaýy, «Döwlet her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir[1]» diýlip gönüden-göni bellenip geçilýär. Ýöne döwlete konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň subýekti hökmünde garalanda onuň immunitetiniň bardygyny unutmaly däldir. Ýene-de aýratyn üns berilmeli ýagdaýlaryň bir-de tutuş döwlet milli kazyýetde bir wagtyň özünde hem tarap, hem kazy, hem kanunylygyň üpjün edilişiniň gözegçisi we üpjün edijisi (prokuror) we ş.m. hökmünde çykyş edip bilmeýär. Onuň adyndan onuň belli bir ygtyýarly edarasy ýa-da wezipeli şahsy çykyş edýär, eger-de günäkär diýlip bilnen halatynda-da hut şol edara ýa-da wezipeli şahs babatda konstitusion-hukuk jogapkärçilik çäresi bellenilýär. Şoňa görä-de konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň subýekti tutuş döwlet däl-de ýene-de jemagat häkimiýet edarasy ýa-da wezipeli şahsy bolup durýar.

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 3-nji mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

## §4. Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşleri bilen gatnaşygy

Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň tapawutly alamatlarynyň biri onuň hemişe syýasy häsiýetli bolýanlygydyr. Şol sebäpli-de konstitusion-hukuk jogapkärçiligi ýüze çykanda hukuk bozmany amala aşyran edaranyň ýa-da wezipeli şahsyň syýasy taýdan ýazgarylmagy (ynanmazlyk bildirilmegi, syýasy karýerasynyň bes edilmegi we ş.m.) ilkinji orna çykýar, diňe şondan soňra hukuk jogapkärçiliginiň bu görnüşiniň şahsy, guramaçylyk, emläk häsiýetleri (parlamentiň möhletinden öň ýatyrylmagy, deputatyň yzyna çagyrylmagy we ş.m.) herekete girýär.

Konstitusion-hukuk jogapkärçiligi, jemgyýetçilik häkimiýet edaralarynyň hem-de wezipeli şahslarynyň halk häkimiýetiniň esasy gözbaşy bolan raýatlaryň, halkyň, ilatyň öňündäki hukuk jogapkärçiliginiň bir görnüşi hökmünde umumy alamatlaryň birnäçesini özünde jemleýär:

● konstitusion-hukuk jogapkärçiligi syýasy gatnaşyklaryň we olary düzgünleşdirýän sosial kadalaryň aýratynlyklaryndan gelip çykýar;

● dürli jemgyýetçilik toparlarynyň, döwletiň we onuň edaralarynyň hem wezipeli şahslarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň dowamynda ýüze çykýar;

● syýasy jogapkärçiligiň subýektleri bilen subýekt düzümi birmeňzeş;

● konstitusion-hukuk jogapkärçilik çäreleriniň aglaba köpüsi syýasy jogapkärçilik çäresi bolup durýar we ş.m.

Döwletiň we hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, hukuk jogapkärçiliginiň esasan jenaýat-hukuk jogapkärçiligi, dolandyryş-hukuk jogapkärçiligi, raýat-hukuk jogapkärçiligi, düzgün-nyzam jogapkärçiligi ýaly görnüşleri bar. Ýöne adatça hukuk ulanyş tejribesinde hukuk jogapkärçiliginiň salgyt-hukuk, maliýe-hukuk jogapkärçiligi ýaly görnüşleri dolandyryş-hukuk we düzgün-nyzam jogapkärçiligine degişli edilýär. Hukuk jogapkärçiliginiň ähli görnüşleri üçin hem konstitusiýa hukugynda berkidilen ýörelgeler binýatlaýyn başlangyç hökmünde çykyş edýär. Mysal üçin, jenaýatyň subýektleriniň kanunyň öňünde deňligi ýörelgesi[1] Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilen hemmeleriň kanunyň öňünde deňligi ýörelgesinden[2] gelip çykýar we bu ýörelge konstitusion-hukuk jogapkärçiligi üçin hem, jenaýat-hukuk jogapkärçiligi üçin hem, hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşleri üçin hem hökmany bolup durýar.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. 3-nji mad. 5-ji bent. Aşgabat. 1998.

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 19-njy mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

*5.1-nji çyzgy*


konstitusiýanyň rüstemligi we gönüden-göni hereket etmegini üpjün etmek
hereket edýän konstitusiýanyň goraglylygyny üpjün etmek
Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň maksatlary
konstitusion-hukuk tertibiniň we kanunylygyň üpjün edilmegi
konstitusiýanyň bozulmagy üçin berilýän temminiň adalatlylygyny üpjün etmek we ş.m.


Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň käbir görnüşleri
döwlet edaralarynyň hukuk namalarynyň tutuşlygyna ýa-da olaryň aýry-aýry düzgünleriniň hereket etmeginiň togtadylmagy ýa-da ýatyrylmagy
saýlawlaryň ýa-da sala salşygyň netijeleriniň hakyky däl diýip bilinmegi (ýatyrylmagy)
saýlawlara gatnaşýan dalaşgärleriň sanawynyň hakyky däl diýlip bilinmegi (ýatyrylmagy)
dürli döwlet edaralarynyň, wezipeli şahslarynyň ýa-da jemgyýetçilik guramalaryň işiniň möhletinden öň bes edilmegi
saýlawlara gatnaşmak işleýän jemgyýetçilik guramasyny ýa-da dalaşgäri döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegi we ş.m.

*5.2-nji çyzgy*


**Konstitusion-hukuk bozmanyň esasy alamatlary**
Ol hereket ýa-da hereketsizlik arkaly edilen etmiş görnüşinde amala aşyrylan bolmaly.
Ol hereket edýän kanunçylykda berkidilen hukuk kadalaryny bozýan bolmaly.
Ol bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk bilen amala aşyrylan bolmaly.
Ol goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirmeli ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döretmeli.
Onuň üçin hereket edýän kanunçylykda konstitusion-hukuk temmi çäresi bellenilen bolmaly.
Onuň ýörite subýektleri (jemagat (jemgyýetçilik) häkimiýet edaralary hem-de wezipeli şahslary) bar bolmaly.

*5.3-nji çyzgy*

**Konstitusion-hukuk bozmanyň düzümi**

*Konstitusion-hukuk bozmanyň obýekti* – bu Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýän we goralýan jemagat (jemgyýetçilik) häkimiýetiniň amala aşyrylmagy bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumydyr

*Konstitusion-hukuk bozmanyň obýektiw tarapy* bolsa birnäçe düzüm böleklerden emele gelýär: hukuga garşy etmişden (hereketden ýa-da hereketsizlikden), jemgyýetçilik howply netijelerden we etmiş bilen netijeleriň arasyndaky sebäpli arabaglanyşykdan

*Konstitusion-hukuk bozmanyň subýekti* jemagat häkimiýet ygtyýarlyklary bolan we kanunda bellenen wezipelerini ýerine ýetirmedik (degişli derejede ýerine ýetirmedik) edara ýa-da wezipeli şahs bolup durýar

*Konstitusion hukuk bozmanyň subýektiw tarapynyň* esasy alamatlary günä, goşmaça alamatlary bolsa etmişiň delili we maksady bolup durýar

**Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň subýektleri**

Jemagat häkimiýet edaralary

Jemagat häkimiýetiniň wezipeli şahslary

Jogapkärçilige ukyplylygy döredilen pursadyndan emele gelýär we ýatyrylan pursadyndan ýitýär

Jogapkärçilige ukyplylygy wezipä bellenen (saýlanan) pursadyndan emele gelýär we wezipeden aýrylan pursadyndan ýitýär

*5.4-nji çyzgy*


**Konstitusion-hukuk jogapkärçiligi arabaglanyşykda durýar**
Syýasy jogapkärçilik bilen
Jenaýat-hukuk jogapkärçiligi bilen
Raýat-hukuk jogapkärçiligi bilen
Dolandyryş-hukuk jogapkärçiligi bilen
Düzgün-nyzam jogapkärçiligi bilen

**Sowalnama:**

*Nädogry jogaby tapyň.*

**1. Şularyň haýsysy hukuk jogapkärçiliginiň alamaty däl?**
● ol kanunda bellenilmeli;
● ol hukuk bozujynyň belli bir hukuklaryny mejbury çäklendirmeli;
● ol hukuk bozujyny belli bir hukuklaryndan mejbury mahrum etmeli;
● islendik döwlet edarasy tarapyndan hukuk bozujy babatda ulanylyp bilinýär.

**2. Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň alamatlary şulardyr:**
● konstitusiýanyň rüstemligini we gönüden-göni hereket etmegini üpjün etmek;
● konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň temmi, jeza çärelerini jikme-jik kesgitlemek;
● hereket edýän konstitusiýanyň goraglylygyny üpjün etmek;
● konstitusion-hukuk tertibini we kanunylygy üpjün etmek.

**3. Türkmenistanyň konstitusiýasynda konstitusion-hukuk jogapkärçilik çäreleriniň şu görnüşleri berkidilýär:**
● Türkmenistanyň Mejlisiniň işiniň möhletinden öň bes edilmegi;
● Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatynyň yzyna çagyrylmagy;
● arçynyň möhletinden öň wezipesinden boşadylmagy;
● raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegi üçin jogapkärçilik.

**4. Konstitusion-hukuk jogapkärçiligi:**
● hukuk jogapkärçiliginiň bir görnüşidir;
● onuň subýektleri jemagat häkimiýet edaralary we wezipeli adamlarydyr;
● diňe konstitusion gurluş zorlukly üýtgedilmekçi bolanda ýüze çykýar;
● jemagat häkimiýet ygtyýarlyklary degişli derejede amala aşyrylmadyk halatynda ýüze çykýar.

*Doly we dogry jogaby tapyň.*

**5. Konstitusion-hukuk bozmasy:**
● hukuga garşy, jemgyýetçilik howply, günäli, konstitusion-hukuk jogapkärçiligine degişli, ýörite subýektli etmiş bolmaly;
● hukuga garşy, jemgyýetçilik howply, günäli, konstitusion-hukuk jogapkärçiligine degişli etmiş bolmaly;
● hukuga garşy, jemgyýetçilik howply, günäli, ýörite subýektli etmiş bolmaly;
● hukuga garşy, jemgyýetçilik howply, günäli, konstitusion-hukuk jogapkärçiligine degişli, ýörite subýektli bolmaly.

*Has doly we dogry jogaby tapyň.*

**6. Konstitusion-hukuk bozmanyň hukuga garşy bolmagy aşakdakylary aňladýar:**

● onuň diňe Türkmenistanyň konstitusiýasynyň kadalaryna garşy bolmagyny;

● onuň Türkmenistanyň konstitusiýa hukugynyň kadalaryna garşy bolmagyny;

● onuň Türkmenistanyň tutuş kanunçylygyna garşy bolmagyny;

● onuň Türkmenistanyň konstitusiýasyna we konstitusion kanunlaryna garşy bolmagyny.

*Dogry jogaby tapyň.*

**7. Konstitusion-hukuk bozmanyň günäliligi ýüze çykýar:**

● ony amala aşyran şahsyň etmişine bolan we bilkastlaýynlyk ýa-da seresapsyzlyk görnüşinde ýüze çykan içki, ruhy (psihiki) gatnaşygynda;

● etmiş jemgyýetçilige howply bolanda;

● etmişiň hukuga garşy hereket ýa-da hereketsizlik arkaly amala aşyrylmagynda;

● etmişiň bilkastlaýyn amala aşyrylmagynda.

**8. Konstitusion-hukuk bozmany amala aşyrmaklyga taýýarlyk görlende ýüze çykmadyk pikir ýa-da niýet üçin hukuk jogapkärçilik çäresi göz öňünde tutulýarmy?**

● hawa;

● ýok;

● hawa, eger-de pikir ýa-da niýet jemgyýetçilik howply netijäniň ýüze çykmagyna getiren bolsa;

● hawa, eger-de konstitusion-hukuk bozmany amala aşyrmak barada pikir iki we ondan köp adama yglan edilen bolsa.

**9. Konstitusion-hukuk bozmanyň jemgyýetçilik howplulygy diýlende nämä düşünilýär?**

● ol kanun esasynda goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirmeli;

● ol kanun esasynda goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirmek howpuny döretmeli;

● ol kanun esasynda goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirmeli ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döretmeli;

● ol halkyň arasyna abanyp gelýän howp barada dowul ýaýratmaly.

**10. Eger-de edilen etmiş üçin kanunda jogapkärçilik çäresi bellenilmedik bolsa, ol hukuk bozma diýlip hasap edilýärmi?**

● hawa;

● ýok;

● hawa, eger-de hukuk bozma mahsus bolan galan alamatlaryň ählisi bar bolsa;
● hawa, eger-de ol jemgyýetçilik howply netijäniň ýüze çykmagyna getiren bolsa.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**11. Umuman, konstitusion-hukuk bozmanyň ýüze çykmagyna getirýän özüňi alyp barşyň şu aşakdaky görnüşleriniň bolup biljekdigini görkezmek bolarmy?**
● konstitusion-hukuk kadasynyň ýerine ýetirilmezligi;
● konstitusion-hukuk kadasynyň degişli derejede ýerine ýetirilmezligi;
● konstitusion-hukuk kadasynyň ulanylmazlygy;
● konstitusion-hukuk kadasynyň gös-göni bozulmagy.

*Dogry jogaby tapyň.*

**12. Ähli ýagdaýlarda konstitusion-hukuk bozmanyň jemgyýetçilik howply netijesiniň bolmagy hökmanmy?**
● ýok;
● hawa;
● hawa, eger-de ol döwlet häkimiýetiniň amala aşyrylmagy bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň garşysyna gönükdirilen bolsa;
● hawa, eger-de ol ýurda jemgyýetçilik häkimiýetiniň amala aşyrmagyna garşy gönükdirilen bolsa.

**13. Konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň esaslary diňe Türkmenistanyň konstitusiýasynda we konstitusion kanunlarynda berkidilýärmi?**
● hawa;
● ýok, olardan başga kodekslerinde-de berkidilýär;
● ýok, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda-da berkidilýär;
● ýok, olardan başga kodekslerinde we Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalarynda-da berkidilýär.

**14. Arçyn konstitusion-hukuk jogapkärçiliginiň subýektimi?**
● hawa, sebäbi ol geňeşiň agzasy;
● ýok, sebäbi ol ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň wezipeli şahsy;
● hawa, sebäbi ol jemgyýetçilik häkimiýetini amala aşyrýan wezipeli şahslarynyň biri;
● hawa, sebäbi ol gatyşyk häkimiýet edarasynyň ygtyýarly wekili.

# VI BAP. TÜRKMENISTAN DEMOKRATIK, HUKUK,DÜNÝEWI WE BITARAP DÖWLETDIR

## §1. Türkmenistan – demokratik döwlet

Döwletiň we hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, ýurduň bütin çäginde ähli ilat tarapyndan tabyn bolunýan, ýörite dolandyryş we mejbur ediş ulgamy ýagny, apparaty bolan, şeýle hem hemmeler tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişli kadalary kabul edýän we doly özygtyýarlylyk (suwerenitet) hukugyna eýe bolan, jemgyýetde bir bitewi syýasy häkimiýeti amala aşyrýan gurama *döwlet* diýlip atlandyrylýar[1]. Döwlet jemgyýetiň önümidir. Has düşnükli aýdylanda, aýratyn şahsyýetleriň özara gatnaşyklara girip, belli bir durmuş toparlaryny döretmekleriniň netijesinde jemgyýet emele gelýär. Şol durmuş toparlarynyň agzalary öz zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin, ençeme sosial-syýasy institutlary döredýärler. Döwlet hem ägirt uly sosial institutdyr. Syýasy partiýalar, jemgyýetçilik pikiri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, saýlawlar we sala-salşyklar ulgamy, kanunçykaryş, kazyýet we dolandyryş ulgamlary hem-de beýleki jemgyýeti hemmetaraplaýyn edara etmek üçin, zerur bolan ulgamlar bolsa «Döwlet» atly ägirt uly institutyň düzüm bölekleri bolup durýar. Döwletiň esasy alamatlary, onuň ýerleşýän çäginiň, hemişelik ilatynyň, häkimiýet-dolandyryş ulgamynyň we özygtyýarlygynyň bolmagyndan ybaratdyr. Hukuk ylmy bütin dünýäniň ähli döwletlerini döwlet dolandyryşynyň, döwlet gurluşynyň we döwletiň syýasy düzgüniniň tapawutly aýratynlyklary boýunça, monarhiýa, respublika, federasiýa, konfederasiýa, unitar döwlet, demokratik döwlet ýa-da totalitar döwlet ýaly birnäçe görnüşlere bölýär.

Bütin dünýäde ykrar edilen hukuk dessurlaryna laýyklykda islendik döwletiň konstitusion gurluşy onuň Esasy Kanunynda – konstitusiýasynda kesgitlenýär. Dünýäniň islendik döwletinde bolşy ýaly, halkymyzyň asyrlaryň dowamynda toplan milli döwletlilik dessurlary bilen döwlet gurmaklyk babatda öňde baryjy dünýä tejribesi utgaşdyrylyp döredilen Türkmenistan döwletimiziň hem özboluşly aýratynlyklary bar. Şol aýratynlyklar hem Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilýär.

Mälim bolşy ýaly, *demokratiýa diýlende*, döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşy hökmünde halkyň ykrar edilmegi, saýlawlylyk, aç-açanlyk ýörelgelerinden ugur alnyp döredilen wekilçilikli edaralar tarapyndan dolandyrylýan döwletde raýatlaryň erkinligini we deňhukuklygyny üpjün edýän syýasy düzgüne düşünilýär.

[1] Ý. Nuryýew, S.Ataýew, A.Çaryýew. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Aşgabat. 2011. S. 52.

*Demokratik döwlet diýlende* bolsa, öz çäginde dürli jemgyýetçilik guramalary we syýasy partiýalary hereket edýän hem-de özüniň syýasy-jemgyýetçilik işiniň esasy ugurlaryny öz çäginde ýaşaýan adamlaryň we raýatlaryň tebigy hem mizemez hukuklaryny, azatlyklaryny kepillendirmeklige, şeýle hem olary goramaklyga, öz derejesi bolan halkyň özygtyýarlylygyny (halk häkimiýetliligini) doly üpjün etmeklige gönükdiren gurama – döwlete düşünilýär.

Demokratik döwleti adam hukuklaryna esaslanýan demokratiýanyň we raýat jemgyýetiniň esasy ýüze çykmasy bolmak bilen, onda halkyň özygtyýarlylygy, häkimiýetiň we ähli döwlet edaralarynyň kanuny ygtyýarlyklarynyň esasy çeşmesi hökmünde çykyş edýär. Demokratik döwlet diýen düşünje, konstitusion ýa-da hukuk döwleti diýen düşünjeler bilen özara berk baglanşyklydyr. Şonuň üçin hem ol kanunsyz (Konstitusiýa, kanunlar we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar) ýa-da hukuksyz özbaşdak hereket edip bilmeýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasyndaky Türkmenistanyň demokratik we hukuk döwletidigi barada hukuk kadalaryň berkidilmegi, demokratiýa we hukuk diýen düşünjeleriň biri-birleri bilen berk baglanyşyklydygyny subut edýän aýdyň hakykatdyr.

Demokratik döwletiň esasy alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Onda ösen wekilçilik instituty bardyr, başgaça ol wekilçilikli demokratiýa esaslanýandyr;

2. Onda adamyň we raýatyň hukuklary hem-de azatlyklary doly üpjün edilýändir.

*Wekilçilikli demokratiýa.* Demokratiýanyň bu görnüşinde raýatlar syýasy kararlary, kanunlary kabul etmek we halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak işine gönükdirilen maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin öz wekillerini saýlaýarlar. Şol saýlanan wekiller hem (deputatlar, halk maslahatlarynyň we geňeşleriň agzalary) çylşyrymly jemgyýetçilik meselelerini öz aralarynda maslahatlaşyp halkyň adyndan pähim-parasatly çözgütleri kabul edýärler. Demokratiýanyň bu görnüşi ilatyň aglaba bölegininiň gymmatly wagtyny we zähmetini tygşytlamaga, şeýle hem demokratiýanyň durmuşa geçirilişiniň netijeliligini artdyrmaga mümkinçilik berýär. Dünýäniň köp döwletlerinde dürli wekilçilikli edaralara konstitusiýa esasynda aýratyn ygtyýarlyklar berilýär. Esasan hem ol ygtyýarlyklaryň içinde kanunçykaryjylyk häkimiýetine bolan ygtyýarlyklar örän uly ähmiýete eýe bolup durýar. Wekilçilikli edaralaryň işleriniň täsirliligi bolsa, köp derejede, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýeti bilen ysnyşykly işlän ýagdaýynda has-da artýar. Türkmenistanda wekilçilikli demokratiýa saýlawlaryň üsti bilen (ýagny, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlaryny, halk maslahatlarynyň we Geňeşiň agzalarynyň saýlanmaklary bilen) üpjün edilýär.

*Adamyň we raýatyň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny doly üpjün etmeklik* demokratik döwletiň beýleki bir möhüm alamatlarynyň biri bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, hut adamyň we raýatyň hukuklary hem-de azatlyklary doly derejede

üpjün edilen ýagdaýynda hakykat ýüzünde demokratiýa institutlary bilen syýasy düzgüniň arasyndaky arabaglanyşyk peýda bolýandyr. Diňe demokratik düzgüni şertlerinde hukuklar we azatlyklar hakyky bolýarlar, kanunçylyk bolsa doly ýola goýulyp, döwletde erkinlik höküm sürýändir. Eger-de döwletde adamyň we raýatyň umumy ykrar edilen hukuklary hem-de azatlyklary üpjün edilmeýän bolsa, onda hiç-hili ýokary derejeli maksatlar ýa-da demokratik jarnamalar, döwlete demokratik häsiýeti berip bilmeýärler. Häzirki wagtda Türkmenistanyň konstitusiýasy dünýä tejribesinde belli bolan ählumumy hukuklary we azatlyklary özünde berkitdi. Munuň şeýledigini Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1,2,3, 12-nji maddalarynda we konstitusiýanyň II böluminiň 18-47-nji maddalary aralygynda berkidilen hukuk kadalaryna seredeniňde hem görmek bolýar. Adam hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirýän degişli hukuk kadalarynyň Esasy Kanunda berkidilmegi öz boluşly mazmuna eýe bolup, ol Türkmenistan döwletiniň, halkymyzyň milli özboluşlylygyna we umumy ykrar edilen halkara ýörelgelerine laýyk gelýän syýasy-hukuk gurluşyny saýlap alandygyny aňladýan aýdyň hakykat bolup, ol ýurdy demokratiýalaşdyrmak babatda alnyp barylýan ägirt uly işleriň konstitusion-hukuk beýany bolup durýar.

## §2. Türkmenistan hukuk döwleti

Türkmenistan döwletiniň hukuk ulgamy konstitusiýa esasynda, doly derejede «hukuk döwleti» diýen düşünjä esaslanýar we Türkmenistanyň konstitusiýasynyň esasgoýujy ýörelgeleriniň biri hökmünde çykyş edýär. Munuň şeýledigini Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasyndaky «Türkmenistan – demokratik, hukuk we dünýewi döwlet» diýen hukuk kadasyna seredeniňde hem göz ýetirmek bolýar.

Mälim bolşy ýaly, adam özüniň ýalňyzlykda ýaşap bilmejekdigine, diňe özi ýaly pähimli ynsanlaryň arasynda özüniň ornuny tapyp biljekdigine aň ýetireli bäri deňhukuklylygyň, ynsanperwerligiň, doganlygyň, dostlugyň höküm sürýän jemgyýetinde ýaşamagyň arzuwyny edip gelipdir. Ýagty arzuwlaryny durmuşa geçirmek üçinem adam öz ýaşaýan jemgyýetini kämilleşdirmäge gönükdirilen aýgytly hereketleriň gerekdigine we şol hereketleriň goraglylygyny, jemgyýeti emele getirýän ynsanlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň sazlaşygyny üpjün edýän kuwwatly ulgamyň bolmagynyň derwaýyslygyna düşünipdir. Şol döwürlerden bäri-de milli ruh, agzybirlik, asudalyk, jebislik, raýatlyk, tebigy we mizemez ynsan hukuklary, raýat jemgyýeti, hukuk döwleti ýaly syýasy düşünjeler adamzadyň jemgyýet hakynda taglymatlarynyň ählisine özüniň oňyn täsirini ýetirip gelipdir. Adamlaryň öz ýaşaýan jemgyýetlerini emele getirmegiň, saklamagyň we ösdürmegiň başga hiç zat bilen çalşyryp bolmaýan ýeke-täk serişdeleri hökmünde döwleti hem hukugy döretmegiň hötdesinden gelen zamanlaryndan bäri hem adamzadyň görnükli

akyldarlary, ençeme asyrlaryň dowamynda bu iki düşünjäniň ýagny, döwlet bilen hukugyň utgaşmagyndan emele gelen täze bir döwleti döretmegiň, onuň nazary esaslaryny işläp düzmegiň ýollaryny agtaryp gelipdirler. Netijede bolsa, XVIII asyrda, nemes pelsepeçisi Immanuil Kant tarapyndan «hukuk döwleti» hakynda häzirki zamanyň iň meşhur taglymatynyň nazary esaslary oýlanyp tapylypdyr[1].

Hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, *hukuk döwleti diýlende*, ilkinji nobatda jemgyýetde syýasy häkimiýetiň, adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny has doly üpjün etmek üçin şertleri döredýän, şonuň ýaly-da kämil kanunlaryň kömegi bilen döwletiň öz häkimlik ygtyýarlyklaryndan hyýanatçylykly peýdalanmagyna ýol bermeýän görnüşde guralmagyna düşünilýär[2]. Hukuk döwleti diýen düşünje ilki bilen döwletde kanunyň agalygynyň berkarar edilmegini, jemgyýetiň raýat jemgyýeti derejesine kämilleşmegini, ynsanyň – onuň mertebesiniň, tebigy hem mizemez hukuklarynyň döwlet üçin ýokary, baş gymmatlyk hökmünde görülmegini aňladýar. Şonuň üçin hem ählumumy ykrar edilen kanunylyk, deňlik, adalatlylyk, ynsanperwerlik (gumanizm[3]), kanunyň öňünde hemmeleriň deňligi, günäsizlik çaklamasy (prezumpsiýasy[4]), günäkärlik jogapkärçiligi, häkimiýetleriň deňligi we ş.m. ýörelgeler ýaly, hukuk ýörelgeleri hukuk döwletiniň esasyny düzýärler.

Häzirki zaman düşünjesinde hukuk döwletiniň esasy alamatlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

● jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda kämil kanunlaryň[5] agdyklyk etmegi;

● döwlet häkimiýet edaralarynyň işjeňliginiň döwletde häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünmegi hakyndaky ýörelgä laýyklykda guralmagy we amala aşyrylmagy;

● döwletiň we şahsyýetiň biri-biri babatda özara jogapkärçiliginiň bolmagy;

---

[1] Hukuk döwleti hakynda taglymatyň esasynda I.Kantdan başgada, Şarl Lui Monteskiýeniň, Deni Didronyň, Gugo Grosiýniň, Spinozanyň, Žan-Žak Russonyň, Jon Lokkyň we beýlekileriň pikirleri hem ýatandyr.

[2] Ý. Nuryýew, S.Ataýew, A.Çaryýew. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Aşgabat, 2011. S. 488;

[3] Lat. Humanus – adamçylykly, ynsanperwer. Ýagny adamyň erkin ösmäge we özüniň ukyplaryny ýüze çykarmaga bolan hukuklarynyň hem-de onuň şahsyýet hökmünde gymmatlygyny ykrar edilmegini, adamyň bähbidiniň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň esasy ölçeg birligi hökmünde tassyklanmagy.

[4] Lat. Praesūmptio – çaklama, garaşma. Ýagny bu düşünje jenaýat etmekde aýplanýan ýa-da günäkärlenýän adamyň günäsi kanun esasynda subut edilip, kazyýet tarapyndan günäkär diýlip ykrar edilýänçä, ýagny höküm çykýança, şol adamyň günäsiz diýlip ykrar edilmegi.

[5] Ýagny ilkinji nobatda döwletiň kanun çykaryjy edarasy tarapyndan döwletiň adyndan kabul edilýän kanunlaryň adalatlylyk, ynsanperwerlik, halk häkimýetliligi, deňhukuklylyk, ynsanyň tebigy hem mizemez hukuklarynyň eldegrilmezsizligi ýaly umumy ykrar edilen hukuk ýörelgelerine we hukugyň tebigatyna laýyk gelmegidir.

● adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kagyz ýüzünde däl-de hakykat ýüzünde kepillendirilmegi, üpjün edilmegi we olaryň hukuk hem durmuş taýdan goraglylygy;

● syýasy we aňyýet köppikirliginiň (plýuralizmiň) bolmagy. Bu bolsa döwletde konstitusiýanyň esasynda dürli jemgyýetçilik guramalarynyň, birleşikleriniň, syýasy partiýalaryň hereket etmegini, dürli aňyýet akymlarynyň, garaýyşlarynyň bolmagyny aňladýar;

● jemgyýetde kanunylygyň we hukuk tertibiniň durnuklylygynyň ýola goýulmagy we ş.m.

Hukuk döwletiniň goşmaça alamatlary hökmünde bolsa şu aşakdakylary görkezmek bolar:

● köpçülikleýin düşünjede hukugy inkär etmegiň ýok edilmegi;

● jemgyýetiň ýokary syýasy-hukuk sowatlylygynyň üpjün edilmegi;

● şahsyýetiň islendik görnüşdäki eden-etdilige garşy durmak ukyplarynyň kämilliginiň üpjün edilmegi;

● haýsydyr bir syýasy partiýanyň özi bilen döwlet edaralaryny çalşyrmagyna ýol berilmezligi;

● hukuk hakykatyna diňe döwlet tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň täsiri bilen emele gelýän hadysa hökmünde, hukuga bolsa diňe hereket edýän kanunçylyk hökmünde garalmagynyň ýeňip geçilmegi;

● hereket edýän kanunçylyga çenden aşa baha berilmeginiň, onuň çakdan aşa taryplanmagynyň we oňa hiç bir kemi bolmadyk, çirksiz serişde hökmünde garalmagynyň ýeňlip geçilmegi;

● hukuk kadalarynyň aglaba köpüsiniň hiç bir gatnaşygy düzgünleşdirmän ýa-da beýan ediljek bolýan täze hukuk tertibini anyk açyp görkezmän jarnamalaýyn we mazmunsyz-galyplaýyn (dekoratiw[1]) häsiýetli bolmagynyň aradan aýrylmagy;

● hukuk ylmynyň öz-özüni gysyp saklaýan dar düşünjeliligiň çygryndan çykyp, dünýä tejribesiniň gazananlaryny özleşdirip, onuň bilen aýakdaş gitmegi we ş.m.

Umumy hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, hukuk döwletinde hukuklar we azatlyklar ýöne bir kagyz ýüzünde yglan edilmek bilen çäklenilmeýär-de, olaryň hakykat ýüzünde durmuşa geçirilmegi:

● ösen raýat jemgyýeti;

● döwlet edaralarynyň bu ugurdan netijeli, utgaşykly we ýokary guramaçylykly işjeňligi;

● özbaşdak hereket etmäge we yzygiderli kämilleşmäge ukyply bazar gatnaşyklarynyň ulgamy;

---

[1] Lat. Decorare – bezemek. Bu ýerde ulanylýan manysynda hukuk kadalarynyň daşky görnüşiniň, galybynyň hukuk kadalaryna bildirilýän ähli talaplara laýyk gelmegini, emma mazmunynyň bulaşyk, düşnüksiz ýa-da boş, manysyz bolmagyny aňladýar.

● şahsyýetiň, onuň eýeçiligindäki emlägiň howpsuzlygynyň ýokary derejesi;

● bozulan hukuklary we azatlyklary dikeltmegiň ýokary derejede netijeli ulgamy ýaly durmuşy şertleriň hem hukuk serişdeleriniň bolmagy we hereket etmegi bilen üpjün edilýär.

Hukuk döwletiniň esasy ýörelgeleriniň biri hökmünde döwletiň we şahsyýetiň biri-biri babatda özara jogapkärçiliginiň bolmagy şu aşakda görkezilen ýagdaýlarda ýüze çykýar:

● döwletiň öz ygtyýarlygynda bolan ähli aňyýet, syýasy we hukuk serişdeleri bilen adamyň hem raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirmek hem üpjün etmek babatda işleri amala aşyrmaga borçlulygynda;

● şahsyýet amala aşyran hukuk bozmasy üçin jogapkärçilige çekilende döwletiň onuň eden etmişini, onuň sebäplerini we şertlerini doly öwrenmeklige hem-de bellenýän temmi çäresini örän berk şahsylaşdyrmaklyga (indiwiduallaşdyrmaklyga) borçlulygynda;

● şahsyýetiň döwletde öz hukuklaryny goramaklygy, olaryň durmuşa geçirilmeginiň, şonuň ýaly-da olar bozulan ýagdaýynda olaryň dikeldilmeginiň üpjün edilmegini talap etmäge haklydygynda;

● döwletiň bolsa şahsyýetden hereket edýän kanunçylygyň talaplaryny berjaý etmäge, talap etmäge ygtyýarlydygynda;

● şahsyýetiň döwletiň kadalay hereket etmegini üpjün etmek maksady bilen, serişdeler toplamak üçin zerur bolan salgytlary tölemäge we döwleti goramaga borçludygynda;

● diňe döwletiň raýaty däl-de, taraplaryň haýsy hem bolsa ririniň öz borçlaryny berjaý etmedik ýa-da hukuklaryň (ygtyýarlyklaryň) amala aşyrylmagyna päsgelçilik beren halatynda, biri-birini jogapkärçilige çekmäge hakykat ýüzündäki mümkinçilikleriniň bolmagynda we ş.m.

Hukuk döwletinde döwlet bilen şahsyýetiň özara gatnaşyklarynyň hukuk häsiýeti şu aşakdaky ýagdaýlardan ybarat bolýar:

● döwlet şahsyýet barlyşyksyz garşydaşlar hökmünde däl-de, biri-biri babatda özara hukuklary hem borçlary, ikitaraplaýyn hukuk jogapkärçiligini çekmäge mümkinçilikleri bolan ýakyn hyzmatdaşlar hökmünde gatnaşmaly;

● döwletde raýatlaryň hem häkimiýet ygtyýarlyklary bolan döwlet düzümleriniň (strukturalarynyň) işjeňliginiň özlerini alyp baryşlarynyň düzgün-tertibi hukuk taýdan örän berk we anyk kesgitlenen bolmaly;

● döwletde döwlet edaralarynyň ähli hereketleri «kanunda gönüden-göni görkezilen hereketi amala aşyrmaga rugsat berlendir», «kanunda rugsat berilmedik hereketleri amala aşyrmak gadagan edilendir» diýen hukuk ýörelgelerine esaslanmaly, raýatlar bolsa öz hereketlerinde « kanunda gadagan edilmedik islendik herekete rugsat berlendir» diýen hukuk ýörelgesinden ugur almaly.

Mälim bolşy ýaly, döwlet häkimiýetiniň şahalara bölünme ýörelgesi hukuk döwletiniň iň esasy ýörelgeleriniň biri we hukuk döwletini gurmagyň konstitusion ýörelgesi bolup, onuň mazmuny şu aşakdakylardan ybaratdyr:

a) ýeke-täk çeşmesi halk bolan bir bitewi döwlet häkimiýetiniň özbaşdak üç şaha – kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünmegi hem-de döwlet häkimiýet ygtyýarlyklarynyň olaryň arasynda paýlanmagy;

b) häkimlik ygtyýarlyklarynyň hem wezipeleriniň döwlet edaralarynyň derejeleriniň ulgamyna görä bölünmegi, Mysal üçin, merkezi döwlet häkimiýet edaralarynyň derejesi – Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň derejesi – ministrlikler, pudak edaralary (assosiýasiýalar, komitetler, gulluklar), ýerli häkimiýet edaralarynyň derejesi – welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň häkimlikleri, ýerli öz-özüňi dolandyryş derejesi – geňeşler, arçynlar (bir tarapdan geňeşler döwlet häkimiýet edaralarynyň derejeleriniň ulgamynyň düzüm bölegi bolmasa-da, beýleki tarapdan olar jemgyýetiň agzalaryny dolandyrmaklyga işjeň gatnaşýarlar, şonuň üçinem döwlet dolandyryş edaralarynyň derejeleri görkezilende olary hem agzaman geçmek bolmaz).

Döwlet we hukuk taglymatynda häkimiýetleriň bölünmeginiň baş maksadynyň tutuş döwlet häkimiýetiniň bir adamyň ýa-da guramanyň ygtyýarlygynda jemlenmeginiň, ýagny awtoritar ýa-da totalitar düzgüniň ýüze çykmagynyň öňüni almakdan ybaratdygy kesgitlenilýär.

Bulardan başga-da hukuk döwletiniň emele gelmegi üçin şu aşakda görkezilen şertleriň hem bolmagy zerurdyr:

● *ykdysady* şertler (eýeçiligiň dürli görnüşleriniň bolmagy we olaryň deň hukuklardan peýdalanyp, deň borçlary berjaý etmekleri, ykdysady gatnaşyklaryň gatnaşyjylaryň deňligi, halkyň maddy hal-ýagdaýynyň yzygiderli ýokarlanmagy we ş.m.);

● *durmuşy* (sosial) şertler (gatnaşyklaryň agramly bölegini öz-özi düzgünleşdirýän raýat jemgyýetiniň bolmagy, ilatyň durmuş taýdan goraglylygynyň ýokary derejesiniň üpjün edilmegi we ş.m.);

● *hukuk* şertleri (jemgyýetiň agzalarynyň ählisiniň (iň bolmanda agramly böleginiň) syýasy we hukuk düşünjesiniň ýokary derejede ösen bolmagy, şahsyýet babatdaky zulumyň, eden-etdiligiň düýbünden ýok edilmegi, adyl kazyýetligiň adalatly amala aşyrylmagy, döwletiň tutuş işinde şahsyýetiň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň üpjün edilmegine aýratyn ähmiýet berilmegi we onuň beýleki bähbitlerden ýokarda görülmegi, jemgyýetde hukuk tertibiniň mäkäm ýola goýulmagy we ş.m.);

● *ahlak* şertleri (jemgyýetiň hem döwletiň ynsanperwerlik, adalatlylyk, deňhukuklylyk, erkinlik we ş.m. başlangyçlara juda berk eýermegi we esaslanmagy).

## §3. Türkmenistan dünýewi döwlet

*Dünýewi döwlet* – bu döwletiň dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanunyň öňünde deňligini kepillendirmek bilen, dini guramalaryň döwletden aýrydygyny we olaryň döwletiň işlerine gatyşmagyna hem-de döwlet işlerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýändigini, şeýle hem döwletiň bilim ulgamynyň dini guramalardan aýrydygyny we onuň dünýewi häsiýete eýedigini aňladýar.

Taryhdan bize belli bolşy ýaly, döwlet bilen diniň arasyndaky gatnaşyklar her döwürde dürli-dürli bolup gelipdir. Esasan hem gadymy döwürlerde, döwlet häkimiýetiniň gönüden-göni din wekilleriniň elinde bolandygyny we onuň (döwletiň) ähli edaralarynyň işleriniň ilkinji nobatda degişli ynanjyň (dini ynanjyň) üýtgewsiz kanonlaryna (dogmatlaryna[1]) esaslanandygyny bize taryh şaýatlyk edýär. Döwleti öwreniş taglymatynda, düýewi döwletiň tersine çykyş edýän döwletiň bu görnüşi teokratik[2] döwlet diýlip atlandyrylýar. Häzirki wagtda kardinallaryň[3] geňeşi tarapyndan ömürlik saýlanýan Rim Papasy tarapyndan dolandyrylýan Watikany, teokratik döwletiň nusgawy görnüşi hökmünde görkezmek bolar. Din bilen döwletiň arasyndaky öz boluşly gatnaşyklar ýola goýlan döwletiň ýene bir görnüşi klerikal[4] döwlet diýlip atlandyrylýar. Döwletiň bu görnüşinde din we metjit döwlet bilen bir däl, ýagny olar biri-birindan aýry hereket edýär, ýöne şol bir wagtda bu döwletde din döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli taraplaryna, şol sanda döwletiň alyp barýan syýasatyna, kazyýet we bilim ulgamlaryna we ş.m. özüniň belli bir täsirini ýetirýär. Häzirki wagtda klerikal döwletiň nusgawy görnüşinde Eýran Yslam Respublikasyny görkezmek bolar.

Häzirki zaman dünýewi döwletine metjitleri we dürli dini guramalary döwlet institutlary däl-de raýat jemgyýetiniň instutlary hökmünde ykrar etmeklik, ýagny dini we dürli dini guramalary döwletden aýry hereket edýän jemgyýetçilik birleşikleri hökmünde ykrar etmeklik häsiýetlidir. Adatça dünýewi döwletlerde: dürli dinleriň, dini ynançlaryň (konfessiýalaryň[5]) deňligi, dini guramalaryň erkinligi, kanun tarapyndan bellenilen çäklerde dini birleşikleriň hereket etmegi we işlemegi, raýatlaryň metjitler bilen bolan gatnaşyklaryna we dini guramalaryň içerki işlerine döwletiň gatyşmazlygy, edil şonuň ýaly hem dini guramalaryň döwletiň işine, onuň alyp barýan içeri we daşary syýasatyna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň

---

[1] Gr. Dogma (dogmatos) – pikir, garaýyş, nukdaýnazar, okuw, taglymat: 1) hiç bir ýagdaýda üýtgemeýän jedelsiz, ýeke-täk hakykat hökmünde kabul edilýän düzgün, kesgitleme; 2) haýsydyr bir diniň ýa-da agalyk edýän aňyýetiň esasy ýörelgesi.

[2] Gr. theos – Hudaý we kratos – häkimiýet.

[3] Lat. Cardinalis – baştutan, baş, ýolbaşçy. Katolik ybadathanasynda Rim Papasyndan soňky, ikinji orny eýeleýän dini wezipeli şahs.

[4] Lat. Clericus – ruhany, ybadathana.

[5] Lat. Confessio – dine ynanmak.

we ş.m. işlerine gatyşmazlygy, döwletiň bilim ulgamynyň dini guramalaryndan we metjitlerden aýradygyny, şeýle hem, dini guramalaryň döwletiň dünýewi häsiýetlidigini ykrar etmek ýaly ýörelgelere esaslanýar.

Döwletiň dünýewi häsiýeti dünýäniň dürli döwletleriniň konstitusiýalarynda dürli hili berkidilýär. Olaryň käbirlerinde (mysal üçin, Fransiýada, Russiýada, şonuň ýaly hem Türkmenistanda) döwletiň dünýewi döwlet bolup durýandygy göni we aýdyň görkezilýär[1]. Olaryň käbirlerinde bolsa, döwlet bilen diniň aýra hereket edýändigi (mysal üçin, Portugaliýanyň konstitusiýasynyň 41-nji maddasy), käbirlerinde bolsa, döwlet bilen ybadathanalaryň özlerine degişli ýörelgelerinde garaşsyzdygy we özbaşdakdygy (mysal üçin, Italiýanyň konstitusiýasynyň 7-nji maddasy) baradaky aýratyn hukuk kadalary berkidilýän bolsa, başga birleri, «hiç--hili din döwlete degişli bolup bilmez» (mysal üçin, Ispaniýanyň konstitusiýasynyň 16-njy maddasynyň 3-nji bölegi) ýa-da «döwletiň haýsy hem bolsa, bir dine hemaýat etmejekdini kepil geçýär» (mysal üçin, Irlandiýanyň konstitusiýasynyň 44-nji maddasynyň 2-nji bölegi) diýip ykrar edýärler.

Özüni dünýewi döwlet diýip ykrar eden islendik döwlet öz çäklerinde haýsydyr bir dini, özüniň resmi dini hökmünde yglan edip, öz raýatlarynyň isleginiň garşysyna gidip şol dine ýa-da başga bir ynanja uýmaga, mejbur edip bilmeýär. Çünki, islendik demokratik jemgyýetinde dini azatlyk, her bir adamynyň dine bolan ynanjynyň diňe özüne degişlidigi ýaly kadalara esaslanýandyr. Başgaça aýdylanda din we wyždan azatlygy, bir adamyň başga bir adam tarapyndan resmi dini ykrar etmäge we ony kabul etmäge mejbur edilip bilinmezligini aňladýar. Şonuň ýaly-da dünýewi döwletde çagalar mejbury ýagdaýda, ýörüte dini mekdeplere ýa-da dini guramalara berilmeklige hem-de kimdir biriniň öz isleginiň garşysyna dini ybadathanalara gatnamaga mejbur etmeklige ýol berilmeýär. Şonuň bilen baglylykda hem dünýäniň aglaba köp demokratik, hukuk we dünýewi döwletlerinde, dine bolan garaýyşlar we gatnaşyklar şol döwletde ýaşaýan halklaryň mentalitetine, däp-dessurlaryna laýyklykda öz başdak, döwlete dahylsyz hereket edýärler. Bu bolsa, öz gezeginde döwletde ähli dinleriň we dine uýmaklygyň erkinligini, olaryň kanun öňünde deňligini kepillendirýän ýagdaý hökmünde görkezmek bolar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda Türkmenistanyň dünýewi döwletdigi baradaky hukuk kadasy berkidilýär. Bu bolsa, dini guramalaryň Türkmenistanda döwletden bölünip aýrylandygyny aňladýan hukuk kadasydyr. Türkmenistanda beýleki dinlere garanyňda belli bir din üçin ýa-da beýleki bir dinlere uýmaklyga garanyňda belli bir dine uýmaklyk üçin haýsydyr bir artykmaçlygyň ýa-da oňa çäklendirmäniň bellenilmegine ýol berilmeýär. Döwlet dine uýýan we uýmaýan raýatlaryň hem guramalaryň arasynda we olaryň dürli dine uýýan agzalarynyň arasynda özara sabyrlylyk ýagdaýyny hem-de birek-birege sarpa goýmagy üpjün etmäge ýardam edýär, dürli dini guramalaryň arasynda

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 1-nji mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

gapma-garşy durmaga, gatnaşyklary ýitileşdirmäge, duşmançylygy öjükdirmäge gönükdirilen dini ýa-da gaýry köre-körlügiň we çenden aşa birtaraplylygyň ýüze çykmagyna ýol bermeýär. Türkmenistan dini guramalaryň üstüne haýsydyr bir döwlet wezipelerini ýüklemeýär, olaryň işine, eger munuň özi kanunçylyga garşy gelmeýän bolsa gatyşmaýar. Döwlet dini guramalaryň işini we ateizmi[1] wagyz etmek baradaky işi maliýeleşdirmeýär. Türkmenistanda dini alamaty boýunça syýasy partiýalary we jemgyýetçilik hereketlerini, şeýle hem, döwlete dahylsyz döredilýän dini partiýalaryň şahamçalaryny we bölümlerini döretmäge hemem olaryň işlemegine ýol berilmeýär[2].

Türkmenistanda dini guramalar, kanuna laýyklykda Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmäge borçludyr. Dini döwlete, konstitusiýa garşy gelýän ýagdaýda wagyz etmek, duşmançylygy, ýigrenjiligi, milletara gapma-garşylygy oýarmak, jemgyýetde ahlak esaslaryny we raýat ylalaşygyny bozmak, ýagdaýy durnuksyzlaşdyrýan töhmetçilikli toslamalary ýaýratmak, ilat arasynda howsala döretmek, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary bulaşdyrmak hem-de döwlete, jemgyýete, şahsyýete garşy gönükdirilen beýleki hereketleri amala aşyrmak maksady bilen peýdalanmaklyga ýol berilmeýär. Ýykgynçylyga, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna we beýleki jenaýatlara ýardam edýän, şeýle hem şolary wagyz edýän dini guramalaryň, akymlaryň, toparlanyşyklaryň we başga guramalaryň işi gadagan edilýär[3].

Umuman aýdylanda, häzirki wagtda ähli dünýewi döwletlerde, şonuň ýaly-da Türkmenistanda hem her bir şahsyýetiň dine uýmak erkinligi, dini däp-dessurlary berjaý etmek, şeýle hem, dini guramalaryň hereket edýän hukuk kadalarynyň çäklerinde kadaly işlemekleri üçin zerur bolan kanunçylyk şertleri döredilendir. Her bir adamynyň öz ruhy azatlygyny doly durmuşa geçirmegi üçin ähli şertleriň döredilmegi bolsa, ýurdy demokratiýalaşdyrmagyň aýdyň subutnamasy bolmaklygynda galýar.

## §4. Türkmenistan bitarap döwlet

*Bitaraplyk (neýtralitet)* – «neutralitet – oňa-da, beýlekä-de degişli däl» diýen nemes we «neuter – oňa-da, beýlekä-de degişli däl»[4] diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, halkara hukugynda hiç bir harby bileleşiklere, harby hereketlere

---

[1] Gr. Atheos – hudaýsyzlyk. Ýagny adamzat taryhynyň dowamynda dörän, Hudaýyň bardygyny inkär etmek baradaky garaýyşlaryň jemidir;

[2] «Dine uýmak erkinligi we dini guramalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasy;

[3] Şol ýerde. 7-nji mad.

[4] Большая электронная энциклопедия «Кирилл и Мефодий» Москва. 2007.

goşulmazlygy, parahatçylyk we asudalyk syýasatyny alyp barmaga borçlanmagy aňladýar.

Mälim bolşy ýaly, hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna (statusyna) eýe bolan döwlet, öz üstüne alan halkara borçlaryna laýyklykda harby bileleşiklere we soýuzlara we döwletara harby birleşiklerine gatnaşmaýar. Şonuň ýaly-da ol ýadro, himiki we bakteriologiýa ýaraglaryny we köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň gaýry görnüşlerini edinmeýär, öndürmeýär, ýaýratmaýar we olaryň garşysyna çykyş edýär, öz çäklerinde, döwletleriň bähbitlerine we olaryň howpsuzlygyna wehim saljak beýleki daşary ýurt döwletileriniň harby bazalaryny ýerleşdirmegi ret edýär, bütin dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek maksatlaryndan ugur alyp, ýaragsyzlandyrmak meseleleri bilen bagly dürli maksatnamalaryň işlenilip düzülmegini goldaýar we oňa işjeň gatnaşýar, şeýle hem döwletleriň arasyndaky özara ylalaşykly gatnaşyklary ýola goýmaklyga ýardam edýär. Hemişelik bitaraplykdan gelip çykýan borçlar, diňe bir uruş döwründe däl-de eýsem parahatçylyk döwründe hem amala aşyrylýar. Ýöne bu diýildigi, hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan döwletiň öz-özüni goramak hukugyndan mahrum edilýär diýildigi däldir. Çünki islendik ýagdaýda-da, özbaşdaklygyna eýe bolan döwlet öz üstüne edilen dürli agressiýalardan[1] we ýaragly çaknyşyklardan goranmaklyga doly hukuklydyr.

Hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýy berilýän döwletiň gatnaşmagy bilen, gyzyklanýan döwletleriň şol döwlete bu derejäni bermek barada özara baglaşan degişli halkara şertnamalary, görkezilen hukuk ýagdaýyň (hemişelik bitaraplygyň) resmi (hukuk) taýdan berkidilmegi bolup durýar. Şunuň ýaly şertnamanyň hereket etmegi bolsa, belli bir wagt möçberi bilen çäklendirilmän (şertlendirilmän), ol hemişelik esasda baglaşylýar. Hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan döwlet hem öz gezeginde, bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan bellenilen borçnamalary doly we gyşarnyksyz berjaý etmäge borçlanýar. Ýagny bu diýildigi eger-de islendik döwletleriň arasynda harby çaknyşyklar ýüze çykan ýagdaýynda, ol bitaraplyk hukuk ýagdaýy bilen bagly halkara hukugynyň kadalaryna gollanmaly diýildigidir. Adatça şunuň ýaly ýagdaý ýüze çykanda (harby çaknyşykda) hemişelik bitarap döwlet 1907-nji ýylda Gagada kabul edilen «Guryýer uruşlaryndaky bitaraplyk hakynda» bäşinji konwensiýa, «Deňiz urşy hakyndaky» on üçünji konwensiýa gollanýar. Ýöne muňa garamazdan islendik ýagdaý ýüze çykanda-da hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan döwlet, hiç-haçan öz çäklerini ýa-da howa giňişligini bir döwletiň içerki işlerine goşulmaklyk ýa-da şol döwletiň garşysyna duşmançylyk hereketlerini amala aşyrmak üçin öz çäklerinden peýdalanmaklyga ýol berip bilmeýär. Hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan döwletiň özi tarapyndan hem şunuň ýaly hereketleri amala aşyrmaklyga ýol berilmeýär.

---

[1] Lat. Aggressio – çozuş. Haýsydyr bir döwletiň territoriýasyny basyp almak maksady bilen, bir ýa-da birnäçe döwletleriň başga bir döwletiň üstüne ýaragly çozuşlary.

Adatça döwletiň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýy halkara şertnamalary bilen bir hatarda, şol döwletiň milli hukuk namalarynda hem berkidilýär[1]. Her bir döwlet halkara hukugynyň ýörelgelerini we kadalaryny berjaý etmek bilen, özüniň daşary syýasatyny amala aşyrmakda özbaşdaklyk hukugyna eýe bolup durýarlar. Döwlet tarapyndan özüniň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny kesgitlemekligiň ygtybarly ýollaryny saýlap almaklygyň usullary-da görkezilen hukugyň aýdyň şöhlelenmesi hökmünde çykyş edýär. Bu bolsa, öz gezeginde hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýy hakyndaky meseleleriň degişli hukuk namalary kabul etmek arkaly, döwlet tarapyndan öz başdak kesgitlenip bilinýänligini görkezýär. Esasy zatlaryň biri-de şol hukuk ýagdaýyň soň beýleki döwletler tarapyndan ykrar edilmegidir. Häzirki wagtda tejribede bitaraplygyň, esasan, şu aşakdaky ýaly görnüşleri bardyr:

1. hemişelik bitaraplyk;
2. ewentual[2] bitaraplyk;
3. şertnamalaýyn bitaraplyk;
4. adaty bitaraplyk;
5. pozitiw bitaraplyk.

● *Hemişelik bitaraplyk* – bu halkara arenasynda resmileşdirilýän bitaraplykdyr (Türkmenistan, Şweýsariýa, Awstriýa);

● *Ewentual bitaraplyk* – bu takyk bir urşa, ýagny häzirki wagtda başlan, gidip duran ýa-da gelejekde bolaýmagy mümkin bolan ýaragly çaknyşyklara gatnaşmazlyga we uruşýan taraplaryň hiç birine-de harby kömegini bermezlige borçlanan döwletiň halkara-hukuk ýagdaýydyr. Bitaraplygyň bu görnüşi döwletiň özi tarapyndan, birtaraplaýyn tertipde kesgitlenilýär we diňe belli bir uruş döwründe saklanýar;

● *Şertnamalaýyn bitaraplyk* – bu özünde iki ýa-da birnäçe döwletleriň arasynda bitaraplyk ýörelgelerini ulanmak baradaky ylalaşygy, şertnamany göz öňünde tutýan bitaraplykdyr;

● *Adaty bitaraplyk* – bu uzak möhletiň dowamynda belli bir döwlet tarapyndan bitaraplyk ýörelgeleriniň saklanmagydyr;

● *Pozitiw bitaraplyk* – bu dürli harby bileleşiklere ýa-da harby bloklara[3] goşulmazlyk syýasatyny alyp barýan döwletleriň ýörelgeleri we syýasatlarydyr.

---

[1] Mysal üçin, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýy hakyndaky hukuk kadalary, BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda kabul edilen 50/80A sanly rezolýusiýasy bilen bir hatarda, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda we 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda berkidilýär;

[2] Lat. Eventus – ýagdaý. Şertleriň laýyk gelen ýagdaýynda mümkin bolan ýa-da birnäçe ýagdaýlarda;

[3] Ýagny harby syýasy bileleşik ýa-da döwletleriň umumy syýasy, ykdysady we harby meseleleri çözmek maksady bilen özara bilelikde baglaşan ylalaşygydyr.

Taryhy geçmişde bitaraplyk hukuk ýagdaýyna 1831-1919-njy ýyllar aralygynda Belgiýa döwleti, 1867-1944-nji ýyllar aralygynda bolsa Lýuksemburk döwleti eýe bolupdylar. Häzirki wagtda bu hukuk ýagdaýyna, Tukmenistandan başga-da, Şweýsariýa Konwederasiýasy, Awstriýa Respublikasy, Laos Halk Demokratik Respublikasy, Kambodža döwleti we Malta Respublikasy ýaly döwletler eýedirler.

Mälim bolşy ýaly, 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 46-njy sessiýasynda BMG-nyň agzalygyna kabul edilipdi. Onuň yzysüresi ýagny, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 50/80A sanly rezolýusiýasy[1] bilen BMG-niň şol wagtky agzalary bolan 185 döwletiň goldamagynda Türkmenistana hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýy berildi. Şeýlelik bilen, Türkmenistan Dünýä Bileleşigi tarapyndan resmi ykrar edilen ilkinji hemişelik bitarap döwlet boldy. Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýy häzirki wagtda Türkmenistanyň milli kanunçylygynda hem hususanda Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda we 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda öz mynasyp ornuny tapdy.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy jemgyýetde durnuklylygy we ylalaşygy pugtalandyrmaga, sebitiň (regionyň[2]) we ähli dünýäniň döwletleri bilen onuň dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen içeri we daşary syýasatynyň esasy bolup durýar. Ol öz içeri we daşary syýasy ugrunyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna hem-de şunuň bilen baglanyşykly öz üstüne alan halkara borçnamalaryna gyşarnyksyz we takyk laýyk gelmegini kepillendirýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan döwleti özüniň bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty durmuşa geçirýär, başga döwletler bilen gatnaşyklaryny deňhukuklylyk, özara hormat goýmak we başga döwletleriň içeri işlerine gatyşmazlyk ýörelgelerinden ugur alyp guraýar. Türkmenistan ykdysady, medeni, gumanitar we sosial ugurlarynda halkara hyzmatdaşlygy, deň hukuklylygy, özara peýdalylygy we bu işe çekilen taraplaryň bähbitlerini hasaba almak esasynda, şeýle hyzmatdaşlyga ýurtlaryň we sebitleriň arasynda ynanyşmagy pugtalandyrmagyň, parahatçylygy we durnuklylygy saklamagyň möhüm guraly hökmünde garamak esasynda ösdürýär. Beýleki döwletler bilen olaryň medeniýetini, däplerini we adatlaryny hormatlamak esasynda gatnaşyklaryny guraýar hem-de bu ugurdan halklary ýakynlaşdyrmagyň, olaryň arasynda özara düşünişmegi çuňlaşdyrmagyň, dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň möhüm serişdesi hökmünde garaýar. Türkmenistan milletleriň we halkyýetleriň arasyndaky ruhy gymmatlyklaryň alşylmagyna, medeniýetleriň özara ornaşmak we özara baýlaşmak proseslerine hem ýardam edýär. Görkezilenler bilen bir hatarda, Türkmenistan öz maliýe-ykdysady giňişliginiň açyklygyny

[1] Lat. Resolution – ygtyýar bermek. Ýagny belli bir ýygnagyň çözgüdi;

[2] Lat. Regionis – sebit. Belli bir çägi. Mysal üçin, Merkezi Aziýa sebiti, Kawkaz sebiti we ş.m.

üpjün edýär, ähli döwletler, halkara ykdysady we maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýär, ýüze çykan ykdysady meseleleri (problemalary) çözmekde dünýä bileleşiginiň tagallalaryna ýardam edýär. Syýasy maksatlara ýetmegiň serişdesi hökmünde bolsa, döwletleriň biriniň beýlekilere zor salmagyny makul däl diýip hasap edýär we olar tarapyndan yglan edilýän ykdysady gabawlara gatnaşmaýar. Bosgunlaryň, göçürilen adamlaryň we mejbury göçürip ýerleşdirilenleriň hukuklaryny üpjün edýän esasy halkara hukuk namalaryna goşulýar, uruşlardan, dawalardan, tebigy betbagtçylyklardan, heläkçiliklerden, epidemiýalardan hem-de olaryň netijelerinden ejir çeken ýurtlara kömek bermek boýunça döwletleriň we halkara jemgyýetçiliginiň tagallalaryny goldaýar hem-de bütindünýä we sebitleýin gumanitar guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan döwleti görkezilenleriň esasyn-da we özüniň bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan ähli halkara borçlaryny gyşarnyksyz berjaý edip, özüniň içeri we daşary syýasatyny BMG-niň tertipnamasyna, Türkmenistanyň konstitusiýasyna we «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryyna laýyklykda amala aşyrýar. Şonuň bilen baglylykda hem Türkmenistan hiç-hili harby bileleşiklere we soýuzlara, berk borçnamalary bilen ýa-da gatnaşyjylaryň kollektiwleýin jogapkärçiligini göz önünde tutýan döwletara birleşiklerine gatnaşmaýar. Çünki Türkmenistanyň daşary syýasaty beýleki döwletleriň bähbitlerini çäklendirmeýär, zeper ýetirmeýär we olaryň howpsuzlygyna wehim salmaýar. Şonuň ýaly-da, urşa we harby dawalara başlamazlygy, olara gatnaşmazlygy (özüni goramaga bolan hukugyny amala aşyrmak muňa girmeýär), urşa ýa-da harby dawa getirip biljek syýasy, diplomatik ýa-da başga hereketleri amala aşyrmazlygy özüne borç edinýär. Eger-de Türkmenistanyň garşysyna harby agressiýa amala aşyrylan halatynda, ol kanun esasynda beýleki döwletlere ýa-da Birleşen Milletler Guramasyna kömek sorap ýüz tutmaga haklydyr[1].

[1] «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasy.

*6.1-nji çyzgy*

**Demokratik döwletiň esasy alamatlary:**

- Onda ösen wekilçilik instituty bardyr, ýagny ol wekilçilikli demokratiýa esaslanýandyr;
- Onda adamyň we raýatyň hukuklary hem-de azatlyklary doly üpjün edilýändir.

**HUKUK DÖWLETINIŇ ESASY ALAMATLARY**

- Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda hukuga laýyk kanunlaryň agalyk etmegi
- Döwletiň we şahsyýetiň biri-biri babatda özara jogapkärçiliginiň bolmagy
- Jemgyýetde kanunylygyň we hukuk tertibiniň durnuklylygynyň ýola goýulmagy
- Syýasy we aňyýet köppikirliginiň (plýuralizmiň) bolmagy
- Döwlet häkimiýet edaralarynyň işjeňliginiň döwletde häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünmegi hakyndaky ýörelgä laýyklykda guralmagy we amala aşyrylmagy
- adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kagyz ýüzünde däl-de hakykat ýüzünde kepillendirilmegi, üpjün edilmegi we olaryň hukuk hem durmuş (sosial) taýdan goraglylygy we ş.m.

*6.2-nji çyzgy*

**Hukuk döwletiniň goşmaça alamatlary**

- köpçülikleýin düşünjede hukugy inkär etmegiň ýok edilmegi
- jemgyýetiň ýokary syýasy-hukuk sowatlylygynyň üpjün edilmegi
- şahsyýetiň islendik görnüşdäki eden-etdilige garşy durmak ukyplarynyň kämilliginiň üpjün edilmegi
- haýsydyr bir syýasy partiýanyň özi bilen döwlet edaralaryny çalşyrmagyna ýol berilmezligi
- hukuk hakykatyna diňe döwlet tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň täsiri bilen emele gelýän hadysa hökmünde, hukuga bolsa diňe hereket edýän kanunçylyk hökmünde garalmagynyň ýeňilip geçilmegi
- hereket edýän kanunçylyga çendenaşa baha berilmeginiň, onuň çakdanaşa taryplanmagynyň we oňa hiç bir kemi bolmadyk, çirksiz serişde hökmünde garalmagynyň ýeňlip geçilmegi
- hukuk kadalarynyň aglaba köpüsiniň hiç bir gatnaşygy düzgünleşdirmän ýa-da beýan ediljek bolýan täze hukuk tertibini anyk açyp görkezmän jarnamalaýyn we mazmunsyz-galyplaýyn häsiýetli bolmagynyň aradan aýrylmagy
- hukuk ylmynyň öz-özüni gysyp saklaýan dar düşünjeliligiň çygryndan çykyp, dünýä tejribesiniň gazananlaryny özleşdirip, onuň bilen aýakdaş gitmegi we ş.m

**Hukuk döwletinde hukuklaryň we azatlyklaryň hakykat ýüzünde durmuşa geçirilmegi üpjün edilýär**

- ösen raýat jemgyýetiniň bolmagy bilen
- döwlet edaralarynyň netijeli, utgaşykly we ýokary guramaçylykly işjeňligi bilen
- özbaşdak hereket etmäge we kämilleşmäge ukyply bazar gatnaşyklarynyň ulgamy bilen
- şahsyýetiň, onuň eýeçiligindäki emlägiň howpsuzlygynyň ýokary derejesi bilen
- bozulan hukuklary we azatlyklary dikeltmegiň ýokary derejede netijeli ulgamy we ş.m. bilen

*6.3-nji çyzgy*


**Hukuk döwletiniň emele gelmeginiň şertleri**
**Ykdysady şertler**
eýeçiligiň dürli görnüşleriniň bolmagy we olaryň deň hukuklardan peýdalanyp, deň borçlary berjaý etmekleri, ykdysady gatnaşyklara gatnaşyjylaryň deňligi, halkyň maddy hal-ýagdaýynyň yzygiderli ýokarlanmagy we ş.m.
**Durmuşy şertler**
gatnaşyklaryň agramly bölegini öz-özi düzgünleşdirýän raýat jemgyýetiniň bolmagy, ilatyň durmuş taýdan goraglylygynyň ýokary derejesiniň üpjün edilmegi we ş.m.
**Hukuk şertleri**
jemgyýetiň agzalarynyň ählisiniň (iň bolmanda agramly böleginiň) syýasy we hukuk düşünjesiniň ýokary derejede ösen bolmagy, şahsyýet babatdaky zulumyň, eden-etdiligiň düýbünden ýok edilmegi, adyl kazyýetiň hakykatdan hem adalatly amala aşyrylmagy we ş.m.
**Ahlak şertleri**
jemgyýetiň hem döwletiň ynsanperwerlik, adalatlylyk, deňhukuklylyk, erkinlik we ş.m. başlangyçlara juda berk eýermegi we esaslanmagy

*6.4-nji çyzgy*

**Gatnaşyjy şahslaryň hukuk ýagdaýynyň görnüşleri**

adamyň we raýatyň konstitusion-hukuk (umumy) ýagdaýy

bu adamyň we raýatyň döwletiň konstitusiýasynda berkidilen hukuklarynyň, azatlyklarynyň we borçlarynyň jemidir. Umumy hukuk ýagdaýy (statusy) hemmeler üçin binýatlaýyn we ýeke-täk bolandygy sebäpli, ol durnuklylygy we üýtgewsizligi bilen tapawutlanýar hem diňe kanun çykaryjynyň erk-islegi bilen üýtgeýär

ýörite (ugurlaýyn) hukuk ýagdaýy

bu pensiýa alýanlar, maýyplar, döwlet gullukçylary, harby gullukçylar we ş.m. ýaly gatnaşyjy şahslaryň (subýektleriň) belli-belli görnüşleriniň hukuklarynyň hem borçlarynyň jemidir. Ýörite (ugurlaýyn) hukuk ýagdaýy (statusy) umumy hukuklara hem azatlyklara esaslanýar, ýöne jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň takyk çygryna mahsus bolan hukuklary, borçlary we ýeňillikleri goşmaça özünde jemleýär

şahsyýetiň şahsy (indiwidual) hukuk ýagdaýy

bu takyk şahsyýetiň diňe ýeke-täk özüne degişli bolan hukuklaryny hem-de diňe şonuň üstüne ýüklenen hukuk (ýuridik) borçlaryň jemini aňladýan hukuk ýagdaýydyr. Ol ýa-da beýleki hukuk hadysalaryna, hukuk wakalaryna baglylykda hukuk ýagdaýynyň bu görnüşiniň mazmuny şahsyýetiň jynsyna, ýaşyna, bilimine, maşgala ýa-da emläk ýagdaýyna, saglyk ýagdaýyna we ş.m. bagly bolup durýar

*6.5-nji çyzgy*


*Bitaraplyk* (neỳtralitet) – bu halkara hukugynda hiç bir harby bileleşiklere, harby hereketlere goşulmazlyk, parahatçylyk we asudalyk syỳasatyny alyp barmaga borçlanmakdyr
Häzirki wagtda tejribede bitaraplygyň, esasan, şu aşakdaky ýaly görnüşleri bardyr:
*Hemişelik bitaraplyk:* halkara tertibinde resmileşdirilýän bitaraplykdyr (Türkmenistan, Şweýsariýa, Awstriýa);
*Adaty bitaraplyk:* uzak möhletiň dowamynda belli bir döwlet tarapyndan bitaraplyk ýörelgeleriniň saklanmagydyr;
*Şertnamalaýyn bitaraplyk:* özünde iki ýa-da birnäçe döwletleriň arasynda bitaraplyk ýörelgelerini ulanmak baradaky ylalaşygy, şertnamany göz öňünde tutýan bitaraplykdyr;
*Pozitiw bitaraplyk:* dürli harby bileleşiklere ýa-da harby bloklara goşulmazlyk syýasatyny alyp barýan döwletleriň ýörelgeleri we syýasatlarydyr;
*Ewentual bitaraplyk:* takyk bir urşa, ýagny häzirki wagtda başlan, gidip duran ýa-da gelejekde bolaýmagy mümkin bolan ýaragly çaknyşyklara gatnaşmazlyga we urşýan taraplaryň hiç birine-de harby kömegini bermezlige borçlanan döwletiň halkara-hukuk ýagdaýydyr. Bitaraplygyň bu görnüşi döwletiň özi tarapyndan, birtaraplaýyn tertipde kesgitlenilýär we diňe belli bir uruş döwründe saklanýar;

## Sowalnama:

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Demokratiýa diýlende:**

● jemgyýetde ýüze çykýan islendik gatnaşyklaryň konstitusion-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän syýasy gurluşa düşünilýär;

● azatlygyň we erk islegiň jemine düşünilýär;

● döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşy hökmünde halkyň ykrar edilmegine, saýlawlylyk, aç-açanlyk ýörelgelerinden ugur alnyp döredilen wekilçilikli edaralar tarapyndan dolandyrylýan döwletde raýatlaryň erkinligini we deňhukuklygyny üpjün edýän syýasy düzgüne düşünilýär;

● özbaşdaklyga düşünilýär.

*Has dogry jogaby tapyň.*

**2. Demokratik döwlet diýlende:**

● adamlaryň diňe kanunda göz öňünde tutulan hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirýän döwlete düşünilýär;

● öz çäklerinde ýaşaýan raýatlaryň kanunlarda göz öňünde tutulan sosiýal--syýasy hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirýän döwlete düşünilýär;

● raýatlaryň konstitusiýada we kanunlarda göz öňünde tutulan ähli tebigy we mizemez hukuklaryny kepillendirýän döwlete düşünilýär ;

● öz çäginde dürli jemgyýetçilik guramalary we syýasy partiýalary hereket edýän, hem-de özüniň syýasy-jemgyýetçilik işiniň esasy ugurlaryny öz çäginde ýaşaýan adamlaryň we raýatlaryň tebigy hem mizemez hukuklaryny, azatlyklaryny kepillendirmeklige, şeýle hem olary goramaklyga, öz derejesi bolan halkyň özygtyýarlylygyny (halk häkimiýetliligini) doly üpjün etmeklige gönükdiren döwlete düşünilýär;

*Dogry jogaby tapyň.*

**3. Demokratik döwletiň esasy alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

● ol wekilçilikli demokratiýa esaslanýandyr, şeýle hem onda adamyň we raýatyň hukuklary hem-de azatlyklary doly üpjün edilýändir;

● onda adamlaryň elinden alyp bolmaýan tebygy we mizemez hukuklary kepillendirilýändir;

● onda halk häkimiýetiň ýeke täk gözbaşy bolup çykyş edýändir;

● adamlaryň eden-etdiligine ýol berilýär.

**4. Hukuk döwleti diýlende:**

● kadalaşdyryjy hukuk namalarda berkidilen ynsan hukuklaryny doly durmuşa geçirýän döwlete düşünilýär;

● ilkinji nobatda jemgyýetde syýasy häkimiýetiň, adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny has doly üpjün etmek üçin şertleri döredýän, şonuň ýaly-da hukuga laýyk kanunlaryň kömegi bilen döwletiň öz häkimlik ygtyýarlyklaryndan hyýanatçylykly peýdalanmagyna ýol bermeýän görnüşde guralmagyna düşünilýär;

● dürli sebäplere görä ýetirilen zeleliň (maddy, ruhy, ahlak we ş.m.) öwezini dolup berýän döwlete düşünilýär;

● kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýeti bolan döwlete düşünilýär.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**5. Hukuk döwletinde döwlet bilen şahsyýetiň özara gatnaşyklarynyň hukuklary şu aşakdakylardan ybarat:**

● döwlet şahsyýet barlyşyksyz garşydaşlar hökmünde däl-de, biri-biri babatda özara hukuklary hem borçlary, ikitaraplaýyn hukuk jogapkärçiligini çekmäge mümkinçilikleri bolan ýakyn hyzmatdaşlar hökmünde gatnaşmaly;

● döwletiň we şahsyýetiň özara biri-biri bilen sabyr takatly bolup, olaryň özüne degişli meselelerde özbaşdak hereket etmekleri;

● döwletde döwlet edaralarynyň ähli hereketleri «kanunda gönüden-göni görkezilen hereketi amala aşyrmaga rugsat berlendir», «kanunda rugsat berilmedik hereketleri amala aşyrmak gadagan edilnedir» diýen hukuk ýörelgelerine esaslanmaly, raýatlar bolsa öz hereketlerinde «kanunda gadagan edilmedik islendik herekete rugsat berlendir» diýen hukuk ýörelgesine gollanmaly;

● döwletde raýatlaryň hem häkimiýet ygtyýarlyklary bolan döwlet düzümleriniň özlerini alyp baryşlarynyň düzgün-tertibi hukuk taýdan örän berk we anyk kesgitlenen bolmaly.

*Dogry jogaby tapyň.*

**6. Dünýewi döwlet – bu**

● öz çäklerinde dürli-dürli diniň wekillerine gollaw berýän döwletdir;

● dinleriň döwletden aýradygyny we döwletde ýaşaýan raýatlara belli bir dine uýmaklygy ýa-da uýmazlygy ündeýän, görkezýän döwletdir;

● döwletiň dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanunyň öňünde deňligini kepillendirmek bilen, dini guramalaryň döwletden aýrydygyny we olaryň döwletiň işlerine gatyşmagyna hem-de döwlet işlerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýändigini, şeýle hem döwletiň bilim ulgamynyň dini guramalardan aýrydygyny we onuň dünýewi häsiýete eýedigini aňladýan döwletdir;

● din bilen ysnyşykly hereket edýän döwletdir.

**7. Döwleti öwreniş taglymatynda, düýewi döwletiň tersine çykyş edýän döwlete:**

● teokratik döwlet diýilýär;

● monokratik döwlet diýilýär;

● unitar döwlet diýilýär;

● demokratik döwlet diýilýär.

**8. Din bilen döwletiň arasyndaky öz boluşly gatnaşyklar ýola goýlan döwlete:**

● dünýewi döwlet diýilýär;

● klerikal döwlet diýilýär;

● teokratik döwlet diýilýär;

● demokratik döwlet diýilýär.

**9. Özüni dünýewi döwlet diýip ykrar eden islendik döwlet öz çäklerinde:**

● haýsydyr bir dini, özüniň resmi dini hökmünde yglan edip biler;

● öz raýatlaryna haýsy dine uýmalydygy ýa-da haýsy dine uýmaly däldigini görkezip biler;

● dini mekdeplerde, medreselerde ýa-da ybadathanalarda bilim bermekligiň okuw maksatnamasyny düzüp biler;

● haýsydyr bir dini, özüniň resmi dini hökmünde yglan edip, öz raýatlarynyň isleginiň garşysyna gidip, şol dine ýa-da başga bir ynanja uýmaga, mejbur edip bilmeýär.

**10. Dünýewi döwletde dini guramalar:**

● döwlet instituty hökmünde hereket edýär;

● jemgyýetçilik birleşikleri hökmünde hereket edýär;

● döwlet we jemgyýetçilik guramalary hökmünde hereket edýär;

● gizlinlikde hereket edýär.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**11. Hemişelik bitaraplyk hukugyna (statusyna) eýe bolan döwlet:**

● öz üstüne alan halkara borçlaryna laýyklykda milli goşuny emele getirmeýär we özüni goramak meselesinde diňe BMG agza bolan beýleki ýurtlaryň ýa-da goňşy döwletleriniň kömeginden peýdalanýar;

● öz üstüne alan halkara borçlaryna laýyklykda harby bileleşiklere we soýuzlara şeýle hem döwletara harby birleşiklerine gatnaşmaýar;

● ol ýadro, himiki we bakteriologiýa ýaraglaryny we köpçülikleýin gyryş

ýaraglarynyň gaýry görnüşlerini edinmeýär, öndürmeýär, ýaýratmaýar we olaryň garşysyna çykyş edýär;

● öz çäklerinde, döwletleriň bähbitlerine we olaryň howpsuzlygyna wehim saljak beýleki daşary ýurt döwletileriniň harby bazalaryny ýerleşdirmekden boýun gaçyrýar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**12. Häzirki wagtda bitaraplygyň, esasan, şu aşakdaky ýaly görnüşleri bardyr:**

● diňe hemişelik;
● diňe şertnamalaýyn;
● hemişelik, ewentual, şertnamalaýyn, adaty we pozitiw;
● hemişelik we adaty.

**13. Hemişelik bitaraplykdan gelip çykýan borçlar:**

● diňe uruş döwründe amala aşyrylýar;
● uruş döwründe-de, parahatçylyk döwründe-de amala aşrylýar;
● ýagdaýa görä amala aşyrylýar;
● haýsy döwürdedigine garamazdan, bitaraplykdan gelip çykýan borçlary amala aşyrmak döwletiň öz erkine bagly.

**15. Türkmenistanyň bitarplyk hukugy bitaraplygyň haýsy görnüşine degişli:**

● hämişelik;
● şertnamalaýyn;
● adaty;
● pozitiw.

# VII BAP. TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSION GURLUŞYNYŇ ESASLARY

## §1. Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary barada düşünje

Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary – bu Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslanýan ýörelgeleriniň ulgamydyr. Bu ýörelgeler Türkmenistanyň konstitusiýasynyň «Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary» atly birinji bölüminde berkidilýär. Olardan iň esasylary şular bolup durýar:

● Türkmenistan – demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasy);

● Türkmenistan kanun esasynda hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasy);

● Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös--göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 2-nji maddasy);

● Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 3-nji maddasy);

● Döwlet häkimiýeti häkimiýetleriň bölünişigi ýörelgesine esaslanyp, kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýär we biri-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýärler (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 4-nji maddasy);

● Döwlet, onuň ähli edaralary we wezipeli adamlary hukuk hem konstitusion gurluş bilen baglydyr. Türkmenistanyň konstitusiýasy döwletiň Esasy Kanunydyr. Onda berkidilen kadalar we düzgünler gös-göni hereket edýär. konstitusiýa ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 5-nji maddasy);

● Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär. Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar. Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň Kanunyndakydan

başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 6-njy maddasy);

● Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar, Türkmenistanyň kanunçylygyna hem-de halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlarynyňky ýaly hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar hem borçlary berjaý edýärler. Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara kanunda bellenilen tertipde gaçybatalga berýär (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 8-nji maddasy);

● Eýeçilik eldegrilmesizdir. Türkmenistan önümçilik serişdelerine, ýere, beýleki maddy hem intellektual gymmatlyklara hususy eýeçilik hukugyny berkarar edýär. Şonuň ýaly-da, olar raýatlaryň birleşiklerine we döwlete degişli bolup biler. Diňe döwletiň eýeçiligi bolup durýan obýektler kanun esasynda bellenilýär. Döwlet eýeçiligiň ähli görnüşleriniň deň derejedäki goragyny kepillendirýär we olaryň ösmegi üçin deň şertleri döredýär (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 9-njy maddasy);

● Türkmenistanyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar. Döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam berýär (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 10-njy maddasy);

● Döwlet dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanun öňünde deňligini kepillendirýär. Dini guramalar döwletden aýrydyr we olaryň döwlet işlerine gatyşmagyna hem-de döwlet işlerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýär. Döwletiň bilim ulgamy dini guramalardan aýrydyr we ol dünýewi häsiýete eýedir. Her bir adam özüniň dine garaýşyny özbaşdak kesgitleýär, onuň ýeke özi ýa-da beýleki adamlar bilen bilelikde islän dinine uýmaga ýa-da hiç bir dine uýmazlyga, şonuň ýaly-da dine bolan garaýyşlary bilen baglanyşykly ynam-ygtykatlaryny beýan etmäge we ýaýratmaga, dini adatlary, däp-dessurlary berjaý etmäge gatnaşmaga haky bardyr (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 12-nji maddasy);

● Türkmenistanda ýokary döwlet häkimiýetini we dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti amala aşyrýar (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 48-nji maddasy) we ş.m.

## §2. Türkmenistanda döwlet häkimiýetiniň amala aşyrylyşynyň Esasy Kanunynda berkidilişi

Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala

aşyrýar[1]» diýlip bellenýär. Bu konstitusion-hukuk kadasy döwletiň özygtyýarlylygynyň halkyň özygtyýarlylygyna baglydygyny aňlatmak bilen, döwletde Adam hukuklary hakyndaky Ähli umumy Jarnamanyň 21-nji maddasynyň 3-nji bölegininiň 1-nji bendindäki «halkyň erk-islegi hökümetiň (häkimiýetiň) esasyny düzmeli» diýen halkara hukuk kadasynyň hem-de şol maddanyň 1-nji böleginde berkidilen, her bir adamyň öz ýurduny dolandyrmaga gönüden-göni ýa-da erkin saýlanan wekilleriň üsti bilen gatnaşmaga bolan hukugynyň Türkmenistanyň konstitusiýasyna ornaşdyrylan beýany bolup durýar.

Halkyň özygtyýarlylygy (suwereniteti) hukuk döwletininiň iň esasy alamatlarynyň biridir. Şonuň bilen birlikde-de halk suwereniteti halk häkimiýetliliginiň, ýagny demokratiýanyň hakykat ýüzünde amala aşyrylmagynyň möhüm şertidir. Suwerenitet barada taglymatyň esasgoýujysy, 1576-njy ýylda özüniň «Respublika hakda» atly düýpli ylmy eserinde suwerenitet adalgasyna «döwletde doly, gutarnykly hem ebedi häkimiýet» diýen düşünjäni beren, fransuz ruhanysy Žan Bodendir. Bu ýörelgäni ylmy taýdan has çuň esaslandyryp, kämilleşdiren akyldar bolsa fransuz pelsepeçisi Žan-Žak Russodyr. Ol 1762-nji ýylda özüniň «Jemgyýetçilik şertnamasy» atly düýpli ylmy eserinde: «doly hem gutarnykly suwerenitet, aýrybaşgalaşdyryp (ýagny geçirip) bolmaýan häkimiýet ygtyýarlyklarynyň eýesi bolan halkyňkydyr» diýip belläp geçipdir.

Hukuk nazaryýetinde özygtyýarly döwlet häkimiýetine jemgyýetiň jemlenen erk-isleginiň beýany hökmünde garalýar. Adam dünýä inende erkin bolup dogulýar. Ýaşaýşa, jan saglygyna, abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna, eýeçilige, bilime, zähmete, maddy we medeni durmuş ýöretmäge bolan hukuklar ýaly hukuklar we azatlyklar hem onda dogabitdi bardyr. Emma adamlar özara gatnaşyklaryny dolandyrmak we eden-etdiligiň, bulam-bujarlygyň öňüni almak üçin özleriniň belli bir hukuklaryny çäklendirmek we şol hukuklary dolandyrmak ygtyýarlygyny özleri tarapyndan döredilen gurama – döwlete berýärler. Şonda hem döwletiň, jemgyýetiň we şahsyýetiň arasynda üç taraplaýyn jemgyýetçilik şertnamasy baglaşylýar. Şu nukdaýnazardan konstitusiýa we kanunlara hem jemgyýetçilik şertnamasy hökmünde garamak bolar. Sebäbi görkezilen hukuk namalarda edil raýat dolanyşygynyň talabalaýyk düzülen islendik adaty şertnamasyndaky ýaly taraplaryň hukuklary we borçlary, näme maksat bilen hukuk namanyň kabul edilýändigi, onuň hukuk taýdan güýje girmeginiň, üýtgedilmeginiň we ýatyrylmagynyň möhleti hem tertibi kesgitlenilýär. Döwlet halkyň adyndan çykyş edýär we diňe özüne halk tarapyndan berlen ygtyýarlyklaryň çäginde, hukuk kadalary bilen berk düzgünleşdirilen tertipde hereket edýär.

*Halk häkimiýetliligi* – doly häkimiýetiň halka degişlidigini aňladýar. Türkmenistanda halkyň häkimiýeti köpçülikleýin jemgyýetçilik häkimiýeti bolup

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 2-nji mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

durýar. Onuň amala aşyrylmagynyň baş maksady – jemgyýetiň bähbidi we abadançylygydyr. Halk häkimiýeti, esasan, üç görnüşde amala aşyrylýar.

1. *Döwlet häkimiýeti* – döwlet we onuň edaralary tarapyndan jemgyýetiň ähli işleriniň guramaçylykly dolandyrylmagydyr. Döwlet häkimiýetiniň mazmuny döwletiň abraýy, guramaçylyk çäreleri, zerurlyk ýüze çykanda bolsa mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýän, döwletiň bütin çäginde döwlet-hökmanylyk güýji bolan namalaryň kabul edilmeginden we hereketleriň amala aşyrylmagyndan ybaratdyr. Döwlet häkimiýetiniň kanuny talaplaryny berjaý etmek döwletiň ähli raýatlarynyň borjudyr. Döwletiň çäginde ýaşaýan ýa-da wagtlaýyn bolýan daşary ýurt raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlar hem döwlet häkimiýetini sylamaga hem-de özlerine degişli talaplaryny berjaý etmäge borçludyrlar. Döwlet häkimiýeti gönüden-göni halkyň özi tarapyndan ýa-da halk tarapyndan erkin, deň, gizlin ýa-da açyk we göni saýlawlaryň netijesinde saýlanan şahslardan düzülen döwlet häkimiýet edaralary ýa-da wezipeli şahslar tarapyndan amala aşyrylýar. Sala salşyk halkyň öz häkimiýetini gönüden-göni amala aşyrmagynyň iň esasy görnüşidir. Döwlet häkimiýeti amala aşyrýan edaralar üç görnüşe, kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetiniň edaralaryna bölünýärler. Türkmenistanda ýokary döwlet häkimiýetini Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti amala aşyrýarlar.

2. *Jemgyýetçilik häkimiýeti* – raýatlaryň aýratyn toparlary hem jemgyýetçilik birleşikleri[1], partiýalar[2], zähmet kollektiwleri[3], jemgyýetçilik hereketleri[4] we ş.m. hökmünde hereket edýär. Jemgyýetçilik birleşiklerine gatnaşyjylar we şeýle guramalaryň agzalary özleri tarapyndan köpçülikleýin tertipde kabul edilen düzgünlere meýletin tabyn bolýarlar, şol düzgünleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmekde hem jemgyýetçilik täsir ediş çärelerini[5] ulanýarlar. Jemgyýetçilik häkimiýetiniň

[1] 21.10.2003-nji ýyldaky «Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda «Jemgyýetçilik birleşigi raýatlaryň başlangyjy boýunça döredilen, jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynda beýan edilen umumy maksatlary durmuşa geçirmek üçin bähbitleriň umumylygy esasynda birleşen meýletin, öz-özüňi dolandyryş, täjirçilik däl birikmesidir;

[2] Lat. Partis – bölek, gatnaşmak, paý, uýulýan pikirleriň we amala aşyrylmak islenilýän bähbitleriň umumylygy zerarly jemlenişen adamlaryň özara birleşmesini, **syýasy partiýa** bolsa döwlet işinde belli bir sosial toparlaryň bähbitlerini goramak we olary beýan etmek üçin döredilýän syýasy guramany aňladýar;

[3] Lat. Collektiwus – ýygnalan, anyk jemgyýetçilik işini ýerine ýetirmek bilen meşgullanýan adamlaryň gysby, sosial toparyny aňladýar;

[4] 21.10.2003-nji ýylda kabul edilen «Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasyna laýyklykda «Jemgyýetçilik hereketine gatnaşyjylardan ybarat bolan we agzalygy bolmadyk gatnaşyjylaryň öz öňlerinde goýan durmuş, syýasy we beýleki jemgyýetçilige peýdaly maksatlara eýerýän köpçülikleýin jemgyýetçilik birleşigi jemgyýetçilik hereketi bolup durýar;

[5] Düzgün bozuja duýduryş bermek, ony tankyt etmek, ýazgarmak ýaly jemgyýetçilik birleşiklerinde ulanylýan täsir ediş çäreleri.

talaplaryna boýun bolman, düzgüni bozýanlar babatda mejbur ediş çäreleri ulanylan halatynda-da beýle çäreler döwlet häkimiýet edaralarynyň mejbur ediş çärelerinden tapawutlylykda diňe bir jemgyýetçilik birleşiginiň düzüminden çykarmak, käýinç yglan etmek, köpçülikleýin ýazgarmak ýaly guramaçylyk temmileri bilen çäklenýär. Türkmenistanda jemgyýetçilik häkimiýetini amala aşyrýan guramalar hökmünde Türkmenistanyň Demokratik partiýasyny, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasyny, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigini, Türkmenistanyň Uruş weteranlarynyň guramasyny, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşygyny, balykçylaryň we awçylaryň jemgyýetini we beýleki jemgyýetçilik guramalary görkezmek bolar.

3. Halk häkimiýetliliginiň döwlet we jemgyýetçilik häkimiýetleriniň gatyşyk görnüşiniň mysaly hökmünde ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryny görkezmek bolar. Ýerli öz-özüňi dolandyryş – bu belli bir çäkde, ýagny obada, şäherde ýa--da şäherçede ýaşaýan ilatyň öz jogapkärçiliginiň astynda degişli çäkdäki işleri we durmuşy dolandyrmak bilen baglanyşykly ýerli ähmiýetli meseleleri özbaşdak çözmegini üpjün edýän halk häkimiýetliliginiň bir görnüşidir. Türkmenistanda ýerli öz-özüňi dolandyryş belli bir çägiň ilaty tarapyndan saýlanan wekillerden düzülen geňeşler tarapyndan ýa-da ýerli sala salşyklaryň netijesinde amala aşyrylýar. Halk häkimiýetliliginiň bu görnüşine «gatyşyk» diýilmeginiň sebäbi ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýerli ähmiýetli meseleleri çözenlerinde jemgyýetçilik häkimiýeti hökmünde çykyş edýärler. Şol bir wagtda--da kanuna laýyklykda döwlet häkimiýet edaralarynyň ýagny Türkmenistanyň Prezidentiniň, Ministrler Kabinetiniň namalaryny, welaýat we etrap häkimlikleriniň namalaryny ýa-da kazyýetiň çözgütlerini ýerine ýetirenlerinde bolsa döwlet häkimiýet edarasy hökmünde hereket edýärler[1].

*Wekilçilikli edaralar* diýen adalga düşünmek üçin, ilkinji nobatda, «wekilçilikli demokratiýa» adalgasynyň nämäni aňladýandygyna düşünmek zerurdyr. Wekilçilikli demokratiýa konstitusion hukugyň iň möhüm düşünjeleriniň biri bolup, özünde şu aşakdaky düzüm böleklerini jemleýär:

- Döwlet häkimiýetiniň we ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň düzüminde saýlanylýan wekilçilikli edaralaryň, şonuň ýaly-da saýlanylýan wezipeli şahslaryň bolmagy;
- Saýlanýan şahslaryň saýlawçylar bilen yzygiderli aragatnaşyk saklamaklaryny üpjün edýän demokratik institutlaryň ulgamynyň bolmagy. Beýle diýlende, deputatlaryň we saýlanylan wezipeli şahslaryň öz saýlawçylary bilen yzygiderli duşuşyp durmaklary, olaryň öz amala aşyrýan işleri we çäreleri barada degişli wekilçilikli ýa-da ýerine ýetiriji edara hasabat tabşyryp durmaklary göz öňünde tutulýar.

---

[1] Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary barada okuw kitabyň XVI babynda has giňişleýin maglumatlar berilýär.

● Wekilçilikli edaralaryň işinde we gurluşynda açyk, giň we köpçülikleýin tertipde sorag-jogap alyşmak, ara alyp maslahatlaşmak bilen ýygnaklar, maslahatlar görnüşindäki dolandyryşyň we işiň demokratik usullarynyň ulanylmagy[1].

Türkmenistanyň halkynyň öz häkimiýetini gös-göni amala aşyrmagy sala salşyklaryň geçirilmegi bilen berjaý edilýär. Halk häkimiýetiniň wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrylmagy bolsa halkyň öz wekilleri hökmünde deputatlary, halk wekillerini hem-de döwlet baştutanyny saýlamagy, şol saýlanan wekilleriň hem öz saýlawçylarynyň erk-isleglerini beýan etmekleriniň hem-de durmuşa geçirmekleriniň netijesinde berjaý edilýär.

Döwlet özygtyýarlylygyna esaslanýan döwlet häkimiýetiniň halk häkimiýetliliginden gelip çykyp, onuň gözbaşynyň tutuş halkdygy we diňe tutuş halka döwletde doly häkimiýetiň degişlidigi sebäpli, halkyň hiç bir böleginiň, hiç bir guramanyň ýa-da aýry-aýry adamyň döwletde häkimiýeti güýç ulanyp, zorluk bilen eýelemäge haky ýokdur. Eger-de halkyň belli bir bölegi ýa-da kanunda bellenen tertipde döredilen belli bir gurama öz durmuş-ykdysady, syýasy, medeni ýa-da kanuna garşy gelmeýän gaýry maksatnamalaryny amala aşyrmak üçin döwletiň häkimiýet ygtyýarlyklarynyň berilmegini gazanmak islese, onda olar bu maksatlaryna diňe konstitusiýada kesgitlenen tertipde, demokratik saýlawlaryň kömegi bilen ýetip bilýärler. konstitusiýanyň talaplaryna laýyk gelmeýän islendik hereket bolsa kanuna garşy hereket hökmünde häsiýetlendirilýär.

Şonuň ýaly-da Türkmenistanyň Esasy Kanunynda döwlet häkimiýetiniň häkimiýetleriň bölünişigi ýörelgesine esaslanyp, kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýändigi we olaryň biri-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýändikleri berkidilýär[2]. Mälim bolşy ýaly, häkimiýetleriň bölünmegi – döwlet dolandyryşyny guramagyň konstitusion ýörelgesi bolup, onuň mazmuny şu aşakdakylardan ybaratdyr:

● ýeke-täk çeşmesi halk bolan bir bütewi döwlet häkimiýetiniň üç şaha – kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlere bölünmegi hem-de döwlet häkimiýet ygtyýarlyklarynyň olaryň arasynda paýlanmagy;

● häkimlik ygtyýarlyklarynyň hem wezipeleriniň döwlet edaralarynyň derejeleriniň ulgamyna görä bölünmegi, mysal üçin, merkezi döwlet häkimiýet edaralarynyň derejesi – Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň derejesi – ministrlikler, pudak edaralary (assosiýasiýalar, komitetler, gulluklar), ýerli häkimiýet edaralarynyň derejesi – welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň häkimlikleri, ýerli öz-özüňi dolandyryş derejesi – geňeşler, arçynlar (bir tarapdan geňeşler döwlet häkimiýet edaralarynyň derejeleriniň ulgamynyň düzüm

[1] Türkmenistanda döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli edaralary we saýlawly wezipeleri barada okuw kitabyň degişli baplarynda giňişleýin maglumatlar berilýär.

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 4-nji mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

bölegi, beýleki tarapdan olar jemgyýetiň agzalarynyň durmuşyny dolandyrmaklyga işjeň gatnaşýarlar, şonuň üçinem döwlet dolandyryş edaralarynyň derejeleri görkezilende olary hem agzaman geçmek bolmaz).

*Kanunçykaryjy häkimiýet* – döwlet häkimiýetiniň bir şahasy bolup, Türkmenistanda döwlet häkimiýetiniň kanunçykaryjylyk ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Mejlisine hem-de öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen käbir meseleler boýunça Türkmenistanyň Prezidentine degişlidir. Kanunçykaryjy häkimiýetiň iň esasy hem iň möhüm wezipesi döwletiň kanunlaryny döretmek we olary kabul etmekdir. Ýöne şol bir wagtda-da biziň döwletimiziň parlamenti bolan Türkmenistanyň Mejlisi öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýene-de birnäçe wezipeleri ýerine ýetirip bilýär. Ol wezipeler, döwlet häkimiýetinde halkyň wekilçiligini durmuşa geçirmekden, döwleti iň ýokary derejede dolandyrmaklyga (esasanam döwletiň içeri we daşary syýasatyny döretmeklige, ony amala aşyrmaklyga, döwlet býujetini[1] tassyklamaklyga we ş.m.), şeýle hem beýleki döwlet edaralaryny döretmäge we käbir ýokary döwlet wezipelerine degişli şahslary bellemäge gatnaşmakdan hem-de parlament gözegçiligini amala aşyrmakdan, döwletiň ähli wekilçilikli edaralarynyň işini utgaşdyrmakdan we birleşdirmekden ybaratdyr.

*Ýerine ýetiriji häkimiýet* – döwlet häkimiýetiniň bir şahasydyr. Türkmenistanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň hem-de döwletiň baştutany hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti çykyş edýär. Döwletde ýerine ýetiriş we serenjam beriş wezipelerini bolsa Türkmenistanyň Ministrler Kabineti (Hökümet) amala aşyrýar. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň mazmuny diňe bir döwletde dolandyryşy amala aşyrýan ýörite edaralaryň barlygyndan ybarat däldir. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň kanunçykaryjy häkimiýet edaralary tarapyndan kabul edilen kanunlaryň durmuşa geçirilmegini (realizasiýasyny[2]), olaryň talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýänliginden hem onuň ady, ýagny «ýerine ýetiriji häkimiýet» diýen adalga gelip çykýar. Mundan başga-da döwlet häkimiýetiniň bu şahasy döwlet mehanizmini[3], ykdysadyýeti we bazary dolandyrýar hem-de olaryň hemişe kadaly hereket etmeklerini üpjün edýär, ilatyň talaplarynyň we zerurlyklarynyň kanagatlandyrylmagyna gözegçiligi amala aşyrýar.

Ýerine ýetiriji häkimiýet öz wezipelerini talabalaýyk berjaý etmek üçin kanunçykaryjy häkimiýet edarasy tarapyndan tassyklanan döwlet býujetiniň çäklerinde we kanuna laýyklykda maddy (ulag, aragatnaşyk we beýleki senagat kär-

---

[1] Fr. Bougette – gaýyş gapjyk, döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň hasabatyny aňladýar.

[2] Lat. Realis – «maddy, hakyky» diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsy hem bolsa bir meýilnamanyň, maksatnamanyň ýa-da bir niýetiň durmuşa geçirilmegini aňladýar;

[3] Gr. Mechanike – enjamlary ýasamagyň sungaty, belli bir işi amala aşyrýan bölekleriň bir bütewi ulgamyny, zynjyryny aňladýar, **döwlet mehanizmi** diýlende, döwlet dolandyryşyny amala aşyrmak maksady bilen döredilen edaralaryň ulgamyna düşünilýär. Bu düşünje «*döwlet apparaty*» diýen düşünje bilen manydaşdyr.

hanalary) we maliýe serişdelerine, şeýle hem harby we harbylaşdyrylan bölümlere (polisiýa bölümleri, ýangyna garşy göreş bölümleri, milli howpsuzlyk bölümleri we ş. m.) ygtyýar edýär hem-de olardan peýdalanýar.

Ýerine ýetiriji häkimiýetiň iň esasy alamaty hem onuň diňe bir ýerine ýetirijilik ygtyýarlyklarynyň däl-de eýsem serenjam beriş ygtyýarlyklarynyň hem barlygyndadyr. Serenjam beriş ygtyýarlyklary diýlende, esasan, belli bir derejede hukuk ulanyş we kadalaşdyryş-sazlaşdyryjy ygtyýarlyklar göz öňünde tutulýar. Ýerine ýetiriji häkimiýet serenjam beriş ygtyýarlyklarynyň çäginde kanunlaryň ulanylmagyny we hereket etmegini üpjün etmek maksady bilen kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul etmäge haklydyr.

*Kazyýet häkimiýeti* – döwlet häkimiýetiniň bir şahasy bolup, onuň esasy tapawutly aýratynlygy, Türkmenistanyň konstitusiýasyna we 2009-njy ýylyň 15--nji awgustynda kabul edilen, «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kazyýet häkimiýetini diňe Türkmenistanyň kazyýet ulgamynyň düzümine girýän döwlet kazyýetleri tarapyndan amala aşyrylyp bilýänligindedir. Kazyýet häkimiýeti kazyýet edaralarynyň ulgamyny, kazylaryň hukuk ýagdaýyny, adyl kazyýetligiň ýörelgelerini, kazyýet önümçiliginiň görnüşlerini özünde jemleýär.

Döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň hem öz işlerini özbaşdak amala aşyrýandyklary hakynda hukuk kadasy döwlet häkimiýetiniň şahalarynyň biri--biriniň işine goşulmazlygyny, biri-biriniň ygtyýarlyklaryny eýelemezliklerini aňladýar. Şol bir wagtda-da döwlet işiniň netijeli hem talabalaýyk bolmagyny üpjün etmek maksady bilen, konstitusiýada häkimiýet şahalarynyň biri-biri bilen sabyr--takatly we utgaşykly işleýändikleri hakynda hukuk kadasy berkidilýär. Häkimiýet şahalarynyň işini utgaşdyryjy güýç hökmünde bolsa Türkmenistanyň Prezidenti çykyş edýär. Sebäbi Esasy Kanunyň 51-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň baştutany hem-de iň ýokary wezipeli adamy bolmak bilen konstitusiýanyň berjaý edilmeginiň hem kepilidir. Türkmenistanyň Prezidenti ýurt hem döwlet bütewiligini, häkimiýet şahalarynyň bir ugra gönükdirilen ysnyşykly hyzmatdaşlykda hereket etmeklerini üpjün edýär. Bu wezipelerini maksadalaýyk amala aşyrmak üçinem Türkmenistanyň Prezidentiniň häkimiýet şahalarynyň üçüsine hem täsir etmeklige mümkinçilik berýän anyk we belli bir ygtyýarlyklary bardyr.

Islendik döwletiň möhüm alamatlarynyň ýene-de biri, onuň dolandyryş-çäk gurluşy bolup durýar. Türkmenistanda döwletiň dolandyryş-çäk gurluşy, Esasy Kanunymyzyň 16-njy maddasynda: «Türkmenistan dolandyryş-çäk gurluşy boýunça welaýatlardan, welaýat hukukly şäherlerden, etraplardan, etrap hukukly şäherlerden, etrapdaky şäherlerden, şäherçelerden, geňeşliklerden ybaratdyr. Bir ýa-da birnäçe obanyň çägi geňeşligi emele getirýär» diýen görnüşde berkidilýär.

Mälim bolşy ýaly, dolandyryş-çäk gurluşy diýlende, döwletiň ýa-da düzüm bölekleriniň çäkleriniň, döwletiň edaralarynyň ulgamynyň gurluşyny emele getirýän we olaryň kadaly hereket etmegini üpjün edýän welaýatlar, etraplar, geňeşlikler ýaly anyk böleklere bölünmegine düşünilýär. Dolandyryş-çäk birligi bolsa dolandyryş-çäk gurluşynyň düzüm bölegidir we ol döwletiň merkezi häkimiýet-dolandyryş edaralaryna tabynlykda hereket edýär. Adatça dolandyryş çäk-gurluşy şol döwletiň tebigy-taryhy, milli we sosial-ykdysady özboluşlylygyny açyp görkezýär. Ýagny döwletiň dolandyryş-çäk bölünişigi, döwletiň gurluşyndan, dolandyryşyndan we syýasy düzgüninden ugur almak bilen, taryhyň dowamynda kesgitlenen çäkler ýa-da sosial-ykdysady zerurlyklardan ugur alnyp amala aşyrylýar. Mysal üçin, belli bir ýerleriň boşlugy zerarly ol ýerleri ilatlaşdyrmak we sosial-ykdysady maksatlary durmuşa geçirmekden ugur alyp şol ýerlerde täze dolandyryş-çäk birlikleri döredilýär.

Dolandyryş-çäk bölünişigi iki bölekli (Mysal üçin, ABŞ-da), üç bölekli (Mysal üçin, Fransiýa, Beýik Britaniýa), dört bölekli (Mysal üçin, Germaniýa Federatiw Respublikasy) bolup biler. Malta, Bahreýn ýaly käbir kiçi döwletlerde bolsa dolandyryş-çäk bölünişigi düýbünden ýokdur. Unitar döwlet bolan Türkmenistanda bolsa: a) welaýatlardan we welaýat hukukly şäherlerden; b) etraplardan we etrap hukukly şäherlerden; ç) etrapdaky şäherlerden, şäherçelerden we geňeşliklerden ybarat bolan üç bölekli dolandyryş-çäk bölünişigi girizilendir.

Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşyna degişli meseleler, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelinde kabul edilen, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda kadalaşdyrylýar. Görkezilen Kanuna laýyklykda, dolandyryş-çäk birlikleriniň adynyň dakylmagy, adynyň hem-de çäginiň üýtgedilmegi umumydöwlet bähbitleri, geografik, taryhy, milli, tebigy we beýleki ýerli şertler, şeýle hem ilatyň pikiri nazara alnyp amala aşyrylýar[1].

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 16-njy maddasynyň 2-nji abzasynda bir ýa-da birnäçe obanyň geňeşligiň çägini emele getirýändigi barada hukuk kadasy berkidilýär. Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda «oba» diýen düşünjäniň näçe öýden (ýa-da jaýdan, hojalykdan) ybaratdygynyň anyk kesgitlemesi berilmeýär. Bir oba 25-30 müň adam ýaşaýan, üç müň hojalykdan hem, 200-300 adam ýaşaýan elli hojalykdan hem ybarat bolup bilýär. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň bu kadasynda-da, uly oba bolanda bir obanyň, kiçi obalar bolanda bolsa, birnäçe obanyň geňeşligiň çägini emele getirýändigi hakynda bellenilýär.

---

[1] «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1-nji madda, 3-nji bent. Aşgabat. 18.04.2009-njy ý.

## §3. Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň konstitusion esaslary

Mälim bolşy ýaly, içeri syýasat – bu döwletiň ähli içerki işleri we olary guramak hem amala aşyrmakdyr. Türkmenistanda döwletiň içeri syýasatynyň ilkinji hukuk esaslary Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Döwlet, onuň ähli edaralary we wezipeli adamlary hukuk hem konstitusion gurluş bilen baglydyr.

Türkmenistanyň konstitusiýasy döwletiň Esasy Kanunydyr. Onda berkidilen kadalar we düzgünler gös-göni hereket edýär. konstitusiýa ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur.

Döwlet syryny ýa-da kanun arkaly goralýan başga syrlary öz içine alýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan başga, döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary çap etmek arkaly hemmeleriň dykgatyna ýetirilýär ýa-da başga usul bilen halka mälim edilýär. Adamyň we raýatyň hukuklaryna hem-de azatlyklaryna degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary hemmeleriň dykgatyna ýetirilmese, özleriniň kabul edilen pursadyndan hereket etmeýärler[1]» diýen görnüşde berkidilýär.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň bu maddasynda berkidilen hukuk kadalaryna has anyk düşünmek üçin onuň mazmunynda beýan edilen esasy düşünjeler barada aýry-aýrylykda durup geçmek ýerlikli bolardy. Mälim bolşy ýaly, döwlet edaralary diýlende, döwletiň kanuna laýyklykda, jemgyýetçilik durmuşynyň takyk çygryny dolandyrmak üçin berlen we döwletiň mejbur ediji güýji bilen ýerine ýetirilmegi üpjün edilýän, anyk häkimiýet ygtyýarlyklary hem-de öz gurluş birlikleri bolan düzüm bölegine düşünilýär. Döwletiň wezipelerini we ygtyýarlyklaryny durmuşa geçirmek işini amala aşyrýan döwlet edaralarynyň (guramalarynyň, kärhanalarynyň) jeminden hem «döwlet apparaty[2]» diýlip atlandyrylan, bir bütewi ulgam emele gelýär.

Wezipeli adamlar diýlip hemişelik, wagtlaýyn ýa-da ýörite ygtyýarlylyk boýunça häkimiýet wekilleriniň wezipelerini amala aşyrýan, şonuň ýaly-da döwlet edaralarynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, döwlet kärhanalarynda, edaralarynda ýa-da guramalarynda, şeýle hem Ýaragly Güýçlerde, beýleki goşunlarda we harby birikmelerde guramaçylyk-serenjam berijilik[3], administratiw[4]-

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 5-nji mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] Lat. Apparatus – enjam, üpjünçilik, dolandyryşyň belli bir çygryndaky wezipeleri ýerine ýetirýän edaralaryň toplumyna ýa-da belli bir edarada dolandyryş anyk böleginde işleýän gullukçylaryň toparyny aňladýar;

[3] Döwlet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda ýolbaşçylygy amala aşyrýan wezipeli şahsyň işgärleri saýlap-seçmeklige, olary wezipelere bellemeklige we wezipeden boşatmaklyga, iş ornuny üýtgetmeklige, tabynlygyndaky işgärleriň zähmetlerini guramaklyga, şeýle hem zähmet düzgün-tertibini üpjün etmeklige gönükdirilen ygtyýarlyklaryna düşünilýär.

[4] Lat. Administration – dolandyrmak;

hojalyk[1] ýa-da barlag (kontrol[2])-derňew[3] wezipe ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirýän adamlar hasap edilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 5-nji maddasynyň birinji abzasyndan görnüşi ýaly, döwletiň, onuň ähli edaralarynyň we wezipeli adamlarynyň hereketleri diňe hukuk hem konstitusion gurluşyň esasynda amala aşyrylýar. Belli bolşy ýaly, konstitusion gurluş diýlende jemgyýetiň we döwletiň konstitusiýada beýan edilen binýatlaýyn hukuk esaslary, jemgyýeti we döwleti emele getirýän sütünler göz öňünde tutulýar.

Hukuga bolsa birnäçe nukdaýnazarda (aspektde[4]) garalýar. Ylmy nukdaýnazaryndan, taryhy nukdaýnazaryndan, pelsepe nukdaýnazaryndan, dini nukdaýnazardan... Ylmy nukdaýnazaryndan jemgyýetçilik aňynyň bir görnüşi bolan hukuga iki manyda garalýar. Umumy (obýektiw[5]) manyda hukuk – bu döwletde kabul edilýän ähli kadalaşdyryjy hukuk namalaryň jemi, ýagny kanunçylyk ulgamy; Şahsy (subýektiw[6]) manyda hukuk – bu jemgyýetde şahsyň belli bir hereketleri erkin amala aşyrmaga we şeýle hereketleri amala aşyrmakdan saklanmaga bolan ygtyýarlyklary; Pelsepe nukdaýnazaryndan hukuk – bu jemgyýetiň erk-isleginiň jemlenen beýany; Taryhy nukdaýnazarynda bolsa hukuga asyrlaryň dowamynda adamlaryň özara gatnaşyklaryny tertibe salmak üçin döreden urp-adatlarynyň, däp-dessurlarynyň, ahlak kadalarynyň esasynda dörän we ýazmaça görnüşe girizilen taryhy hadysa hökmünde garalýar. Dini nukdaýnazaryndan hukuk Allatagalanyň ynsanyýete döwlet bilen birlikde bagyşlan peşgeşi hasaplanylýar.

Ýöne haýsy röwüşde garanyňda-da hukugyň esasy özeni – manysy üýtgemeýär. Hukuk – adamlaryň özara gatnaşyklarynda biri-birini kemsitmeklerine ýol bermeýän, birek-birege hormat-sylagy artdyrýan, asudalygy, agzybirligi üpjün edýän ýeke-täk serişde. Gadymy döwürlerden häzirki zamana çenli hem Ynsanyýet jemgyýetde sazlaşygy berkarar etmek üçin hukukdan netijeli serişdäni oýlap tapmandyr.

---

[1] Wezipeli şahsyň döwlet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň emlägini dolandyrmaklyga, oňa ygtyýar etmeklige, ony saklamaklyga gönükdirilen ygtyýarlyklaryna düşünilýär.

[2] Fr. Controle – barlag, **birinjiden,** obýektleri dolandyrmagyň düzüm bölegi bolup, dolandyrylýan obýektiň kanunlarda, gönükdirmelerde we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalarda belli bir düzgünlere ýa-da degişli maksatnamalara, meýilnamalara, şertnamalara ýa-da taslamalara laýyk gelýändigini ýa-da gelmeýändigini anyklamak maksady bilen, yzygiderli gözegçilikde saklamagy, **ikinjiden**, obýekti dolandyrmagyň bir ýerde jemlenmegini, real (hakyky) häkimlik ygtyýarlyklarynyň bolmagyny aňladýar;

[3] Wezipeli şahsyň öz ýolbaşçylyk edýän edarasynda ýa-da başga edaralaryň maliýe-hojalyk işiniň kanuna laýyklygyny barlamaklyga bolan ygtyýarlyklaryna düşünilýär;

[4] Lat. Aspectus – garaýyş, nukdaýnazar, nämedir bir zat baradaky belli bir pikiri, nukdaýnazary aňladýar we türkmen dilinde «röwüş» diýen söz bilen manydaşdyr;

[5] Lat. Objektum – zat, närse (predmet), hakykat ýüzünde bar bolan, anyk maglumat, zat diýen manyny aňladýar;

[6] Şahsy, hususy garaýşy aňladýar;

Elbetde ynsana «gepleýän iş guraly» hökmünde garan gadymy faraonlaryň[1], Hammurapiniň kanunlary[2], adamlary emläk ýagdaýlary hem gelip çykyşlary boýunça beýikli-pesli basgançaklarda goýan orta asyr kanunlaryny, häzirki zamanyň ynsanperwer, halk häkimiýetliligi, adalatlylyk ýörelgelerinden ugur alýan kanunlary bilen bir hatarda goýup bolmaz. Döwürleriň geçmegi, jemgyýetiň mazmunynyň üýtgemegi bilen kanunlar hem kämilleşýär, hukugyň tebigaty hem üýtgeýär. Ýöne öň hem, häzirem gadymy rim hukukçysy Ulpiýanyň[3] aýdyşy ýaly: «Hukugyň görkezmeleri şeýle: halal ýaşamak, özgä zelel ýetirmezlik, her kime onuň özüne degişlisini bermek.» Nämeler üýtgese-de şu esasy ýörelgeler üýtgemeýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 5-nji maddasynyň 1-nji abzasynda bolsa «hukuk» diýen adalga ulanylanda hem hukugyň obýektiw manydaky aňlatmasy, ýagny döwlet tarapyndan konstitusiýa we umumy ykrar edilen hukuk ýörelgelerine laýyklykda kabul edilen ähli kadalaşdyryjy hukuk namalar göz öňünde tutulýar. Şonuň üçinem döwletiň, onuň ähli edaralarynyň we wezipeli adamlarynyň ähli hereketleri diňe hukugyň we konstitusion gurluşyň, ýagny konstitusiýada hem-de konstitusiýa laýyklykda kabul edilen beýleki hukuk namalarda berkidilen hukuk kadalarynyň esasynda, ýagny şolara gollanyp, şolardan ugur alyp amala aşyrylmaýar, ýagny olaryň ähli hereketleri hukuga we konstitusion gurluşa baglylykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 5-nji maddasynda görkezilýän «Esasy Kanun» diýen adalga «Konstitusiýa» diýen adalga bilen manydaşdyr. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 5-nji maddasyndan görnüşi ýaly, konstitusiýanyň kadalary we düzgünleri gös-göni hereket edýärler. Konstitusion kadalaryň gös-göni hereket etmegi – bu konstitusiýanyň aýratyn wajyp hukuk resminamasy hökmünde esasy häsiýeti bolup, onuň ol ýa-da beýleki kadalarynyň we düzgünleriniň blanket kada, ýagny başga bir kadalaşdyryjy hukuk nama salgylanmak häsiýetiniň ýokdugyny we konstitusion hukugyň ähli subýektleri tarapyndan, konstitusion kadalaryň

---

[1] Gad. Müs. Pr-oh – beýik jaý, Gadymy Müsürde çäklendirilmedik häkimlik ygtyýarlyklaryndan peýdalanan hökümdaryny aňladýar, ol hökümdaryň başga-da «beýik jaý, Gün hudaýy Ranyň ogly» ýaly unwanlary (*titul – «titulus-ýazgy, hormatly at» diýen sözlerinden gelip çykyp, hökümdarlar tarapyndan öz golastyndaky serkerdelere ýa-da häkimlere bagyşlanýan, graf, baron, «mukaddes diniň sütüni», emir, han-hanan (hanlaryň hany) ýaly hormatly atlary aňladýar*) bolupdyr.

[2] Wawilonda (türkmençe «Babyl», gadymy döwürlerde Tigr we Ýewfrat derýalarynyň arasyndaky, Derýa aralygynyň, Mesopatamiýanyň günortasynda ýerleşen şäher-döwletiň atlandyrylyşy, häzirki Yragyň çägi) hökümdarlyk eden Amoreýler nesilşalygynyň (dinastiýasynyň) b.e.ö. 1792-1750-nji ýyllarda hökümdarlyk eden patyşasy. Onuň döreden kanunlary daşyň ýüzüne çapylyp girizilen ýazgylar hökmünde biziň döwrümize çenli gelip ýetipdir. Hammurapiniň kanunlary özünde 282 sany maddany jemleýän kodeks bolup, adamzat taryhynda iň gadymy kanunlaryň biridir.

[3] Domisiý Ulpiýan, b.e. 123 ýa-da 228 ýyllarda ýaşap geçen meşhur rim hukukçysy we pelsepeçisi, öz ömründe tebigy hukuklar hakynda we hukuk gatnaşyklary hakynda pikirler beýan edilen, jemi 426 sany eser döredipdir.

mazmunyny anyklaşdyrýan kanunçylyk ýa-da kanunalaýyk hukuk namalaryň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan gönüden-göni berjaý edilmelidigini we ulanylmalydygyny aňladýar.

Salgylanylýan maddada konstitusiýa ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň ýuridik güýjüniň ýokdugy hem berkidilýär. Bu hukuk kadasy konstitusiýanyň döwletiň tutuş hukuk ulgamyny döretmek üçin ulanylýan esasy hukuk resminamasy we döwletiň bütin çäginde ýokary ýuridik güýje eýe bolmagyndan gelip çykýar. Hukuk namanyň ýuridik güýji diýlende, onuň kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ulgamynda eýeleýän derejesine düşünilýär. Hukuk namanyň ýuridik güýji ilkinji nobatda ony kabul edilen edaranyň döwlet häkimiýet ulgamyndaky derejesi bilen kesgitlenýär. konstitusiýanyň kadalarynyň ýokary ýuridik güýje eýe bolmaklary bolsa, onuň tutuş halkyň adyndan, tutuş halk tarapyndan sala salşyk esasynda ýa-da tutuş halkyň adyndan çykyş etmek ygtyýarlyklary bolan döwlet häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilikli kanunçykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilýänligindedir.

Salgylanylýan maddanyň 3-nji abzasynda döwlet syryny we kanun arkaly goralýan başga syrlary öz içine alýan hukuk namalarynyň mazmunyny köpçülige yglan etmekden saklanylyp bilinýändigi hakyndaky hukuk kadasy berkidilýär. Mälim bolşy ýaly, döwlet syrlary – 1995-nji ýylyň 24-nji noýabrynda kabul edilen, «Döwlet syrlaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we kanunlarynyň esasynda işlenip taýýarlanan ýörite sanawlar we kadalar bilen çäklendirilen hem-de döwletiň gözegçiliginde durýan, Türkmenistanyň goranmak ukybyna, howpsuzlygyna, ykdysady we syýasy bähbitlerine degişli habaryň islendik görnüşini geçirýän we saklanýan maglumatlardyr. Türkmenistanyň döwlet syrlary derejeleri boýunça döwlet we gulluk syrlaryna bölünýär. Ýaýradylmagy döwletiň harby, ykdysady potensialynyň[1] hil ýagdaýyna ters täsir edip biljek ýa-da Türkmenistanyň goranmak ukyby, milli howpsuzlygy, ykdysady we syýasy bähbitleri üçin beýleki agyr netijelere getirip biljek maglumatlar döwlet syryny düzýär. Ýaýradylmagy Türkmenistanyň bähbitlerine zyýan ýetirip biljek önümçilik, dolandyryş, ylym we tehnika babatdaky maglumatlar bolsa gulluk syryny düzýär.

Kanun arkaly goralýan başga syrlar diýlende, köpçülige ýaýradylan halatynda döwletiň, ýuridik ýa-da fiziki şahslaryň kanuny bähbitlerine we hukuklaryna zyýan ýetirmegi ahmal bolan maglumatlara düşünilýär. Mysal üçin, täjirçilik syry[2], perzentlige almagyň syry, önümçilik syry we ş.m. Şu syrlary özünde jemleýän hukuk namalaryndan başga hukuk namalaryň halk köpçüligine yglan edilmegi

[1] Lat. Potential – güýç, mümkinçilikleri, güýji, kuwwaty aňladýar;

[2] 10.12.2000-nji ýylda kabul edilen «Täjirçilik syry hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýa-da ýekebara telekeçiniň ykdysady, maliýe, önümçilik, tehnologik we gaýry işi bilen baglanyşykly döwlet syry hasaplanmaýan habar bolup durýar.

hökmanydyr. Sebäbi ähli kanunlar we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalar döwletiň adyndan kabul edilýär, döwletiň häkimiýeti bolsa halkyň häkimiýetinden gelip çykýar. Onsoň kabul edilýän hukuk namalarda berkidilýän hukuk kadalarynyň hem düzgünleriniň mazmuny hem hökmany ýagdaýda halka aýan edilmeli we halk şoňa görä öz erk-islegini beýan edýär we ony amala aşyrýar. Hukuk namanyň esasanam tejribede has giňden ýaýran usulda, çap etmek arkaly halka mälim edilmegi onuň ýuridik güýjüne girmeginiň, ýagny hakykat ýüzünde hereket edip başlamagynyň iň esasy hem möhüm şertidir.

Salgylanylýan maddada adamyň we raýatyň hukuklaryna we azatlyklaryna degişli hukuk namalaryň halka mälim edilmedik ýagdaýynda kabul edilen pursadyndan başlap ýuridik güýjüni ýitirýändikleri hakynda kada bar. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 5-nji maddasynyň 3-nji abzasyndaky hukuk kadasyna laýyklykda, adamyň hukuklaryna we azatlyklaryna dahylly islendik hukuk nama hemmeleriň dykgatyna ýetirilmese olar kabul edilen pursadyndan başlap ýuridik güýjüni ýitirýärler. Sebäbi islendik demokratik, hukuk we dünýewi döwletde adam jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy hökmünde kesgitlenilýär. Döwletiň tutuş işi hem adamyň durmuşyny abadanlaşdyrmaga, onuň hukuklaryny we azatlyklaryny ykrar etmäge gönükdirilýär. Hut şonuň üçinem döwletiň işiniň netijeliliginiň we peýdalylygynyň iň esasy ölçegi bolan adam döwletiň kabul edýän hukuk namalarynda özüne dahylly neneňsi kadalaryň we düzgünleriň bardygyny bilmäge hem-de şol kadalaryň öz durmuşyna neneňsi täsir etjekdigini bilmäge mümkinçiliginiň bolmagyna hukuklydyr. Kabul edilen hukuk namanyň bada-bat raýatlaryň dykgatyna ýetirilmegi adamlara şol täze kabul edilen hukuk namanyň kadalaryna we düzgünlerine laýyklykda döwlet babatda öz hukuk ýagdaýlaryny tertibe salmaga, zerurlyk ýüze çykan halatynda şikaýat etmek, talap etmek ýaly hukuklarynyň kömegi bilen özlerini goramaga mümkinçilik döreýär. Bu hukuk kadasynyň mazmuny gönüden-göni Esasy Kanunymyzyň 1-nji maddasy we 3-nji maddasy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi 1-nji maddada Türkmenistanyň demokratik, hukuk we dünýewi döwletdigi kesgitlenýär, 3-nji maddada bolsa Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy berkidilýär. Şu konstitusion-hukuk kadalar hem Türkmenistanda döwletiň içeri syýasatynyň başlangyç hukuk esaslaryny emele getirýärler.

Bellenip geçilişi ýaly, daşary syýasat diýlende, döwletiň beýleki döwletler, halkara guramalary bilen alyp barýan gatnaşyklarynyň jemine, şeýle hem, döwletiň halkara gatnaşyklarynda ýöredýän umumy ýörelgelerine düşünilýär. Türkmenistanda döwletiň daşary syýasatynyň amala aşyrylmagyna döwletiň konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti ýolbaşçylyk edýär[1]. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň hukuk esaslary Esasy Kanunymyzda: «Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 53-nji madda, 2-nji bent. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär. Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar. Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň Kanunyndakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar[1]» diýen görnüşde berkidilýär.

Salgylanylýan maddada berkidilen hukuk kadalary Türkmenistanyň halkara hukugynyň talaplaryna laýyklykda, halkara gatnaşyklaryny amala aşyranda halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna goldanýandygyny, olary ileri tutýandygyny hem-de şol kadalaradyr-ýörelgeleri milli hukuk ulgamyna işjeň ornaşdyrýandygyny aňladýar. Mälim bolşy ýaly, durnukly syýasy bileleşik hökmünde garalýan belli bir döwlete, sözüň doly manysynda halkara hukugynyň doly hukukly subýekti hökmünde garalmagy üçin şol döwletiň beýleki döwletler hem-de Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilmegi örän wajypdyr. Halkara hukugynda döwletiň ykrar edilmeginiň esasy iki görnüşi bardyr. De ýure – (latynça de jure – hukuga laýyklykda) döwletiň we onuň hökümetiniň özge döwletler tarapyndan resmi taýdan doly ykrar edilmegi, ýagny bir döwletiň baştutatynyň ýa-da ygtyýarly wekiliniň resmi taýdan kabul edilen nama ýa-da resmi çykyş arkaly täze döwletiň dörändigini ykrar etmegidir. De fakto – (latynça de facto – iş ýüzünde) döwletiň we onuň hökümetiniň resmi taýdan doly däl ykrar edilmegi, ýagny täze dörän döwlet bilen özge döwletleriň resmi taýdan ykrar etmezden ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklara girmek arkaly iş ýüzünde şol döwleti halkara hukugynyň subýekti hökmünde kabul etmegidir. Halkara hukugynda döwletleriň halkara hukugynyň subýekti hökmünde ykrar edilmeginiň ýörgünli bolmadyk ýene-de bir görnüşi bardyr. Ad hok (latynça ad hoc – şu ýagdaý üçin, şu ýagdaýa degişli) – döwletiň özüniň gatnaşmagynda ýa-da gatnaşmazlygynda, beýleki döwletleriň belli bir ýagdaýlardan (uruş, dartgynly gapma-garşylyk we ş.m.) çykalga hökmünde özara şertnama baglaşmaklarynyň netijesinde döremegidir we ykrar edilmegidir. Mysal üçin, Ikinji jahan urşundan soňra ýeňiji döwletleriň özara baglaşan şertnamalarynyň esasynda Germaniýa Federatiw Respublikasy (GFR) we Germaniýa Demokratik Respublikasy (GDR), şonuň ýaly-da başga hem birnäçe döwletler döredi we olar halkara hukugynyň doly hukukly subýektleri hökmünde ykrar edildiler. Döwletiň halkara gatnaşyklarynda doly hukukly bolmagy, onuň beýleki döwletler bilen deň hukukly bolmagyny we özygtyýarlylyk (suwerenitet) immunitetinden[2] peýdalanmagyny hem aňladýar.

---

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. 6-njy madda, Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] Lat. Immunitas – temmilerden azat edilmek, ýeňillikler, **özygtyýarlylyk immuniteti** – bir döwletiň başga bir döwletiň kazyýetiniň ygtyýarlygyna degişli bolmazlygyny, ýagny bir döwletiň kazyýetine başga bir döwletiň garşysyna hak islegi bilen çykyş edip bolmazlygyny we bir döwletiň emläginiň başga bir döwletiň kazyýetiniň çözgüdiniň esasynda tussag astyna alnyp bilinmezligini aňladýar;

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 6-njy maddasy Türkmenistanyň daşary syýasatda gollanýan halkara hukugynyň esasy ýörelgeleriniň teswirlemesini özünde jemleýär. Halkara hukugy – bu döwletleriň, halkara guramalaryň we halkara hukugynyň beýleki subýektleriniň (öz döwletlerini döretmek üçin göreş alyp barýan halklar, milletler, halkyýetler, adamlaryň belli bir toparlary we ş.m.) aralaryndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan şertnamalaýyn we dessurlaýyn kadalaryň hem-de ýörelgeleriň ulgamydyr. Halkara hukugy özboluşly hukuk kadalarynyň ulgamy hökmünde hereket edip, milli hukuk ulgamlarynyň hiç birine tabyn däldir, emma onuň düzümine döwletleriň milli hukuk ulgamlarynyň öňdebaryjy we has kämil hukuk kadalary girizilip bilinýär. 1920-nji ýyldan başlap dünýäniň köp döwletleri halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň öz çäklerinde implementasiýa prosedurasyny[1] (döwletiň halkara şertnama gol çekmek arkaly goşulmagyna we soňra kanunçykaryjy edaranyň şol şertnamany tassyklamagyna, ýagny ratifikasiýa[2] etmegine düşünilýär) geçirmezden, milli hukuk kadalarynyňkydan hem artykmaç ýuridik güýç bilen, gös-göni hereket edýändiklerini yglan edip başladylar. Türkmenistan hem Dünýä bileleşiginiň doly hukukly döwleti hökmünde umumy ykrar edilen halkara ýörelgelerini we kadalaryny ileri tutýar. Şol ýörelgeleriň esasylary bolsa Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan (statusyndan) gelip çykýar. Dünýäde Tukmenistandan başga, hemişelik bitaraplyk statusynyň eýesi bolan döwletler iki sanydyr. Şweýsariýa (Wena kongresiniň[3] 20.11.1815-nji ýyldaky jarnamasynyň esasynda), Awstriýa (26.10.1955-nji ýyldaky bitaraplyk hakynda federal konstitusion kanunyň[4] esasynda);

Türkmenistanyň daşary syýasaty amala aşyranda ugur alýan ýörelgeleriniň esasylarynyň biri hem beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgesi bolup durýar. Bu ýörelge halkara hukugynyň esasy ýörelgeleriniň biri bolup, döwletlere we halkara guramalaryna beýleki döwletleriň hem halklaryň içerki işlerine islendik görnüşde, ýagny ýarag ulanmak arkaly ýa-da ykdysady, diplomatik[5] ýollar bilen, ýa-da içalylary, diwersantlary[6] ugratmak bilen açyk ýa-da gizlin

---

[1] Lat. Impleo – doldurýaryn, ýerine ýetirýärin, halkara hukugynyň kadalarynyň milli hukuk ulgamyna ornaşdyrylyp, döwletiň içerki çäklerinde berjaý edilip başlanmagyny aňladýar, **prosedura** – «procedo – öňe süýşýärin» diýen latyn sözünden gelip çykyp, belli bir işi amala aşyrmagyň tertipleşdirilen dowamlylygyny aňladýar;

[2] Lat. Ratus – tassyklanan, facio – berjaý edýärin, döwletiň adyndan gol çekilen halkara şertnamanyň döwletiň kanunçykaryjy edarasy tarapyndan tassyklanmagyny aňladýar. Ratifikasiýa edilende ýörite «ratifikasion hat» kabul edilýär.

[3] Lat. Congressus – duşuşyk, ýygnanyşyk, adatça halkara häsiýetli ýygnaklary aňladýar;

[4] Federasiýa tarapyndan kabul edilen kanun;

[5] Gr. Diploma – iki eplenen hat, ýazgy ýazylýan tagta, döwletiň hökümetiniň daşary gatnaşyklary amala aşyrmaklyga gönükdirilen işjeňligini aňladýar;

[6] Lat. Diversio – gyşartmak, çekmek, aýyrmak, duşman tarapa dürli usullar bilen gizlinlikde zeper ýetirýän ýykgynçyny aňladýar;

gatyşmagyň gadagandygyny aňladýar. Bu ýörelge Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasynda, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 1970-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda kabul edilen, «Döwletleriň içerki işlerine gatyşmaklyga ýol bermezlik, olaryň özygtyýarlylygyny we garaşsyzlygyny goramak barada Jarnamada» we beýleki halkara hukuknamalarynda berkidilýär. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ýene-de bir wajyp ýörelgesi güýç ulanmazlyk ýörelgesidir. Bu ýörelge hem halkara hukugynyň döwletleriň özara gatnaşyklarda güýç ulanmagyny ýa-da güýç ulanmaga haýbat atylmagyny gadaganlygyny aňladýan möhüm ýörelgesidir. Bu ýörelge ilkinji gezek 1928-nji ýylyň 27-nji awgustyndaky Pariž şertnamasynda (Brianyň[1] we Kellogyň[2] pakty) berkidilendir. BMG-nyň Düzgünnamasy bolsa diňe bir agressiw[3] urşy gadagan etmek bilen çäklenmän, eýsem halkara gatnaşyklarynda islendik döwletiň çäkleriniň eldegrilmesizligine we syýasy garaşsyzlygyna garşy güýç ulanylmagyny we güýç ulanmak haýbatynyň atylmagyny, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylyk söýüjilik maksatlaryna gabat gelmeýän islendik görnüşdäki başga hereketleriň edilmegini gadagan edýär.

Mälim bolşy ýaly, harby bileleşik (blok[4]) diýlende, döwletleriň umumy syýasy, ykdysady we harby maksatlary bilelikde amala aşyrmak üçin döredýän harby-syýasy bileleşiklerine düşünilýär. Goşulmazlyk ýörelgesi özleriniň daşary syýasatynyň esasy hökmünde hiç bir harby-syýasy bileleşiklere we birleşiklere goşulmazlyk maksatlaryny yglan eden ýurtlary birleşdirýän Goşulmazlyk hereketiniň binýatlaýyn özenini emele getirýär. Goşulmazlyk hereketi 1961-nji ýylda Günorta Afrika Respublikasynyň, Ýugoslawiýanyň we Hindistanyň liderleri I.Titonyň[5], J. Nerunyň[6] we Müsür döwletiniň hökümet ýolbaşçysy A. Nasyryň[7] başlangyçlary esasynda döräp, 1992-nji ýylda bu hereketiň düzümine ýer ýüzüniň

---

[1] Aristid Brian, 1862–1932-nji ýyllarda ýaşan, meşhur fransuz syýasatçysy, 1909–1931-nji ýyllarda Fransiýanyň premýer ministri we daşary işler ministri wezipelerinde işlän, 1926-njy ýylda parahatçylyk ugry boýunça Nobel baýragynyň laureaty, Pariž şertnamasynyň netijesinde döredilen «Pan-Ýewropa» blogyny döredijileriň biri;

[2] Frenk Billins Kellog, 1856–1937-nji ýyllarda ýaşan, ABŞ-nyň meşhur syýasatçysy, 1930–1935-nji ýyllarda Milletler Ligasynda ABŞ-nyň hemişelik hereket edýän ilçişi wezipesinde işlän, Pariž şertnamasynyň netijesinde döredilen «Pan-Ýewropa» blogyny döredijileriň biri;

[3] Lat. Agressio – çozmak, hüjüm etmek, halkara hukugyna laýyk gelmeýän ýagdaýlarda bir döwletiň başga bir döwletiň özygtyýarlylygyna, çäkleriniň eldegrilmesizligine we syýasy garaşsyzlygyna kast edip, onuň üstüne ýaragly güýçleri bilen çozmagyny aňladýar hem-de adamzadyň parahat ýaşamagyna we howpsuzlygyna garşy gönükdirilen agyr jenaýat diýlip hasaplanýar;

[4] Nem. Block – bölek, bir bütewi mehanizmiň belli bir bölegi.

[5] Iosip Broz Tito (1892–1980) 1945–1971-nji ýyllar aralygynda Ýugoslawiýanyň döwlet ýolbaşçysy;

[6] Jawarhalal Neru (1889–1964) 1947-nji ýyldan başlap Hindistanyň Premýer-ministri.

[7] Kamal Abdyl Nasyr (1918–1970) 1954–1956-njy ýyllar aralykda Müsür döwletiniň hökümet ýolbaşçysy.

108 sany döwleti girýärdi. Türkmenistan hem daşary syýasatyny amala aşyranda halkara hukugynyň şu esasy ýörelgelerini doly ykrar edýär we özüniň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan halkara borçlaryna hem hukuklaryna laýyklykda, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär.

Döwletimiziň dünýäniň köp döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklaryny ýola goýmagy, Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň dürli ýurtlarda açylmagy, biziň ýurdumyzda bolsa daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň we halkara guramalarynyň wekilçilikleriniň 30-dan gowragynyň resmi taýdan hasaba alynmagy, şeýle hem döwletimiziň halkara guramalarynyň 40-dan gowragynyň agzalygyna kabul edilmegi, şonuň bilen birlikde-de BMG-niň ynsanperwerlige gönükdirilen guramalary bolan Bütindünýä Saglygy saklaýyş guramasy, ÝUNESKO, UNISEF, BMG-niň bosgunlar boýunça Ýokary Komissarlygy, BMG-niň ýanyndaky AIDS-e garşy göreşmek boýunça Merkez, «Lukmanlara serhet ýok» halkara guramasy, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý ýaly bütindünýä we sebitleýin guramalar bilen işjeň hyzmatdaşlyk etmegi Türkmenistanyň daşary syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylýandygyny aýdyň görkezýär. Döwletimiziň Dünýä Bileleşigi tarapyndan döwletleriň dürli ugurlarda hyzmatdaşlygyny kadalaşdyrmak hem-de ähli döwletler üçin gollanma hökmünde umumy ykrar edilen ýörelgeleri hukuk taýdan berkitmek maksady bilen, kabul edilen halkara resminamalarynyň 120-den gowyragyna goşulmagy bolsa, Türkmenistanyň bütin dünýäde bolup geçýän syýasy-hukuk hadysalarynyň işjeň gatnaşyjysydygynyň iň möhüm subutnamalarynyň biri bolup çykyş edýär.

Döwletimiziň halkara syýasy gatnaşyklary babatda iň möhüm ýeňişleriniň biri bolsa, BMG tarapyndan Aşgabat şäheriniň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi hökmünde saýlanyp alynmagydyr. Sebäbi sebitde bütin dünýä ähmiýetli, wajyp wezipeleri berjaý etmek maksady bilen, döredilen merkeziň ştab-kwartirasynyň paýtagtymyzda ýerleşdirilmegi, dünýäniň döwletlerini özüne birleşdirýän BMG tarapyndan, Türkmenistanyň sebitdäki we dünýädäki syýasy ornuna juda ýokary baha berilýändigini we döwletimiziň bu guramanyň maksatlaryny durmuşa geçirmekde agramly hem möhüm wezipeleri ýerine ýetirýän abraýly agzasydygyny görkezýär. Mälim bolşy ýaly, öňüni alyş diplomatiýasy ýa-da dünýäde ýörgünli bolan adalgany ulanyp aýdylanda, prewentiw diplomatiýa – XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrlarynda halkara gatnaşyklary barada dürli alymlaryň, tejribeli diplomatlaryň nazaryýet nukdaýnazarlarynyň esasynda dörän özboluşly halkara syýasy-hukuk ýörelgesini aňladýar. Prewentiw diplomatiýa adalgasy «praevenio – öňüni alýaryn, öňünden duýdurýaryn» diýen latyn sözünden gelip çykyp, halkara gatnaşyklary babatda dürli sebäplere görä döreýän gapma-garşylykly, çylşyrymly ýagdaýlaryň ýaragly çaknyşyklara, uruşlara

ýa-da gaýry gumanitar betbagtçylyk hadysalaryna ýazmagynyň öňüni almak maksady bilen, araçy hökmünde çykyş edýän döwletler ýa-da halkara guramalary tarapyndan açyk gapma-garşylyga giren taraplaryň arasynda gepleşikleri geçirmek, olaryň ylalaşmaýan meselelerinde «altyn ortalygy» tapmaklaryna ýardam bermek, garşydaşlaryň ählisi üçinem ýaramaz netijeler getirjek dartgynly ýagdaýlardan çykalga tapmak üçin, taraplaryň bähbitlerini utgaşdyrýan, syýasy-hukuk ýagdaýlaryny deňagramlaşdyrýan şertleri işläp düzmek ýaly ençeme çäreleriň amala aşyrylmagyny aňladýar.

## §4. Döwlet dili, döwlet nyşanlary, we döwlet garaşsyzlygyny goramak

Belli bolşy ýaly, döwlet gurluşynyň konstitusion esaslaryna ýurduň Esasy Kanunynda berkidilen döwlet dili, ýaragly güýçler we döwlet nyşanlary baradaky kadalary hem degişli edýärler. Bu düşünjeleriň her biri barada aýry-aýrylykda durlup geçilende şulary bellemek bolar. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 14-nji maddasynda: «Türkmen dili Türkmenistanyň döwlet dilidir. Türkmenistanyň ähli raýatlaryna öz ene dilini ulanmak hukugy kepillendirilýär» diýlip bellenilýär.

Mälim bolşy ýaly, adamyň beden agzasy hökmünde däl-de adamlaryň özara pikir alşyp-berişmekleriniň serişdesi hökmünde, ençeme sesleri özünde jemleýän tebigy dil – bu adamyň aňynda saklanýan we şolara laýyklykda geplemek işi, ýagny sözleri, sözlemleri we sözlemleriň toplumlaryny döretmeklik, olary aýdyp bilmek hem-de olara düşünmeklik, amala aşyrylýan ençeme düzgünleriň çylşyrymly ulgamydyr. Her bir söz, sözlem ýa-da sözlemleriň toplumy (tekst[1]) maddy däl manylary aňladýan maddy obýektdir. Many adamyň aňynda döreýär, ýöne aňda dörän badyna ol beýleki bir adamyň aňyna ýetip bilmeýär, sebäbi pikir, ýagny beýnide döreýän we haýsydyr bir manyny aňladýan uçgunjyk-hereket (impuls[2]) dörän dessine başga bir adamyň pikirine öwrülip bilmeýär. Çünki hiç bir adamyň özgäniň beýnisine we pikirine aralaşmak mümkinçiligi ýokdur, sebäbi pikir maddy zat däl, ýagny pikiri adamyň bäş duýgusynyň (görmek, eşitmek, ys almak, tagam almak, syzmak) hiç haýsy syzyp bilmeýär.

Diňe dil adamyň pikirlerini maddylaşdyryp, beýleki adamlaryň aňyna ýetirmegiň hötdesinden gelýär. Diliň kömegi bilen döreýän anyk sesleriň toplumy takyk manylara eýe bolup, beýleki bir adamyň eşidiş agzalary arkaly onuň beýnisine baryp ýetýärler hem-de onuň beýnisinde şol sesleriň aýdylyş äheňine, döredýän hyýaly şekiline görä, olaryň aňladýan pikirine çalymdaş uçgunjyk-hereketi – pikiri emele

[1] Lat. Textus – mata, birleşik, manyly yzygiderlilikde biri-biri bilen sepleşýän sözlemleriň toplumy;

[2] Lat. Impulsus – urgy, itergi, belli bir itergini, urguny, badalgany aňladýar.

getirýärler. Şeýdibem adam adamyň pikirini kabul edýär we adamlar birek-birege düşünýärler. Diliň çykarýan sesleriniň ýitip gitmezlikleri üçin bolsa olar harplar görnüşinde berkidilýär. Netijede ýazuw hem diliň önümi bolup durýar. Döwlet dili diýlende bolsa, döwletiň ilatynyň agramly böleginiň şol dilde gepleýändigi üçin, onuň kanunçykaryş, kazyýet we iş dolandyryş, iş ýörediş ulgamlarynda ulanylýan hem-de kanun esasynda döwletiň esasy dili diýlip kesgitlenen dile düşünilýär. Döwlet dili bir we birnäçe sany bolup bilýär. Mysal üçin, ABŞ-da ispan we iňlis dilleri döwlet dili diýlip kesgitlenendir. Hindistanda bolsa ilatyň gürlügi hem-de şol ilatyň ummasyz bölekleriniň dürli dillerde gepleýändikleri sebäpli 18 sany dil döwlet dili diýip ykrar edilendir, şolaryň içinde iki sanysy hindi we iňlis dilleri bolsa döwlet dilleriniň esasy ulanylýanlarydyr.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 14-nji maddasynda berkidilen hukuk kadasyna we 1990-njy ýylýn 24-nji maýyndaky Türkmenistanyň Dil hakyndaky kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, türkmen dili Türkmenistanyň döwlet dilidir. Türkmenistan türkmen diliniň döwlet tarapyndan goralmagyny amala aşyrýar we onuň hemme taraplaýyn ösdürilmegi hem-de onuň döwlet edaralarynda, jemgyýetçilik guramalarynda, ykdysadyýetde, ylym-bilim ulgamlarynda, medeniýetde, tehnikada, hyzmat ediş çygrynda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde (maglumat beriş ulgamynda) hem-de jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki ugurlarynda ýörgünli ulanylmagy barada alada edýär. Türkmen diline döwlet dili hukugynyň berilmegi Türkmenistanda ýaşaýan beýleki milletleriň wekilleriniň öz ene dillerinden peýdalanmakdaky konstitusion hukuklaryny kemsitmeýär. Şonuň üçinem Türkmenistanyň ähli raýatlaryna öz ene dilini ulanmak hukugy döwlet tarapyndan kepillendirilýär.

Döwletiň we hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, ýaragly güýçleriniň bolmagy döwletiň alamatlarynyň biri bolup durýar. Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygyny we howpsuzlygyny gorap saklamak üçin Ýaragly Güýçleri bardyr[1]. Esasy Kanunymyzda berkidilen bu hukuk kadasynda ulanylýan howpsuzlyk adalgasynyň aňladýan manysy barada aýdylanda şu aşakdakylary görkezmek bolar. Döwlet howpsuzlygy – bu şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň iň wajyp bähbitleriniň içerki we daşarky howplardan goraglylygydyr. «Iň wajyp bähbitler» diýlende, şahsyýetiň hukuklaryna we azatlyklaryna, jemgyýetiň maddy we ruhy gymmatlyklaryna, şeýle hem döwletiň konstitusion gurluşyna, çäkleriniň bütewiligine, özygtyýarlylygyna düşünilýär. Howpsuzlygy esasy üpjün ediji hökmünde döwlet çykyş edýär. Ol howpsuzlygy üpjün etmek wezipelerini döwlet häkimiýetiniň kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýeti şahalarynyň üsti bilen amala aşyrýar.

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 13-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Döwlet howpsuzlygynyň iň wajyp düzüm bölekleriniň biri-de döwletiň goranmak ukybydyr. 2010-njy ýylda kabul edilen, «Goranmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynyň 8-nji bendine laýyklykda: Türkmenistanyň goranmagy (mundan beýläk – goranmak) – döwletiň harby howpsuzlygyny üpjün edýän hukuk, syýasy, ykdysady, harby, sosial we beýleki çäreleriň ulgamydyr. Goranmak döwletiň howpsuzlygynyň aýrylmaz bir şahasydyr hem-de döwletiň möhüm wezipeleriniň biridir. Goranmak işi harby taglymata (doktrina[1]) hem-de halkara hukugynyň kadalaryna, Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda guralýar hem amala aşyrylýar. Ýarag serişdelerini ulanmak arkaly goranmak üçin Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri döredilýär hem-de Türkmenistanyň raýatlarynyň harby borçlulygy girizilýär.

*Ýaragly Güýçler* – halkara hukugynyň nukdaýnazaryndan garanyňda, döwletleriň hemişelik (gury ýer, harby-deňiz, harby-howa goşunlary we ş.m.) hem-de harby birikmeleri bolup durýar. 2010-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda kabul edilen «Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri – harby dolandyryş edaralaryndan, harby bölümlerinden, birikmelerinden, harby edaralardan we kärhanalardan hem-de harby okuw mekdeplerinden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri, Türkmenistana garşy agressiýany serpikdirmek, konstitusion gurluşa garşy hereketlerden, Döwlet serhediniň bozulmagy bilen ýa-da Türkmenistanyň çäginde Türkmenistanyň özbaşdaklygyna, çäk bitewiligine we milli bähbitlerine howp salýan haýsydyr bir bikanun ýaragly gatyşylmadan goramak üçin niýetlenilendir, Türkmenistanyň çäginde topografiki-geodeziki we kartografiki işleri utgaşdyrmak, dolandyrmak, öndürmek we ygtyýarlandyrmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny amala aşyrýar. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby bölümleri, birikmeleri we beýleki harby düzümleri niýetlenilen ugry bilen baglanyşykly bolmadyk wezipeleri ýerine ýetirmäge diňe Türkmenistanyň kanunçylygy ýa-da Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi esasynda çekilip bilner[2].

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň düzümine Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň niýetlenilen ugry we olaryň işiniň üpjün edilmegi bilen baglanyşykly bolmadyk bölümler, birikmeler we beýleki harby düzümler girip bilmeýär[3]. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerine harby gullukçylary toplamak Türkmenistanyň raýatlaryny harby gulluga çagyryşyň ýa-da harby gulluga borçnama boýunça meýletin tertipde girmegiň esasynda amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Ýaragly

[1] Lat. Doctrine – okuw, taglymat, taglymaty, ýagny ylymda belli bir garaýyşlaryň, düşünjeleriň jemini aňladýar. **Harby doktrina** – döwletiň goranmak ulgamyny kämilleşdirmegiň, güýçlendirmegiň ylmy taýdan esaslandyrylan we resmi taýdan tassyklanan uzakmöhletleýin maksatnamasy.

[2] «Goranmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 11-nji madda, 2-nji böl. Aşgabat. 2010. №135-IV.

[3] Şol ýerde. 12-nji madda, 2-nji böl.

Güýçleriniň harby gullukçylarynyň parahatçylyk döwründäki hakyky sany Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri raýat işgärleri bilen hem toplanylýar[1].

Türkmenistanda döwletiň konstitusiýada berkidilýän alamatlaryna görkezilenler bilen birlikde döwlet nyşanlary hem degişlidir. Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň özygtyýarly döwlet hökmündäki nyşanlary – Döwlet baýdagy, Döwlet tugrasy, Döwlet senasy bardyr. Baýdak, Tugra, Sena kanun esasynda kabul edilýär we goralýar[2].

Belli bolşy ýaly, döwlet nyşanlary (simwollary[3]) – bu konstitusiýa ýa-da ýörite kanunlar bilen kabul edilýän, döwletiň milli özygtyýarlylygyny, özboluşlylygyny alamatlandyrýan, kähalatda bolsa ideologiki[4] manysy bolan döwlet nyşanlarydyr. Döwletiň esasy nyşanlary hökmünde döwlet baýdagy, döwlet tugrasy, döwlet senasy çykyş edýärler.

*Döwlet baýdagy,* döwlet häkimiýetiniň resmi nyşany bolup, ol döwletiň özygtyýarlylygyny alamatlandyrýar. 1992-nji ýylyň 19-njy fewralynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-2-nji maddalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet baýdagy milletiň agzybirliginiň hem garaşsyzlygynyň we döwletiň bitaraplygynyň nyşanydyr. Türkmenistanyň Döwlet baýdagy gönüburçluk görnüşindäki resmi nyşandyr. Baýdagyň uzynlygy onuň ininden bir ýarym esse uludyr. Baýdak ýaşyl reňklidir.

Gyzyl-gyrmyzy zolakda ýokardan aşak bäş sany esasy haly gölleri bolan ahalteke, ýomut, salyr, çowdur, ärsary gölleri ýerleşdirilen, olar türkmen halkynyň dostlugynyň we jebisliginiň nyşanlarydyr. Olaryň her biriniň daşyna hem haly nagşy aýlanan, onuň daşky gyrasy zolagyň gyralary bilen utgaşdyrylan. Gyzyl- gyrmyzy zolagyň aşaky böleginden başlanýan ýerinde bir-birini kesip geçýän we ýokaryk dürli taraplara gönükdirilen iki sany zeýtun şahasy şekillendirilendir. Olaryň her biri aşakysyndan we ýokarkysyndan başgasy jübüt ýerleşen, uçlarynda kiçelýän ýapraklaryň onusyndan ybaratdyr. Baýdagyň uly ýaşyl böleginde çep ýokarky burçda ak reňkli ýarymaý we bäş sany ýyldyz şekillendirilendir.

Görkezilen kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet baýdagy aşakdaky ýerlerde gerilýär:

Prezident köşgüniň, Mejlisiň, Ministrler kabinetiniň, ministrlikler, döwlet

---

[1] «Goramak hakynda» Türkmenistanyň kanuny 13-nji madda. Aşgabat 2010. № 135-IV.

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 15-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[3] Gr. Symbolon – nyşan.

[4] Gr. Idea – düşünje, göz öňüne getirme, logos-okuw, söz, adamyň öz durmuşyna aň ýetirmekde goldanýan syýasy, hukuk, ahlak, dini, estetiki we filosofiýa garaýyşlarynyň hem pikirleriniň ulgamyny aňladýar.

komitetleri[1], pudaklaýyn dolandyryş edaralary, beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň jaýlarynda – hemişelik, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň sessiýalarynyň[2] geçirilýän jaýlarynda – sessiýanyň bütin döwründe, umumy döwlet baýramçylyklarynyň günlerinde we beýleki baýramçylyklarda we hatyra günlerinde kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň jaýlarynda, şeýle hem ýaşaýyş jaýlarynda, Türkmenistanyň beýleki ýurtlardaky diplomatik, konsullyk we beýleki döwlet wekilhanalarynyň jaýlarynda – hemişelik, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň Başlygynyň, Türkmenistanyň diplomatik we beýleki resmi wekilleriniň bar wagtynda deňiz hem derýa gämilerinde, olaryň beýleki ulag serişdelerinde, şeýle hem beýleki ýagdaýlarda – Hökümet tarapyndan bellenen tertipde.

Kanuna laýyklykda ýatlama günlerinde: 12-nji ýanwarda we 6-njy oktýabrda matam tutmak hökmünde Türkmenistanyň Döwlet baýdagy aşak egilýär. Türkmenistanyň Döwlet baýdagy Türkmenistanyň Ministler Kabinetiniň yglan eden çözgüdi boýunça beýleki halatlarda matam tutmak hökmünde aşak eglip bilinýär.

*Tugra* (gerb) – döwletiň tapawutlandyryş nyşany hökmünde çykyş edýän şertli belgidir. Döwlet tugrasy, döwlet edaralarynyň möhürlerinde, resminamalarynda, döwletiň pul birliginde we ş.m. şekillendirilýän resmi nyşanydyr. Döwlet tugrasy ýörite kanun bilen tassyklanýar we köp halatda döwletiň konstitusiýasynda şekillendirilýär. 2003-nji ýylyň 15-nji awgustyndaky «Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1–2-nji maddalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy Türkmenistanyň Döwlet häkimiýetiniň nyşanydyr. Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy biri-biriniň içinde mawy we gyzyl reňkli iki tegelek ýerleşdirilen sary-altynsöw gaýmaly, ýaşyl reňkli, sekiz gyraňlyk şekillendirilendir. Tegelekleriň arasynda birmeňzeş ini bolan sary-altynsöw zolaklar bar. Gyzyl tegelegiň daşyndaky ýaşyl reňkli sekiz gyraňda milli baýlygyň we Döwlet nyşanlarynyň esasy belgileri: aşaky böleginde – ak pagtanyň gök ýaprakly bäş hanaly açylan gozalarynyň ýedisi; ortaky böleginde – Tugranyň her tarapyndan iki sümmül bolmak bilen, sary-altynsöw reňkli bugdaý sümmülleri; ýokarky böleginde-ak reňkli bäş sany bäşburç ýyldyz bilen ýarymaý şekillendirilendir. Möçberi mawy tegelegiň 2 diametrine[3] barabar bolan gyzyl tegelegiň halkalaýyn zolagynda sagadyň diliniň ugry boýunça ahal-teke, salyr, ärsary, çowdur, ýomut gölleri bolan bäş sany esasy haly gölleri ýerleşdirilendir, olar türkmen halkynyň

[1] Lat. Committo – tabşyrýaryn, belli bir pudagy dolandyrmak ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak üçin döredilýän döwlet edarasyny aňladýar;

[2] Lat. Session – maslahat, ýygnak, wekilçilikli edaranyň, ylmy ýa-da jemgyýetçilik guramanyň guramaçylykly işiniň görnüşini aňladýar.

[3] Gr. Diametros – kese geçýän, tegelegiň ortasyndan kesip geçýän göni çyzygy aňladýar;

dostlugynyň we jebisliginiň nyşanlarydyr. Tugranyň kiçi tegeleginiň içinde türkmenleriň buýsanjy meşhur ahal teke bedewleriniň gadymy nusgasyny özünde jemleýän, ahal-teke bedewi (Ýanardag) şekillendirilendir[1].

Görkezilen kanuna laýyklykda Türkmenistanyň Döwlet Tugrasynyň şekili şu aşakdaky ýerlerde ýerleşdirilýär:

● Türkmenistanyň Prezident köşgüniň, Mejlisiniň, Ministrler Kabinetiniň, ministrlikleriniň, Döwlet komitetleriniň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, kazyýetleriniň, beýleki Döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň jaýlarynda;

● Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň, Ministrler Kabinetiniň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, kazyýetleriniň mejlisler zallarynda, şeýle hem baglaşylan nikanyň, doglan çaganyň hem-de raýatlyk ýagdaýynyň beýleki namalarynyň dabaraly hasaba alynýan otaglarynda;

● Türkmenistanyň raýatlarynyň pasportlarynda[2] we raýatlara berilýän beýleki resmi döwlet namalarynda;

● Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň, Ministrler Kabinetiniň, ministrlikleriniň, döwlet komitetleriniň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, kazyýetleriniň, döwlet kepillendiriş edaralarynyň we beýleki döwlet häkimiýet hem-de dolandyryş edaralarynyň möhürlerinde, güwänamalarynyň we beýleki resmi namalarynyň blanklarynda[3];

● Prezidentiň, Mejlisiň, Ministrler Kabinetiniň hem-de olaryň edaralarynyň resmi neşirlerinde;

● pul-zat lotereýalarynyň[4] biletlerinde[5], döwlet obligasiýalarynda hem-de beýleki gymmat bahaly döwlet kagyzlarynda[6].

Türkmenistanyň kanunlarynda Türkmenistanyň Döwlet Tugrasynyň şekilini hökman görkezmegiň beýleki halatlary hem göz öňünde tutulyp bilinýär.

*Sena* (gimn[7]) – bu belli bir dabaraly wakalaryň açylyşynda ýerine ýetirilýän dabaraly aýdymdyr. Döwlet senasy – bu döwletiň baýdagy we tugrasy ýaly döwletiň nyşanydyr hem-de diňe döwletiň kanuny bilen kesgitlenýän dabaraly ýagdaýlarda

---

[1] «Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy (gerbi) hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2-nji mad. Aşgabat. 15.08.2003. № 191–II.

[2] Ital. Passaporto – gämi duralgasyndan geçip gitmäge ýazmaça rugsatnama, raýatyň şahsyýetini anyklaşdyrýan resminama;

[3] Fr. Blanç – ak, arassa, ýörite görnüşde taýýarlanyp, doldurylmaga degişli resminama.

[4] Fr. Lot – bije, utuş, pullaryň hem emläkleriň baýrak goýulýan utuşly oýny;

[5] Fr. Billet – tölenilen töleg üçin nämedir bir zatdan peýdalanmaga hukuk berýän resminama.

[6] «Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy (gerbi) hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 3-nji mad. Aşgabat. 15.08.2003. №191-II.

[7] Gr. Hymnos – dabaraly aýdym.

ýerine ýetirilýändir. 2008-nji ýylyň 5-nji dekabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň Döwlet senasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 2-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet senasy garaşsyz we bitarap Türkmenistanyň döwlet nyşanydyr we milletiň agzybirligini hem jebisligini janlandyryp görkezýändir.

Türkmenistanyň Döwlet senasy: Türkmenistanyň Prezidenti kasam kabul edip öz wezipesine girişende, Türkmenistanyň Mejlisiniň maslahatlary açylanda we tamamlananda, Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň resmi taýdan galdyrylyş dabaralarynda, diplomatik protokola laýyklykda daşary ýurt döwletleriniň resmi sapar bilen gelen döwlet we hökümet baştutanlaryny garşylamagyň we ugratmagyň dabaralarynda, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby düzgünnamalaryna laýyklykda harby däp-dessurlar geçirilýän wagtynda, Türkmenistanyň döwlet baýramçylyklaryna bagyşlanan dabaralar açylanda we tamamlananda, döwlet teleýaýlymlarynyň we radioýaýlymlarynyň işiniň başlanan we tamamlanan pursadynda, Türkmenistanyň döwlet derejesinde geçirilýän çärelerinde ýerine ýetirilýär. Şonuň ýaly-da Türkmenistanyň Döwlet senasy ýadygärlikler açylanda hem-de döwlet edaralary we guramalary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, şeýle hem beýleki guramalar tarapyndan döwlet ähmiýetli dabaraly çäreler geçirilýän wagtynda-da ýerine ýetirilip bilner[1]». Türkmenistanyň Döwlet senasyny ýerine ýetirmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär[2]. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet baýdagy, Döwlet tugrasy, Döwlet senasy kanun esasynda kabul edilýär we goralýar.

Döwletiň we hukugyň nazaryýetinde hem-de konstitusiýa hukugynda käbir alymlar döwletiň paýtagtyny hem döwletiň hazynasy, maliýe-bank ulgamy, goşuny ýaly onuň goşmaça alamatlarynyň biri hökmünde kesgitlenýär. Elbetde bu pikir babatda dürli jedeller we çekişmeler ýüze çykyp biler. Ýöne adatça, ýurduň belli bir şäheriniň paýtagt hökmünde kesgitlenmegi döwletiň konstitusiýasynda berkidilýär we bu ýagdaý paýtagtyň ähmiýetiniň ululygynyň aňlatmasy hökmünde çykyş edýär. Biziň döwletimiziň mysalynda alnanda-da, Türkmenistanyň paýtagty Esasy Kanunymyzda kesgitlenýär[3]. Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda döwletiň paýtagty Aşgabat şäheridir.

Belli bolşy ýaly, paýtagt – döwletiň baş şäheri hem syýasy-dolandyryş merkezidir. Adatça paýtagt, merkezi (umumilli) ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet häkimiýet edaralarynyň ýerleşýän ýeri bolmak bilen, ol döwletiň aýratyn dolandyryş düzgüni bolup hereket edýän, özbaşdak, ýagny döwletiň beýleki dolandyryş-çäk birlikleriniň düzümine girmeýän we gönüden-göni merkezi döwlet-

---

[1] «Türkmenistanyň Döwlet senasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 4-nji mad. Aşgabat. 05.12.2008. №235-III.

[2] Şol ýerde. 6-njy mad.

[3] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 17-nji mad. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

-häkimiýet edaralaryna tabynlykda hereket edýän dolandyryş-çäk birligi hökmünde kesgitlenýär.

Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäheri – 1881-nji ýylda rus goşunlary tarapyndan şol ýerde ýerleşen Ashabat obasynyň gapdalynda goşun berkitmesi hökmünde esaslandyrylýar. Aşgabat şäheriniň ady şol Ashabat obasynyň adyndan gelip çykýar. Başga bir düşündirişinde Aşgabat şäheriniň ady «Aşyklaryň şäheri» diýen manyny hem aňladýar. 1919-njy ýyldan 1927-nji ýyla çenli Aşgabat şäheriniň ady Poltorask bolup, onuň ady, raýatlyk urşy ýyllarynda wepat bolan gyzyl komissar Poltoraskiýniň adyna görä üýtgedilýär. 1927-nji ýyldan başlap hem Türkmenistanyň paýtagtynyň ady Aşgabat şäheri hökmünde kesgitlenýär.

*7.1-nji çyzgy*

**Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary**

- Türkmenistan – demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar
- Türkmenistan kanun esasynda hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir
- Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr
- Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar
- Döwlet häkimiýeti häkimiýetleriň bölünişigi ýörelgesine esaslanyp kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýär we biri-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýärler
- Döwlet, onuň ähli edaralary we wezipeli adamlary hukuk hem konstitusion gurluş bilen baglydyr. Türkmenistanyň konstitusiýasy döwletiň Esasy Kanunydyr. Onda berkidilen kadalar we düzgünler gös-göni hereket edýär. konstitusiýa ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur
- Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär
- Türkmenistanyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar
- Döwlet dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanun öňünde deňligini kepillendirýär
- Türkmenistanda ýokary döwlet häkimiýetini we dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti amala aşyrýar

*7.2-nji çyzgy*



Halk häkimiýetiniň amala aşyrylmagynyň görnüşleri
Döwlet häkimiýeti
döwlet we onuň edaralary tarapyndan jemgyýetiň ähli işleriniň guramaçylykly dolandyrylmagy
Jemgyýetçilik häkimiýeti
raýatlaryň aýratyn toparlary hem jemgyýetçilik birleşmeleri, partiýalar, zähmet kollektiwleri, jemgyýetçilik hereketleri we ş.m. hökmünde hereket edýär
Gatyşyk häkimiýet (ýerli öz-özüňi dolandyryş)
belli bir çäkde, ýagny obada, şäherde ýa-da şäherçede ýaşaýan ilatyň öz jogapkärçiliginiň astynda degişli çäkdäki işleri we durmuşy dolandyrmak bilen baglanyşykly ýerli ähmiýetli meseleleri özbaşdak çözmegini üpjün edýär
Döwlet häkimiýetiniň şahalary
Kanunçykaryjy häkimiýet
Ýerine ýetiriji häkimiýet
Kazyýet häkimiýeti

*7.3-nji çyzgy*


**Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşy**
Welaýat
(welaýat hukukly şäher)
etrap
(etrap hukukly şäher)
etrapdaky şäher
şäherçe
geňeşlik


**Döwletiň içerki syýasatyna girýän esasy wezipeler**
Kanunlary kabul etmek hem-de olaryň döwletiň bütin çäginde hemmeler tarapyndan takyk we birmeňzeş berjaý edilmegini üpjün etmek
Hemişelik ilaty barada alada etmek, ýagny, raýatlaryň janyny, saglygyny, tebigy we mizemez hukuklaryny goramak, ilat üçin iş ýerlerini, saglygy goraýyş, bilim ulgamlaryny döretmek, abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek
Durmuş ätiýaçlandyrmasyny kepillendirmek maksady bilen durmuş-üpjünçilik ulgamyny döretmek we onuň netijeli hereket etmegini üpjün etmek
Salgytlaryň möçberini kesgitlemek, karz beriş ulgamyny döretmek, pul-haryt dolanyşygyny tertibe salmak ýaly ykdysady prosessleri kadalaşdyrmak
Ekologiýa taýdan howpsuzlygy üpjün etmek
Syýasy durnuklylygy saklamak
Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak
Hukuk tertibini berkitmek
Döwlet gurluşynyň kadaly hereket etmegini üpjün etmek we döwlet gurluşyny goramak
Adyl kazylygy amala aşyrmak
Raýatlaryň medeni zerurlyklaryny kanagatlandyrmak
Edebiýatyň, sungatyň, umuman medeniýetiň we ylmyň ösmegini üpjün etmek we ş.m.

*7.4-nji çyzgy*


Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri
beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgesi
hemişelik bitaraplyk ýörelgesi
harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk ýörelgesi
güýç ulanmazlyk ýörelgesi
sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgesi

## Sowalnama:

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Döwletde häkimiýetiň ýeke-täk gözbaşy kim?**
● döwlet;
● döwlet ýolbaşçysy;
● halk;
● döwletiň ýokary kanunçykaryjy edarasy.

**2. Döwletiň içeri syýasaty – bu**
● onuň amala aşyrýan ähli içerki işleridir;
● onuň amala aşyrýan ähli işleridir;
● döwletiň içeri işler ministrliginiň amala aşyrýan işleridir;
● hukuk tertibini we kanunylygy üpjün etmek baradaky işlerdir.

**3. Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslaryna şu aşakdakylar girýär:**
● diňe Türkmenistanyň konstitusiýasynyň I bölüminiň maddalarynda berkidilen ýörelgeler;
● Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslanýan ýörelgeleriniň ulgamy;
● Türkmenistanyň döwlet gurluşyny, döwlet dolandyryşyny we syýasy düzgünini kesgitleýän ýörelgeleýin kadalar;
● Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-5-nji we 12-16-njy maddalarynda berkidilen ýörelgeler.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**4. Halk häkimiýetiniň şu görnüşleri bar:**
● döwlet häkimiýeti;
● jemgyýetçilik häkimiýeti;
● gatyşyk häkimiýet;
● ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet.

*Dogry jogaby tapyň.*

**5. Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanda döwlet häkimiýetiniň şu şahalary bar:**
● Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 48-nji maddasyna laýyklykda – Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti;
● Türkmenistanyň konstitusiýasynyň III bölüminiň baplaryna laýyklykda – Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýerli häkimiýet edaralary;

● Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 4-nji maddasyna laýyklykda – kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýeti;

● Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 48-nji maddasyna we IV, VII bölümlerine laýyklykda – Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary we prokuratura edaralary.

**6. Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisinden başga kanunçykaryjylyk ygtyýarlyklaryny amala aşyryp bilýän wezipeli şahs ýa-da döwlet edarasy barmy?**

● ýok;

● hawa – Türkmenistanyň Ministrler Kabineti;

● hawa – Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 64-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti;

● hawa – Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti.

*Konstitusiýa laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**7. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşy şulardan ybarat:**

● welaýatlardan hem welaýat hukukly şäherlerden, etraplardan we etrap hukukly şäherlerden, etrapdaky şäherlerden, şäherçelerden hem geňeşliklerden;

● şäherlerden, şäherçelerden we obalardan;

● paýtagtdan, şäherlerden, şäherçelerden, obalardan hem-de daýhan birleşiklerinden;

● welaýatlardan hem welaýat hukukly şäherlerden, etraplardan we etrap hukukly şäherlerden, etrapdaky şäherlerden, şäherçelerden, geňeşliklerden hem daýhan birleşiklerinden.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**8. Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilen Türkmenistanyň daşary syýasatda goldanýan esasy ýörelgeleri şulardyr:**

● hemişelik bitaraplyk;

● beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk;

● sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek;

● milli ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetine integrirlenmegi.

*Dogry jogaby tapyň.*

**9. Halkara hukugynda döwletiň ykrar edilmeginiň görnüşleri şulardyr:**

● de ýure (hukuga laýyklykda);

● de fakto (iş ýüzünde, hakykatda);

● ad hok (şu ýagdaý üçin, şu ýagdaýa degişlilikde);
● a die (şu günden başlap).

**10. Türkmenistanyň konstitusiýasy Türkmenistanyň döwlet nyşanlaryna haýsy nyşanlary degişli edýär?**
● döwlet baýdagyny, döwlet tugrasyny, döwlet senasyny we döwlet dilini;
● döwlet baýdagyny, döwlet tugrasyny, döwlet senasyny we döwlet dilini hem--de Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini;
● döwlet baýdagyny, döwlet tugrasyny, döwlet senasyny, döwlet dilini we paýtagty;
● döwlet baýdagyny, döwlet tugrasyny, döwlet senasyny.

**11. Türkmen dili haçan we haýsy kadalaşdyryjy hukuk nama bilen döwlet dili diýlip ykrar edildi?**
● 1990-njy ýylyň 24-nji maýynda «Dil hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bilen;
● 1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda, «Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakynda» Jarnama bilen;
● 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabryndaky, «Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny bilen;
● 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda, Türkmenistanyň konstitusiýasy bilen.

**12. Türkmenistan haçan Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi?**
● 1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda;
● 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda;
● 1992-nji ýylyň 6-njy martynda;
● 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda.

**13. Türkmenistanyň hukuk döwletidigi barada Türkmenistanyň konstitusiýasynyň haýsy maddasynda has giňişleýin beýan edilýär?**
● 1-nji maddasynda;
● 2-nji maddasynda;
● 3-5-nji maddalarynda;
● 3-nji maddasynda.

**14. Türkmenistanyň dünýewi döwletdigi barada Türkmenistanyň konstitusiýasynyň haýsy maddasynda has giňişleýin beýan edilýär?**
● 1-nji maddasynda;
● 5-nji maddasynda;
● 12-nji maddasynda;
● 3-nji maddasynda.

# VIII BAP. JEMGYÝETÇILIK WE DÖWLET GURLUŞYNYŇ KONSTITUSION-HUKUK ESASLARY

## §1. Jemgyýetiň ykdysady esaslarynyň Esasy Kanunda berkidilişi

Mälim bolşy ýaly, jemgyýetiň ykdysady esaslary köp döwletleriň şonuň ýaly-da biziň döwletimiziň hem Esasy Kanunynyň aýratynlykda düzgünleşdirýän pudagy bolup durýar. Şonuň üçin hem islendik ýurduň ykdysady häsiýetini açyp görkezýän, hususy eýeçilik, zähmet, pul, ykdysadyýet, bazar, bazar ykdysadyýeti we ş.m. ýaly ykdysady düşünjeler onuň (Konstitusiýanyň) düzgünleşdirýän esasy obýektleri hökmünde çykyş edýärler. Häzirki wagtda dünýäniň köp döwletileriniň konstitusiýalarynda (mysal üçin, Italiýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Braziliýa, Peru, KHDR we beýleki döwletler) ykdysady gatnaşyklara tutuş bir bölüm bagyşlanýar.

Jemgyýetiň ykdysady esaslary esasan ykdysadyýet, bazar, bazar ykdysadyýeti ýaly düşünjeler bilen berk baglanşykly bolup, olar bilelikde, jemgyýetiň umumy ykdysady gatnaşyklaryny emele getirýärler. Ykdysadyýet – bu ilkinji nobatda ynsanlaryň öz zähmetlerini hem-de akyl-paýhaslaryny ulanyp, özleri üçin zerur bolan eşretleri, şertleri we ýaşaýyş serişdelerini döretmekleri, netijesinde bolsa, özleriniň kadaly, rahat ýaşaýşyny üpjün etmek we ähli maddy hem ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ulanýan serişdeleriniň, desgalarynyň, yzygiderlikli amallarynyň jemidir. Ykdysadyýetiň kadaly hereket etmegi bu döwletiň kuwwatly bolmagynyň iň esasy hem iň zerur şertidir. Sebäbi ykdysadyýetiň kömegi bilen döwlet özüniň ähli maddy baýlyklaryny edinýär, toplaýar, artdyrýar. Şonuň netijesinde-de döwlet, jemgyýet tarapyndan özüniň döredilmeginiň iň esasy we iň möhüm maksadyny durmuşa geçirip, jemgyýetiň maddy hem ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak mümkinçiliklerine eýe bolýar. Ykdysadyýetiň diňe maddy zerurlyklary kanagatlandyrmakda däl-de, eýsem ruhy zerurlyklary kanagatlandyrmakda hem kesgitleýji ähmiýetiniň barlygy bolsa köp halatda ruhy islegleriniň kanagatlandyrylmagy üçin zerur bolan serişdeleriň hem maddy mümkinçilikleriň kömegi bilen amala aşyrylýanlygyndadyr. Ýagny jemgyýetiň medeni ösüşini tizleşdirmegiň baş şerti bolan döwlet saglygy goraýyş ulgamyny, bilim ulgamyny, medeni ulgamyny kämilleşdirmek ilkinji nobatda ol ulgamlaryň maddy-tehniki üpjünçiligini artdyrmakdan we döwlet tarapyndan şol ulgamlary kämilleşdirmeklige goşmaça serişdeleriň goýberilmeginden başlanýandygy öz-özünden düşnüklidir. Şu nukdaýnazardan ugur alnanda ruhy-medeni ösüşiň hem köp derejede maddy üpjünçilige baglydygy hakynda netijä gelmek bolýar. Maddy

üpjünçilik bolsa diňe ykdysadyýetiň kadaly hem kämil hereket etmeginiň netijesinde döreýär.

*Türkmenistanyň konstitusiýasy* ykdysady gatnaşyklara ýokary derejede täsir edýän we olaryň konstitusion hukuk esaslaryny emele getirýän hukuk kadalaryny hem ýörelgelerini berkidýär. Mysal üçin, olaryň käbirlerini görkezmek bolar:

● eýeçiligiň eldegrilmesizligi we onuň dürli görnüşleriniň deňligi (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 9-njy maddasy);

● bazar gatnaşyklary ýörelgesi we telekeçilige goldaw bermek ýörelgesi (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 10-njy maddasy);

● zähmetiň erkinligi we howpsuzlygy, hünär, iş ýerini saýlap almak erkinligi (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 33-nji maddasy)

● salgytlary tölemek borjy (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 42-nji maddasy) we ş.m.

Ykdysadyýetiň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, bazar ykdysadyýetini bazar gatnaşyklarynyň ulgamy emele getirýär. Bazar gatnaşyklarynyň ulgamy diýlende bolsa ilkinji nobatda hususy eýeçilik hukugynyň hakyky hukuk manysynda ulanylmagyna, hususy hojalyk başlangyjyna (inisiatiwasyna) (ýagny önümleri öndürmekde, belli bir hyzmatlary etmekde hojalyk dolandyryşy we guramaçylyk-serenjam beriş işi amala aşyrylanda telekeçiniň diňe öz erkine we kanuna esaslanmagy) hem-de serişdeleriň paýlanyşygynyň bazar gatnaşyklary nukdaýnazaryndan guralmagyna düşünilýär. Bazar ykdysadyýetinde jemgyýet üçin derwaýys bolan maddy eşretler, maýa goýum bazary, zähmet bazary, adamlar tarapyndan hemişe ulanylýan hyzmatlar we harytlar bazary ýaly bazarlaryň ulgamynda döredilýär, şol bazarlaryň her birinde hem belli bir görnüşli maddy eşretler we baýlyklar öndürilýär, satylýar we satyn alynýar.

Bazar ol ýa-da beýleki bir hojalyk başlangyjynyň (inisiatiwasynyň) netijeliligini, emläk gymmatlyklarynyň eýelerine getirýän girdejileriniň möçberini kesgitleýär, şeýle hem möçberi az bolan baýlyklary has netijeli ugurlarda ulanmaklyk üçin paýlamaklygyň çäklerini hem belleýär. Bazar gatnaşyklary ulgamynda her bir adamyň emläk ýagdaýy, onuň özüniň eýelik edýän harydyny, işçi güýjüni, hünär ukyplaryny, öndüren önümini, täjirçilik geleşiklerini baglaşmaklykdaky zehinini we ş.m. nä derejede şowly satyp biljekdigine bagly bolup durýar. Bazar ykdysadyýetinde kim alyja onuň üçin has bähbitli şertler bilen, has oňat harydy hödürlese, şol hem özüniň maddy hal-ýagdaýynyň has ýokarlanmagyna ýol açýar.

Bazar mehanizminiň esasy artykmaçlygy hem, ol her bir satyjyny alyjynyň bähbitleri barada pikirlenmeklige mejbur edýär, sebäbi alyjylaryň bähbitlerinden ugur almak bilen satyjy özi üçin bähbitli maksatlarynyň amala aşmagyny gazanýar. Ýöne bazar gatnaşyklarynda alyjy hem satyjynyň bähbitlerinden ugur almalydyr, ýagny alyjy özüniň isleýän harydyny diňe şol wagt bazarda harydyň onuň satyn almak isleýän görnüşi üçin emele gelen bahasyny tölemek arkaly edinip bilýär. Ine, şeýle hadysa hem «bähbitleriň utgaşmagy» diýen adalga bilen aňladylýar.

Iňlis ykdysadyýetçi alymy Adam Smit (1723–1790-njy ý.ý.) özüniň meşhurlyk gazanan «Halklaryň baýlyklarynyň sebäpleriniň we tebigatynyň seljermesi» atly 1776-njy ýylda neşir edilen eserinde bazar gatnaşyklarynda satyjynyň we alyjynyň bähbitleriniň utgaşmagynyň mehanizmini seljereninde şeýle belleýär: «Her bir adam diňe öz bähbidi barada pikir edýär. Emma welin, ony ugrukdyrýan göze görünmeýän el köp ýagdaýlarda bolşy ýaly, ony düýbünden garaşmadyk netijelerine getirýär.» Adam Smitiň döwründen bäri ykdysadyýetçiler «göze görünmeýän el» diýlende, bazar ykdysadyýet ulgamynda millionlarça adamlaryň işini sazlaşdyrmaklyga mümkinçilik berýän bahalaryň mehanizmini göz öňünde tutýarlar.

Bazar ykdysadyýetindäki bäsdeşlik prosessiniň netijesinde emele gelýän bahalar hem ähli satyjylar we alyjylar üçin harytlaryň hem-de olara bolan islegiň özara gatnaşygy baradaky maglumatyň baş çeşmesi bolup hyzmat edýär. Bäsdeşlik esasynda gurnalan bazarlar, çäkli önümçilik baýlyklarynyň we şolaryň kömegi bilen döredilen eşretleriň paýlanyşygyny amala aşyrmagyň adamzada mälim bolan iň netijeli usuly bolup durýandyr. Bäsdeşligiň esasy artykmaçlygy hem diňe hili boýunça has oňat we olary öndürmeklige çykarylýan çykdajysy az bolan harytlary öndürmeklik arkaly bäsdeşlikde üstün çykyp bolýanlygyndadyr. Bazar ykdysadyýetiniň döwletiň ykdysady kuwwatyny ösdürmeklikde ençeme artykmaçlyklarynyň bardygyna garamazdan onuň käbir ýetmezçilikleriniň bardygyny hem agzaman geçmek bolmaz. Ol ýetmezçilikler ykdysady nazaryýetde «bazaryň pese gaçmaklygy» ýa-da «bazaryň gowşaklygy» diýlip atlandyrylýarlar.

Esasy Kanunymyzyň 10-njy maddasynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýanlygy, döwletiň telekeçiligi höweslendirýändigi we goldaýandygy, kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam berýändigi barada, ýörite hukuk kadasy berkidilýär. Şunuň ýaly hukuk kadasynyň Esasy Kanunymyza girizilmegi, şonuň ýaly-da konstitusiýada kiçi we orta telekeçilik diýen düşünjäniň peýda bolmagy, jemgyýetimiziň ykdysady esaslaryny emele getirýän hem-de, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmakda möhüm orny bolan telekeçilik işiniň hukuk we guramaçylyk esaslarynyň hukuk taýdan kepillendirilýändigininiň aýdyň subutnamasy hökmünde çykyş edýär.

Telekeçiligi ösdürmek, kiçi we orta telekeçilige döwlet tarapyndan goldaw bermek döwletimiziň maddy esasyny emele getirýän we ilatyň ýokary hilli ýaşaýşyny üpjün edýän milli ykdysadyýetimiziň esasy özenini emele getirmek bilen bir hatarda, ykdysadyýetimiziň kadaly hereket etmeginiň-de kepili hökmünde çykyş edýär. Belli bolşy ýaly, ykdysadyýetiň kadaly hem kämil hereket etmegi, ilkinji nobatda bazar gatnaşyklarynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleriniň näderejede durmuşa geçirilýändigine bagly bolup durýar. Erkin telekeçiligiň, eýeçiligiň dürli görnüşleriniň bolmagy, bahalaryň erkin hereket etmegi, şertnamanyň erkinligi we hojalyk işini alyp baryjylaryň arasyndaky ähli gatnaşyklaryň diňe şertnamalaýyn esasda guralmagy, bazar gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň işine döwletiň gatyşmagy-

nyň çäklendirilmegi, taraplaryň deňligi ýaly ýörelgeler bolsa, bazar gatnaşyklarynyň esasy ýörelgeleri hökmünde çykyş edýär. Görkezilen ýörelgeleriň biri-biri bilen juda jebis arabaglanyşyklykda durýandyklary zerarly, olaryň biri hereket etmese, tutuş bazar gatnaşyklary ulgamynyň mehanizmi hem netijeli hereket edip bilmeýär.

Belli bolşy ýaly, telekeçiligiň emele gelmegi we ösmegi üçin bazar ykdysadyýetiniň ýörelgeleri bilen bir hatarda, ykdysady, sosial, we hukuk şertleri ýaly şertleriň bolmagy zerurdyr.

**Ykdysady şertlere:** harytlaryň hödürlenmegi, harytlara bolan isleg, alyjylaryň satyn alyş ukyby we olaryň isleg bildirýän harytlarynyň görnüşleri, işçileriň zähmet hakyna, şonluk bilenem olaryň satyn alyş ukybyna täsir edýän işçi güýjüniň ýa-da iş orunlarynyň ýetmezçiligi ýa-da artykmaçlygy ýaly ençeme ýagdaýlar girýär. Şeýle hem ykdysady ýagdaýa pul serişdeleriniň barlygy we elýeterligi, maýa goýumlaryna düşýän girdejiniň derejesi, telekeçileriň öz täjirçilik işlerini amala aşyranlarynda ýüz tutmaly bolýan karz beriş edaralarynyň karzyna berýän pul serişdeleriniň möçberi we şol karzlary almagyň tertibiniň ýeňildigi ýa-da çylşyrymlydygy hem örän täsir edýär.

Sosial şertler: ilkinji nobatda alyjylaryň belli bir wagtlarda moda (ýoň) eýerip, harytlaryň belli-belli görnüşlerine islegleriniň artmagy, jemgyýetde hereket edýän durmuşy-ahlak, dini, medeni kadalar, şeýle hem telekeçilik bilen meşgullanýan şahsyň öz amala aşyrýan işinden lezzet almagy ýaly ýagdaýlary öz içine alýar.

Iň esasy zat hem jemgyýetçilik ýaşaýşynyň islendik ugrunda bolşy ýaly, telekeçilik hem döremegi, ösmegi, kämilleşmegi üçin zerur bolan hukuk şertleri bolmazdan emele gelip we hereket edip bilmez. Hukuk şertlerine: kärhanalary açmagyň we hasaba almagyň tizleşdirilen tertibiniň bolmagy, önümçilik bilen baglanyşykly telekeçiligi höweslendirmek nukdaýnazaryndan salgyt kanunçylygynyň kämilleşdirilmegi, daşary ýurtly telekeçiler bilen ýerli telekeçileriň hyzmatdaşlygynyň girdejili we üç taraplaýyn, ýagny daşary ýurtly telekeçi, ýerli telekeçi we döwlet üçin deň bähbitli bolmagyna ýol açýan zerur şertleriň döredilmegi ýaly ençeme kesgitleýji faktorlar girýär.

Türkmenistanda telekeçilik gatnaşyklary 1993-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda kabul edilen «Telekeçilik işi hakynda» Türkmenistanyň kanuny, 1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edilen Türkmenistanyň Raýat kodeksi, şeýle hem 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň kanuny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär. Telekeçilik işi (biznes) diýip, fiziki şahslaryň ýuridik şahs döretmezden ýa-da ýuridik şahs döretmek arkaly, peýda ýa-da şahsy girdeji almak maksatlaryndan ugur alyp, öz adyndan, öz töwekgelçiligi we emläk jogapkärçiligi ýa-da başga biriniň adyndan, başga biriniň emläk jogapkärçiligi astynda amala aşyrýan we kanunda bellenen tertipde telekeçi hökmünde hasaba alnan pursatyndan başlap, hojalyk işiniň kanun tarapyndan gadagan edilmedik

islendik görnüşleri bilen meşgullanmak mümkinçiligi bolan, inisiatiwaly (ýagny öz erk-islegi bilen başlanýan we dowam edýän) özbaşdak işine aýdylýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 10-njy maddasynda döwletiň telekeçiligi höweslendirýändigi we goldaýandygy, orta we kiçi işewirligiň ösmegine ýardam berýändigi barada hukuk kadasy berkidilen. Orta we kiçi işewürlik (telekeçilik) – bu kanunda bellenen tertipde telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki ýa-da ýuridik şahsyň önümçiliginde ýa-da söwda işinde zähmet şertnamasynyň esasynda işleýän işgärleriň sanynyň belli bir möçberiniň bolmagy bilen kesgitlenýän telekeçiligiň görnüşidir. Kiçi we orta telekeçiligiň ösmegine ýardam bermek (döwlet tarapyndan goldamak) diýlende: 1) kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek üçin amatly şertleriň döredilmegine, şol sanda kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine maliýe we maddy-tehniki serişdeleriň berilmegine; 2) kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek üçin amatly şertleriň döredilmegine, şol sanda kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine hukuk, ykdysady we gaýry maglumatyň, ylmy-tehniki işläp taýýarlamalaryň we tehnologiýalaryň elýeterliliginiň üpjün edilmegine; 3) kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri tarapyndan durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilýän maýa goýumlaryň höweslendirilmegine, täze iş orunlarynyň döredilmegine we ilatyň girdejileriniň ýokarlandyrylmagyna; 4) kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerinden harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) döwlet tarapyndan satyn alynmagyny bäsleşik esasynda amala aşyrylmagyna; 5) kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerini maliýeleşdirmegiň ýörite maksatnamalaryny amala aşyrmagyna; 6) kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine işgärleri taýýarlamaga, gaýtadan taýýarlamaga we hünärini ýokarlandyrmaga ýardam etmegine; 7) daşary ykdysady işi, sebitara hyzmatdaşlygyny, şeýle hem kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň eksport mümkinçiligini ösdürmäge ýardam etmegine düşünilýär[1].

Dünýäniň ähli ýurtlarynda telekeçilik ulgamynyň ykdysadyýetiň möhüm bölegi we döwleti durnukly we yzygiderli ösdürmegiň özboluşly tebigy şerti bolup durýar. Şonuň ýaly-da ösen telekeçiligiň bolmagy ilatyň iş bilen üpjün edilişine, onuň girdejisiniň ösüşine, netijede bolsa, islendik ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň görkezijisi hasaplanylýan orta gatlak diýilýäniň ösmegine we giňelmegine giň mümkinçilik açýar. Şu görkezilen oňyn netijelere ýetmek maksady bilen hem Türkmenistanda döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, şeýle hem döwlet telekeçiligiň iň möhüm hem-de giň ýaýran görnüşleri bolan kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam berýär. Hut şu ýörelgeler hem Esasy Kanunyň 10-njy maddasynda berkidilýär. Bu bolsa, öz gezeginde Türkmenistanda jemgyýetiň ykdysady esaslarynyň Esasy Kanunda näderejede berkidilýändigini açyp görkezýän ýagdaýlardyr.

---

[1] «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 11-nji maddasy.

## §2. Jemgyýetiň syýasy gatnaşyklar ulgamynyň konstitusion-hukuk esaslary

Mälim bolşy ýaly, islendik döwletiň konstitusiýasy seljerilende, onuň ilkinji kadalarynda, şol döwletiň syýasy ulgamynyň umumy häsiýetlerini açyp görkezýän kadalara duş gelmek bolýar. Adatça bu kadalarda şol döwletiň demokratik häsiýeti, halk häkimiýetlilik düşünjesi, şeýle hem halkyň we döwletiň özygtyýarlylygy baradaky kadalar, şonuň ýaly-da döwlet dolandyryşynyň görnüşi we syýasy-territorial gurluşy ýaly düşünjeler öz beýanyny tapýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň «Türkmenistanyň Konstitusion gurluşynyň esaslary» diýlip atlandyrylýan birinji bölüminde, ýokarda görkezilen umumy düzgünlerden başga-da kanunyň agalygy baradaky kadalar (5-nji madda), daşary syýasat we halkara gatnaşyklar baradaky kadalar (6-njy madda), raýatlyk meseleleri baradaky kadalar (7–8-nji maddalar), şeýle hem eýeçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalary (9-njy madda) berkidilýär.

Jemgyýetiň syýasy gatnaşyklary barada gürrüň edilende, ilkinji nobatda, şol syýasy ulgamyň umumy häsiýetiniň çäklerinde, raýatlaryň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga bolan hukuklary barada hem aýratyn belläp geçmelidir. Türkmenistanda bu mesele ýörite konstitusion hukuk kadalary bilen berkidilýär. Muňa mysal edip, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 31-nji maddasyny görkezmek bolar. Salgylanylýan madda laýyklykda, hem her bir raýat jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gös-göni ýa-da erkin saýlanan wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bardyr. Mundan başga-da Türkmenistanyň konstitusiýasynda jemgyýetimiziň syýasy gatnaşyklary ulgamyny emele getirýän başga-da birnäçe hukuk kadalaryna gabat gelmek bolýar. Mysal üçin, şunuň ýaly hukuk kadalary Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 28-nji, 32-nji maddalarynda berikidilýär. Görkezilen maddalara laýyklykda hem Türkmenistanyň raýatlarynyň öz ynamygtykatlaryna erkin eýermäge we olary erkin beýan etmäge, şeýle hem döwlet syryndan we kanun tarapyndan goralýan beýleki syrlardan başga maglumatlary almaga hukuklary bardyr (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 28-nji maddasy); Raýatlaryň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga hukuklary bardyr, Türkmenistanyň raýatlarynyň öz ukybyna we hünär taýýarlygyna laýyklykda döwlet gullugynda işlemäge deň hukugy bardyr (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 32-nji maddasy).

Görkezilenler bilen bir hatarda, döwletde bar bolan syýasy partiýalar we dürli jemgyýetçilik guramalary, jemgyýetiň syýasy gatnaşyklary ulgamynyň esasy düzüm bölekleri bolup durýarlar. Türkmenistanda bu gatnaşyklar Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 30-njy maddasy bilen düzgünleşdirilýär. Ýagny Esasy Kanunyň salgylanylýan maddasyna laýyklykda, Raýatlar konstitusiýanyň we kanunlaryň çäklerinde hereket edýän syýasy partiýalary we gaýry jemgyýetçilik birleşiklerini

döretmäge haklydyrlar. Konstitusion gurluşy zorluk bilen üýtgetmegi maksat edinýän, özleriniň alyp barýan işinde zorlugy ulanmaga ýol berýän, raýatlaryň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy çykyş edýän, urşy, teniniň reňki boýunça, milli, dini duşmançylygy wagyz edýän, halkyň saglygyna we ahlak sypatlaryna hyýanat edýän syýasy partiýalaryň, beýleki jemgyýetçilik, harbylaşdyrylan birleşikleriň, şeýle hem milli ýa-da dini alamatlar boýunça syýasy partiýalaryň döredilmegi we işlemegi gadagan edilýär.

Döwletiň özygtyýarlylygyny we howpsuzlygy gorap saklamak üçin, döredýän ýaragly güýçleri-de, şeýle hem halkara gatnaşyklary ýola goýmakda alyp barýan daşary syýasaty-da jemgyýetiň syýasy gatnaşyklaryny emele getirýär. Şonuň üçin hem döwletiň özygtyýarlylygyny we howpsuzlygyny gorap saklamak, ýaragly güýçler, daşary syýasat we halkara gatnaşyklar ýaly konstitusion esaslar we ýörelgeler köp döwletleriň konstitusiýalarynda öz beýanyny tapýar. Köp halatlarda gatnaşyklaryň bu çygryny düzgünleşdirýän kadalar esasan hem konstitusiýanyň birinji bölümlerinde berkidilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 6-njy maddasy onuň daşary syýasatynyň we halkara gatnaşyklarynyň umumy ýörelgelerini özünde jemleýär. Salgylanylýan madda laýyklykda hem Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär hem-de halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar. konstitusiýanyň 13-nji maddasynda bolsa, Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygyny we howpsuzlygyny gorap saklamak üçin Ýaragly Güýçleriniň bardygy baradaky hukuk kadany özünde berkidýär.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan kanun esasynda[1] özygtyýarly döwletiň mizemez hukuklaryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde hem-de jemgyýetde durnuklylygy we ylalaşygy pugtalandyrmaga, sebitiň we ähli dünýäniň döwletleri bilen onuň dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen içeri we daşary syýasatynyň esasy bolup durýan, özüniň hemişelik bitaraplygyny meýletin yglan etmek bilen, birnäçe halkara borçnamalaryny öz üstüne aldy hem-de birnäçe wezipeleri öz öňünde maksat edinip goýdy. Öz öňünde goýan maksatlara ýetmek üçin hem Türkmenistan harby bileleşiklere we soýuzlara, berk borçnamalary bilen ýa-da gatnaşyjylaryň kollektiwleýin jogapkärçiligini göz önünde tutýan döwletara birleşiklerine gatnaşmaýar. Türkmenistanyň daşary syýasat işi beýleki döwletleriň bähbitlerini çäklendirmeýär, zeper ýetirmeýär we olaryň howpsuzlygyna wehim salmaýar.

---

[1] Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda kabul eden «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» hakyndaky Rezolýusiýasy; «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat şäheri. 1995-nji ýylyň 27-nji dekabry.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 41-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistany goramak her bir raýatyň mukaddes borjudyr. Türkmenistanyň raýaty bolan her bir erkek adam üçin ählumumy harby borçlulyk bellenendir. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň raýatynyň harby borjuny ýerine ýetirmegi onuň halkyň hem-de Watanyň – Türkmenistanyň öňündäki mukaddes watançylyk borjudyr.

## §3. Jemgyýetiň ruhy durmuşynyň konstitusion-hukuk esaslary

Jemgyýetiň syýasy, ykdysady we sosial ulgamlaryna garanyňda, onuň ruhy durmuşy bilen bagly gatnaşyklaryň aýratyn konstitusion kadalar bilen düzgünleşdirilmegi, esasan, gatnaşyklaryň umumy esaslaryna we ýörelgelerine degişli soraglar bilen berk baglanyşykly bolup durýanlygy üçin möhümdir. Ylym we bilim, dine bolan garaýyş, medeniýet we ş.m., düşünjeler bolsa, jemgyýetiň ruhy durmuşyny emele getiriji esas hökmünde çykyş edýärler.

Mälim bolşy ýaly, ylym we bilim bu islendik jemgyýet üçin, aýratyn hem demokratik jemgyýeti üçin zerur bolan düzüm bölegidir. Şonuň üçin hem ösen demokratik we hukuk döwletlerde ylym we bilim meselesine örän uly ähmiýet berilýär we olary kämilleşdirmegiň netijeli ýollary gözlenilýär.

Häzirki wagtda dünýäniň köp demokratik döwletleriniň konstitusiýalarynda bilime bolan hukuklar, bilim almaklyga bolan erkinlik, ene-atalaryň öz çagalaryny okatmak üçin bilimiň ugurlaryny saýlap almaklyga bolan hukuklary bilen bir hatarda, döwletiň raýatlara bilim bermeklikde öz öňünde goýýan maksatlary, şeýle hem bilim ulgamynyň doly işlemekligi üçin döwletiň berýän kepillikleri we borçlary hem berkidilýär. Şonuň bilen baglylykda hem döwlet, mekdepleriň, orta we ýokary okum mekdepleriniň, şeýle hem dürli ylmy edaralaryň toplumyny emele getirýär. Olary degişli enjamlar we serişdeler bilen üpjün edýär. Ýörite okuw maksatnamalaryny işläp taýýarlaýar we berilýän bilimleriň maksatnama laýyklykda, doly durmuşa geçirilişine gözegçilik edýär.

Eýsem jemgyýetiň ruhy durmuşyny emele getirmekde ylmyň we bilmiň wajyplygy nämeden ybarat?

Ylym – bu pähim-parasady, aň-paýhasy hem-de täzelige bolan çäksiz yhlasyňy gandyrmaga ymtylyşy aňladýan, ynsan aňynyň iň ilkinji we iň esasy miwesi bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, gadym döwürlerde, ynsany daş-töweregini gurşap alýan haýwanat dünýäsinden saýlap, garaňky jeňňeliň içinden çykaran hem-de ýyldyrym uran agajyň ýanyp duran odunyň başyna elten, onuň aňy-paýhasy we ynsan paýhasynyň hiç haçan gandyryp bolmajak täzelige, ýagny ýeke söz bilen aýdylanda, ylma bolan höwesi bolup durýar. Adamyň özüniň daş-töweregini gurşap alan tebigy hadysalara, bolup geçýän durmuş ýagdaýlara akyl ýetirmek hyjuwy hem adamy

häzirki derejesine ýetirdi. Ynsanyň gursagynda älemiň ýaradylyşyna düşünmekligе ymtylyşy, öz ýaşaýşyna, öz aňyna bolan ebedilik söýgini we ynamy döretdi.

Ylym barada dürli döwürlerde alymlaryň, akyldarlaryň özlerinden soňky nesillere miras goýup giden eserleri sanardan köpdür. Şolaryň biri hem Beýik seljuk türkmen soltany Mälik şanyň köşgünde ýigrimi ýyllap hyzmat eden we Gündogar äleminde täze pikir öwrülişigini esaslandyran, hakdan içen alym hem akyldar Muhammet Gazalynyň «Ylym barada kitap» atly işidir. Beýik alym bu eserinde ylma şeýle kesgitleme berýär: «Ylym göze görünýän maddy zat däldir. Şonuň üçin ol sypatlaryna görä bilinýär. ...Aýdyşlaryna görä ylmyň başy dymmakdyr, soň diňlemekdir, soň ýatlamakdyr, soň amal etmekdir, soňra ony ýaýratmakdyr.»[1]

Adamlaryň ruhy taýdan kämillige tarap ýol görkeziji kartasy bolan, «bilmiň» wajyplygy bolsa, şahsyýetiň tutuş adamzat siwilizasiýasynyň taryhynyň dowamynda toplan çeper döredijiliginde, dünýä bolan gatnaşygynda öz beýanyny tapýan sosial ähmiýetli adamzat tejribesini özleşdirmek bilen baglanyşykly kämilleşmeginiň we öz-özüni kämilleşdirmekliginiň yzygiderlikli amaly bolmak bilen, adamyň maddy we ruhy medeniýetini saklamagynyň we ösdürmeginiň möhüm şerti bolup durýanlygyndan. Şeýle hem onuň ynsan oglunyň «nadanlyk» diwaryny ýykyp ylmy açyşlara we oýlap tapyşlara akyl ýetirmekliginiň esasy serişdesi bolup durýanlygyndan gelip çykýar.

Ylmyň we bilimiň döwletiň we jemgyýetiň çalt depginler bilen ösmeginiň, şeýle hem jemgyýeti emele getirýän fiziki şahslaryň, ýagny adamlaryň ruhy-ahlak taýdan kämil, kalby kanagatly, köňli baý şahsyýetleriň emele gelmeginiň iň möhüm şerti bolanlygy sebäpli, olaryň esasy wezipeleri-de döwletde erkin, bilesigeliji we derňeýjilikli dünýägaraýyşly adamlary döretmekden ybaratdyr. Elbetde, jemgyýeti emele getirýän adamlaryň aň-düşünjesi näçe giň, ahlak edim-gylymlary näçe arassa, ynam-ygtykatlary näçe päk we sagdyn boldugyça olaryň arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklarynda hem şonça-da birek-birege sylag-hormat goýmak, agzybirlik, adalatlylyk, dogruçyllyk, lebze ygrarlyk ýörelgeleri agdyklyk etjekligi-de ikuçsyzdyr.

Mälim bolşy ýaly, adamyň ýaşaýan jemgyýetinde döwlet tarapyndan onuň ylma-bilime bolan teşneligini gandyrmak we çäksiz höwesini kanagatlandyrmak üçin näçe amatly şertler döredildigiçe şahsyýetiň kämilleşmeginiň tizleşmegine hem-de kämillik derejesiniň artmagyna getirýär. Hut şonuň üçinem demokratik döwletleriň esasy mahsuslygyna laýyklykda, adamyň aýrybaşgalaşdyryp bolmaýan tebigy we mizemez hukuklarynyň esasylarynyň biri bolan bilim almaga, şeýle hem ylmy we döredijilik işleri bilen meşgullanmaga bolan konstitusion hukuklaryny berkarar etmek we şol hukuklarynyň kanuny kepilliklerini doly derejede durmuşa geçirmek üçin ähli zerur şertler döredilýär.

[1] Gazaly M. Ylym barada kitap, 1-nji jilt. A: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi. Aşgabat. «Miras» 2005. Sah. 36.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 11-nji maddasynda berkidilen: döwletiň ylmy hem çeper döredijiligi, olaryň oňyn netijeleriniň ýaýradylmagyny höweslendirýändigi, ylym, medeniýet, terbiýeçilik we bilim bermek, sport we syýahat babatda halkara gatnaşyklarynyň ösdürilmegine ýardam edýändigi baradaky hukuk kadalary, 38-nji maddasynda berkidilen: her bir raýatyň bilim almaga hukugynyň bardygy, umumy orta bilimiň hökmanydygy, her bir adamyň ony döwlet mekdeplerinde tölegsiz almaga haklydygy baradaky hukuk kadalary, şeýle hem, Türkmenistanyň konstitusiýasyndan göz baş alyp gaýdýan we häzirki wagtda netijeli durmuşa geçirilýän, 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen, «Bilim hakynda» we «Ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň kanunlary ýaly kadalaşdyryjy hukuk namalar bolsa, ýurdumyzyň ylym-bilim pudaklaryndaky amala aşyrylýan reformalaryň hukuk kepillikleri hökmünde görkezmek bolar.

Mälim bolşy ýaly, din azatlygy-da, jemgyýetiň ruhy durmuşyny emele getiriji esaslaryň biri bolup durýandyr. Dine uýmak erkinligi başgaça aýdylanda, wyždan azatlygy diýlende, hiç kimiň öz isleginiň garşysyna gidip haýsydyr bir dine ýa--da başga bir ynanja uýmaga mejbur edip bolmaýandygyna düşünilýär. Umuman aýdylanda, wyždan we din azatlygy adamlaryň halkara hukuk namalarynda we dünýäniň köp ýurtlarynyň kanunlarynda kesgitlenen hukuklarynyň biridir. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 1948-nji ýylda kabul edilen «Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamada» adamyň dine uýmak hukugyna esasy orunlaryň biri berilýär. Bu Jarnamanyň 2-nji maddasynda dine uýmak hukugy we azatlygy onuň milletine ýa bolmasa onuň gelip çykyşyna garamazdan her bir adama degişlidir diýip aýdylýar. Bu resminamanyň 18-nji maddasynda bolsa «Her bir adamyň pikiriň, wyždanyň we diniň azatlygyna hukugy bar; bu hukuk öz dinini ýa-da ynamlaryňy üýtgetmek azatlygyny we öz diniňe ýa ynamlaryňa ýekelikde bolşy ýaly, beýlekiler bilen bilelikde-de köpçülikleýin tertipde ybadat etmek we dini dessur tertiplerini jemagat bolup ýa hususy tertipde ýerine ýetirmek arkaly uýmaklygy öz içine alýar» diýlip aýdylýar. Mundan başgada din we wyždan azatlygy ýaly düşinjeleriň manysyny açyp görkezýän kesgitlemeler başga-da birnäçe halkara guramalary tarapyndan kabul edilen Jarnamalardyr, ylalaşyklarda hem duş gelmek bolýar. Mysal üçin, olardan adamyň hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramak bardaky Ýewropa konwensiýasy (9-njy madda), jyns taýdan kemsitmeleriň hemme görnüşlerini ýok etmek baradaky Halkara konwensiýasy (5-nji madda), BMG-nyň din we ynamlar esasynda ýigrenmeleriň we kemsitmeleriň hemme görnüşleriniň soňuna çykmak baradaky Jarnamany (1-nji madda), ÝHHG-niň adam ölçegleri baradaky Konferensiýasynyň Kopengagen maslahatynyň resminamalary (9-njy we 4-nji maddalary) ýaly Halkara resminamalaryny görkezmek bolar.

Wyždan we dine uýmak azatlygy Türkmenistanda kanun tarapyndan kepillendirilýändir, ýagny bu babatda Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 12-nji maddasynda, döwlet dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanun

öňünde deňligini kepillendirýändigi, şeýle hem her bir adamyň özüniň dine garaýşyny özbaşdak kesgitläp bilýänligi, onuň islän dinine uýmaga ýa-da hiç bir dine uýmazlyga, şonuň ýaly-da dine bolan garaýyşlary bilen baglanyşykly ynam--ygtykatlaryny beýan etmäge we ýaýratmaga, dini adatlary, däp-dessurlary berjaý etmäge gatnaşmaga hakynyň bardygy baradaky hukuk kadalary berkidilýär.

Demokratik jemgyýetde wyždan we dini azatlyklar, her bir adamyň dine bolan ynanjynyň diňe özüne degişlidigi ýaly kadalara esaslanýandyr. Başgaça aýdylanda, din we wyždan azatlygy, bir adamynyň başga bir adam tarapyndan resmi dini ykrar etmäge we ony kabul etmäge mejbur edilip bilinmezligini aňladýar. Şonuň ýaly--da demokratik jemgyýetde çagalar mejbury ýagdaýda, ýörüte dini mekdeplere ýa--da dini guramalara berilmeklige hem-de kimdir biriniň öz isleginiň garşysyna dini ybadathanalara gatnamaga mejbur etmeklige ýol berilmeýär.

Ýokardaky aýdylanlardan görnüşi ýaly, häzirki wagtda ähli demokratik döwletlerde, şonuň ýaly-da Türkmenistanda hem her bir şahsyýetiň wyždan azatlygy hem-de dini däp-dessurlary berjaý etmek üçin, şeýle hem dini guramalaryň hereket edýän hukuk kadalarynyň çäklerinde kadaly işlemekleri üçin zerur bolan kanunçylyk şertleri döredilendir. Ýöne, öňem bellenip geçilişi ýaly, döwrüň geçmegi bilen jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň barha we barha çylşyrymlaşyp, üýtgäp durýanlygy sebäpli, kabul edilen kanunçylyk namalarynyň üýtgemeklik ukybyna eýedigi öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Her bir adamynyň we şonuň bilen bir hatarda jemgyýetiň ruhy azatlygyny doly durmuşa geçirmegi üçin şertleriň garaşsyzlyk ýyllarynda döredilendigi aýratyn bellärliklidir.

## §4. Türkmenistanyň durmuş üpjünçiligi ulgamynyň konstitusion-hukuk esaslary

Islendik döwletiň adyllygy ýa-da ynsanperwerligi seljerilende, ilki bilen onuň tutuş jemgyýetiň bütewilikdäki we her bir adamyň aýratynlykdaky bähbidinden ugur alyp, sosial wezipeleri netijeli berjaý edişine hem-de raýatlaryň sosial goraglylygyny üpjün edişine baglydygyny bize taryh asyrlar boýy tassyk edip gelýär. Şoňa görä-de her bir döwletiň, öz içinde asudalygy, agzybirligi berjaý edip, kadaly ösüş ýoluna eýermek üçin, ilkinji nobatda döwletiň sosial ulgamynynyň ygtybarly bolmagyny üpjün etmelidigi öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Çünki, sosial meseleleriň il bähbitli çözgüdiniň tapylmagy her bir döwletiň abadançylygynyň esasy sütünleriniň biri bolmaklygynda galýandyr.

Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuş üpjünçiligine bolan sosial hukuklary Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 37-nji maddasynda: «Raýatlaryň ýaşy boýunça, näsaglan, maýyp bolan, işe ukyplylygyny, ekleýjisini ýitiren we işsiz bolan halatynda durmuş üpjünçiliginden peýdalanmaga hukugy bardyr. Köp çagaly

maşgalalara, ata-enesinden mahrum bolan çagalara, weteranlara we döwletiň ýa-da jemgyýetiň bähbitlerini goraýarka saglygyny ýitiren adamlara döwlet we jemgyýetçilik serişdelerinden goşmaça goldaw hem ýeňillikler berilýär» diýen görnüşde berkidilýär.

Bu maddanyň mazmuny Türkmenistanda durmuş üpjünçiliginiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär. Konstitusiýanyň bu maddasynda görkezilýän, durmuş üpjünçiligi – bu zähmete ukypsyz raýatlara, maýyplara, çagaly maşgalalara we beýleki adamlara pensiýalar, döwlet kömek puly görnüşinde maddy tölegleri hem-de durmuş taýdan hyzmat etmek boýunça döwlet ulgamydyr[1]. Türkmenistanyň konstitusiýasy her bir raýatyň durmuş üpjünçilige bolan hukugyny doly kepillendirýär we şol bir wagtyň özünde-de şol hukuklaryň päsgelçiliksiz amala aşyrylmagy üçin ähli şertleriň döredilmegini döwletiň üstüne ýükleýär.

Raýatlaryň durmuş üpjünçiligi baradaky kepillikleriniň konstitusiýada berkidilmegi Türkmenistan döwletiniň gadymdan gelýän däp-dessurlaryndan gelip çykýar we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyk gelýär. Bu maddada berkidilýän hukuk kadalary, Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky Halkara Paktynyň 9-njy maddasynda, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 22-nji maddasynda we beýleki halkara hukuk namalarynda berkidilen, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleriniň Türkmenistanyň konstitusiýasyndaky beýany bolup durýar.

Döwletimiz demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolmak bilen, adam hem--de onuň abadan durmuşy hakyndaky aladany baş wezipesi hökmünde kabul edýän sosial döwletdir, onuň alamatlaryny raýatlarymyzyň maddy üpjünçiligini, ýaşaýyş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaklyga we adamlaryň eşretli ýaşamagy üçin ähli şertleriň döredilmegine gönükdirilen milli kanunçylygymyz özünde jemleýändir.

Esasy Kanunymyzyň 37-nji maddasyndaky raýatlaryň ýaşy boýunça durmuş üpjünçiliginden peýdalanmaga hukugy diýlende, raýatlaryň ýaşy boýunça iş ukyplylygyny ýitiren, ýagny kanunda bellenen ýaşy boýunça pensiýa almaga, 62 ýaşa ýeten erkek adamlaryň we 57 ýaşa ýeten aýal maşgalalaryň döwlet durmuş kömek puluny almaga bolan hukuklaryna düşünilýär[2].

Raýatlaryň näsaglan ýagdaýynda durmuş üpjünçiliginden peýdalanmaga bolan hukugy diýlende, adam bedeniniň kadaly işlemeginiň bozulmagynyň netijesinde kesele ýolugan we saglygy goraýyş edaralaryndan zähmete ykypsyzlyk haty berlen adamlara berilýän döwlet-durmuş kömek puluna düşünilýär.

Maýyp bolan mahalynda berilýän döwlet-durmuş kömegi, bu beden ýetmezçiligi ýa-da akyl kemligi netijesinde işe ukyplylygy çäkli bolan adamlara berilýän döwlet--durmuş kömegidir. Maýyplara berilýän durmuş kömegi pul tölegleri, dermanlar, maýyplar üçin arabalar, protezler we beýleki protez-ortopediki önümler, ýörite

[1] Durmuş ühjünçiligi hakynda Türkmenistanyň kodeksiniň 1-nji maddasy.

[2] Şol ýerde. 103-nji madda.

harply çap önümleri, ses güýçlendiriji we duýduruş gurallary bilen üpjün etmek, şeýle hem saglygy goraýyş, hünär we durmuş taýdan dikeltmek boýunça we durmuş hyzmatlaryny hem-de kanunlarda göz öňüne tutulan beýleki ýeňillikleri bermek arkaly amala aşyrylýar. Adamynyň işe ukyplylygynyň çäklidigi onuň öz-özüne hyzmat etmek, hereket etmek, ugur almak, aragatnaşyk, öz hereketine gözegçilik etmek ukybyny ýa-da mümkinçiligini doly ýa-da kem-käsleýin ýitirmeginde ýüze çykýar.

Esasy Kanunymyzyň 37-nji maddasynda görkezilýän işe ukyplylygyny (zähmete ukyplylygy) ýitiren adam diýlende, umumy näsaglygyň, zähmet borçlaryny ýa-da harby borçlaryny ýerine ýetirmek bilen bagly önümçilikde betbagtçylyk sebäpli ýa-da kesp-kär bilen baglanyşykly kesellemegiň netijesinde doly ýa-da kem-käsleýin zähmet ukybyny ýitiren adamlara düşünilýär. Türkmenistanyň ZK-nyň 174-nji maddasynyň 9-njy bendine laýyklykda zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen işgäriň ömrüne we saglygyna zyýan (zelel) ýetirilen halatynda, oňa ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň 61-nji maddasy wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwrüniň hasaplanylyşyny we olaryň möhletini kesgitleýär.

Görkezilen maddanyň 1-nji bölegine laýyklykda, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri Türkmenistanyň saglygy goraýyş edaralary tarapyndan, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan tertipde bellenýär we we zähmete ukypsyzlyk haty bilen tassyklanylýar.

Ekleýjisini ýitiren bu soraga jogap bermezden öň ilki bilen ekleýji we onuň eklenjindäki adamlara düşündiriş berilmelidir.

Ekleýji – bu öz eklenjindäkileri saklamagy, sözüň doly manysynda, olaryň durmuş-ýaşaýyş şertleri üçin ähli gerekli zatlary üpjün edýän adamdyr. Ekleýjiniň ýaşaýan wagtynda onuň doly saklamagynda ýa-da ondan yzygiderli we ýaşamagy üçin esasy çeşme bolup duran kömegi alýan maşgala agzasy eklençdäki adam diýlip hasap edilýär.

Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň 94-nji maddasy ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly bilen üpjün edilýän adamalaryň sanawyny berip geçýär, olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

● 18 ýaşy dolmadyk çagalar (şol sanda ogulluga (gyzlyga) alnan we öweý çagalar), doganlar, uýalar we agtyklar ýa-da şu ýaşdan ýokary, eger olar 18 ýaşa çenli maýyp bolan bolsalar, şunda doganlarynyň, uýalarynyň we agtyklarynyň zähmete ukyply ene-atasy bolmadyk ýagdaýynda;

● eje, kakalar (şol sanda ogulluga (gyzlyga) alanlar), adamsy, aýaly, eger olar pensiýa ýaşyna ýagny erkek adamlar 62, aýal maşgalalar 57 ýaşan bolsalar ýa-da maýyp bolsalar we pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny almaýan bolsalar;

● Atalar we eneler, kanunçylykda bellenen pensiýa ýaşyna ýeten bolsalar, kanuna laýyklykda olary saklamaga borçly hossary we ýaşamak üçin başga serişde çeşmesi ýok bolan ýagdaýynda.

*Işsiz bolmaklyk* – bu işe ukyply bolan, ýöne özüne bagly bolmadyk sebäplere görä işi, gazanjy (zähmet girdejisi) bolmadyk, iş bilen üpjün etmek baradaky döwlet gullugynda iş gözleýän adam hökmünde bellige alnan (registrirlenen[1]), işlemäge ukyply we işlemäge taýýar hem-de şol gulluk tarapyndan özlerine ýararly iş hödürlenmedik raýatlardyr. Ýararly iş bermek mümkin bomadyk mahalynda işsize kesp-kär taýýarlygyny ýa-da täzeden taýýarlygy geçmek, öz hünärini ýokarlandyrmak teklip edilip bilinýär. Raýatlary iş gözleýän adamlar hökmünde bellige almagyň tertibi, şeýle hem olara degişli kömek pullaryny bermegiň şertleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Döwlet kömek puly diýlende, Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň 54-nji maddasyna laýyklykda döwlet durmuş üpjünçiligi usulynyň bir bölegi bolup durýan we saglyk ýagdaýy boýunça bölekleýin, doly ýa-da wagtlaýyn zähmete ukyplylygyny ýitirmegi, pensiýa ýaşa ýetip üpjünçilik çeşmelerini ýitirmegi bilen baglanşykly ýitirilen girdejiniň bir bölegini saklamak üçin berilýän pul töleglerine düşünilýär.

Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksinde göwrelilik we çaga dogranlygy üçin wagtlaýyn işlemeýän (sosial rugsatdaky) enelere döwlet kömek puly görnüşinde maddy tölegler tölenýär. Dowamlylygy 112 senenama gününden az bolmadyk zähmet rugsadyna laýyklykda, olara göwrelilik we çaga dograndygy üçin döwlet kömek puluny we çaga sanyna laýyklykda möçberi ýokarlandyrylýan, çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluny hem-de çaga üç ýaşyna ýetýänçe çaga seretmek üçin döwlet kömek puluny tölemeklik bellenilendir. Şeýle-de salgylanylýan Kodeksimiziň 111-nji maddasyna laýyklykda, güzerany pes bolan pensiýa ýaşyna ýeten raýatlara döwlet goldawy görnüşinde maddy tölegler tölenýär.

Esasy Kanunymyzyň 37-nji maddasynyň 2-nji bendinde köp çagaly maşgalalara, ata-enesinden mahrum bolan çagalara, weteranlara, şeýle hem döwletiň ýa-da jemgyýetiň bähbitlerini goraýarka saglygyny ýitiren beýleki adamlara döwlet we jemgyýetçilik serişdelerinden goşmaça goldaw hem ýeňillikleriň berilýändigi baradaky hukuk kadasy berkidilýär.

Salgylanylan maddanyň bu bendindäki köp çagaly maşgalalar diýlen düşünjäniň häzirki wagtda Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksinde takyk kesgitlemesi berilmeýär. Şonuň üçinem bu mesele geljekde kadalaşdyryjy hukuk namalary işlenip düzülende göz öňünde tutulmaga degişlidir. Emma şol bir wagtyň özünde-de, Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň

[1] Lat. regerere – ýazmak, bolup geçýän wakalaryň, ýagdaýlaryň ýa-da adamlaryň sanawyny bir ulgama düzmek maksady bilen hasaba almaklygy aňladýar.

75-nji maddasynyň mazmuny we Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 40-njy maddasynyň 8-nji bendi dört we ondan-da köp çagaly maşgalalary, Türkmenistanda köp çagaly maşgalalar diýlip hasap etmeklige esas berýär.

*Ata-enesinden mahrum bolan çagalar* diýip, dürli sebäplere görä ata-eneleri wepat bolan ýa-da olaryň özleriniň çagalaryny terbiýelemek baradaky borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýanlygy, şol sanda çaga dogrulýan öýden (bölümden) we çagalar üçin beýleki bejeriş-öňüni alyş we okuw-terbiýeleýiş edaralardan çagany almakdan ýerliksiz sebäplere görä boýun gaçyrandygy ýa-da olaryň özleriniň ata-enelik hukuklaryny hyýanatçylykly peýdalanýanlygy, çagalara rehimsiz garaýanlygy, özleriniň jemgyýete ters gelýän gylyk-häsiýeti bilen çagalara zyýanly täsir edýänligi zerarly hem-de alkogol içgilerini ýa-da neşe serişdelerini yzygider peýdalanýanlygy sebäpli, ata-enelik hukugyndan mahrum edilmegi netijesinde ata-enesiz galan çagalar hasap edilýär.

*Weteranlar* – bu watany goran, bir kemsiz harby gullugyny we uzak möhletiň dowamynda ak ýürekli zähmet çeken adamlardyr. Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň 128-nji maddasy weteranlaryň şu aşakdaky toparlaryny belleýär:

- Beýik Watançylyk urşunyň weteranlary;
- beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary;
- Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlar;
- harby gullugyň weteranlary;
- içeri işler edaralarynyň weteranlary;
- zähmet weteranlary.

Weteranlaryň ýokarda sanalyp geçilen toparlarynyň her haýsynyň düşünjesi, olaryň hukuklary we olara berilýän ýenillikler Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň 128–142-nji maddalarynda berkidilýär. Döwletiň ýa-da jemgyýetiň bähbitlerini goraýan adamlar diýlende, ilkinji nobatda öz üstlerine döwlet we jemgyýetçilik borçlary ýüklenen adamlara düşünilýär.

Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuş üpjünçiligine bolan konstitusion hukuklary Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksi we beýleki kanunlar bilen kadalaşdyrylýar. Raýatlaryň durmuş üpjünçiligini kadalaşdyrýan kanunlaryň, bütewi kanunlaryň bolmaklygy bolsa, biziň döwletimiziň raýatlarynyň Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilen durmuş üpjünçilige bolan hukuklaryny durmuşa geçirmekligiň möhüm hukuk kepili hökmünde çykyş edýärler. Durmuş üpjünçiliginiň giňemegi we durmuş üpjünçiligini kadalaşdyrýan hukuk kadalarynyň kämilleşmegi Türkmenistanyň raýatlarynyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna mümkinçilik döredýär.

*8.1-nji çyzgy*


Ykdysadyýet
Bu ynsanlaryň öz zähmetlerini hem-de akyl-paýhaslaryny peýdalanyp, özleri üçin zerur bolan eşretleri, şertleri we ýaşaýyş serişdelerini döretmekleri, şonuň netijesinde-de özleriniň kadaly, rahat ýaşaýşyny üpjün etmek we ähli maddy hem ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ulanýan serişdeleriniň, desgalarynyň, yzygiderlikli amallarynyň (prosessleriniň) jemi
Türkmenistanyň konstitusiýasynda ykdysadyýetiň hukuk esaslaryndan berkidilýär:
bazar gatnaşyklarynyň we telekeçilige goldaw bermek ýörelgeleri
eýeçiligiň eldegrilmesizligi we onuň dürli görnüşleriniň deňligi
zähmetiň erkinligi we howpsuzlygy, hünär, iş ýerini saýlap almak erkinligi
salgytlary tölemek borjy we ş.m.
telekeçiligiň emele gelmegi we ösmegi üçin bazar ykdysadyýetiniň ýörelgeleri bilen bir hatarda, şu aşakdaky şertleriň bolmagy zerurdyr
Ykdysady şertler
Sosial şertler
Hukuk şertler

*8.2-nji çyzgy*




*8.3-nji çyzgy*



*8.4-nji çyzgy*




*8.5-nji çyzgy*



**Sowalnama:**

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Ykdysadyýet – bu:**

● ilkinji nobatda ynsanlaryň öz zähmetlerini hem-de akyl-paýhaslaryny ulanyp, özleri üçin zerur bolan eşretleri, şertleri we ýaşaýyş serişdelerini döretmekleri netijesinde bolsa, özleriniň kadaly, rahat ýaşaýşyny üpjün etmek we ähli maddy hem ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ulanýan serişdeleriniň, desgalarynyň, yzygiderlikli amallarynyň jemidir;

● Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň we guramalaryň ykdysady ulgamdaky alyp barýan işleriniň jemidir;

● Fiziki we ýuridiki şahslaryň söwda-satyk bilen bagly gatnaşyklarynyň umumy jemidir;

● Döwletiň alyp barýan daşary ykdysady syýasaty.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**2. Türkmenistanyň konstitusiýasy ykdysady gatnaşyklaryň konstitusion-hukuk esaslaryny emele getirýän hukuk kadalaryny hem ýörelgelerini özünde berkidýär. Mysal üçin, olaryň käbirlerini görkezmek bolar:**

● eýeçiligiň eldegrilmesizligi we onuň dürli görnüşleriniň deňligi (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 9-njy maddasy);

● bazar gatnaşyklary ýörelgesi we telekeçilige goldaw bermek ýörelgesi (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 10-njy maddasy);

● her bir raýatyň Türkmenistanyň goramaklyga bolan borjy (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 41-nji maddasy);

● zähmetiň erkinligi we howpsuzlygy, hünär, iş ýerini saýlap almak erkinligi, salgytlary tölemek borjy we ş.m (Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 33-nji, 42-nji maddalary).

**3. Bazar gatnaşyklarynyň ulgamy diýlende, ilkinji nobatda şu aşakdakylara düşünilýär:**

● hususy eýeçilik hukugynyň hakyky hukuk manysynda ulanylmagyna;

● fiziki we ýuridiki şahsyň özbaşdak amala aşyrýan işlerine;

● hususy hojalyk başlangyjyna (inisiatiwasyna, ýagny önümleri öndürmekde, belli bir hyzmatlary etmekde hojalyk dolandyryşy we guramaçylyk, serenjam beriş işi amala aşyrylanda telekeçiniň diňe öz erkine we kanuna esaslanmagyna);

● maddy baýlyklaryň (resurslaryň) paýlanyşygynyň bazar gatnaşyklary nukdaý nazaryndan guralmagyna.

*Dogry jogaby tapyň.*

**4. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýanlygy, döwletiň telekeçiligi höweslendirýändigi we goldaýandygy, kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam berýändigi barada, ýörite hukuk kadasy berkidilýär:**

- Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 10-njy maddasynda;
- Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 13-nji maddasynda;
- Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 18-nji maddasynda;
- Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 31-nji maddasynda.

**5. Telekeçiligiň emele gelmegi we ösmegi üçin bazar ykdysadyýetiniň ýörelgeleri bilen bir hatarda, şu aşakdaky şertleriň bolmagy zerurdyr:**

- diňe ykdysady şertler;
- diňe sosial şertler;
- diňe hukuk şertler;
- ykdysady, sosial we hukuk şertleriň ählisem bilelikde.

**6. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň kanuny haçan kabul edildi?:**

- 01.10.1993-nji ý;
- 17.07.1998-nji ý;
- 15.08.2009-njy ý;
- 15.09.2010-njy ý.

**7. Türkmenistanyň raýatlarynyň konstitusiýanyň we kanunlaryň çäklerinde hereket edýän syýasy partiýalary we gaýry jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge bolan hukuklaryny berkidýän kada, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň haýsy maddasynda berkidilýär:**

- Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 18-nji maddasynda;
- Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 30-njy maddasynda;
- Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 72-nji maddasynda;
- Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 89-njy maddasynda.

**8. Türkmnenistanyň raýatlarynyň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuklary, Esasy Kanunyň:**

- 32-nji maddasynda berkidilýär;
- 38-nji maddasynda berkidilýär;
- 43-nji maddasynda berkidilýär;
- 82-nji maddasynda berkidilýär.

**9. Ylym – bu:**

● dünýä haýran galmakdyr;

● häzirki zaman tehnikalarynda işläp bilmekdir;

● kitap ýazmaklygyň bir usulydyr, ýolydyr;

● pähim-parasady, aň-paýhasy hem-de täzelige bolan çäksiz yhlasyňy gandyrmaga ymtylyşy aňladýan, ynsan aňynyň iň ilkinji we iň esasy miwesi bolup durýar.

**10. «Ylym göze görünýän maddy zat däldir. Şonuň üçin ol sypatlaryna görä bilinýär» diýip haýsy alym aýdypdyr?**

● Magtymguly Pragy;

● Muhammet Gazaly;

● Mahmyt Zamahşary;

● Al-Farabi.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**11. Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň 94-nji maddasyna laýyklykda ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly bilen üpjün edilýän adamalar şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

● 18 ýaşy dolmadyk çagalar (şol sanda ogulluga (gyzlyga) alnan we öweý çagalar), doganlar, uýalar we agtyklar ýa-da şu ýaşdan ýokary, eger olar 18 ýaşa çenli maýyp bolan bolsalar, şunda doganlarynyň, uýalarynyň we agtyklarynyň zähmete ukyply ene-atasy bolmadyk ýagdaýynda;

● eje, kakalar (şol sanda ogulluga (gyzlyga) alanlar), adamsy, aýaly, eger olar pensiýa ýaşyna ýagny erkek adamlar 62, aýal maşgalalar 57 ýaşan bolsalar ýa-da maýyp bolsalar we pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny almaýan bolsalar;

● raýatlygy ýok adamlar we raýatlygyny ýitiren adamlar;

● Atalar we eneler, kanunçylykda bellenen pensiýa ýaşyna ýeten bolsalar, kanuna laýyklykda olary saklamaga borçly hossary we ýaşamak üçin başga serişde çeşmesi ýok bolan ýagdaýynda.

*Has dogry jogaby tapyň.*

**12. Weteranlar – bu:**

● diňe Watany goran adamlardyr;

● diňe bir kemsiz harby gullugyny çeken adamlardyr;

● diňe uzak möhletiň dowamynda ak ýürekli zähmet çeken adamlardyr;

● Watany goran, bir kemsiz harby gullugyny we uzak möhletiň dowamynda ak ýürekli zähmet çeken adamlardyr.

*Dogry jogaby tapyň.*

**13. Durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň 128-nji maddasy weteranlaryň şu aşakdaky toparlaryny belleýär:**

● hukuk goraýjy edaralarynyň weterany;

● Beýik Watançylyk urşunyň şeýle hem beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary;

● Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken we harby gullugyň weteranlary;

● içeri işler edaralarynyň we zähmet weteranlary.

# IX BAP. TÜRKMENISTANYŇ RAÝATLYGY WE TÜRKMENISTANDA DAŞARY ÝURT RAÝATLARYNYŇ HEM-DE RAÝATLYGY ÝOK ADAMLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝY

## §1. Raýatlyk barada düşünje we onuň görnüşleri

*Raýatlyk* – bu adamyň belli bir döwlete durnukly degişliligini we adamyň hem-de döwletiň özara hukuk arabaglanyşygyny aňladýar. Bu arabaglanyşyk ikitaraplaýyn bolup, bir tarapdan, döwlet öz raýatlaryna anyk hukuklary we azatlyklary kepillendirýär, olaryň özlerini we emläklerini zorlukdan hem eden-etdilikden goraýar, şonuň ýaly-da döwlet öz çäkleriniň daşynda hem öz raýatlaryna penakärlik edýär. Raýatlar hem öz gezeginde döwletiň kanunlaryny we döwlet tarapyndan berkidilen borçlary berjaý etmäge, öz zähmetleri bilen döwletiň berkemegine ýardam bermäge, zerurlyk ýüze çykanda bolsa ony goramaga borçludyrlar. Şol hukuklaryň we borçlaryň jemi-de raýatyň syýasy-hukuk ýagdaýyny (statusyny) emele getirýär. Raýatlyk degişliliginiň möhüm tassyknamasy adamyň pasporty bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, raýatlygy edinmegiň üç görnüşi bardyr:

● *filiasiýa*[1] tertibinde, adamyň dünýä inmegi bilen öz ene-atasynyň milli we döwlet degişliligine laýyklykda (raýatlygy edinmegiň bu görnüşi Daniýa, Owganystan ýaly döwletlerde Gan hukugy boýunça, ABŞ, Argentina ýaly döwletlerde Toprak hukugy boýunça diýlip atlandyrylýar);

● *naturalizasiýa*[2] tertibinde, ýagny belli bir döwletiň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin ýa-da adamyň özüniň şahsy haýyşnamasynyň esasynda döwlet baştutany tarapyndan oňa raýatlygyň berilmegi. Käbir döwletlerde (mysal üçin, Latwiýada we Estoniýada), döwlet dilini bilmeklik, degişli derejede ýaşamak üçin serişdeleriň bolmagy, çirksiz at-abraýyň bolmagy we ş.m. naturalizasiýanyň hökmany şerti hökmünde goýulýar. Käbir döwletlerde bolsa, raýatlygy edinmegiň umumy tertibinden daşgary şol döwlet bilen milli hem dil arabaglanyşygy bolan şahslar üçin naturalizasiýanyň ýeňilleşdirilen tertibi hem bellenilýär;

● *optasiýa*[3] – belli bir çägiň degişli döwleti üýtgände şol çäkde ýaşaýan adamlaryň raýatlygyny saýlamagy arkaly raýatlygy edinmegiň we bes etmegiň bir görnüşi bolup durýar. Bir döwletiň ygtyýarlygyndan başga bir döwletiň ygtyýarlygyna geçýän çäkde ýaşaýan fiziki şahslar degişli döwletleriň arasynda

---

[1] Lat. Filialis – perzentlik, ogullyk;

[2] Lat. Naturalis – kanuny, asyl;

[3] Lat. Opto – saýlamak.

baglaşylan ylalaşykda ýa-da şol çäk ygtyýarlygyna geçen döwlet tarapyndan birtaraplaýyn tertipde bellenen möhletlerde optasiýany amala aşyrmaga hukuk alýarlar.

*«Raýatlyk»* diýen adalganyň nusgawy düşünjesinde döwlet dolandyryşy respublika görnüşinde amala aşyrylýan döwletleriň raýatlary göz öňünde tutulýar. Döwlet dolandyryşy monarhiýa görnüşinde (patyşasy, soltany, imperatory, hany, emiri we ş.m.) bolan döwletlerde bolsa «raýatlyk» diýen düşünjäniň başga manysy bar. Respublikada raýatlar erkin döwletde ýaşaýan erkin adamlar, olar öz işlerini kanunda bellenen çäklerde özleri amala aşyrýarlar, kanunçylyga laýyklykda ol ýa-da beýleki hereketleri amala aşyrmak ýa-da amala aşyrmakdan saklanmak hem olaryň öz şahsy erk-isleglerine bagly bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň: Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen duşuşygynda eden çykyşynda (Aşgabat şäheri 2012-nji ýylyň 11-nji ýanwary) «Biz her bir şahsyýetiň öz mümkinçiliklerini açmagyna ýokary derejede ýardam berýän, her bir adamyň mertebesine we at-abraýyna ýokary sarpa goýulýan, belent adamkärçilik, päk ahlaklylyk ýörelgeleri we ruhy gymmatlyklary bolan, her bir adamyň hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýulýan, enelik we çagalyk doly goralýan, pensionerler barada uly alada edilýän, weteranlara we mähriban Watanymyzy döş gerip goran adamlara hormat goýulýan jemgyýeti döretmelidiris» diýip nygtamagy, Türkmenistan döwletiniň raýatlaryna we raýatlyga bolan hormatyny aňladýar.

## §2. Adamyň we raýatyň hukuklarynyň Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilişi

*Adamyň hukuklary* diýlende, adamyň ykdysady, sosial, syýasy we medeni çygyrlardaky mümkinçiliklerine hem-de isleglerine, şeýle hem adamyň döwlet babatda hukuk ýagdaýynyň häsiýetlendirmesine düşünilýär. «Raýatyň hukuklary» diýen adalga bolsa adama kanunda berkidilen emläkleýin we emläkleýin däl hukuklaryny aňladýar. Umuman «adamyň we raýatyň hukuklary hem azatlyklary» diýen adalga «esasy hukuklar we azatlyklar» diýen adalga bilen manydaş adalga bolup, adamyň we raýatyň Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilen hukuklarynyň we azatlyklarynyň jemini aňladýar. Esasy hukuklar we azatlyklar dört görnüşe bölünýärler:

1. *Şahsy hukuklara* (şahsy durmuş we şahsy erkinlik çygrynda) – ýaşaýşa, şahsyýetiň mertebesine, erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige, şahsy durmuşynyň, şahsy we maşgala syrlarynyň eldegrilmesizligine, mertebesini we at-abraýyny, hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta, telegraf we beýleki habarlary alyşmagyň syryny goramaklyga, ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligine, öz milli degişliligini kesgitlemäge, öz ene dilinde geplemäge, geplejek dilini erkin saýlamaga, özüni

kämilleşdirmäge, bilime we döredijilige, ýaşajak ýerini erkin saýlap almaga, erkin gezmäge, wyždan azatlygyna we dine ynanmak erkinligine bolan hukuklar degişlidir.

2. *Syýasy-jemgyýetçilik hukuklara* (syýasy-jemgyýetçilik çygrynda) – erkin pikir ýoretmäge we pikirini beýan etmäge, maglumatlary almaga, beýleki raýatlar bilen birleşmeler döretmäge, ýygnanyşyklary, ýörişleri erkin geçirmäge, döwleti dolandyrmaklyga gatnaşmaga, saýlamaga we saýlanmaga, döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna ýüz tutmaga bolan hukuklar degişlidir.

3. *Sosial-ykdysady hukuklara* (sosial-ykdysady çygyrda) – kanun tarapyndan gadagan edilmedik telekeçilik işinde we ykdysady işiň gaýry görnüşlerinde öz ukyplaryny we emlägini erkin ulanmaga, hususy eýeçilige, erkin zähmet çekmäge, dynç alyşa, eneligiň, çagalygyň, maşgalanyň goraglylygyna, çagalary barada alada etmäge we olary terbiýelemäge, durmuş üpjünçiligine, abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna, saglygynyň goraglylygyna we lukmançylyk kömegini almaga, abadanlaşdyrylan daşky gurşawa, bilim almaga, edebiýat, sungat, ylmy-tehniki döredijilik we döredijiligiň beýleki görnüşleri bilen erkin meşgullanmaga, jemgyýetiň medeni durmuşyna gatnaşmaga, medeni desgalardan we medeni gymmatlyklardan erkin peýdalanmaga bolan hukuklar degişlidir.

4. *Beýleki hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga bolan hukuklara* – döwletiň ynsan hukuklaryny goramaga niýetlenen hukuk serişdeleri bilen özüni goramaga bolan özüniň şahsy mümkinçiliklerini utgaşdyrmaga (öz-özüni goramaga), hukuklaryny we azatlyklaryny kazyýetde goramaga, ygtyýarly adyl kazyýetlige, ýuridik-hünärmen kömegini almaga, günäsizlik prezumpsiýasyna, adyl kazyýetligiň ynsanperwerligine, kanunyň bozulmagy zerarly zelel ýeten jebir çekenleriň bähbitleriniň goraglylygyna (ýeten zyýanyň öwezini doldurtmaga), hereket edýän kanunyň ulanylmagyna, jogapkärçiligi ýüze çykarýan ýa-da agyrlaşdyrýan täze kabul edilen kanunyň yzyna täsir ediş güýjünden ýüz döndermäge, amala aşyrylan pursadynda hukuk bozulma hökmünde ykrar edilmedik hereket üçin jogapkärçiligi belleýän täze kabul edilen kanunyň ulanylmagyndan ýüz döndermäge, hukuk bozulma üçin jogapkärçiligi aradan aýyrýan ýa-da ýeňilleşdirýän täze kabul edilen kanuna goldanylmagyny gazanmaga bolan hukuklar degişlidir.

Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsy eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar. Her bir raýat öz üstüne konstitusiýanyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir[1]» diýlip bellenilýär. Esasy Kanunymyzda kesgitlenilýän bu hukuk kadasy hem-de adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny kanuny esasda berkitmeklige

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 3-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, 2008.

bagyşlanan, 30 maddadan ybarat tutuş bir bölümi[1], umumy ykrar edilen adamzat gymmatlyklaryna we ýörelgelerine esaslanýar.

Bu maddada berkidilýän düşünjeler barada aýdylanda, adam – aň-paýhasly, jemgyýetçilik jandary bolup, ol taryhy-jemgyýetçilik işjeňliginiň we medeniýetiň subýektidir. Şahsyýet (indiwidium) – aňly-düşünjeli işiň we dürli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň subýekti hökmünde adamyň atlandyrylyşy. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, adamlardan emele gelýän jemgyýetiň öz-özüni edara etmek üçin dörедýän guramasy bolan döwlet özüniň amala aşyrýan ähli işlerinde jemgyýetiň bähbidinden ugur alýar. Jemgyýetiň bähbidi bolsa, şol jemgyýeti düzýän adamlaryň ählisiniň umumylykda we her bir adamyň aýratynlykda bähbidinden gelip çykýar. Adam bolmasa jemgyýet hem ýok, döwlet hem. Hut şonuň üçinem ynsanperwerlik (gumanizm)[2] döwletiň mazmunyny düzýän baş ýörelge bolup durýar.

*Ynsanperwerlik* ilkinji nobatda her bir adamyň tebigy we mizemez hukuklarynyň bardygyny ykrar etmekden, şol hukuklary kanun esasynda berkidip, olary goramakdan, olaryň erkin amala aşyrylmagyny hem-de olaryň özara sazlaşygyny we deňagramlaşdyrylmagyny üpjün etmekden ybarat bolup durýar.

Adamyň jany – bu adamyň enesiniň göwresinden saýlanan, ýagny fiziologiki taýdan doglanyndan soňra başlanyp, onuň biologiki ölümi bilen tamamlanýan, ynsan organizminiň hereket etmegidir.

Adamyň at-abraýy we mertebesi diýlende, adamyň umumy ykrar edilen ahlak gymmatlyklaryna laýyk gelýän anyk ahlak we intellektual häsiýetleriniň bolmagyna we ýaşaýan jemgyýetiniň şol adamyň şahsy häsiýetlerine berýän kesgitlemesine düşünilýär. At-abraý we mertebe bu özara berk baglanyşykly ahlak ölçegleridir. At-abraý şahsyýetiň ahlak we durmuşy häsiýetleriniň, oňat gylyk-häsiýetleriniň beýleki adamlar tarapyndan ykrar edilmegidir. Şahsyýetiň mertebesi bolsa adamyň öz ahlak hem intellektual häsiýetlerine, özüniň jemgyýetde eýeleýän ornuna özüniň garaýşydyr.

*Şahsyýetiň azatlygy* – bu döwletiň we jemgyýetiň döredýän şertlerinde adamyň öz durmuşyny guramagyň, işlemegiň, özüni alyp barmagyň görnüşini erkin saýlap almaga bolan mümkinçiligini aňladýan konstitusion-hukuk we filosofiýa[3] düşünjesidir. Türkmenistanda bu hukuk türkmen jemgyýetiniň we döwletiniň tutuş ynsanperwer gurluşy bilen üpjün edilýär hem-de Türkmenistanyň konstitusiýasynyň kadalary bilen kepillendirilýär. Şahsyýetiň azatlygy şahsyýete jemgyýetiň hem-de

[1] Seret! Türkmenistanyň konstitusiýasynyň II bölümi.

[2] Lat. Humanus – adamçylykly, ynsanperwek, adamyň erkin ösmäge we özüniň ukyplaryny ýüze çykarmaga bolan hukuklarynyň hem-de onuň şahsyýet hökmünde gymmatlygynyň ykrar edilmegini, adamyň bähbidiniň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň esasy ölçeg birligi hökmünde tassyklanmagyny aňladýar.

[3] Gr. Phileo – söýýärin, sophia – danalygy, jemgyýetçilik aňynyň bir görnüşini, dünýägaraýşy, pikirleriň we ynançlaryň toplumyny aňladýar.

döwletiň täsir edip bilmeýän we onuň durmuşyna gatyşyp bilmeýän çäklerini anyk kesgitlemegi, şonuň ýaly-da jemgyýetiňem, döwletiňem belli bir çäklerden aňyrda adamyň durmuşyna täsir edip bilmeýändigini aňladýar. Şonuň bilen birlikde-de adamyň we raýatyň ýaşaýşa, at-abraýa, mertebä, şahsy eldegrilmesizlige bolan hukuklary ýaly, köp hukuklary we azatlyklary şahsyýetiň azatlygyndan öz gözbaşyny alyp gaýdýarlar.

*Adamyň şahsy eldegrilmesizlik hukugy* – giň manyda düşünilende, adamyň we raýatyň janyna, saglygyna, azatlygyna, şahsy durmuşyna we beýleki eşretlerine eden-etdilikli kast etmegiň gadaganlygyny aňladýar. Emma kanunda bu hukuga has gysby manyda düşünilýär. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 24-nji maddasynda adamyň şahsy eldegrilmesizlik hukugy diýlende adamy eden-etdilikli tutup saklamagyň, tussag etmegiň gadaganlygy, diňe kanunda takyk bellenen tertipde ygtyýarly döwlet edaralary ýa-da kazyýet tarapyndan adamyň tutulyp saklanyp ýa-da tussag edilip bilinýändigi göz öňünde tutulýar.

*Tebigy hukuklar* barada aýdylanda, bu düşünje gadym döwürlerde dörän hem bolsa diňe XVII–XIX asyrlaryň öňdebaryjy akyldarlary tarapyndan kämilleşdirilipdir. Şol döwürlerde hem diňe kanun esasynda berilýän we kadalaşdyryjy hukuk namalarda kesgitlenen hukuklaryň we azatlyklaryň jeminden emele gelýän pozitiw hukuklardan tapawutlylykda adam dünýä inen pursadyndan başlap öz-özünden döreýän ynsan hukuklary hakynda taglymat emele gelipdir. Tebigy hukuklar diýlende, adamyň dünýä inmegi bilen bilelikde döreýän hem-de onuň hukuk ukybyny emele getirýän ýaşaýşa, saglyga, azatlyga, öz ykbalyny özüniň erkin kesgitlemäge, wyždan we pikir azatlygyna, bilime, zähmete we ş.m. bolan, sowgat berip, miras goýup ýa-da başga hili usullar bilen kimdir birine geçirip bolmaýan mizemez hukuklaryna düşünilýär.

Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen «Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň» girişinde kesgitlenilişi ýaly, ynsan maşgalasynyň ähli agzalaryna mahsus mertebäniň hem-de deň we aýrylmaz hukuklaryň, ýagny ynsanyň tebigy hem mizemez hukuklarynyň ykrar edilmegi bolsa azatlygyň, adalatlylygyň we ählumumy parahatçylygyň esasy şerti bolup durýar. Älemiň gurluşynda adamyň döremegi erkinlik we mertebelilik bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Ynsanyň paýhasy onuň özüne, özüniň jemgyýetde eýeleýän ornuna baha bermek bilen öz mertebesini kesgitlemäge, ony gazanmaga mümkinçilik döredýär. Ynsanyň pähim-parasatly bolmagyndan gelip çykýan saýlamaga we öz ykbalyny özüniň erkin kesgitlemäge bolan hukugy hem onuň iň esasy tebigy hukuklarynyň biridir.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda berkidilýän hukuk kadalary ynsanperwerligiň iň sada hem iň gutarnykly kanuny aňlatmasy hökmünde çykyş edýärler. Esasy Kanunymyzyň bu maddasyndaky hukuk kadalary umumy ykrar edilen adamzat gymmatlyklaryna we ýörelgelerine esaslanýar, şeýle

hem Türkmenistan tarapyndan ykrar edilen, «Adamyň hukuklary hakynda ählumumy Jarnamadan», «Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda» Paktdan[1], «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda» Paktdan, «Gynamalara we jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy Konwensiýadan[2]» we beýleki halkara hukuk namalaryndan gelip çykýar.

*«Her bir raýat öz üstüne konstitusiýanyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir»* diýen hukuk kadasy raýatlaryň konstitusion borjuny[3] kesgitleýär. konstitusiýa jemgyýetiň, döwletiň we adamyň arasynda baglaşylýan jemgyýetçilik şertnamasy hökmünde garalanda, Esasy Kanunyň 3-nji maddasy şol şertnamanyň iň möhüm bentleriniň biridir. Sebäbi bu maddada taraplaryň esasy hukuklary we borçlary kesgitlenýär. Döwlet raýaty hemmetaraplaýyn goraýar, onuň erkin, agaýana hem eşretli durmuşda ýaşamagyny üpjün edýär. Raýat bolsa döwletiň öz wezipelerini degişli derejede ýerine ýetirmegi üçin onuň ähli hukuga laýyk talaplaryny berjaý etmäge borçly bolup durýar. Raýatyň konstitusion borçlarynyň iň esasylary bolsa konstitusiýanyň we kanunlaryň talaplaryny berjaý etmekden, döwleti goramak borjuny ýerine ýetirmekden, kanunlarda bellenilen tertiplerde salgytlary hem-de beýleki ýygymlary tölemekden, daşky gurşawy hem tebigaty goramakdan we ş.m. ybaratdyr.

## §3. Türkmenistanyň raýatlygy

Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Türkmenistanyň öz raýatlygy bar. Raýatlyk kanuna laýyklykda berilýär, saklanylýar we ýitirilýär. Türkmenistanyň raýatyna başga döwletiň raýatlygy ykrar edilmeýär. Hiç kim raýatlygyndan ýa--da raýatlygyny üýtgetmek hukugyndan mahrum edilip bilinmez. Türkmenistanyň raýaty özge döwlete berlip ýa-da Türkmenistanyň çäginden kowlup çykarylyp, ýa onuň Watanyna gaýdyp gelmek hukugy çäklendirilip bilinmez. Türkmenistanyň raýatyna Türkmenistanyň çäginde-de, onuň çäginden daşarda-da döwletiň goragy we penakärligi kepillendirýär[4]» diýlip bellenilýär.

Esasy Kanunymyzda berkidilýän bu hukuk kadalary, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnamanyň 15-nji maddasynyň Türkmenistanyň Esasy Kanunyndaky beýany hökmünde çykyş edýär. Mälim bolşy ýaly, her bir döwletde bolşy ýaly, Türkmenistanyň hem öz raýatlygy bar. 1992-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda kabul

---

[1] Lat. Pactum – şertnama, ylalaşyk, halkara şertnamalaryň bir görnüşini aňladýar;

[2] Lat. Convention – ylalaşyk, döwletleriň özara baglaşýan şertnamalarynyň bir görnüşini aňladýar;

[3] Raýatyň özüni alyp barmagynyň konstitusiýada berkidilen anyk kadalary.

[4] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 7-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

edilen, Türkmenistanyň raýatlygy hakynda kanunyň 1-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlygy Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygynyň möhüm alamaty bolup, ol adamyň döwlete degişlidigini hem-de döwlet bilen adamyň arasyndaky durnukly häsiýetdäki hukuk gatnaşygyny, olaryň özara hukuklary bilen borçlarynyň bütin jemini kesgitleýär.

Şonuň ýaly-da bu kanunda raýat bilen döwletiň arasyndaky hukuk arabaglanyşygyny berkidýän hukuk kadasy hem bardyr. Ol kadada: «Türkmenistan özüniň edaralarynyň hem-de wezipeli adamlarynyň üsti bilen Türkmenistanyň raýatlarynyň öňünde jogapkärdir, Türkmenistanyň raýaty bolsa döwletiň öňünde jogapkärdir. Türkmenistanyň raýaty konstitusiýany we kanunlary berjaý etmäge, şolarda bellenen borçlary ýerine ýetirmäge, Türkmenistanyň bähbitlerini aramaga hem onuň çäginiň bitewiligini gorap saklamaga, türkmen halkynyň we Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan ähli milletleriň wekilleriniň medeniýetine, däp--dessuryna hem diline sarpa goýmaga borçludyr» diýip bellenýär.

Türkmenistanyň raýatlygy kanunda bellenen tertipde adamyň eneden doglan pursatyndan başlap we Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilmeginiň netijesinde, şonuň ýaly-da başga käbir esaslara görä edinilýär. Başga esaslar diýlende, anyk bir fiziki şahsyň Türkmenistan döwletiniň öňünde aýratyn hyzmatlary bitirmegine, mysal üçin, döwleti gorap, edermenlik görkezmegine, döwletiň at-abraýyny goramak ugrunda, döwletiň ykdysadyýetini, medeniýetini, goranyş kuwwatyny ösdürmekde uly hyzmatlar bitirmegine we ş.m. düşünilýär.

Adamyň başga bir döwletiň çägine hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşamaga gitmegi, şonuň ýaly-da onuň başga döwletiň raýatyna öýlenmegi ýa-da durmuşa çykmagy onuň Türkmenistanyň raýatlygyny ýitirmegine getirmeýär we ol fiziki şahsyň Türkmenistanyň raýatlygy saklanyp galýar. Şonuň ýaly-da ene-atasynyň biri Türkmenistanyň raýaty bolan çaga kämillik ýaşyna ýetenden soňra, öň ene-atasy tarapyndan başga döwletiň raýaty hökmünde resmileşdirilendigine garamazdan özüniň raýatlygyny saýlamaga bolan tebigy hem mizemez hukugyndan peýdalanyp, Türkmenistanyň raýatlygyny edinip we saklap bilýär.

Esasy Kanunymyzyň 7-nji maddasynyň 1-nji bendinde raýatlygyň kanuna laýyklykda ýitirilýändigi bellenilýär. Raýatlygyň ýitirilmeginiň esasy iki görnüşi bardyr:

*1. Fiziki şahsyň özüniň meýletin haýyşnamasynyň esasynda;*

Türkmenistanyň raýatlygyndan çykmak adamyň öz haýyşy boýunça Türkmenistanyň raýatlygy hakyndaky kanunda bellenen tertipde amala aşyrylýar. Eger raýatlykdan çykmak haýyşy bilen ýüzlenýän adam günäkärlenýän hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilen bolsa ýa-da şol adam barada kazyýetiň kanuny güýjüne giren we ýerine ýetirilmäge degişli hökümi bar bolsa, ýa-da döwlete, Türkmenistanyň raýatlaryna, Türkmenistanyň çäginde ýerleşen kärhanalara, guramlara we edaralara salgyt boýunça bergisi ýa-da başga üzülişmedik bergisi

hem borçlary bar bolsa, onda onuň Türkmenistanyň raýatlygyndan çykmagyna ýol berilmeýär.

*2. Fiziki şahsyň raýatlykdan mahrum edilmegi;*

Türkmenistanyň raýatlygy hakyndaky kanunynyň 23-nji maddasynda Türkmenistanyň raýatlaryny raýatlykdan çykarmagyň üç sany esasy kesgitlenilýär:

● Türkmenistanyň döwletara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda adamyň özge döwletde harby gulluga, howpsuzlyk gullugyna, polisiýa, ýustisiýa edaralaryna ýa-da beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna işe ýerleşmeginiň netijesinde;

● eger Türkmenistanyň raýatlygy göz-görtele ýalan maglumatlaryň ýa-da galp resminamalaryň görkezilmegi netijesinde edinilen bolsa;

● Türkmenistanyň döwletara şertnamalarynda göz öňünde tutulan esaslara görä.

Esasy Kanunyň 7-nji maddasynyň 2-nji bendinde Türkmenistanyň raýatyna başga döwletiň raýatlygynyň ykrar edilmeýändigi kesgitlenýär. Köpraýatlylyk (bipatrizm[1]) – bu belli bir fiziki şahsyň bir wagtyň özünde iki ýa-da ondan-da köp döwletiň raýaty bolmagydyr. Bu ýagdaý şahsyň dogulmagy bilen, ýagny onuň ene-atasynyň her haýsynyň bir döwletiň raýaty bolup durýanlygy sebäpli ýa-da onuň öň bir döwletiň raýaty bolup, soňra başga bir döwletiň raýatlygyna kabul edilmeginiň netijesinde ýüze çykyp biler. Bu kada Türkmenistanyň raýatlarynyň başga döwletleriň raýatlygyna kabul edilmekleriniň gadagandygyny aňlatmaýar. Bu hukuk kadasy raýatlyk hukuklary we borçlary babatda Türkmenistanyň raýatynyň köpraýatlylygy bolan ýagdaýynda-da onuň hukuk ýagdaýynyň diňe Türkmenistanyň raýatlarynyňky bilen deň derejede kesgitlenýändigini, ýagny onuň daşary ýurt raýatlaryna berilýän ýeňilliklerden peýdalanman, Türkmenistanyň raýatlarynyňky ýaly hukuklarynyň we borçlarynyň bardygyny aňladýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 7-nji maddasynyň 3-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryny kanunda görkezilen esaslar bolmasa raýatlygyndan ýa-da raýatlygyny üýtgetmek hukugyndan mahrum etmek bolmaz. Türkmenistanyň raýaty özge döwlete berlip ýa-da Türkmenistanyň çäginden kowlup çykarmak, ýa-da onuň Türkmenistanyň çägine gaýdyp gelmek hukugyny çäklendirmek bolmaz. Bu kada başga bir döwlete garşy jenaýat eden halatynda hem Türkmenistanyň raýatynyň özge döwlete berlip (ektradisiýa[2] edilip) bilinmejekdigini aňladýar. Öz raýatlaryny özge döwletiň ygtyýarlygyna bermezlik hukugy döwletiň özygtyýarlylyk (suwerenitet) hukugyndan gelip çykýar, ýagny doly garaşsyz hem-de

[1] Lat. Bi – iki we gr. patridos – watan, ýurt, halkara hukugynda bir wagtyň özünde iki ýa-da ondan-da köp döwletiň raýatlygynda durýan şahslary aňladýar.

[2] Lat. Ex – daşyna, tradition – geçirmek, öz çäklerinde bolýan jenaýatçynyň şol döwlet tarapyndan başga bir döwlete ony jenaýat jogapkärçiligine çekmek ýa-da kazyýetiniň kanuny güýjüne giren hökümini ýerine ýetirmek üçin berilmegini aňladýar;

öz çäklerinde hökmürowan bolan, halkara hukugynyň doly hukukly subýekti hökmünde öz raýatynyň jenaýat edendigine garamazdan ony özge döwlete bermek meselesini çözmek döwletiň öz erkin garamagyndaky ýagdaýdyr.

Emma beýle diýildigi, özge döwletiň çäklerinde ýa-da başga çäklerde belli bir döwlete garşy jenaýat eden Türkmenistanyň raýatynyň etmişiniň jezasyz galdyryljakdygyny aňlatmaýar. Döwletleriň arasynda baglaşylýan halkara şertnamalaryň esasynda eger-de Türkmenistanyň raýaty özge döwlete garşy jenaýat eden bolsa, ol garşysyna jenaýat eden döwletiniň ygtyýarlygyna berilmese-de, eger--de onuň eden etmişi Türkmenistanyň kanunlarynda hem jenaýat diýlip hasaplanýan bolsa, onda ol öz eden etmişi üçin Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda jeza çäresini çekmeklige degişlidir. Mysal üçin, 1993-nji ýylda Garaşsyzlyk Döwletleriň Arkalaşygyna (GDA) girýän döwletler jenaýat, raýat we maşgala jedelleri boýunça hukuk kömegini bermek hakynda Minsk (Belorus Respublikasy) Konwensiýasyny baglaşdylar.

Ýurduň çäklerinden kowup çykarmak, käbir döwletlerde we taryhy geçmişde jenaýat hukuk jeza çäresi hökmünde ulanylyp, adamy raýatlygyndan we ondan gelip çykýan hukuklaryndan mahrum etmekligi we ony öz ýaşaýan ýurdunyň çäklerinden çykyp gitmäge mejbur edilmegini aňladýar. Türkmenistanda beýle jeza çäresi ýokdur. konstitusiýanyň 7-nji maddasynyň 3-nji bendinde berkidilen hukuk kadasy hem Türkmenistanyň raýatyny Türkmenistanyň çäginden kowlup çykarmagyň ýa-da onuň Türkmenistanyň çägine gaýdyp gelmek hukugyny çäklendirmegiň gadagandygyny aňladýar.

2005-nji ýylyň 7-nji dekabrynda kabul edilen, Türkmenistanyň «Migrasiýa[1] hakyndaky» kanunynyň 26-njy maddasynyň 1-nji we 2-nji bentlerine laýyklykda, Türkmenistanyň her bir raýatynyň Türkmenistandan gitmäge we Türkmenistana gelmäge hukugy bardyr. Türkmenistanyň raýaty Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin hukukdan mahrum edilip bilinmez. Diňe görkezilen Kanunyň 32-nji maddasynda bellenilen esaslar bar mahalynda Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek üçin hukugy wagtlaýyn çäklenidirilip bilinýär.

Ol esaslar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- eger ol döwlet syryny düzýän maglumatlar barada habarly bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhlet tamamlanýança;
- eger onuň garşysyna jenaýat işi gozgalan bolsa, iş boýunça önümçilik tamamlanýança;
- eger oňa jenaýat edendigi üçin iş kesilen bolsa, jezasyny çekýänçä ýa-da jezadan boşadylýança;
- eger ol kazyýet tarapyndan üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan bolsa, borçnamalar ýerine ýetirilýänçä;

[1] Lat. Migro – geçýärin, göçýärin, adamyň, adamlaryň toparynyň (ýa-da jandarlaryň) bir ýerden başga bir ýere göçmeklerini aňladýar.

● eger ol özi barada görnetin ýalan maglumatlary habar beren bolsa;

● eger ol harby gulluga çagyrylmaga degişli bolsa, harby gullugy geçýänçä ýa--da ondan boşadylýança; Türkmenistanyň çäklerinden daşyna hemişelik ýaşamaga gitmek halatlary muňa degişli däldir;

● eger ol barada kazyýetde raýat hak islegi bildirilen bolsa, iş boýunça önümçilik tamamlanýança;

● eger ol kazyýetiň hökümi esasynda aýratyn howply residiwde[1] jenaýaty amala aşyran hasap edilen ýa-da polisiýanyň dolandyryş gözegçiliginde durýan bolsa, iş kesilenlik aýyby aýyrylýança ýa-da gözegçilik bes edilýänçä;

● Türkmenistanyň raýaty daşary ýurtlarda bolan döwründe adam söwdasynyň pidasy bolmagy ýa-da gulçulyga duçar bolmagy mümkin diýen howatyrlanma bolan halatynda;

● eger ol ozal daşary ýurtda bolan wagtynda, bolan ýurdunyň kanunçylygyny bozan bolsa;

● eger onuň gitmegi Türkmenistanyň milli howpsuzlygynyň bähbitlerine ters gelýän bolsa.

Şonuň bilen birlikde-de Kanun, daşary ýurt döwletinde Türkmenistanyň raýatlarynyň howpsuzlygyny üpjün edip bolmajak adatdan daşary ýagdaý dörän halatynda Türkmenistanyň Hökümeti Türkmenistanyň raýatlarynyň bu döwlete gidilmegini wagtlaýyn çäklendirmek hakynda karar kabul edýär.

Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmek, raýatlykdan çykarmak wezipeleri we ygtyýarlyklary Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 10-njy bendine we Türkmenistanyň Raýatlygy hakyndaky kanunyň 31-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentine degişlidir.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 7-nji maddasynyň 4-nji bendinde döwletiň öz çäklerinde-de öz çäklerinden daşarda-da öz raýatlarynynyň goraglylygyny hem olara penakärligini kepillendirýändigi kesgitlenýär. Goraglylyk we penakärlik diýlende, döwletiň hem-de onuň edaralarynyň öz çäklerinde hem-de çäklerinden daşarda ýaşaýan ýa-da bolýan raýatlarynyň bähbitlerini üpjün etmek üçin amala aşyrýan işlerine düşünilýär. Döwletiň çäklerinden daşardaky goraglylyk – bu döwlet häkimiýet edaralarynyň, diplomatik we konsulluk wekilhanalarynyň Türkmenistanyň raýatlary jenaýat etmekde güman edilen, tutulyp saklanan halatlarynda, olaryň işleri boýunça kazyýet seljerişi geçirilende, olar jeza çäresini çekenlerinde olaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň goraglylygyny üpjün etmek babatda amala aşyryýan anyk işleridir. Döwletiň çäklerinden daşardaky penakärlik (patronaž) – bu Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýaşaýan ýa-da bolýan ähli raýatlaryna olaryň ýaşaýan döwletleriniň kanunlaryna laýyklykda ýaşamaklary we hereket

[1] Lat. Recidivus – yzyna dolanýan, gaýtalanýan, Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynda adamyň birnäçe gezek jenaýat edendigi ücin iş kesilendigini aňladýar. Türkmenistanyň JK-nyň 19-njy maddasynda residiwiň derejeleri we şol derejeleri kesgitlemegiň esaslary bellenýär.

etmekleri üçin döwletiň olara doly goldaw bermegidir. Türkmenistanyň «Migrasiýa hakyndaky» kanunynyň 25-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinden daşary gidýän Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň goragy we howandarlygy kepillendirilýär.

### §4. Türkmenistanda daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň hukuk ýagdaýy

Türkmenistanyň konstitusiýasynda Türkmenistanyň raýaty bolmadyk adamlar barada şeýle bellenýär: «Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar, Türkmenistanyň kanunçylygyna hem-de halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlarynyňky ýaly hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar hem borçlary berjaý edýärler. Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara kanunda bellenilen tertipde gaçybatalga berýär[1]».

Esasy Kanunymyzyň 8-nji maddasynda daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklary we borçlary babatda Türkmenistanyň raýatlary bilen deňdikleri hakynda kada berkidilýär. Daşary ýurt raýatlary – bu öz ýaşaýan döwletiniň däl-de başga döwletiň raýatlarydygy hakynda degişli tassyknamasy (pasporty) bolan fiziki şahslar ýa-da 2011-nji ýylyň 26-njy martynda kabul edilen, Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakyndaky kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlary bolup durmaýan hem-de özüniň daşary ýurt döwletiniň raýatlygyna degişliliginiň subutnamalary bar bolan adamlar Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary diýlip ykrar edilýär.

Milli kanunçylyga laýyklykda Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň dört görnüşi bardyr:

● *Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlary;*

Eger daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistanda hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň döwlet migrasiýa gullugynyň edaralary tarapyndan bellenilen tertipde berlen rugsatnamalar we ýaşamak üçin ygtyýarnamalary bar bolsa, olar Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlary diýip bilinýärler. Ýaşamak üçin ygtyýarnamany bermegiň tertibi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilýär.

● *Türkmenistanyň çäginde wagtlaýyn bolýan daşary ýurt raýatlary;*

Türkmenistanda hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň döwlet migrasiýa gullugynyň edaralary tarapyndan bellenilen tertipde berlen rugsatnamalary we ýaşamak üçin ygtyýarnamalary bolmadyk, ýöne başga bir kanuny esaslarda Türkmenistanda bolýan daşary ýurt raýatlary Türkmenistanda wagtlaýyn bolýan

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 8-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

adamlar diýlip hasap edilýär. Olar öz daşary ýurt pasportlaryny ýa-da olaryň ornuny tutýan resminamalaryny bellenilen tertipde bellige goýmaga hem-de özleri üçin bellenilen boluş möhleti[1] tamamlanandan soň, Türkmenistandan gitmäge borçludyrlar.

● *Diplomatik immunitetden peýdalanýan daşary ýurt raýatlary;*

Diplomatik immunitet diýlende, diplomatyň şahsy eldegrilmesizligine, onuň ýaşaýan we işleýän jaýynyň eldegrilmesizligine, şonuň ýaly-da bolýan ýurdunda ony jenaýat we dolandyryş jogapkärçiligine we onuň gulluk edýän döwletiniň emläginiň alynmagy bilen bagly raýat-hukuk jogapkärçiligine çekip, şeýle hem onuň goş-golamlaryna we özüne şahsy serediş geçirip bolmaýanlygyna düşünilýär. Diplomatik immuniteti bilen baglanyşykly meseleler halkara ylalaşyklary, ikitaraplaýyn döwletara şertnamalar, şonuň ýaly-da döwletleriň öz halkara borçlaryny milli hukuk ulgamlaryna ornaşdyrmaklarynyň netijesinde kabul edilýän milli kadalaşyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýärler.

● *Diplomatik wekilhanalaryň diplomatlardan başga personaly.* Olar iki topara bölünýär: 1) dolandyryş-tehniki personal – iş ýöredijiler, maşinistkalar, terjimeçiler we ş.m.; 2) hyzmat ediş personaly – sürüjiler, süpürijiler, aşpezler we ş.m.; Diplomatik personal diplomatik wekilhananyň degişli döwletiniň, ýagny akkreditasiýa[2] beren döwletiň raýatlaryndan ybarat bolýar. Diplomatik wekilhananyň personalynyň galan agzalary wekilhananyň ýerleşýän ýurdunyň raýatlaryndan hem düzülip bilinýär. Şeýle ýagdaýlarda olaryň işe kabul edilendikleri ýa-da işden çykarylandyklary barada wekilhananyň ýerleşýän döwletiniň daşary işler edarasyna habar berilýär hem-de ol işgärler hem diplomatik personala berilýän käbir ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

Türkmenistanda hem, 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda kabul edilen, «Daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasyna laýyklykda, diplomatik wekilhananyň eýeleýän jaýlary eldegrilmesizdir. Olara diňe diplomatik wekilhananyň baştutanynyň ýa-da onuň deregine bolan adamyň razylygy bilen barmak bolar. Bu jaýlar we şolarda ýerleşýän emläk, şeýle hem, diplomatik wekilhananyň ulag serişdeleri mejbury hereketleriň ählisinden, şol sanda ýanyny dökmek, rekwizisiýa etmek, ýanyndaky hat-habarlary almak we tussag etmek ýaly hereketlerden penalanmak üçin immunitet hukugyndan peýdalanýar. Diplomatik wekilhananyň baştutanynyň rezidensiýasy[3] we wekilhananyň diplomatik personalynyň[4]

[1] Bir döwletiň çäginde hemişelik ýaşaýan fiziki şahsyň başga bir döwletiň çäginde anyk möhletiň dowamynda wagtlaýyn bolmagy;

[2] Lat. Accredere – ynanmak, halkara hukugynda özge döwletde diplomatik wekili bellemegiň tertibini aňladýar;

[3] Lat. Ressidere – oturmak, bolmak, ýokary wezipeli şahsyň bolýan jaýyny aňladýar;

[4] Lat. Persona – şahsyýet, belli bir guramanyň işgärleriniň toplumyny aňladýar;

agzalarynyň ýaşaýan jaýlary, olarda ýerleşýän emläk, şeýle hem ulag serişdeleri diplomatik wekilhananyň jaýlarynyňky ýaly eldegrilmesizlikden we goranmakdan peýdalanýar.

*Fiziki şahsyň raýatlygynyň bolmazlygy* – bu onda haýsy-da bolsa bir döwletiň raýatlygynyň bolmazlygyny aňladýar. Raýatlygy bolmazlyk doglan pursadyndan başlap (absolýut[1]) we raýatlygy soň ýitirendigi sebäpli (otnositel) bolup biler. Türkmenistanda raýatlygy bolmadyk adamlara hem Türkmenistanyň raýatlary we daşary ýurt raýatlary bilen deň hukuklar berilýär.

2009-njy ýylyň 21-nji noýabrynda kabul edilen, «Migrasiýa gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistanyň çäklerine gelmeginiň we ondan gitmeginiň tertibi, olaryň Türkmenistanyň döwlet migrasiýa gullugynyň edaralarynda hasaba durmagynyň tertibi we möhletleri, şonuň ýaly-da bu çygyrdaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk kadalary berkidilýär.

Eger-de daşary ýurt raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň çäklerinde öz kanuny borçlaryna laýyklykda döwletiň kanunlaryny, halkyň däp-dessurlaryny, medeniýetini hormatlaman jenaýatçylykly ýa-da yzygiderli käbir dolandyryş etmişlerini eden halatlarynda Türkmenistanyň çäginden mejbury çykarylmaga degişlidirler. Türkmenistanyň çäginden mejbur çykarmak raýatlygy bolmadyk adamlar, Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan we wagtlaýyn bolýan daşary ýurt raýatlary babatda ulanylyp bilinýär. Diplomatik immunitetden peýdalanýan daşary ýurt raýatlary bolsa ýokarda görkezilen ýagdaýlarda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň karary bilen, «persona non grata» (latynçadan terjime edilende islenilmeýän şahs – bolýan ýurdunyň häkimiýetleri tarapyndan, onuň şol döwletiň garşysyna eden etmişi üçin islenilmeýän şahs diýlip yglan edilen diplomat) diýip yglan edilýärler we halkara gatnaşyklarynyň umumy ykrar edilen dessurlaryna laýyklykda 24 sagadyň dowamynda ýurduň çäklerinden çykarylmaga degişlidirler. Diplomaty islenilmeýän şahs diýip yglan eden ýurt, 1961-nji ýyldaky Wena Konwensiýasynda[2] berkidilen halkara hukuk kadalaryna laýyklykda onuň sebäplerini düşündirmeklige borçly däldir.

## §5. Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy. Gaçybatalga hukugy

Halkara hukugynda «bosgun» diýen düşünje Birinji jahan urşundan soňra döräpdir. Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy bilen baglanyşykly düzgünler birnäçe halkarar hukuk namalarynda öz beýanyny tapýarlar. Häzirki wagtda Birleşen

[1] Lat. Absolutus – çäklendirilmedik, doly, bir zadyň gutarnykly, doly ölçegini aňladýar.

[2] 18.04.1961-nji ýyldaky «Diplomatik gatnaşyklary hakynda» Wena Konwensiýasynyň 9-njy maddasy.

Milletler Guramasynyň düzüminde Bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissaryň dolandyryş müdirligi bar. 1951-nji ýylda bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakynda köptaraplaýyn Konwensiýa BMG tarapyndan kabul edilipdi we ençeme döwletler tarapyndan bu ylalaşyga gol çekilipdi. 1967-nji ýylda bolsa bu Konwensiýa goşmaça teswirnama kabul edilip, onda syýasy bosgunlaryň, ýagny öz ýaşan ýurtlarynda syýasy yzarlanmalara sezewar edilen fiziki şahslaryň – bosgunlaryň ýörite toparyny emele getirýändikleri bellenilipdi.

Köplenç halkara hukugynda olary hakykat ýüzünde (defacto) raýatlygy ýok adamlar diýip hem atlandyrýarlar, sebäbi tejribede şeýle bosgunlaryň hukuk ýagdaýy raýatlygy ýok adamlaryň hukuk ýagdaýyndan düýpli tapawutlanmaýar. Syýasy bosgunlara degişlilik ýurtda syýasy gaçybatalga almaga esas hökmünde hasaplanyp bilinýär. Ýöne bu meseläniň çözgüdi ahyrynda syýasy bosgunlaryň çäginde ýaşaýan döwletiniň kanunçylygyna we alyp barýan syýasatyna bagly bolup durýar. Bosgunlar bilen bagly meseleler ähli döwletlerde birmeňzeş çözülip bilinmeýär. Bu meseläniň çözgüdine dürli kesgitleýji şertler (faktorlar), mysal üçin, bosgunlaryň durmuşy hem milli düzümi, olary öz watanlaryny terk etmäge mejbur eden ýagdaýlar we ş.m. täsir edýär.

«Bosgunlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, bosgun – bu jyns, dine ynanmak, raýatlyk alamaty, belli bir sosial topara degişliligi boýunça yzarlamalaryň pidasy bolmakdan esaslandyrylan howatyrlanmalary tassyklanan ýa-da syýasy ynançlary bilen Türkmenistanda bolýan we öz ýurdunyň goragyndan peýdalanyp bilmeýän ýa-da şonuň ýaly howatyrlanmalar netijesinde şeýle goragdan peýdalanmak islemeýän ýa-da belli bir raýatlygy bolmazdan we şeýle ýagdaýlaryň netijesinde öz öňki adaty ýaşaýan ýurdunyň daşynda bolmak bilen, şol howatyrlanmalar netijesinde oňa dolanyp baryp bilmeýän ýa-da dolanmak islemeýän adamdyr.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, adam bosgunyň hukuk ýagdaýyny bilmek üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarly edilen edara ýazmaça haýyşnama bilen ýüz tutmaga borçludyr (hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, «ygtyýarly edara» diýlende Türkmenistanyň döwlet migrasiýa gullugy göz öňünde tutulýar). Bosgunyň hukuk ýagdaýynyň berilmegi hakyndaky haýyşnama berlen gününde ygtyýarly edara tarapyndan bellige alynmalydyr. Bosgunyň hukuk ýagdaýyny bilmek niýeti bilen Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikanun geçmäge mejbur bolan adam bosgunyň hukuk ýagdaýynyň berilmegi hakyndaky haýyşnamasyny (arzasyny) Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň üsti bilen ygtyýarly edara iberýär. Döwlet serhet gullugynyň ýolbaşçysy alnan haýyşnamany ygtyýarly edara haýal etmän ugratmaga borçludyr. Döwlet serhet gullugy ýüz tutan adamlara bosgunyň hukuk ýagdaýyny bermegiň tertibi we şertleri hakyndaky habary bermäge borçludyr.

Bosgunyň hukuk ýagdaýynyň berilmegi hakyndaky haýyşnama bellige alnandan soň arza beren ýa-da onuň maşgala agzalary haýyşnama boýunça kararyň kabul edilýän döwründe aşakdaky hukuklara eýedir:

● bosgunyň hukuk ýagdaýynyň berilmegine dahylly meseleler babatda terjimeçiniň tölegsiz hyzmatlaryna;

● bosgunyň hukuk ýagdaýynyň berilmegi hakyndaky haýyşnama garamagyň güwä geçýän wagtlaýyn şahadatnamany almaga;

● wagtlaýyn ýaşajak ýerine çenli mugt gitmäge we ýüküni äkitmäge;

● wagtlaýyn ýerleşiş nokadynda berlen ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmaga we mugt iýmit almaga;

● lukmançylyk kömegine we durmuş hyzmatlaryna;

● wagtlaýyn işe ýerleşmäge ýa-da okamaga;

● bosgunyň hukuk ýagdaýynyň berilmegi, şahsy emlägiň daşalmagynyň tertibi bilen baglanyşykly ähli paçlary, salgytlary we ýygymlary tölemekden boşadylmaga.

Görkezilen adamlaryň borçlary bolsa şulardyr:

● bosgunyň hukuk ýagdaýynyň berilmegi hakyndaky arza garaýan edara şeýle arza üçin zerur bolan maglumatlary bermäge;

● ýollaýyş hatynyň alynmagy bilen wagtlaýyn ýerleşmek üçin kesgitlenen ýere gitmäge we çäkdäki polisiýa edarasynda üç gün möhletde bellige durmaga;

● wagtlaýyn ýerleşilýän ýerde ýaşamagyň Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýän tertibini berjaý etmäge;

● saglygy goraýyş edaralarynyň talap etmegi boýunça lukmançylyk gözegçiliklerinden geçmäge[1].

Aşakdakylary çak etmäge düýpli esaslar bolan adama bosgunyň hukuk ýagdaýy berilmeýär:

● ol parahatçylyga garşy jenaýat, harby jenaýat ýa-da şeýle jenaýatlar babatda çäreler görmek maksady bilen, düzülen halkara namalarynda şol etmişlere çäre görmek üçin berlen kesgitlemede adamzadyň garşysyna jenaýat eden bolsa;

● Türkmenistanyň daşynda we bosgun hökmünde onuň Türkmenistana goýberilmegine çenli syýasy häsiýetde bolmadyk agyr jenaýaty eden bolsa;

● Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelýän hereketleri amala aşyrmak bilen günäkär bolsa.

● onuň ýaşaýan döwletiniň ygtyýarly häkimiýet edaralary tarapyndan şol döwletiň raýatlygy bilen baglanyşykly hukuklar we borçlar ykrar we üpjün edilýän bolsa;

● Türkmenistana gelmezine çenli bolan döwletinde ol bellenilen tertipde gaçybatalgany alyp biljek ýa-da bosgunyň hukuk ýagdaýyny resmileşdirmeklige mümkinçiligi bolsa[2].

---

[1] «Bosgunlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 5-nji madda.

[2] Şol ýerde. 7-nji madda.

Eger maşgala agzalarynyň biri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde bosgunyň hukuk ýagdaýyny alsa, onuň howandarlygynda bile gelen maşgala agzalary hem maşgala agzybirligi ýörelgesine laýyklykda bosgunlaryň hukuk ýagdaýyny edinýärler[1].

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, fiziki şahs bosgunyň hukuk ýagdaýyny ýitirýär:

● eger-de ol öz raýatlygy degişli bolan ýurdunyň goragyndan meýletin ýene--de peýdalansa;

● eger-de ol öz raýatlygyndan mahrum bolup, ýene-de ony meýletin edinse;

● eger-de ol täze raýatlygy edinse we öz täze raýatlyk alan döwletiniň goragyndan peýdalansa;

● eger-de ol yzarlanmadan howatyrlanmalar netijesinde taşlap ýa-da öz ýurdunyň çäklerinden daşynda bolup, soňra öz taşlap gaýdan ýurdunda ýene-de ornaşsa;

● eger-de ol öz raýatlygy degişli bolan ýurdunyň goragyndan peýdalanmakdan şondan beýläk ýüz öwrüp bilinmese ýa-da onuň bosgun diýlip ykrar edilen ýagdaýlary mundan beýläk bolmasa.

Fiziki şahs bosgunyň hukuk ýagdaýyndan mahrum edilýär:

● eger-de ol göz-görtele ýalan maglumatlar ýa-da galp resminamalry bermek netijesinde bosgunyň statusyny edinse;

● eger-de ol esasly sebäpler boýunça Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygyna ýa-da jemgyýetçilik tertibine howp salýan işe gatnaşsa;

● eger-de ol Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelýän işe gatnaşsa.

Bosgunyň hukuk ýagdaýyndan mahrum etmek hakyndaky karar ýokarda görkezilen esaslary we şikaýat etmegiň tertibini görkezmek bilen on gün möhletde ýazmaça görnüşde gyzyklanýan adamyň dykgatyna ýetirilýär[2].

Bosgunyň hukuk ýagdaýy berlen adam Türkmenistanyň raýatlarynyň ähli hukuklaryndan we azatlyklaryndan peýdalanýar, daşary ýurtly raýatlar we raýatlygy bolmadyk adamlar üçin Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan çäklendirmeler muňa girmeýär.

Bosgunyň hukuk ýagdaýy berlen adam aşakdaky hukuklardan peýdalanýar:

● ilatly nokatlaryň hödürlenen sanawyndan ýaşaýyş ýerini saýlamaga;

● öz garyndaşlarynyň razylygy bilen olardan ýaşaýyş ýerini saýlamaga;

● daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz önünde tutulan şertlerde hakyna tutma zähmete ýa-da telekeçilik işine, emläge eýeçilik edinmäge;

● bilime;

---

[1] «Bosgunlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 8-nji madda.

[2] Şol ýerde. 9-njy madda.

● medeni miraslardan peýdalanmaga;
● dini dessurlary erkin ýerine ýetirmäge;
● degişli edaralaryň ýardam etmeginde öz ýurdunda ýaşaýan garyndaşlary hakynda we şol ýerde galdyrylan emlägi hakynda habar almaga;
● Türkmenistanyň çäginde onuň özi bilen getiren emlägini şeýle hem oňa ýaşamak üçin girmäge hukuk berlen başga ýurda gazanan emlägini äkitmäge;
● öz öňki ýaşaýan ýurduna meýletin dolanyp barmaga ýa-da islendik üçünji ýurda göçüp gitmäge;
● namysyna we mertebesine, jynsyna we saglygyna, şahsy azatlygyna we ýaşaýan jaýyna kast edilmelerden kazyýet goragyna, şeýle hem emläk we emläk däl hukuklarynyň goragyna.

Bosgunyň hukuk ýagdaýyny alan adam Türkmenistanyň konstitusiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň kanuny talaplaryny ýerine ýetirmäge borçludyr.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 8-nji maddasynyň 2-nji bendinde Türkmenistanyň öz ýurtlarynda syýasy, milli ýa-da dini ynam-ygtykatlary üçin yzarlanýan daşary ýurt raýatlaryna gaçyp gelmek hukugyny berýändigi kesgitlenýär.

Gaçybatalga hukugy häzirki zaman halkara hem döwlet (konstitusiýa) hukugynyň möhüm institutlarynyň biri bolup durýar. Halkara hukugynda gaçybatalga hukugy bilen bagly meseleler esasan halkara-hukuk dessurlary, şonuň ýaly-da BMG-nyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1967-nji ýylyň 14-nji dekabrynda kabul edilen, Çäk (territorial) gaçybatalga hakynda Jarnamasy bilen düzgünleşdirilýär.

*Gaçybatalga hukugy* – bu özboluşly şahsy hukuk bolup, bu hukugy köp häzirki zaman demokratik döwletleriň konstitusiýalary we kanunlary daşary ýurt raýatlaryna hem-de raýatlygy bolmadyk adamlara berýärler. Bu hukugyň mazmuny eger-de daşary ýurt raýaty öz hemişelik ýaşaýan ýurdunda syýasy, milli, ylmy ýa-da dini ynam-ygtykatlary üçin ýa-da şolara meňzeş başga sebäplere görä yzarlanýan bolsa, oňa çäklendirilmedik uzak wagtyň dowamynda özüne gaçybatalga beren döwletiň çäklerinde ýaşamaga we şol döwletiň goragyndan peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Gaçybatalga bermek hakynda namanyň esasynda şol namany beren döwlet yzarlanýan şahsy ony yzarlaýan döwlete bermezlik borjuny öz üstüne alýar. Ýöne gaçybatalga bermek şol şahsa bir wagtyň özünde gaçybatalga beren döwletiň raýatlygynyň hem berilýändigini aňlatmaýar. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 10-njy bendine laýyklykda gaçybatalga bermek hakyndaky meseläni çözmek Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlygyna degişlidir.

*9.1-nji çyzgy*


Döwletiň we raýatyň özara gatnaşygy
DÖWLET
RAÝAT
Raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirýär
Ähli kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary berjaý etmeli
Şahsyýetiň mynasyp ýaşaýşy we erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär
Salgytlary tölemeli
Raýatyň özüni we emlägini zorlukdan hem eden-etdilikden goraýar
Döwleti goramaklyga borçly (harby borçlulyk)
Raýata öz çäginiň içinde hem daşynda penakärlik edýär
Kanunlarda bellenen gaýry borçlaryny berjaý etmäge


Raýatlygy edinmegiň görnüşleri
Filiasiýa
adamyň dünýä inmegi bilen öz ene-atasynyň milli we döwlet degişliligine laýyklykda (raýatlygy edinmegiň bu görnüşi Daniýa, Owganystan ýaly döwletlerde Gan hukugy boýunça, ABŞ, Argentina ýaly döwletlerde Toprak hukugy boýunça diýlip atlandyrylýar)
Naturalizasiýa
belli bir döwletiň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin ýa-da adamyň özüniň şahsy haýyşnamasynyň esasynda döwlet baştutany tarapyndan oňa raýatlygyň berilmegi
Optasiýa
belli bir çägiň degişli döwleti üýtgände şol çäkde ýaşaýan adamlaryň raýatlygyny saýlamagy arkaly raýatlygy edinmegiň we bes etmegiň bir görnüşi bolup durýar

*9.2-nji çyzgy*


Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilýäň adamyň esasy hukuklarynyň we azatlyklarynyň görnüşleri
Şahsy hukuklar
Syỳasy--jemgyỳetçilik hukuklar
Durmuş-ykdysady hukuklar
Beỳleki hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga bolan hukuklar


Türkmenistanyň raýatlygy:
Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygynyň möhüm alamaty bolup durýar
adamyň döwlete degişlidigini aňladýar
döwlet bilen adamyň arasyndaky durnukly häsiýetdäki hukuk gatnaşygyny aňladýar
adam bilen döwletiň arasyndaky özara hukuklaryň hem borçlaryň bütin jemini kesgitleýär


Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň görnüşleri
Türkmenistanyň çäginde hemişelik ỳaşaỳan daşary ỳurt raỳatlary
Türkmenistanyň çäginde wagtlaỳyn bolỳan daşary ỳurt raỳatlary
Diplomatik immunitetden peỳdalanỳan daşary ỳurt raỳatlary
Diplomatik wekilhanalaryň diplomatlardan başga personaly
Türkmenistanda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlygy bolmadyk beýleki adamlar
Raýatlygy ýok adamlar
Bosgunlar
Gaçybatalga hukugy berlenler

## Sowalnama:

*Nädogry jogaby tapyň.*

**1. Belli bir döwletiň raýatlygyny edinmegiň görnüşleri şulardyr:**
- inportasiýa;
- optasiýa;
- naturalizasiýa;
- filiasiýa.

*Has doly we dogry jogaby tapyň.*

**2. Döwlet öz çäginiň içinde we daşynda öz raýatlaryny**
- goraýar;
- goraýar we penakärlik edýär;
- goldaýar;
- ähli zerur şertler bilen üpjün edýär.

**3. Adamyň hukuklary-borçlary bilen raýatyň hukuklary-borçlary birmeňzeşmi?**
- hawa;
- ýok;
- belli bir derejede birmeňzeş;
- raýatyň käbir artykmaç hukuklary we borçlary bar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**4. Türkmenistanyň konstitusiýasyny ynsanperwer konstitusiýa hökmünde kesgitlemäge onuň haýsy maddasy esas berýär?**
- 1-nji maddasy;
- 18-nji maddasy;
- 3-nji maddasy;
- 22-nji maddasy.

**5. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň näçe maddasy adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny hem borçlaryny berkitmäge bagyşlanýar?**
- 50;
- 45;
- 30;
- 80.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**6. Türkmenistanyň raýatlygy edinilýär:**

● adam doglan pursatyndan başlap;

● raýatlyga kabul edilmeginiň netijesinde;

● başga käbir esaslara görä, ýagny adam Türkmenistan döwletiniň öňünde aýratyn hyzmatlary bitirse, mysal üçin, döwleti gorap, edermenlik görkezse, döwletiň at-abraýyny goramak ugrunda, döwletiň ykdysadyýetini, medeniýetini, goranyş kuwwatyny ösdürmekde uly hyzmatlar bitirse we ş.m.;

● bosgunyň statusyny alsa.

**7. Türkmenistanyň raýaty raýatlygyny ýitirýär:**

● Türkmenistanyň döwletara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda adamyň özge döwletde harby gulluga, howpsuzlyk gullugyna, polisiýa, ýustisiýa edaralaryna ýa-da beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna işe ýerleşmeginiň netijesinde;

● eger Türkmenistanyň raýatlygy göz-görtele ýalan maglumatlaryň ýa-da galp resminamalaryň görkezilmegi netijesinde edinilen bolsa;

● fiziki şahsyň özüniň meýletin haýyşnamasynyň esasynda;

● aýratyn agyr jenaýat edendigi üçin kazyýet tarapyndan iş kesilen bolsa.

*Dogry jogaby tapyň.*

**8. Türkmenistanyň raýaty şol bir wagtda başga ýurduň raýaty bolup bilýärmi?**

● ýok;

● hawa;

● hawa, eger-de onuň ene-atasynyň biri Türkmenistanyň raýaty, beýlekisi başga ýurduň raýaty bolsa;

● hawa, eger-de onuň aýaly başga ýurduň raýaty bolsa.

**9. Türkmenistanyň raýatynyň başga bir döwlete hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşamak üçin göçüp gitmegi onuň Türkmenistanyň raýatlygyny ýitirmegine getirýärmi?**

● hawa;

● ýok;

● hawa, eger-de hemişelik ýaşamaga gitse;

● hawa, eger-de ol Ýewraziýa kontinentinden başga kontinentde ýerleşýän ýurda gitse.

**10. Türkmenistanyň raýatynyň başga döwletiň raýatyna öýlenmegi ýa-da durmuşa çykmagy onuň Türkmenistanyň raýatlygyny ýitirmegine getirýärmi?**

● hawa;

● hawa, eger-de ol GDA döwletlerinden başga döwletiň raýatyna durmuşa çyksa ýa-da öýlense;

● ýok;

● ýok, eger-de ol munuň üçin bellenen döwlet pajyny tölese.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**11. Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň görnüşleri şulardyr:**

● Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlary;

● Türkmenistanyň çäginde wagtlaýyn bolýan daşary ýurt raýatlary;

● Diplomatik immunitetden peýdalanýan daşary ýurt raýatlary;

● raýatlygy ýok adamlar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**12. Raýatlygy bolmazlygyň görnüşleri şulardyr:**

● doglan pursadyndan başlap (absolýut) we raýatlygy soň ýitirendigi sebäpli (otnositel);

● meýletin (položitel) we mejbury (otrisatel);

● kanuna laýyk (pozitiw) we kanuna garşy (negatiw);

● kanun esasynda (de ýure) we hakykat ýüzünde (de fakto).

**13. Daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň hukuk ýagdaýy hakynda ýörelgeleýin kada Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň haýsy maddasynda berkidilýär?**

● 7-nji maddasynda;

● 8-nji maddasynda;

● 6-njy maddasynda;

● 1-nji maddasynda.

**14. Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanda gaçybatalga bermek hakynda meseläni çözmek kimiň ygtyýarlygyna girýär?**

● Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygynyň;

● Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň;

● Türkmenistanyň Prezidentiniň;

● Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň.

# X BAP. ADAMYŇ WE RAÝATYŇ KONSTITUSION-HUKUKLARY, AZATLYKLARY WE BORÇLARY

## §1. Adamyň hem raýatyň hukuklary we borçlary barada düşünje. Hukuklaryň hem borçlaryň özara baglanyşygy

Adamyň we raýatyň hukuklary hem azatlyklary diýen adalga «esasy hukuklar we azatlyklar» diýen adalga bilen manydaş adalga bolup, adamyň we raýatyň konstitusiýada berkidilen hukuklarynyň we azatlyklarynyň jemini aňladýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Adamyň hukuklary hem azatlyklary eldegrilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz.

Konstitusiýada we kanunlarda görkezilen ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur.

Adamyň belli bir hukuklarynyň we azatlyklarynyň konstitusiýada we kanunlarda sanalyp geçilmegi onuň beýleki hukuklaryny we azatlyklaryny inkär etmek ýa-da kemsitmek üçin ulanylyp bilinmez[1]» diýlip bellenilýär.

*«Adamyň we raýatyň esasy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň eldegrilmesizligi we olary adamyň elinden alyp bolmazlygy diýen düşünje «ynsan hukuklarynyň aýrybaşgalaşdyrylyp bilinmezligi»* diýen düşünje bilen manydaş bolup, bu demokratiýä ýörelgelerine esaslanýan döwletlerde konstitusion gurluşyň we adamyň konstitusion-hukuk ýagdaýynyň binýatlaýyn ýörelgeleriniň birini aňladýar. Ynsan hukuklarynyň aýrybaşgalaşdyrylyp bilinmezligi, ol hukuklar we azatlyklar bilen bilelikde adamyň dünýä inýändigini hem-de olaryň tebigy häsiýete eýe bolup, döwletiň olaryň amala aşyrylyşyny kadalaşdyrmaga we olaryň durmuşa geçirilmegini kepillendirmäge ygtyýarlyklarynyň bardygyny aňladýar. Mysal üçin, ýaşaýşa, saglyga, bilime, zähmete we ş.m. bolan hukuklar adamyň hem raýatyň tebigy we mizemez hukuklaryna degişli bolup durýar.

Şonuň üçinem ol hukuklar hiç bir şahs tarapyndan adamdan alnyp ýa-da onuň özi tarapyndan kimdir birine sowgat berlip, miras goýlup, satylyp we ş.m. hereketleri etmek bilen aýrybaşgalaşdyrylyp bilinmeýär. Ýöne şol bir wagtda-da, döwlet tarapyndan adatdan daşary ýagdaý ýa-da harby düzgün yglan edilende, tutuş jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerinden ugur alnyp, adamyň we raýatyň esasy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň birnäçesiniň durmuşa geçirilmegi wagtlaýyn çäklendirilip bilinýär. Emma şeýle halatlarda-da adamyň ýaşaýşa, saglyga, erkin

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 18-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

14. Sargyt № 1499.

zähmet çekmäge, abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna we ş.m. bolan hukuklar ýaly iň wajyp, iň derwaýys hukuklarynyň hem azatlyklarynyň amala aşyrylmagy çäklendirilip bilinmeýär.

Belli bir çäklerde adatdan daşary ýagdaýyň ýa-da harby düzgüniň yglan edilmegi, şol çäklerde ähli kanunlaryň hereket etmeginiň togtadylyp, belli bir wezipeli şahslara ýa-da döwlet edaralaryna islendik hereketi amala aşyrmaga ýol berilýändigini aňlatmaýar. Tersine, adatdan daşary ýagdaý ýa-da harby düzgün diňe kanun esasynda berk düzgünleşdirilen tertipde amala aşyrylýar we onuň baş maksady – hereket edýän çäginde doly hukuk tertibini, kanunylygy hem-de raýatlaryň kadaly ýaşaýşyny ýola goýmakdan, şonuň ýaly-da döwlet dolandyryş ulgamynyň talabalaýyk hereket etmegini üpjün etmekden ybaratdyr. Adatdan daşary ýagdaý ýa-da harby düzgün tamamlanandan soňra adamyň we raýatyň esasy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň durmuşa geçirilmegi doly möçberde ýola goýulýar.

Mälim bolşy ýaly, adatdan daşary ýagdaý – bu döwlet edaralarynyň, ýerli öz--özüňi dolandyryş edaralarynyň, edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň hereket etmeginiň aýratyn hukuk düzgünidir. Adatdan daşary ýagdaýyň hereket edýän wagtynda fiziki şahslaryň hukuklary we azatlyklary hem-de ýuridik şahslaryň hukuklary çäklendirilip, olara goşmaça borçlar ýüklenilip bilinýär. 1990-njy ýylyň 23-nji awgustynda kabul edilen, Adatdan daşary ýagdaýyň hukuk düzgüni hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, adatdan daşary ýagdaýyň düzgüni tebigy belalaryň, iri betbagtçylykly hadysalaryň (awariýalaryň) ýa-da heläkçilikleriň, adamlaryň we haýwanlaryň ýokanç keselleriniň (epidemiýalaryň we epizootiýalaryň) giňden ýaýramagy, şeýle hem köpçülikleýin bidüzgünçilikler ýüze çykan mahalynda raýatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmegiň¸ milli baýlygy ýok edilmekden halas etmegiň bähbitleri üçin Türkmenistanyň konstitusiýasyna hem kanunlaryna laýyklykda girizilýän wagtlaýyn çäredir. Esasy Kanunymyzyň 53-nji maddasynyň 14-nji bendine laýyklykda adatdan daşary ýagdaý düzgünini girizmek ygtyýarlygy Türkmenistanyň Prezidentine degişlidir.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyn 18-nji maddasynyň 2-nji bendinde berkidilýän, «Konstitusiýada we kanunlarda görkezilen halatlardan başga ýagdaý-larda adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da olary çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur» diýen hukuk kadasy gelip çykýar. Kanuny esaslarda we tertipde adamy belli bir hukuklaryndan we azatlyklaryndan mahrum etmek ýa-da çäklendirmek diýlende, adamyň kanun tarapyndan hukuk bozulma diýlip kesgitlenen belli bir etmişi edendigi üçin ol güman edilip tutulyp saklanýar, etmişi subut edilip aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekilip, aýyp bildirilýär we eden etmişine görä ätiýaçsyzlandyryş çäresi seçilip alynýar (Mysal üçin, tussag edilýär) we onuň jenaýat işi boýunça aýyplaw netijenamasy düzülip, işi kazyýete ugradylýar.

Şondan soň ol şahsyň beýleki adamyň hukuklaryna we azatlyklaryna, ýagny emlägine we eýeçilik hukugyna, şonuň ýaly-da döwletiň berkarar edýän kanunylygyna hem hukuk tertibine, şeýle hem jemgyýetde hereket edýän hukuklaryň-azatlyklaryň sazlaşygyna we bähbitleriň utgaşmagyna hyýanat edendigi üçin, ol azatlyga, öz islegine görä erkin zähmet çekmäge bolan hukuklaryndan we ş.m. mahrum edilip, kanunda berk kesgitlenen tertipde çykarylan kazyýetiň hökümininiň esasynda azatlykdan mahrum edilen adamlaryň mejbury çetleşdirilip saklanýan ýerlerine jeza çäresini çekmek üçin ugradylýar.

Mundan başga-da, kanuny esaslarda adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň çäklendirilmeginiň anyk mysaly hökmünde, döwlet tarapyndan adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, kabul edilen ýol hereketiniň düzgünlerini sürüjiniň gödek bozandygy üçin, kanuna laýyklykda belli bir möhletiň çäklerinde onuň ulagyň belli bir görnüşlerini dolandyrmaga bolan sürüjilik hukugyndan wagtlaýyn mahrum edilmegini ýa-da telekeçilik işini alyp barýan telekeçi tarapyndan telekeçilik hakyndaky kanunçylygyň bozulandygy üçin onuň işleriň belli bir görnüşlerini amala aşyrmaga bolan hukugynyň çäklendirilmegini görkezmek bolar.

Esasy Kanunymyzyň 18-nji maddasynyň 2-nji bendinde kesgitlenişi ýaly, ygtyýarly döwlet edaralaryna we döwlet tarapyndan ýörite ygtyýarly edilen wezipeli şahslara adamy hukuklaryndan hem azatlyklaryndan mahrum etmeklige ýa-da olary çäklendirmeklige diňe kanunda anyk görkezilen esaslar bar bolan mahalynda we diňe kanunda berk kesgitlenen tertipde ýol berilýär. Mysal üçin, kanun jenaýat etmekde güman edilýän adamyň tutup saklanmagy üçin ilki ol babatda jenaýat işiniň gozgalmagyny, soňra güman edilýän hökmünde hukuklaryny düşündirmegi, ony adwokat bilen üpjün etmegi, soňra bolsa häzirki hereket edýän Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 140-njy maddasynda anyk görkezilen ýagdaýlar ýüze çykarylan halatynda ony teswirnama doldurmak arkaly resmileşdirilen tertipde tutup saklamagy talap edýär. Şu hereketleriň birini amala aşyrmazdan raýat iň bolmanda gysga wagtlyk hem bolsa azatlyga bolan hukugyndan mahrum edilip bilinmeýär.

Esasy Kanunymyzyň 18-nji maddasynyň 3-nji bendindäki hukuk kadasy adamyň we raýatyň belli bir hukuklarynyň hem azatlyklarynyň Türkmenistanyň Esasy Kanunynda we kanunlarynda sanalyp geçilýän hukuklaryň hem azatlyklaryň sanawynda ýokdugy sebäpli, olary inkär etmegiň ýa-da olaryň amala aşyrylmagyny çäklendirmegiň gadagandygyny aňladýar. Adamyň we raýatyň haýsydyr bir hukugynyň ýa-da azatlygynyň kanunçylykda berkidilmezligi, şol hukugyň ýa-da azatlygyň bikanundygyny ýa-da tebigatda ýokdugyny aňlatmaýar.

Ynsanperwerlik ýörelgesine laýyklykda, adamyň we raýatyň özgeleriň kanuny bähbitlerine, daşky gurşawa, milli howpsuzlyga, jemgyýetçilik tertibine, ahlak kadalaryna zelel ýetirmeýän islendik hukugy we azatlygy kanunydyr. Mysal üçin, köp çagalylyk türkmen halkyna mahsus häsiýetleriň biri bolup durýar. Emma adamyň

we raýatyň köp çagalylyga bolan hukugy konstitusiýada-da, hiç kanunda ýa-da kadalaşdyryjy hukuk namada-da berkidilmeýär. Ýöne bu ýagdaý, Türkmenistanda adamyň we raýatyň şeýle hukugynyň ýoklugyny aňlatmaýar we ony inkär etmek ýa-da çäklendirmek üçin esas däldir. Onsoňam jemgyýet kämilleşdigiçe adamyň we raýatyň hukuklary-azatlyklary hem köpelýär, şonuň üçinem belli wagt möhletlerine niýetlenip kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynda ynsan hukuklarynyň gutarnykly sanawyny bermek mümkin däl.

Esasy Kanunymyzyň 18-nji maddasynyň 3-nji bendinde berkidilen hukuk kadasy «Ählumumy adam hukuklary hakynda Jarnamanyň»[1] 30-njy, «Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky halkara Paktynyň»[2] 5-nji, şeýle hem «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda halkara Paktynyň»[3] 5-nji maddalaryndan gelip çykýar. «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda halkara Paktynyň» 5-nji maddasynda, Paktda şonuň ýaly hukuklaryň ykrar edilmeýändigi ýa-da ýüzleý ykrar edilýändigi sebäpli, Pakta gatnaşýan haýsydyr bir döwlet tarapyndan kanun, konwensiýa, kadalar ýa-da däpler bilen adamyň hakyky durmuşda bar bolan haýsydyr bir esasy hukuklarynyň islendik görnüşde çäklendirilmegine ýa-da kemsidilmegine ýol berilmeýändigi kesgitlenýär. Türkmenistanda hem bu halkara Ylalaşyklarynyň doly hukukly we borçly gatnaşyjysy hökmünde[4] olaryň kadalaryny milli hukuk ulgamyna ornaşdyrmak işlerini amala aşyrýar.

Döwlet raýaty hemmetaraplaýyn goraýar, onuň erkin, agaýana hem eşretli durmuşda ýaşamagyny üpjün edýär. Raýat bolsa döwletiň öz wezipelerini degişli derejede ýerine ýetirmegi üçin onuň ähli hukuga laýyk talaplaryny berjaý etmäge borçly bolup durýar. Raýatyň konstitusion borçlarynyň iň esasylary bolsa konstitusiýanyň we kanunlaryň talaplaryny berjaý etmekden, döwleti goramak borjuny ýerine ýetirmekden, kanunlarda bellenilen tertiplerde salgytlary hem-de beýleki ýygymlary tölemekden, daşky gurşawy hem tebigaty goramakdan we ş.m. ybaratdyr.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 40-njy maddasynda Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklarynyň we borçlarynyň arabaglanyşygynyň hukuk esasy

[1] Ählumumy adam hukuklary hakyndaky Jarnama 10.12.1948-jni ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 217 A (III) sanly Rezolýusiýasy bilen kabul edildi. 30 maddadan ybarat.

[2] Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky halkara Pakt 16.12.1966-njy ýylda, BMG--niň Baş Assambleýasynyň 2200 A (XXI) sanly Rezolýusiýasy bilen kabul edildi we 23.03.1976-njy ýylda güýje girdi. 31 maddadan ybarat.

[3] Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda halkara Pakt, 16.12.1966 ýylda, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2200 A (XXI) sanly Rezolýusiýasy bilen kabul edildi we 23.03.1976-njy ýylda güýje girdi. 53 maddadan ybarat.

[4] Türkmenistan 02.03.1992-nji ýylda BMG-niň agzalygyna kabul edilende «Ählumumy adam hukuklary hakyndaky Jarnama» goşuldy we ony tassyklady, Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda halkara Pakty hem-de Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky halkara Pakty bolsa 20.12.1996-njy ýylda tassyklady.

berkidilýär. Bu maddada: «Adamyň we raýatyň öz hukuklaryny hem azatlyklaryny amala aşyrmagy, onuň jemgyýetiň we döwletiň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan ýa-da wagtlaýyn bolýan her bir adam Türkmenistanyň konstitusiýasyny, kanunlaryny berjaý etmäge we milli däp--dessurlaryny hormatlamaga borçludyr» diýlip bellenilýär.

Hukuk taglymatynda, adamyň we raýatyň hukuklarynyň bolmagy olaryň borçlarynyň bolmagy bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Sebäbi döwlet adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny kepillendirmek üçin olary belli bir hereketleri etmäge ýa-da belli bir hereketleri etmekden saklanmaga borçly etmeli bolýar. Eger-de adam hiç-hili borçlary berjaý etmezden diňe hukuklardan peýdalansa, onda jemgyýetde düzgün-tertibi üpjün edip bolmaýar. Şonuň üçinem kanun adamyň we raýatyň öňünde kanunlary berjaý etmek, salgytlary we gaýry tölegleri tölemek, döwletiň goranmak ulgamynyň kadaly hereket etmegini üpjün etmek üçin harby gullugy geçmek, daşky gurşawy goramak, milli däp-dessurlary hormatlamak ýaly borçlary goýýar. Çünki döwlet özüniň kadaly hereket etmegini we jemgyýeti dolandyrmak babatda öz wezipelerini talabalaýyk berjaý etmek işini diňe adamlaryň üsti bilen amala aşyryp bilýär. Sebäbi döwleti hem, jemgyýeti hem adamlar emele getirýärler.

Döwletiň ähli mehanizmleri, edaralary hem adamlardan ybaratdyr. Eger adamlar bolmasa, döwletiň hukuk goraýyş ulgamy hem ýok, kanunçykaryş ulgamy hem ýok. Bu ulgamlaryň emele gelmegini we kadaly işlemegini üpjün etmek üçin bolsa döwlet görkezilen borçlary döredýär hem-de olaryň hemmeler tarapyndan doly we gyşarnyksyz berjaý edilmegini ýola goýýar.

Mälim bolşy ýaly, borç – bu adamyň belli bir hereketleri etmäge ýa-da şol hereketleri etmekden saklanmaga bolan onuň hukuk – aň düşünjesi we kesgitlenen kadadyr. Mysal üçin, ahlak borçlary – jemgyýetçilik ulagynda ululara ýaşkiçileriň hormat bilen öz ornuny bermegi, hukuk borçlary – ýol hereketiniň düzgünlerini bozmazlyk we ş.m.

Konstitusion borç – bu, anyk döwletiň öz çäginde bolýan ähli adamlardan takyk hereketleri etmek ýa-da şeýle hereketleri etmekden saklanmak babatda konstitusion-hukuk kadalarynda berkidilen talaplarydyr. Ýokarda görkezilen, kanunlary berjaý etmek, salgytlary we gaýry tölegleri tölemek, döwletiň öz raýatlarynyň Ýaragly Güýçleriň hatarynda harby gullugy geçmekleri, daşky gurşawy goramak, milli-däp-dessurlary hormatlamak ýaly borçlar konstitusion borçlardyr.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 40-njy maddasynyň 2-nji bendinde berkidilýän hukuk kadasy bolsa, Türkmenistanyň raýatlaryndan daşgary daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara degişlidir. Şol kada laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan ýa-da wagtlaýyn bolýan her bir adam Türkmenistanyň konstitusiýasyny, kanunlaryny berjaý etmäge we milli däp-

-dessurlaryny hormatlamaga borçludyr. Bu borçlaryň ýerine ýetirilmezligi Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň ýüze çykmagyna getirýär. Esasy Kanunymyzyň bu maddasynda berkidilen hukuk kadasy Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 21-nji maddasynda beýan edilen hukuk kadasynyň üstüni doldurýar.

Ol maddada bolsa şeýle bellenýär: «Hukuklaryň we azatlyklaryň amala aşyrylmagy beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, şonuň ýaly-da ahlak kadalaryny, kanunyň talaplaryny, jemgyýetçilik tertibini bozmaly däldir, milli howpsuzlyga zyýan ýetirmeli däldir».

Bu konstitusion-hukuk kadasynda berkidilen ahlak kadalary, jemgyýetçilik tertibi diýen adalgalar barada şu aşakdakylary görkezmek bolar. Ahlak kadalary – bu adamlaryň ýagşylyk hem ýamanlyk, mertebe, at-abraý, adalat barada garaýyşlaryna esaslanýan hem-de dürli şahsyýetleriň we şahslaryň hereketleriniň sazlaşdyryjysy hem-de şol hereketleriň ölçegi bolup hyzmat edýän, umumy häsiýetli ýazylmadyk düzgünlerdir.

Ahlak kadalary jemgyýetçilik ýaşaýşynyň ykdysady we gaýry şertleriniň täsiriniň astynda emele gelýärler. Bu maddada görkezilýän jemgyýetçilik tertibi barada aýdylanda, jemgyýet – bu dürli gatnaşyklaryň çylşyrymly ulgamydyr. Jemgyýetiň kadaly hereket etmegi üçinem şol gatnaşyklaryň tertibe salynmagy zerur bolup durýar. Bu jogapkärli hem möhüm wezipäni amala aşyrmak üçin bolsa kadalaşdyryş ulgamy, ýagny däp-dessurlar, adatlar, ahlak, dini, hukuk kadalary ýaly adamlaryň jemgyýetde özüni alyp barmaklarynyň düzgünleri döredilýär. Şol düzgünleriň ählisiniň bilelikde sazlaşykly hereket etmekleriniň netijesinde-de jemgyýetçilik tertibi emele gelýär.

Jemgyýetçilik tertibi diýen düşünje hukuk tertibi diýen düşünjeden has giň bolup, hukuk tertibi jemgyýetçilik tertibiniň bir düzüm bölegidir. Sebäbi hukuk kadalary jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň diňe iň esasylaryny we iň wajyplaryny kadalaşdyrýar. Mysal üçin, maşgala hukugynyň kadalary maşgala gatnaşyklarynda aýalyň we erkegiň haýsy halatlarda, nähili tertipde resmi nikadan geçip bilýändiklerini, olaryň emläkleriniň umumylygyny we zerurlyk ýüze çykan halatynda şol emläklerden her haýsyna düşýän paýyň möçberini kesgitleýär. Emma hukuk kadalary är-aýalyň birek-birege nähili ýüzlenmelidiklerini, kimiň hojalyk işleriniň haýsysyny ýerine ýetirmelidigini düzgünleşdirmeýär.

Bu gatnaşyklar adat, ahlak we dini kadalar ýaly sosial kadalar tarapyndan düzgünleşdirilýär. Hut şonuň üçinem, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, jemgyýetçilik tertibi diňe bir hukuk tertibiniň üpjün edilmeginiň netijesinde döremeýär-de, eýsem ähli sosial kadalaryň bilelikde hereket etmekleriniň we ýerine ýetirilmekleriniň netijesinde emele gelýär. Milli howpsuzlyk düşünjesi bolsa, Esasy Kanunyň 13-nji maddasynyň düşündirişinde görkezilýän «döwlet howpsuzlygy» diýen düşünje bilen manydaşdyr.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 21-nji maddasynda kesgitlenilişi ýaly, adamyň öz hukuklaryna we azatlyklaryna erkin eýelik etmegi we olary erkin durmuşa geçirmäge mümkinçiliginiň bolmagy, oňa hiç bir çäklendirmesiz eden-etdilik etmäge ýa-da öz hukuklaryny hem azatlyklaryny tutuş jemgyýetiň we döwletiň bähbitleri bilen utgaşdyrmazdan durmuşa geçirmäge bolan çäksiz ygtyýarlyklaryň berilýändigini aňlatmaýar.

Adamyň we raýatyň esasy hukuklaryny hem azatlyklaryny durmuşa geçirmäge bolan tebigy hem mizemez hukugy, onuň özgeleriň hukuklaryny hem azatlyklaryny hormatlamaga we olara ikuçsyz sarpa goýmaga bolan borjy bilen berk baglanyşyklydyr. Bu borç gadym zamanlardan bäri bardyr. Mysal üçin, her bir adam dünýä inende şahsy mertebesi, erkinligi bilen dogulýar. Belli bir jemgyýetiň içinde ýaşamak üçin bolsa adam özüniň aglaba köp duýgularyny jylawlap, erkinlikleriniň belli bir möçberini meýletin çäklendirip, öz şahsy bähbitleriniň belli bir mukdaryny jemgyýetiň umumy bähbidiniň hatyrasyna pida etmeli bolýar.

Türkmenistanyň raýatlarynyň konstitusiýada berkidilýän möhüm borçlarynyň biri-de, onuň ata Watanymyzy goramaga bolan borjudyr. Bu barada Esasy Kanunymyzda şeýle bellenýär: «Türkmenistany goramak her bir raýatyň mukaddes borjudyr. Türkmenistanyň raýaty bolan her bir erkek adam üçin ählumumy harby borçlulyk bellenendir[1]».

Türkmenistanyň raýaty öz ata Watany Türkmenistany, onuň özygtyýarlylygyny, garaşsyzlygyny, çäk bütewiligini, konstitusion gurluşyny goramaga, Türkmenistanyň konstitusiýasyny we Türkmenistanyň kanunlaryny berjaý etmäge, kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge borçludyr. Türkmenistanyň raýatynyň harby borjuny ýerine ýetirmegi onuň halkyň hem-de Watanyň – Türkmenistanyň öňündäki mukaddes watançylyk borjudyr.

Ählumumy harby borçlulyk diýlende, döwletiň raýatlarynyň kanunda bellenilen ýaşa ýetenlerinden soňra, şol döwletiň Ýaragly Güýçleriniň hatarynda möhletli harby gullugy geçmäge bolan borçlaryna düşünilýär. 2010-njy ýylyň 6-njy oktýabrynda güýje giren, «Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlarynyň harby borçlulygy harby hasap, harby gulluga taýýarlamak, harby gulluga girmek, harby gullugy geçmek, ätiýaçlykda bolmak, ätiýaçlykda bolan döwri harby ýygnanyşyklara çagyrmak we harby ýygnanyşyklary geçmek, şeýle hem mobilizasiýa döwründe harby tälimi geçmek ýaly düzüm böleklerinden ybaratdyr.

Mobilizasiýa, döwründe, harby ýagdaý we harby döwürde raýatlaryň harby borçlulygy Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenýär hem-de mobilizasiýa boýunça, harby ýagdaý we harby döwürde harby gulluga çagyrmak, mobilizasiýa döwründe, harby ýagdaý we harby döwründe

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 41-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

harby gullugy geçmek, harby ýagdaý we harby döwründe harby tälim öwretmek ýaly hereketleriň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar.

*Harby gulluk* – bu Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda we harby edaralarynda harby gullukçylaryň döwlet gullugynyň aýratyn görnüşi. Raýatlar tarapyndan harby borçlarynyň ýerine ýetirilmegini döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan wezipeli adamlary Türkmenistanyň kanunlary arkaly özlerine berlen ygtyýarlarynyň çäklerinde üpjün edýärler.

*Harby hasap* – bu harby gullukçylaryň çagyryş we mobilizasiýa gorlarynyň hasap we seljeriş ulgamydyr. Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň erkek jynsly ähli raýatlary, şol sanda harby hünäri we derejesi bolan aýal jynsly raýatlary kanunda bellenen tertipde harby hasapda durmaga borçludyrlar. Diňe, kanunda bellenen tertipde harby borçlardan boşadylanlar, ýagny harby gullugy geçýänler, içeri işler edaralarynda gulluk geçýänler, azatlykdan mahrum edilmek görnüşinde jeza çäresini çekýänler, ätiýaçlykda bolmagyň aňryçäk ýaşyna ýetenler harby hasaba durmakdan boşadylýarlar[1].

Raýatlaryň harby hasabyny olaryň ýaşaýan ýerindäki harby wekillikler alyp barýarlar. Geňeşler hem öz çäklerinde ilkinji harby hasap işlerini alyp barýarlar. Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralarynda ätiýaçlykda durýan raýatlaryň harby hasabyny Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralary we degişli harby wekillikler alyp barýarlar.

Kanuna laýyklykda harby hasap resminamalarynda raýatyň familiýasy, ady we atasynyň ady, doglan senesi, doglan ýeri, milleti, hemişelik (wagtlaýyn) ýaşaýan ýeriniň salgysy, işleýän ýeri we wezipesi, maşgala ýagdaýy, saglyk ýagdaýy boýunça harby gulluga ýaramlylygy, harby hünäri boýunça harby wezipelere hünär taýdan ýaramlylygy, esasy antrpometrik maglumatlary, harby gullugy we harby ýygnanyşyklary geçişi, bilimi we bilim boýunça hünäri, daşary ýurt dillerini bilýändigi, jenaýat jogapkärçiligine çekilenligi (çekilmänligi), raýat we harby-hasap hünärleriniň bardygy, ýörite sport adynyň bardygy, mobilizasiýa we harby döwründe onuň kärhana, edara, gurama berkidilendigi (bronlanandygy) hakynda maglumatlar görkezilmelidir.

Raýatlary harby gulluga taýýarlamak olary hökmany taýýarlamaga we meýletin taýýarlamaga bölünýär. Raýaty harby gulluga hökmany taýýarlamak işi, goranmak hakynda zerur bilim bermegi hem-de lukmançylyk güwä geçmegi we barlagyny zerur bolan wagtynda bolsa, bejeriş-sagaldyş çärelerini geçirmegi öz içine alýar. Raýaty harby gulluga meýletin taýýarlamak işi, sportuň harby-amaly görnüşleri bilen meşgullanmakdan, kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlara harby taýýarlygy öwretmek barada goşmaça bilim beriş maksatnamaly orta okuw mekdeplerinde

---

[1] Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasy.

okatmakdan, şonuň ýaly-da, ýokary okuw mekdeplerinde ätiýaçlykdaky ofiserleri taýýarlamak maksatnamasy boýunça okatmakdan ybaratdyr[1].

Türkmenistanyň raýatlarynyň harby gulluga çagyrylmagynyň mazmuny Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda, 18 ýaşdan 27 ýaşa çenli aralygynda bolan, harby gulluga çagyrylyşdan boşamaga ýa-da harby gulluga çagyryş möhletini yza süýşürmeklige hukugy bolmadyk erkek raýatlaryň ählisiniň harby gulluga çagyrylmaga degişlidiginden ybarat bolup durýar.

Kanuna laýyklykda saglyk ýagdaýy boýunça bellenen tertipde harby gulluga ýaramly däl diýlip ykrar edilen, harby gullugy geçen, başga döwletiň ýaragly güýçlerinde harby gullugy ýa-da onuň başga görnüşini geçen, uly bolmadyk agyr jenaýaty edenligi üçin iki gezek iş kesilen ýa-da ortaça agyr jenaýaty, agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýaty edenligi üçin iş kesilen, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde tassyklanan alymlyk derejesi bolan raýatlar, şeýle hem harby gulluk ýa-da harby ýygnanyşyklar döwründe harby gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly aradan çykanyň ogullary (süýtdeş doganlary), şonuň ýaly-da harby gullugy ýa-da harby ýygnanşyklary geçen döwründe özleriniň harby gulluk geçmegi bilen bilen baglanyşykly maýyp bolanyň ýa-da ýaralanyp, synasyna şikes ýetip, sähne bolup, kesele ýolukmagy netijesinde harby gullukdan boşan (harby ýygnanşyklar tamamlanan) gününden soň bir ýylyň dowamynda aradan çykanyň ogullary (süýtdeş doganlary) harby gulluga çagyrylmakdan boşadylmaga degişlidirler.

Harby borçlulyk we harby gulluk hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda, şu aşakda görkezilen raýatlaryň harby gulluga çagyryş möhleti yza süýşürilýär:

● saglyk ýagdaýyna görä harby gulluga wagtlaýyn ýaramly däl diýlip ykrar edilenlere – bir ýyla çenli möhlet berilýär. Şeýle esas bilen üç ýylyň dowamynda harby gulluga çagyryş möhleti yza süýşürilen raýat Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň ätiýaçlygyna geçirilýär.

● kakasyna, ejesine, aýalyna, süýtdeş doganyna, süýtdeş uýasyna, atasyna, enesine, mamasyna, babasyna, perzentlige ýa-da hossarlyga alanlar hemişelik ideg etmek bilen meşgullanýan adamlar, eger görkezilen raýatlara kanun boýunça ekläp-saklamaga we olar hakda alada etmäge borçly bolan başga adamlar bolmasa (durmuşa çykyp, aýratyn ýaşaýan süýtdeş uýalary muňa degişli däl), şeýle hem olar doly döwlet üpjünçiliginde bolmasalar we hemaýaty mätäçligi anyklaýyş toparynyň netijenamasyna laýyklykda kesekiniň hemişelik seretmegine (kömegine, gözegçiligine) mätäçlik çekseler ýa-da I we II topardaky maýyplar bolsa, ýa-da umumy esaslarda pensiýa bellemek üçin ýaşyna (erkekler – 62 ýaş, aýallar – 57 ýaş) ýetse ýa-da 18 ýaşa ýetmedik bolsa;

[1] Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasy.

● Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň (intenaturalar, aspiranturalar, doktoranturalar muňa girmeýär), orta hünär okuw mekdepleriniň gündüzki bölüminde okaýan raýatlara, eger olar öň şeýle okuw mekdeplerinde okamadyk bolsalar – okuwyň möhletine barabar, ýöne olar 26 ýaşdan geçmeli däl;

● iki we şondan köp çagasy ýa-da maýyp çagasy bolanlara;

● ejesiz terbiýelenýän çagasy bolanlara; Özi barada jenaýat işi gozgalan raýatlara – şol iş boýunça gutarnykly çözgüt çykarylýança;

● Beýleki aýratyn ýagdaýlarda – Türkmenistanyň Goranmak ministriniň çagyryş toparynyň teklibi boýunça kabul eden çözgüdi esasynda.

Bu görkezilen raýatlardan başga-da, şu aşakdaky raýatlaryň harby gulluga çagyryş möhletiniň yza süýşirilmegine hukuklary bardyr:

● Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna saýlananlar – ygtyýarlarynyň möhletine barabar;

● ýokary pedagogik bilimi bolup, döwlet edarasynyň ýollama haty bilen obadaky orta okuw mekdeplerinde pedagogik wezipede işleýänler – işlän döwrüne barabar;

● 16 ýaşa ýetmedik iki we şondan-da köp çagasy bar bolan ýa-da çagalygyndan maýyp, I ýa-da II topar maýyp çagasy bolan ýalňyz zähmet çekmäge ukyply ene--ata (çaganyň kakasy ýa-da ejesi) bolan – eger kanun boýunça ekläp-saklamaga we olar barada alada etmäge borçly bolan başga zähmete ukyply adam bolmasa.

Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, «Her bir adam kanunda bellenen tertipde hem möçberlerde döwlet salgytlaryny we gaýry tölegleri tölemäge borçludyr»[1]. Mälim bolşy ýaly, salgyt tölemek raýatyň esasy borçlarynyň biri bolup durýar. Sebäbi ýokarda bellenip geçilişi ýaly, döwlet belli bir derejede salgytlaryň tölenmeginiň netijesinde jemlenen serişdeleriň hasabyna özüniň jemgyýetde düzgün-tertibi üpjün etmek babatdaky wezipelerini amala aşyryp bilýär.

2005-nji ýylyň 1-nji noýabrynda güýje giren Türkmenistanyň Salgyt kodeksiniň 7-nji maddasyna laýyklykda, salgyt – döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen, döwlet tarapyndan bellenýän hem-de fiziki we ýuridik şahslardan alynýan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsyz tölegdir.

*Ýygym* – bu, fiziki hem ýuridik şahslar döwletiň ygtyýarly edaralaryndan ýa-da wezipeli adamlaryndan belli bir hukuklary berýän ýa-da belli bir hereketleri amala aşyrmaga rugsat berýän ygtyýarnamalary we gaýry rugsatnamalary alanlarynda tölemäge borçly bolan hökmäny tölegleridir. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, salgytlaryň we ýygymlaryň birnäçe görnüşleri bardyr.

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 42-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

## §2. Şahsy hukuklar we azatlyklar

### 2.1. Ýaşaýşa bolan hukuk

Bellenip geçilişi ýaly, şahsy hukuklara ilkinji nobatda adamyň ýaşaýşa bolan hukugy degişlidir. Türkmenistanyň raýatlarynyň bu hukugy Esasy Kanunymyzyň 22-nji maddasynda: «Her bir adam ýaşamaga we azat ömür sürmäge haklydyr. Hiç bir adam ýaşamaga bolan hukugyndan mahrum edilip bilinmez. Her bir adamyň erkin ýaşamaga bolan hukugy döwlet tarapyndan kanun esasynda goralýar» diýen görnüşde berkidilýär.

Adamyň ýaşaýşa bolan hukugy, onuň iň wajyp we iň esasy hukugydyr. Bu barada umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalarydyr-ýörelgeleri Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnamada, Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda Halkara Paktda, Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda Halkara Paktda, Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktynyň ölüm jezasyny ýatyrmaga gönükdirilen ikinji goşmaça (fakultatiw) Teswirnamasynda, şeýle hem Gynamalara we jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy Konwensiýada we beýleki halkara hukuk namalarynda berkidilýär.

Adamyň ýaşaýşa bolan hukugy, onuň beýleki hukuklary we azatlyklary bilen bir hatarda döwlet tarapyndan kepillendirilýär we goralýar. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň jana we saglyga garşy jenaýatlar üçin jeza çärelerini kesgitleýän maddalar bilen başlanmagynyň özi, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy hökmünde adamyň sapalanmagyndan gelip çykýar.

Türkmenistanyň JK-nyň 101–106-njy maddalary gönüden-göni adamyň janyny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramaklyga gönükdirilýär. Mundan başga-da adamyň janynyň goraglylygyny üpjün etmegiň iň möhüm döwlet kepillendirmeleri hökmünde, döwlet tarapyndan önümçilikdäki betbagtçylyk hadysalarynyň öňüni almaklyga, howpsuzlyk tehnikasyny üpjün etmeklige, saglygy goraýşy kämilleşdirmeklige, daşky gurşawy abadanlaşdyrmaklyga şeýle hem ýol-ulag hadysalarynyň profilaktikasyna we ş.m. gönükdirilen ençeme çäreleriň amala aşyrylmagy çykyş edýär.

Türkmenistanda önümçilikdäki betbagtçylyk hadysalarynyň öňüni almak, tehniki howpsuzlygy üpjün etmek işleri döwlet tarapyndan, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelinde kabul edilen we 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyndan güýje giren, Türkmenistanyň Zähmet kodeksi, şeýle hem Türkmenistanyň Arassaçylyk hakynda kodeksi we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kadalaşdyrylýar. Howpsuzlyk tehnikasynyň kadalarynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik çäreleri bolsa Türkmenistanyň Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky

kodeksiniň we Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişli maddalary boýunça kesgitlenýär.

Türkmenistanda edilen jenaýat üçin jeza çäresi hökmünde ölüm jezasyny ulanmaklyga, 1999-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda kabul edilen «Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran Permany bilen ölüm jezasyny jenaýat jeza çäresi hökmünde ulanmaga girizilen moratorini ulanmagyň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny esasynda wagtlaýyn gadaganlyk (moratoriý) girizildi. 1999-njy ýylyň 28-nji dekabrynda bolsa, Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany esasynda Türkmenistanda ölüm jezasy ýatyryldy.

## 2.2. Şahsyýetiň mertebesine, erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige bolan hukuk

Adamyň şahsy hukuklarynyň ýene-de biri hem, onuň şahsyýetiň mertebesine, erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige bolan hukugydyr. Bu hukuk Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 23-nji maddasynda: «Kanunda takyk göz öňünde tutulandan başga halatlarda adam hukuklary çäklendirilip ýa-da özüne degişli hukuklaryndan mahrum edilip, oňa iş kesilip ýa-da jeza berlip bilinmez.

Hiç kimi gynamalara, rehimsizlik, zalymlyk bilen ýa-da adam mertebesini kemsidýän derejede el gatylmagyna ýa-da temmi bermeklige, şeýle hem onuň razylygy bolmasa, lukmançylyk (däri-derman we hekimçilik) synagyna ýa-da başga tejribelere sezewar edilip bilinmez. Raýat diňe kanunda takyk görkezilen esaslar bar bolan mahalynda kazyýetiň karary boýunça ýa-da prokuroryň sanksiýasy bilen tussag edilip bilner. Gaýra goýmak bolmaýan hem-de kanunda takyk görkezilen halatlarda ygtyýarly döwlet edaralary raýatlary wagtlaýyn tutup saklamaga haklydyrlar» diýen görnüşde berkidilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 23-nji maddasynda berkidilýän hukuk kadalary, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 5-nji we 7-nji maddasynda, Syýasy we raýatlyk hukuklary hakyndaky Halkara Paktyň 9.1-nji maddasynda we beýleki halkara hukuk namalarynda berkidilen umumy ykrar edilen ýörelgeleriň Türkmenistanyň Esasy Kanunyndaky beýany bolup durýar. Türkmenistanyň gatnaşýan we tassyklan halkara şertnamalaryna hem-de Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda belli bir hukuklaryny çäklendirmek ýa-da hukuklaryndan mahrum etmek, edilen etmiş üçin temmi çäresi hökmünde daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar babatda hem ulanylyp bilner.

Raýatyň hukugyny çäklendirmegiň mysaly hökmünde Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 98-nji maddasynda berkidilen, ata-enäni ata-enelik hukuklardan mahrum etmän çagany olaryň elinden almaklyk hakynda hukuk kadasyny görkezmek bolar. Görkezilen madda laýyklykda, eger çagany ata-enesi (olaryň biri) bilen goýmak, olaryň özüni alyp barşy sebäpli, çaga üçin howply bolýan bolsa, ýöne ata-enesini (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek üçin

15. Sargyt № 1499.

ýeterlik esas bolmadyk halatynda hem ata-enelik hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilýär. Eger ata-ene (olaryň biri) özüni alyp barşyny üýtgetmese, hossarlyk we howandarlyk edarasy ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek hakynda kazyýet tarapyndan çözgüt çykarylandan alty aý geçenden soň, ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda kazyýete hak islegini bildirmäge borçludyr. Hossarlyk we howandarlyk edarasy çaganyň bähbitlerini nazara almak bilen, bu möhlet geçmezinden öň ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek hakynda hak islegini bildirmäge ygtyýarlydyr.

Ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek hakynda hak islegi çaganyň ýakyn garyndaşlary, Türkmenistanyň kanunçylygy bilen çaganyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak boýunça borç ýüklenen edaralar we guramalar tarapyndan şeýle hem prokuror tarapyndan bildirilip bilner. Ata-enelik hukuklaryny çäklendirmek hakynda işe hossarlyk we howandarlyk edarasynyň we prokuroryň gatnaşmagynda garalýar. Çaganyň ömrüne ýa-da saglygyna howp abanýan aýratyn halatlarda hossarlyk we howandarlyk edarasy ata-eneden (olaryň birinden) ýa-da çagany terbiýeleýän beýleki adamlardan çagany gaýra goýmazdan almak hakynda çözgüt kabul etmäge haklydyr.

*Raýaty hukugyndan mahrum etmegiň mysaly* hökmünde bolsa, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 48-nji maddasynda berkidilen, belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmekligi görkezmek bolar.

Görkezilen madda laýyklykda, belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek, munuň özi döwlet gullugynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, eýeçiligiň islendik görnüşlerindäki kärhanalarda ýa-da jemgyýetçilik birleşiklerinde belli bir wezipede işlemegi ýa-da belli bir hünär ýa-da başga iş bilen meşgullanmagy gadagan etmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Jenaýat kanunynyň 43-nji maddasyna laýyklykda, jeza – edilen jenaýat üçin berilýän jeza temmisidir. Döwletiň mejbury çäresi hökmünde, kazyýetiň hökümi bilen bellenýän jeza, jenaýat etmekde günäkär diýlip ykrar edilen adam babatda ulanylýar we jenaýat kanunynda göz öňünde tutulyşy ýaly, ony hukuklaryndan we azatlyklardan mahrum etmekden ýa-da çäklendirmekden ybarat bolup durýar. Jeza durmuş adalatlylygyny dikeltmek, şeýle hem iş kesilen adamy düzetmek, täze jenaýatlaryň edilmeginiň öňüni almak maksatlary bilen ulanylýar.

*Iş kesmek* diýlende, kazyýet tarapyndan jenaýat iş ýörediş kanunçylygynyň ähli talaplaryny berjaý etmek bilen, jenaýat etmekde günäli diýlip bilnen adam babatda aýyplaw höküminiň[1] çykarylmagyna we şol hökümiň kanuny güýjüne girmegine düşünilýär.

---

[1] Bu kazyýetde işi seredilýän babatda onuň günälidigi ýa-da däldigi hem-de ol babatda jeza çäresini ulanmalydygy ýa-da ulanmaly däldigi hakynda birinji basgançakly kazyýet tarapyndan çykarylýan çözgütdir. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 417-nji maddasyna laýyklykda hökümleriň iki sany görnüşi – **aýyplaw** hökümi we **aklaw** hökümi bardyr. Aýyplaw hökümi kazyýet seljerişiniň dowamynda kazyýetde işine seredilýäniň günäkärligi doly subut bolandan soňra çykarylýar we ol babatda jeza çäresini belleýär; Eger-de etmişde jenaýatyň wakasy ýok bolsa, kazyýetde işi seredilýäniň etmişinde jenaýatyň düzümi ýok bolsa ýa-da kazyýetde işi seredilýän jenaýaty etmäge dahylsyz bolsa, kazyýet tarapyndan aklaw hökümi çykarylýar.

*Jeza bermek* bolsa, kazyýetiň kanuny güýjüne giren höküminiň esasynda iş kesilen adam babatda, hökümde göz öňünde tutulan jeza çäreleriniň, jeza çärelerini ýerine ýetiriş edaralary (penitensiar[1] edaralar) tarapyndan ýerine ýetirilip başlanmagyny göz öňünde tutýar. Esasy kanunyň düşündirilýän maddasynyň 1-nji böleginde berkidilen hukuk kadasy, kanunda göz öňünde tutulan halatlardan başga halatlarda raýatyň hukuklaryny çäklendirmegiň ýa-da hukuklaryndan mahrum etmegiň, oňa iş kesmegiň ýa-da jeza bermegiň bolmaýandygyny göz öňünde tutýar.

Esasy Kanunymyzyň 23-nji maddasynyň 2-nji bendinde görkezilýän, «gynamak» adalgasy, 1984-nji ýylyň 10-njy dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 39/46 belgili Rezolýusiýasy bilen kabul edilen, (Adamlara) çemeleşmegiň hem-de jeza bermegiň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine hem-de gynamalara garşy Konwensiýasynyň[2] 1-nji maddasyna laýyklykda, haýsydyr bir adamdan ýa-da üçünji bir adamdan maglumatlary ýa-da (onuň belli bir hereketleri edendigi barada) tassyklamasyny almak üçin, şonuň ýaly-da ony, onuň özüniň ýa-da üçünji bir adamyň eden hereketi ýa-da edendigi güman edilýän hereketi üçin jezalandyrmak, şeýle hem ony ýa-da üçünji bir adamy gorkuzmak ýa-da (haýsydyr bir hereketi etmäge) mejbur etmek, ýa-da islendik häsiýetli kemsitmä esaslanan islendik sebäp boýunça, şol adamyň bilkastlaýyn güýçli agyra ýa-da ejire sezewar edilmegine eltýän, döwletiň wezipeli adamy ýa-da resmi işgäri hökmünde çykyş edýän başga bir adam tarapyndan ýa-da onuň öjükdirmegi, onuň habarly bolmagy, ýa-da sessiz ylalaşmagy bilen edilýän islendik hereketi aňladýar.

Şu aňlatma diňe kanuny çäreleriň netijesinde döreýän we şol çäreler bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan ýa-da olar sebäpli tötänden ýüze çykýan agyryny ýa-da ejiri öz içine almaýar. Rehimsizlik, zalymlyk diýlende, adama ejir bermek, onuň janyny, saglygyny, at-abraýyny, mertebesini, umuman ähli esasy hukuklaryny we azatlyklaryny äsgermezlik bilen, ony kemsitmeklige, oňa ejir bermeklige düşünilýär.

*Adam mertebesini kemsidýän derejede el gatmak ýa-da temmi bermek* diýlende, anyk jenaýat iş ýörediş kanunynda ýa-da beýleki kanunlarda kesgitlenen başga hereketler (gümrük barlagy, dolandyryş tertibinde tutup saklananyň ýanyny barlamak we ş.m.) amala aşyrylanda, ýagny adam sorag edilende, ýany barlananda, öýi barlananda, onuň bedeninden biologiki nusgalar[3] alnanda, şonuň

---

[1] Lat. poenitentia – ökünmek, jeza çärelerini ýerine ýetirmek bilen meşgullanýan edaralary aňladýar. Türkmenistanda kazyýetiň hökümi bilen kesgitlenen jeza çärelerini ýerine ýetirmek Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Jeza çärelerini ýerine ýetiriş müdirliginiň edaralary tarapyndan amala aşyrylýar we ol ulgam Wagtlaýyn saklanyş gabawhanalaryndan, Derňew tussaghanalaryndan, Türmelerden, Umumy düzgünli, Berk düzgünli, we Aýratyn düzgünli düzediş koloniýalaryndan, şonuň ýaly-da terbiýeçilik koloniýalaryndan we koloniýalardan mejbury göçürilip eltilen ýerlerden ybarat düzümde hereket edýär;

[2] Bu Konwensiýa 30.04.1999-njy ýylda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan ratifisirlendi;

[3] Biologiki nusgalar – deslapky derňewiň ýa-da kazyýet seljerişiniň dowamynda jenaýatyň üstüni

ýaly-da kanunda kesgitlenen başga hereketler geçirilende şahsyýetiň mertebesine kemsitmeklige, oňa garşy fiziki güýç ulanyp, onuň mertebesini kemsidýän derejede oňa el gatmaklyga ýol berilmeýändigine düşünilýär.

Esasy Kanunymyzyň 23-nji maddasynda berkidilen hukuk kadasy, adamyň öz razylygy bolmasa ony lukmançylyk (däri-derman we hekimçilik) synagyna ýa-da başga tejribelere sezewar etmegiň gadagandygyny kesgitleýär. Sebäbi lukmançylyk synaglary ýa-da başga tejribeler köplenç halatda ilkinji gezek amala aşyrylýandygy üçin howpludyr we olary adamlar babatda mejbury ýagdaýda geçirmek, şol howpy hasaba almazdan adamyň janyna, saglygyna we mertebesine kast etmekligi aňladýar. Bu hukuk kadasynyň esasy kanunda berkidilmegi adamyň şahsy eldegrilmesizlik hukugynyň hem-de mertbesiniň döwlet tarapyndan kepillendirilmegini we goralmagyny aňladýar.

Şahsyýetiň mertebesiniň döwlet tarapyndan goralmagynyň mazmuny, döwletiň raýatlaryň şahsy durmuşyna gatyşmagyň esaslaryny we görnüşlerini anyk kesgitlenýänliginde ýüze çykýar. Mysal üçin, sülçiniň jenaýat iş ýörediş kanunçylygynda kesgitlenýän ýagdaýlarda we tertipde subutnamalary bermek hakynda adalatly we kanuny talaby şahsyýetiň mertbesini kemsitmek ýa-da ony masgaralamak hökmünde kesgitlenip bilinmez.

Döwlet adamyň mertebesini goramak maksady bilen, kanunyň çäklerinden çykyp, raýaty gynamagyň, oňa rehimsizlik, zalymlyk bilen ýa-da adam mertebesini kemsidýän derejede el gatmagyň ýa-da temmi bermegiň, şeýle hem onuň öz razylygy bolmasa, ony lukmançylyk (däri-derman we hekimçilik) synagyna ýa-da başga tejribelere sezewar etmegiň gadagandygyny kesgitleýär. Şeýle hereketleriň edilmegi kanunda bellenen jogapkärçilige getirýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň JK-nyň 197-nji maddasy prokuror[1], sülçi[2] ýa-da anyklaýjy[3] tarapyndan gorkuzmak,

açmaklyk we subutnamalary tapmaklyk hem berkitmeklik maksady bilen, jenaýat iş ýöredişiniň dürli subýektlerinden (jebir çeken, güman edilýän, aýyplanýan we ş.m.) gan, sülekeý, jyns agzalaryndan süpürintgi we ş.m. biologiki subutnamalaryň alynmagyny aňladýar.

[1] Lat. procuro – alada edýärin, prokuratura edaralarynyň wezipeli adamyny aňladýar. Türkmenistanyň JIÝK-nyň 6-njy maddasynyň 50-nji bendine laýyklykda Türkmenistanyň Baş prokurory we oňa tabyn prokurorlar, olaryň orunbasarlary, degişli ygtyýarlyklary bolan uly kömekçileri we kömekçileri, baş müdirlikleriň we müdirlikleriň başlyklary hem-de orunbasarlary, baş bölümleriň we bölümleriň başlyklary hem-de orunbasarlary, uly prokurorlar we prokurorlar, prokuror – kriminalistlerdir; jenaýat iş ýöredilişiniň ähli tapgyrlaryna gatnaşýan jenaýat iş ýöredişiniň ýeke-täk subýektidir;

[2] Türkmenistanyň JIÝK-nyň 6-njy maddasynyň 53-nji bendine laýyklykda hakykat ýüzünde bolup geçen wakada jenaýatyň alamatlarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny, şol hereketleri etmekde güman edilýän adamyň günälidigini tassyklaýan ýa-da tassyklamaýan subutnamalary toplamak işini amala aşyrýan prokuratura, içeri işler, milli howpsuzlyk, neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy edaralarynyň wezipeli adamydyr;

[3] Türkmenistanyň JIÝK-nyň 78-nji maddasynda kesgitlenilişine görä, jenaýat işleri boýunça kazyýete çenli önümçiligi öz ygtyýarlylygynyň çäginde amala aşyrmaga ygtyýarlandyrylan wezipeli adamdyr;

şantažy[1] ýa-da gaýry bikanun hereketleri ulanmak arkaly güman edilýäniň[2], aýyplanýanyň[3], jebir çekeniň[4], şaýadyň[5] görkezme bermäge ýa-da ekspertiň[6] netije bermäge mejbur edilendigi üçin jenaýat jogapkärçiligini kesgitleýär.

Esasy Kanunymyzyň 23-nji maddasynyň 2-nji bendinde görkezilýän kazyýetiň çözgüdi diýlende, birinji basgançakly (instansiýaly[7]) kazyýetiň seljerilýän işiň mazmuny boýunça kabul edýän islendik ýazmaça çözgüdine (höküm, kesgitnama[8], karar[9]) düşünilýär. Prokuroryň sanksiýasy[10] – bu deslapky derňewiň dowamynda jenaýat etmekde aýyplanýan babatda anyk ätiýaçsyzlandyryş çäresini[11] seçip almak ýa-da aýyplanýanyň belli bir hukuklaryny çäklendirmek ýa-da belli bir derňew

---

[1] Lat. cantare – yrmak, Fr. chantage – yrmak, bir adamdan belli zatlary (emläkleri, maglumatlary we ş.m.) almak maksady bilen ony gorkuzmagy, masgaralaýan maglumatlary ýaýratmak, ýakynlaryna ýa-da emlägine zelel ýetirmek barada haýbat atmagy aňladýar;

[2] Türkmenistanyň JIÝK-nyň 79-njy maddasyna laýyklykda, kanunda bellenilen esaslarda we tertipde jenaýat etmekde güman edilip, ol barada jenaýat işi gozgalan, ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan ýa-da tutulyp saklanylan adam güman edilýän diýlip bilinýär;

[3] Türkmenistanyň JIÝK-nyň 80-nji maddasyna laýyklykda, aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda kanunda bellenen tertipde özi barada karar çykarylan adam;

[4] Türkmenistanyň JIÝK-nyň 86-njy maddasyna laýyklykda, jenaýat netijesinde at-abraýyna, mertebesine esassyz we bikanun zyýan ýetirilen, şeýle hem beden ýa-da emläk taýdan zyýan ýetirilen adam;

[5] Türkmenistanyň JIÝK-nyň 65-66-njy maddalaryna laýyklykda, jenaýat barada hakykat ýüzünde bar bolan islendik maglumaty habar berip bilýän adam;

[6] Lat. expertus – tejribeli, ylmyň, bilimiň, tehnikanyň we sungatyň belli bir ugurlarynda ýokary hem ýörite bilimleri bolan we onuň ýörite bilimlerini talap edýän soraglary çözmek üçin çagyrylan adam.

[7] Lat. instantia – gönüden-göni ýakynlyk, döwlet (kazyýet) edaralarynyň ýokarda durýan edaralara aşakda durýan edaralaryň tabynlykda hereket edýän basgançaklaýyn gurluşyny aňladýar;

[8] Türkmenistanyň JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 46-njy bendine laýyklykda, jenaýat işi boýunça önümçilik ýöredilen mahalynda birinji basgançakly kazyýetiň hökümden başga çykaran her bir çözgüdidir; ikinji basgançakly kazyýetiň her bir çözgüdidir; kazyýetiň kanuny güýje giren hökümlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna gaýtadan seredilen mahalynda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazylar kollegiýasynyň kabul eden çözgüdidir; kazyýetiň hökümi ýerine ýetiriş tertibinde çykaran her bir çözgüdidir;

[9] Türkmenistanyň JIÝK-niň 6-njy maddasynyň 41-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň, Prezidiumynyň, welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň prezidiumynyň, kazynyň kabul eden çözgüdidir; anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň anyklaýşy we deslapky derňewi geçirýän mahalynda kabul eden çözgüdidir;

[10] Lat. sanctio – berk karar;

[11] Aýyplanýan adam azatlykda gezip ýörse, derňewden we kazyýetden gizlener diýip ýa-da jenaýat işi boýunça hakykatyň takyklanmagyna päsgel berer diýip, ýa-da ýene-de jenaýatçylykly iş bilen meşgullanar diýip çak etmäge ýeterlik esaslar bar mahalynda, şonuň ýaly-da hökümiň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin, anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet tarapyndan aýyplanýanyň belli bir hukuklarynyň we azatlyklarynyň kanunda bellenen tertipde çäklendirilmegidir.

hereketlerini geçirmek üçin prokuroryň kanunda bellenen tertipde rugsat bermegidir.

Diňe kanun tarapyndan bellenilen birnäçe şertler bar bolan mahalynda tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmaga ýol berilýär, ýagny tussag etmek ätiýaçsyzlandyryş çäresi kanun tarapyndan azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresini bermek göz öňünde tutulan jenaýatlar boýunça, haçan-da aýyplanýan azatlykda gezip ýören wagty iş boýunça hakykaty ýüze çykarmaklyga päsgel berer ýa-da derňewden we kazyýetden gizlener diýip ätiýaç etmäge esas bar bolan mahalynda ulanylyp bilinýär. Düşündirilýän maddada berkidilişine görä, gaýra goýmak bolmaýan hem-de kanunda takyk görkezilen halatlarda ygtyýarly döwlet edaralary raýatlary wagtlaýyn tutup saklamaga haklydyrlar. Tutup saklamagyň iki sany görnüşi bardyr:

➢ jenaýat etmekde güman edilýän, jenaýat edendigi üçin aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän adamy tutup saklamak (eger onuň eden jenaýaty üçin azatlykdan mahrum etmek çäresi göz öňünde tutulan bolsa);

➢ ulanylan iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäresiniň şertlerini bozan aýyplanýany tutup saklamak.[1]

*Jenaýat etmekde güman edilýäni, aýplanýany, kazyýetde işi seredilýäni tutup saklamak* – bu deslapky derňew tapgyrynda anyklaýyş edarasy ýa-da sülçi tarapyndan, kazyýet seljerişi döwründe bolsa kazyýet tarapyndan geçirilýän derňew hereketidir. Onuň düýp manysy adamyň jenaýata gatnaşygynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny aýdyňlaşdyrmakdan hem-de tussag astyna almak görnüşinde bolan ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak ýa-da ulanmazlyk hakyndaky meseläni çözmek maksady bilen, jenaýat etmekde güman edilýäni, aýyplanýany, kazyýetde işi seredilýäni gysga möhletiň dowamynda tutup saklamakdan ybarat bolup durýar. Türkmenistanyň JIÝK-niň 140-njy maddasyna laýyklykda jenaýat yzarlaýyş edarasy azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresiniň bellenilmegine sebäp bolup biljek jenaýaty etmekde güman edilýän adamy diňe şu aşakdaky esaslaryň biriniň bar bolan mahalynda tutup saklamaga haklydyr:

➢ şol adamyň jenaýat edip durka ýa-da jenaýat eden dessine üstünden barlan halatynda;

➢ jenaýatyň wakasyny gözi bilen gören adamlar, şol sanda jebir çekenler hem şol adamy jenaýat eden hökmünde gös-göni görkezen halatynda;

➢ güman edilýäniň bedeninde, geýiminde, ulanýan zatlarynda, ýanynda ýa-da ýaşaýan ýerinde, ulag serişdesinde jenaýatyň mese-mälim yzlary tapylan mahalynda;

➢ adamy jenaýat etmekde güman etmäge esas berýän beýleki maglumatlar bar bolsa, güman edilýän diňe gaçmaga synanyşan halatynda ýa-da onuň belli bir ýaşaýan ýeri ýok bolsa ýa-da onuň şahsyýeti anyklanylmadyk halatynda.

---

[1] Türkmenistanyň JIÝK-niň 139-njy maddasynyň 2-nji bendi.

Kämillik ýaşyna ýetmedik adamy tutup saklamak diňe aýratyn halatlarda, ýagny edilen jenaýatyň agyrlygy şony talap edýän bolsa, onda salgylanylýan maddada görkezilen esaslar bar bolan mahalynda ulanylyp bilner.

*Dolandyryş tertibinde tutup saklamak* diýlende, Türkmenistanyň Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 252–254-nji maddalaryna laýyklykda, içeri işler edalarynyň dürli işgärleri, serhet goşunlarynyň we harbylaşdyrylan gorag bölümleriniň wezipeli adamlary tarapyndan dolandyryş hukuk tertibini bozan adamlaryň garşysyna, 3 sagatdan köp bolmadyk möhletiň dowamynda saklamak görnüşinde ulanylýan dolandyryş taýdan öňüni alyş çäreleriniň bir görnüşine düşünilýär.

## 2.3. Şahsy durmuşynyň, şahsy we maşgala syrlarynyň eldegrilmesizligine, mertebesini we at-abraýyny, hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta, telegraf we beýleki habarlary alyşmagyň syryny goramaklyga bolan hukuk

Türkmenistanyň raýatlarynyň Esasy Kanunda berkidilýän şahsy hukuklarynyň ýene-de biri hem, adamyň şahsy durmuşynyň, şahsy we maşgala syrlarynyň eldegrilmesizligine, mertebesini we at-abraýyny, hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta, telegraf we beýleki habarlary alyşmagyň syryny goramaklyga bolan hukugydyr. Bu hukuk Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Her bir adamyň öz şahsy durmuşyna eden-etdilikli gatyşylmagyndan, şonuň ýaly-da hat-habarlarynyň, telefon we beýleki aragatnaşyklarynyň syryny saklamak düzgünleriniň bozulmagyndan, öz namysyna we at-abraýyna hyýanat edilmeginden goranmaga hukugy bardyr[1]» diýen görnüşde berkidilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyn 25-nji maddasyndaky konstitusion-hukuk kadasy Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 12-nji we Syýasy we raýatlyk hukuklary hakyndaky Halkara Paktyň 17-nji maddalarynda berkidilen, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleriniň Türkmenistanyň milli hukuk ulgamyna ornaşdyrylmagyny aňladýar.

Mälim bolşy ýaly, şahsy durmuşyň eldegrilmesizligi – bu adamyň konstitusiýada berkidilýän esasy şahsy hukuklarynyň biri bolup, adamyň şahsy we maşgala syrlarynyň kanun esasynda goralýandygyny aňladýar. Bu ýörelgeleýin hukuk kadasy adamyň özüniň razylygy bolmasa, kanunda görkezilen anyk ýagdaýlardan başga halatlarda onuň şahsy durmuşy baradaky maglumatlary toplamagy, saklamagy, ulanylmagy we ýaýratmagy gadagan edýär. Şahsy durmuşyň eldegrilmesizliginiň kanuny kepillikleriniň möhüm düzüm bölekleri hökmünde döwlet tarapyndan adamyň özgeler bilen alyşýan hat-habarlarynyň, telefon we

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 25-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

beýleki aragatnaşyklarynyň syrlarynyň goralmagy, ýaşaýyş jaýyna eldegrilmesizlik hukugynyň kanuny kepillikleri çykyş edýärler.

Şonuň ýaly-da şahsy durmuşynyň eldegrilmesizligine bolan hukuk döwlet tarapyndan adama özi baradaky maglumatlaryň saklanylyşyna we ulanylyşyna gözegçilik etmäge, çuňňur şahsy (intim) häsiýetli maglumatlaryň özgeleriň bilmeklerine ýol bermezlige mümkinçilik berilmegini aňladýar.

Adamlaryň şahsy durmuş çygryndaky özara gatnaşyklary, esasan, ahlak kadalary we durmuş edim-gylymlary bilen kadalaşdyrylýarlar. Erkin şahsy durmuşa bolan hukuk, adamlaryň arasyndaky maşgala, garyndaşlyk, dostluk we beýleki şahsy gatnaşyklaryň resmi däl ýagdaýda amala aşyrylmagynyň erkinliginde ýüze çykýar.

Adamyň pikirleri, syýasy we sosial dünýägaraýyşlary, höwes bilen meşgullanýan pişesi we döredijiligi hem adamyň şahsy durmuşynyň ýüze çykmalaryna degişlidir. Mundan başga-da adamlaryň biri-biri bilen poçtadan[1], telegrafdan, telefondan, internetden we beýleki aragatnaşyk serişdelerinden peýdalanyp, päsgelçiliksiz özara gatnaşyk saklamaklary, maşgalanyň serişdelerine, şahsy we hususy eýeçiligindäki emläklere, pul goýumlaryna erkin erk etmekleri-de kanun tarapyndan doly kepillendirilýär we görkezilen maglumatlar adamyň şahsy durmuşynyň syrlary hökmünde kanun tarapyndan goralýar.

Emma ýokarda bellenip geçilişi ýaly, adamlar tarapyndan jenaýatçylykly etmiş edilen halatynda, olaryň özüniň ýa-da beýleki adamlaryň, jemgyýetiň we döwletiň kanuny hukuklaryna we bähbitlerine howp abanan halatynda, şeýle hem kanunlarda görkezilen beýleki halatlarda adamyň şahsy durmuşynyň syrlaryny diňe kanunda kesgitlenen anyk maksatlar bilen toplamaga, saklamaga, öwrenmäge we ulanmaga degişli döwlet edaralaryna we wezipeli adamlaryna Kanun ygtyýar berýär.

Gepleşikleriň diňlenilmegi we ses ýazgysyna geçirilmegi diňe prokuroryň sanksiýa bermegi bilen sülçiniň ýa-da anyklaýyş edarasynyň karary, ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça, işiň derňelýän möhletiniň içinde geçirilip bilinýär we alty aýdan köp dowam edip bilmeýär. Gepleşikleriň diňlenilmegi we ses ýazgysyna geçirilmegi diňe çäklendirilen adamlar, ýagny güman edilýän, aýyplanýan we jenaýata degişli bolan beýleki adamlar babatynda amala aşyrylyp bilinýär.

Jenaýat işinde belli bir raýatlar derňelýän jenaýatyň gatnaşyjylary bolup durýandyklary ýa-da jenaýatçyny, jenaýaty etmegiň gurallaryny we serişdelerini, jenaýatçylykly ýol bilen edinilen zatlary ýaşyrmak boýunça iş edýändikleri, ýa-da başga bir kanuna garşy ýol bilen iş boýunça hakykatyň anyklamagyna päsgel berýändikleri hakynda entek barlanylmaly materiallar haýsy raýatlaryň garşysyna bar bolsa, şol raýatlary beýleki diýen adamlaryň hataryna goşup bolar. Jebir çekenleriň we şaýatlaryň telefon gepleşikleriniň diňlenilmegi we ses ýazgysyna geçirilmegi diňe haçan-da olaryň garşysyna zorlugyň, gorkuzyp almagyň ýa-da

[1] Pol. poczta – ugratmak.

beýleki kanuna garşy hereketleriniň edilmeginiň howpy salynýan bolsa, olaryň arzalary ýa-da razyçylyklary boýunça amala aşyrylyp bilinýär.

2010-njy ýylyň 12-nji martynda kabul edilen, «Aragatnaşyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, aragatnaşyk Türkmenistanda önümçilik we sosial infrastrukturasynyň aýrylmaz bölegidir hem-de telekommunikasiýa we poçta aragatnaşygy tarapyndan bitirilen hyzmatlar arkaly peýdalanyjylaryň habarlary dolandyrmak, ýaýratmak, alyşmak wezipelerini amala aşyrmaklary üçin niýetlenendir.

*Telekommunikasiýa aragatnaşygy* olaryň görnuşine ýa-da häsiýetine laýyklykda bölünip aýrylýan (telefon, telegraf, radio, telewizion, elektron, Internet, hemra we aragatnaşygyň başga görnüşleri) geçiriji, radio, optiki we gaýry elektromagnit ulgamlarynyň toplumyny aňladýar hem-de hasaplaýyş tehnikasynyň serişdeleri bilen bilelikde maglumatlaryň ýygnalmagyny, işlenip taýýarlanylmagyny we ýaýradylmagyny üpjün edýär.

*Poçta aragatnaşygy* – poçta ugratmalarynyň, pul serişdeleriniň, şol sanda belli bir maksada niýetlenen beýleki tölegleriň kabul edilmegini, saklanylmagyny, işlenilmegini, daşalmagyny we eltilmegini (gowşurylmagyny) hem-de beýleki goşmaça hyzmatlaryň edilmegidir. Poçta ugratmasy diýlende, hatlara, poçta kartoçkalaryna, banderollara[1], bukjalara, ýollamalara, (posylkalara), poçta konteýnerlerine, degişli ýagdaýda gaplanan metbugat neşirlerine, sekogrammalara, aerogrammalara düşünilýär.

*Poçta ýollamalary* diýlende, hatlara, poçta ýazmaçlaryna, banderollara, bukjalara, posylkalara, poçta konteýnerlerine, degişli ýagdaýda gaplanan metbugat neşirlerine, sekogrammalara, aerogrammalara düşünilýär.

*Telefon gepleşikleri* diýlip şäher, şäherara we halkara telefon aragatnaşygy boýunça, şeýle hem radiotelefon we radioliniýa, ýokary ýygylyk we kosmos aragatnaşygyny ulanmak bilen geçirilýän gepleşikleri göz öňünde tutulýar. Beýleki gepleşikler diýlip gepleşik serişdelerinden (enjamlardan), ýagny selektor[2], simli, radio3 we dil üsti bilen berilýän habarlary geçirmegiň beýleki tehniki serişdelerinden alnyp barylýan gepleşiklerine düşünilýär. Alnan maglumatlar diňe ýokarda görkezilen maksatlara ýetmek üçin ulanylýar, ol aýan edilmeli däl we beýleki döwlet edaralaryna, jemgyýetçilik guramalaryna, kärhanalaryna ýa-da şahsy adamlara geçirilmeli däldir.

---

[1] Fr. banderole – baýdak, tug, poçta ugradylýan bilen mäkäm kagyz düwünçege salyngy zatlary aňladýar;

[2] Lat. selektor – saýlaýjy, gelýän telefon jaňlaryny kabul edip, olary saýlap paýlamak üçin niýetlenen elektromehaniki enjam;

[3] Lat. radio – şöhle goýberýärin, tolkunlaryň kömegi bilen amala aşyrylýan aragatnaşygy aňladýar.

Görkezilen aragatnaşyk serişdelerinden başga-da Türkmenistanyň raýatlaryna adamlaryň biri-biri bilen gatnaşmaga bolan hukuklarynyň çäklerinde radioýygylyk spektrinden peýdalanmaga hem hukuk berilýär. 2000-njy ýylyň 15-nji iýunynda kabul edilen Radioýygylyk spektri[1] hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, radioýygylyk spektri diýlip emeli tolkun geçirijini ulanmazdan, Türkmenistanyň çäginde elektrik aragatnaşygyny guramak üçin peýdalanylýan üç müň gigagersden[2] pes bolan radioýygylyklaryň jemine düşünilýär. Türkmenistanda fiziki we ýuridik şahslara kanunlarda bellenen tertipde radioelektron serişdeleri we (ýa-da) ýokary ýygylykly gurluşlary öz eýeçiliklerinde saklamaga, olardan peýdalanmaga we olara ygtyýar etmäge hukuk berilýär.

Türkmenistanyň Aragatnaşyk hakyndaky kanunynyň 23-nji maddasynda bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň çäginde telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlary boýunça berilýän hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta ugratmalarynyň, telegraf we beýleki habarlaryň syry kepillendirilýär. Aragatnaşyk operatorlary aragatnaşyk syrlarynyň berjaý edilmegini üpjün etmäge borçludyrlar. Hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta ugratmalarynyň, telegraf we telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlary we poçta aragatnaşyk ulgamlary boýunça berilýän beýleki habarlaryň syryna bolan hukugyň çäklendirilmegine diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda ýol berilýär.

Aragatnaşyk operatorynyň ygtyýarly işgärleri bolup durmaýan adamlar tarapyndan poçta ugratmalarynyň gözden geçirilmegi, poçta ugratmalarynyň açylmagy, goýumlaryň gözden geçirilmegi, telekommunikasiýa we poçta aragatnaşyk ulgamlary boýunça berilýän maglumat hem-de resminamaly hatlar bilen tanyşmak operatiw-agtaryş işini amala aşyrýan edaranyň ýolbaşçylarynyň biriniň esaslandyrylan karary boýunça we diňe prokuroryň sanksiýasy ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda amala aşyrylýar.

Telekommunikasiýa we poçta aragatnaşyk ulgamlary boýunça iberilýän habarlar, poçta ugratmalary we pul serişdeleriniň poçta geçirimleri hakynda maglumatlar, şeýle hem bu habarlaryň özi, poçta ugratmalary we geçirilýän pul serişdeleri, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgasy göz öňünde tutulmadyk bolsa, diňe iberijilere we alyjylara ýa-da olaryň ygtyýarly wekillerine berlip bilner.

Kanun adamlaryň şahsy durmuşynyň syrlaryna wesýetnamanyň syry, lukmançylyk barlaglarynyň syry, perzentlige alynmagyň syry ýaly syrlary hem degişli edýär. Bu syrlaryň bikanun toplanmagy, olaryň ulanylmagy ýa-da ýaýradylmagy bolsa kanun esasynda jogapkärçilige getirýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň

---

[1] Lat. spectrum – şekiz, göz öňüne getirme, belli bir prosesi ýa-da ulgamy häsiýetlendirýän haýsydyr bir fiziki ululygyň aňlatmalarynyň jemini aňladýar; Mysal üçin, tolkunlaryň ýygylygy;

[2] Gr. gigas – mähnet, milliard ölçegdäki yzy dokuz sany nolly sany aňladýar, **gers**-elektrodinamika ylmyny esaslandyryjy, 1857-1894-nji ýyllarda ýaşap geçen nemes fiziki Genrih Rudolf Gersiň adyndan gelip çykan ýygylygyň ölçeg birligi.

JK-nyň 146-njy maddasynda, şahsy durmuşyň eldegrilmesizliginiň bozulmagy, 147-nji maddasynda hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta, telegraf ýa-da başga habarlaryň syrynyň bozulmagy, 157-nji maddasynda perzentlige almak syrynyň aýan edilmegi üçin jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulýar.

Adamyň şahsy durmuşynyň syrlary diňe bir jenaýat edilmegi ýa-da adamlaryň, jemgyýetiň we döwletiň kanuny bähbitlerine howp abanmagy ýaly adatdan daşary (ekstraordinar[1]) halatlarda kanuny esaslarda toplanylman, eýsem adaty durmuşda-da degişli döwlet edaralarynyň wezipeli adamlary tarapyndan toplanyp, saklanyp, olar ulanylyp bilinýär. Mysal üçin, adam döwlet kepillendiriş edarasynda wesýetnama goýýar ýa-da lukmançylyk barlagyndan geçende bedeninde nähilidir bir jemgyýetde uslypsyz diýlip hasap edilýän şikesiň bardygy lukmana aýan bolýar. Şeýle halatlarda döwlet kepillendirijisi hem lukman hem özleriniň kanuny borçlaryna we hukuklaryna laýyklykda adamyň şahsy durmuşynyň syry bolup durýan maglumatlar bilen iş salyşmaly bolýarlar. Emma olar özlerine gulluk borçlaryny ýerine ýetirmegiň dowamynda mälim bolan maglumatlary özgelere aýan etmeli däldirler.

Şeýle maglumatlaryň bikanun ýaýradylmagy hem kanun esasynda jogapkärçilige getirýär. Ýöne welin, haçan-da şeýle maglumatlary almaklyga kanuny ygtyýarlyklary bolan degişli döwlet edaralary ýa-da wezipeli adamlar (mysal üçin, prokuratura, polisiýa, milli howpsuzlyk, kazyýet edaralary ýa-da kazy, prokuror, sülçi, operatiw (dessin) ygtyýarly wekil we ş.m. ) talap eden halatlarynda şol wezipeli adamlar özlerine aýan bolan adamyň şahsy durmuşy hakyndaky maglumatlary bermäge borçludyrlar.

Esasy Kanunymyzyň 25-nji maddasynda berkidilişi ýaly, öz şahsy durmuşyna eden-etdilikli gatyşylmagyndan, şonuň ýaly-da hat-habarlarynyň, telefon we beýleki aragatnaşyklarynyň syryny saklamak düzgüniniň bozulmagyndan, öz namysyna we at-abraýyna hyýanat edilmeginden her bir adamyň goranmaga hukugy bardyr. Bu hukuk görkezilen bikanun hereketleri amala aşyran fiziki we ýuridik şahslar barada degişli döwlet edaralaryna (kazyýete, prokuratura we ş.m.) arza-şikaýat bilen ýüz tutmakdan, öz hukuklaryny bozan şahslaryň jogapkärçilige çekilmegini, şonuň ýaly-da öz hukuklarynyň dikeldilmegini hem-de şahsy durmuşyna eden-etdilikli gatyşylmagy zerarly özüne ýeten maddy, ahlak we gaýry zyýanyň öweziniň dolunmagyny gazanmakdan ybaratdyr.

### 2.4. Ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligine bolan hukuk

Ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligine bolan hukuk hem adamyň wajyp şahsy hukuklarynyň biri hökmünde Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 24-nji maddasynda:

---
[1] Lat. extra – daşynda, ordo – tertip, düzgün, tertipden daşary, adatdan daşary.

«Ýaşaýyş jaýy eldegrilme-sizdir. Jaýda ýaşaýanlaryň razylygy ýa-da başga kanuny esaslar bolmasa, hiç kimiň jaýa girmäge ýa-da onuň eldegrilmesizligini başga bir ýol bilen bozmaga haky ýokdur. Adamyň we raýatyň öz ýaşaýyş jaýyny bikanun hyýanatçylykdan goramaga hukugy bardyr. Kanunda kesgitlenen esaslar bolmasa, hiç kim ýaşaýyş jaýyndan mahrum edilip bilinmez» diýen görnüşde berkidilýär.

Bellenip geçilişi ýaly, Ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligine bolan hukuk adamyň şahsy durmuşyna eden-etdilikli gatyşylmagyna ýol bermezlik hukugynyň esasy düzüm bölekleriniň biri bolup durýar. Adamyň ýaşaýyş jaýynda saklanýan şahsy kagyzlary, gündelikleri we beýleki şahsy resminamalary elderilmesizdir. Ýaşaýyş jaýynyň içinde bolup geçýän kanunalaýyk wakalar we hereketler adamyň şahsy durmuşynyň syry bolup, ol syrlaryň goragy we eldegrilmesizligi hem kanun esasynda kepillendirilýär. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, jaýda ýaşaýanlaryň razylygy bolmazdan ýaşaýyş jaýyna kimdir biriniň girmegi bikanun hereket bolup durýar.

Kanunçylykda degişli döwlet edaralaryna ýa-da wezipeli adamlara raýatlaryň ýaşaýyş jaýyna eldegrilmesizlik hukugyny çäklendirmäge ygtyýar berilýän ýagdaýlary hem göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyndan güýje giren täze Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 270–271-nji maddalaryna laýyklykda jenaýat işi boýunça deslapky derňewiň dowamynda sülçi jenaýat etmegiň guraly, jenaýatly ýol bilen gazanylan zatlar, gymmatlyklar, şeýle hem iş üçin ähmiýeti bolup biljek başga zatlar we resminamalar haýsydyr bir jaýda ýa-da başga ýerde, ýa-da haýsydyr bir adamda bardyr diýip çak etmäge ýeterlik maglumatlar bar bolan mahalynda şol zatlary gözläp tapmak we almak üçin şeýle hem gözlenýän adamlary hem-de jesetleri tapmak üçin raýatlaryň ýaşaýyş jaýlarynda döküş işini geçirip bilýär. Öý döküş işleri diňe sülçiniň delillendirilen karary hem-de prokuroryň ýa-da onuň orunbasarynyň sanksiýa bermegi bilen amala aşyrylýar.

Şonuň ýaly-da iş üçin ähmiýetli bolan belli bir zatlary we resminamalary almak zerur bolan halatynda we eger şol zatlaryň nirede we kimdedigi takyk mälim bolsa, sülçi şol zatlary almak işini geçirip bilýär. Emma döwletiň syry bolup durýan maglumatlaryň beýan edilen resminamalary diňe prokuroryň sanksiýasy bolan mahalynda we degişli edaralaryň ýolbaşçylary bilen ylalaşylan tertipde alynýar. Gerekli zatlary almak sülçiniň delillendirilen karary esasynda geçirilýär.

Esasy Kanunymyzyň 24-nji maddasynyň 2-nji bendinde berkidilen hukuk kadasy, kanunda görkezilen esaslar bolmasa, hiç kimi ýaşaýyş jaýyndan mahrum etmek bolmaýandygyny kesgitleýär. Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kanunçylygy, ýaşaýyş jaýyny bermek bilen ýa-da ýaşaýyş jaýyny bermezden raýaty ýaşaýyş jaýyndan mejbury göçürmegiň birnäçe esaslaryny kesgitleýär.

Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 100-nji maddasyna laýyklykda, döwlet ýa-da jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý fonduna degişli ýaşaýyş jaýyndan ýaşaýyş

jaýyny diňe baş-başdaklyk edip eýelän ýa-da ýykylmak howpy abanýan öýlerde ýaşaýan adamlary prokuroryň sanksiýasy bilen dolandyryş tertibinde göçürmäge ýol berilýär.

Ýykylmak howpy abanýan jaýlarda kanuny esaslarda ýaşaýan adamlara ýaşaýyş jaýlaryndan göçürlende olara şol bir wagtyň özünde başga ýaşaýyş jaýy berilýär. Şonuň bilen bir hatarda-da kanun, ýaşaýyş jaýy döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin ýer şahamçasyny yzyna almak bilen baglanyşykly ýykylyp aýrylmaga ýa-da ony ýaşalmaýan jaýa öwürmek üçin täzeden enjamlaşdyrmaga degişli bolsa-da şol jaýda kanuny esaslarda ýaşaýan raýatlara başga abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýynyň berilmelidigini kesgitleýär.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň ÝJK-niň 106-njy maddasyna laýyklykda, ýaşaýyş jaýyny beren halk hojalygynyň möhüm pudaklarynyň kärhanalary, edaralary, guramalary bilen hiç bir sebäpsiz, öz islegleri boýunça ýa-da zähmet düzgün--nyzamyny bozanlygy üçin ýa-da jenaýat edenligi üçin zähmet gatnaşyklaryny bes eden işçiler we gullukçylar (özleriniň bile ýaşaýan adamlary bilen bilelikde), daýhan birleşiginiň öýlerinde ýaşaýyş jaýyny alan raýatlar, eger olar daýhan birleşiginiň agzalygyndan çykarylan ýa-da öz islegleri boýunça daýhan birleşiginden çykyp giden bolsalar, ata-enelik hukugyndan mahrum edilse-de, şol çagalary bilen bile ýaşaýan raýatlar hem başga ýaşaýyş jaýyny bermek bilen öz ýaşaýan jaýlaryndan göçürilip bilinýärler. Şonuň ýaly-da başga ýaşaýyş jaýyny bermek bilen raýatlary ýaşaýan jaýyndan göçürmegiň beýleki halatlary hem kanunçylykda göz öňünde tutulyp biliner.

Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 108-nji maddasyna laýyklykda, eger döwlet ýa-da jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý fonduna degişli ýaşaýyş jaýyny kireýine alyjy, onuň maşgala agzalary ýa-da olar bilen bile ýaşaýan beýleki adamlar ýaşaýyş jaýyny birsyhly berbatlap ýa-da zaýalap gelýän bolsalar (ýaşaýyş jaýyny sanitariýa--gigiýena talaplaryna, tehniki howpsuzlyk kadalaryna laýyk gelmeýän derejede hapa we howply ýagdaýda saklamak), ýa-da ony başga maksat üçin ulanýan bolsalar (ýaşaýyş jaýynda spirtli içgiler içmek, neşe serişdelerini ulanmak, jelepçilik bilen meşgullanmak üçin mesgenler guramak, ýaşaýyş jaýlaryny senagat önümçilik jaýlary hökmünde ulanmak we ş.m.), ýa-da beýlekileri özleri bilen bir öýde ýa--da bir jaýda ýaşar ýaly etmeseler (yzygiderli spirtli içgileri içip dawa-jenjel turuzmak, dürli bidüzgünçilikler etmek arkaly jemgyýetçilik tertibiniň birsyhly we yzygiderli bozulmagy, raýatyň özüni ahlaksyz alyp barmagy we ş.m.), duýduryş we jemgyýetçilik täsir ediş çäreleri hem netije bermedik bolsa, jaýy kireýine berijiniň ýa-da beýleki gyzyklanýan adamlaryň talap etmegi boýunça günäkärler başga ýaşaýyş jaýyny berilmezden göçürilýär.

Bilelikde ýaşamagyň mümkin däldigi üçin başga ýaşaýyş jaýyny bermezden göçürmäge degişli adamlar göçürilmegiň deregine ýaşaýan jaýyny çalyşmaga

gyzyklanýan tarapyň görkezen başga ýaşaýyş jaýy bilen çalyşmaga kazyýet tarapyndan borçly edilip bilner. Mundan başga-da ÝJK-niň 110-njy maddasynda bellenilişine görä, ýaşaýyş jaýy üçin berlen orderi alan adamlaryň kanuna garşy hereketleri etmeginiň netijesinde order hakyky däl diýlip hasap edilen mahalynda, olar başga ýaşaýyş jaýy berilmezden göçürilmäge degişlidir. Kanuna laýyklykda eger orderde görkezilen raýatlar ozal döwlet ýa-da jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý fondunyň öýündäki ýaşaýyş jaýyndan peýdalanan bolsalar, onda olara ozalky ýaşan jaýy ýa-da başga ýaşaýyş jaýy berilmelidir.

## 2.5. Hukuklaryň we azatlyklaryň deňligi

Görkezilenler bilen bir hatarda Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan we bolýan ähli adamlaryň hukuklary we azatlyklary babatda deňligi hem möhüm şahsy hukuklaryň biri bolmak bilen, ol Esasy Kanunymyzyň 19-njy maddasynda beýan edilýär. Türkmenistan adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň deňligini, şeýle hem haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan adamyň we raýatyň kanun öňündäki deňligini kepillendirýär.

Mysal getirilen hukuk kadasy Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 2-nji maddasynda we beýleki halkara hukuk namalarynda berkidilen, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleriniň, Türkmenistanyň konstitusiýasyndaky beýany bolup durýar.

Adamyň bu şahsy hukugynyň mazmunyny düzýän adalgalar barada bolsa gysgaça şu aşakdakylary aýtmak bolar:

*Millet* – bu biri-biri bilen özara berk ykdysady gatnaşyklary, dil, milli-medeni, häsiýet meňzeşlikleri bolan hem-de belli bir umumy çäklerde ýaşaýan taýpalaryň we halkyýetleriň birleşmeginiň netijesinde emele gelýän taryhy umumylykdyr.

«Ten reňki» diýen adalga rus dilindäki «раса» diýen adalganyň birmeňzeş manyly çalşyrgyjy hökmünde ulanylýar. Sebäbi eger-de «раса» sözi garaşsyzlyk ýyllaryndan ozalky düşündirilişi ýaly, «jyns» diýlip alynsa, maddada bu söz iki gezek gaýtalanýar we düşnüksizlige getirýär. Ten reňki ýa-da «раса» – bu nesilden-nesle gan bilen geçýän tebigy alamatlaryň (teniniň we saçlarynyň reňki, gözüniň, kelleçanagynyň gurluşy we ş.m.) umumylygynyň esasynda birleşip, taryhyň dowamynda emele gelen adamlaryň toparydyr. Adamlar ten alamatlary boýunça esasan ýewropeid, mongoloid we negroid toparlaryna bölünýärler.

*Jyns* – bu organizmleriň jynsy taýdan köpelmegini üpjün edýän beden gurluş, gan, tebigy, genetiki[1] hem jyns aýratynlyklarynyň toplumydyr. Adamlaryň aýallara

[1] Gr. genesis – gelip çykyş, janly organizmleriň gan öýjükleri boýunça nesilden-nesle geçýän häsiýetlerini aňladýar;

we erkeklere bölünmegini aňladýar. Adamlaryň aýallara we erkeklere bölünmegini ýörite jyns öýjükleri (hromosomlar[1]) kesgitleýärler.

Adamyň gelip çykyşy diýlende, onuň ata-enesiniň, ata-babalarynyň kimligi göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 19-njy maddasynda adamyň gelip çykyşy boýunça deňhukuklygynyň bozulmagynyň gadaganlygy hem-de onuň bozulmagynyň kanun esasynda jogapkärçilige getirýändigi görkezilýär.

Adamlaryň emläk ýagdaýy boýunça deňliginiň bozulmagynyň gadaganlygy bolsa, adamlaryň we raýatlaryň eýeçilik ygtyýarlyklaryndaky gozgalýan we gozgalmaýan emläkleriň has köp ýa-da az bolmagy zerarly olaryň deňhukuklygynyň bozulmagyna ýol berilmeýändigini aňladýar.

Adamyň ýaşaýan ýeri diýlende, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 22-nji maddasyna laýyklykda, fiziki şahsyň hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri onuň ýaşaýan ýeri diýlip ykrar edilýär.

Syýasy garaýyşlar diýlende bolsa, adamyň öz syýasy hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, jemgyýetiň we döwletiň syýasy durmuşyna gatnaşmagynyň dowamynda goldanýan syýasy ynançlarynyň, pikirleriniň toplumyna düşünilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 19-njy maddasynda berkidilýän adamlaryň we raýatlaryň deňhukuklygy – konstitusion taglymatyň esasgoýujy ýörelgeleriniň we demokratiýanyň iň möhüm düzüm bölekleriniň biri bolup, ol ähli adamlaryň we raýatlaryň döwletiň, kanunyň hem kazyýetiň öňünde özleriniň hukuklary we azatlyklary, şeýle hem borçlary babatda-da deňligini aňladýar. Döwlet tarapyndan bu deňlik adamyň we raýatyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan doly kepillendirilýär.

Adamzat adamlaryň we raýatlaryň deňligi hakyndaky ýörelgäni kanun esasynda ykrar etmeklige müňlerçe ýyllaryň dowamynda pajygaly wakalaryň üsti bilen ýetdi. Esasy Kanunymyzyň 19-njy maddasynda adamyň «millete degişliligi, ten reňki, jynsy, gelip çykyş alamaty, emläk we wezipe ýagdaýy, ýaşaýan ýeri, dili, dine garaýşy, syýasy ygtykady, haýsydyr bir partiýa degişlidigi ýa-da degişli däldigi» hakynda sanaw ýöne ýerden berilmeýär.

Bu sanawda görkezilen alamatlar boýunça gadym zamanlardan bäri adamlaryň biri-birinden tapawutlandyrylyp, biri-birinden aýry tutulan, kemsidilýän ýa-da artykmaç hukuklar berlen toparlara bölünen ýagdaýlarynyň mysaly adamzat taryhynda näçe diýseň bar.

Mysal üçin, gadymy dünýäde adamlar ýaşaýan ýerleri, gelip çykyşlary we beýleki alamatlary boýunça gullara we gul eýelerine bölünipdirler, şol döwürlerde-

[1] Gr. chroma – reňk, öwüşgin, soma – beden, miras geçýän tohum maglumatlaryny özünde saklaýan DNK-lardan (gan öýjüklerinden) ybarat merkezli öýjükleri aňladýar.

-de bu bölünişik adalatly hem kanunalaýyk hasaplanypdyr. Soňra Orta asyrlarda ýene-de dürli alamatlardan ugur alnyp adamlar garamaýaklara we asylzadalara bölünipdirler. Adamzadyň taryhynda iň pajygaly döwür bolan XX asyrda bolsa, adamlaryň «kemisli-artykmaç» toparlara bölmegiň iň aýylganç görnüşlerini oýlap tapan faşizm[1] ýüze çykdy.

Tutuş Ynsanyýetiň birleşdirilen güýji bilen faşizm ýok edilenden soň bolsa Adam hukuklary hakynda ählumumy Jarnamada: «Her bir adam şu Jarnama bilen yglan edilen ähli hukuklara we ähli azatlyklara jynsy, teniniň reňki, dili, dini, syýasy ýa-da beýleki ynamlary, milli ýa-da jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligi, emläk, asyl babatdaky we beýleki ýagdaýlar ýaly haýsydyr bir tapawutlyklara garamazdan eýe bolmaly»[2] diýlip yglan edilip, hemmeleriň deňligi Dünýä Bileleşigi tarapyndan resmi ykrar edildi.

Türkmenistanda fiziki şahslaryň öz ene dilinde geplemäge, geplejek dilini erkin saýlamaga bolan konstitusion hukuklary, Esasy Kanunymyzyň 14-nji maddasynda berkidilýär.

## 2.6. Özüni kämilleşdirmäge, bilime we döredijilige bolan hukuk

Adamyň şahsy hukuklarynyň ýene-de biri hem ynsanyň özüni kämilleşdirmäge, bilime we döredijilige bolan hukugydyr. Biziň döwletimiziň Esasy Kanunynda bilime bolan hukuk şu görnüşde berkidilýär: «Her bir raýatyň bilim almaga hukugy bardyr. Umumy orta bilim hökmanydyr, her bir adam ony döwlet mekdeplerinde tölegsiz almaga haklydyr. Döwlet her bir adam üçin öz ukybyna görä hünär biliminiň elýeterli bolmagyny üpjün edýär. Döwlet we döwlete dahylsyz guramalaryň, raýatlaryň Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen esasda we tertipde tölegli bilim beriş işini amala aşyrmaga hukugy bardyr. Döwlet hemme okuw jaýlary üçin bilimiň hökmany bolan standartlaryny belleýär[3]».

Bellenip geçilişi ýaly, bilim almak hukugy Türkmenistanyň raýatlarynyň esasy we aýrylmaz konstitusion hukuklarynyň biri bolup, Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky Halkara Paktynyň 13-nji maddasynda, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 26-njy maddasynda we beýleki halkara hukuk namalarynda berkidilen, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleriniň Türkmenistanyň konstitusiýasyndaky şöhlelenmesi bolup durýar.

---

[1] It. fashismo, fascio – desse, bogdak, birleşik, totalitar-milletparazçylyk häsiýetli jemgyýetçilik--syýasy hereketi aňladýar;

[2] Adam hukuklary hakynda ählumumy Jarnamanyň 2-nji maddasy. 10.12.1948 ý.

[3] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 38-nji madda. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Bilim ulgamyny kadalaşdyrmagyň we bu hukugyň ähli adamlara kepillendirilmeginiň döwlet işiniň baş ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenmeginiň esasy sebäbi ylym we medeniýet bilen birlikde bilimiň jemgyýetiň çalt depginler bilen ösmeginiň iň möhüm şerti bolmagyndadyr. Çünki jemgyýetiň kämilleşmegi diýen düşünje, ilkinji nobatda, jemgyýeti emele getirýän fiziki şahslaryň, ýagny adamlaryň ruhy-ahlak taýdan kämil, kalby kanagatly, köňli baý şahsyýetler bolmaklaryny göz öňünde tutýar. Sebäbi jemgyýet adamlaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň jeminden döreýär. Her günde ýüzlerçe görnüşli özara gatnaşyklara girýän adamlaryň aň-düşünjesi näçe giň, ahlak edim-gylymlary näçe arassa, ynam-ygtykatlary näçe päk we sagdyn boldugyça olaryň arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklarynda hem şonça-da birek-birege sylag-hormat goýmak, agzybirlik, adalatlylyk, dogruçyllyk, lebze wepalylyk ýörelgeleri agdyklyk edýär.

Bu ýagdaý bolsa öz gezeginde tutuş jemgyýetiň aňyýetiniň sagdyn, kämil we tämiz bolmagyna getirýär. Jebislik, agzybirlik, adalatlylyk, ynsanperwerlik höküm sürýän jemgyýeti edara edýän döwlet üçinem tutuş döwlet işini ýokary derejede netijeli amala aşyrmaklyga mümkinçilik döreýär. Şeýlelik bilen şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň arasynda sazlaşyk hem düşünişmeklik emele gelýär.

Bu sazlaşyk hem deňagramlylyk bolsa wagtyň geçmegi bilen belli bir milli jemgyýetiň çäklerinden çykyp, dünýä bileleşiginiň beýleki jemgyýetlerine hem özüniň oňyn täsirini ýetirip başlaýar. Şol oňyn täsiriň netijesinde-de tutuş adamzadyň gymmatlyklar hazynasy giňeýär, bütin dünýäde dost-doganlyk ruhy artýar. Bu oňyn netijeleriň döremegini üpjün etmeklige ägirt uly goşant goşýan närseler bolsa, bilim, ylym medeniýet we sungat bolup durýar. Adamyň ruhy taýdan kämillige tarap ädýän ilkinji ädimi bilimden başlanýar.

Adamyň ýaşaýan jemgyýetinde döwlet tarapyndan onuň bilime bolan teşneligini gandyrmak we çäksiz höwesini kanagatlandyrmak üçin näçe amatly şertler döredildigiçe-de şahsyýetiň kämilleşmegi şonça-da tizleşýär hem-de onuň kämillik derejesi artýar. Şonuň üçinem döwletimizde adamlaryň bilime bolan hukuklaryny doly durmuşa geçirmekleri üçin ähli zerur şertler, şol sanda kanuny kepillikler hem döredilýär. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we bu çygyrdaky gatnaşyklary düzgünleşdirmäge gönükdirilen beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň esasy maksatlary hem adamlaryň bilime bolan hukugynyň kanuny kepilliklerini artdyrmakdan, şol hukugy amala aşyrmagy has netijeli we düýpli üpjün etmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Bilim ulgamyndaky gatnaşyklary, 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen, «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bilen kadalaşdyrylýar. Salgylanylýan Kanunyň 1-nji maddasyna laýyklykda Bilim adamyň, jemgyýetiň, döwletiň terbiýe we okatmak babatda isleglerini kanagatlandyrmagy maksat edinýän maksatlaýyn we ulgamlaýyn iş hökmünde kesgitlenýär. Bilimi

16. Sargyt № 1499.

kämilleşdirmek jemgyýetiň ruhy, durmuş, ykdysady we medeni ösüşiniň binýady Türkmenistany ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar[1].

Türkmenistanda bilim ynsanperwerlige, demokratiýa, milli aň-düşüňjelilige hem-de adamlaryň we halklaryň biri-birine hormat goýmagyna esaslanýar. Türkmenistanda bilim babatdaky döwlet syýasatynyň esasy ýörelgeleri bolup durýar:

● öz ukyplaryny we zehinini doly ulanyp bilmeginde her bir adamyň hukuklarynyň deňligi;

● bilimiň ynsanperwer häsiýeti, umumadamzat gymmatlyklarynyň, adamyň janynyň we saglygynyň, şahsyýetiň erkin ösmeginiň ileri tutulmagy;

● bilimiň Türkmenistanyň halkynyň milli taryhy, medeniýeti we däp-dessurlary bilen sazlaşykly arabaglanyşygy;

● raýatlyk we watansöýüjilik, zähmetsöýerlik, adam hukuklaryna we azatlyklaryna sarpa goýmak, daş-töwerekdäki tebigata, maşgala, Watana söýgi duýgularyny terbiýelemek;

● döwlet tarapyndan berilýän bilim hyzmatlarynyň ähli görnüşiniň Türkmenistanyň her bir raýaty üçin elýeterli bolmagy;

● her bir raýat üçin umumy orta bilimiň hökmanylygy we döwlet bilim edaralarynda onuň mugtlugy;

● bilimiň üznüksizligi we onuň basgançaklarynyň yzygiderliligi;

● okatmagyň we bilim edaralarynyň kysymlary, görnüşleri we eýeçilik görnüşleri boýunça köpdürlüligi;

● bilim ulgamynyň ylym we önümçilik bilen utgaşmagy;

● onuň beýleki ýurtlaryň bilim ulgamy bilen özara baglanyşygy;

● döwletiň bilim ulgamynyň dünýewi häsiýetliligi we onuň dini guramalardan aýrylygy[2].

Salgylanylýan Kanunyň 6-njy maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň bilim ulgamynyň gurluşy sazlaşykly yzygiderlilikdäki dürli basgançakly bilim maksatnamalaryndan we döwlet bilim standarlaryndan, olary durmuşa geçirýän bilim edaralarynyň ulgamyndan, şeýle hem bilimi dolandyryş edaralaryndan we olaryň tabynlygyndaky edaralardan hem-de guramalardan ybaratdyr. Türkmenistanyň bilim ulgamyny emele getirýän basgançaklary bolsa, mekdebe çenli berilýän bilimden, umumy orta bilimden, başlangyç hünär biliminden, orta biliminden, ýokary hünär biliminden we ýokary okuw mekdebinden soňky hünär biliminden ybaratdyr.

*Döwletiň bilim maksatnamasy* – belli bir basgançakdaky bilimiň mazmunyny kesgitleýär hem-de okuw meýilnamalaryndan we dersleriň okuw maksatna-

---

[1] Türkmenistanyň Bilim hakynda kanunynyň 1-nji maddasy.

[2] Şol ýerde. 2-nji madda.

malaryndan ybaratdyr. Türkmenistanda bilim maksatnamalary esasy iki görnüşe, ýagny umumybilim we hünär bilimi ýaly görnüşlerine bölünýärler.

*Mekdebe çenli bilim* – bu ata-ene (olaryň ornuny tutýanlar) çaganyň şahsyýetiniň beden we akyl taýdan ösüşiniň esaslaryny ýaş çaga döwründen kemala getirmäge, ony milli we umumadamzat ruhy gymmatlyklary bilen tanyşdyrmaga gönükdirilen bilimdir. Türkmenistanda mekdebe çenli ýaşly çagalary terbiýelemek we okatmak, olaryň beden we ruhy saglygyny goramak we berkitmek, şahsy başarnyklaryny ösdürmek üçin maşgala kömek hökmünde mekdebe çenli çagalar edaralarynyň ulgamy hereket edýär. Işleýiş şertlerine baglylykda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň: çagalar bakjasay, çagalar bakja-bagy, çagalar bagy we beýleki görnüşleri bolup biler[1].

*Umumy orta bilim* – bu Türkmenistanyň raýatlaryny okatmagyň umumy binýatlyk bilimleriň çuňňur özleşdirilmegini, akyl we döredijilik ukyplarynyň ösdürilmegini, şeýle hem medeni we beden taýýarlygynyň zerur bolan derejesini üpjün edýän düýpli esasy bolup durýar. Umumy orta bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalaşdyrylan möhleti bolsa, on ýyldan az bolmaly däldir. Kanunda bellenilen tertibe laýyklykda, orta bilimi öz wagtynda alyp bilmedik Türkmenistanyň raýatlary öz islegi boýunça ony düzgünnamasy ygtyýarlandyrylan döwlet bilimi dolandyryş edarasy tarapyndan tassyklanýan eskternal ulgamy arkaly tamamlap bilýärler. Umumybilim edaralarynyň (eýeçiligiň görnüşleri boýunça) guralyşy-nyň we olaryň işiniň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan olar baradaky birkysmy düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar[2].

Başlangyç hünär bilimi taýýarlygynyň maksady – umumy orta bilimiň binýadynda jemgyýet üçin peýdaly işiň ähli ugurlary boýunça ussatlygy talap edýän zähmete ukyply işgärleri taýýarlamakdan ybaratdyr. Başlangyç hünär bilimi dürli görnüşli (hünärmentçilik mekdebi, liseý we beýlekiler) başlangyç hünär bilimi edaralarynda, şeýle hem degişli ygtyýarnamalary bolan orta we ýokary hünär edaralarynda alnyp bilner. Başlangyç hünär bilimi edaralarynyň uçurymlaryna degişli hünär boýunça kär berilýär. Başlangyç hünär bilimi edaralarynyň (eýeçiligiň görnüşleri boýunça) guralyşynyň we işiniň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan olar baradaky birkysmy düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar[3].

Orta hünär bilimi, orta hünär bilimiň hem maksady umumy orta bilimiň binýadynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň degişli pudaklary üçin orta hünär bilimli hünärmenleri taýýarlamakdan we şahsyýetiň hünär bilimini almak we çuňlaşdyrmak islegini kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Orta hünär bilimini dürli görnüşli (kollej, orta hünär mekdebi we beýlekiler) orta hünär bilimi edaralarynda

[1] Türkmenistanyň Bilim hakynda kanunynyň 15-nji maddasy;

[2] Şol ýerde. 16-njy madda;

[3] Şol ýerde. 18-nji madda.

we degişli ygtyýarnamalary bar bolan ýokary hünär bilimi edaralarynda alnyp bilner. Orta hünär bilimi edaralarynyň uçurymlaryna degişli hünär boýunça kär berilýär. Orta hünär bilimi edaralarynyň (eýeçiligiň görnüşleri boýunça) guralyşynyň we işiniň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan olar baradaky birkysmy düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar[1].

*Ýokary hünär bilim* düýpli ylmy we amaly taýdan Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklary üçin hünarmenleri taýýarlamak hem-de şahsyýetiň bilimini çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge bolan isleglerini kanagatlandyrmak ýokary hünär biliminiň maksady bolup durýar. Ýokary hünär bilimli hünärmenleri taýýarlamak pesinden orta bilimiň binýadynda amala aşyrlýar. Ýokary hünär bilimi dürli görnüşli (uniwersitet, akademiýa, konserwatoriýa, institut we beýlekiler) ýokary hünär bilimli edaralarynda (ýokary okuw mekdeplerinde) alnyp bilner.

Ýokary okuw mekdepleriniň uçurymlaryna degişli hünär boýunça kär berilýär. Ýokary hünär bilimini almak onuň eýesine degişli hünär işini amala aşyrmak, şeýle hem özüniň bilim, ylym we pedagogik derejesini ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi ulgamy arkaly ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýar. Kanuna laýyklykda ýokary okuw mekdepleri degişli ygtyýarnamasy bolan ýagdaýynda başlangyç we orta hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny amala aşyryp bilýärler. Ýokary okuw mekdepleriniň (eýeçiligiň görnüşleri boýunça) guralyşynyň we işiniň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan olar baradaky birkysmy düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar[2].

*Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi.* Türkmenistanda üznüksiz bilim ulgamynyň ýokary basgançagy hökmünde ýokary okuw mekdebinden soňky hünär biliminiň maksady – ýokary hünär biliminiň binýadynda ýokary hünär derejeli ylmy işgärleri taýýarlamakdyr. Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi ýokary hünär bilimi edarasynda we ylmy edaralarda döredilýän ordinaturada, aspiranturada (adýunkturada) we doktoranturada, şeýle hem alymlyk derejesine dalaşgärlik arkaly alnyp barylýar. Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär biliminiň meseleleri Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kadalaşdyrylýar[3].

Hereket edýän kanunçylyk Türkmenistanda bilim berýän dürli edaralaryň döwlet, döwlete dahylsyz ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan döredilmegine ygtyýar berýär. Kanuna laýyklykda bilim berýän edarany kimiň döredendigine we ony kimiň maliýeleşdirýändigine, dolandyrýandygyna görä şol bilim berýän edaranyň hukuk ýagdaýy kesgitlenýär. Ýöne Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 38-nji maddasynyň soňky bendinde bellenilişine görä, mekdepleriň guramaçylyk görnüşlerine we eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan döwlet hemme okuw jaýlary üçin bilimiň hökmany bolan standartlaryny belleýär. Bu hukuk

[1] Türkmenistanyň Bilim hakynda kanunynyň 19-njy maddasy;

[2] Şol ýerde. 20-nji madda;

[3] Şol ýerde. 21-nji madda.

kadasy bilim ulgamynyň sazlaşykly we utgaşykly hereket etmegini, ösmegini üpjün etmäge gönükdirilendir.

*Döwlet bilim standartlary* – bu bilim almagyň görnüşlerine garamazdan, uçurymlaryň bilimine we hünär derejesine adalatly baha bermegiň esasy bolup durýar. Döwlet bilim standartlary Türkmenistanyň bilim giňişliginiň bitewiligini we umumy orta, başlangyç hünär, orta hünär we ýokary hünär bilimiň bilim maksatnamalarynyň sazlaşykly yzygiderligini üpjün edýär. Döwlet bilim standartlaryny işläp düzmek we tassyklamak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde amala aşrylýar.[1]

Ýurdumyzda adamlaryň döredijilige bolan hukugy Esasy Kanunymyzyň 39-njy maddasynda: «Türkmenistanyň raýatlarynyň öz çeper, ylmy we tehniki döredijiligini erkin alyp barmaga hukugy bardyr. Raýatlaryň ylmy, tehniki döredijilikde, çeperçilik, edebiýat hem medeniýet işinde awtorlyk hukuklary we bähbitleri kanun esasynda goralýar. Döwlet ylmyň, medeniýetiň, sungatyň, halk döredijiliginiň, sportuň we syýahatçylygyň ösmegine ýardam edýär» diýen görnüşde berkidilýär.

*Mälim bolşy ýaly, döredijilik* – bu adamyň öz aňynyň-paýhasynyň, zähmetiniň we ukybynyň kömegi bilen täze bir zady döretmegidir. Mysal üçin, surat çekmek, ymarat gurmak, heýkel ýasamak, keşde gaýamak we ş.m.

*Çeper döredijilik* diýlende, edebiýat we sungat eserleriniň döredilmegine düşünilýär.

*Ylmy döredijilik* – bu ylym bilen meşgullanýan adamlaryň täze bir zatlary oýlap tapmagyň ylmy nazaryýetini düzmekleri, öň bar bolan meseleleri seljermekleri we ş.m. bagly bolan ylmy işiň netijesinde dürli eserleri we predmetleri döretmekleridir.

*Tehniki döredijilik* bolsa, täze enjamlaryň, senagat nusgalarynyň[2], önümçiligiň täze usullarynyň (nou-hau[3], haý-tek[4]) oýlap tapylmagydyr we ýasalmagydyr.

---

[1] Türkmenistanyň Bilim hakynda kanunynyň 9-njy maddasy;

[2] Bu önümiň daşky görnüşini döretmek babatda täze çeper-konstruktorçylyk çözgüdidir. Senagat nusgalary göwrümli (önümiň daşky görnüşiniň nusgasy (modeli)), tekiz (önümiň daş görnüşiniň suraty) we kombinirlenen, ýagny model we surat birleşdirilen görnüşde bolup bilýär. «**Konstruktor** – «conturktio – düzmeklik, gurmaklyk» diýen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir bir zady ýasamagy ýa-da düzmegi aňladýar. **Model** – «modulus – ölçeg, nusga, görelde», **Kombinirlenen** – «combination – birleşdirmek» diýen latyn sözlerinden gelip çykan adalgalar;

[3] Iňl. know how – nädip ýasamagy bilýärin, ýörite patent berilmedik, ýagny belli bir adamyň oýlap tapyşy hökmünde berkidilmedik, tehniki resminamalar hökmünde resmileşdirilen ylmy, tehniki, täjirçilik ýa-da başga bilimleriň, şonuň ýaly-da önümçiligi guramak üçin zerur bolan önümçilik we dolandyryş tejribesiniň jemini aňladýar;

[4] Iňl. high-tech (high technology diýen sözleriň gysgaltmasy) – ýokary tehnologiýa, ýokary tehnologiýa usullarynyň oýlap tapylmagyny we olaryň senagata ornaşdyrylmagyny aňladýar;

*Awtorlyk*[1] *hukugy* – bu, ylym, edebiýat we sungat eserlerini döreden adamyň öz eserleri babatda bolan emläkleýin we emläkleýin däl şahsy hukuklarynyň toplumydyr.

*Awtorlyk hukugyna gatyşyk hukuklar* – bu, fonogrammalaryň[2] we wideogrammalarynyň[3] ýerine ýetirilmegi, öndürilmegi, gepleşikleriň guralmagy we tele hem radio ýaýlymlara goýberilmegi bilen baglanyşykly görkezilen hereketleri edýän adamyň emläkleýin we emläkleýin däl şahsy hukuklarydyr.

Adamyň özüni bagtly duýmagy üçin diňe bir doly saçakly, bitin eşikli, abat üçekli we ýyly ojakly bolmagyň ýeterlik bolmaýandygy hem onuň hut şol owadan dünýäsiniň – kalbynyň zerurlyklaryndan, ýagny ruhy zerurlyklardan gelip çykýar. Her bir jandaryň özüni arkaýyn duýmagy üçin zerur bolan dokluk, howpsuzlyk, dynçlyk ýaly tebigy şertleriň bardygyna garamazdan adam galan ähli jandarlardan tapawutlylykda ruhy teşneligini gandyrmak üçin medeniýet we sungat bolmasa özüni doly bagtly duýup bilmeýär.

Tersine kähalatlarda özüniň kadaly ýaşaýşyny üpjün edýän maddy zerurlyklaryň käbirini wagtlaýyn kanagatlandyryp bilmeýän ýagdaýynda-da ynsan medeni-ruhy isleglerini doly kanagatlandyrsa özüni bagtly we rahat duýup bilýär. Ynsanyň ruhy teşneligini gandyrmagyň hatyrasyna maddy rahatlygyny pida beren ýagdaýlaryna adamzat taryhynda we edebiýatynda näçe diýseň duş gelmek bolýar.

Adam üçin medeni-ruhy zerurlyklaryň maddy zerurlyklardan has belentde durýanlygy sebäpli-de Dünýä Bileleşigi tarapyndan her bir ynsanyň özüni erkin we bagtly duýmagyny, hemmetaraplaýyn erkin ösmegini, ruhy-ahlak taýdan kämilleşmegini üpjün etmek maksadyndan ugur alnyp, şahsyýetiň maddy hukuklary bilen bir hatarda maddy däl hukuklary hem dürli halkara hukuk namalarynda berkidilýärler we kepillendirilýärler.

Ynsan hukuklarynyň ykrar edilmeginiň iň möhüm taryhy, syýasy hukuk resminamasy bolan «Adam hukuklary hakynda ählumumy Jarnamanyň» 27-nji maddasynda, her bir adamyň jemgyýetiň medeni durmuşyna, ylmy progrese[4] erkin gatnaşmaga, onuň eşretlerinden peýdalanmaga we sungatdan lezzet almaga, şonuň

---

[1] Lat. auctor – dörediji, haýsydyr bir çeper, ylmy ýa-da tehniki eseri (zady) döreden adamy aňladýar;

[2] Gr. phone – ses, gramma-ýazmak, ses tolkunlarynyň magnit ýa-da lazer ýazgysyny aňladýar; **Lazer** – «lazer – **L**ight **A**mplification by **S**timulated **E**mission of **R**adiation – güýçlendirilen şöhlelenme bilen ýagtylygyň kuwwatlandyrylmagy» diýen iňlis jümlesiniň gysgaldylan görnüşinden gelip çykyp, ýagtylygyň örän dykyz görnüşde bir şöhlede jemlenip, belli bir nokada gönükdirilmegini aňladýar.

[3] Görnüşleriň, şekilleriň magnit wideo kassetalara ýa-da lazer kompakt disklerine ýazylmagyny aňladýar. **Kasseta** – «cassette – gapyrjajyk» diýen fransuz, **Kompakt** – «compaktus – dykyz» diýen latyn sözlerinden gelip çykan adalgalar.

[4] Lat. progressus – öňe tarap hereket, islendik zadyň ösüşiniň ugruny aňladýar.

16. Sargyt № 1499.

ýaly-da öz döreden ylmy, edebi ýa-da çeperçilik eserleriniň netijesinde gazanan ahlak we maddy bähbitleriniň goralmagyna hukuklarynyň bardygy kesgitlenilýär. Demokratik, hukuk we dünýewi döwlet hökmünde Türkmenistanda hem umumy ykrar edilen ýörelgeleriň esasynda adam jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy hökmünde kesgitlenip, ynsan hukuklarynyň hem azatlyklarynyň ählisiniň kanun esasynda kepillendirmesi döwletiň Esasy Kanunynda we beýleki kanunlarynda öz beýanyny tapýar.

Adamyň ýaşaýşa, saglyga, bilime, abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna, zähmete, zähmetine laýyk iş hakyna, dynç alşa, saýlamaga, saýlanmaga we ş.m. bolan hukuklary bilen bir hatarda ylym, çeper döredijilik, sungat bilen meşgullanmaga, pikirini beýan etmäge, öz medeni, dini we syýasy garaýyşlaryna erkin uýmaga hem-de olary wagyz etmäge bolan hukuklar ýaly emläkleýin däl hukuklary-da Türkmenistanda kanun esasynda goralýar we kepillendirilýär. Türkmenistanda progresiw ösüşiň binýady saýylýan medeniýeti ösdürmek döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenýär.

Ynsanlaryň maddy däl hukuklaryny berkarar etmekden, kepillendirmekden we emläkleýin eşretler bilen bir hatarda emläkleýin däl eşretlerden hem Türkmenistanyň ähli raýatlarynyň deň-derejede, doly peýdalanmaklary üçin zerur şertleriň bolmagyny üpjün etmekden gelip çykýan döwlet syýasatynyň bu ugrunyň has netijeli durmuşa geçirilmegi üçin ençeme çäreler amala aşyrylýar.

*Awtoryň emläkleýin däl şahsy hukuklary* diýlende, eseri döreden adamyň özüni öz döreden eseriniň awtory hökmünde yglan etmäge we görkezmäge, öz döreden eserini öz ady bilen ýa-da tahallus (psewdonim[1]) bilen özi ulanmaga we özgelere eserden peýdalanmaga rugsat bermäge, eserini islendik görnüşde köpçülige ýaýratmaga ýa-da ýaýratmaga rugsat bermäge ýa-da eserini köpçülige ýaýratmakdan ýüz döndermäge we ony ýaýratmagy gadagan etmäge, eseriniň we öz awtorlyk at--abraýyny (reputasiýasyny[2]), eseriniň adyny hem mazmunyny islendik görnüşdäki täsir etmelerden goramaga bolan hukuklaryna düşünilýär.

Döwlet raýatlaryň awtorlyk we gatyşyk hukuklaryny goramak, olaryň amala aşyrylmagy üçin ähli şertleri döretmek arkaly, Türkmenistanda ylmyň, medeniýetiň, sungatyň, halk döredijiliginiň, sportuň we syýahatçylygyň ösmegine ýardam edýär. Bu çygyrda raýatlaryň hukuklarynyň durmuşa geçirilişini has-da ösdürmek üçin döwlet býujetiniň serişdeleriniň agramly bölegi sarp edilýär.

---

[1] Edebi lakam, Gr. Pseudo – ýalan, onyma – at, ýalan at.

[2] Lat. reputation – pikirlenmek, ölçerip-dökmek, belli zat ýa-da adam babatda, onuň ýetmezçilikleri we artykmaçlyklary barada dörän jemgyýetçilik pikirini aňladýar.

## 2.7. Ýaşajak ýerini erkin saýlap almaga, erkin gezmäge bolan hukuk

Adamyň ýaşajak ýerini erkin saýlap almaga, erkin gezmäge bolan onuň şahsy hukuklarynyň biri bolmak bilen, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 26-njy maddasynda: «Her bir raýatyň Türkmenistanyň çäginde erkin gezmäge we ýaşajak ýerini saýlap almaga hukugy bardyr. Aýry-aýry ýerleriň çäklerine girmegiň, şol ýerlerde gezmegiň çäklendirilmegi diňe kanun esasynda kesgitlenip bilner» diýen görnüşde berkidilýär.

Mälim bolşy ýaly, kanunçylykda adamyň ýaşaýan ýeri we bolýan ýeri diýen iki sany düşünje kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 22-nji maddasyna laýyklykda, fiziki şahsyň (adamyň) ýaşaýan ýeri diýlip, onuň hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri hasap edilýär. Adamyň bolýan ýeri diýlende bolsa, Esasy Kanunyň 24-nji maddasynyň düşündirişinde görkezilişi ýaly, onuň wagtlaýyn ýaşaýan ýerleri (myhmanhana, dynç alyş öýleri (kurort, sanatoriý we ş.m.), hassahana we ş.m.) hasap edilýär.

Esasy Kanunymyzyň 26-njy maddasynda kesgitlenýän her bir raýatyň öz ýurdunyň çäginde erkin gezmäge we öz ýaşajak ýerini saýlap almaga bolan hukugy, «Adam hukuklary hakyndaky Ählumumy Jarnamanyň» 13-nji maddasynda, «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda halkara Paktyň» 12-nji maddasynda berkidilýär. Raýatyň bu hukugy onuň zähmete, erkin döredijilige, eýeçilige, maşgala döretmäge bolan hukuklary bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Raýat öz ýaşaýan ýurdunyň çäginde erkin gezmekden, öz ýaşajak ýerini erkin saýlamakdan, şonuň ýaly-da bir ýurtdan başga bir ýurda erkin geçmek, göçmek mümkinçiliginden mahrum bolan ýagdaýynda ol görkezilen hukuklaryny amala aşyryp bilmeýär.

Türkmenistanyň Migrasiýa hakyndaky kanunynyň 40-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň her bir raýatynyň Türkmenistanyň konstitusiýasyna, Türkmenistanyň kanunlaryna we adam hukuklary boýunça halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň islendik ýerinde erkin hereket etmäge, ýaşajak ýerini we boljak ýerini erkin saýlap almaga hukugy bardyr.

Ýöne howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistanyň aýry-aýry ýerleriniň çäklerinde erkin hereket etmäge, ýaşajak we boljak ýerini erkin saýlap almaga bolan hukugy diňe kanunçylykda bellenilen esaslar boýunça çäklendirlip bilinýär. Döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, wezipeli adamlaryň, şeýle hem beýleki ýuridik we fiziki şahslaryň Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistanyň çäklerinde erkin hereket etmäge, ýaşajak ýerini we boljak ýerini erkin saýlap almaga bolan hukugyny çäklendirmäge degişli çözgütleri, hereketleri ýa-da hereketsizligi barada raýatlaryň degişli edaralara, wezipeli adamlara ýa-da kazyýete şikaýat etmäge hukuklary bardyr.

Döwlet öz raýatlaryna Türkmenistanyň çäginde erkin gezmäge we ýaşajak ýerini saýlap almaga bolan hukuklaryny doly kepillendirmek bilen bir wagtda, döwletiň bütin çäginde hukuk tertibini hem degişli hasabatlylygy üpjün etmek maksady bilen, raýatlaryň içerki migrasiýasyny[1] düzgünleşdirýär. Görkezilen Kanunyň 45-nji maddasynda bellenilişi ýaly, içerki migrasiýany düzgünleşdirmek, içerki migrantlaryň öz hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmegi, şeýle hem olaryň Türkmenistanyň beýleki raýatlarynyň öňündäki öz borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin zerur şertleri üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň çäklerinde raýatyň ýaşaýan ýeri boýunça ýazga alynmagy we bolýan ýeri boýunça hasaba alynmagy girizilýär.

*Ýaşalýan ýer boýunça ýazga almak,* munuň özi raýatyň Türkmenistanyň degişli etraplarynyň we şäherleriniň çäklerindäki ýaşaýyş jaýynda belli bir salgy boýunça resmileşdirilmegidir, şeýle hem raýatyň şahsyýetine güwä geçýän resminamasynda bu barada ýazgy ýazmakdyr ýa-da bellik etmekdir, möhür basmakdyr). Ýazga almak degişli häkimlikleriň ýanyndaky ýazga almak meselelerine garamak boýunça toparlaryň çözgütleri esasynda amala aşyrylýar. Türkmenistanyň çäklerinde birnäçe ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy bolan adam şolaryň diňe birine ýazga alynýar.

Hemişelik ýaşaýan ýerinden ýazgydan çykmazdan 45 (kyrk bäş) senenama gününden köp möhlete başga ýere wagtlaýyn giden raýatlar, şeýle hem başga şäherlerdäki okuw mekdepleriniň talyplary we okuwçylary okaýan döwründe öz bolýan ýerleri boýunça hasaba alynmaga degişlidir. Raýatlary ýaşaýan ýeri boýunça hasaba almak häkimlikleriň ygtyýarly wezipeli adamlary tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1996-njy ýylyň 25-nji oktýabryndaky №2843 belgili kararyna laýyklykda, ýurduň çäginde hemişelik ýaşaýan ýerinden ýurduň beýleki ýerlerine wagtlaýyn ýaşamak üçin baran raýatlar 7 (ýedi) günüň dowamynda Türkmenistanyň degişli içeri işler edaralarynda hasaba durmaga borçludyrlar.

*Bolunýan ýer boýunça hasaba almak,* bu belli bir salgy boýunça ýaşaýyş jaýynda raýatyň wagtlaýyn ýaşaýandygyny resmileşdirmekdir. Raýatlary ýaşaýan ýeri boýunça ýazga almagyň we bolýan ýeri boýunça hasaba almagyň tertibi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar. Şonuň bilen birlikde-de, Türkmenistanyň her bir raýaty, özüniň ýaşaýan ýeri boýunça ýazga alynmagynyň ýa-da bolýan ýeri boýunça hasaba alynmagynyň ýagdaýyna garamazdan, Türkmenistanyň bütin çäginde Türkmenistanyň konstitusiýasy we kanunçylygy arkaly kepillendirilen hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýar.

Ýazga ýa-da hasaba almak halatynyň ýokdugy raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmek üçin esas bolup hyzmat edip bilmeýär. Ýöne welin milli kanunçylyk içerki migrasiýanyň düzgünleriniň bozulmagy üçin degişli jogapkärçilik çärelerini belleýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Admnistratiw hukuk

[1] Ýurduň ýasaýjylarynyň şol ýurduň çäginde ondan-oňa göçmeklerini aňladýar.

tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiň 190-njy maddasy, pasport edinmäge borçly raýatlaryň pasportsyz ýa-da güýji hakyky däl pasport bilen ýaşamagy, şeýle hem raýatlaryň jaýa ýazylman ýa-da hasaba alynman ýaşamagy üçin dolandyryş jogapkärçiligini kesgitleýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, ýaşaýan ýerinden ýa-da bolýan ýerinden Türkmenistanyň raýatyny mejbury ondan-oňa geçirmek kazyýetiň çözgüdiniň esasynda amala aşyrylyp bilinýär. Şonuň ýaly-da milli howpsuzlygy, jemgyýetçilik hukuk tertibini, ilatyň saglygyny goramak maksady bilen, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan Türkmenistanyň serhet zolagynda, ýapyk harby şäherçelerde, köpçülikleýin ýokanç keselleriň (infeksiýalaryň) we adamlaryň zäherlenmeleriniň ýaýramak howpy sebäpli, ekologiýa betbagtçylygy we tebigy tehnogen) heläkçilik zolagynda, adatdan daşary ýagdaý girizilen ýerlerde erkin hereket etmekde, ýaşaýan ýeriňi we bolýan ýeriňi erkin saýlap almakda çäklendirmeler bellenilip bilinýär.

Esasy Kanunymyzyň 26-njy maddasynyň 2-nji bendinde berkidilen hukuk kadasyndan görnüşi ýaly, döwlet raýatlaryň ýokarda görkezilen aýry-aýry ýerleriň çäklerine girmeklerini we şol ýerde erkin gezmeklerini çäklendirmeklige rugsat berýär. Bu çäklendirme gönüden-göni raýatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek bilen baglanyşyklydyr.

## 2.8. Wyždan azatlygyna we dine uýmak erkinligine bolan hukuk

Adamyň şahsy hukuklarynyň biri bolan wyždan azatlygyna we dine ynanmak erkinligine bolan hukuklar Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 12-nji maddasynda berkidilýär. Esasy Kanunymyza laýyklykda, Türkmenistanda döwlet dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanun öňünde deňligini kepillendirýär. Dini guramalar döwletden aýrydyr we olaryň döwlet işlerine gatyşmagyna hem-de döwlet işlerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýär. Döwletiň bilim ulgamy dini guramalardan aýrydyr we ol dünýewi häsiýete eýedir.

Her bir adam özüniň dine garaýşyny özbaşdak kesgitleýär, onuň ýeke özi ýa-da beýleki adamlar bilen bilelikde islän dinine uýmaga ýa-da hiç bir dine uýmazlyga, şonuň ýaly-da dine bolan garaýyşlary bilen baglanyşykly ynam-ygtykatlaryny beýan etmäge we ýaýratmaga, dini adatlary, däp-dessurlary berjaý etmäge gatnaşmaga haky bardyr[1].

Bu hukuk kadalary, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnamanyň 18-nji maddasynyň Türkmenistanyň konstitusiýasyndaky beýany bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, din Hudaýyň bardygyna bolan ynanja esaslanýan dünýägaraýyşlaryň,

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 12-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

duýgularyň jemini we şol garaýyşlara görä adamyň özüni alyp barşyny aňladýar. Yslam, hristian dinleri we Budda ynanmak dünýä dinleri diýlip ykrar edilýär. Köp halatlarda wyždan azatlygyny dine uýmak erkinligi bilen birmeňzeş hukuklar hasaplaýarlar. Ýöne bu ynsan hukuklary biri-birine juda ýakyn hem meňzeş bolsalar-da, biri-birinden aýry we her haýsy özbaşdak düşünjelerdir.

*Wyždan azatlygy* – bu adamyň nämäni ýagşylyk, nämani ýamanlyk, nämäni näkeslik, hereketleriň haýsylaryny oňat, dogruçyl, haýsylaryny bolsa erbet hereket, kezzapçylyk diýip hasaplamaga bolan ahlak (moral)-etiki garaýyşlarynyň erkinligidir, ýagny adamyň özüniň we özgeleriň hereketlerine, öz ýaşaýan dünýäsiniň hadysalaryna öz ýaşaýan jemgyýetinde ykrar edilen ahlak, hukuk, dini, däp-dessur we beýleki kadalaryň esasynda içki baha kesmegidir. Mysal üçin, özge birini aldamak, eger-de bu hereket aldananyň emlägine ýa-da beýleki kanun tarapyndan goralýan hukuklaryna we bähbitlerine zyýan ýetirmeýän bolsa hem erbet etmiş bolup durýar.

*Dine uýmak erkinligi* bolsa, bu ähli zadyň ýaradyjysy we dörediji bolan, iň adalatly, iň ynsanperwer, her bir ynsanyň ahlak arassalygy barada alada edýän we her bir bendesini ýaman etmişleri etmekden saklap, päkligiň hem halallygyň dogry ýoluna gönükdirýän, gudraty güýçli Hudaýyň bardygyna ynanmaga bolan mümkinçiligi aňladýar. 2003-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda kabul edilen «Dine uýmak erkinligi we dini guramalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, dine uýmak erkinligi – munuň özi raýatlaryň islendik dine uýmaga ýa-da hiç bir dine uýmazlyga, dine bolan gatnaşyk bilen baglanyşykly garaýyşlaryny beýan etmäge we ýaýratmaga, dini ybadatlary, däp-dessurlary berjaý etmäge gatnaşmaklyga bolan, döwlet tarapyndan kepillendirilen konstitusion hukugydyr. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 12-nji maddasynyň 1-nji bendinde görkezilişi ýaly, Türkmenistanda döwlet dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanun öňünde deňligini kepillendirýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistan dünýewi döwletdir. Dini guramalar Türkmenistanda döwletden bölünip aýrylandyr. Türkmenistanda beýleki dinlere garanyňda belli bir din üçin ýa-da beýleki bir dinlere uýmaklyga garanyňda belli bir dine uýmaklyk üçin haýsydyr bir artykmaçlygyň ýa-da oňa çäklendirmäniň bellenilmegine ýol berilmeýär.

Döwlet dine uýýan we uýmaýan raýatlaryň hem guramalaryň arasynda we olaryň dürli dine uýýan agzalarynyň arasynda özara sabyrlylyk ýagdaýyny hem-de birek-birege sarpa goýmagy üpjün etmäge ýardam edýär, dürli dini guramalaryň arasynda gapma-garşy durmaga, gatnaşyklary ýitileşdirmäge, duşmançylygy öjükdirmäge gönükdirilen dini ýa-da gaýry köre-körlügiň we aşa birtaraplylygyň ýüze çykmagyna ýol bermeýär.

Türkmenistan dini guramalaryň üstüne haýsydyr bir döwlet wezipelerini ýüklemeýär, olaryň işine, eger munuň özi kanunçylyga garşy gelmeýän bolsa

gatyşmaýar. Döwlet dini guramalaryň işini we ateizmi[1] wagyz etmek baradaky işi maliýeleşdirmeýär. Türkmenistanda dini alamaty boýunça syýasy partiýalary we jemgyýetçilik hereketlerini, şeýle hem döwlete dahylsyz döredilýän dini partiýalaryň şahamçalaryny we bölümlerini döretmäge hemem olaryň işlemegine ýol berilmeýär[2].

Kanuna laýyklykda dini guramalar Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmäge borçludyr. Dini döwlete, konstitusiýa garşy gelýän ýagdaýda wagyz etmek, duşmançylygy, ýigrenjiligi, milletara gapma-garşylygy oýarmak, jemgyýetde ahlak esaslaryny we raýat ylalaşygyny bozmak, ýagdaýy durnuksyzlaşdyrýan töhmetçilikli toslamalary ýaýratmak, ilat arasynda howsala döretmek, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary bulaşdyrmak hem-de döwlete, jemgyýete, şahsyýete garşy gönükdirilen beýleki hereketleri amala aşyrmak maksady bilen peýdalanmak ýol berilmesizdir.

Ýykgynçylyga, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna we beýleki jenaýatlara ýardam edýän, şeýle hem şolary wagyz edýän dini guramalaryň, akymlaryň, toparlanşyklaryň we başga guramalaryň işi gadagan edilýär. Şonuň ýaly-da döwlet edaralaryna, wezipeli adamlara zor salmaga bolan her hili synanyşyk, şeýle hem gizlinlikde dini işi alyp barmak, şol sanda ony öý şertlerinde geçirmek Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan yzarlanylýar.

Salgylanylýan kanunyň 8-nji maddasyna laýyklykda, dini gurama – Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan dini ynançlaryny bilelikde berjaý etmek we ýaýratmak maksady bilen döredilen hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýuridik şahs hökmünde hasaba alnan, meýletin birleşmedir. Dini gurama Türkmenistanyň kämillik ýaşyna ýeten we Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik ýaşaýan raýatlarynyň azyndan bäşisiniň başlangyjy boýunça döredilýär. Adatça bolşy ýaly, ýokary dini bilimi bolan Türkmenistanyň raýatlary dini guramalaryň ýolbaşçylary bolup bilýärler.

Dini guramalar özleriniň tertipnamalaryny (ustawlaryny) düzmäge we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Din işleri baradaky geňeşiň razylygy bilen zyýarat etmek hem-de beýleki dini çärelere gatnaşmak maksady bilen halkara gatnaşyklaryny ýola goýmaga we saklamaga haklydyr.

Esasy Kanunymyzyň 12-nji maddasynda berkidilen konstitusion kada laýyklykda, Türkmenistanda döwletiň bilim ulgamy dini guramalardan aýrydyr we ol dünýewi häsiýete eýedir. Bu kada hem konstitusiýanyň 1-nji maddasynda

[1] Gr. atheos – hudaýsyzlyk, adamzat taryhynyň dowamynda dörän, Hudaýyň bardygyny inkär etmek baradaky garaýyşlaryň jemini aňladýar.

[2] «Dine uýmak erkinligi we dini guramalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasy.

berkidilen hukuk kadasyndan gelip çykýar. Döwletiň bilim ulgamynyň dini guramalardan aýry bolmagy bilen birlikde, Türkmenistanda raýatlara dünýewi bilim almaga bolan hukuk olaryň dine bolan garaýşyna garamazdan üpjün edilýär. Şonuň ýaly-da döwlet tarapyndan Türkmenistanyň raýatlaryna, olaryň öz islegine görä özbaşdak ýagdaýda hem, başgalar bilen bilelikde hem dini taglymaty öwrenmäge, dini bilim almaga hukugy kepillendirilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 12-nji maddasynyň 2-nji bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanda her bir adam dine garaýşyny özbaşdak kesgitleýär. Türkmenistanyň raýatlary dini ynam-ygtykatlaryna garamazdan, raýatlyk, syýasy, ykdysady, durmuş barada we medeni durmuşyň ähli ugurlarynda kanunyň öňünde deňdirler. Resminamalarda raýatyň dine bolan garaýşy barada maglumatyň görkezilmegine ýol berilmeýär.

Raýatyň ýeke özi ýa-da beýleki adamlar bilen bilelikde islän dinine uýmaga ýa--da hiç bir dine uýmazlyga, şonuň ýaly-da dine bolan garaýyşlary bilen baglanyşykly ynam-ygtykatlaryny beýan etmäge we ýaýratmaga, dini adatlary, däp-dessurlary berjaý etmäge gatnaşmaga haky bardyr. Bu hukuk kadasy bolsa, raýatlaryň dine uýmaga ýa-da uýmazlyga, ybadat etmäge gatnaşmaga ýa-da gatnaşmazlyga, dini däp-dessurlara we dabaralara gatnaşmaga ýa-da gatnaşmazlyga, dini bilim almaga bolan garaýyşyny kesgitlän mahaly haýsydyr bir mejbur etmeklige ýol berilmeýändigini, şonuň ýaly-da kämillik ýaşyna ýetmedikleri dini guramalara kabul etmäge, şeýle hem olaryň erk-isleginiň, ata-eneleriniň we olaryň ornuny tutýan adamlaryň erk-isleginiň garşysyna olary dini tarapdan okatmaga ýol berilmeýändigini aňladýar.

Şonuň bilen birlikde-de Türkmenistanda dine uýmak erkinligine bolan hukugyň amala aşyrylmagy jemgyýetçilik hukuk tertibine garşy gelmeli däldir. Bu hukugyň amala aşyrylmagy diňe milli howpsuzlygy we jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, kadaly durmuş ýagdaýyny, saglygy, ahlagy, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak zerurlygy ýüze çykan mahaly wagtlaýyn çäklendirilip bilner. Daşary ýurtly raýatlar we raýatlygy bolmadyk adamlar, Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan ýa-da wagtlaýyn bolýan adamlar Türkmenistanyň raýatlary bilen bir hatarda dine uýmak erkinligine bolan hukukdan peýdalanýarlar we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

## §3. Türkmenistanyň raýatlarynyň syýasy hukuklary we azatlyklary

### 3.1. Erkin pikir ýöretmäge we pikirini beýan etmäge bolan hukuk

Türkmenistantyň raýatlarynyň syýasy hukuklarynyň ilkinjisi hökmünde, erkin pikir ýöretmäge we pikirini beýan etmäge, maglumatlary almaga bolan hukugy görkezmek bolar. Bu Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Türkmenistanyň raýatlarynyň öz ynam-ygtykatlaryna erkin eýermäge we olary erkin beýan etmäge, şeýle hem döwlet syryndan we kanun tarapyndan goralýan beýleki syrlardan başga maglumatlary almaga hukuklary bardyr[1]» diýen görnüşde berkidilýär.

Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Paktyň 19-njy maddasyndan ugur almak bilen Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 28-nji maddasynda Türkmenistanyň raýatlarynyň öz ynam-ygtykadyna erkin eýermäge we ony erkin beýan etmäge bolan hukuklary yglan edilýär we kepillendirilýär. Bu hukuklar gönüden-göni adamyň ruhy hem döredijilik erkinligine bolan hukuklarynyň aňlatmasydyr. Şonuň bilen birlikde-de pikir we söz erkinligi bolmazdan adamlaryň öz ynançlaryny wagyz etmäge (agitasiýa we propaganda), ylmy seljerişleri geçirmegiň, döredijilik we mugallymçylyk işi bilen meşgullanmagyň erkinligine, erkin saýlawlara bolan hukuklaryny amala aşyryp bilmejekdikleri hem öz-özünden düşnüklidir.

*Pikir we söz azatlygyna bolan hukuk* – bu adamyň we raýatyň esasy konstitusion hukuklarynyň biridir. Pikir azatlygyna bolan hukuk örän özboluşly hukuk bolup durýar. Sebäbi bu aňlatma ýüzleý seredeniňde manysyz ýaly bolup görünýär. Pikir erkinligini nädip üpjün edip bolýar? Aslynda bu hukugyň kanunda berkidilmegi gerekmikä beri? Çünki pikir şeýle-de adamyň beýnisinde erkin ýagdaýda bolýar. Kimdir biriniň özi üçin zyýanly boljak haýsydyr bir netijelerden gorkup, öz sözüni aýtmakdan çekinmegi ahmal. Sebäbi söz – bu ses, owaz, adam ony geplände ony özgeler hem eşidýärler. Emma adamyň pikirini welin onuň özünden başga anyk hem takyk bilip biljek adam ýok.

Ýöne adamyň pikir azatlygyna, ýagny öz ynam-ygtykadyna erkin eýermäge bolan hukugyny Esasy Kanunda yglan etmek we kepillendirmek bilen kanun çykaryjy birnäçe ýagdaýlary göz öňünde tutýar.

*Birinjiden*, jemgyýetde adamyň erkin pikirlenip bilmegi, özüni azat we erkana duýmagy üçin zerur şertleri döretmek hem-de şahsyýetiň üstünden göýdük aňyýet basyşyny ýok etmek;

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 28-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

*Ikinjiden*, pikir azatlygy ilkinji nobatda adamyň öz pikirlerini beýan etmeginiň erkinligini aňladýar. Ýöne adamyň öz ynam-ygtykadyny erkin beýan etmäge bolan hukugy söz azatlygyna bolan hukukdan hem käbir aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Sebäbi söz adamyň öz pikirlerini beýan etmeginiň esasy hem bolsa ýeke-täk serişdesi däldir. Adam öz pikirini başga-da bir topar hereketler, zatlar bilen beýan edip we ýaýradyp bilýär. Mysal üçin, keşbiniň, bedeniniň hereketleri (mimika[1], žest[2]), suratlar, ýazgylar, saz, raks oýny (tans[3]) bilen we ş.m.

*Söz azatlygyna bolan hukuk* – bu adamyň öz garaýyşlaryny köpçülikde erkin beýan etmäge bolan hukugydyr. Bu hukuk gönüden-göni köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň azatlygy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi adamyň söz azatlygyna bolan hukugy onuň gündelik durmuşynda-da, beýleki adamlar bilen dürli gatnaşyklarynda, ýagny onuň jemgyýetçilik durmuşynda-da ýüze çykyp bilýär. Adamyň öz pikirlerini söz arkaly erkin beýan etmegi bolsa köp halatda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň kömegi bilen amala aşyrylýar.

1991-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda kabul edilen Türkmenistanda metbugat we beýleki köpçülikleýin informasiýa[4] serişdeleri hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň 2-nji maddasyna laýyklykda, köpçülikleýin maglumat diýlende, jemagat arasynda ýaýradylýan, çap edilen, audio[5] we audiowizual habarlara we gaýry maglumatlara düşünilýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri diýlende, gazetlere[6], žurnallara[7], teleprogrammalara[8] we radioprogrammalara, kinodo-

---

[1] Gr. mimikos – öýkünijilik, adamyň ýüzüniň etleriniň kömegi bilen öz pikirini beýan etmegini aňladýar;

[2] Fr. gestes – hereketler, kinetiki («**kinetikos** – herekete getirýän» diýen grek sözi) dili, ýagny adamlaryň hereketleriň üsti bilen gepleşmegini aňladýar. Bu dilde geplemek lallara we kerlere mahsusdyr;

[3] Nem. tanz – hereket, sazlaşykly beden hereketleriniň üsti bilen duýguny we pikiri beýan etmegiň sungatyny aňladýar;

[4] Lat. informatio – düşündiriş, habar, adamlaryň dil üsti ýa-da dürli usullaryň kömegi bilen birek--birege berýän maglumatlaryny aňladýar.

[5] Lat. audio – eşidýärin;

[6] «Gazzetta» diýen gadymy Wenesiýada ilkinji gazetler üçin tölenilen şaýynyň adyndan gelip çykyp, döwürleýin maglumatlary çap edilýän metbugat sahypalaryny aňladýar. Ilkinji gazet b.e.öň 100–44-nji ýyllarda ýaşap geçen Gaý Ýuliý Sezar tarapyndan ilki «Senatyň işleri» soňra «Halkyň gündelik jemgyýetçilik işleri» diýen at bilen çap edilip başlanypdyr;

[7] Fr. journal – gündelik, yzygiderli metbugat serişdesini aňladýar. Ilkinji žurnal, 1665-nji ýylda Fransiýada «journal des scavants» ady bilen çap edilip başlanypdyr;

[8] Gr. programma – bildiriş, görkezme, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde belli bir ugur boýunça söhbetleri hem şekilli görnüşleri (sýužetleri «sujet – zat» diýen fransuz sözi) özünde jemleýän tele, radio ýa-da kino gepleşigi aňladýar.

kumentalistika[1], jemagat arasynda ýaýradylýan köpçülikleýin habar berşiň beýleki döwürleýin görnüşlerine düşünilýär.

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerine döwürleýin metbugatyň, tele we radio gepleşigiň redaksiýalary[2] (maglumat beriş agentlikler[3] we köpçülikleýin habar beriş serişdelerini çykarýan beýleki edaralar) tarapyndan wekilçilik edilýär.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň erkinligi Esasy Kanunyň 28-nji maddasynda bellenilen hukuk kadasyndan gelip çykýar we köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde adamlaryň islendik görnüşde öz pikirlerini we garaýyşlaryny aýtmaga, maglumatlary we esasgoýujy pikirleri gözlemäge, saýlamaga, almaga we ýaýratmaga bolan hukugy aňladýar. Türkmenistanda metbugat we beýleki köpçülikleýin informasiýa serişdeleri hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda köpçülikleýin habar beriş ulgamynda senzura[4] ýol berilmeýär.

Şonuň bilen birlikde-de köpçülikleýin habar beriş serişdelerini jenaýat temmisi berilýän etmişleri etmek maksady bilen, döwlet syryny ýa-da kanun tarapyndan ýörite goralýan başga syrlary emele getirýän maglumatlary aýan etmek, bar bolan döwlet we jemgyýetçilik gurluşyny zorluk bilen agdarmaga ýa-da üýtgetmäge çagyryş, urşy, zorlugy we zabunlygy, jyns, milli, dini taýdan tapawutlylygy ýa--da oňşuksyzlygy wagyz etmek, ýaýratmak, jynsy gatnaşyklary-da wejeralygy (pornografiýany[5]) ýaýratmak üçin peýdalanmaga ýol berilmeýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerini raýatlaryň şahsy durmuşyna gatyşmak, olaryň abraýyna we mertebesine hyýanat etmek üçin peýdalanmak hem Türkmenistanyň kanunlarynda gadagan edilýär we yzarlanylýar.[6]

Bu gadaganlyklar raýatlaryň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen girizilýär. Şonuň ýaly--da tutuş jemgyýetiň we döwletiň howpsuzlygyny üpjün etmek maksatlaryndan ugur alyp, Türkmenistanyň Adatdan daşary ýagdaýyň hukuk düzgüni hakyndaky kanunynyň 7-nji maddasynyň 13-nji bendine laýyklykda, adatdan daşary ýagdaý

---

[1] Gr. kineo – hereket edýärin, hereket etdirýärin we Lat. documentum-şaýatlyk, hakykatda bolan hadysalary we adamlary kinosurata düşürip, dokumental filmleri («**film** – pleýenka» diýen iňlis sözi) taýýarlamagy aňladýar.

[2] Lat. redactus – tertibe salnan, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň ulgamynda dolandyryş birligini aňladýar;

[3] Lat. agentis – hereket edýän, maglumatlary toplamak, işlemek we ýaýratmak bilen meşgullanýan guramany aňladýar;

[4] Lat. sensura – zabun seljermek, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine berk gözegçilik edilmegini we olaryň erkinliginiň çäklendirilmegini aňladýar;

[5] Gr. porno – azgynlyk, graf – ýazgy, sungatda jynsy gatnaşyklaryň wejera görnüşde şekillendirilmegini aňladýar;

[6] Türkmenistanda metbugat we beýleki köpçülikleýin informasiýa serişdeleri hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasy.

düzgüni girizilen halatynda, olar babatda senzura çärelerini girizmek, olaryň maglumat toplamak, işlemek we ýaýratmak bilen baglanyşykly işlerini wagtlaýyn bes etmek arkaly köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň erkinligi wagtlaýyn togtadylyp bilinýär.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň erkinliginiň iň möhüm düzüm bölegi bu çygyrda zähmet çekýän hünärmenleriň, ýagny žurnalistleriň hünär hukuklarynyň möçberi bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, žurnalistika – bu kanuna laýyklykda, köpçülikleýin habar beriş serişdesi arkaly ýaýratmak üçin maglumatlary toplamak, döretmek, tertibe salyp işlemek ýa-da taýýarlamak işidir. Köpçülikleýin habar beriş edarasy bilen zähmet ýa-da beýleki şertnama gatnaşyklary arkaly baglanyşykly bolan ýa-da onuň ygtyýar bermegi boýunça şeýle iş bilen meşgullanýan adama bolsa žurnalist diýilýär.

Salgylanylýan kanunyň 30-njy maddasyna laýyklykda žurnalistiň maglumatlary gözlemäge, almaga we ýaýratmaga, öz hünär borçlaryny amala aşyrmagy bilen bagly wezipeli adam tarapyndan kabul edilmäge, kanunda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda islendik ýazgylary ýazmaga, şol sanda audio-görüş tehniki serişdelerini peýdalanyp ýazgy etmäge, kino we fotoplenka surata düşürmäge, şahadatnamasyny görkezenden soň tebigy betbagtçylygyň bolan ýerlerinde bolmaga, ýygnaklara we ýörişlere gatnaşmaga, gelip gowşan maglumatlar bilen faktlar we ýagdaýlar barlananda hünärmenlere ýüz tutmaga, öz ynam-ygtykatlaryna ters gelýän maglumaty öz goluny goýup taýýarlamakdan boýun gaçyrmaga, öz pikirine görä, maglumatlary redaksion taýýarlamagyň dowamynda mazmuny ýoýlan maglumatlaryň aşagyndan öz goluny aýyrmaga, awtorlyk syrynyň saklanmagy hakynda şert goýmaga we ş.m. hukuklary bardyr.

Mälim bolşy ýaly, hukugyň bolmagy borçlaryň bolmagy bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Kanun žurnalistleriň belli bir hukuklaryny kepillendirmek bilen birlikde olaryň esasy borçlaryny hem kesgitleýär. Kanuna laýyklykda žurnalistler, özleriniň zähmet gatnaşyklarynda bolan köpçülikleýin habar beriş edarasynyň iş maksatnamasyny amala aşyrmaga we öz gulluk borçlaryny berjaý edenlerinde redaksion düzgünnamadan ugur almaga, öz habar berýän maglumatlarynyň hakykata laýyklygyny barlamaga, eger şeýle maglumat ilkinji gezek aýan edilýän bolsa, onda maglumaty beren adamlaryň öz awtorlygyny görkezmek baradaky haýyşlaryny kanagatlandyrmaga, eger redaktoryň (baş redaktoryň) ýa-da redaksiýanyň özüne beren tabşyrygy kanunyň bozulmagy bilen baglanyşykly bolsa, ony ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga, raýatlaryň hukuklaryny, kanuny bähbitlerini, milli mertebesini, edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini hormatlamaga borçludyr.

17. Sargyt № 1499.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 28-nji maddasynda Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet syryndan we kanun tarapyndan goralýan beýleki syrlardan başga maglumatlary almaga hukuklary berkidilýär. Maglumat almaga bolan hukugyň mazmunyny her bir adamyň öz erkin erk-isleginiň esasynda kanun esasynda goralýan syrlardan gaýry maglumatlary gözläp tapmak, olary almak, beýleki fiziki we ýuridik şahslara geçirmek, şol maglumatlary özleri döretmek we ýaýratmak üçin döredilýän mümkinçilikler emele getirýär.

Döwlet syry we kanun tarapyndan goralýan beýleki syrlar bolup durýan maglumatlaryň gorag düzgüni we şol düzgüniň bozulmagy üçin jogapkärçilik, 1995-nji ýylyň 24-nji noýabrynda kabul edilen, Döwlet syrlaryny goramak hakynda we 1994-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda kabul edilen, Algoritmleriň[1], elektron hasaplaýjy maşynlar (EHM) üçin programmalaryň[2], maglumat bazalarynyň[3] we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň[4] hukuk taýdan goralyşy hakyndaky, 2000-nji ýylyň 19-njy dekabrynda kabul edilen Täjirçilik syry hakyndaky we Elektron resminama hakyndaky kanunlarda hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilýär.

## 3.2. Beýleki raýatlar bilen birleşmeler döretmäge bolan hukuk

Türkmenistanyň raýatlarynyň beýleki raýatlar bilen birleşmeler döretmäge bolan hukuklary Esasy Kanunymyzyň 30-njy maddasynda: «Raýatlar konstitusiýanyň we

[1] «Algorismus» diýen latyn sözi meşhur türkmen matematigi, 787-850-nji ýyllarda ýaşap geçen Muhammet ibn Musa al-Horezminiň «al-Horezmi» adynyň latyn diline görä üýtgedilen görnüşinden gelip çykyp, berlen meseläni çözmek üçin edilýän amallaryň ýeke-täk yzygiderliliginiň netijeli beýanyny aňladýar;

[2] Bu elektron hasaplaýjy maşynlaryň (EHM-leriň) we beýleki kompýuter («**computo** – sanaýaryn» diýen latyn sözi) enjamlaryň belli bir netijäni almak maksady bilen, işlemegi üçin niýetlenilen maglumatlaryň we tabşyryklaryň bilelikdäki jeminiň obýektiw görnüşidir (formasydyr). EHM üçin programma diýlende, programma işlenilip düzülýän wagtda alnan taýýarlyk materiallaryna we onuň emele getirýän audiowizual şöhlelenmelerine hem düşünilýär;

[3] Bu «basis – sütüniň esasy» diýen grek sözünden gelip çykyp, düşünjeleriň we maglumatlaryň jemini guramagyň (mysal üçin, makalalaryň, hasaplamalaryň) EHM-niň kömegi bilen maglumatlary tapyp we gaýtadan işläp bolar ýaly edip ulgamlaşdyrylan obýektiw görnüşini aňladýar;

[4] Bu gutarnykly ýa-da aralyk görnüşdäki mikroelektron önümdir, ol elektron shemalaryň wezipelerini ýerine ýetirmek üçin niýetlenendir we düzüm bölekler hem-de olaryň arabaglanyşygy önüm öndürmek üçin niýetlenen materialyň göwrüminde ýa-da üstünde üznüksiz ýerleşdirilendir; **Integral-mikroshemalaryň topologiýasy** – bu integral mikroshemalaryň ähli düzüm bölekleriniň ýörite materiallarda giňişlik – geometrik ýerleşişiniň we olaryň arasyndaky baglanyşyklaryň jemidir. **Integral** «integer – bütewi» diýen latyn sözünden, **mikroshema** «mikros – kiçi, schema – daşky görnüşi, galyby» diýen grek sözlerinden, **topologiýa** «topos – ýer, logos – okuw» diýen grek sözlerinden gelip çykan adalgalar.

kanunlaryň çäklerinde hereket edýän syýasy partiýalary we gaýry jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge haklydyrlar. Konstitusion gurluşy zorluk bilen üýtgetmegi maksat edinýän, özleriniň alyp barýan işinde zorlugy ulanmaga ýol berýän, raýatlaryň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy çykyş edýän, urşy, teniniň reňki boýunça, milli, dini duşmançylygy wagyz edýän, halkyň saglygyna we ahlak sypatlaryna hyýanat edýän syýasy partiýalaryň, beýleki jemgyýetçilik, harbylaşdyrylan birleşikleriň, şeýle hem milli ýa-da dini alamatlar boýunça syýasy partiýalaryň döredilmegi we işlemegi gadagan edilýär» diýen görnüşde berkidilýär.

Bu hukuk Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Paktyň 22-nji maddasynyň 1-nji bendinde berkidilýär. «Raýatlaryň birleşmeleri» diýen düşünje öz aňladýan manysy boýunçä örän giňdir we raýatlar tarapyndan döredilýän birleşmeleriň dürli görnüşleri babatda ulanylýarlar. Raýatlaryň birleşmeleri esasan şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- belli bir jemgyýetçilik (jemgyýetçilik-syýasy) garaýyşlaryň we bähbitleriň umumylygyndan ugur alnyp döredilen jemgyýetçilik birleşikleri;
- şahsy, ruhy garaýyşlaryň we bähbitleriň umumylygyndan (din we ynanç birliginden) ugur alnyp döredilen dini birleşmeleri;
- çäkleýin bähbitleriň umumylygyndan ugur alnyp döredilen ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary;
- täjirçilik işi bilen baglanyşykly bähbitleriň umumylygyndan ugur alnyp döredilen dürli hojalyk häsiýetli ýoldaşlyk kärhanalary.

Şu birleşikleriň ählisi hem döwlete degişli bolmadyk ýagny, jemgyýetçilik birleşikleri bolup durýarlar. Ýöne welin, konstitusion hukuk ylmynda raýatlaryň syýasy partiýalary we jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge bolan hukugy diýlende, jemgyýetçilik birleşikleriniň ýokarda görkezilen görnüşlerinden diňe jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlaryň we bähbitleriň umumylygyndan ugur alnyp döredilen jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge bolan hukuk göz öňünde tutulýar. Sebäbi jemgyýetçilik birleşikleriniň galan üç görnüşini döretmek wyždan azatlygyna we dine uýmagyň erkinligine, raýatlaryň ýerli öz-özüni dolandyryşy amala aşyrmaga, telekeçilik ýa-da ykdysady işiň gaýry görnüşlerini amala aşyrmak üçin öz ukyplaryny we emläklerini erkin ulanmaga bolan hukuklarynyň düzüm bölegi bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, jemgyýetçilik birleşikleri raýatlar tarapyndan olaryň öz bähbitlerini beýan etmek we goramak üçin döredilýär. Esasy Kanunyň bu maddasy hem Türkmenistanyň raýatlarynyň jemgyýetçilik birleşiklerini erkin döretmäge we şol birleşikleriň kanunyň çäklerinde erkin hereket etmeklerine bolan hukuklaryny kepillendirýär. Kanuna laýyklykda hiç bir raýat haýsydyr bir jemgyýetçilik guramasyna agza bolmaga we onuň düzüminde hereket etmäge mejbur edilip bilinmez. 2003-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda kabul edilen Jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasyna laýyklykda,

Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, Türkmenistanyň kämillik ýaşyna ýeten raýatlary jemgyýetçilik birleşikleriniň (eger olaryň tertipnamalarynda agzalyk göz öňünde tutulmaýan bolsa) döredijileri, agzalary, gatnaşyjylary bolup bilýärler. Türkmenistanyň 14 ýaşyna ýeten raýatlary bolsa ýaşlaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň agzalary, Türkmenistanyň 8 ýaşyna ýeten raýatlary çagalar jemgyýetçilik birleşikleriniň agzalary we gatnaşyjylary bolup bilýärler.

Jemgyýetçilik birleşikleriniň agzalygyny gazanmagyň, ýitirmegiň şertleri we tertibi, şol sanda olaryň agzalygyndan ýaşy boýunça çykmagyň şertleri degişli jemgyýetçilik birleşikleriniň tertipnamalary arkaly kesgitlenilýär. Döwlet tarapyndan islendik resminamalarda ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik birleşigine agzalygyň görkezilmegi barada talap etmäge ýol berilmeýär. Raýatlaryň jemgyýetçilik birleşiklerine degişlidigi ýa-da degişli däldigi olaryň hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmäge esas hökmünde, döwlet tarapyndan olara haýsydyr bir ýeňillikleriň we artykmaçlyklaryň berilmegi üçin şert hökmünde hyzmat edip bilmeýär.

Emma Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan käbir halatlarda jemgyýetçilik birleşikleriniň aýry-aýry görnüşleriniň agzalaryna kanun esasynda käbir ýeňillikler we artykmaç hukuklar berlip bilinýär. Mysal üçin, Kärdeşler Arkalaşygynyň agzalary öz iş ýerlerinde Kärdeşler Arkalaşygynyň agzasy bolmadyk işçilere, gullukçylara garanyňda dynç alyş ýollamalaryny arzanladylan bahadan almak, dürli maşgala ýagdaýlary ýüze çykanda goşmaça hemaýat pullarynyň berilmegi ýaly ýeňilliklerden peýdalanyp bilýärler.

Döwlet edaralary jemgyýetçilik birleşikleriniň döredijileri, agzalary we gatnaşyjylary bolup bilmeýärler. Sebäbi jemgyýetçilik birleşikleri raýatlaryň meýletin baslangyjy bilen diňe jemgyýetçilik esaslarda döredilýärler. Halkara jemgyýetçilik birleşikleriniň işine Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan daşary ýurtly raýatlar, raýatlygy ýok adamlar we ýuridik şahslaryň hukuk ýagdaýyna eýe bolan Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň jemgyýetçilik birleşikleri hem gatnaşyp bilýärler. Umumymilli jemgyýetçilik birleşikleriniň işine ýuridik şahslaryň hukuk ýagdaýyna eýe bolan Türkmenistanyň jemgyýetçilik birleşikleriniň hem gatnaşmaga doly hukugy bardyr.

Türkmenistanda jemgyýetçilik birleşikleriniň dört sany görnüşi bardyr:

● *Jemgyýetçilik guramasy* – bu agzalyga esaslanýan, ýagny düzümine girýän şahslar agza hökmünde kabul edilýän, umumy bähbitlerini goramak we tertipnamalaýyn maksatnamalaryny amala aşyrmak üçin birleşen raýatlaryň bilelikde iş alyp barmaklary üçin döredilen jemgyýetçilik birleşigidir. Jemgyýetçilik guramasynyň iň ýokary ýolbaşçy edarasy gurultaý (konferensiýa) ýa-da umumy ýygnak bolup durýar. Jemgyýetçilik guramasynyň hemişelik işleýän ýolbaşçy edarasy gurultaýa ýa-da umumy ýygnaga hasabat berýän saýlawly, geňeşli edara hasaplanylýar.

● *Jemgyýetçilik hereketi* – bu gatnaşyjylardan ybarat bolan we agzalygy bolmadyk gatnaşyjylaryň öz öňlerinde goýan sosial, syýasy we jemgyýetçilige peýdaly gaýry maksatlara eýerýän köpçülikleýin jemgyýetçilik birleşigidir. Jemgyýetçilik hereketiniň iň ýokary ýolbaşçy edarasy gurultaý ýa-da umumy ýygnak bolup durýar. Jemgyýetçilik hereketiniň hemişelik hereket edýän ýolbaşçy edarasy gurultaýa ýa-da umumy ýygnaga hasabat berýän saýlawly, geňeşli edaradyr.

● *Jemgyýetçilik gaznasy* – bu täjirçilik däl gaznalaryň görnüşleriniň biri bolup, ol agzalygy bolmadyk jemgyýetçilik birleşigidir. Onuň maksatlary meýletin gatançlaryň, Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik usulda gazanylan we gelip gowuşýan beýleki serişdeleriň esasynda emlägi emele getirmekden hem-de şol emlägi jemgyýetçilige peýdaly maksatlar üçin peýdalanmakdan ybarat bolup durýar. Jemgyýetçilik gaznasyny döredijileriň we onuň emlägini dolandyryjylaryň şol görkezilen emlägi öz bähbitleri üçin peýdalanmaga haky ýokdur. Jemgyýetçilik gaznasynyň ýolbaşçy edarasy ony döredijiler we oňa gatnaşyjylar tarapyndan ýa-da jemgyýetçilik gaznasynyň döredijileriniň maslahatlary ýa-da aýry-aýrylykda bellemek görnüşinde kabul edilen çözgüdi bilen, ýa gurultaýda, ýa-da umumy ýygnakda saýlamak arkaly gatnaşyjylar tarapyndan düzülýär.

● *Jemgyýetçilik höwesjeňlik edarasy* – bu raýatlaryň ýaşaýan, okaýan ýa-da işleýän ýerinde ýüze çykýan, bähbitleri öz döredilýän ýeri boýunça jemgyýetçilik höwesjeňlik edarasynyň tertipnamalaýyn maksatlaryna ýetmek we şol maksatnamalaryny durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly bolan adamlaryň çäklendirilmedik toparynyň talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen hem-de dürli durmuş meselelerini bilelikde çözmek üçin dötredilen, agzalygy bolmadyk jemgyýetçilik birleşigidir. Jemgyýetçilik höwesjeňlik edarasy görkezilen meseleleri çözmek bilen gyzyklanýan raýatlaryň başlangyjy boýunça düzülýär we döredijileriň ýygnagynda kabul edilen tertipnama laýyklykda öz işini öz-özüni dolandyryş esasynda guraýar. Jemgyýetçilik höwesjeňlik edarasynyň ýokarda durýan edaralary ýa-da guramalary ýokdur.

Görkezilenlerden başga-da, jemgyýetçilik birleşikleri birleşip bilelikde jemgyýetçilik bileleşiklerini (assosiýasylaryny) hem döredip bilýärler. Jemgyýetçilik birleşikleriniň bileleşigi, jemgyýetçilik birleşikleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşlerine garamazdan, täze jemgyýetçilik birleşiklerini emele getirmek bilen, birleşikleriň kabul eden döredіş şertnamalary ýa-da tertipnamalary esasynda döredilýär. Jemgyýetçilik birleşikleriniň bileleşikleriniň hukuk şahsy hökmunde hukuklary we borçlary olar döwlet belligine alnan pursatyndan başlap ýüze çykýar. Jemgyýetçilik birleşikleriniň bileleşikleriniň döredilmegi, işlemegi, gaýtadan guralmagy we ýatyrylmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jemgyýetçilik birleşikleri, kanunyň öňünde deňlik, meýletinlik, deňhukuklylyk, öz-özüňi dolandyrmak, öz

içerki düzümini, maksatlaryny, görnüşlerini we usullaryny kesgitlemegiň erkinligi we kanunylyk ýörelgeleriniň esasynda döredilýär hem-de öz işlerini görkezilen ýörelgeleriň esasynda amala aşyrýar. Şonuň ýaly-da Kanun jemgyýetçilik birleşikleriniň işiniň aýanlyk ýörelgesiniň esasynda guralmagyny, olaryň dörediliş we maksatnamalaýyn resminamalary hakyndaky maglumatlaryň hemmeler üçin elýeterli bolmagyny hem talap edýär.

Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda, döwlet edaralarynyň we olaryň wezipeli adamlarynyň jemgyýetçilik birleşikleriniň işine gatyşmaklygyna, şonuň ýaly-da jemgyýetçilik birleşikleriniň döwlet edaralarynyň we olaryň wezipeli adamlarynyň işine gatyşmaklygyna ýol berilmeýär. Diňe Türkmenistanyň Kanunlarynda göz öňünde tutulan halatlarda döwlet edaralary we wezipeli adamlar jemgyýetçilik birleşikleriniň işine gözegçilik edip, olary barlap we olaryň işini togtadyp ýa-da bes edip bilýärler.

Döwlet jemgyýetçilik birleşikleriniň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegini üpjün edýär, olaryň işini goldaýar, olara salgytlar barada we beýleki ugurlarda ýeňillikleriň hem-de artykmaçlyklaryň berilmegini kanunlar arkaly düzgünleşdirýär. Döwlet goldawy jemgyýetçilik birleşikleriniň ýüztutmalary boýunça olaryň jemgyýetçilige peýdaly aýry-aýry maksatnamalaryny belli bir maksatlar bilen maliýeleşdirmek (döwlet grantlary[1]), şertnamalaryň islendik görnüşlerini baglaşmak, şol sanda işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary etmek, dürli döwlet maksatnamalaryny bäsleşik (konkurs[2], tender[3]) esasynda jemgyýetçilik birleşikleriniň çäklendirilmedik toparynyň ýerine ýetirmegi üçin jemgyýetçilik sargydy[4] görnüşinde berlip bilinýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda jemgyýetçilik birleşikleriniň bähbitlerine dahylly meseleler degişli jemgyýetçilik birleşikleriniň gatnaşmagy bilen ýa-da olaryň ylalaşmagy boýunça döwlet edaralary tarapyndan çözülýär.

Türkmenistanyň Jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky kanunynyň 15-nji maddasyna laýyklykda, jemgyýetçilik birleşikleri sany bäşden az bolmadyk Türkmenistanyň raýatlary bolan döredijileriň başlangyjy bilen döredilýär. Kanunlarda göz öňünde tutulan halatlarda döredijileriň düzümine Türkmenistanyň raýatlary bilen bir hatarda daşary ýurt raýatlary, Türkmenistanyň we daşary

---

[1] Iňl. grant – sowgat, subsidiýa, medeniýet, ylym-bilim babatda belli bir taslamalary amala aşyrmak üçin bäsdeşlik esasynda yzyna gaýtarmasyz berilýän pullary aňladýar. **Subsidiýa** «subsidium – kömek, goldaw» diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

[2] Lat. concursus – çaknyşmak, bir ýere üýşmek, iň oňat gatnaşyjylary (taslamalary) ýüze çykarmak maskady bilen geçirilýän bäsleşigi aňladýar;

[3] Iňl. to tend – hyzmat etmek, hödürlemek, arza bermek, belli bir işleri ýerine ýetirmek üçin hödürlenýän hyzmatlaryň bäsleşigini aňladýar;

[4] Sargyt – bu döwletiň resmi aňyýet (ideologiýa) gönükdirmelerinden ugur alnyp amala aşyrylmaly, haýsydyr bir ylmy, çeper-döredijilik ýa-da medeni, umuman intellektual işi ýerine ýetirmek baradaky jemgyýetçilik birleşigine döwlet tarapyndan edilýän sargytdyr.

17. Sargyt № 1499.

döwletleriň ýuridik şahslary bolan jemgyýetçilik birleşikleri girip bilýärler. Halkara jemgyýetçilik birleşikleri öz işini Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrmaga borçludyrlar. Halkara we umumymilli jemgyýetçilik birleşikleri degişlilikde 50 we 500 agzalary ýa-da gatnaşyjylary bolan halatynda döredilip bilinýär. Jemgyýetçilik birleşigini döretmek we onuň tertipnamasyny tassyklamak baradaky, onuň ýolbaşçy hem-de gözegçilik-derňew edaralaryny düzmek hakyndaky çözgüt gurultaýda ýa-da umumy ýygnakda kabul edilýär.

Jemgyýetçilik birleşiginiň ýuridik şahs hökmünde hukuklylygy Türkmenistanyň Adalat ministrliginde hasaba alnandan hem-de birleşik hakyndaky maglumatlar ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyna (reýestre[1]) girizilenden soň ýüze çykýar. Jemgyýetçilik birleşikleri özleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşlerine garamazdan, Türkmenistanyň Raýat kodeksi we Türkmenistanyň beýleki kanunlarynda bellenen tertipde Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellige alynýar.

Jemgyýetçilik birleşikleriniň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyna girizilmegi hökmanydyr. Bellige alynmadyk jemgyýetçilik birleşiginiň işi gadagan edilýär. Bellige alynmadyk jemgyýetçilik birleşiginiň adyndan işi amala aşyrýan adam Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär. Şonuň bilen birlikde-de jemgyýetçilik birleşikleri halkara jemgyýetçilik guramalary bilen hyzmatdaşlyk edip, halkara gatnaşyklaryny hem-de aragatnaşyklaryny saklap, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň gatnaşmagynda degişli ylalaşyklary baglaşyp bilýärler.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, belli bir şahsa anyk hukuklaryň berilmegi, hökmany ýagdaýda onuň borçlarynyň möçberiniň hem kesgitlenmegini göz öňünde tutýar. Şonuň üçin hem hereket edýän kanunçylykda jemgyýetçilik birleşikleriniň borçlary-da berkidilýär. Salgylanylýan Kanunyň 22-nji maddasyna laýyklykda, jemgyýetçilik birleşikleri:

● Türkmenistanyň kanunçylygyny, şol sanda ygtyýarlylandyrylmaga degişli işiň görnüşi amala aşyrylanda ygtyýarnamalaşdyrmak hakyndaky kanunçylygy, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleriniň we kadalarynyň özleriniň iş çygyrlaryna degişli çäklerini, şeýle hem özleriniň tertipnamasy we beýleki dörediş resminamalary arkaly göz öňünde tutulan kadalary berjaý etmäge;

● hemişelik işleýän ýolbaşçy edarasynyň hakyky ýerleşýän ýerini, adyny we jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçysy hakyndaky maglumatlary görkezmek bilen öz işini dowam etdirmek hakynda her ýyl Türkmenistanyň Adalat ministrligine ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyna girizilýän maglumatlaryň möçberinde, şol görkezilen maglumatlar degişli döwlet edarasyna berilýänçä habar bermäge;

● Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň resmi ýüztutmasy boýunça jemgyýetçilik birleşiksiniň ýolbaşçy edaralarynyň we wezipeli adamlarynyň çözgütlerini,

[1] Lat. registrum – sanaw.

şeýle hem öz işi hakynda salgyt guramalaryna berilýän ýyllyk we çärýekleýin hasabatlary bermäge;

● geçirilýän çäreleriň senesi hakynda Türkmenistanyň Adalat ministrligine deslapdan habar bermäge, şeýle hem geçirilýän çärelere Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň wekillerini goýbermäge;

● tertipnamalaýyn maksatlaryny we Türkmenistanyň kanunçylygyny berjaý etmek bilen baglanyşyklylykda jemgyýetçilik birleşiginiň işi bilen tanyşmakda Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň wekillerine ýardam bermäge;

● bellige alynmaga degişli üýtgetmeleri, maglumatlary haýal etmän Türkmenistanyň Adalat ministrligine bermäge;

● jemgyýetçilik birleşikleri daşary ýurtlaryň tehniki we gaýry kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny Türkmenistanyň Adalat ministrliginde bellige aldyrmaga borçludyrlar.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jemgyýetçilik birleşigini şu aşakda görkezilen esaslar boýunça bellige almakdan boýun gaçyrylyp bilinýär:

● eger jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasy Türkmenistanyň konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky kanunynyň 4-nji, 5-nji, 16-njy, 17-nji maddalarynyň düzgünlerine we Türkmenistanyň beýleki kanunlaryna garşy gelýän bolsa;

● eger şol çäkde şol bir at bilen ozal başga bir jemgyýetçilik birleşigi bellige alnan bolsa we şol birleşik öz işini ýöredýän bolsa;

● eger döredilişresminamalary doly sanawynda berilmedik bolsa ýa-da olar talaba laýyk resmileşdirilmedik bolsa;

● eger bellige alynmak üçin berlen döredilişresminamalarynda görnetin ýalan maglumatlaryň bardygy anyklanan bolsa;

● eger jemgyýetçilik birleşiginiň ady raýatlaryň ahlaklylygyny, milli we dini duýgularyny masgaralaýan bolsa;

● eger jemgyýetçilik birleşigini döredijileriň biri ozal aýratyn agyr jenaýat üçin kazyýet jogapkärçiligine çekilen bolsa.

Jemgyýetçilik birleşigini bellige almakdan boýun gaçyrylan halatynda arza berijilere bellige almakdan boýun gaçyrylmagynyň esaslaryny görkezmek bilen bu barada ýazmaça görnüşde habar berilýär.

Türkmenistanda hereket edýän jemgyýetçilik guramalary hökmünde, Türkmenistanyň Demokratik partiýasyny, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasyny, Türkmenistanyň Zenanlar guramasyny, Türkmenistanyň uruş weteranlarynyň guramasyny, Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşygyny, Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatyny, balykçylaryň we awçylaryň jemgyýetini, jemgyýetçilik esaslarda hereket edýän dürli gurnaklary (kružoklar, seksiýalar) we ş.m. görkezmek bolar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 30-njy maddasynyň 2-nji bendindäki hukuk kadasynda berkidilişi ýaly, konstitusion gurluşy zorluk bilen üýtgetmegi maksat

edinýän, özleriniň alyp barýan işinde zorlugy ulanmaga ýol berýän, raýatlaryň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy çykyş edýän, urşy wagyz edýän, teniniň reňki, milli, din aýratynlyklary boýunça duşmançylygy we durmuş deňsizligini ündeýän, halkyň saglygyna we ahlak sypatlaryna hyýanat edýän syýasy partiýalaryň, beýleki jemgyýetçilik, harbylaşdyrylan birleşikleriň, şeýle hem milli ýa-da dini alamatlar boýunça syýasy partiýalaryň döredilmegi we işlemegi gadagan edilýär. Bu gadaganlyk Türkmenistanyň «Jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky» kanunyň 4-nji maddasynda hem berkidilýär.

Mundan başga-da, Esasy Kanunymyzyň salgylanylýan maddasynyň 2-nji bendinde Türkmenistanda adamlaryň arasynda teniniň reňki, milli, din aýratynlyklary boýunça duşmançylygy ündemek bilen meşgullanýan jemgyýetçilik birleşikleriniň işleriniň gadaganlygy bellenilýär.

*Mälim bolşy ýaly, duşmançylyk* – bu adamlaryň arasyndaky birek-birege ýigrenç bilen garamagyň netijesinde, olaryň biri-birine dürli görnüşdäki zelelleri ýetirmäge gönükdirilen gatnaşyklardyr. Esasy Kanunyň 30-njy maddasyndaky hukuk kadasy hem adamlaryň teniniň reňki, milli, din aýratynlyklary boýunça şeýle hereketleri amala aşyrmaklyga çagyrmak bilen meşgullanýan jemgyýetçilik birleşikleriniň döredilmegini we işlemeklerini gadagan edýär.

*Saglyk* – bu islendik jandaryň bedeniniň (organizminiň) kadaly işlemegi we onuň doly fiziki hem psihiki rahatlygydyr. Halkyň saglygy diýlen düşünje bolsa, «ilatyň saglygy» diýlen düşünje bilen manydaş bolup, ol belli bir çäkde ýaşaýan adamlaryň jan saglygyny, ýagny olaryň ählisiniň beden gurluşlarynyň kadaly işlemegini we doly fiziki hem psihiki rahatlygyny aňladýar.

*Ahlak* – bu ýagşylyk, adalatlylyk, ýamanlyk we ş.m. barada adamlar tarapyndan umumy ykrar edilen ruhy pikir we duýgy ölçegleriniň jemidir, ýagny adamlaryň aglaba köpçüligi tarapyndan haýsydyr bir hereketleri etmek ýagşylyk, beýleki bir hereketleri etmek bolsa ýamanlyk diýip ykrar edilýär. Şol ykrar ediş ölçegleri hem ahlak kadalary bolup durýar.

Halkyň ahlak sypatlary diýlende bolsa, belli bir halkyň taryhy-medeni emele geliş yzygiderliliginiň dowamynda döreden ahlak häsiýetleriniň jemini aňladýar.

*Harbylaşdyrylan birleşik* diýlende, belli bir maksatlary güýç ulanyp zorluk bilen amala aşyrmak üçin döredilen, agzalaryny harby düzgün-nyzamda saklaýan we hereket edýän kanunçylyga laýyk gelmeýän tertipde olara harby tälim bermek işini guraýan jemgyýetçilik birleşiklerine düşünilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 30-njy maddasynda berkidilýän hukuk kadasy görkezilen gymmatlyklara zelel ýetirýän jemgyýetçilik birleşikleriniň, syýasy partiýalaryň hem-de harbylaşdyrylan birleşikleriň döredilmegini we hereket etmeklerini gadagan edýär. Bu gadaganlyk jemgyýetde hukuk tertibini, raýatlyk asudalygyny üpjün etmek, şahsyýeti, jemgyýeti we döwleti dürli hyýanatçylyklardan goramak maksady bilen girizilýär.

## 3.3. Ýygnaklary, ýygnanyşyklary we ýörişleri erkin geçirmäge bolan hukuk

Döwletimiziň raýatlarynynyň ýygnanyşyklary, ýörişleri, erkin geçirmäge bolan hukuklar Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Raýatlara kanunçylykda bellenen tertipde ýygnaklary, ýygnanyşyklary we ýörişleri geçirmek azatlygy kepillendirilýär[1]» diýen görnüşde berkidilýär.

Bu hukuk kadasynda görkezilýän, ýygnak diýen düşünje konstitusion hukukda örän köp gaýtalanýan düşünjeleriň biri bolup, ol umumy ynançlary we garaýyşlary bolan adamlaryň, jemgyýetçilik guramanyň, maşgalanyň ýa-da kärdeşler arkalaşygynyň agzalarynyň umumy gyzyklandyrýan meselelere garap we köp ses almak arkaly çözgüt kabul etmek üçin bir ýere jemlenmegi bolup durýar.

Ýygnanyşyk (miting) diýlende, adamlaryň durmuşunda ýüze çykýan möhüm syýasy, ykdysady we sosial meselelere garamak üçin şol adamlaryň ählisiniň bir ýere ýygnanyşmagyna düşünilýär.

Ýörişler (demonstrasiýalar) geçirmek diýlende bolsa, konstitusion hukukda, erkin köpçülikleýin ýörişleri (manifestasiýany[2]) amala aşyrmaklygyň bir görnüşi bolan, jemgyýetde ýüze çykan haýsy-da bolsa bir meselä beýleki raýatlaryň we degişli döwlet häkimiýet edaralarynyň ünsüni çekmeklik üçin adamlaryň köçeleriň pyýadalar üçin niýetlenen ýerlerinde ýa-da çatryklarda geçirýän köpçülikleýin guramaçylykly ýörişine düşünilýär.

Her bir raýatyň kanunlarda bellenen tertipde ýygnaklary, ýygnanyşyklary we ýörişleri erkin geçirmeklige bolan hukugy aýratyn kada hökmünde Esasy kanunyň 29-njy maddasynda berkidilmegi, döwletimiziň konstitusion gurluşynyň esasgoýujy hukuk kadalarynyň ýüze çykmasy bolup, ol tutuş ýurtda raýat jemgyýetiniň emele gelmeginiň iň möhüm kepili hökmünde çykyş edýär. Şonuň ýaly-da bu hukugyň kepillendirilmegi halkyň bähbitlerini nazara almak bilen, ýurtda döwlet gurluşyny pugtalandyrmak we ösdürmek maksadyndan ugur alýar.

Mundan başga-da Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 29-njy maddasynda berkidilen bu hukuk kadasy, ýurtda demokratiýanyň pajarlap ösmegine, aýanlyk prosesini[3] giňeltmäge, raýatlaryň Konstitusiýada we kanunlarda berkidilen hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmäge ýardam etmek üçin gönükdirilendir. Esasy Kanunymyzda berkidilýän bu hukuk kadasy häzirki zaman demokratiýasynyň möhüm aňlatmasy bolup, ol öz gözbaşyny milletimiziň asylly däp-dessurlaryndan we halkara hukugynyň umumy ykrar eden kadalaryndan alyp gaýdýar.

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 29-njy madda. Aşgaba. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] Lat. manifestatio – ýüze çykarma.

[3] Lat. processus – ösüşiň barşy, ösüşiň gidişi, haýsy hem bolsa bir netijäni almaklyk üçin yzygiderli hereketleriň jemini aňladýar.

Dünýä Bileleşigi tarapyndan kabul edilen Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 20-nji maddasynyň 1-nji bölegi her bir adamyň parahat ýygnaklara we birleşiklere hukugynyň bardygy baradaky hukuk kadasyny belläp geçýär. Görkezilen bu esasgoýujy halkara hukuk kadasynyň mazmuny bolsa BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 1966-njy ýylyň 16-njy dekabyrynda kabul eden «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Paktynyň» 21-nji maddasynda öz beýanyny tapýar, görkezilen madda laýyklykda «Parahat ýygnaklara hukuk ykrar edilýär. Şol hukukdan peýdalanmak barada kanuna laýyklykda bellenilýän we demokratik jemgyýetde döwlet ýa-da jemgyýetçilik howpsuzlygy, jemgyýetçilik tertibi, ilatyň saglygyny ýa-da ahlagyny goramak ýa-da beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolan çäklendirmelerden başga hiç hili çäklendirmeler ulanylmaly däldir».

Raýatlaryň ýygnaklary, ýygnanyşyklary we ýörişleri geçirmäge bolan hukuklaryny üpjün etmeklik, ilkinji nobatda bu syýasy hukuk çäreleriň geçirilmegi üçin raýatlara we edara-kärhanalara jemgyýetçilik jaýlaryny, köçeleri, meýdançalary hem-de beýleki jemgyýetçilik ýerlerini bermek arkaly amala aşyrylýar.

Ýygnaklar, ýygnanyşyklar we ýörişler döwlet hem-de jemgyýetçilik tertibiniň, raýatlaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň, durmuş, ýaşaýyş hem ahlak kadalarynyň berjaý edilmegi bilen geçirilmelidir. Şol çäreleri geçirmezden öň degişli döwlet häkimiýet edaralary habarly edilmelidir. Şonuň ýaly-da görkezilen kadalaşdyryjy hukuk namalara laýyklykda ýygnaklary, ýygnanyşyklary we ýörişleri geçirmäge bolan hukugyň amala aşyrylmagy, beýleki adamlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň durmuşa geçirilmegine zyýan etmeli däldir.

Şonuň bilen birlikde-de ýygnaklar, ýygnanyşyklar we ýörişler geçirilende, döwletiň konstitusion gurluşynyň zorlukly üýtgedilmegine, sosial, milli, etniki[1], jyns ýa-da dini duşmançylygy, ýa-da agzalalygy döretmäge, milli mertebäni kemsitmäge gönükdirilen hereketleri amala aşyrmaga çagyryşlar aýdylmaly däldir, şeýle hem raýatlaryň dine bolan garaýşynyň, sosial, milli, etniki ýa-da jynsy degişliliginiň alamatlary boýunça olaryň aýratyn ýa-da doly bahaly däldigi barada wagyz edilmeli däldir.

Türkmenistanyň Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 178-nji maddasy ýygnaklary, ýygnanyşyklary we ýörişleri guramagyň ýa-da ony geçirmegiň bellenen tertibini bozan adamlara jogapkärçiligi belleýär.

## 3.4. Döwleti dolandyrmaklyga gatnaşmaga bolan hukuk

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 31-nji maddasynda Türkmenistanyň raýatlarynyň döwleti dolandyrmaklyga gatnaşmaga bolan hukuklary: «Her bir

[1] Gr. ethnikos – taýpa, halkylyk, haýsy hem bolsa bir halka degişliligini aňladýar.

raýatyň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gös-göni ýa-da erkin saýlanan wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bardyr» diýen görnüşde berkidilýär.

*Her bir raýatyň jemgyýeti we döwleti dolandyrmaga bolan hukugy* – bu raýatlaryň konstitusiýada berkidilýän esasy hukuklarynyň biri bolup, ol tutuşlugyna raýatlaryň jemgyýeti we döwleti dolandyrmaga bolan syýasy hukuklarynyň mazmunyny açyp görkezýär.

Mälim bolşy ýaly, jemgyýet diýlende, bu döwleti, milleti we halkyň dürli gatlaklaryny öz içine alýan bir bütewilikdir. Döwlet – bolsa syýasy hem taryhy hadysa hökmünde şol jemgyýeti dolandyrmak üçin döredilýän we ýurtda ykdysadyýeti, medeniýeti, içeri we daşary syýasaty dolandyrmak üçin zerur bolan ençeme ulgamlary özünde jemleýän ägirt syýasy-sosial gurama bolup durýar.

*Jemgyýetiň işlerini dolandyrmak* – bu döwletdäki partiýanyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, edara-kärhanalaryň we beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň üsti bilen, jemgyýetiň bähbitlerini goramakda alnyp barylýan işleri dolandyrmaklygy aňladýar.

*Döwletiň işlerini dolandyrmak* bolsa, döwletiň belli bir meseleleri çözmekligi maksat edinýän döwlet dolandyryşyny amala aşyrmaklygyň bir görnüşi bolup döwlet häkimiýet edaralary tarapyndan çözülýän ähli soraglary öz içine alýan we umumylaşdyrylan derejedäki işlerdir.

Jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga her bir raýatyň gös-göni özüniň gatnaşmagy diýlende, kanun taslamalarynyň ara alyp maslahatlaşylmagyna, sala salyşyklara gatnaşmagyna, saýlawly wezipelere saýlanmagyna, döwlet gullukçysy wezipelerinde işlemek mümkinçiligine düşünilýär.

Jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga erkin saýlanan wekilleriniň[1] üsti bilen gatnaşmak diýlende bolsa, raýatlaryň jemgyýeti we döwleti dolandyrmakda syýasy kararlary, kanunlary kabul etmek we halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak işine gönükdirilen maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin öz wekillerini saýlamaklygyna düşünilýär.

Şol saýlanan wekiller hem çylşyrymly jemgyýetçilik meselelerini öz aralarynda maslahatlaşyp halkyň adyndan pähim-parasatly çözgütleri kabul edýärler. Jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gatnaşmaklygyň bu görnüşi ilatyň aglaba böleginiň gymmatly wagtyny we zähmetini tygşytlamaga, şeýle hem demokratiýanyň durmuşa geçirilişiniň netijeliligini artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Umuman, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 31-nji maddasynda berkidilýän hukuk kadasy demokratiýanyň gönüden-göni aňlatmalarynyň biri bolup durýar we bu kada Esasy Kanunyň 32-nji maddasynda berkidilen, raýatlaryň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga hakynyň hem-de olaryň öz ukyplaryna

[1] Bu belli bir şahsyň (wekilçilik edilýäniň) hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin beýleki bir şahsyň (wekiliň) amala aşyrýan işidir.

we hünär taýýarlygyna laýyklykda döwlet gullugynda işlemäge deň hukugynyň bardygy hakyndaky hukuk kadasy bilen berk baglanyşykda durýar.

## 3.5. Saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuk

Raýatlarymyzyň saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuklary bolsa, Esasy Kanunymyzda şu görnüşde beýan edilýär: «Raýatlaryň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga hukugy bardyr. Türkmenistanyň raýatlarynyň öz ukybyna we hünär taýýarlygyna laýyklykda döwlet gullugynda işlemäge deň hukugy bardyr[1]».

Bu hukuk kadasy, BMG-niň 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 21-nji maddasy bilen manydaş bolmak bilen, onda Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklary kepillendirilýär. Bu hukuk raýatlaryň syýasy hukuklarynyň iň esasylarynyň biri bolup, raýatlaryň döwletiň işlerini dolandyrmaklyga gatnaşmaga bolan hukugynyň mazmunyny umumy görnüşde beýan edýär. Döwletiň işlerini dolandyrmak diýen düşünje döwletiň ähli edaralarynyň, şol sanda döwlet häkimiýet, dolandyryş we kazyýet edaralarynyň işini öz içine alýar. Bu hukuk adamyň raýatlygy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi ýokarda bellenip geçilişi ýaly, raýatlyk bu adamyň we döwletiň arasyndaky durnukly hukuk arabaglanyşygydyr. Şonuň ýaly-da döwlet raýatlarynyň döwletiň işlerini dolandyrmaklyga gatnaşmaga bolan hukuklaryny ykrar etmek bilen olardan öz kabul eden kadalaşdyryjy namalaryny gyşarnyksyz berjaý etmegi talap etmäge hukuk gazanýar.

Raýatlaryň döwletiň işleriniň dolandyrylyşyna gatnaşmaga bolan hukugy üç topara bölünýärler:

● raýatlar öz atlaryndan çykyş etjek we döwlet dolandyryşy amala aşyrylanda özleriniň kanuny hukuklaryny we azatlyklaryny gorajak wekillerini döwletiň saýlawly edaralaryna saýlap bilýärler;

● raýatlaryň özleri gönüden-göni döwletiň saýlawly edaralaryna ýa-da wezipelerine saýlanmak arkaly döwletiň işlerini dolandyrmaklyga gatnaşyp bilýärler;

● raýatlar hiç kimi saýlamazdan we saýlanmazdan öz erk-isleglerini gönüden-göni sala salşyk arkaly beýan edip, döwletiň işlerini dolandyrmaklyga gatnaşyp bilýärler.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 32-nji maddasynyň 2-nji bendinde, Türkmenistanyň raýatlarynyň öz ukybyna we hünär taýýarlygyna laýyklykda döwlet gullugynda işlemäge bolan deňhukuklygy berkidilýär. Mälim bolşy ýaly, döwlet gullugy – bu döwlet ýa-da ýerli býujetiň serişdeleriniň hasabyna raýatlaryň,

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 32-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

zähmetine hak tölemek bilen, döwlet edaralarynyň gurluşynyň düzüminde hünärmentlik (professional[1]) esasda olar tarapyndan amala aşyrylýan zähmet işiniň bir görnüşidir[2].

Döwlet edaralarynyň apparatyndaky gulluk hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň döwlet edaralarynyň diwany (apparaty) – bu Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň, beýleki merkezi we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de dolandyryş edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň kazyýetleriň we prokuraturalaryň işini üpjün edýän kömekçi düzüm bölümleriniň we işgärleriniň jemidir. Mejlisiň deputatlary, Geneşiň agzalary, kazylar, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýän prokurorlar, merkezi we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary döwlet edaralarynyň gurluşyna girmeýär. Olar döwletiň wezipeli adamlary diýlip ykrar edilýär.

Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet gullugynda işlemäge bolan deňhukuklyklary, Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Paktynyň 25-nji maddasynyň «s» bendinde kesgitlenen halkara hukuk kadasy bilen birmeňzeş bolup durýar. Döwlet gullugynda işlemäge bolan deňhukuklyk ýörelgesi, raýatlaryň öz ukyplaryna we hünär bilimlerine laýyklykda, haýsydyr bir kemsidilmelere ýol berilmezden islendik döwlet wezipesini eýelemäge haklydyklaryny aňladýar.

Raýatlaryň bu hukuklaryny amala aşyrmagyň tertibi we esaslary, 1997-nji ýylyň 12-nji iýunynda kabul edilen, Döwlet edaralarynyň apparatyndaky gulluk hakyndaky, 2002-nji ýylyň 09-njy awgustynda kabul edilen, Türkmenistanda döwlet gullugyna döwlet ýolbaşçylaryny we wezipeli adamlary seçip-saýlap almak hakyndaky, 1995-nji ýylyň 15-nji iýunynda kabul edilen, Döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynda garyndaşlaryň bilelikde işlemegini çäklendirmek hakyndaky Türkmenistanyň kanunlary bilen kesgitlenilýär.

Türkmenistanda döwlet edaralaryndaky gulluk Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň kanunlarynyň hökmürowanlygy, adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň ileri tutulmagy, döwlet häkimiýet ulgamynyň bütewiligi, ýokarda durýan edaralar we wezipeli adamlar tarapyndan olaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kabul edilen kararlaryň döwlet edaralarynyň gullukçylary üçin hökmanylygy, döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetine bölünmegi, döwlet edaralaryndaky gulluga bildirilýän esasy talaplaryň bütewiligi ýaly ýörelgelere esaslanýar.

---

[1] Lat. profiteor – öz kärim, hünärim diýip yglan edýärin, hünäri, hünärmenligi aňladýar;

[2] 1997-nji ýylyň 12-nji iýunynda kabul edilen, Döwlet organlarynyň apparatyndaky gulluk hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 2-nji maddasy.

Mundan başga-da, raýatlaryň döwlet edaralaryndaky gulluga olaryň başarnygyna we hünär taýýarlygyna laýyklykda deň barmaklary, döwlet edaralaryndaky gullugy amala aşyrmagyň aýanlygy, öz wezipe borçlaryny ýerine ýetirmändigi ýa-da göwnejaý ýerine ýetirmändigi üçin döwlet edaralaryndaky gullukçylaryň jogapkärçiligi, jemgyýetçilik-syýasy we dini guramalaryň kararlaryndan döwlet edaralaryndaky gullugyň garaşsyzlygy, döwlet edarasynyň gullukçy işgärleriniň durnuklylygy we ýörelgeleriň yzygiderliligi, döwlet edarasynyň gullukçylarynyň hukuk, ykdysady we sosial goraglylygy ýaly ýörelgeler hem döwlet gullugynyň gollanýan ýörelgeleridir.

Kanuna laýyklykda, döwlet gullukçylarynyň, eýeleýän wezipesi boýunça özüniň hukuklaryny we borçlaryny, işiniň hiline baha bermegiň ölçeglerini kesgitleýän resminamalar bilen tanyşmaga, şeýle hem olaryň wezipe borçlaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan guramaçylyk-tehniki şertlere, wezipe borçlaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan habarlary we maglumatlary bellenilen tertipde almaga, öz şahsy işiniň ähli resminamalary bilen olar şahsy işine girizilmeginden öň tanyşmaga, öz düşündirişlerini şahsy işine goşmaga, şeýle hem býujetiň serişdeleriniň hasabyna gaýtadan taýýarlanmaga (hünär öwrenmäge) we hünärini ýokarlandyrmaga hukuklary bardyr. Şonuň ýaly-da, döwlet edaralarynyň gullukçylary zähmet kanunçylygyna laýyklykda, her ýylky tölegli zähmet rugsatlarynyň, dynç alyş günleriniň berilmegi ýaly, ähli zähmetkeşlere berilýän hukuklardan hem doly peýdalanýarlar.

Hereket edýän kanunçylyk, eger ýakyn garyndaşlykda ýa-da gudaçylykda durýan adamlaryň (ata-eneleri, är-aýallary, doganlary, uýalary, ogullary, gyzlary, şeýle hem är-aýallaryň doganlary, uýalary, ata-eneleri we çagalary) gullugy ýa-da işi olardan birinden beýlekä gös-göni tabynlygy ýa-da gözegçiligi bilen baglanyşykly bolsa, onda döwlet gullugynyň ulgamynda olaryň bilelikdäki gullugyny ýa-da işini gadagan edýär[1].

Görkezilenlerden başga-da Kanun döwlet gullugyna raýatlary kabul etmek barada, raýat bellenilen tertipde kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok, ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip yglan edilen ýa-da döwlet edaralarynda wezipe eýelemek hukugyndan mahrum edilen bolsa, raýatda iş kesilenlik aýyby[2] bolup, ol döwlet gullugyna giren wagtynda öz-özünden ýa-da kanunda bellenen tertipde aýrylmadyk bolsa, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň kanunlarynda we

---

[1] 9.08.2002-nji ýylda kabul edilen, Türkmenistanda döwlet gullugyna döwlet ýolbaşçylaryny we wezipeli adamlary seçip-saýlap almak hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň 19-njy maddasynyň 2-nji bölegi;

[2] Bu, Türkmenistanyň JK-nyň 81-nji maddasyna laýyklykda, jenaýat edendigi üçin iş kesilen adama günä yglan edýän hökümiň kanuny güýjüne giren gününden başlap, iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden ýa-da kazyýet tarapyndan aýrylýan pursatyna çenli şol adamyň iş kesilen diýip hasaplanmagydyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynda göz öňünde tutulan beýleki esaslar bar bolsa, raýatlaryň döwlet gullugyna kabul edilip bilinmejekdigini kesgitleýär[1]. Galan ähli halatlarda Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet gullugyna bolan hukugynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär.

## §4. Sosial-ykdysady hukuklar

### 4.1. Eýeçilige bolan hukuk

Türkmenistanyň raýatlarynyň esasy durmuş-ykdysady hukuklarynyň biri, eýeçilige bolan hukukdyr. Ýurdumyzda eýeçilige bolan hukuk Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 9-njy maddasynda, şu görnüşde berkidilýär: «Eýeçilik eldegrilmesizdir. Türkmenistan önümçilik serişdelerine, ýere, beýleki maddy hem intellektual gymmatlyklara hususy eýeçilik hukugyny berkarar edýär. Şonuň ýaly--da olar raýatlaryň birleşiklerine we döwlete degişli bolup biler. Diňe döwletiň eýeçiligi bolup durýan obýektler kanun esasynda bellenilýär. Döwlet eýeçiligiň ähli görnüşleriniň deň derejedäki goragyny kepillendirýär we olaryň ösmegi üçin deň şertleri döredýär. Kanun tarapyndan gadagan edilen usul bilen edinilen eýeçilikden başga eýeçiligiň muzdsuz alynmagyna ýol berilmeýär. Diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda eýeçiligiň muzduny töläp, mejbury alynmagyna ýol berilýär».

Eýeçilik adamzat siwilizasiýasynyň[2] emele gelmegine we onuň ösüşine täsir eden, täsir edýän hem-de täsir etjek möhüm düşünjeleriň biridir. Eýeçilik – bu adamzat taryhynyň dowamynda yzygiderli ösýän we kämilleşýän jemgyýetçilik gatnaşyklary bolup, olar jemgyýetiň maddy hem maddy däl baýlygyny emele getirýän zatlaryň dürli şahslaryň (aýratyn şahsyýetleriň, sosial toparlaryň, döwletiň) arasynda paýlanylmagyny häsiýetlendirýär. Eýeçilik gatnaşyklarynyň bir subýektine degişli zatlaryň jemi eýeçiligiň obýektini, ýagny belli bir şahsyň emlägini emele getirýär. Şonuň üçin kähalatda eýeçilik gatnaşyklaryny emläkleýin gatnaşyklar diýip hem atlandyrýarlar. Eýeçilik gatnaşyklary döwlet tarapyndan kanun esasynda kadalaşdyrylandan soň bolsa ol gatnaşyklar eýeçilik hukugyna öwrülýär.

*Eýeçilik hukugy* – 1) obýektiw manyda düşünilende, bu maddy we intellektual serişdeleriň jemgyýetiň agzalaryna degişlidigi babatda ýüze çykýan, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk kadalarynyň jemidir; 2) subýektiw manyda düşünilende, bu anyk şahslaryň eýeçilik hukugydyr, ýagny subýektiw (şahsy) manyda eýeçilik hukugy üç sany düzüm böleginden ybaratdyr: a) emläge eýelik etmek; b) emläkden peýdalanmak; ç) emläge ygtyýar etmek.

---

[1] 9.08.2002-nji ýylda kabul edilen, Türkmenistanda döwlet gullugyna döwlet ýolbaşçylaryny we wezipeli adamlary seçip-saýlap almak hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasy.

[2] Lat. civilis – raýatlyk, döwletlilik, jemgyýetiň ösüşiniň derejesini aňladýar.

**Emläge eýelik etmek** – bu şahsyň belli bir zady (emlägi) edinmäge we özünde saklamaga bolan hukugyny aňladýar. Mysal üçin, bir adam dükandan kitap tekjesini satyn alýar. Şeýle ýagdaýda alnan emläk kanuny ýol bilen alnan emläk diýlip hasaplanýar. Şahsyň belli bir zady satyn alanda özüne degişli puly töläp satyn almagy onuň edinen emläginiň kanuny ýol bilen edinilen emläk bolmagynyň hökmany şertidir. Sebäbi ogurlanan, aldanyp alnan ýa-da başga hili bikanun usul bilen alnan pula satyn alnan emläk bikanun usul bilen edinilen emläk diýlip hasap edilýär. Emlägi kanuny ýol bilen edinmek diňe bir zady (emlägi) satyn almak arkaly amala aşyrylýan däldir. Emläk sowgat berlip, miras goýlup, çalşylyp, tapyndy[1] bolup hem, baýrak berlip hem bilinýär.

**Emläkden peýdalanmak** – bu şahsyň öz edinen emläginden peýdalanmaga, ýagny özüniň maddy we ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin eýelik edýän emlägini ulanmaga bolan hukugyny aňladýar. Mysal üçin, satyn alan kitap tekjesinde öz kitaplaryny goýmak we ony özüniň gaýry şahsy bähbitleri üçin ulanmak;

**Eýeçiligindäki emläge ygtyýar etmek** – bu şahsyň öz eýeçiligindäki emlägi satmaga, sowgat bermäge, kärendesine bermäge we ş.m. hereketleri amala aşyrmaga bolan ygtyýarlygyny aňladýar. Mysal üçin, eýeçiligindäki kitap tekjesini satýar ýa-da kimdir birine sowgat berýär. Emläk eýesiniň ygtyýarlygynda eýeçilik hukugynyň şu düzüm bölekleriniň üçüsi hem jemlenende ol doly eýeçilik hukugyna eýe bolýar we islegine görä öz eýeçiligindäki emläk babatda kanuna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna ters gelmeýän hem-de beýleki şahslaryň kanun tarapyndan goralýan hukuklaryna we bähbitlerine zyýan ýetirmeýän islendik hereketi etmäge haklydyr.

Mundan başga-da, emläk eýesi doly eýeçilik hukugyny özünde saklap galmak bilen öz emlägini başga şahslaryň eýelik etmegine we peýdalanmagyna, çäklendirilen derejede ygtyýar etmegine hem berip bilýär. Mysal üçin, ulag serişdesiniň eýesi (emläk eýesi) tarapyndan başga bir şahsa ulag serişdesine eýelik etmäge, ony dolandyrmaga, ondan peýdalanmaga we ony girewine goýmaga, çalyşmaga, satmaga we ş.m. ygtyýar berýän ynanç hatynyň[2] berilmegi.

1993-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda kabul edilen, «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanda eýeçiligiň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- hususy eýeçilik;
- döwlet eýeçiligi;
- jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiligi;
- halkara guramalarynyň eýeçiligi;
- gatyşyk (birleşen) eýeçilik;

---

[1] Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 214-nji maddasy.

[2] Bu bir şahsyň özüniň belli bir ygtyýarlyklaryny öz adyndan çykyş etjek wekile berýändigi hakynda hukuk resminamasy.

● kooperatiw birleşikleriniň eýeçiligi;
● bilelikdäki kärhanalaryň eýeçiligi.
● beýleki döwletleriň, olaryň ýuridiki taraplarynyň we raýatlarynyň eýeçiligi.

Görkezilen kanuna laýyklykda Türkmenistanyň kanunçylyk namalary bilen eýeçiligiň başga, ýagny kanunda göz öňünde tutulmadyk görnüşleri hem döredilip bilinýär.

*Hususy eýeçilik* diýlende fiziki şahslaryň eýeçiligine, ýuridik şahslaryň hususy eýeçiligine hem-de fiziki we ýuridik şahslaryň eýeçilik obýektleriniň birleşdirilmeginiň netijesinde döredilýän gatyşyk hususy eýeçilige düşünilýär. «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasyna laýyklykda, raýatlaryň eýeçiligi: raýatyň eýeçiligi görnüşinde we raýatlaryň birleşiginiň eýeçiligi görnüşinde bolup bilýär.

Ýer, ýagny mellek ýerleri, ýaşaýyş jaýlary, öýler, ýazlag öýleri (daçalar), bagçylyk öýleri, ulag jaýlary, gaýry jaýlar we binalar, mellek ýerdäki agaçlar-ösümlikler, öý hojalyk senetleri we adamyň şahsy sarp ediş zatlary, önüm berýän mal hem-de iş maly, guş-towuk, pul serişdeleri, aksiýalar[1], obligasiýalar[2] hem-de beýleki gymmat bahaly kagyzlar, akyl zähmetiniň netijeleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, hususy (maşgala) kärhanasy, önümçilik, sarp ediş, sosial, medeni hajatlar we başga hajatlar üçin niýetlenen her bir emläk, ýagny Türkmenistanyň kanunçylygynda emlägiň raýata degişli bolup bilmejek diýlip göz öňünde tutulan gornüşlerinden özgeleri Türkmenistanyň raýatlarynyň hususy eýeçiliginde bolup bilýär.

Raýatlaryň birleşiginiň eýeçilik obýektleri (emlägi) birleşige girýän raýatlaryň goýýan goýumlarynyň, olaryň alan girdejileriniň we beýleki kanuny çeşmeleriň hasabyna döredilýär. Görkezilen kanunyň 12-nji maddasyna laýyklykda, ýerasty baýlyklar, tokaý fondy, suw resurslary, howa giňişligi, territoria[1] suwlaryň we deňiz boýunça ykdysady zonanyň[3] resurslary, döwlet tarapyndan goralýan ýa-da aýratyn görnüşde peýdalanylýan tebigy territoriýalar, Türkmenistanyň taryhy we medeni mirasyna degişli obýektler (seýrek duş gelýän medeni we tebigy ýadygärlikler hem-de tebigatyň, medeniýet taryhynyň, ylmyň we tehnikanyň obýektleri, şol sanda döwlet muzeýlerinde[4], arhiwlerinde we kitaphanalarynda saklanýan gymmatly

---

[1] Fr. action – gymmatly kagyz, maýa goýujy (inwestor) tarapyndan paýdarlar jemgyýetiniň maýa goýum gaznasyna belli bir pul möçberini geçirendiginiň (paý goýandygynyň) subutnamasy bolan gymmatly kagyz, paýnama;

[2] Lat. obligatio – borçnama, obligasiýanyň eýesine anyk göterim görnüşinde ýyllyk girdejini berýän gymmatly kagyz bolup, döwletiň ýa-da paýdarlar jemgyýetiniň fiziki hem ýuridik şahslardan göterimine karz alyp, ýerine şol karzy alandygy hakynda subutnamany – obligasiýany bermegini aňladýar;

[3] Gr. zone – guşak, zolak, belli bir çäkleriň arasyndaky giňişligi aňladýar;

[4] Gr. museion – muzalaryň (greklerde sungata penakärlik edýän 12 sany periler) ybadathanasy, 20.12.1996-njy ýylda kabul edilen, Muzeýler we muzeý işi hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň

zatlar, şol sanda olaryň ýerleşýän otaglary hem jaýlary) Döwletiň aýratyn eýeçiligi hasaplanýar.

Döwlet eýeçiligine ýer, Türkmenistanyň häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, Ýaragly Güýçleriniň, milli howpsuzlyk edaralarynyň, serhet we içerki goşun edaralarynyň emlägi; goranmak obýektleri, bir bitewi energetika[1] ulgamy; umumydöwlet ähmiýeti bolan kopçülikleýin peýdalanylýan ulag ulgamy, aragatnaşyk we maglumat ulgamy; döwlet býujetiniň serişdeleri, döwlet (merkezi) banky[2], beýleki döwlet banklary we olaryň edaralary hem-de olaryň döredýän karz resurslary; döwlet ätiýaçlyk, ätiýaçlandyryş gaznalary we beýleki gaznalar; döwletiň okuw jaýlarynyň, ylmy-barlag institutlarynyň hem obýektleriniň, gidrometeorologiýa[3] gullugy obýektleriniň, daşky gurşawy we tebigy baýlyklary goraýyş obýektleriniň, standartizasiýa[4] we metrologiýa gulluklarynyň emlägi; döwlet kärhanalarynyň emlägi; senagatda desgalar hem halk hojalyk toplumlary, agrosenagat toplumynyň döwlet kärhanalary; sosial-medeni pudaga degişli obýektler hem-de döwletiň býujet serişdeleriniň we gaýry serişdeleriniň hasabyna döredilen we edinilen gaýry emläk ýa-da beýleki eýeçilik hukugynyň subýektleriniň Türkmenistanyň eýeçiligine muzdsuz beren emläkleri we eýeçilik hukugy, açyşlar, oýlap tapyşlar, akyl zähmetiniň beýleki netijeleri degişlidir.

Şeýle hem, Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen baglaşan ylalaşyklarynda bilelikdäki eýeçilik hukugyna degişli obýektler kesgitlenilip bilinýär. Döwlet eýeçiligine degişli obýektler belli bir esaslara görä, döwlet kärhanalaryna we birleşiklerine berkidilip bilinýär. Döwlet eýeçiligine degişli obýektlere (emläge) erk etmek we olary dolandyrmak işini ygtyýarly edilen degişli döwlet edaralary alyp barýarlar[5].

Ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň eýeçiliginiň hem özboluşly aýratynlyklary bar. Ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň eýeçiligi şäherleriň, şäherçeleriň

---

1-nji maddasyna laýyklykda, tebigat ýadygärliklerini, maddy we ruhy medeniýeti öwrenmek, raýatlary milli hem-de dünýä taryhy-medeni mirasynyň gazananlary bilen tanyşdyrmak üçin niýetlenen medeni aň-bilim we ylmy-barlag edaralarydyr;

[1] Gr. energeia – işjeňlik, materiýanyň (latynça *material – jisim*) hereket edende belli bir işi etmek häsiýetini, kuwwatyny aňladýar;

[2] It. banco – oturgyç, pul çalyşýanyň (serrabyň) dükany, goýumlary kabul etmeklige, karz bermeklige, kärhanalaryň arasyndaky hasaplaşyklary geçirmeklige we gymmatly kagyzlaryň söwdasyny etmeklige ýörite ygtyýarnamasy (*lisenziýa* – latynça *licentia – azatlyk, hukuk*) bolan maliýe guramasyny aňladýar;

[3] Gr. hydor – suw, çyg, meteora-atmosfera, asman hadysalary, logos – okuw, ylym, ýeriň, suwuň we asmanyň hadysalarynyň özara gatnaşyklaryny öwrenýän ylmy aňladýar.

[4] Iňl. standard – kada, nusga, harytlaryň, önümleriň, işleriň, desgalaryň we ş.m. belli bir görnüşleriniň ýörite ölçegleriniň kanunyň we kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň esasynda bellenmegini aňladýar.

[5] «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasy.

we obalaryň Geňeşleriniň eýeçiliginde durýan hem-de şol edaralaryň serişdeleriniň hasabyna döredilen ýa-da edinilen eýeçilik obýektlerinden (emläkden) ybaratdyr. Olaryň eýeçiligine öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň emlägi, ýerli býujetleriň, býujetden daşary fondlaryň serişdeleri, döwletiň ýaşaýyş jaý fondy we ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygy, döwletiň ýaşaýyş jaý fonduna degişli öýlerdäki ýaşalmaýan otaglar, oba hojalyk, söwda, durmuş hyzmaty kärhanalary, ulag, senagat, gurluşyk we beýleki kärhanalar, toplumlar, döwletiň bilim, medeniýet saglygy goraýyş edaralary we şäherleriň, şäherçeleriň, obalaryň ykdysady hem-de sosial taýdan ösdürilmegi üçin zerur bolan gaýry emläkler degişlidir.

Kanuna laýyklykda ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň eýeçiligindäki (munisipal[1] eýeçilikdäki) obýektler edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň peýdalanmagyna berlip bilinýär. Ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň eýeçilik obýektlerine (munisipal eýeçilik obýektlerine) erk etmek we olary dolandyrmak işini arçynlar amala aşyrýar.

*Jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiliginiň* obýektlerine jaýlar, desgalar, ýaşaýyş jaý fondy, enjamlar, abzallar, medeni aň-bilim we sagaldyş hajatlary üçin niýetlenen emläk, pul serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlar hem-de şol birleşikleriň özleriniň alyp barýan işlerini üpjün etmek üçin öz düzgünnamalarynda göz önünde tutulan gaýry zerur emläk, akyl zähmetiniň netijeleri degişlidir. Gatyşyk (birleşen) eýeçilik hususy eýeçilige we döwlet eýeçiligine degişli obýektleriň, şeýle hem jemgyýetçilik guramalarynyň, daşary ýurt döwletleriniň, olaryň ýuridik we fiziki şahslarynyň eýeçiligine degişli obýektleriň birleşdirilmegi esasynda döreýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 9-njy maddasynyň 1-nji bendinde, eýeçiligiň eldegrilmesizdigi berkidilýär. Bu kadanyň Konstitusiýada berkitmek bilen kanun çykaryjy eýeçiligiň ähli görnüşlerini ösdürmek üçin olaryň kanun esasynda deň derejede goralýandygyny, olar üçin deň şertleriň döredilýändigini we eýeçiligiň islendik görnüşlerine eden-etdilikli hyýanat edilmegine ýol berilmeýändigini göz öňünde tutýar.

Emma bu hukuk kadasy eýeçiligiň islendik görnüşiniň obýektleri bolup durýan emläkleriň gelip çykyşyna we raýat dolanyşygynda[2] hereket edişine döwlet we onuň ygtyýarly edaralary tarapyndan gözegçilik edilip, kanuny esaslar ýüze çykan halatynda bolsa ol emläkleriň eýeleriniň elinden muzduny töläp (rekwizisiýa[3])

---

[1] Lat. municipium – öz-özüni dolandyrýan jemagat, ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasyny aňladýar.

[2] «Ykdysady dolanyşyk» diýen adalga bilen manydaş adalga bolup, şertnamalaýyn gatnaşyklaryň esasynda emläkleriň ýa-da olara bolan hukuklaryň kanuny esaslarda (almak-satmak, çalyşmak, kärendesine bermek we ş.m.) bir şahsdan başga bir şahsa geçip, bazarda hereket etmegini aňladýar.

[3] Lat. regusitio – talap etmek, zerurlyk ýüze çykanda (adatdan daşary hadysalar wagtynda we ş.m.) ýa-da kanunyň bozulmagy sebäpli (mysal üçin, ýaragy saklamak düzgünleri bozulsa) döwlet ýa-da onuň ygtyýarly edarasy tarapyndan emläk eýesiniň ygtyýarlygyndan onuň emlägini muzduny töläp mejbury alynmagyny aňladýar.

ýa-da muzduny tölemezden (konfiskasiýa[1]) alynmagyna ýol berilmeýändigini aňlatmaýar. Bu maddanyň 2–3-nji böleklerinde hem kanun tarapyndan gadagan edilen usul bilen edinilen eýeçilikden başga eýeçiligiň elden muzdsuz alynmagyna ýol berilmeýändigi, şonuň ýaly-da kanunda göz öňünde tutulan halatlarda eýeçiligiň muzduny töläp, mejbury alynmagyna ýol berilýändigi görkezilýär.

Rekwizisiýanyň kanunda berkidilişiniň mysaly hökmünde Türkmenistanyň Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiniň[2] 27-nji maddasyny görkezmek bolar. Bu maddada şeýle bellenýär: «Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmagynyň guraly ýa-da gös-göni obýekti bolan zady öwezini tölemek bilen düzgün bozujynyň elinden almak işi ony mejbury suratda elinden almakdan we soňra alnan şol zady satmak üçin edilen çykdajylary düşen puluň ujundan çykaryp, galanyny zadyň ozalky eýesine bermekden ybaratdyr. Atylýan ýaragy we ok-därileri öwezini tölemek bilen düzgüni bozujynyň elinden almak çäresi aw awlamak özüniň esasy ýaşaýyş çeşmesi bolan adamlar barada ulanylyp bilinmez. Zatlary öwezini tölemek bilen düzgüni bozujynyň elinden almagy ulanmagyň tertibi we alynmaga degişli zatlaryň görnüşleri şu Kodeks (TDHTBK) we beýleki kanunlar arkaly bellenilýär.»

Konfiskasiýanyň kanunda berkidilişiniň mysaly hökmünde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 52-nji maddasyny görkezmek bolar. Bu maddada şeýle bellenýär:

«1) emlägi konfiskasiýalamak iş kesilen adamynyň şahsy eýeçiliginde durýan, kanun tarapyndan gadagan usul bilen edinilen emlägi döwlet eýeçiligine mejbury suratda mugt almakdan ybaratdyr;

2) emlägi konfiskasiýalamak betnebislik maksatlary bilen amala aşyrylan ortaça agyr jenaýatlar üçin, agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin kesgitlenilýär we ol diňe jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda bellenilip bilner».

Türkmenistanda eýeçilik gatnaşyklary «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyndan başga, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 166-324-nji maddalaryny özünde jemleýän 2-nji böleginde we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilýär.

## 4.2. Erkin zähmet çekmäge bolan hukuk

Türkmenistanyň raýatlarynyň erkin zähmet çekmäge bolan hukugy, Esasy Kanunymyzyň 33-nji maddasynda: «Raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä

---

[1] Lat. confiscation – emlägi döwletiň hazynasyna geçirmek, kanunyň bozulmagy sebäpli döwlet ýa-da onuň ygtyýarly edarasy tarapyndan emläk eýesiniň ygtyýarlygyndan onuň emläginiň (jenaýatçylykly hereketler bilen edinilen emläginiň) muzdsuz mejbury alynmagyny aňladýar;

[2] Lat. codex – kitap, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň birmeňzeş toparyny kadalaşdyrmaga gönükdirilen kanunlaryň tertipleşdirilen ulgamyny aňladýar.

hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, sagdyn hem howpsuz zähmet şertlerine hukugy bardyr. Hakyna durup işleýän adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline laýyk gelýän hak almaga hukugy bardyr. Bu hakyň möçberi döwletiň bellän iň pes oňalga derejesinden az bolmaly däldir» diýen görnüşde berkidilýär.

Bu maddada berkidilýän hukuk kadalary döwletimiziň zähmet hukuk gatnaşyklarynyň esasgoýujy ýörelgelerini özünde jemleýär we raýatlaryň bu çygyrdaky hukuklaryny hem azatlyklaryny pugtalandyrýar, bu hukuklary durmuşa geçirmek babatda döwlet tarapyndan berilýän kepillikleriň üpjün edilmegine ýardam edýär. Bu maddadaky hukuk kadalary Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky Halkara Paktynyň 6.1-nji maddasynda, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 23-nji maddasynda we beýleki halkara hukuk namalarynda berkidilen, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleriniň Türkmenistanyň konstitusiýasyndaky beýany bolup durýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 33-nji maddasynda görkezilýän raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga bolan hukugy raýatlaryň konstitusiýada we kanunlarda berkidilen esasy hukuklarynyň biri bolup, ol her bir raýatyň kanun boýunça gadagan edilmedik işiň haýsy görnüşini saýlap alýandygyna garamazdan, ony erkin saýlap almaga, şeýle hem olaryň öndürijilik we döredijilik zähmeti barasynda öz ukyplaryna hem zehinine erkin erk etmäge bolan hukugydyr.

*Zähmet çekmäge bolan hukuk* – bu her bir raýatyň öz islegine görä islendik iş bilen meşgullanmaklyga bolan hukugydyr.

*Iş bilen meşgullanmak* diýlende, raýatlaryň öz şahsy we jemgyýetçilik isleg--hajatlaryny kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly ýerine ýetirýän we kanunlara ters gelmeýän hem-de düzgün bolşy ýaly, olara pul ýa-da başga hili görnüşde iş haky, gazanç we önüm görnüşinde girdeji getirýän işine düşünilýär.

*Kär ýa-da hünär* – bu belli bir ugur boýunça ýörite bilimleri we taýýarlygy talap edýän işiň bir görnüşidir.

*Iş ýeri* – bu işgär ýa-da işgärler topary tarapyndan belli bir işi ýa-da işleri ýerine ýetirmek üçin iş şertleriniň döredilen ýa-da şol işleri ýerine ýetirmekde ulanyljak iş gurallarynyň ýerleşen ýerine, şeýle hem işgäriň öz alýan zähmet hakyna laýyklykda öz zähmet borçlaryny berjaý edýän ýerine düşünilýär.

Esasy Kanunymyzyň 33-nji maddasynda görkezilýän sagdyn hem howpsuz zähmet şertleri bolanda, munuň özi hukuk, sosial-ykdysady, guramaçylyk-tehniki, sanitar-gigieniki, bejeriş-profilaktiki (öňüni alyş) çäreleriniň we serişdeleriniň ulgamy bolup, ol adamyň zähmet çekmeginiň yzygiderliliginiň dowamynda onuň howpsuzlygyny, saglygyny we işe ukyplylygyny goramagyň üpjün edilmegine düşünilýär.

*Zähmeti goramak* – bu raýatlaryň kärhananyň önümçilik işine garanyňda işgärleriň ömrüniň we saglygynyň ileri tutulmagy, zähmeti howpsuz we sagdyn

şertlerini döretmek üçin kärhanalaryň jogapkärçiligi, işgärleriň sosial taýdan goragy, olaryň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykda maýyp bolmagy, kesp-kär bilen baglanyşykly kesellemegi zerarly ýa-da saglygyna başga hili ýetirilen zyýanyň öweziniň doly tölenilmegi, ähli kärhanalar üçin zähmeti goramak babatynda ýeke-täk namalaryň bellenilmegi, zähmeti goramagy dolandyrmagyň ykdysady usullarynyň peýdalanylmagy, ýeňillikli salgyt salmagyň syýasatynyň geçirilmegi, zähmeti goramak baradaky çäreleri maliýeleşdirmäge döwletiň gatnaşmagy, kesp--kär taýýarlygy boýunça ilatyň okadylmagynyň amala aşyrylmagy we hünärmen taýýarlygynyň we zähmeti goramagyň meseleleri boýunça işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak, howply önümçilikleriň ygtyýarlandyrylmagy (lisenzirlenmegi), önümçilik maksatly önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) sertifikasiýalaşdyrylmagy[1], zähmet şertleri, önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý we kär bilen baglanyşykly kesellemegiň ýagdaýy hakynda döwlet statistikasynyň, bellenilmegi, saglygy saklamagyň, zähmet gigiýenasynyň we howpsuzlygynyň, dürli meselelerini çözýän döwlet edaralarynyň, guramalarynyň we raýatlaryňlaryň birleşikleriniň işini utgaşdyrmagyň üpjün edilmegi, zähmeti goramak ugrunda jemgyýetçilik guramalarynyň işiniň goldanylmagy, zähmeti goramagyň meselelerini çözmekde halkara hyzmatdaşlygy, zähmet şertlerini gowulandyrmak we zähmet howpsuzlygyny ýokarlandyrmak işini guramagyň dünýä tejribesiniň peýdalanylmagy ýaly zähmeti goramagyň kadalaryny özünde jemleýär.

Esasy Kanunymyzyň 33-nji maddasynyň 2-nji bendinde berilýän hakyna durup işleýän adamlar diýlende, bu belli bir edaranyň, kärhananyň, guramanyň işgärler düzümine girýän we girmeýän, şol edaranyň hem kärhananyň ýolbaşçylary ýa-da şahsy adamlar bilen belli bir işi ýerine ýetirmeklik barada şertnamanyň esasynda hakyna durup işleýän adamlara düşünilýär. Salgylanylan maddada berkidilýän hukuk kadasy, bu adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine hem-de hiline laýyklykda hak almaga bolan hukugyny kepillendirilýär.

Öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline laýyklykda hak almak bolanda, bu adamyň hut özüniň goşan zähmet goşandyna hem-de zähmetiniň hiline baglylykda töleg almaga hukugyny aňladýar. Şonda zähmet hakynyň möçberiniň iň ýokary çägi goýulmaýar. Işgäriň aýal-erkekligine, ýaşyna, jynsyna, milletine, dine garaýşyna, jemgyýetçilik birleşiklerine degişlidigine garap, zähmet hakynyň möçberiniň peseldilmegi kanun tarapyndan gadagan edilýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilişi ýaly, bu hakyň möçberi döwletiň bellän iň pes oňalga derejesinden pes bolmaly däldir.

Iň pes oňalga derejesi diýlende, adamyň ýaşamagy üçin gerek bolan ýaşaýyş serişdeleriniň iň pes (minimal[2]) derejesine düşünilýär.

[1] Lat. certifico – tassyklaýaryn; güwä geçýärin; kepillendirýärin, harydyň hilini tassyklaýan resminamany aňladýar;

[2] Lat. minimum – iň kiçi, beýlekileriň hatarynda iň kiçisi diýmekligi aňladýar.

Raýatlaryň zähmet çekmäge, şol sanda öz islegine görä hünär, kär we iş ýerlerini saýlap almaga, şeýle hem özleri üçin sagdyn hem howpsuz zähmet şertleriniň üpjün edilmegine bolan konstitusion hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi, Türkmenistan tarapyndan ykrar edilen Halkara Ylalaşyklary, şeýle hem Türkmenistanyň Zähmet kodeksi we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär. 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyndan ýurdumyzda toplumlaýyn häsiýete eýe bolan täze kadalaşdyryjy hukuk namasy – Türkmenistanyň Zähmet kodeksi güýje girdi.

Öň aýry-aýry kanunlar bilen düzgünleşdirilýän zähmet gatnaşyklarynyň, rugsatlaryň hem-de zähmeti goramaklygyň hukuk kadalarynyň bir kanunda jemlenmegi 21 bölümden 410 maddadan ybarat bolan täze zähmet kodeksiniň ähmiýetini artdyrýar. Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, raýatlar özleriniň zähmete bolan konstitusion hukuklaryny zähmet şertnamasynyň esasda amala aşyrýarlar.

*Zähmet şertnamasy* – munuň özi iş beriji bilen işgäriň arasyndaky zähmet gatnaşyklarynda taraplaryň özara esasy hukuklaryny we borçlaryny belleýän ylalaşyk bolup, oňa laýyklykda iş beriji şertlenilen zähmet borçlary boýunça işgäre iş (iş ýerini) bermäge, kanunçylykda göz öňünde tutulan zähmet şertlerini üpjün etmäge, zähmet hakyny öz wagtynda we doly möçberde tölemäge borçlanýar, işgär bolsa şu şertnamada kesgitlenen zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny we zähmet şertnamasynda (ylalaşykda), köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulan gaýry kanuny borçlaryny berjaý etmäge borçlanýar.

Zähmet şertnamasy adamyň ýazmaça arzasynyň esasynda iş berijiniň ony işe kabul etmek hakyndaky buýrugy çykarmak arkaly baglaşylýar (Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň 16-njy maddasy).

## 4.3. Dynç almaga bolan hukuk

Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Raýatlaryň dynç almaga hukugy bardyr we ol iş hepdesiniň çäklendirilen dowamlylygynyň bellenilmeginden, her ýylky tölegli zähmet rugsatlaryndan, her hepdede dynç günleriniň berilmeginden ybaratdyr. Döwlet adamlaryň dynç almagy hem-de işden boş wagtyny peýdalanmagy üçin amatly şertleri döredýär[1]» diýen görnüşde Türkmenistanyň raýatlarynyň ýene-de bir durmuş-ykdysady hukugy – dynç almaga bolan hukugy berkidilýär.

Raýatlaryň dynç almaga bolan hukugynyň mazmuny iş hepdesiniň dowamlylygynyň çäklendirilmeginden, her ýylky tölegli zähmet rugsatlaryndan, her hepdede dynç günleriniň berilmeginden ybaratdyr. Adamlaryň bu hukugy Adam

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 34-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

hukuklary hakyndaky Ähli umumy Jarnamanyň 24-nji maddasynda hem berkidilýär. Adamlara dynç almaga bolan hukugyň kepillendirilmegi bütin dünýäde ynsanperwerligiň möhüm aňlatmalarynyň biri hökmünde ykrar edilýär.

*Iş wagty* – bu zähmet hukugynda bellenilişine görä, iş beriji tarapyndan berlen tabşyryklary we görkezmeleri işçiniň ýa-da gullukçynyň özüne görkezilen iş ýerinde ýerine ýetirmäge borçly bolan belli bir kalendar wagtynyň[1] dowamlylygydyr. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 59-njy maddasyna laýyklykda iş wagtynyň kadaly dowamlylygy hepdede 40 sagatdan artyk bolmaly däldir. Hepdede 40 sagatlyk iş wagty her gün 8 sagatdan 5 günlük iş wagtynyň ýa-da hepdäniň 5 güni her gün 7 sagatdan, 6-njy güni bolsa 5 sagatdan ybarat iş wagtynyň bolmagyny göz öňünde tutýar.

Mundan başga-da zähmet hukugynda iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy diýen düşünje hem bar. Salgylanylýan Kodeksimiziň 60-njy maddasyna laýyklykda, iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy aşakdaky ýaly bellenilýär:

● ýaşy on altydan on sekize çenli işgärler üçin – hepdede 36 sagatdan köp bolmaly däl, ýaşy on alta çenli bolan adamlar üçin bolsa – hepdede 24 sagatdan köp bolmaly däl.

● zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işleýän işgärler üçin hepdede 36 sagatdan köp bolmaly däldir. (Iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygyna hukuk berýän zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan önümçilikleriň, sehleriň, kärleriň we wezipeleriň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar).

Şonuň ýaly-da kanuna laýyklykda hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparyň (HMAT) maslahatynyň esasynda I ýa-da II derejeli toparyň maýybyna iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy bellenilip bilner, ýöne ol zähmet hakyny azaltmazdan hepdede 36 sagatdan az bolmaly däldir. Şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy bilen işgärleriň beýleki toparlary üçin iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy bellenilip bilner. Şunuň bilen baglylykda iş beriji her bir işgäriň hakyky işlän wagtynyň hasabyny ýöretmäge borçludyr.

Dynç alyş günleri diýlende, kanuna laýyklykda işçileriň (zähmetkeşleriň) işden boş günlerine, kada bolup galyşyna görä hepdäniň şenbe we ýekşenbe günlerine düşünilýär. Ýöne Kanun iş berijä işiň ýagdaýlaryndan ugur alyp, zähmetkeşleriň pikirini nazara alyp we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary bilen ylalaşyp, kärdeşler arkalaşygy ýa-da zähmetkeşlere wekilçilik edýän başga gurama bilen bilelikde dynç alyş günlerini hepdäniň başga günlerine geçirmäge rugsat berýär. Ýöne iş berijiniň 40 sagatlyk iş hepdesiniň dowamyndaky iki sany dynç alyş gününi 4 sagatdan ýa-da 6 sagatdan tutuş hepdäniň günlerine paýlap bermäge haky ýokdur.

[1] Lat. calendarium – bergi kitapçasy, kalendar boýunça gije 00 sagat 00 minutdan başlanyp, 24 sagat 00 minutda tamamlanýan, 24 sagatdan ybarat bolan bir gün bilen hasaplanýan wagt möçberini aňladýar.

Dynç alyş günleri, raýatlaryň dynç alşa bolan hukugyny hakyky manysynda üpjün etmek üçin üznüksiz we dowamly bolmalydyr.

Baýramçylyk we hatyra günleriniň öň ýanyndaky günde, Türkmenistanyň ZK-da görkezilen işleriň görnüşlerinde zähmet çekýän işgärlerden başga işgärleriň işiniň dowamlylygy bäşgünlük iş hepdesinde-de, altygünlük iş hepdesinde-de bir sagat gysgaldylýar[1].

Emma önümçiligiň (işiň) şertleri boýunça işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama gününiň öň ýanyndaky günde işiň (çalşygyň) dowamlylygyny azaltmagy mümkin bolmadyk üznüksiz işleýän kärhanalarda we işiň aýry-aýry görnüşlerinde işgäriň islegine görä goşmaça dynç alyş wagtyny bermek ýa-da iş wagtyndan daşary edilen iş üçin bellenilen kadalar boýunça hak tölemek bilen artyk işlenen işiň öwezi dolunýar. Şeýle hem altygünlük iş hepdesinde dynç gününiň öň ýanyndaky gün işiň dowamlylygy 5 sagatdan ýokary geçip bilmez.

Mundan başga-da Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 81-nji maddasynda döwlet tarapyndan dynç alyş güni hökmünde ykrar edilýän baýramçylyk we hatyra günleriniň sanawy berilýär.

Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Täze ýyl – 1-nji ýanwar;
- Hatyra güni – 12- nji ýanwar;
- Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni – 19-njy fewral;
- Halkara zenanlar güni – 8-nji mart;
- Milli bahar baýramy – 21–22-nji mart;
- 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Ýeňiş güni – 9-njy maý;
- Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni – 18-nji maý;
- Milli matam güni – 6-njy oktýabr;
- Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni – 27–28-nji oktýabr;
- Türkmenistanyň Milli baýramy – Bitaraplyk güni – 12-nji dekabr;
- Gurban baýramy – Gurban baýramynyň anyk senesi her ýyl Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen kesgitlenilýär;
- Oraza baýramy – Oraza baýramynyň anyk senesi Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen kesgitlenilýär.

Eger-de işlenilmeýän baýramçylyk ýa-da hatyra güni, berilýän dynç güni (ýekşenbe) bilen gabat gelse, onda baýramçylyk ýa-da hatyra gününden soň gelýän iş gününde dynç berilýär. Işgärler tarapyndan dynç we işlenilmeýän baýramçylyk günlerini rejeli peýdalanmak maksady bilen, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti dynç gününi hepdäniň başga gününe geçirmäge haklydyr.

Emma, Kanun, işgärleri baýramçylyk we ýatlama günlerinde önümçilik-tehniki şertleri boýunça duruzyp bolmaýan işlerde (üznüksiz işleýän kärhanalarda), ilata hyzmat etmek zerurlygy bilen baglanyşykly, şeýle hem gaýragoýulmasyz abatlamak

[1] Türkmenistanyň ZK-nyň 61-nji maddasy.

we ýükläp-düşüriş işlerinde, dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlemäge ýol berilýär[1]. Dynç alyş günlerindäki, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerindäki iş üçin töleg Zähmet kodeksinde bellenilen tertipde geçirilýär. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, gijeki iş wagtynyň[2] dowamlylygy hem bir sagat gysgaldylýar.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda iş berijiniň başlangyjy boýunça işgärleri iş wagtyndan daşary hem işe çekmeklige rugsat berilýär. Ýöne şunda işgär iş wagtyndan daşary işlere çekilende edaranyň ýa-da kärhananyň kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalarynyň pikirini hasaba almak bilen, şeýle hem işgäriň ýazmaça razylygy bilen geçirilip bilner. Iş berijiniň başlangyjy boýunça işgäriň iş wagtynyň bellenilen dowamlylygyndan daşary eden işi, gündelik işi (çalşygy), şeýle hem hasap döwründe (aýda, çärýekde, ýylda) iş sagatlarynyň kadaly sanyndan artyk edilen iş iş wagtyndan daşary iş diýlip hasap edilýär.

Kanunçylyga laýyklykda iş beriji iş wagtyndan daşary işleri diňe kanunda göz öňünde tutulan (TZK-nyň 64-nji maddasynda) aýratyn halatlarda ulanyp biler.

Göwreli aýallar, on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärler, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärleriň beýleki toparlary iş wagtyndan daşary işlere goýberilmeýär[3].

Kanuna laýyklykda işgärlere iş wagtynda hem dynç almak we nahar edinmek üçin dowamlylygy bir sagatdan az bolmadyk, ýöne iki sagatdan köp bolmadyk arakesme berilýär. Arakesme wagty iş wagtyna goşulmaýar. Dynç almak we naharlanmak üçin arakesme kada hökmünde iş başlanandan her dört sagatdan soň berilmelidir. Arakesmäniň başlanýan we gutarýan wagty kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary arkaly kesgitlenilýär. Işgärler arakesmäni özleriniň makul bilşine görä peýdalanýarlar. Şol wagtyň içinde olar iş ýerinden gidip bilerler.

Önümçiligiň şertlerine görä arakesme belläp bolmaýan işlerde iş wagtynyň dowamynda işgäre dynç almak we naharlanmak üçin wagt we ýer berilmelidir. Şunuň ýaly işleriň sanawy, dynç almagyň we naharlanmagyň wagty we ýeri işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp iş beriji tarapyndan bellenilýär[4]. Şonuň ýaly-da ýylyň yssy (sowuk) wagtynda açyk howada ýa-da jaýyň içini ýelejirediş (sowadyş, ýyladyş) ulgamlary bolmadyk, ýapyk jaýlardaky işlerde işgärlere arakesmeler berilýär ýa-da iş wagtlaýynça arasy kesilip (bes edilip) bilner.

Arakesmäniň başlanýan we gutarýan wagty iş beriji tarapyndan kesgitlenýär we degişli buýruk bilen resmileşdirilýär. Howanyň ýokary (pes) temperaturasy[5]

[1] Türkmenistanyň ZK. 82-nji madda.

[2] Şol ýerde. 62-nji madda. Sagat 22-den 06-a çenli wagt gijeki wagt diýlip hasaplanylýar.

[3] Türkmenistanyň ZK. 64-nji madda.

[4] Şol ýerde. 74-nji madda.

[5] Lat. temperature – degişli derejede süýşmek, kadaly ýagdaý, gyzgynlyk we sowuklyk ölçegini

netijesinde ýylyň yssy (sowuk) wagtynda iş bes edilen mahalynda iş beriji işgäri zähmetiň has amatly şertleri bolan başga işe wagtlaýyn geçirmäge haklydyr. Işgärlere arakesme berilýän ýa-da işiň wagtlaýyn arasy kesilip (bes edilip) bilinjek howanyň temperatura düzgüni Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Mälim bolşy ýaly, her ýylky tölegli zähmet rugsatlary diýlende, işgärlere belli bir wagt möhletiniň dowamynda berilýän tölegli dynç alyş günlerine düşünilýär. Türkmenistanyň ZK-nyň 84-nji maddasyna laýyklykda, her ýyl berilýän rugsatlaryň her ýyl berilýän esasy rugsat, goşmaça rugsat, durmuş rugsady we iş haky tölenilmeýän rugsat ýaly görnüşleri bardyr.

*Esasy rugsat* – bu, her ýylda, dowamlylygy 30 senenama gün möçberinde, ähli görnüşdäki bilim edaralarynyň pedagogik[1] işgärlerine we ýolbaşçylaryna, şeýle hem maýyplara bolsa dowamlylygy 45 senenama gün möçberinde, ylmy guramalarda, edaralarda we kärhanalarda wezipeleri eýeleýän we ylymlaryň doktory diýen alymlyk derejesi bolan ylmy işgärlere her ýylky esasy rugsat 45 senenama güni, ylymlaryň kandidaty diýen alymlyk derejesi bolanlara 36 senenama güni möçberinde berilýän rugsatdyr. Kanuna laýyklykda, ýylda berilýän esasy rugsat her ýylda berilmelidir. Her ýylky esasy rugsadyň başlanýan wagty hakynda iş beriji rugsadyň başlanmagyna azyndan on bäş gün galanda işgäri habarly etmelidir. Işgär ilkinji işläp başlan ýyly üçin esasy rugsady almak hukugyna zähmet şertnamasynyň baglaşylan gününden başlap üznüksiz on bir aý işländen soň eýe bolýar.

Üznüksiz işiň on bir aýy geçmänkä islegine görä rugsat, aýallara – göwreliligi we çaga dogranlygy üçin berilýän rugsadyň öň ýanynda ýa-da onuň yzyndan, maýyplara; kämillik ýaşyna ýetmediklere; iş beriji tarapyndan işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy, kärhananyň ýatyrylmagy ýa-da işiň bes edilmegi bilen baglanyşykly öňki iş ýerinden boşadylan işgäre, şeýle hem onuň başga işe geçirilen ýagdaýynda; işini esasy işi bilen utgaşdyryp işleýän işgäre berilýär (esasy iş ýeri boýunça her ýylky esasy rugsat bilen bir wagtda tölenilmeýän rugsat).

Işiň ikinji we soňky ýyllary üçin her ýylky esasy rugsat kärhanada bellenilen rugsatlaryň grafigine laýyklykda berilýär. Ähli görnüşlerdäki bilim edaralarynyň pedagogik işgärlerine her ýylky esasy rugsat olaryň işe giren wagtyna garamazdan tomusky rugsatlar döwründe berilýär.

*Goşmaça rugsat* – bu, zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş, işiň aýratyn hasiýeti, toý dabaralaryny geçirmek üçin we merhumy jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin, şonuň ýaly-da 62 ýaşa ýeten raýatlara berilýän goşmaça rugsatdyr. Türkmenistanyň ZK-nyň 90-njy maddasyna laýyklykda, zähmetiň zyýanly şertleri bolan işlerde işleýänlere – ýagny magdan däl gurluşyk materiallaryny gazyp almak

---

aňladýar.

[1] Gr. paidagogike – terbiýe bermek we okatmak baradaky ylym.

boýunça känlerdäki we karýerlerdäki açyk dag-magdan işlerinde, görkezilen işleri üpjün edýän tehnologik ulagy ulanýan, gyzgyn önümçiliklerde, şeýle hem zähmetiň zyýanly şertleri bolan beýleki işlerde – dowamlylygy 7 senenama gününe çenli, zähmetiň aýratyn agyr şertleri bolan işlerde – 15 senenama gününe çenli.

Zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsat berilmäge degişlidir. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsadyň berilýän işleriniň, kärleriniň we wezipeleriniň sanawy, şonuň ýaly-da şertleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

Kanuna laýyklykda işiň aýratyn häsiýeti üçin goşmaça rugsat ýokary nerw, akyl dartgynlygy we beýleki ýokarlandyrylan ýükleri bolan işlerde işleýän işgärlere olaryň işe ukyplylygyny doly derejede dikeltmek üçin berilýär. Işiň aýratyn häsiýeti üçin goşmaça rugsadyň dowamlylygy ugrukdyryjynyň (dispetçeriň[1]) şahadatnamasy bolan, howa hereketini dolandyrýan işgärlere – 7 senenama gününe çenli, iş ýylynda uçulan sagatlara baglylykda uçuş we uçuş-synag ediş düzüminiň işgärlerine – 15 senenama gününe çenli, kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan adamlara – üç senenama güni möçberinde bellenilýär[2].

Kanuna laýyklykda toý dabaralaryny geçirmek üçin, merhumy jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin berilýän goşmaça rugsat, toý dabaralaryny (ogul öýermek, gyz çykarmak) geçirmek üçin maşgala baştutanlarynyň ikisine, şeýle hem nikalaşýan adamlara dowamlylygy 10 senenama güni, olardan 5 güni toýa çenli, 5 güni toýdan soň berilýär. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylary (RÝNÝ) edarasy tarapyndan berilýän kepilnama toý dabaralaryny geçirmek üçin goşmaça rugsat bermäge esasdyr. Eger-de nika Türkmenistanyň çäginden daşynda baglaşylýan bolsa şu maddanyň birinji böleginde görkezilen adamlara, olaryň arzasy boýunça dowamlylygy 10 senenama güni bolan goşmaça rugsat berilýär. Goşmaça rugsadyň tölegi daşary ýurtda nikanyň hasaba alnandygyny güwä geçýän resminamanyň bellenilen tertipde tassyklanylan nusgasynyň esasynda Türkmenistanyň RÝNÝ edarasy tarapyndan berlen kepilnama boýunça geçirilýär[3].

Şonuň ýaly-da RÝNÝ-nyň edarasy tarapyndan berilýän kepilnamanyň esasynda jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin dowamlylygy 10 senenama günündäki goşmaça rugsat aradan çykanyň ýakyn hossarlarynyň ikisine berilýär.

Ýakyn hossarlar diýlip ata-eneler (olar bolmadyk mahalynda hossarlar we howandarlar), är-aýallar, çagalar, ata we ene tarapyndan baba we mama, agtyklar, süýtdeş doganlar we uýalar, oglunyň gelinleri we giýewler hasap edilýär (ZK-nyň 94-nji maddasynyň 2-nji bendi). Jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň çäklerinden daşary gidýän adamlara goşmaça rugsat, olaryň

[1] Iňl. dispatch – çalt berjaý etmek, uçuşlary ýerden dolandyryjyny we ugrukdyryjyny aňladýar.

[2] Türkmenistanyň ZK-nyň 91-nji maddasy.

[3] Şol ýerde. 94-nji madda.

arzasynyň we ýakyn hossarynyň aradan çykandygy hakynda bellenilen tertipde tassyklanan habarynyň esasynda berilýär. Goşmaça rugsadyň tölegi daşary ýurt döwletinde aradan çykmagyň bellige alnan faktyny tassyklaýan resminamanyň bellenilen tertipde tassyklanan nusgasynyň esasynda Türkmenistanyň RÝNÝ-nyň edarasy tarapyndan berlen kepilnamanyň berilmegi bilen geçirilýär[1]. Türkmenistanyň ZK-nyň 95-nji maddasyna laýyklykda, dowamlylygy üç gün bolan goşmaça rugsat 62 ýaşa ýeten we eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalarda işleýän Türkmenistanyň raýatlaryna berilýär ýa-da işgäriň 62 ýaşa ýeten iş ýyly üçin her ýylky esasy rugsadyna goşulýar.

*Durmuş rugsady* – bu aýal maşgala bolan işgäre göwrelilik we çaga dograndygy boýunça, şeýle hem çaga seredýänligi üçin berilýän rugsatdyr. Şonuň ýaly-da durmuş rugsadyna Türkmenistanyň ZK-nyň 98–102-nji maddalarynda görkezilen adamlara, ýagny gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşler boýunça ýokary we orta hünärment okuw mekdeplerinde önümçilikden aýrylman okaýan işgärlere berilýän, şonuň ýaly-da gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşler boýunça ýokary okuw mekdeplerinde okamak bilen baglanyşykly berilýän we gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşler boýunça orta hünärment okuw mekdeplerinde okamak bilen baglanyşykly berilýän rugsatlar, şeýle hem diplom taslamasyny (işini) taýýarlamak üçin berilýän rugsatlar we döredijilik rugsatlary degişlidirler[2].

Kanunda anyk görkezilen halatlarda işgär iş haky tölenilmeýän rugsatdan hem peýdalanyp bilýär. Hereket edýän kanunçylykda, esasly sebäpler ýüze çykan mahalynda işgäriň islegine görä ýylyň dowamynda dowamlylygy 10 senenama gününe çenli zähmet haky tölenilmeýän rugsat berilýär. Haçanda işgäre 10 senenama gününden köp dowamlylykda zähmet haky tölenilmeýän rugsat gerek bolan halatlarynda oňa her ýylky esasy rugsadyň ýa-da goşmaça rugsatlaryň hasabyna goşmaça günler berlip bilner.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 34-nji maddasynda döwletiň adamlaryň ýaşaýan ýerinde dynç almagy hem-de işden boş wagtyny netijeli peýdalanmagy üçin amatly şertleri döredýändigi hakynda hukuk kadasy berkidilýär. Döwlet tarapyndan adamlaryň dynç alyş wagtyny netijeli we paýhasly ulanmaklary üçin teatrlar, kitaphanalar, muzeýler, dynç alyş we bejeriş merkezleri, dynç alyş zolaklary döredilýär. Seýilgähler açylýar. Sport bilen meşgullanmak üçin merkezler hem-de stadionlar[3] gurulýar. Ýurduň çäginde sporty we syýahatçylygy ösdürmek babatda ençeme çäreler amala aşyrylýar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ulgamynda-da ençeme dynç alyş çäreleri durmuşa geçirilýär. Bu amala aşyrylýan çäreleriň ähli hem adamlaryň işden boş wagtlaryny peýdaly ulanmaklaryny üpjün etmeklige gönükdirilýär.

[1] Şol ýerde. 94-nji madda.

[2] Türkmenistanyň ZK-nyň 98-102-nji maddalary.

[3] Gr. stadion – bäsleşik geçirilýän ýer.

Dynç almak üçin diňe bir wagtyň bolmagy däl, eýsem, şol dynç alyş wagtyny ýerlikli peýdalanmak möhümdir. Dynç almagy başarnykly guramak gerek. Biziň döwletimiz raýatlaryň dynç almagy we hemmetaraplaýyn ösmegi üçin ähli şertleri döredýär. Özüňi kadaly durmuş düzgünine, peýdaly işe endik etdirmäge, mekdepden başlap girişmek gerek. Öz wagtyny ýerlikli peýdalanmagy öwrenen adama öz saglygyny saklamak we pugtalandyrmak, öz ukyplaryny ösdürmek, özüniň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmak üçin mümkinçilikler çäksizdir.

### 4.4. Eneligiň, çagalygyň, maşgalanyň goraglylygyna, çagalary barada alada etmäge we olary terbiýelemäge bolan hukuk

Türkmenistanyň raýatlarynyň möhüm durmuş-ykdysady hukuklarynyň biri--de eneligiň, çagalygyň, maşgalanyň goraglylygyna, çagalary barada alada etmäge we olary terbiýelemäge bolan hukuk bolup durýar. Raýatlarymyzyň bu hukuklary Esasy Kanunymyzyň 27-nji maddasynda: «Nika ýaşyna ýeten erkek bilen aýal biri--biri bilen ylalaşyp, nikalaşmaga hem maşgala gurmaga hukugy bardyr. Maşgala gatnaşyklarynda är-aýalyň hukuklary deňdir. Ata-eneler ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar çagalaryny terbiýelemäge, olaryň saglygy, ösüşi, okuwy barada alada etmäge, olary zähmete taýýarlamaga, kanunlara, taryhy we milli däp-dessurlara hormat goýmak medeniýetini olaryň aňyna ornaşdyrmaga hukuklydyrlar we borçludyrlar. Kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz ata-eneleri barada alada etmäge, olara kömek bermäge borçludyr» diýen görnüşde berkidilýär.

Mälim bolşy ýaly, «nika» diýen düşünje, zenan bilen erkek kişiniň maşgala gurmak, çagany dünýä indermek we olary terbiýelemek, şonuň ýaly-da umumy hojalygy ýöretmek maksadyndan ugur alyp, anyk düzgünleri berjaý etmek bilen özara baglaşýan meýletin we deňhukukly birleşmesini aňladýar.

Maşgala diýlende, birek-birege kömek bermäge borçly hem-de biri-biriniň öňünde ahlak we hukuk taýdan jogapkärçilikleri bolan, şonuň ýaly-da bilelikde umumy hojalygy ýöredýän şahslaryň özara baglaşan nikasynyň ýa-da gandüşer garyndaşlygynyň esasynda döreýän kiçi sosial toparyna düşünilýär. Maşgala jemgyýetiň tebigy we iň möhüm öýjügi bolup durýar. Şonuň üçinem maşgala jemgyýet we döwlet tarapyndan goralýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 27-nji maddasynda berkidilýän hukuk kadasy adamlaryň, ýagny zenan bilen erkek kişiniň özara ylalaşyk esasynda erkin nikalaşmaga we maşgala gurmaga bolan hukuklaryny berkidýär. Nika ýaşyna ýeten zenanyň we erkek kişiniň bu hukugy «Adam hukuklary hakyndaky Ählumumy Jarnamanyň» 16-njy maddasynyň 1-nji bendinde, «Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky halkara Paktyň» 10-njy maddasynyň 1-nji bendinde, «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Paktyň» 23-nji maddasynyň 1-nji bendinde,

şonuň ýaly-da ençeme beýleki möhüm halkara hukuk namalarynda öz beýanyny tapýar.

Mälim bolşy ýaly, zenan bilen erkek kişiniň birek-birege bolan fiziki hem-de psihiki ymtylyşy, janly organizm hökmünde adamyň iň bir kuwwatly tebigy duýgusy hem zerurlygy bolup durýar. Zenan bilen erkek kişiniň birek-birege ymtylyşy diňe bir nesil ýaýratmak höwesinden gelip çykmaýar-da, adamyň öz taýyny tapmaga, jübüt ýaşamaga bolan çäksiz tebigy höwesinden emele gelýär. Şol zerurlygy hem adamyň edil iýmit, ýaşaýyş jaýy, ýyly geýim, ylym-bilim, erkinlik ýaly möhüm zerurlyklary bilen deň derejede kanagatlandyrylmaga degişlidir. Hut şonuň üçinem döwlet adamyň nikalaşmaga we maşgala gurmaga bolan hukugyny onuň beýleki tebigy hem mizemez hukuklarynyň hatarynda kanun esasynda berkidýär. Emma şol bir wagtda-da, döwlet zenan bilen erkek kişiniň nikalaşmaga we maşgala gurmaga hukuklaryny durmuşa geçirmekleri üçin zerur bolan birnäçe şertleriň bolmagynyň hökmanylygyny hem kesgitleýär.

Ol şertleriň ilkinjisi zenan bilen erkek kişiniň bellenilen nika ýaşyna ýetmegidir. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 15-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda Türkmenistanda nika ýaşy on sekiz ýaş diýlip kesgitlenýär. Aýratyn halatlarda esasly sebäpler bolan mahalynda hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan nika baglaşmak isleýän adamlaryň haýyşy boýunça nika ýaşy bir ýyldan köp bolmadyk wagta peseldilip bilner[1].

Nika ýaşynyň takyk bellenmegi, esasan hem, zenanlaryň janyny, saglygyny we ruhy taýdan sagdyn ösüşini goramak maksady bilen amala aşyrylýar. Sebäbi zenan, diňe belli bir ýaşa ýeteninden soň öz bedeni üçin hiç-hili zelelsiz fiziologiýa taýdan jynsy gatnaşyga girmeklige, göwresinde çaga galan ýagdaýynda ony kemala getirmeklige we dünýä indermeklige ukyply bolup bilýär.

Zenan bilen erkek kişiniň nikasynyň hakyky diýlip bilinmeginiň ikinji şerti bolsa, Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 16-njy maddasynda berkidilişine görä nikalaşýanlaryň özara razylygynyň bolmagydyr. Nikanyň hakyky bolmagynyň bu şerti, «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Paktyň» 23-nji maddasynyň 3-nji bendinde hem berkidilýär. Türkmenistanyň JK-nyň 127-nji maddasynda bolsa aýal-gyzlaryň erk-islegine garamazdan, olar bilen hakykat ýüzünde nikalaşmak üçin olary zorluk bilen alyp gaçmak üçin jenaýat jogapkärçiligi kesgitlenýär.

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 20-nji maddasynda nikanyň hakyky bolmagynyň ýene-de goşmaça üç sany şerti kesgitlenýär:

*Nikalaşýanlaryň hiç biriniň başga biri bilen nikada bolmazlygy:*

Nikanyň hakyky bolmagynyň bu şerti Türkmenistanyň demokratik, dünýewi döwlet bolmagyndan gelip çykýar. Türkmenistanda köp aýallylyk jenaýat jogapkärçiligine getirýär[2]. Köp aýallylyk diýip, bir wagtda iki ýa-da birnäçe aýal bilen bile ýaşap, umumy hojalygyň bilelikde ýöredilmegine düşünilýär.

---

[1] Türkmenistanyň Maşgala kodeksi. 15-nji madda, 3-nji böl. Aşgabat. 2012.

[2] Türkmenistanyň JK-nyň 163-nji maddasy.

*Göni ata-babalaryna barýan ýa-da ata-babalaryndan gaýdýan ugurlar boýunça garyndaşlar bolmazlygy:*

Göni ata-babalaryna barýan ýa-da ata-babalaryndan gaýdýan ugurlar boýunça garyndaş diýlende, ata-enelere, çagalara, perzentlige alyjylara, perzentlige alnanlara, süýtdeş hem-de ganybir doganlara we uýalara, ata-baba, ene-mama, agtyklara düşünilýär. Bu şertiň girizilmegi öz köküni adamzadyň ilkidurmuş jemgyýetleriniň zamanasyndan alyp gaýdýar. Eýýäm şol döwürlerde adamlar ýakyn garyndaşlaryň maşgala gurmaklarynyň netijesinde dünýä inýän çagalaryň dogabitdi kemisli bolup dünýä inýändiklerine, şonuň netijesinde ynsan nesliniň sagdynlygynyň ýitýändigine göz ýetiripdirler. Hut şonuň üçinem adamzadyň gan sagdynlygyny goramak maksady bilen, nikalaşmagyň şu şerti bütin dünýäniň aglaba köp ýurtlarynda hökmanylyk hökmünde ykrar edilýär.

*Nikalaşýanlaryň ikisiniň hem akylynyň düzüw bolmagy:*

**Akyly düzüwlik** – bu adamyň öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine düşünip, olardan ugur alyp, özüne öz hereketleri babatda anyk hasabat berip, özüne erk edip bilmegidir. Hasabat bermeklik – bu adamyň öz eden hereketleriniň häsiýetine we ähmiýetine, olaryň mazmunyna we gaýry ýagdaýlaryna düşünmegini aňladýar. Erk etmeklik diýlende bolsa, adamyň özüne erk edip, ýagny haýsydyr bir hereketi öz islegine görä edip ýa-da etmän bilmegine düşünilýär.

Esasy Kanunymyzyň 27-nji maddasynda görkezilýän «maşgala gatnaşyklary» diýen düşünje babatda aýdylanda, bu düşünjäniň astynda, maşgalanyň agzalarynyň arasynda döreýän dürli jemgyýetçilik gatnaşyklaryna düşünilýär. Kanun maşgala gatnaşyklarynda är-aýalyň deň hukuklardan we borçlardan peýdalanýandygyny kesgitleýär. Maşgalada är-aýalyň arasyndaky hukuklaryň we borçlaryň ýüze çykmagyna raýatlyk nama ýazgylary hakyndaky kitapçada olaryň resmi nikadan geçendikleri hakyndaky ýazgynyň ýazylmagy esas bolup durýar. Hukuk nazaryýetinde maşgala gatnaşyklarynda erkekler bilen aýallaryň hukuklarynyň deň bolmagy üçin şu aşakda görkezilen:

● nikalaşanlarynda zenanlara erkekler bilen birmeňzeş hukuklaryň berilmegini;

● zenanlara ýanýoldaşyny saýlap almak üçin hem-de diňe özüniň erkin we doly razylygy bilen nikalaşmaklyga hukugy;

● nikaly döwründe we ol bozulan mahalynda erkekler bilen deňhukuklylygy;

● ata-ene bolan erkekleriň we aýallaryň öz çagalaryna degişli meselelerde öz maşgala ýagdaýyna garamazdan, birmeňzeş hukuklarynyň bolmagyny;

● çagalaryň sany we olaryň dogulmagynyň arasyndaky döwür hakyndaky meseläni erkin hem-de jogapkärçilikli çözmäge birmeňzeş hukuklar we şol hukuklary amala aşyrmaga mümkinçilik berýän maglumatlaryň, bilimiň we serişdeleriň elýeterli bolmagyny;

● äri-aýalyň birmeňzeş şahsy hukuklary, şol sanda familiýany, hünäri we işi seçip almak hukugyny;

19. Sargyt № 1499.

● bilelikdäki emläge (maşgalanyň emlägine) eýelik etmek, ony artdyrmak, dolandyrmak, ondan peýdalanmak we oňa ygtyýar etmek babatda är-aýalyň birmeňzeş hukuklarynyň bolmagyny üpjün edilmeginiň zerurlygy kesgitlenýär.

Esasy Kanunymyzyň 27-nji maddasynyň 2-nji bendinde ata-eneleriň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň çagalaryny terbiýelemäge, olaryň saglygy, ösüşi, okuwy barada alada etmäge, olary zähmete taýýarlamaga, kanunlary berjaý etmäge, taryha we milli däp-dessurlara hormat goýmagy öwretmäge, şeýle medeniýeti olaryň aňyna ornaşdyrmaga hukukly we borçludyklary kesgitlenýär.

*Ata-eneler* diýlende, çagany dünýä inderen we biri-biri bilen resmi nikada durýan är-aýala, şonuň ýaly-da nikasyz jynsy gatnaşygyň netijesinde doglan çagalaryň biologiki[1] ata-enelerine düşünilýär. Emma hukuk düşünjesinde çaganyň ata-enesi diýlende, çagalaryň dogluş ýazgylarynyň kitapçasynda belli bir çaganyň ata-enesi hökmünde görkezilen adamlara ýa-da kazyýetiň atalygy-eneligi kesgitlemek hakyndaky çözgüdiniň esasynda anyk bir çaganyň atasy (enesi) hökmünde bellenen adamlara düşünilýär.

Şeýlelikde, ata-eneligiň hukuk düşünjesi ata-eneligiň biologik düşünjesi bilen gabat gelmän hem bilýär. Ata-eneligiň anyklanmagynyň zerurlygy ata-enäniň öz çagalary barada hukuklary bilen birlikde ençeme borçlarynyň (ekläp-saklamak, terbiýe bermek we ş.m.) bardygyndan gelip çykýar.

Kanun çagany perzentlige alan adamlaryň hem edil çaganyň hakyky ata-enesi bilen deň hukuklardan peýdalanýandyklaryny we borçlary berjaý edýändiklerini kesgitleýär. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 107-nji maddasyna laýyklykda, kämillik ýaşyna ýeten raýatlar perzentlige alýan adamlar bolup bilýärler.

Emma, kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen, kazyýetiň çözgüdi boýunça ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen ýa-da kazyýet tarapyndan ata-enelik hukuklary çäklendirilen, kanun tarapyndan öz üstüne ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmändigi ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirmändigi sebäpli, hossaryň (howandaryň) borjuny ýerine ýetirmekden çetleşdirilen, öňki perzentlige alanlar, saglyk ýagdaýy boýunça ata--eneleriň hukuklaryny berjaý edip bilmedikler, mugallymçylyk we terbiýeçilik işi bilen baglanyşykly jenaýatlary, şeýle hem bilkastlaýyn agyr we aýratyn agyr jenaýatlary edendigi üçin iş kesilenler, hemişelik ýaşaýan ýeri, şeýle hem bellenilen sanitariýa we tehniki talaplara laýyk gelýän ýaşaýyş jaýy bolmadyklar, şeýle hem arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan ejir çekýänler perzentlige alýanlar bolup bilmezler.

*Ata-eneleriň ornuny tutýan adamlar* diýlende, hossarlara we howandarlara düşünilýär. Hukuk nazaryýetinden gelip çykyşyna görä, hossar – bu kämillik

[1] Gr. bios – ýaşaýyş, logos – okuw, nämedir bir zadyň tebigata degişliligini, bu ýagdaýda adamyň tebigy ene-atasyny, ýagny adamyň emele geliş öýjügini enesiniň göwresinde tohumlandyran erkek kişini we adamy dünýä inderen zenany aňladýar.

ukyby ýok fiziki şahslar barasynda, olaryň adyndan we olaryň bähbitleri üçin ähli zerur geleşikleri[1] baglaşmak ygtyýarlyklary bolan, degişli hossarlyk-howandarlyk edarasy tarapyndan anyk adamyň hossary diýlip bellenen, kämillik ýaşyna ýeten we doly kämillik ukyby bolan adamdyr.

*Adamyň kämillik* ukyby diýlende, fiziki şahsyň on sekiz ýaşyna ýetmegi bilen öz erk-islegini amala aşyrmaga we öz hereketleri bilen raýat hukuklaryny edinmäge hem-de olary amala aşyrmaga, şeýle hem onuň özi üçin raýat borçlaryny döretmäge we olary ýerine ýetirmäge bolan ukybyna (raýat kämillik ukybyna) düşünilýär[2].

*Adamyň kämillik ukybynyň ýoklugy* diýlende, fiziki şahsyň ruhy taýdan ýarawsyzlygy (dälilik keseli ýa-da akyly kemligi) sebäpli öz hereketleriniň manysyna düşünip we olara erk edip bilmezligine düşünilýär. Adamyň kämillik ukybynyň ýoklugy kazyýet tarapyndan ykrar edilýär.[3]

*Howandar* – bu kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahslara bellenilýär. Howandarlar howandarlyk edilýän fiziki şahslaryň özbaşdak baglaşmaga haky bolmadyk geleşiklerini baglaşmaga razylyk berýärler. Howandarlyk düşünjesi Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 33-nji, 35-nji maddalarynda kesgitlenýär.

*Adamyň kämillik ukybyny çäklendirmek* diýlende, spirtli içgileri ýa-da neşe maddalaryny kast edip içmegi-çekmegi zerarly öz maşgalasyny maddy taýdan agyr ýagdaýa salýan fiziki şahsyň kämillik ukybynyň onuň ýakyn garyndaşlarynyň arzasy esasynda kazyýet tarapyndan çäklendirilmegine düşünilýär. Kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahs durmuş häsiýetindäki ownuk geleşiklerden başga, emläge ygtyýar etmek hakyndaky geleşikleri baglaşmaga, iş hakyny, pensiýany ýa-da girdejiniň beýleki görnüşlerini almaga hem-de olara ygtyýar etmäge diňe howandaryň razylygy bilen haklydyr[4].

Bu düşünjelerden başga-da raýat hukugynda doly däl kämillik ukyby diýen düşünje hem bar. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 25-nji maddasyna laýyklykda, ýedi ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň çäklendirilen (doly däl) kämillik ukyby bardyr. Doly däl kämillik ukyby bolan şahs tarapyndan baglaşylan geleşigiň hakyky bolmagy üçin, onuň kanuny wekiliniň[5] razyçylygy zerurdyr, ýöne doly däl kämillik ukyby bolan şahsyň geleşik esasynda peýda alýan halatlary muňa girmeýär.

---

[1] Türkmenistanyň RK-nyň 75-nji maddasyna laýyklykda, fiziki we ýuridik şahslaryň öz erk--isleglerini raýat hukuklaryny we borçlaryny edinmäge, üýtgetmäge ýa-da bes etmäge gönükdirip, hereket etmegi geleşik diýlip hasaplanýar;

[2] Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 23-nji maddasynda berkidilýär;

[3] Şol ýerde. 26-njy madda.

[4] Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 27-nji maddasy.

[5] Adamyň ene-atasy, perzentlige alyjylary, hossarlary howandarlarydyr, şeýle hem oňa howandarlyk edýän edaralaryň we guramalaryň wekilleridir.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1989-njy ýylyň 20-nji noýabryndaky 44/25 belgili rezolýusiýasy bilen kabul edilen Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň[1] 27-nji maddasynyň 2-nji bendinde ata-enäniň (ýa-da olaryň biriniň) ýa-da çagany terbiýeleýän beýleki adamlaryň çaganyň ösmegi üçin zerur bolan durmuş şertlerini öz ukyplarynyň we maliýe mümkinçilikleriniň çäklerinde üpjün etmek üçin esasy jogapkärçilik çekýändikleri bellenilýär. Ata-eneleriň ýa-da çagalary terbiýeleýän başga adamlaryň öz çagalary babatdaky borçlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

● çaganyň ýaşaýşy we kadaly ösmegi üçin iýmit, geýim, ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek;

● çaga zerur saglygyny goraýyş kömegini bermek we onuň saglygyny goramak;

● çaga bilim bermek;

● çaganyň şahsyýetini, onuň zehinini hem-de akyl we beden ukyplaryny ösdürmek;

● adamyň hukuklaryna we esasy azatlyklaryna, şeýle hem BMG-niň Düzgünnamasynda yglan edilen ýörelgelere sarpa goýmak ruhunda terbiýelemek;

● çaganyň öz halkyna, milletine sarpa goýmagy, onuň medeni özboluşlylygyna, diline we gaýry gymmatlyklaryna, öz ýaşaýan ýurdunyň, dogduk mekanynyň milli gymmatlyklaryna we özüniňkiden tapawutlanýan medeniýetleriň gymmatlyklaryna hormat goýmagy öwretmek;

● çagany öz ýaşaýan erkin jemgyýetiniň beýleki agzalary bilen düşünişmek, parahatsöýüjilik, geçirimlilik, aýallaryň we erkekleriň deňhukuklylygy hem-de ähli halklaryň, etniki, milli we dini toparlaryň, şeýle hem ýerli ilatdan bolan adamlaryň arasynda dostluk-doganlyk ruhunda akylly-başly ýaşamaga taýýarlamak;

● çagada daş-töwerekdäki tebigata hormat goýmak we ony goramak häsiýetlerini terbiýelemek;

● çaganyň ukyplaryna görä ony döredijilikli zähmete imrikdirmek;

● çaganyň döredijilik ukyplaryny ösdürmäge ýardam bermek hem mümkinçilik döretmek we ş.m.

Bu görkezilen ýagdaýlar ata-eneleriň we olaryň ýerini tutýan adamlaryň öz garamagyndaky çagalar babatdaky hukuklarynyň hem borçlarynyň gutarnykly sanawy däldir. Şonuň bilen birlikde-de Kanun käbir ata-eneleriň öz çagalary babatda borçlaryny berjaý etmeklige sowuk-sala çemeleşýändiklerini nazarda tutup, çagalaryň hukuklaryny berkitmek üçin ata-eneleriň özleriniň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryny we kämillik ýaşyna ýeten, ýöne welin işe ýarawsyz we kömege mätäç çagalaryny ekläp-saklamaga borçludyklaryny kesgitleýär. Kanun bu borjy ata-enelerden öz çagalarynyň haýryna aliment tölegi görnüşinde berkidýär.

---

[1] Bu Konwensiýa 1994-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan ykrar edildi.

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 144-nji maddasynda, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin olaryň ata-enesinden: bir çaga üçin – ata-enesiniň gazanjynyň (girdejisiniň) dörtden bir bölegi, iki çaga üçin – üçden bir bölegi, üç we ondan köp çaga üçin – ýarysy möçberinde alimentiň alynýandygy bellenilýär. Ata-eneleriň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary, şonuň ýaly-da on sekiz ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalary ekläp-saklamak üçin kazyýetiň çözgüdi boýunça serişde tölemeklikden bilgeşleýin boýun gaçyrmagy Türk-menistanyň JK-nyň 160-njy maddasynyň 1-nji böleginde kesgitlenen jenaýat jogapkärçiligini ýüze çykarýar.

Çagalaryň esasy hukuklary we azatlyklary 2002-nji ýylyň 5-nji iýulynda kabul edilen «Çaganyň hukuklarynyň kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň II babynda berkidilýär. Munuň mysaly hökmünde onuň 6-njy maddasynda çaganyň ýaşamaga we ösmäge, 7-nji maddasynda şahsy aýratynlygyna we onuň saklanylmagyna, 8-nji maddasynda zerur ýaşaýyş derejesine, 9-njy maddasynda maşga-lada ýaşamaga, 10-njy maddasynda şahsy ýaşaýşa we ş.m. bolan hukuklarynyň kepillendirilýändigini görkezmek bolar.

Esasy Kanunymyzyň 27-nji maddasynyň 2-nji bendindäki hukuk kadasyndan görnüşi ýaly, kämillik ýaşyna ýeten çagalar hem öz ata-eneleri barada alada etmäge, olara kömek bermäge borçludyrlar.

Türkmenistanyň RK-nyň 23-nji maddasynda bellenilişi ýaly, fiziki şahslaryň kämillik ýaşy on sekiz ýaşdyr. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 152-nji maddasyna laýyklykda, Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalar zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamaga we olar hakda alada etmäge borçludyrlar. Zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak üçin aliment tölemek hakynda şertnama bolmadyk mahalynda, olar kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalaryndan kazyýet tertibinde tutulyp alynýar. Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply her bir çagadan her aýda tutulyp alynýan alimentiň möçberi ata-eneleriň we çagalaryň maddy we maşgala ýagdaýyny, şeýle hem taraplaryň beýleki bähbitlerini nazara almak bilen, kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär. Alimentiň möçberi kesgitlenen mahalynda ähli çagalaryna, olaryň birine ýa-da olaryň birnäçesine talap bildirilendigine garamazdan, kazyýet atanyň (enäniň) ähli zähmete ukyply kämillik ýaşyna ýeten çagalaryny nazara almaga haklydyr.

Eger ata-eneleriň öz ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dön-derendikleri kazyýet tarapyndan anyklanan bolsa, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalar zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak borçlaryndan boşadylyp bilner. Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalar ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak üçin aliment tölemekden boşadylýar. Emma galan halatlarda kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalaryň kazyýetiň çözgüdi boýunça zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak üçin serişde tölemekden bilgeşleýin boýun gaçyrmagy kanun boýunça jogapkärçiligiň ýüze çykmagyna getirýär.

## 4.5. Abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna bolan hukuk

Türkmenistanyň raýatlarynyň abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna bolan hukugy Esasy Kanunymyzyň 24-nji maddasynda: «Her bir raýatyň abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyny almakda ýa-da edinmekde we özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmakda döwletden goldaw almaga hukugy bardyr» diýen görnüşde berkidilýär.

Abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna bolan hukuk, Adam hukuklary hakynda Ähli umumy Jarnamanyň 25-nji maddasynyň 1-nji bendinde hem-de Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakynda halkara Paktynyň 11-nji maddasynyň 1-nji bendinde görkezilýän «ýeterlik ýaşaýyş derejesi» diýen düşünjäniň ýeterlik iýmite, egin-eşige hem-de durmuş şertleriniň üznüksiz gowulanmagyna bolan hukuk ýaly, möhüm düzüm bölekleriniň biri bolup durýar.

Ýaşaýyş jaýyna bolan hukuk, jemgyýetiň ýaşaýyş jaýyna bolan zerurlyklaryny kanagatlandyrmak ulgamynyň mazmunyny aňladýar we ol ynsanyň binýatlaýyn (fundamental[1]) hukuklarynyň biridir. Raýatlaryň anyk ýaşaýyş jaý hukuklary hem ýaşaýyş jaýyna bolan konstitusion hukuklaryndan gelip çykmalydyr we şol hukuga garşy bolmaly däldir.

Mälim bolşy ýaly, ýaşaýyş jaýy – konstitusion hukukda, bu adalga adamyň erkin ýaşamagy üçin ýörite niýetlenen jaýy aňladýar. Şol jaý boýunça adamyň geografik salgylary (koordinatlary[2]) hökmünde jaýyň anyk ýerleşýän ýeri kesgitlenýär. «Ýaşaýyş jaýy» diýen konstitusion-hukuk düşünjesi «ýaşaýyş desgalary» diýen düşünjeden has giňdir. Sebäbi bu düşünje diňe bir ýaşaýyş jaýlaryny, öýlerini we olaryň aýratynlaşdyrylan (izolirlenen[3]) böleklerini göz öňünde tutman, eýsem adamlaryň ýaşaýan ähli ýaşaýyş jaýlaryny (mysal üçin, türkmen halkynyň dessurlaýyn öýlerini, uzak wagtlaýyn ýaşalýan öýleri, jaýlary we ş.m.) özünde jemleýär.

Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 4-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän ýaşaýyş öýleri, şonuň ýaly-da beýleki jaýlardaky ýaşaýyş otaglary ýaşaýyş jaý fonduny emele getirýär. Ýaşaýyş jaý fonduna ýaşaýyş öýlerindäki söwda, durmuş hajatlary hem-de senagat häsiýetinde bolmadyk beýleki hajatlar üçin niýetlenen ýaşalmaýan jaýlar girmeýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyn 24-nji maddasynda kesgitlenýän, her bir raýatyň abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyny almakda ýa-da edinmekde we aýratyn ýaşaýyş jaýyny gurmakda döwletden goldaw almaga hakynyň bardygy hakyndaky

---

[1] Lat. fundamentum – esas, binýat, nämedir bir zadyň binýadyny aňladýar.

[2] Lat. co – bilelikde, ordinatus – kesgitlenen, tertibe salnan, giňişlikde ýa-da tekizlikde belli bir nokadyň ýerleşýän ýerini görkezýän sanlary aňladýar.

[3] Fr. isoler – aýryşdyrmak, nämedir bir zadyň başga bir zatlardan aýratynlaşdyrylmagyny aňladýar.

19. Sargyt № 1499.

hukuk kadasy, Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 1-nji maddasynda-da berkidilýär. Türkmenistanyň raýatlarynyň bu hukugy, döwlet we jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý fondunyň ösdürilmegi hem-de goralmagy, kooperatiw we şahsy ýaşaýyş jaý gurluşygyna ýardam etmek, şonuň ýaly-da abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaý gurluşyk döwlet maksatnamasy amala aşyryldygyça berilýän ýaşaýyş jaýlarynyň jemgyýetçiligiň işjeň gatnaşmagynda adalatly paýlanylmagy bilen üpjün edilýär.

## 4.6. Saglyk goraglylygyny we lukmançylyk kömegini almaga bolan hukuk

Saglyk goraglylygyny we lukmançylyk kömegini almaga bolan hukuk Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuş-ykdysady hukuklarynyň iň wajyplarynyň biridir. Raýatlarymyzyň bu hukugy Esasy Kanunymyzda şu görnüşde berkidilýär: «Raýatlaryň saglygyny gorap saklamaga, şol sanda döwlet saglygy goraýyş edaralarynyň hyzmatyndan mugt peýdalanmaga hukugy bardyr. Tölegli lukmançylyk we tebipçilik hyzmatyny etmäge kanunda bellenilen esaslarda we tertipde ýol berilýär[1]».

2005-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda täze rejelenen görnüşi kabul edilen, «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, raýatlaryň saglygyny goramak diýip, her bir adamyň uzak ýyllyk, işjeň durmuşyny goldamak, onuň beden we ruhy saglygyny saklamak we pugtalandyrmak maksady bilen, durmuş-ykdysady, medeni, ylmy, bejeriş-öňüni alyş, bejeriş-sagaldyş, saglygy goraýyş-durmuş, sanitariýa-gigiýena, epidemiýa garşy, melhemçilik we gaýry çäreleri amala aşyrmaga gönükdirilen işe düşünilýär.

Görkezilen kanunyň 3-nji maddasyna laýyklykda, raýatlaryň saglygyny goramak babatda döwlet syýasaty:

● raýatlaryň saglygyny goramak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny üpjün etmäge;

● raýatlaryň saglygyny goramaga bolan hukuklaryny durmuşa geçirmäge;

● Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge;

● ilatyň isleglerine laýyklykda saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek we kämilleşdirmek boýunça döwlet maksatnamalaryny işläp taýýarlamaga we amala aşyrmaga;

● sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmäge we ornaşdyrmaga;

● adamyň saglygyny pugtalandyrmaga we keselleriň öňüni almaga;

● ilata edilýän saglygy goraýyş hyzmatynyň gurluşyny, dolandyrylyşyny, hilini hem-de ony guramaga we döwlet gözeçilik ulgamyny kämilleşdirmäge;

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 35-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

● döwlet tarapyndan kepillendirilen möçberiniň çäklerinde ilata edilýän saglygy goraýyş kömeginiň elýeterliligini we mugtlugyny üpjün etmäge;

● ilaty netijeli, üznüksiz we ýokary hilli saglygy goraýyş kömegi bilen üpjün etmäge;

● raýatlaryň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmäge;

● ýokanç keselleriň öňüni almagyň mahsus bolan serişdeleri bilen ilaty üpjün etmäge;

● ilatyň döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşyny ösdürmäge we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrma ulgamyny kämilleşdirmäge;

● lukmançylyk ylmynyň we tejribesiniň bitewiligini üpjün etmäge;

● saglygy goraýyş ykdysadyýetini kämilleşdirmäge, saglygy goraýyş hyzmatlarynyň bazaryny döretmäge we hususy saglygy goraýşy höweslendirmäge;

● saglygy goraýşy maliýeleşdirmegiň netijeliligini ýokarlandyrmaga;

● saglygy goraýşyň maddy-tehniki binýadyny berkitmäge, derman senagatyny ösdürmäge;

● eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, saglygy goraýyş edaralarynyň işi üçin amatly şertleri döretmäge;

● lukmançylyk biliminiň ulgamyny, saglygy goraýyş işgärlerini we ylmy işgärleri taýýarlamaklygy we gaýtadan taýýarlamaklygy kämilleşdirmäge;

● hukuk binýadyny kämilleşdirmäge;

● maglumat binýadyny ösdürmäge;

● öz saglygyny we daş-töweregindäki adamlaryň saglygyny goramakda we pugtalandyrmakda raýatlaryň jogapkärçiligini ýokarlandyrmaga gönükdirilýär.

Görkezilen kanunyň 14-nji maddasynda bellenilişine görä, Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda haýsy millete degişlidigine, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine garamazdan, Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan ähli raýatlara saglygyny goramaga bolan hukuk kepillendirilýär, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň çäklerinden daşyndaky raýatlara hem Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda saglygyny goramaga bolan hukuk kepillendirilýär.

Raýatlaryň saglygyny goramaga bolan hukuklaryny durmuşa geçirmekleri üçin ähli zerur şertleri döretmek hem-de bu ugurda ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak we dolandyrmak maksady bilen, döwlet saglygy goraýyş ulgamy döredilýär. Döwlet saglygy goraýyş ulgamy öz içine lukmançylyk işini we melhemçilik işini alýar.

Esasy Kanunymyzyň 35-nji maddasynda görkezilen, «lukmançylyk (medisina[1])» adalgasy adamlaryň saglygyny goramaga we berkitmäge, keselleriň öňüni almaga we olary bejermäge gönükdirilen ylmyň bir pudagyny aňladýar. Raýatlaryň saglygyny goramak hakyndaky kanunyň 56-njy maddasynyň 1-nji

[1] Lat. medicina, medicus – lukmançylyk, bejeriji.

bendine laýyklykda, halk saglygy goraýşy (tebipçilik) – munuň özi halk däplerinde ykrar edilen we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde bellige alynmadyk, adamlaryň köp nesilleriniň tejribesine esaslanýan, sagaldyşyň, öňüni almagyň, keseli anyklamagyň we bejermegiň halk usullarydyr.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 35-nji maddasynda görkezilýän, tölegli lukmançylyk we tebipçilik hyzmatlary babatda şu aşakdakylary görkezmek bolar. Salgylanylýan kanunyň 55-nji maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda, ýokary ýa-da orta lukmançylyk (melhemçilik) bilimi hakynda diplom we işiň degişli görnüşine ygtyýarnama alan adamlar hususy saglygy goraýyş tejribesi bilen meşgullanmak hukugyna eýedirler.

Şonuň ýaly-da, görkezilen Kanun halk lukmançylygy, ýagny tebipçilik bilen hem meşgullanmaga ygtyýar berýär. Emma Kanun köpçülikleýin tebipçilik tapgyrlaryny (seanslary[1]) geçirmekligi, şol sanda şeýle tapgyrlary köpçülikleýin habar beriş serişdelerini peýdalanmak bilen geçirmekligi gadagan edýär. Şonuň ýaly-da Kanun, halk saglygy goraýyşy (tebipçiligi) bilen bikanun meşgullanýan, şeýle hem halk saglygy goraýyşy (tebipçilik) bilen meşgullananda raýatlaryň saglygyna zyýan ýetiren adamlaryň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilige çekiljekdiklerini kesgitleýär.

2005-nji ýylyň 20-nji dekabrynda kabul edilen, «Türkmenistanyň raýatlary bilen meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna şertnama baglaşmagyň tertibi barada» Düzgünnama laýyklykda, Türkmenistanda raýatlaryň saglyga bolan hukuklarynyň döwlet tarapyndan üpjün edilişiniň anyk mysaly hökmünde meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasyny görkezmek bolar.

Döwlet saglyk ätiýaçlandyrmasyna laýyklykda, döwlet meýletin saglyk ätiýaçlandyryşy boýunça şertnamalary baglaşan raýatlara we döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş hakyny töleýänlere, olaryň eklenjindäki maşgala agzalaryna döwlet tarapyndan şu aşakdaky ýeňillikler berilýär:

● gatnawly şertlerde bejergi alnanda lukman tarapyndan ýazylan dermanlar esasynda derman serişdelerini ýurdumyzyň ähli döwlet dermanhana edaralaryndan 90% ýeňillikli satyn almak;

● döwlet býujetindäki we hojalyk hasaplaşygyndaky bejeriş-öňüni alyş çärelerini geçirýän edaralarda amala aşyrylýan tölegli saglygy goraýyş hyzmatlarynyň ähli görnüşlerini öz bahasyndan 50% arzanladylan görnüşde almak;

● bir hepde möhletde hassahana ýerleşmek (gyssagly däl halatlarda);

● hyzmat edýän bejeriş edarasynyň çäklerinde maşgala lukmany bilen üpjün edilmek.

Döwlet saglyk ätiýaçlandyrmasy üçin 2% ätiýaçlyk tölegleri bolsa, işleýänleriň, şol sanda işleýän pensionerleriň zähmet haklaryndan, okaýanlaryň talyp

[1] Lat. sedere – oturmak, belli bir arakesmesiz wagt möçberiniň dowamynda nämedir bir zady görkezmegi ýa-da geçirmegi aňladýar.

haklaryndan, pensiýadakylaryň pensiýalaryndan, döwlet kömek puluny alýanlaryň hemaýat pullaryndan, yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar üçin kesgitlenen binýatlyk möçberinden tutulyp alynýar.

Kanuna laýyklykda, döwlet meýletin saglyk ätiýaçlandyryşy boýunça şertnamany baglaşan raýat, aýma-aý 2% töleg gatançlaryny bank edaralarynyň üsti bilen ýa-da onuň şahsy arzasynyň esasynda işleýän (okaýan, pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan) edarasynyň hasap bölüminiň (buhgalteriýasynyň) üsti bilen tölemäge borçludyr. Görkezilen şertnamany baglaşan her bir raýata saglyk ätiýaçlandyryş pasporty berilýär.

Adamyň saglygyny goramak işi, tebigy gurşawyň abat saklanmagyna we onuň abadanlaşdyrymagyna gönükdirilen çäreler bilen hem berk baglanyşyklydyr. Sebäbi adam, edil janly tebigatyň ähli jandarlary ýaly, arassa, tämiz howa, tebigy gözellige, ýaramly hem ýokumly, ekologiýa taýdan arassa iýmite, dürli witaminlere mätäçdir. Adam özüniň ýaşaýşy üçin zerur bolan ähli zatlary-da tebigatdan alýar. Ilkinji nobatda dem almak üçin howasy, suwy, ýagtylygy, iýmiti, geýimi, depesindäki üçegi…umuman, adamyň diriligi tebigat bilendir.

Elbetde adamyň we raýatyň ähli hukuklary hem azatlyklary biri-biri bilen jebis baglanyşykdadyr, emma döwlet tarapyndan adamyň saglygyny goramaga bolan hukuklarynyň kepillendirilmegi onuň amatly daşky gurşawa bolan hukuklary bilen beýleki hukuklaryna hem azatlyklaryna garanyňda biri-birine has ýakyndyr.

## 4.7. Amatly daşky gurşawa bolan hukuk

Türkmenistanyň raýatlarynyň amatly daşky gurşawa bolan hukuklary bolsa, Esasy Kanunymyzyň 36-njy maddasynda: «Her bir adamyň amatly daşky gurşawa hukugy bardyr. Döwlet ýaşaýyş şertlerini goramak we gowulandyrmak, şeýle hem daşky gurşawy goramak we dikeltmek maksady bilen, tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik edýär» diýen görnüşde berkidilýär.

Mälim bolşy ýaly, ynsanyýet öz ömrüniň dowamat-dowam bolmagy üçin öz ömrüniň dowam etmegini üpjün edýän Zemin togalagynyň abat, arassa hem-de özi üçin hemişe iň howpsuz we iň rahat mekan bolmagyny üpjün etmelidir. Hut şu nukdaýnazardan ugur alyp hem tutuş adamzat siwilizasiýasynyň adyndan çykyş edýän Dünýä Bileleşigi Zeminiň howpsuzlygyny we geljekki nesillere-de rahatlygyň we goraglylygyň mekany – sallançak bolmagyny üpjün etmek üçin daşky gurşawy goramagy we dikeltmegi, ýeriň ýüzünde ekologiki deňagramlylygy saklamagy, netijede bolsa adamzadyň umumy ýaşaýyş şertlerini gowylandyrmagy hem-de her bir adamynyň amatly daşky gurşawa bolan hukuklaryny durmuşa geçirmegi häzirki zaman dünýäsiniň iň wajyp meselesidir. Bu çygyrda dünýä döwletleriniň tutuş adamzat bähbitli hyzmatdaşlygyny ýola goýmak üçin bütin dünýäde ykrar edilen ençeme halkara ylalaşyklary kabul edilýär.

Daşary syýasatda oňyn bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan Türkmenistanda daşky gurşawy goramak, ýurduň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, meseleleri döwletiň içeri we daşary syýasatynyň iň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenýär hem-de dünýä döwletleri bilen ýakyn hyzmatdaşlykda umumy adamzat ähmiýetli ekologiýa meselelerini çözmek babatynda ençeme işler amala aşyrylýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan BMG-niň daşky gurşawy goramak, ekologiýa heläkçilikleriniň öňüni almak boýunça dünýä möçberindäki hukuk resminamalary bolup durýan tebigaty goramak baradaky konwensiýalara (ylalaşyklara) ilkinjileriň hatarynda goşuldy.

Munuň mysaly hökmünde, Türkmenistan tarapyndan 1994-nji ýylda ykrar edilen Ozon gatlaklaryny goramak hakynda Wena konwensiýasyny we Ozon gatlaklaryny dargadyjy maddalar boýunça Monreal teswirnamasyny, 1995-nji ýylda ykrar edilen Birleşen Milletler Guramasynyň Klimatyň üýtgemegi hakynda çarçuwaly konwensiýany, şeýle hem 1996-njy ýylda ykrar edilen Çölleşmäge garşy göreş boýunça, Biologik köpdürlülik hakyndaky konwensiýalary we Howply galyndylaryň serhetaşyr daşalyşyna we olaryň ýok edilişine gözegçilik hakynda Bazel konwesiýasyny görkezmek bolar. Bu umumy adamzat ähmiýetli halkara hukuk resminamalary biziň döwletimiziň goşulan we ykrar eden tebigaty goramak çygryndaky halkara ylalaşyklarynyň iň esasylarydyr.

Halkara resminamalarynyň tassyklanmagyndan gelip çykýan borçnamalardan ugur alnyp, olaryň kadalaryny milli hukuk ulgamymyza ornaşdyrmaklyk hem çalt depginlerde amala aşyryldy. Bu halkara ylalaşyklaryndaky möhüm halkara hukuk ýörelgeleri we kadalary Türkmenistanyň konstitusiýasyndan başga-da aşakda sanawy berlen Türkmenistanyň kanunlarynda ornaşdyrylyp, şolarda berkidilen düzgünler bilen kadalaşdyrylýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, tebigy gurşaw – bu tebigy ekologiýa ulgamlarynyň we biosferanyň düzümine girýän ähli zatlar, ýagny ýer, ýerasty baýlyklar, suwlar, tokaýlar, özleriniň bütin köpdürliligi bilen ösümlik we haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy, şeýle hem klimat, Zeminiň ozon gatlagy bolup durýar.

Türkmenistanda her ýylda millionlarça düýp bag ekilýär. Ýurdumyzda bag ekmek maksatnamalarynyň yzygiderli durmuşa geçirilmeginiň netijesinde ýylsaýyn önüminiň möçberini artdyrýan kislorod öndüriji «kärhana» öwrülen Türkmenistan dünýäniň beýleki döwletleri bilen ýakyn hyzmatdaşlykda tebigatyň öz-özüne «lukman» bolmagyny ýola goýmak işine örän uly goşant goşýar. Şol bir wagtda-da döwletimiz Dünýä Bileleşigi tarapyndan daşky gurşawy goramak babatda kabul edilýän täze halkara ylalaşyklaryna goşulyp, olaryň kadalaryny milli hukuk ulgamymyza ornaşdyrmaklyga hem işjeň çemeleşýär.

Türkmenistanda döwlet raýatlarymyzyň ýokarda beýan edilen durmuş-ykdysady hukuklaryny we azatlyklaryklaryny üpjün etmek hem kepillendirmek bilen bir hatarda raýatlarymyzyň medeni obýektlerden we medeni gymmatlyklardan

erkin peýdalanmaga bolan hukuklarynyň durmuşa geçirilmegine şert döretmek maksady bilen, milli taryhy-medeni mirasyň, tebigy gurşawyň abat saklanmagyny, sosial we milli toparlaryň arasyndaky deňligiň üpjün edilmegini ýola goýýar. Şonuň bilen birlikde-de döwlet ylmy hem çeper döredijiligi, onuň oňyn netijeleriniň ýaýradylmagyny höweslendirýär, ylym, medeniýet, terbiýeçilik we bilim bermek, sport we syýahat babatda halkara gatnaşyklarynyň ösdürilmegine ýardam edýär[1].

## §5. Hukuklaryň we azatlyklaryň kazyýet tarapyndan goralmagy

Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Raýatlara adamyň we raýatyň at--abraýynyň hem mertebesiniň, konstitusiýada hem-de kanunlarda göz öňünde tutulan şahsy we syýasy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kazyýet goragy kepillendirilýär. Döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň we wezipeli adamlaryň çözgütleri we hereketleri barada raýatlaryň kazyýete şikaýat etmäge hukugy bardyr[2]» diýlip bellenilýär.

Bu hukuk kadasy dünýä bileleşigi tarapyndan kabul edilen ýörelgeleýin hukuk kadasy bolmak bilen, ol BMG-nyň Düzgünnamasy, Raýatlyk, syýasy we gaýry hukuklar hakynda halkara Paktda, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Helsinki konferensiýasynyň (ÝHHK) jemleýji Namasy (akt[3]) ýaly halkara hukuk namalarynda-da öz beýanyny tapýar. Türkmenistanda raýatlaryň Esasy Kanunda berkidilýän bu hukuklaryny durmuşa geçirmeklik, 1998-nji ýylyň 6-njy fewralynda kabul edilen, «Raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny bozýan döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we wezipeli adamlaryň hereketlerini kazyýete şikaýat etmek hakynda» we 1999-njy ýylyň 14-nji ýanwarynda kabul edilen, «Raýatlaryň ýüz tutmalary we olara garamagyň tertibi hakynda» Türkmenistanyň kanunlary bilen kadalaşdyrylýar.

Bu kadalaşdyryjy hukuk namalar raýatlaryň konstitusiýada we kanunlarda berkidilýän tebigy hem mizemez hukuklaryny has-da berkidýär. konstitusiýada görkezilýän raýatlaryň şikaýat bilen kazyýete ýüz tutmaga bolan hukugy diýlende, bu döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň hereketleri ýa-da kararlary bilen raýatlaryň konstitusiýada we kanunlarda göz öňünde tutylan hukuklary hem azatlyklary bozulan

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 11-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 43-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[3] Lat. actus – hereket, actum – resminama, degişli tertipde resmileşdirilen namany ýa-da resmi edaranyň ýa-da wezipeli şahsyň hereketini aňladýar.

ýa-da çäklendirilen ýagdaýynda her bir raýatyň kazyýete şikaýat bilen ýüz tutmaga bolan hukugyna düşünilýär. Şikaýat raýatyň islegine görä onuň ýaşaýan ýerindäki kazyýete, ýa edaranyň ýerleşýän ýerindäki hereketlerine ýa-da kararlaryna şikaýat edilýän wezipeli adamyň işleýän ýerindäki kazyýete berilýär.

Kanunda bellenilen tertibe laýyklykda, kazyýet raýatlardan gelip gowşan şikaýaty kabul edýär we kanun esasynda oňa garaýar hem-de degişli çözgüdi çykarýar. Raýatlardan gelip gowşan şikaýaty kabul etmekden ýüz öwürmek gadagandyr we ol hökmany garalmaga degişlidir.

«Raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny bozýan döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we wezipeli adamlaryň hereketlerini kazyýete şikaýat etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasyna laýyklykda, şikaýata garamak üçin şol şikaýaty kabul eden kazyýet:

- degişli edaralardan ýa-da wezipeli adamlardan zerur resminamalary talap edýär;
- raýatyň ýa-da onuň wekiliniň haýyşy boýunça ýa-da öz başlangyjy bilen şikaýata düýp manysy boýunça garalmagyna çenli şikaýat edilýän hereketiň ýa-da kararyň ýerine ýetirilmegini togtatmak hakyndaky meselä seredýär.

Kazyýet şikaýata garamagyň netijeleri boýunça şu aşakdaky çözgütleriň birini çykarýar:

- şikaýatyň esaslylygyny belläp, kazyýet şikaýat edilýän hereketi ýa-da karary bikanun diýip ykrar edýär, raýatyň talabyny kanagatlandyrmaga, onuň bozulan konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny dikeltmäge, raýatyň öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmagyny çäklendirýän ýa-da päsgel berýän ýagdaýlary ýok etmäge borçly edýär;
- şikaýat edilýän hereketi ýa-da karary kanuny, raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny bozmaýan we çäklendirmeýän, olaryň amala aşyrylmagyna päsgelçilik döretmeýän diýip hasap etse, ol şikaýaty kanagatlandyrmakdan ýüz öwürýär.[1]

Raýatyň şikaýatyny kanagatlandyrmakdan kazyýetiň ýüz öwürmegi şikaýat edilýän hereketiň ýa-da kararyň ýerine ýetirilmegini togtatmak hakyndaky kararyň ýatyrylmagyna eltýär. Kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, wezipeli adamlaryň, raýatlaryň ählisi üçin hökmanydyr we ýerine ýetirilmäge degişlidir. Şikaýat boýunça kazyýetiň çykaran çözgüdi, hereketlerine we kararlaryna şikaýat edilen edara ýa-da wezipeli adama, şeýle hem şikaýaty beren raýata, çözgüt kanuny güýje girenden soň on günden gijä galman iberilýär.

[1] «Raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny bozýan döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we wezipeli adamlaryň hereketlerini kazyýete şikaýat etmek hakynda» Türkme-nistanyň Kanunynyň 7-nji maddasy.

Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, raýatlaryň döwlet edaralarynyň, gaýry guramalaryň, olaryň işgärleriniň, şeýle hem aýry-aýry adamlaryň bikanun hereketleri zerarly özlerine maddy ýa-da ahlak taýdan zyýan ýetirilen mahalynda, kazyýet tertibinde onuň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukugy bardyr[1].

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 44-nji maddasynda berkidilýän hukuk kadasy döwlet häkimiýet edaralarynyň we wezipeli adamlarynyň bikanun hereketleri zerarly zyýan çeken raýatlaryň hukuklaryny goramaklyga gönükdirilýär. Şol bir wagtda-da bu hukuk kadasynyň öňüni alyş (prewentiw[2]) ähmiýeti hem bardyr. Ol döwlet häkimiýet edaralarynyň işinde kanunylygyň has berk berjaý edilmegini üpjün etmäge gönükdirilýär. Bu maddada döwlet häkimiýet edaralarynyň we wezipeli adamlarynyň bikanun hereketleri zerarly zyýan çeken raýatlara ýetirilen zyýan üçin emläkleýin jogapkäçiligiň umumy esaslary berkidilýär.

Ýetirilen zyýan diýlende, hukugy bozulan şahsyň öz bozulan hukugyny dikeltmek üçin eden ýa-da etmeli bolan çykdajylaryna, onuň emläginiň ýitirilmegine ýa-da oňa şikes ýetirilmegine (hakyky zyýan), şonuň ýaly-da, eger bu şahsyň hukugy bozulmadyk bolsa, raýat dolanyşygynyň adaty şertlerinde onuň almaly boljak, ýöne alynmadyk girdeyjilerine (elden giderilen peýda) düşünilýär. Eger hukugy bozan şahs şonuň netijesinde girdeji alan bolsa, onda hukugy bozulan şahs şonuň ýaly girdejilerden az bolmadyk möçberde beýleki zyýanlar bilen bir hatarda elden giderilen peýdanyň tölenilmegini talap etmäge haklydyr.

Ýetirilen zeleliň öwezini töletmek bozulan hukuklary dikeltmegiň we hukuklary goramagyň ählumumy häsiýetli (uniwersal[3]) raýat-hukuk serişdesidir. 1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edilen, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 1027–1043-nji maddalaryny öz içine alýan, Delikt[4] borçnamalary diýen bölüminde döwlet häkimiýet edaralarynyň we wezipeli adamlarynyň bikanun hereketleri zerarly zyýan çeken raýatlara ýetirilen zeleliň öweziniň dolunmagy hakyndaky hukuk kadalary bar.

Raýat kanunçylygyna laýyklykda, hukugy bozulan şahs özüne ýetirilen zyýanyň öweziniň doly tölenilmegini talap etmäge haklydyr. Zyýany töletmegi talap etmek hukugyndan deslapky baglaşylan ylalaşyk esasynda ýüz dönderilmegine ýol berilmeýär[5].

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 1027-nji maddasyna laýyklykda, kanuna garşy bilkastlaýyn ýa-da seresapsyz hereketleri bilen başga şahsa zyýan ýetiren

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 44-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] Lat. praevenio – öňüni alýaryn, ozup geçýärin, haýsydyr bir hereketleriň öňüni almaklyga gönükdirilen hereketleriň toplumyny aňladýar.

[3] Lat. universalis – umumy, ählumumy, hemmetaraplaýyn häsiýetli nämedir bir zady aňladýar.

[4] Lat. delictum – hukuk bozulma, raýat hukuk bozulmasyny aňladýar.

[5] Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 14-nji maddasy.

şahs şol zyýanyň öwezini doldurmaga borçludyr. Şeýle halatlarda eger-de, degişli döwlet edarasynyň kanuna garşy gelýän namany çykarmagy zerarly fiziki şahsa zyýan ýeten bolsa, onda şol kanuna ters gelýän nama hakyky däl diýip bilinýär we şol namany kabul eden edara ýa-da wezipeli adam zyýan ýeten şahsyň hukuklaryny dikeldip, öňki ýagdaýyna getirmäge (restitusiýa[1] etmäge) borçludyr.

Umuman raýat kanunçylygynda raýatyň öz hukuklaryny goramagynyň:

- hukugy ykrar etmek;
- hukugyň bozulmazyndan öň dowam edip gelen ýagdaýyny dikeltmek we hukugy bozýan ýa-da hukugyň bozulmak howpuny döredýän hereketleriň öňüni almak;
- geleşigi hakyky däl diýip ykrar etmek we şol geleşigiň hakyky däldiginiň netijelerini ulanmak;
- döwlet edarasynyň ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň namasyny hakyky däl diýip ykrar etmek;
- borjy bolşy ýaly ýerine ýetirmäge mejbur etmek;
- raýat hukuklaryňy öz-özüň goramak;
- ýetirilen zyýany töletmek;
- puşmana puluny töletmek;
- ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak;
- hukuk gatnaşyklaryny ýatyrmak ýa-da üýtgetmek;
- döwlet edarasynyň ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň, kanuna garşy gelýän namasyny kazyýetiň ulanmazlygyny talap etmek ýaly, şonuň ýaly-da kanunlarda göz öňünde tutulan beýleki usullary bardyr[2].

Raýat kanunçylygynda bikanun iş kesilmegi, bikanun jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi, öňüni alyş çäresi hökmünde tussaglykda saklamak ýa-da başga ýere gitmeli däldigi barada gol çekdirmek çäreleriniň bikanun ulanylmagy, dolandyryş temmi çäresi hökmünde tussag etmek ýa-da düzediş işlerinde işletmek çäreleriniň bikanun ulanylmagy sebäpli, anyklaýyş, deslapky derňew edaralarynyň, prokuraturalaryň we kazyýetleriň wezipeli şahslarynyň günäsiniň bardygyna garamazdan, aklanan (reabilitasiýa[3] edilen) raýatlara ýetirilen zyýanyň öwezi döwlet tarapyndan doldurylýar. Raýata döwletiň wezipeli şahsynyň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyz hereketleri zerarly zyýan ýeten halatynda, döwlet bilen bilelikde şol wezipeli şahslar deň jogapkärçilik çekýärler. Şonuň ýaly-da kanunçylykda, lukmançylyk edarasynda keseli bejerilende (hirurgiýa operasiýasynyň, diagnozyň nädogry goýulmagynyň we başgalaryň netijesinde) şahsyň saglygyna ýetirilen zyýanyň öweziniň hem umumy esaslarda doldurylýandygy kesgitlenýär.

---

[1] Lat. restitutio – dikeltmek, raýat hukugynda hukuk bozulmadan öňki ýagdaýy dikeltmegi aňladýar.

[2] Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 11-nji maddasy;

[3] Lat. rehabilitatio – dikeltmeklik, hukuk ylmynda adamyň öz hukuklarynyň gaýtarylyp berilmegi.

Ahlak taýdan zyýan ýetirilmegi diýlende, raýatyň emläkleýin däl şahsy hukuklaryna zyýan ýetirilmegine düşünilýär. Kanuna laýyklykda, emläkleýin däl şahsy hukuklar we beýleki maddy däl eşretler Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde goralýar, şonuň ýaly-da, bozulan hukugyň düýp mazmunyndan we bu bozuşyň netijeleriniň häsiýetinden raýat hukuklaryny goramagyň haýsy usullaryny peýdalanmakdan gelip çykýan bolsa, şeýle halatlarda we çäklerde goralýar.

Eger fiziki ýa-da ýuridik şahsyň at-abraýyny, mertebesini ýa-da iş abraýyny masgaralaýan maglumatlar köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýaýradylan bolsa, onda şol maglumatlar hut şol köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýalana çykarylmalydyr. Eger ýokarda görkezilen maglumatlar gurama tarapyndan çykarylan resminamada beýan edilen bolsa, onda şol resminama çalşyrylmalydyr ýa-da yzyna alynmalydyr. Beýleki halatlarda maglumatlary ýalana çykarmagyň tertibi kazyýet tarapyndan bellenilýär.

Fiziki ýa-da ýuridik şahs, köpçülikleýin habar beriş serişdelereriniň çap eden maglumatlary onuň hukuklaryny ýa-da kanun arkaly goralýan bähbitlerini kemsidýän bolsa, onda ol öz jogabyny hut şol köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çap etmäge haklydyr. Kazyýetiň çözgüdi ýerine ýetirilmedik halatynda kazyýet düzgüni bozuja jerime salmaga haklydyr, jerime iş ýörediş kanunçylygynda göz öňünde tutulan möçberde we tertipde töledilip, döwletiň haýryna geçirilýär.

Emma jerimäni tölemek düzgüni bozujyny kazyýetiň çözgüdinde göz öňünde tutulan hereketi ýerine ýetirmek borjundan boşatmaýar. Özi barada at-abraýyny, mertebesini ýa-da iş abraýyny masgaralaýan maglumatlar ýaýradylan fiziki ýa-da ýuridik şahs şonuň ýaly maglumatlary ýalana çykardyp, şol maglumatlaryň ýaýradylmagy bilen ýetirilen zyýany töletmäge we ahlak taýdan ýetirilen zeleliň öwezini dolmagy talap etmäge haklydyr. Ýöne ahlak taýdan ýetirilen zeleliň möçberini anyklamak juda kyn iş. Sebäbi emläkleýin däl şahsy hukuklaryň emosional[1] häsiýetliligi üçin olaryň maddy ölçegini tapmak kyn. Şonuň üçinem Kanun ahlak taýdan ýeten zeleliň möçberi ölçelende adalatly we paýhasly ölçeglerden ugur alynmalydygyny göz öňünde tutýar.

Türkmenistanyň raýatlarynyň, hukuklaryň we azatlyklaryň kazyýetde goralmagy bilen gönüden-göni baglanyşykda durýan wajyp hukuklarynyň ýene-de biri, Esasy Kanunymyzda berkidilişi ýaly, hiç bir adamyň öz-özüne ýa-da ýakyn garyndaşlaryna garşy görkezme we düşündiriş bermäge mejbur edilip bilinmeýänligi, şonuň ýaly-da biziň ýurdumyzda psihiki ýa-da fiziki zorluk ulanmak, şeýle hem gaýry bikanun usullar bilen alnan subutnamalaryň ýuridik güýjiniň ýokdugy bolup durýandyr[2].

Bu konstitusion-hukuk kadasy şahsyýetiň eldegrilmesizligini kepillendirýän iň ýokary halkara ölçeglerine esaslanýar. Bu hukuk kadasy gönüden-göni Esasy

---

[1] Lat. emoveo – adamyň içki duýgularyny aňladýar.

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 45-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Kanunyň 43–44-nji maddalaryndan gelip çykýar hem-de «Her bir adamyň öz hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek üçin hem-de özüne bildirilýän jenaýat ýöňkelmesiniň esaslydygyny anyklamak üçin öz işine garaşsyz we tarapgöý bolmadyk kazyýetiň adalatlylygyň ähli talaplaryny berjaý etmek bilen aýanlyk tertibinde, taraplaryň doly deňlik ýörelgesiniň esasynda garamagyna hukugy bardyr» diýen, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 10-njy maddasyna doly laýyk gelýär.

Adamyň öz-özüne garşy görkezme bermäge mejbur edilmegine ýol berilmeýändigi hakynda ýörelgeleýin düzgün Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda halkara Paktyň 14-nji maddasynyň «f» bendinde hem berkidilýär. Esasy Kanun bu hukuk kepilligini her bir adamyň özüni we öz ýakynlaryny goramaklyga bolan hukugy hökmünde ykrar edýär. Bu maddanyň 1-nji bendinde berkidilýän hukuk kadasynyň Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 23-nji maddasynda berkidilen hukuk kadalary bilen hem arabaglanyşygy bardyr. Esasy Kanunymyzyň 45--nji maddasynda berkidilýän hukuk kepilligi jemgyýetde ýokary ahlak sypatlarynyň döredilmegini üpjün etmäge gönükdirilendir.

Esasy Kanunymyzyň 45-nji maddasynyň 2-nji bendinde berkidilen hukuk kadasy barada şu aşakdakylary bellemek bolar. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň (JIÝK) 124-nji maddasyna laýyklykda kanuny ýol bilen alnan hakykat ýüzündäki islendik maglumatlar jenaýat işi boýunça subutnamalar bolup durýar. Şol maglumatlar esasynda hem JIÝK-da kesgitlenen tertipde anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan etmişiň bardygyny ýa-da ýokdugyny, şol etmişi aýyplanýanyň edendigini ýa--da etmändigini we onuň günälidigini ýa-da bigünädigini, şeýle hem işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bar bolan beýleki ýagdaýlary anyklaýar.

Subutnamalar, güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň, şaýadyň görkezmeleri; bilermeniň netijenamasy; maddy subutnamalar; iş ýörediş hereketleriniň teswirnamalary hem-de beýleki resminamalar bilen anyklanýar. Kanuna laýyklykda, islendik jenaýat işi boýunça, jenaýatyň wakasy (jenaýatyň edilen wagty, ýeri, usuly we başga ýagdaýlar), aýyplanýanyň jenaýat etmekde günäkärligi, aýyplanýanyň jogapkärçiliginiň derejesine we häsiýetine täsir edýän ýagdaýlar, jenaýat zerarly ýetirilen zyýanyň häsiýeti we möçberi, jenýatyň edilmegine ýol açan sebäpler we şertler anyklanmaga degişlidir. Şu ýagdaýlaryň ählisi hem ýokarda görkezilen subutnamalaryň görnüşleri bilen anyklanýar.

Subutnamanyň hakyky bolmagy üçin hakykat ýüzündäki maglumatlaryň jenaýat işi boýunça kanun tarapyndan bellenilen tertipde, ýagny kanunda görkezilen usulda we kanunda göz öňünde tutulan iş ýörediş şekilinde alynmagy zerurdyr. Şeýle düzgün jenaýat işiniň obýektiw we adalatly çözülmegine esas bolýan hakykat ýüzündäki maglumatlaryň dogrulygyny üpjün etmek üçin döredilýär. Sebäbi, eger-de şaýadyň aýdan maglumatlary, kanunda göz öňünde tutulan tertibi berjaý etmek

bilen sorag edilende alynmadyk bolsa ýa-da şaýadyň garşysyna fiziki[1] ýa--da psihiki zorluk ulanmak bilen alnan bolsa, onda olary subutnama hökmünde ulanmak jenaýat işi boýunça adalatsyz hökümiň çykarylmagyna getirip biler.

Çünki garşysyna fiziki ýa-da psihiki zorluk ulanýan adam gorkusyna ýalan maglumatlary habar berip biler. Şonuň ýaly-da eger hakykat ýüzündäki maglumatlar kanunda bellenilen tertipden çykyp, kanuny çeşmelerden alnan ýagdaýynda--da, şol maglumatyň dogrulygyna şübhe döräp biler. Mysal üçin, sülçi gerekli zatlary almak üçin derňew hereketini güwäleri gatnaşdyrman geçiren bolsa, onda ol Türkmenistanyň JIÝK-nyň kadalaryny bozýar we şeýlelikde, aýyplanýanyň günäsini tassyklamak üçin alnan zat hakykat ýüzünde bardygyna şübhe döredýär. Netijede, şol maddy subutnama özüniň subutnama ähmiýetini ýitirýär. Jenaýat--hukuk nazaryýetine we jenaýat iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda, jenaýat işinde ähli şübhe döredýän ýagdaýlar bar bolsa, onda diňe aýyplanýanyň haýryna düşünilýär.

Türkmenistanyň raýatlarynyň jogapkärçiligi ýüze çykarýan ýa-da agyrlaşdyrýan täze kabul edilen kanunyň yzyna täsir ediş güýjünden ýüz döndermäge, amala aşyrylan pursadynda hukuk bozulmasy hökmünde ykrar edilmedik hereket üçin jogapkärçiligi belleýän täze kabul edilen kanunyň ulanylmagyndan ýüz döndermäge, hukuk bozulmasy üçin jogapkärçiligi aradan aýyrýan ýa-da ýeňilleşdirýän täze kabul edilen kanuna goldanylmagyny gazanmaga bolan hukuklary Esasy Kanunymyzyň 46-njy maddasynda şu görnüşde berkidilýär: «Raýatyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan kanunyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur. Amala aşyrylan pursadynda hukuk bozulmasy hökmünde ykrar edilmedik hereket üçin hiç kim jogapkärçilik çekip bilmez».

Salgylanylan maddada berkidilýän hukuk kadasy kanunlaryň wagtynda hereket etmeginiň umumy ykrar edilen ýörelgeleýin düzgünini kesgitleýär. Bu maddadaky ýaly kadalar Türkmenistanyň jenaýat we beýleki kanunlarynda göz öňünde tutulýar. Kanunlaryň wagtynda hereket etmegi hakyndaky ýörelgäniň kanunçylyk ulgamynyň esasyny goýujy konstitusion kadasy hökmünde berkidilmegi bu ýörelgäniň milli hukuk ulgamynda örän uly ähmiýetiniň bardygyny aňladýar. Şonuň bilen birlikde--de bu ýörelgäniň öňki ýaly diňe bir jenaýat ýa-da dolandyryş hukuk pudagyna degişli kadalaşdyryjy namalar barada ulanylman, eýsem-de bolsa Türkmenistanyň tutuş kanunçylyk ulgamyna degişlidigini aňladýar.

Esasy Kanunymyzyň 46-njy maddasynda berkidilen bu hukuk kadasy umumy ykrar edilen, adalatlylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýar hem-de Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 11-nji maddasynda we Raýatlyk hem syýasy hukuklar hakynda halkara Paktyň 15-nji maddasynda berkidilen halkara hukuk kadalarynyň ykrar edilmegidir. Türkmenistanda bu konstitusion kada

[1] Bu aktiw hereketler bilen, ýagny urmak, ýençmek, bogmak, daňmak we ş.m. hereketler bilen bir adamyň ýa-da adamlaryň başga bir adamyň bedenine zyýan ýetirmegini, ony agyra sezewar etmegini aňladýar;

adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny goramagyň möhüm serişdesi we şahsyýetiň hukuk ýagdaýyny emele getiriji düzüm bölegi bolup durýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 46-njy maddasyndaky hukuk kadasy Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň: «Etmişiň jenaýatçylyklydygy we jeza berilmelidigi şol etmişiň edilen wagtynda hereket eden kanun boýunça kesgitlenilýär. Jenaýatyň amala aşyrylan wagty diýlip, onuň netijeleriniň, başlanýan wagty hasap edilýär, emma jogapkärçilik jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan hereketiň (hereketsizligiň) edilen fakty üçin bellenilen ýagdaýlarda bolsa, şol hereketiň (hereketsizligiň) edilen wagty hasap edilýär» diýip bellenilen 5-nji maddasy, şonuň ýaly-da «Etmişiň jenaýatçylyklydygyny belleýän, jezany güýçlendirýän ýa--da adamyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan kanunyň güýji yzyna hereket etmeýär.» diýip bellenilen 6-njy maddasy bilen manydaşdyr.

Elbetde, haýsydyr bir hereketleriň edilmegi üçin jogapkärçiligi kesgitleýän ýa-da jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan kanunlar raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak hem-de üpjün etmek, hukuk bozulmalara garşy göreşi güýçlendirmek, şeýle hem hukuk tertibini berkitmek maksady bilen döwlet tarapyndan kabul edilip bilner.

Emma beýle çäreler şonuň ýaly kanunlar kabul edilmezinden öň şol kanunlarda hukuk bozulma hökmünde kesgitlenýän hereketleri amala aşyran adamyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmaly däldir. Raýat diňe hereket edýän kanunlary bilmäge we olaryň talaplaryny berjaý etmäge borçludyr. Emma Türkmenistanyň JK-nyň 6-njy maddasynda: «Jenaýat eden adamyň jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýan, jezasyny ýeňilleşdirýän ýa-da ýagdaýyny başga hili gowulandyrýan kanunyň güýji yzyna hereket edýär, ýagny ol bu kanun güýje girmezinden öň degişli etmiş eden adamlara, şol sanda jezasyny çekýän ýa-da jezasyny çeken, ýöne iş kesilip aýyplanan adamlara hem degişlidir.

Eger täze jenaýat kanuny etmişi üçin jezasyny çekýän adamyň etmişine jeza berilmegini ýeňilleşdirse, bellenilen jeza täze kanunda göz öňünde tutulan çäklere laýyklykda gysgaldylmaga degişlidir» diýen hukuk kadalary hem bar. Bu hukuk kadalaryny hem Esasy Kanunyň 46-njy maddasynda berkidilýän hukuk kadasy ýaly, umumy ykrar edilen (uniwersal) häsiýetli kada hökmünde kabul etmek bolmaz. Bu kadalar diňe Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygyna degişlidir we olar ýörite, anyk bir ugra gönükdirilen häsiýetlidir.

Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, raýatlaryň ýokarda beýan edilen şahsy, syýasy-jemgyýetçilik, durmuş-ykdysady we gaýry hukuklarynyň hem azatlyklarynyň amala aşyrylmagy diňe adatdan daşary ýa-da harby ýagdaý şertlerinde konstitusiýada we kanunlarda bellenen tertipde hem çäklerde wagtlaýyn togtadylyp bilinýär[1].

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 47-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

*10.1-nji çyzgy*



*10.2-nji çyzgy*






*10.3-nji çyzgy*

**Ynsanyň beỳleki hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga bolan hukuklary**

- döwletiň ynsan hukuklaryny goramaga niỳetlenen hukuk serişdeleri bilen özüni goramaga bolan özüniň şahsy mümkinçiliklerini utgaşdyrmaga (öz-özüni goramaga) bolan hukuk
- hukuklaryny we azatlyklaryny kazyỳetde goramaga bolan hukuk
- ygtyỳarly adyl kazyỳetlige bolan hukuk
- hukuk taýdan hünärmen kömegini almaga bolan hukuk
- günäsizlik çaklamasyna (prezumpsiỳasyna) bolan hukuk
- adyl kazyỳetligiň ynsanperwerligine bolan hukuk
- kanunyň bozulmagy zerarly zelel ỳeten jebir çekenleriň bähbitleriniň goraglylygyna (ỳeten zyỳanyň öwezini doldurtmaga) bolan hukuk
- hereket edỳän kanunyň ulanylmagyna bolan hukuk
- hukuk bozulmasy üçin jogapkärçiligi aradan aỳyrỳan ỳa-da ỳeňilleşdirỳän täze kabul edilen kanuna goldanylmagyny gazanmaga bolan hukuk

20. Sargyt № 1499.

## Sowalnama:

*Nädogry jogaby tapyň.*

**1. Adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň şu görnüşleri bar:**
- ● hususy hukuklar we azatlyklar;
- ● syýasy hukuklar we azatlyklar;
- ● durmuş-ykdysady hukuklar we azatlyklar;
- ● şahsy hukuklar we azatlyklar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**2. Maglumatlary almaga bolan hukuk adamyň hukuklarynyň haýsy görnüşine degişli?**
- ● şahsy hukuklara;
- ● ykdysady hukuklara;
- ● syýasy hukuklara;
- ● beýleki hukuklaryny goramaga bolan hukuklara.

**3. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 46-njy maddasynda Türkmenistanyň raýatlarynyň hukugy berkidilýärmi ýa-da borjy?**
- ● borjy;
- ● hukugy;
- ● hukugy hem borjy;
- ● hiç haýsy hem berkidilmeýär, onda diňe maglumat beriji kada beýan edilýär.

**4. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 24-nji maddasynda adamyň abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyny almaga bolan hukugy berkidilýärmi ýa-da ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligine bolan hukugy?**
- ● abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyny almaga bolan hukugy;
- ● ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligine bolan hukugy;
- ● ikisi hem berkidilýär;
- ● hiç haýsy berkidilmeýär.

**5. Wyždan azatlygyna bolan hukuk Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň haýsy maddasynda berkidilýär?**
- ● 12-nji maddasynda;
- ● 28-nji maddasynda;
- ● 12-nji we 28-nji maddalarynda;
- ● Türkmenistanyň konstitusiýasynda bu hukuk berkidilmeýär.

**6. Adamyň hukuklarynyň hem borçlarynyň arabaglanyşygy Türkmenistanyň konstitusiýasynyň haýsy maddasynda berkidilýär?**

- 3-nji maddasynda;
- 5-nji maddasynda;
- 18-nji maddasynda;
- 40-njy maddasynda.

**7. Türkmenistanyň konstitusiýasynyn näçe maddasy adamyň hukuklaryny, azatlyklaryny beýan etmeklige we borçlaryny kesgitlemeklige bagyşlanýar?**

- 45;
- 18;
- 30;
- 32.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**8. Şu hukuklar şahsy hukuklara degişlidir:**

- geplejek dilini erkin saýlamaga bolan hukuk;
- saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuk;
- ýaşajak ýerini erkin saýlap almaga bolan hukuk;
- wyždan azatlygyna we dine ynanmak erkinligine bolan hukuk.

*Dogry jogaby tapyň.*

**9. Şu hukuklar durmuş-ykdysady hukuklara degişlidir:**

- döwleti dolandyrmaklyga gatnaşmaga bolan hukuk;
- ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligine bolan hukuk;
- günäsizlik prezumpsiýasyna bolan hukuk;
- abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna bolan hukuk.

**10. Adamyň hukuklaryna eýe bolmak ukyby (hukuk ukyplylygy) Türkmenistanyň raýatlarynda haçan döreýär?**

- dünýä inen pursadyndan;
- kämillik ýaşyna ýetenden soň;
- nika ýaşyna ýetenden soň;
- orta mekdebi tamamlandan soň.

**11. Adamyň tebigy we mizemez hukuklaryna ýuridik şahslar hem eýelik edip bilýärlermi?**

- hawa;

● ýok;
● hawa, eger-de bu ýörite kanunda bellenen bolsa;
● hawa, eger-de bu Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna garşy gelmeýän bolsa.

**12. Türkmenistanda ölüm jezasyna haçan moratoriý girizildi?**
● 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda;
● 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda;
● 1999-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda;
● 1999-njy ýylyň 28-nji dekabrynda.

*Türkmenistanyň konstitusiýasyna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**13. Adamyň hukuklary haýsy ýagdaýlarda çäklendirilip bilinýär?**
● bu babatda prokuroryň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy çykarylan halatynda;
● jenaýat eden halatynda;
● kanunda takyk göz öňünde tutulan halatlarda;
● kanuny bozan halatynda.

*Dogry jogaby tapyň.*

**14. Adam hukuklarynyň haýsysy Türkmenistanyň konstitusiýasynyň II babynyň maddalarynda berkidilmeýär?**
● dine uýmak erkinligine bolan hukuk;
● amatly daşky gurşawa bolan hukuk;
● ýaşaýşa bolan hukuk;
● döredijilige bolan hukuk.

**15. Raýatlaryň beýleki hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga bolan hukuklara degişli professional ýuridik kömegi almaga bolan hukuk Türkmenistanyň konstitusiýasynyň haýsy maddasynda berkidilýär?**
● 43-nji maddasynda;
● 44-nji maddasynda;
● 108-nji maddasynda;

# XI BAP. SAÝLAW ULGAMY. SALA SALŞYK

## §1. Saýlaw we sala salşyk barada düşünje

Saýlawlar bilen demokratiýa birmeňzeş düşünje bolmasa-da, demokratiýa ýörelgeleri esasynda guralan saýlawlar halk häkimiýetliliginiň esasy ýörelgesi hem-de düzüm bölegi hasaplanýar. Saýlaw hukugynyň we ulgamynyň mazmunyna düşünmek üçin ilkinji nobatda onuň esasyny düzýän käbir düşünjeleriň üstünde durup geçmek zerur bolup durýar. Hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, saýlawçy – bu saýlawlar geçirilýän döwletiň aktiw saýlaw hukugy bolan raýatydyr. Käbir döwletlerde adatça ýerli saýlawlar (mysal üçin, geňeş agzalarynyň saýlawlary) geçirilende daşary ýurt raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlar hem saýlawçy hökmünde çykyş edip bilýärler. Saýlaw hukugy diýlende, obýektiw manyda, döwletiň saýlawly edaralarynyň döredilmeginiň tertibini kesgitleýän we saýlaw ulgamyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň jemine, subýektiw manyda raýatyň döwlet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga, ýagny aktiw we passiw saýlaw hukuklaryna düşünilýär. Saýlaw hukugy konstitusion hukugyň wajyp institutlarynyň biri bolup durýar.

*Saýlaw ulgamy* – bu döwletiň saýlawly (ilkinji nobatda wekilçilikli) edaralaryny döretmegiň tertibini kesgitleýän kadalardan ybarat bolup, döwletiň syýasy ulgamynyň emele getiriji möhüm düzüm bölegidir. Saýlaw ulgamyndaky gatnaşyklar bütewilikde saýlaw hukugyny emele getirýän hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýär. Saýlaw ulgamy, raýatlaryň döwletiň saýlawly edaralarynyň döredilmegine gatnaşmaklarynyň ýörelgelerini we şertlerini, saýlawlary guramagy we geçirmegiň tertibini, käbir döwletlerde bolsa saýlanylan şahslary yzyna çagyrmagyň tertibini hem özünde jemleýär. Gizlin ses bermek arkaly amala aşyrylýan, ählumumy, deň we göni saýlaw hukugy, saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz-nesihat işleriniň erkinligi, saýlaw möwsümi (kampaniýasy) geçirilende dalaşgärleriň deňhukuklylygy Türkmenistanda saýlaw ulgamynyň iň esasy konstitusion ýörelgeleri bolup durýar.

Saýlaw ulgamynyň özenini düzýän käbir düşünjeler barada durlup geçilende şu aşakdakylary bellemek zerurdyr: Saýlaw edaralary – konstitusion hukukda bu saýlawlaryň geçirilmegini taýýarlaýan we üpjün edýän edaralardyr. Dürli döwletlerde saýlaw edaralary hökmünde ýörite şu maksat bilen döredilen saýlaw toparlary (komissiýalary), şeýle hem öň hereket edýän, ýerli öz-özüňi dolandyryş, içeri işler, kazyýet edaralary ýaly döwlet edaralary çykyş edýärler. Türkmenistanda saýlaw edaralary diýip, Türkmenistanyň Merkezi saýlaw topary, saýlaw okruglary

we saýlaw şahamçalary atlandyrylýar. Saýlaw okrugy – bu döwletiň saýlawly edaralarynyň agzalary saýlanýan hem-de öz gezeginde saýlaw uçastoklaryna (şahamçalaryna) bölünýän çäk birlikleridir.

Her bir saýlaw okrugyndan näçe deputat saýlanýandygyna baglylykda olar bir mandatly (uninominal) we köp mandatly (polinominal) saýlaw okruglaryna bölünýärler. Proporsional saýlaw ulgamynda bolsa bütin döwletiň ýa-da ýurduň belli bir sebitiniň çägi bir saýlaw okrugyndan ybarat hem bolup bilýär. Saýlaw uçastogy (şahamçasy) diýlende bolsa, ses bermegi we berlen sesleriň sanawyny netijeli geçirmek üçin döredilýän çäk birliklerine düşünilýär. Türkmenistanda saýlaw şahamçalary saýlawçylaryň ýaşaýan ýerleri boýunça, olaryň sany takmynan deň bolan çäklerde döredilýär. Düzgün bolşy ýaly, saýlaw şahamçasy birnäçe sany saýlaw okrugynyň çäginde ýerleşip bilmeýär. Saýlaw ülşi (kwotasy) bolsa, bir deputatyň saýlanylmagy üçin sesleriň iň az möçberidir. Saýlaw ülşi her bir saýlaw okrugy üçin aýratynlykda-da, bütin ýurt üçin ýeke-täk görnüşde-de kesgitlenip bilner.

*Saýlaw prosesi* – bu saýlaw ulgamynyň esasy düzüm bölekleriniň (elementleriniň) biridir we ol özünde şu aşakdakylary jemleýär:

● saýlawlaryň geçirilmeginiň bellenilmegi (düzgüne görä bu hereketi döwlet baştutanynyň ýa-da kanunçykaryjy edaranyň hukugy (prerogatiwasy) bolup durýar. Esasy Kanunyň 63-nji maddasynyň 4–5-nji bentlerine laýyklykda Türkmenistanda bu hukuk Mejlise degişlidir);

● saýlawçylary kanunda bellenen tertipde bellige almak;

● çäkleýin, milli, önümçilik we ş.m. wekilçilik ýörelgelerine laýyklykda saýlaw okruglaryny we şahamçalaryny döretmek;

● dalaşgärleri hödürlemek (adatça, bu hereket syýasy partiýalar, saýlaw bloklary, kähalatlarda bolsa saýlawçylaryň ýygnaklary, zähmet kollektiwleri we ş.m. amala aşyrylýar. Esasy Kanunyň 93-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanda bu hukuk syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine we raýatlaryň toparlaryna degişlidir);

● ses bermegi geçirmek;

● ýerli we merkezi saýlaw edaralary tarapyndan sesleriň sanawyny geçirmek we deputatlyk mandatlary paýlamak.

*Saýlaw möwsümi (kampaniýasy)* diýlende, dalaşgärler tarapyndan saýlawlarda özlerine saýlawçylaryň has köpüsiniň ses bermegini gazanmak maksady bilen amala aşyrýan wagyz-nesihat çäreleriniň toplumydyr. Dalaşgärlerden we olaryň ynanylan adamlaryndan başga saýlaw kampaniýasyna dürli goldaw toparlary, jemgyýetçilik birleşmeleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we ş.m. gatnaşýarlar. Saýlaw kampaniýasynda wagyz-nesihatyň esasy görnüşleri hökmünde saýlawyň öňüsyrasynda ýygnaklary, ýygnanyşyklary, ýörişleri geçirmek, makalalary çap etmek, ündewsuratlary, bildirişleri ýaýratmak. tele we radioýaýlymda çykyş etmek we ş.m. görkezmek bolar. Saýlaw korpusy bolsa, saýlaw hukukly raýatlaryň

jemini aňladýar. Saýlaw korpusynyň kanuna laýyklykda ýuridik saýlaw korpusy we hakyky ses berýän raýatlaryň jemine laýyklykda hakyky saýlaw korpusy ýaly görnüşleri bardyr. Saýlaw býulleteni diýlende bolsa, gizlin ses bermek üçin tassyklanan görnüşdäki saýlaw resminamasyna düşünilýär. Saýlaw býulletenleri döwlet tarapyndan çap edilen – resmi we dalaşgärler, syýasy partiýalar tarapyndan çap edilen – resmi däl görnüşlere bölünýärler. Norwegiýada bolsa saýlawçy haýsy dalaşgäre ses berýändigini beýan etmek üçin ýönekeý ak kagyz sahypasyny ulanmaga hem hukuklydyr.

Saýlawlar babatda daşary ýurt tejribesiniň üstünde durlup geçilende, käbir döwletlerde saýlaw häkimiýeti diýen düşünjäniň hem ulanylýandygyny bellemek gerek. Saýlaw häkimiýeti – bu Latyn Amerikasynyň Kolumbiýa, Nikaragua ýaly döwletleriniň resmi konstitusion doktrinasyna laýyklykda döwlet häkimiýetinden garaşsyz bolan jemgyýetçilik häkimiýetleriniň biridir. Bu ylmyň nukdaýnazaryna görä bu häkimiýet saýlaw korpusyny düzýän raýatlar tarapyndan amala aşyrylýar. Bu häkimiýetiň guramaçylyk beýany, saýlaw bilen bagly jedelleri seljerýän ýörite saýlaw tribunallarynyň (elektoral ýustisiýa) döredilmeginde ýüze çykýar.

Käbir döwletlerde, mysal üçin, 1999-njy ýyldan bäri, Russiýa Federasiýasynda saýlaw girewi diýen düşünje hem hereket edýär. Saýlaw girewi – bu deputatlyga dalaşgäriň dalaşgär hökmünde bellige alnanda döwletiň hasabyna geçirýän kesgitli pul möçberidir. Eger-de dalaşgär saýlawyň dowamynda deputatlyga saýlanmak üçin öz saýlanýan okrugynda zerur ses köplügini toplamasa, ýagny saýlanmasa onuň döwletiň hasabyna geçiren pul möçberleri yzyna gaýtarylmaýar. Bu çäre döwletiň saýlawlary geçirmek üçin sarp edýän çykdajylarynyň belli bir möçberiniň öwezini dolmak üçin edilýär. Türkmenistanyň saýlaw kanunçylygynda görkezilenlere çalymdaş çäreler göz öňünde tutulan däldir.

Mälim bolşy ýaly, dünýäde saýlaw ulgamlarynyň, mažoritar (majorite – köpçülik diýen fransuz sözünden gelip çykýar) saýlaw ulgamy, proporsional (proportionalis – deňagramly diýen latyn sözünden gelip çykýar) wekilçilikli saýlaw ulgamy hem-de gatyşyk saýlaw ulgamy ýaly birnäçe görnüşleri bardyr. Ol ulgamlar hem öz gezeginde birnäçe görnüşlere bölünýär.

*Mažoritar saýlaw ulgamy* – bu saýlaw okruglarynda has köp ses dalaşgärleriň saýlanan hasaplanýan saýlaw ulgamydyr. Mažoritar saýlaw ulgamynyň iki sany görnüşi bardyr. Absolýut we otnositel köpçüligiň mažoritar saýlaw ulgamlary.

*Absolýut köpçüligiň* mažoritar saýlaw ulgamynda eger-de dalaşgär saýlaw okrugy boýunça saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alan bolsa şol hem saýlanan diýlip hasap edilýär. Saýlaw ulgamlarynyň bu görnüşi häzirki wagtda Fransiýada bardyr.

*Otnositel köpçüligiň* mažoritar saýlaw ulgamynda bolsa dalaşgär saýlaw okrugy boýunça beýleki dalaşgärlere garanyňda saýlawçylaryň köp sesini toplasa, şol hem saýlanan diýlip hasap edilýär. Saýlaw ulgamlarynyň bu görnüşi bolsa Beýik Britaniýa, ABŞ ýaly döwletlerde giňden ulanylýar.

Absolýut köpçüligiň mažoritar saýlaw ulgamynda ses bermegiň preferensial usuly hem Awstraliýa, Hindistan, Irlandiýa ýaly döwletlerde ulanylýar. Onuň mazmuny saýlaw ulgamynyň bu görnüşiniň netijeliligini artdyrmakdan we dalaşgärleriň hiç haýsynyň saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini toplamadyk halatynda saýlawlaryň ikinji tapgyryny geçirmek zerurlygyny aradan aýyrmakdan ybaratdyr. Preferensial ses berlişikde saýlawçy saýlaw býulleteninde 1, 2, 3 we ş.m. sanlary goýup, dalaşgärleriň tertip sanyny görkezmek bilen dalaşgärleriň haýsyny ilkinji nobatda, haýsyny soňky nobatlarda saýlamak isleýändigini beýan edýär. Saýlawyň netijeleri sanalanda-da saýlawçylaryň erk-islegi göz öňünde tutulyp, olaryň ilkinji nobatda haýsy dalaşgäri saýlanan hökmünde görmek isleýändikleri, soňra ikinji nobatda kimi saýlamak isleýändikleri göz öňünde tutulýar.

*Proporsional saýlaw ulgamy* diýlende bolsa, mandatlaryň wekilçilikli döwlet edaralaryna öz dalaşgärlerini görkezilen partiýalaryň arasynda saýlawyň dowamynda olaryň toplan sesleriniň möçberine laýyklykda paýlanylmagyna düşünilýär. Saýlawlar bu ulgamyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylanda ägirt uly saýlaw okruglary döredilýär, her bir syýasy partiýa hem öz dalaşgärleriniň sanawyny görkezýär. Onsoň her bir saýlawçy hem degişli partiýanyň dalaşgärleriniň tutuş sanawyna ses berýär.

Ondan başga-da bir deputatyň mandatyny almak üçin sesleriň iň az möçberi hem kesgitlenýär. Adatça saýlawdan soňra deputatlaryň mandatlaryny partiýanyň içinde paýlamak, saýlaw mahalynda dalaşgärleriň sanawynda olaryň ýerleşiş tertibi boýunça amala aşyrylýar. Mysal üçin, bir partiýa deputatlyga ýigrimi sany dalaşgär görkezýär, emma partiýanyň dalaşgärleriniň sanawy on sekiz sany deputatlyk mandata ýeter ýaly saýlawçylaryň sesini toplaýar. Şeýle halatda partiýanyň içinde deputatlyk mandaty paýlananda sanawda dalaşgärleriň ýerleşiş tertibi göz öňünde tutulýar. Ýöne bu kada kanunçylykda berkidilmeýär. Proporsional saýlaw ulgamy Daniýa, Portugaliýa, Lýuksemburg, Latwiýa döwletleriň parlamentine saýlawlar geçirilende ulanylýar.

Saýlaw ulgamlarynyň ýene-de bir görnüşi bolsa gatyşyk saýlaw ulgamy bolup durýar. Bu ulgam saýlawlaryň mažoritar we proporsional ulgamynyň utgaşdyrylmagyndan emele gelýär we Russiýa Federasiýasy, Germaniýa Federatiw Respublikasy, Litwa ýaly döwletlerde giňden ulanylýar. Bu ulgama laýyklykda iki palataly parlamentli ýurtlarda parlamentiň aşaky palatasy proporsional saýlaw ulgamynyň, ýokarky palatasy bolsa mažoritar saýlaw ulgamynyň kadalaryna saýlanýar. Mysal üçin, RF-da Döwlet Dumasynyň düzüminiň ýarysy proporsional saýlaw ulgamynyň, galan ýarysy hem-de Federasiýanyň Geňeşiniň agzalary bolsa mažoritar saýlaw ulgamynyň kadalaryna laýyklykda saýlanypdy.

Türkmenistanyň saýlaw ulgamy bolsa otnositel köpçüligiň mažoritar saýlaw ulgamydyr. Onuň mazmunyna laýyklykda, Türkmenistanyň bütin çägi saýlaw hukukly raýatlaryň sanyna laýyklykda, bir mandatly we her dalaşgär üçin aýratyn

ses berilýän saýlaw okruglaryna bölünýär. Beýleki dalaşgärlere garanyňda saýlawçylaryň has köp sesleri bilen ykrar edilen dalaşgär degişli döwlet wezipesine ýa-da döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli edarasyna saýlanan diýlip ykrar edilýär.

Türkmenistanyň raýatynyň saýlaw hukugynyň ýüze çykmagy üçin şertler barada aýdylanda, ol şertler hukuk ylmynda «saýlaw senzleri» diýlip atlandyrylýar. Saýlaw senzleri (kwalifikasiýalary) – bu konstitusiýa ýa-da saýlaw kanunçylygy tarapyndan saýlaw hukugyny edinmek ýa-da amala aşyrmak üçin bellenilýän şertlerdir. Dünýäniň dürli döwletleriniň konstitusion tejribesinde, ýaş, raýatlyk, sowatlylyk, emläk, bilim, ýaşaýan ýeri boýunça, jynsy, gulluk, dil senzleri ýaly senzleriň görnüşleri bardyr. Ýöne emläk, milli, jynsy saýlaw şertleri saýlaw hukugynyň demokratiýa ýörelgeleri bilen bir ýere sygyşýan däldir. Türkmenistanda saýlaw senzleri umumy ykrar edilen halkara ýörelgelerine doly laýyk gelýändir. Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlamaga bolan hukugynyň ýüze çykmagy üçin kanunçylyk birnäçe şertleriň bolmagyny talap edýär.

Ol şertleriň ilkinjisi raýatyň on sekiz ýaşynyň dolmagydyr. Bu ýaş çäginiň bellenmegi adamyň on sekiz ýaşynda fiziki we psihiki taýdan şahsyýet hem adam hökmünde doly ýetişýänligi, onuň hereket edýän kanunçylyga laýyklykda doly kämillik hukugyna eýe bolýandygyndan gelip çykýar.

Saýlaw hukugynyň ýüze çykmagynyň ikinji şerti bolsa raýatyň doly kämillik ukybynyň, ýagny akly düzüwliginiň bolmagydyr. Adam aklynyň düzüw bolmagynyň hökmanylygy onuň dalaşgärleriň haýsy-da bolsa birine ynam bildirip ses berende aňly-düşünjeli çözgüdi kabul etmegi üçin zerurdyr.

Saýlaw kanunçylygy görkezilen iki şertden başga raýaty saýlaw hukugyndan mahrum etmek üçin ýeke-täk esasy kesgitleýär. Ol esas, raýatyň jenaýat edendigi üçin kazyýetiň hökümi bilen iş kesilip azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde saklanýan bolmagydyr. Bu çäklendirme öň jemgyýete garşy, agyr we howply etmiş eden adamlara jemgyýetiň ykbalyna täsir edip biljek hereketleri etmeklige mümkinçilik bermezlik we adalatly jeza bermek arkaly onuň düzelmegini üpjün etmek bilen baglanyşyklydyr. Bu çäklendirmäniň esasy aýratynlygy ol wagtlaýyndyr we raýat jeza çäresini çekip, erkinlige çykandan soňra ol ýene-de saýlamaga bolan hukugyna eýe bolýandyr. Eger-de jeza çäresi azatlykdan mahrum etmek bilen baglanyşykly bolmasa, ýagny raýat kazyýet tarapyndan düzediş işlerine, jerimä we jeza çäreleriniň gaýry görnüşlerine höküm edilen bolsa, ol saýlamaga bolan hukugyny özünde saklap galýar.

Şonuň ýaly-da saýlaw çäklendirmeleri barada ýene-de bir bellemeli ýagdaý, jenaýat etmekde gümanlanýan ýa-da aýyplanýan, tutulyp saklanyp ýa-da tussag edilip wagtlaýyn saklanyş gabawhanasynda, derňew tussaghanasynda saklanýan bolsa, ol saýlamaga doly haklydyr, şeýle-de dolandyryş tertibinde tutulyp saklananlar we tussag edilenler, zähmet bejeriş profilaktoriýasynda neşekeşlikden, arakhorlukdan mejbury bejeriş alýanlar hem saýlamaga haklydyrlar. Türkmenistanyň saýlaw kanunçylygynda raýatlaryň öz saýlaw hukuklaryny amala aşyrmaklary barada görkezilenlerden başga hiç-hili çäklendirmeler ýokdur.

Mälim bolşy ýaly, islendik demokratik döwletlerde saýlawlaryň anyk häsiýetleri bardyr. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 91-nji maddasynda-da «Saýlawlar göni saýlawlardyr we saýlanylýanlar raýatlar tarapyndan gös-göni saýlanýarlar» diýlip, şol häsiýetleriň biri berkidilýär. Saýlawlaryň anyk häsiýetleri barada has giňişleýin aýdylanda, ilki bilen saýlawlaryň döwürleýinligini, hakykylygyny, saýlawlaryň erkin we adyl bolmalydygyny, şonuň ýaly-da olaryň wekilçilikli we gutarnyklylygy, şeýle hem saýlawlaryň ählumumy, gizlin, deň we göni saýlawlar ýörelgeleri esasynda geçirilmelidigini bellemek zerurdyr.

*Saýlawlaryň döwürleýin bolmaklygy* – bu kanunda bellenilen tertipde, saýlawlaryň belli bir wagtyň dowamynda, mysal üçin, dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, döwlet baştutanynyň we parlamentiň deputatlarynyň saýlawlarynyň her 4, 5 we 7 ýyldan geçirilmegini aňladýar. Şonuň ýaly-da, saýlawlaryň döwürleýin bolmaklygy, saýlanan adamlaryň belli bir möhlete saýlanylýandygyny we şol möhlet tamamlanandan soň, wezipelerini dowam etdirmäge ygtyýar almak üçin saýlawçylara gaýtadan ýüz tutmaly bolýandyklaryny-da aňladýar.

Saýlawlaryň hakykylygy diýlende, saýlawçylaryň alternatiw esaslarda halk wekillerini saýlamaga hakyky mümkinçilikleriniň bolmaklygyna düşünilýär.

Saýlawlaryň erkin we adyl bolmalydygy diýlende, bolsa saýlaw möwsümi döwründe deputatlyga dalaşgärleriň erkin hem deňhukukly görkezilmegine, aýanlyk we açyklyk, wagyz etmegiň erkinligi ýörelgelerine goldanylmagyna, şonuň ýaly-da saýlaw möwsümi geçirilende ähli dalaşgerlere deň mümkinçilikleriň berilmegine we adamyň konstitusiýada hem kanunlarda berkidilýän tebigy we mizemez hukuklarynyň saýlawlardan öň hem, saýlawlardan soň hem goralmaklygyna düşünilýär.

*Wekilçilikli saýlawlar* – bu raýatlaryň (saýlawçylaryň) syýasy kararlary kabul etmek, kanun düzmek we halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak işine gönükdirilen maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin öz wekillerini saýlamaklarydyr. Bu bolsa bir tarapdan, jemgyýetde ýüze çykýan çylşyrymly meseleleri halkyň adyndan yzygiderli ara alyp maslahatlaşmak arkaly pähim-paýhasly çözmegiň kepili bolup çykyş edýär, beýleki bir tarapdan bolsa, ilatyň aglaba böleginiň gymmatly wagtlaryny we zähmetlerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Saýlawlaryň ählumumy we deň saýlaw hukugy saýlawçylaryň hemmesiniň saýlawlara deň esaslarda gatnaşmagyny aňladyp, saýlawlar gününe çenli kanunda bellenilen (kämillik ýaşa) ýaşa ýeten raýatlaryň haýsy millete degişlidigine, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, jynsyna, diline, bilimine, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, saýlamaga bolan konstitusion hukugyndan gelip çykýar.

*Göni saýlawlar bolsa* raýatlaryň halk wekillerini gös-göni özleriniň saýlamaklaryny, ýagny saýlawçynyň özüniň saýlamaga bolan hukugyny amala aşyrmagy öz kanuny wekillerine, ýakyn garyndaşlaryna ýa-da başga bir wekillerine geçirmäge hukugynyň ýokdugyny aňladýar.

Sala salşyk, ählihalk we ýerli sala salşyklar, olary geçirmegiň tertibi we esaslary hakynda aýdylanda, sala salşyk – bu döwletiň ýa-da degişli çägiň ilatynyň durmuşynda hemmelere dahylly bolan wajyp soraglary çözmek üçin geçirilýän ählihalk ýa-da ýerli ses berlişikdir. Sala salşykda ses bermek edil saýlawlardaky ýaly gizlindir we bu gizlinlik ýörite soraglar we «hawa» ýa-da «ýok» diýen wariantdaky jogaplar ýazylan býulletenleriň kömegi bilen üpjün edilýär. Sala salşyga gatnaşýan saýlaw hukukly raýat soragy okaýar we özüniň saýlan jogabyny goýup, garşy bolan jogabynyň üstüni çyzýar. Sala salşyk geçirilýän çägine görä, ählihalk ýa-da ýerli bolup bilýär. Hukuk güýji boýunça sala salşyk hökmany (imperatiw) we maslahat beriji (konsultatiw) häsiýetde bolup bilýär.

Hökmany häsiýetli sala salşyk diýlende, onuň gutarnykly, hemmeler üçin hökmäny bolan netijesiniň ses berlişik tamamlanan dessine kanuny güýje eýe bolmagyna we ol netijäniň diňe täze sala salşygyň netijesiniň esasynda üýtgedilip bilinmegine düşünilýär. Maslahat beriji häsiýetdäki sala salşykda bolsa, onuň netijesi döwletiň ýa-da degişli çägiň ygtyýarly edarasy tarapyndan kabul edilýän hukuk nama bilen resmileşdirilýär, ýöne şol edara halkyň sala salşygyň netijesinde beýan eden erk-islegini üýtgetmäge ýa-da sala salşygyň netijesini tassyklaýan kadalaşdyryjy hukuk namany kabul etmekden ýüz döndermäge haky ýokdur. Käbir döwletlerde sala salşygyň bu görnüşini halkyň (ilatyň) pikirini soramak diýip hem atlandyrýarlar.

Sala salşyga gatnaşmak raýatlaryň özboluşly syýasy hukugy bolup durýar. 1993-nji ýylyň 12-nji aprelinde kabul edilen, «Referendum hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň girişinde bellenilişi ýaly, sala-salşyk (referendum) – bu, geňeşmek maksady bilen halkyň ses bermegini guramakdyr hem-de Türkmenistanyň raýatlarynyň ses bermek arkaly döwlet häkimligini amala aşyrmaga gös-göni özleriniň gatnaşmagynyň bir görnüşidir. Döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna degişli iňňän möhüm meseleleri çözmek üçin ählihalk sala salşygy we ýerli sala salşyk geçirilýär. Sala salşyklar, gatnaşyjylaryň erkinligi, ses bermegiň meýletinligi, gizlinligi we onuň ählumumy, deň hem göni saýlaw hukugy esasynda amala aşyrylmagy, raýatlaryň ses bermäge gös-göni özleriniň gatnaşmagy, şonuň ýaly-da sala salşyga gatnaşýan her bir adamyň bir sesiniň bolmagy, sala salşygy geçirmegiň aýanlygy, oňa jemgyýetçiligiň gatnaşmagy, şol sanda sesler sanalanda gatnaşmak ýörelgeleriniň esasynda geçirilýär.

Salgylanylýan Kanunyň 4-nji maddasyna laýyklykda, Ählihalk sala salşygynyň garamagyna, täze kanuny kabul etmek, dowam edip gelýän kanuny ýa-da onuň aýry-aýry düzgünlerini üýtgetmek ýa-da ýatyrmak, kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň esasy mazmunyny deslap kesgitleýän çözgütleri kabul etmek, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň we onuň dolandyryş-çäk birlikleriniň serhetleri hakynda, Türkmenistanyň goranmagyny we howpsuzlygyny üpjün etmek hakynda; jemgyýetçilik tertibini goramak, raýatlaryň saglygyny we howpsuzlygyny gorap saklamak barada adatdan daşary we gaýragoýulmasyz çäreleri

geçirmek hakynda, adamlary wezipä bellemek we wezipesinden boşatmak bilen baglanyşykly Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlygyna degişli meseleler, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertnamalaryndan gelip çykýan borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine degişli meseleler berlip bilinýär:

Ýerli sala-salşyklaryň garamagyna, Geňeşiň Kararyny ýatyrmak hakyndaky, ýerli ähmiýetli beýleki has möhüm meseleler barada karar kabul etmek hakyndaky meseleler berlip bilinýär. Emma dolandyryş-çäk birlikleriniň serhetleri hakyndaky, jemgyýetçilik tertibini goramak, raýatlaryň saglygyny we howpsuzlygyny gorap saklamak barada adatdan daşary we gaýra goýulmasyz çäreleri geçirmek hakyndaky, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna wezipeli adamlary bellemek ýa-da saýlamak we wezipesinden boşatmak hakyndaky meseleler ýerli sala salşygyň garamagyna berlip bilinmeýär.[1]

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 63-nji maddasynyň 5-nji bendine laýyklykda, ählihalk sala salşygyny geçirmek meselesini çözmek Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlygyna degişlidir. Esasy Kanunyň 53-nji maddasynyň 9-njy bendine laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti bolsa Türkmenistanyň Mejlisiniň Ählihalk sala-salşygyny geçirmek hakyndaky Kararyna laýyklykda, sala salşygy geçirmegiň senesini belleýär we ählihalk sala salşygyny geçirmek baradaky meseläni çözmek üçin Mejlisiň maslahatyny möhletinden öň çagyrmaga haklydyr. Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, ählihalk sala salşygyny geçirmek başlangyjyna bolan hukuk, Türkmenistanyň Prezidentine, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki bölegine ýa-da saýlaw hukukly raýatlaryň azyndan iki ýüz elli müňüsine degişlidir. Türkmenistanyň Referendum hakyndaky kanunynyň 10-njy maddasyna laýyklykda, ýerli salasalşyklary geçirmek barada teklip bermäge bolan hukuk, sala salşygyň geçirilmeli ýerinde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan dörtden bir bölegine we Geňeşe degişlidir. Şonuň ýaly-da ýerli sala salşyk merkezi döwlet häkimiýet edaralarynyň başlangyjy bilen hem geçirilip bilinýär.

Bu ugurdan dünýä tejribesinde sala salşygy ýaly halkyň köpçülikleýin ses bermeginiň «plebissit» («plebs-ýönekeý halk, scitum – çözgüt, karar» diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, Gadymy Rimde ýönekeý halkyň (plebeýleriň) ýygnaklarynyň kabul edýän çözgütlerini aňladypdyr) diýlip atlandyrylýan ýene-de bir görnüşi bardyr. Plebissit – bu wajyp mesele boýunça halkyň ses bermeginiň esasynda döwlet çözgüdiniň kabul edilmegidir. Onuň sala salşyk bilen çalymdaşlygy bolsa olaryň biri-birinden geçiriliş we çözgütleriň kabul ediliş tertibi, görnüşi, olaryň kabul eden netijeleriniň hukuk taýdan hökmanylygynyň kybapdaşlygyndan gelip çykýar. Ýöne konstitusion we halkara hukuk ylmynda käbir alymlar sala salşygy we plebissiti olarda seljerilýän soraglar boýunça tapawutlandyrýarlar. Ýagny sala salşykda döwletiň içerki syýasy meselerine bagly soraglar, plebissitde bolsa daşarky gatnaşyklara dahylly sowallar seljerilýär diýip hasap edýärler. Maglumat hökmünde

[1] «Referendum hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasy.

aýdylanda, ilkinji resmi we ählihalk plebissiti XV asyrda Şweýsariýada geçirilipdir we onda hakykatdan hem bu ýurduň garaşsyzlygyna we ony tabyn etmek isleýän döwletler bilen daşarky gatnaşyklaryna bagly mesele seljerilipdir.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 95-nji maddasyna we Esasy Kanunyň düşündirilýän maddasyna we «Referendum hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasyna laýyklykda, ählihalk sala şalşygyny geçirmek başlangyjy Türkmenistanyň saýlaw hukukly raýatlarynyň azyndan iki ýüz elli müňüsine, Mejlisiň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki bölegine degişlidir. Eger ählihalk sala salşygyny geçirmek hakyndaky başlangyç bilen raýatlar çykyş edýän bolsa, onda ählihalk sala salşygyny geçirmek baradaky topar döredilýär, bu sala salşygyň başlangyç (inisiatiwa) topary azyndan ýüz adamdan ybarat bolmalydyr.

Ýerli sala salşygy geçirmek baradaky başlangyç topary bolsa azyndan elli adamdan ybarat edilip döredilmelidir. Kanuna laýyklykda, başlangyç toparynyň agzalarynyň sanawynda toparyň her bir agzasynyň familiýasy, ady, atasynyň ady we ýaşaýan ýeri görkezilmäge degişlidir. Ählihalk sala salşygyna hödürlenilýän mesele we başlangyç toparynyň düzümi saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan bellige alynýar. Meseläniň kesgitlenilişi başlangyç toparynyň razylygy bilen seljerilip, takyk aňladylyp bilinýär. Başlangyç toparynyň bellige alnandygy we sala salşyga hödürlenýän mesele hakyndaky habar hem-de gol çekilen resminamalaryň[1] iberilmeli salgysy metbugatda çap edilýär.

Ýerli sala salşyk geçirilende meseläni hem-de başlangyç toparynyň düzümini ýokardaky ýaly tertipde degişli Geňeş bellige alýar. Sala salşyga hödürlenýän mesele gol çekiş resminamalaryna girizilmelidir. Sala salşygy geçirmek baradaky başlangyç toparyna onuň bellige alnandygy hakynda şahadatnama berilýär, bu iş onuň bellige alynmagyny sorap ýüz tutulan gününden beýläk iki hepdäniň dowamynda amala aşyrylýar. Bellige durmak üçin ýüz tutan şahslar tarapyndan kanunyň talaplary bozulan halatynda bellige almakdan ýüz dönderilip bilinýär. Bellige almakdan ýüz dönderilendigi barada sala salşygy geçirmek baradaky başlangyç topary degişli kazyýete şikaýat etmäge hukuklydyr.

Salgylanylýan Kanunyň 12-nji maddasyna laýyklykda, sala salşygy geçirmek baradaky başlangyç topary Merkezi saýlaw toparyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamany alan pursatyndan beýläk raýatlaryň goluny ýygnamagy guraýar. Gol ýygnamak işini Türkmenistanyň saýlaw hukugy bolan raýatlary alyp barýarlar. Her bir gol çekiş resminamasyny şol gol ýygnalýan ýerdäki degişli Geňeş tassyklamalydyr, bu iş gol ýygnamaga başlamazdan ozal, bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy görkezilen pursatyndan beýläk 7 günden

[1] Gol çekiş resminamasy diýlende, kanuna laýyklykda haçan-da raýatlar ählihalk sala salşygyny geçirmek barada başlangyç bilen çykyş edenlerinde saýlaw hukukly raýatlaryň 250.000 sanysynyň goly ýygnalmalydyr we ol gollar degişli suratda resmileşdirilip, Türkmenistanyň Prezidentine we Mejlisine ugradylmalydyr.

gijä goýulman amala aşyrylýar. Tassyklanmadyk gol çekiş resminamalarynyň hukuk güýji ýokdur. Gol ýygnamak üçin şol gol ýygnaýan adamyň gol çekiş resminamasyndan başga hiç hili şahsyýetini anyklaýjy resminama görkezmegi talap edilmeýär. Her bir raýatyň, gol çekiş resminamasyna diňe bir gezek gol çekmäge haky bardyr. Şonda raýat pasportyny ýa-da şahsyýetini tassyklaýan başga resminamasyny görkezýär. Raýat gol çekende familiýasyny, adynyň we atasynyň adynyň baş harplaryny (inisiallaryny), ýaşaýan ýerini, resminamadaky talap edilýän magtlumatlary hem-de resminama gol çeken senesini görkezmelidir. Zerur bolan mahalynda ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy raýatlaryň gol çekiş sahypalaryndaky gollarynyň hakykylygyny barlamaga haklydyr. Ählihalk sala salşygyny geçirmek hakyndaky mesele boýunça gol ýygnamagyň umumy möhleti sala salşygy geçirmek baradaky başlangyç toparyna bellige alnanlygy hakyndaky şahadatnamanyň berlen gününden beýläk üç aýdan, ýerli sala salşygy geçirmek hakyndaky mesele boýunça bolsa iki aýdan geçmeli däldir.

Doldurylan gol çekiş resminamalary sala salşygy geçirmek baradaky başlangyç toparyna iberilýär. Ählihalk sala salşygyny geçirmek baradaky başlangyç topary gol ýygnamagyň netijeleri hakyndaky jemleýji maglumatlary düzýär we olary bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň berlen gününden beýläk üç aýdan gijä goýman, ýerli sala salşygy geçirmek baradaky başlangyç topary bolsa iki aýdan gijä goýman, şol doldurylan gol çekiş resminamalaryny we jemleýji maglumatlary degişli suratda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topara ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasyna (Geňeşe) iberýär. Ählihalk sala salşygyny geçirmek hakynda edilen talap hem-de saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi toparyň gol ýygnamagyň netijeleri baradaky jemleýji teswirnamasy şol resminamalar başlangyç toparyndan alnan pursatyndan beýläk on günüň içinde Türkmenistanyň Prezidentine we Türkmenistanyň Mejlisine iberilýär[1].

Türkmenistanyň Mejlisi ýa-da Geňeş sala salşyk hakyndaky meseläni öz nobatdaky mejlisleriniň gün tertibine girizýär. Türkmenistanyň Mejlisi ýa-da Geňeş degişli sala salşygy geçirmek babatdaky talap boýunça, sala salşygy geçirmek we onuň geçirilmegini üpjün etmek baradaky çäreler hakynda ýa-da sala salşyk geçirmän, kanun ýa-da sala salşyk hakyndaky talapda teklip edilýän başga çözgüdi kabul etmegiň zerurlygy hakynda kararlaryň birini kabul edýär. Türkmenistanyň Mejlisi ýa-da Geňeş, sala salşygy geçirmek barada teklip berijiler hereket edýän kanunçylygyň bozulmagyna ýol beren mahalynda, sala salşygy geçirmek hakyndaky talaby ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haklydyr.

Ählihalk sala salşygyny geçirmek baradaky kararyň kabul edilmegi üçin Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, bellenen sanynyň ýarysyndan köpüsi ses berse, ýerli sala salşyk boýunça bolsa – degişli Geňeşiň agzalarynyň azyndan üçden iki bölegi ses beren bolsa, şol karar kabul edilýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň ählihalk sala salşygyny geçirmek hakyndaky kararynda sala salşyga goýlan

[1] «Referendum hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 13-nji maddasy.

meseläniň bellige alnan kesgitlenmesi soňra sala salşygyň býulletenine goşmak üçin görkezilýär. Ählihalk sala salşygynyň geçirilmeli güni, ony maliýeleşdirmegiň tertibi we sala salşygy geçirmek bilen baglanyşykly beýleki meseleler Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenýär. Sala salşygy geçirmek hakyndaky karar, sala salşyga goýlan kanunyň ýa-da başga görnüşdäki çözgüdiň taslamasynyň mazmuny sala salşygy geçirmek hakynda karar kabul edilenden soň, on günden gijä goýulman, metbugatda çap edilýär hem-de beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde yglan edilýär. Ýerli sal salşyga taýýarlyk görmek we ony geçirmek baradaky meseleleri degişli Geňeş çözýär[1].

Salgylanylýan Kanunyň 16-njy maddasyna laýyklykda, ählihalk sala salşygy Türkmenistanyň Mejlisiniň ony geçirmegi bellemek hakynda karar kabul eden pursatyndan beýläk iki aýdan ir bolmadyk we dört aýdan giç bolmadyk möhletde, ýerli sala salşyk bolsa – degişli Geňeş ony geçirmegi bellemek hakynda karar kabul edenden soň, iki aýdan ir bolmadyk we üç aýdan giç bolmadyk möhletde geçirilýär. Kanuna laýyklykda, aýratyn halatlarda Türkmenistanyň Mejlisi ýa-da Geňeş sala salşygy geçirmegiň başga möhletlerini bellemäge-de haklydyr. Türkmenistanda sala salşygy taýýarlamak we geçirmek işini:

● saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar;
● ählihalk sala salşygy baradaky çäk (welaýat, etrap, şäher) toparlary;
● ýerli sala salşyk baradaky çäk topary;
● ählihalk sala salşygy we ýerli sala salşyk baradaky şahamça toparlary amala aşyrýarlar.

Ählihalk we ýerli sala salşygyny geçirmek baradaky toparlar Türkmenistanyň kanunlarynda degişli saýlaw toparlaryny döretmek üçin bellenilen tertipde döredilýär[2].

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 97-nji maddasyna laýyklykda, sala salşyklar ählumumy, deň, göni we gizlin ses bermek arkaly geçirilýär. Sala salşyklara Türkmenistanyň saýlaw hukugyna eýe bolan raýatlary gatnaşýar.

Türkmenistanyň raýatlaryna, syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine we guramalaryna sala salşyk geçirmek hakyndaky talaplary goldap ýa-da olaryň garşysyna, şeýle hem sala salşygyň garamagyna hödürlenýän kanunyň ýa-da başga kararyň taslamasyny goldap ýa-da ony goldaman päsgelçiliksiz wagyz-nesihat işini ýöretmek hukugy kepillendirilýär. Ses berilýän güni sala salşyga girizilen mesele boýunça hiç-hili wagyz-nesihat işleriniň geçirilmegine ýol berilmeýär. Geçirilýän sala salşyga girizilen teklipleri jemagat öňünde ara alyp maslahatlaşmak işi ýygnaklary, ýygnanyşyklary, köçe ýörişlerini we ýörişleri geçirmegiň tertibi hakyndaky kadalaşdyryjy namalara laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, adatdan daşary ýagdaý düzgüni girizilen mahalynda Türkmenistanyň Prezidenti sala salşygyň dowam etmegini

[1] «Referendum hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň. 15-nji maddasy.

[2] Şol ýerde. 18-nji madda.

togtadyp ýa-da onuň bellenen möhletini başga möhlete geçirmäge ygtyýarlydyr. Ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, sala salşygy geçirmek baradaky toparlar sala salşyga girizilen teklipleri jemagat öňünde ara alyp maslahatlaşar ýaly, raýatlara we jemgyýetçilik birleşiklerine, guramalaryna jaý bermegi, şeýle ara alyp maslahatlaşmagyň, geçirilýändigini raýatlara mälim etmegi üpjün edýärler[1].

Türkmenistanyň raýatlarynyň sala salşyga gatnaşmak baradaky öz hukuklaryny erkin amala aşyrmaklaryna zorluk, aldaw, haýbat, berim bermek arkaly ýa-da başga ýol bilen päsgel berýän adamlar, şeýle hem döwlet ýa-da jemgyýetçilik edaralarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň wezipeli adamlary, başlangyç toparynyň we sala salşyk toparlarynyň agzalary, gol ýygnaýan adamlar resminamalary galplaşdyran, maglumatlary artdyryp görkezen, sesleri bilgeşleýin nädogry sanan, ses bermegiň gizlinligini bozan mahalynda, olar Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär. Sala salşyk hakyndaky kanunlaryň bozulandygy hakynda sala salşyga taýýarlyk görülýän döwürde ýa-da ses berlişden soň 15 günüň dowamynda sala salşygy geçirmek baradaky topara ýa-da döwlet edaralaryna gelip gowşan arzalara bir hepdäniň dowamynda, ses berlen gün gelen arzalara bolsa haýal edilmän seredilmelidir[2].

## §2. Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmegiň hukuk esaslary

Raýatlaryň saýlamaga hukugy ýa-da başgaça aýdylanda, aktiw saýlaw hukugy – bu raýatlaryň wekilçilikçi döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna öz wekillerini erkin saýlamaga bolan hukuklaryny aňladýar. 1999-njy ýylyň 22-nji aprelinde kabul edilen Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklarynyň kepillikleri hakyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň girişinde bellenilişi ýaly, erkin we adalatly saýlawlar demokratiýanyň ýüze çykmagynyň hem-de jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga raýatlaryň gatnaşmak hukuklaryny durmuşa geçirmegiň ýokary görnüşidir. Türkmenistanda raýatlaryň saýlaw hukugyny durmuşa geçirmegiň ýörelgeleri, gizlin ses berlende ähluma my, deň, göni saýlaw hukugyny, raýatlaryň, saýlawlara erkin we meýletin gatnaşmagyny, dalaşgärleri deňhukukly görkezmegi we olar üçin deň mümkinçilikleri döretmegi, saýlaw döwrüniň (kampaniýasynyň) barşynda aýanlygy we açyklygy, wagyz-nesihatyň erkinligini, raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň goraglylygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Esasy Kanunyň 89-njy maddasyna laýyklykda on sekiz ýaşyna ýeten Türkmenistanyň her bir raýatynyň saýlamaga hukugy bardyr. Diňe kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, jenaýat edendikleri zerarly azatlykdan mahrum

[1] «Referendum hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 17-nji madda.

[2] Şol ýerde. 30-njy madda.

edilen adamlaryň mejbury çetleşdirip saklanýan ýerlerindäki iş kesilenleriň saýlamaga we saýlanmaga hukuklary ýokdur.

Saýlamaga bolan hukuk raýatlara döwletiň işlerini dolandyrmaga öz wekilleriniň üsti bilen gytaklaýyn gatnaşmaga mümkinçilik berýär. Haýsydyr bir jemgyýetçilik birleşikleriniň, jemgyýetçilik hereketiniň, syýasy partiýanyň ýa-da hiç bir partiýa degişli bolmadyk, garaşsyz dalaşgäriň (kandidatyň) maksatnamalaryny goldamak we şonuň netijesinde-de ony saýlamak bilen saýlawçy raýatlar kanunçylygyň ösüşiniň we ýokary wezipeli adamlaryň anyk işleriniň alnyp baryljak ugruny öňünden kesgitleýärler.

Raýatlaryň saýlanmaga hukugy ýa-da başgaça aýdylanda passiw saýlaw hukugy – bu, döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, şonuň ýaly-da saýlawly döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryşyň wezipelerine (arçyn) saýlanmaga bolan hukugy, ýagny saýlawlar geçirilende dalaşgär hökmünde Türkmenistanyň Merkezi saýlaw toparynda bellige alynmaga we beýleki dalaşgärler bilen bilelikde saýlawyň öňüsyrasyndaky wagyz-nesihat işlerini geçirmeklige bolan hukugy aňladýar.

2011-nji ýylyň 21-nji maýynda kabul edilen, «Türkmenistanda saýlawlar we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Merkezi saýlaw topary – bu, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde, Türkmenistanyň Prezidentiniň, halk wekilleriniň, Mejlisiň deputatlarynyň, Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny, ählihalk sala salşyklarynyň geçirilmegini guraýan, Türkmenistanyň bütin çäklerinde saýlawlar we sala salşyk hakyndaky kanunçylygyň birmeňzeş ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýän, şonuň ýaly-da saýlawlara we sala salşyga taýýarlyk görülýän we geçirilýän döwründe hereket edýän saýlaw toparlarynyň ulgamyna ýolbaşçylyk edýän, Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen we öz ady goýlan möhri bolan, hemişelik hereket edýän edaradyr. Ony Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 8-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti döredýär we onuň düzümine üýtgetmeler girizýär. Raýatlaryň döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna saýlanmaga bolan hukuklaryny amala aşyrmaklary üçin birnäçe umumy we käbir ýörite şertleriň bolmagy hökmanydyr.

*Umumy şertler* – bu wekilçilikli döwlet edaralarynyň ählisine, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna we döwletiň saýlawly wezipelerine saýlanmak üçin dalaşgär hökmünde çykyş edýän ähli raýatlara degişli şertlerdir, ýagny dalaşgäriň Türkmenistanyň raýaty bolmagyndan we ş.m. ybaratdyr.

Ýörite şertler bolsa, wekilçilikli döwlet edaralarynyň aýry-aýry görnüşlerine, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna we döwletiň saýlawly wezipeleriniň aýry-aýry görnüşlerine saýlanmak üçin dalaşgär hökmünde çykyş edýän ähli raýatlara degişli şertlerdir. Mysal üçin, Esasy Kanunyň 51-nji maddasy Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipesine dalaşgär hökmünde özüni görkezip bilýän raýatlar barada ýörite: a) 40–70 ýaş aralygy; b) Türkmenistanda dogulmak; ç) döwlet dilini bilmek; d) soňky on bäş ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşamak;

e) Türkmenistanyň raýaty bolmak; ä) Türkmenistanyň döwlet edaralarynda, jemgyýetçilik guramalarynda işlemek ýaly şertleriň bolmagy hökmanydyr.

Türkmenistanda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň doly we gyşarnyksyz amala aşyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen, döwlet tarapyndan Türkmenistanyň raýatlaryna saýlaw hukuklarynyň kepillikleri berilýär.

*Raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň kepillikleri* – bu, raýatlaryň saýlamak we saýlanmak, şeýle hem saýlaw hereketlerine we tertiplerine gatnaşmak hukuklarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän, hereket edýän kanunçylykda bellenilen guramaçylyk, hukuk we gaýry çärelerdir.

*Kanunçylyk kepillikleri* – bu, Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklarynyň, Türkmenistanyň konstitusiýasynda we saýlaw işine gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän hem-de Türkmenistanda saýlawlary guramak, taýýarlyk görmek we geçirmek baradaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilmegidir we kepillendirilmegidir.

*Hukuk kepillikleri* – bu, raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň, saýlawly edaralara saýlamaga we saýlanmaga, dalaşgärleriň kazyýet goragyny, şahsy eldegrilmesizligini goşmak bilen raýatlaryň erkini, olaryň saýlaw hukuklarynyň goragyny üpjün etmek boýunça Türkmenistanyň kanunlarynda bellenilen çärelerdir, şeýle hem raýatlaryň saýlawlara netijeli gatnaşmagy üçin şertleri döretmäge gönükdirilen gaýry kadalardyr.

*Ykdysady kepillikler* – bu, döwlet saýlawlaryna taýýarlyk görmek we geçirmek bilen baglanyşykly çykdajylarynyň döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmak arkaly raýatlaryň saýlawlara gatnaşmagy üçin deň ykdysady we maliýe mümkinçilikleriň berilmegidir. Şonuň bilen birlikde-de, saýlaw işine gatnaşyjylara kanunçylykda bellenilen esaslarda we tertipde olaryň öz hukuklaryny hem ygtyýarlyklaryny amala aşyrmagy bilen baglanyşykly ýeňillikleriň we çykdajylaryň öwezini dolmagyň kepillendirilmegidir.

*Guramaçylyk kepillikleri* – bu, saýlaw okruglaryny we ülüşlerini döretmek, saýlaw toparlaryny döretmek we olaryň işini üpjün etmek, saýlawçylaryň sanawlaryny düzmek, saýlawly edaralara dalaşgärleri görkezmek we bellige almak, saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz-nesihaty geçirmek, ses bermegi guramak we onuň jemlerini jemlemek boýunça döwlet, jemgyýetçilik we beýleki edaralar tarapyndan amala aşyrylýan çärelerden, şeýle hem saýlawlary guramak bilen baglanyşykly gaýry hereketlerden ybaratdyr.

*Maglumat kepillikleri* – bu, saýlaw işiniň aýanlyk we raýatlaryň giňden habarly edilmegi esasynda amala aşyrylmagydyr. Şonuň ýaly-da Türkmenistanyň raýatlaryna saýlawlara taýýarlyk görmegiň we geçirmegiň meseleleri boýunça habar almak we ýaýratmak hukugynyň kepillendirilmegidir. Bu maksat bilen saýlaw toparlary, döwlet we jemgyýetçilik edaralary, raýatlar metbugaty, telewideniýäni, radiony we beýleki habar beriş serişdeleriniň umumy elýeter usullaryny peýdalanmak hukugyna eýedirler.

*Halkara kadalaryny berjaý etmek babatdaky kepillikler* – bu, Türkmenistan tarapyndan, BMG-niň Düzgünnamasynda, Ýewropa Howpsuzlyk-Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýleki umumy ykrar edilen halkara guramalarynyň esaslandyryjy resminamalarynda berkidilen ýörelgelere we kadalara pugta eýerip, saýlawlar guralanda we geçirilende özüniň gatnaşyjy bolup durýan halkara şertnamalarynyň, konwensiýalarynyň, ylalaşyklarynyň düzgünleriniň goldanylmagydyr we olaryň berjaý edilmegidir. Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukugynyň bozulmagy Türkmenistanyň JK-nyň 149–150-nji maddalarynda kesgitlenen jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagyna getirýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 92-nji maddasyna laýyklykda, saýlawlarda ses bermek gizlindir, ses berlende saýlawçylaryň öz erk-islegini beýan edişine gözegçilik edilmegine ýol berilmeýär. Saýlawlaryň gizlin ses bermek arkaly geçirilmegi diýen düşünje, saýlawçylaryň döwletiň wekilçilikli edaralaryna saýlajak wekilini erkin beýan etmegine gözegçilik edilmegine ýol berilmezligini we saýlawçylar ses berenlerinde olaryň öz erk-isleglerini erkin beýan etmeklerine ähli mümkinçilikleriň döredilmegini aňladýar. Saýlawçylaryň erk-isleglerini erkin beýan etmek üçin ähli mümkinçilikler diýlende, saýlawçylaryň saýlaw býulletenini doldurmak üçin ýörite kabinalaryň, doldurylan býulletenleri oklamak üçin gulply, möhürlenen gutylaryň bolmagyna, saýlaw şahamçalaryna gelen saýlawçylaryň erk-isleglerini beýan edişlerine hiç-hili gözegçiligiň bolmazlygyna düşünilýär.

Türkmenistanyň saýlaw kanunçylygy öz gözbaşyny, Halkara Ylalaşyklarynda berkidilýän umumy ykrar edilen saýlawlaryň demokratik ýörelgelerinden hem-de Esasy Kanunymyzyň 31-32-nji maddalaryndan we 89-98-nji maddalaryny öz içine alýan V bölüminden alyp gaýdýar. Şonuň bilen birlikde-de, milli kanunçylygymyzyň bu pudagy esasan, 2011-nji ýylyň 21-nji maýynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda», 2008-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary hakynda», 2010-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda kabul edilen «Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryndan ybaratdyr.

Şonuň ýaly-da, milli saýlaw kanunçylygyna degişli kadalaşdyryjy hukuk namalar hökmünde, 2011-nji ýylyň 21-nji maýynda kabul edilen, «Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar hakynda», 1999-njy ýylyň 22-nji aprelinde kabul edilen, «Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklarynyň kepillikleri hakynda», 2009-njy ýylyň 9-njy ýanwarynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda», 2011-nji ýylyň 21-nji maýynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Prezidenti hakynda», Türkmenistanyň kanunlaryny, şeýle hem 1993-nji ýylyň 12-nji aprelinde kabul edilen, «Referendum hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryny görkezmek bolar. konstitusiýamyzyň 31-nji maddasynda, Türkmenistanyň her bir raýatynyň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gös-göni ýa-da erkin saýlanan wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga

hukugy, 32-nji maddasynda bolsa, raýatlaryň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga hukugy berkidilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 98-nji maddasynda adatdan daşary ýagdaý döwründe saýlawlar we sala salşyklaryň geçirilmeýändigi hakynda hukuk kadasy berkidilýär. Adatdan daşary ýagdaý döwründe saýlawlaryň we sala salşyklaryň geçirilmezliginiň esasy sebäbi, adatdan daşary ýagdaý ýa-da harby ýagdaý döwri döwletiň ähli kuwwatynyň bir ýere jemlenip, dolandyryş ygtyýarlyklarynyň ýokary derejede artdyrylmagyny we berkleşdirilmegini talap edýär. Çünki ýüze çykan hadysalaryň öňüni almak we onuň zyýanly netijelerini ýok etmek üçin ägirt uly güýçler, serişdeler hem berk tertip-düzgün zerur bolup durýar. Tebigy betbagtçylyk hadysasy, tehnogen awariýa ýa-da sürnüp gelen duşman görnüşinde döwletiň üstüne howp abanan pursatynda parahat durmuşdaky ýaly demokratiýa ýörelgelerine goldanylmagynyň döwletde eden-etdiligiň, agzalalygynyň ýüze çykmagyna getirýändigini, netijede-de ähli kuwwatyny bir ýere çugdamlamagyň hötdesinden gelip bilmedik döwletiň ýok bolup gidýändigini taryh subut edip gelýär. Hut şonuň üçinem konstitusiýanyň özünde-de adatdan daşary ýagdaý döwründe onuň kadalarynyň hereket etmeginiň wagtlaýyn togtadylýandygy hakynda kadalar bardyr. Mysal üçin, Esasy Kanunyň 47-nji maddasy.

## §3. Saýlawly wezipeler

Türkmenistanda saýlawly wezipeler hökmünde Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipesini, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň wezipesini, ýerli halk maslahatlarynyň agzalarynyň wezipelerini, geňeşleriň agzalarynyň wezipelerini görkezmek bolar. Görkezilen wezipelere dalaşgärleri görkezmegiň hem saýlamagyň tertibi barada bu okuw kitabynyň XII, XV, XVI baplarynda ýörite durlup geçilýär.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, saýlawly wezipelere dalaşgärleri hödürlemek hukugy syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine we raýatlaryň toparlaryna degişlidir we ol hukuk Türkmenistanyň kanuncylygyna laýyklykda amala aşyrylýar[1].

Türkmenistanyň raýatlary hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, dalaşgärleri hödürlemek we saýlaw kampaniýasyny alyp barmak üçin saýlaw birleşiklerini, saýlaw bloklaryny, saýlaw hereketlerini we ş.m. döredip bilýärler. Saýlaw birleşmeleri – bu saýlaw kanunçylygyna laýyklykda dalaşgärleri görkezmek arkaly ýa-da başga görnüşlerde saýlawa gatnaşmaga hukugy bolan, wagtlaýyn ýa-da hemişelik häsiýetli guramalardyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň Magtymguly

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 93-nji madda. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

adyndaky Ýaşlar guramasy, Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşygy we ş.m. Saýlaw bloklary – bu birnäçe syýasy partiýalaryň ýa-da jemgyýetçilik birleşikleriniň döwlet Baştutanynyň, merkezi we ýerli wekilçilikli edaralaryň saýlawlaryna dalaşgärleri bilelikde görkezmek barada özara baglaşan ylalaşyklarynyň netijesinde döredilýän bileleşikdir. Mysal üçin, birnäçe jemgyýetçilik birleşikleriniň bileleşiginden emele gelen Umumymilli «Galkynyş» hereketi; Saýlaw hereketi bolsa mümkin boldugyndan köp dalaşgärleriniň saýlawlarda ýeňmeklerini gazanmak üçin döredilýän raýatlaryň wagtlaýyn birleşigidir.

Döwletiň saýlawly wezipelerine ýa-da edaralaryna dalaşgärleri görkezmek diýlende bolsa, saýlaw prosesiniň esasy tapgyrlarynyň birine düşünilýär. Dalaşgärleri görkezmek, esasan, üç sany usul bilen amala aşyrylýar:

a) saýlawçylar tarapyndan dalaşgäriň görkezilmegi, dalaşgäriň özüniň özüni görkezmegi, dalaşgäriň saýlawçylaryň goldamagy (Fransiýada, Daniýada, Belgiýada ol goldaw saýlawçylaryň goluny ýygnamak arkaly aňladylýar) bilen özüni görkezmegi;

b) dalaşgäriň syýasy partiýa tarapyndan görkezilmegi (GFR-de, Awstriýada, Finlýandiýada, Ýaponiýada, Şweýsariýada);

ç) dalaşgäriň ýörite düzgüniň (praýmeriz) amala aşyrylmagynyň netijesinde görkezilmegi (ABŞ-da we ş.m.).

Türkmenistanda döwletiň saýlawly wezipelerine we edaralaryna dalaşgärleri görkezmegiň tertibi milli saýlaw kanunçylygynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýär.

Raýatlaryň dürli edaralara we wezipelere saýlanmaga bolan hukuklaryny amala aşyrmagynyň şertleri hem tertibi, 2011-nji ýylyň 21-nji maýynda kabul edilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakyndaky, 2008-nji ýylyň 10-njy oktýarbrynda kabul edilen, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary hakyndaky, 2010-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda kabul edilen, Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary hakyndaky Türkmenistanyň kanunlarynda kesgitlenýär.

*11.1-nji çyzgy*



*11.2-nji çyzgy*






*11.3-nji çyzgy*

**SAÝLAW ULGAMLARYNYŇ GÖRNÜŞLERI**

MAŽORITAR SAÝLAW ULGAMY

PROPORSIONAL SAÝLAW ULGAMY

GATYŞYK SAÝLAW ULGAMY

**TÜRKMENISTANYŇ RAÝATLARYNYŇ SAÝLAW HUKUGY**

AKTIW SAÝLAW HUKUGY

PASSIW SAÝLAW HUKUGY

Raýatlaryň wekilçilikçi döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna öz wekillerini erkin saýlamaga bolan hukuklary

Raýatlaryň döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, şonuň ýaly-da saýlawly döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryşyň wezipelerine (arçyn) saýlanmaga bolan hukugy, ýagny saýlawlar geçirilende dalaşgär hökmünde Türkmenistanyň Merkezi saýlaw toparynda bellige alynmaga we beýleki dalaşgärler bilen bilelikde saýlawyň öňüsyrasyndaky wagyz-nesihat işlerini geçirmeklige bolan hukuklary

## Sowalnama:

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Saýlaw edaralary – bu**
● saýlawlaryň geçirilmegini taýýarlaýan we üpjün edýän edaralar;
● belli bir döwletiň Merkezi saýlaw topary;
● belli bir döwletiň Merkezi saýlaw topary, saýlaw okruglary we saýlaw şahamçalary;
● belli bir döwletiň ähli edaralary.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**2. Saýlaw ulgamy özünde jemleýär:**
● raýatlaryň döwletiň saýlawly edaralarynyň döredilmegine gatnaşmaklarynyň ýörelgelerini we şertlerini;
● saýlawlary guramagy we olary geçirmegiň tertibini;
● saýlanylan şahslary yzyna çagyrmagyň tertibini;
● saýlanylan şahslaryň wezipesine girişmeginiň tertibini.

*Dogry jogaby tapyň.*

**3. Saýlaw hukugy, obýektiw manyda**
● saýlaw edaralarynyň jemi we saýlaw kanunçylygy;
● saýlaw ulgamyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň jemi;
● raýatyň döwlet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga, ýagny aktiw we passiw saýlaw hukuklary;
● saýlaw kanunçylygy we raýatyň aktiw hem passiw saýlaw hukugy.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**4. Dünýäde saýlaw ulgamlarynyň şu esasy görnüşleri bar:**
● mažoritar saýlaw ulgamy;
● proporsional saýlaw ulgamy;
● konstitusional saýlaw ulgamy;
● gatyşyk saýlaw ulgamy.

**5. Saýlaw prosesine girýär:**
● saýlawlaryň geçirilmeginiň bellenilmegi;
● saýlawçylary kanunda bellenen tertipde bellige almak;
● ýerli we merkezi saýlaw edaralary tarapyndan sesleriň sanawyny geçirmek;
● saýlanylan şahsyň kasam kabul etmegi.

*Dogry jogaby tapyň.*

**6. Otnositel köpçüligiň mažoritar saýlaw ulgamynda:**

● dalaşgär saýlaw okrugy boýunça beýleki dalaşgärlere garanyňda saýlawçylaryň köp sesini toplasa, şol hem saýlanan diýlip hasap edilýär;

● dalaşgär saýlaw okrugy boýunça saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alan bolsa, şol hem saýlanan diýlip hasap edilýär;

● mandatlar wekilçilikli döwlet edaralaryna öz dalaşgärlerini görkezen partiýalaryň arasynda saýlawyň dowamynda olaryň toplan sesleriniň möçberine laýyklykda paýlanylýar;

● saýlawçy saýlaw býulleteninde 1, 2, 3 we ş.m. sanlary goýup, dalaşgärleriň tertip sanyny görkezmek bilen dalaşgärleriň haýsyny ilkinji nobatda, haýsyny soňky nobatlarda saýlamak isleýändigini beýan edýär.

**7. Türkmenistanyň saýlaw ulgamy saýlaw ulgamlarynyň haýsy görnüşine degişli?**

● otnositel köpçüligiň mažoritar saýlaw ulgamy;
● absolýut köpçüligiň mažoritar saýlaw ulgamy;
● proporsional saýlaw ulgamy;
● preferensial saýlaw ulgamy.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**8. Türkmenistanda saýlaw senzleri şulardyr:**

● raýatyň on sekiz ýaşynyň dolmagy;
● aklynyň düzüw bolmagy;
● döwlet edaralarynda ýa-da jemgyýetçilik guramalarynda işleýän bolmagy;
● jenaýat edendigi üçin kazyýetiň hökümi bilen iş kesilip, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde bolmazlygy.

**9. Türkmenistanyň döwlet dolandyryş ulgamynda saýlawly wezipeler şulardyr:**

● Türkmenistanyň Prezidenti;
● Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary;
● ýerli halk maslahatlarynyň we geňeşleriň agzalary;
● prokurorlar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**10. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, eger-de jenaýat etmekde gümanlanýan ýa-da aýyplanýan adam tutulyp saklanyp ýa-da tussag edilip, wagtlaýyn saklanyş gabawhanasynda, derňew tussaghanasynda saklanýan bolsa, onuň saýlamaga hukugy barmy?**

● ýok;
● hawa;
● hawa, eger-de ol aýratyn agyr jenaýat etmekde gümanlanýan ýa-da aýyplanýan bolmasa;
● hawa, eger-de ol aýratyn agyr ýa-da agyr jenaýat etmekde gümanlanýan ýa-da aýyplanýan bolmasa.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**11. Demokratik döwletlerde saýlawlaryň anyk häsiýetlerine şular girýär:**
● saýlawlaryň döwürleýinligi we hakykylygy;
● saýlawlaryň erkin we adyl bolmagy;
● saýlaw senzleriniň hökmany ýagdaýda bolmagy;
● saýlawlaryň ählumumy, gizlin, deň we göni saýlawlar ýörelgeleri esasynda geçirilmegi.

*Dogry jogaby tapyň.*

**12. Çäk ýörelgesi boýunça sala salşygyň şu görnüşleri bar:**
● ählihalk sala salşygy we ýerli sala salşyklar;
● hökmany häsiýetli sala salşyk we plebissit;
● umumydöwlet sala salşygy we dolandyryş çäk birlikleriniň sala salşygy;
● ählumumy we bölekleýin sala salşyk.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**13. Ählihalk sala salşygyny geçirmek başlangyjyna bolan hukuk aşakdakylara degişli:**
● Türkmenistanyň Prezidentine;
● Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki bölegine;
● saýlaw hukukly raýatlaryň azyndan iki ýüz elli müňüsine;
● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine.

**14. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, saýlawly wezipelere dalaşgärleri hödürlemek hukugy kimlere degişli?**
● syýasy partiýalara;
● döwletiň saýlaw edaralaryna;
● jemgyýetçilik birleşiklerine;
● raýatlaryň toparlaryna.

22. Sargyt № 1499.

# XII BAP.
# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI

## §1. Döwleti dolandyrmagyň prezident respublikasy görnüşi barada düşünje we onuň ähmiýeti

Häzirki wagtda dünýäniň köp döwletlerinde, döwlet dolandyryşy respublika görnüşinde amala aşyrylýar. Şu günki günde Türkmenistan, Hytaý, Hindistan, şonuň ýaly-da ABŞ we Russiýa, Fransiýa we Germaniýa, Italiýa we Gresiýa, Braziliýa we Argentina, Awstriýa we Şweýsariýa, Meksika we Indoneziýa, Müsür we Günorta-Afrika Respublikasy (GAR), Nigeriýa we Tunis, Türkiýe we Siriýa, Polşa we Wengriýa, Çehiýa we Slowakiýa, Bolgariýa we Rumyniýa, ýaly döwletler, şeýle hem GDA döwletleri respublika döwletleri bolup durýar. Dünýä döwletleriniň döwlet dolandyryşyň respublika görnüşini saýlap almaklarynyň özüne ýetesi sebäpleri bardyr.

Mälim bolşy ýaly, respublika – bu ýokary döwlet häkimiýetiniň belli bir möhlete saýlanan wekillerden düzülen we baştutanlygynda prezident durýan edaralara degişli bolan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir. Latynçadan terjime edilende respublika (res – iş we publicus – jemgyýetçilik, ähli halk) – jemgyýetçilik işi diýen manyny aňladýar. Bu adalgany döreden gadymy Rim danasy Mark Tulliý Siserondyr[1]. Ol özüniň ylmy işlerinde döwlete diňe bir jemgyýetiň umumy bähbitleriniň belli bir ugra gönükmegi we şol bähbitleriň aňlatmasy hökmünde garaman, eýsem-de bolsa döwlete anyk hukuk gurluşy, belli bir hukuk tertibi hem-de «res populi» – halkyň baýlygy hökmünde garapdyr. Respublikada döwlet häkimiýeti, ýokary döwlet dolandyryş edaralaryna halk tarapyndan belli bir möhlete saýlanýan wekiller tarapyndan amala aşyrýar. Döwletleriň bu görnüşi gadym zamanlarda döräp, häzirki güne çenli hem hereket edip gelýärler. Respublika mahsus bolan döwlet gurluşynyň ilkinji alamatlary b.e.ö. IV–III asyrlarda Mesopotamiýada dörän Eşnunna, Nippur, Ur, Uruk, Larsa, Lagaş, Kiş, Şuruppak, Umma ýaly şumerleriň şäher-döwletlerinde emele gelipdir. Respublika görnüşindäki döwlet dolandyryşynda demokratiýanyň nusgawy düşünjede ornaşdyrylmagy bolsa grek şäher-döwletlerinde amala aşyrylypdyr.

Respublikalar öz mazmunlary boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- Prezident respublikasy;
- Parlament respublikasy;

---

[1] Mark Tulliý Siseron b.e.öň 103-43 ýyllarda ýaşap geçen Gadymy Rim hukukçysy, filosofy we ýazyjy-şahyry;

● Gatyşyk ýa-da prezident-parlament respublikasy.

*Prezident*[1] *respublikasy* – bu döwlet häkimiýet bölünişiginde ýerine ýetiriji häkimiýetiň hem-de döwletiň baştutany hökmünde çykyş edýän prezidentiň döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy we kazyýet häkimiýetlerine garanyňda has giň ygtyýarlyklardan peýdalanmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir. M.Ö.Haýytowyň belleýşi ýaly, prezidentlik instituty – «üç häkimiýetlilik» – ýagny, kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetliligi, ýörelgesiniň yzygiderli dowamy bolmak bilen, ol ýerine ýetiriji häkimiýetiň netijeli düzgüni bolup durýar[2]. Döwlet we hukuk nazaryýetinden hem-de döwlet gurluşy babatda toplanan dünýä tejribesinden görnüşi ýaly, döwleti dolandyrmagyň prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylmagy, döwletde tutuş döwlet işini amala aşyrmakda döwlet häkimiýet ygtyýarlyklarynyň köpüsiniň ýerine ýetiriji häkimiýetiň we döwletiň baştutany bolan Prezidentiň ygtyýarlyklary hökmünde kanun esasynda berkidilýändigini, şonuň ýaly-da milli garaşsyzlygyň we ýurt bitewiliginiň, konstitusiýanyň we halkara borçnamalarynyň berjaý edilmeginiň kepili hökmünde prezidentiň çykyş edýändigini aňladýar.

*Parlament respublikasy* – bu döwlet häkimiýet bölünişiginde kanun çykaryjy häkimiýeti özünde jemleýän parlamentiň ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine garanyňda has giň ygtyýarlyklardan peýdalanmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir. Gatyşyk ýa-da prezident-parlament respublikasy – bu döwlet häkimiýet bölünişiginde kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň ygtyýarlyklarynyň deňagramlaşdyrylmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir.

Respublikanyň beýleki görnüşlerine garanyňda, prezident respublikasynyň esasy tapawutly aýratynlygy, onda döwlet häkimiýetiniň häkimiýetleriň bölünişigi ýörelgesine esaslanmak bilen, kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýänligi we olaryň biri-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýänligindedir. Aýdylanlar bilen bir hatarda, prezident respublikasynyň özbaşdak alamatlary hem bardyr. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– prezident respublikalarynda, prezidentem, parlamentem gönümel halk tarapyndan saýlanýar;

– adatça prezidentiň öz islegine görä (konstitusiýada kesgitlenen halatlardan başga halatlarda) ýurduň parlamentini ýatyrmaga, parlamentiň bolsa, öz karary bilen, ýagny ynam bildirmezlik ýoly bilen, prezidenti wezipesinden çetleşdirmäge (konstitusiýada kesgitlenen halatlardan başga halatlarda), şeýle hem hökümeti (Ministrler Kabinetini) otstawka[3] ibermäge hukugy ýokdyr;

---

[1] Lat. Praesidens – öňde oturýan. Döwlet baştutanyny ýa-da bir birleşmäniň ýolbaşçysy.

[2] М.О.Хаитов. Основы Конституции Туркменистана: Учебн. пособие – А.: Ылым, 1996. С. 37.

[3] Döwleti öwreniş ylmynda hökümetiň, onuň ýobaşçysynyň ýa-da agzalarynyň otstawkasy, ýagny olaryň wezipe ygtyýarlyklaryndan ynam bildirmezlik ýa-da käýinç esasynda, şeýle hem

– ýurdy dolandyrmakda esasy orun döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutany bolan prezidente degişlidir;

– prezident özbaşdaklykda, hökümeti düzýär we ony ýatyrýar, hökümetiň agzalaryny wezipä belleýär we wezipesinden boşadýar;

– prezident we onuň hökümeti parlamentiň öňünde özüniň alyp barýan syýasaty we işi üçin jogapkärçilik çekmeýärler (hökümet öz alyp barýan syýasaty we işi babatynda diňe prezidentiň öňünde jogapkärçilik çekýär);

– prezident, parlament tarapyndan kabul edilen kanunlara gol çekýär, ylalaşmadyk ýagdaýynda, gaýra goýmak gadaganlygyny (wetosyny) ulanmak hukugyndan peýdalanýar. Ýöne parlament deputatlaryň bellenen sanynyň ses bermegi esasynda, ozal kabul eden çözgüdini güýjünde goýmaga mümkinçiligi bardyr;

– köp halatlarda prezident tarapyndan ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetiniň ýokary wezipeli adamlary bellenende parlamentiň razylygy bolmalydyr;

– prezident tarapyndan baglaşylýan halkara şertnamalary, parlament tarapyndan ratifikasiýa[1] edilmäge degişlidir.

Görkezilen bu alamatlar häzirki wagtda prezident respublikasynyň ählumumy belli bolan alamatlardyr. Ýöne jemgyýetiň ösmegi, täze-täze syýasy we jemgyýetçilik düşünjeleriň peýda bolmagy, şeýle hem gatnaşyklaryň görnüşiniň üýtgemegi netijesinde, döwlet dolandyryşyň görnüşleri-de (şonuň ýaly-da prezident respublikalary-da) ol ýa-da beýleki gatnaşyklarda biri-birlerinden düýpli tapawutlanyp bilerler.

Döwleti dolandyrmaklygyň bir görnüşi hökmünde prezident respublikasynyň ähmiýeti barada aýdylanda bolsa, onda onuň şu aşakdaky ýaly, birnäçe artykmaçlyklara eýe bolup durýandygyny bellemelidir. Ýagny:

1. ol hakimiýet bölünişigi ýörelgesiniň iş ýüzünde ulanylmagyna aýratyn amatly şertleri döredýär;

2. ähli halk tarapyndan saýlanan prezident, ýurt we halk bitewiliginiň, nyşany we nusgasy hökmünde çykyş edýär;

3. döwlet dolandyryşyň bu görnüşi ýokary dolandyryş häkimiýetleri bir ýere jemlemeklige mümkinçilik berýär.

Umuman, döwleti dolandyrmagyň prezident respublikasy görnüşi barada geçirilen seljermämizden görnüşi ýaly, döwlet dolandyryşyň bu görnüşi häzirki wagtda dünýäniň aglaba köp döwletlerinde uly ähmiýete eýe bolmak bilen, onuň beýleki häkimiýet şahalarynyň hem doly derejede hereket etmeginiň, halk bitewiliginiň, döwletiň mizemezliginiň kepili hökmünde çykyş edýändigini görmek bolýar.

---

hökümetiň özara içki agzalalygy, saglyk ýagdaýy, kanunda bellenilen ýaşa ýetmegi we ş.m. esasynda çetleşdirilmegi bolup durýar;

[1] Lat. Ratus – tassyklanan, facio – amala aşyrýaryn. Döwletiň ygtyýarly wekili tarapyndan döwletiň adyndan gol çekilen halkara şertnamany döwletiň kanunçykaryjy edarasynyň resmi taýdan ykrar etmegi.

## §2. Türkmenistanyň Prezidentini saýlamagyň tertibi, onuň ygtyýarlyk möhleti hem hukuk ýagdaýy

Türkmenistanyň konstitusiýasynda laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti – bu döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanydyr, Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamydyr, ol Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygynyň we bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň, ýurt bitewiliginiň, Türkmenistanyň konstitusiýasyny berjaý etmegiň we halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmegiň kepili hökmünde çykyş etmek bilen[1], döwlet häkimiýetiniň ähli şahalarynyň ylalaşykly işlemegini we häkimiýet edaralarynyň halkyň öňündäki jogapkärçiligini üpjün edýär[2].

Türkmenistanyň Prezidentini saýlamaklygyň tertibi we onuň ygtyýarlyk möhleti Türkmenistanyň konstitusiýasynyň degişli maddalarynda[3] we «Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda we Türkmenistanda saýlaw gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda[4] berkidilen hukuk kadalaryna laýyklykda amala aşyrylýar. Mälim bolşy ýaly, saýlawlar demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň merkezi inistituty bolmak bilen, ol döwlet edaralaryny, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryny, jemgyýetçilik birleşiklerini we ş.m. raýat gatnaşyklaryny dolandyrýan dürli edaralary emele getirmekligiň bir usuly bolup durýar. Şonuň üçinem islendik hukuk döwletinde saýlawlar geçirilýär. Prezident saýlawlary – bu hem öz gezeginde demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň merkezi inistituty bolmak bilen, döwlete we onuň ýerine ýetiriji edaralaryna (ýerine ýetiriji häkimiýetine) ýolbaşçylyk etjek adamyň ähli halk tarapyndan saýlanylmagydyr.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 51-nji maddasynda laýyklykda, Türkmenistanda doglan, ýaşy kyrkdan pes bolmadyk we ýetmişden uly bolmadyk, döwlet dilini bilýän, soňky on bäş ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan hem-de döwlet edaralarynda, jemgyýetçilik birleşiklerinde, kärhanalarynda, edaralarynda, guramalarynda işläp gelýän Türkmenistanyň islendik raýaty Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanyp bilinýär.

Konstitusiýanyň salgylanylýan maddasyndan görnüşi ýaly, Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanmak isleýän adam, ilkinji nobatda Türkmenistanda doglan bolmaly. Mälim bolşy ýaly, adamyň doglan ýeri diýlende, degişli raýatlyk nama ýazgylary bölüminiň kitabynda ýazylan nama ýazgysynda we şol nama ýazgysynyň esasynda berlen dogluş hakyndaky şahadatnamasynda adamyň dünýä inen ýeri diýlip

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 50-nji madda. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] «Türkmenistanyň Prezidenti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasy.

[3] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 51–52, 89–98-nji maddalar. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[4] «Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny.

görkezilen ýere düşünilýär. Bu maddada görkezilýän ýaş möçberiniň (ýaş senzi) bellenilmeginiň hem özboluşly sebäbi bardyr. Adamyň kyrk ýaşynyň dolmagy bilen onuň akyl-paýhas kämilligi, durmuş tejribesi özüniň işjeňliginiň we döredijiliginiň iň belent sepgitlerine ýetýär. Onsoňam türkmen halkynyň gadymy däp-dessurlaryna laýyklykda diňe ýaşy kyrka ýeten parasatly adamlar uly iliň kethudasy bolmaklyga mynasyp saýylypdyr. Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanmak isleýän raýatyň on bäş ýylyň dowamynda yzygiderli Türkmenistanda ýaşan bolmalydygy hakyndaky talap bolsa, döwletiň iň ýokary wezipesine dalaşgäriň ýurduň içerki we daşarky ýagdaýlaryndan doly habardar bolmagyny, onuň öz maksatnamalaryny ýurtdaky hakyky ýagdaýlardan ugur alyp düzmegini üpjün etmek maksady bilen Esasy Kanunda berkidilýär.

Esasy Kanunyň 93-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipesine dalaşgärleri hödürlemek hukugy syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine we raýatlaryň toparlaryna degişlidir. Bu hukuk Türkmenistanyň kanuncylygyna laýyklykda amala aşyrylýar. 2011-njy ýylyň 21-nji maýynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 27-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri hödürlemek saýlawlara altmyş gün galanda başlanyp, otuz gün galanda tamamlanýar. Salgylanylýan Kanunyň 30-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri Merkezi saýlaw topary bellige alýar. Bellige almak saýlawlara kyrk bäş gün galanda başlanýar we ýigrimi bäş gün galanda tamamlanýar. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri bellige almak hakyndaky karar dalaşgär hödürlemek barada syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň merkezi edarasynyň mejlisiniň ýa-da birnäçe degişli edaralaryň bilelikdäki mejlisiniň karary bilen ýa-da saýlawçylaryň azyndan on müňüsiniň gollary bilen goldanylyp dalaşgärlige hödürlenilenleriň sese goýulmaga razydygy baradaky arzalary bar bolan mahalynda kabul edilýär. Merkezi saýlaw topary Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleriň bellige alnandygy hakynda teswirnama düzýär, bu teswirnama dalaşgärleriň razylyk arzalary bilen bilelikde Merkezi saýlaw toparynda saklanylýar. Merkezi saýlaw topary Kanunyň talaplaryny berjaý etmek bilen, Türkmenistanyň Prezidentligine hödürlenilenleriň hemmesini bellige almaga borçludyr. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärlige bellige alnanlara degişli şahsyýetnama berilýär. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär haýsydyr bir saýlaw toparynyň düzümine girýän ýa-da synçy bolsa, onda ol bellige alnan pursadyndan toparyň düzüminden çykarylan ýa-da synçy ygtyýarlyklary bes edilen diýlip hasap edilýär. Merkezi saýlaw topary Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleriň bellige alnandygy hakyndaky habary olar bellige alnandan soň bäş günden gijä goýman ilatyň dykgatyna ýetirýär, habarda dalaşgärleriň her biriniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly we ýeri, işleýän ýeri, eýeleýän wezipesi (käri) we ýaşaýan ýeri görkezilýär.

Saýlawlaryň öň ýanynda ýörite saýlaw býulleteni çap edilýär. Saýlaw býulletenleri döwlet dilinde çap edilýär, şeýle hem olar degişli etrap, şäher saýlaw toparynyň haýyşnamasy esasynda saýlaw uçastogynyň saýlawçylarynyň köplüginiň ulanýan dilinde hem çap edilip bilner. Saýlaw býulletenleri saýlawlara azyndan bäş gün galanda saýlaw uçastoklaryna getirilýär. Saýlaw býulletenleriniň jemi sany saýlawçylaryň sanawlaryna girizilen saýlawçylaryň umumy sanynyň bir ýarym göteriminden köp bolmaly däldir. Saýlaw býulletenleri berk hasabatlylyga degişli resminamalardyr. Saýlaw býulletenlerini taýýarlamagyň, eltmegiň we olar boýunça hasabatlylygyň tertibi Merkezi saýlaw topary tarapyndan bellenilýär. Saýlaw býulletenine Türkmenistanyň Prezidentligine bellige alnan dalaşgärleriň hemmesi girizilip, onda her bir dalaşgäriň familiýasy (elipbiý tertibinde), ady, atasynyň ady, işleýän ýeri, eýeleýän wezipesi (käri) we ýaşaýan ýeri görkezilýär. Saýlawlar güni öz ýaşaýan ýerinde bolup bilmejek saýlawçylaryň öňünden ses bermegi üçin saýlaw býulleteni uçastok saýlaw toparynyň ýazyp bermegi boýunça saýlawlara azyndan on gün galanda degişli saýlaw topary tarapyndan saýlaw uçastogyna eltilýär we oňa uçastok saýlaw toparynyň başlygy we kätibi gol çekýär hem-de saýlaw uçastogynyň möhri bilen möhürlenilýär. Uçastok saýlaw topary saýlaw býulletenleriniň saklanylyşyna we dogry ulanylyşyna jogapkärçilik çekýär[1].

Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleriň bellige alnan pursadyndan beýläk saýlawlaryň öň ýanynda geçirilýän mejlislerde, ýygnaklarda we köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde dalaşgärleriň çykyş etmäge hukuklary bardyr. Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, edaralaryň, guramalaryň we kärhanalaryň wezipeli adamlary saýlawçylar bilen duşuşyklary guramakda, zerur maglumatlary almakda dalaşgärlere ýardam etmäge borçly edilýärler. Merkezi saýlaw toparynyň karary esasynda Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsüme gatnaşmak üçin, onuň ortaça iş hakyny saklamak bilen önümçilik ýa-da gulluk wezipelerini ýerine ýetirmekden boşadylyp bilner. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgäriň saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsümi alyp barmak üçin öz gulluk ýagdaýyny peýdalanmagyna ýol berilmeýär[2].

Merkezi saýlaw topary Türkmenistanyň saýlanylan Prezidentini bellige alýar. Merkezi saýlaw topary saýlawlaryň jemi baradaky habary we Türkmenistanyň saýlanylan Prezidenti baradaky maglumatlary saýlawlardan soň ýedi günden gijä goýman köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde resmi taýdan çap edýär. Habarda saýlawçylaryň sanawlaryna girizilen saýlawçylaryň umumy sany; ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany; dalaşgärleriň her birine berlen sesleriň sany; hakyky däl saýlaw býulletenleriniň sany; Türkmenistanyň saýlanylan Prezidentiniň

---

[1] Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 44-nji maddasy.

[2] Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 33-nji maddasy.

familiýasy, ady, atasynyň ady, işleýän ýeri, wezipesi (käri) we ýaşaýan ýeri görkezilýär[1].

Esasy Kanunyň 52-nji maddasynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryna we onuň ygtýyarlylyk möhletine degişli, şeýle-de Türkmenistanyň Prezidentini saýlamaklygyň demokratik ýörelgelerini özünde jemleýän hukuk kadasy berkidilýär[2]. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň bu maddasynda berkidilen kada laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň halky tarapyndan gös-göni saýlanýar we onuň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyldyr. Şol möhletiň tamamlanmagy bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyk möhleti tamamlanýar we täze Prezident saýlawlary geçirilýär. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 63-nji maddasynyň 6-njy bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryny bellemeklik Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlyklaryna degişlidir. Mälim bolşy ýaly, dünýäniň ençeme döwletlerinde Prezidentiň ygtyýarlyk möhletleri 4, 5 ýa-da 7 ýyldyr. Prezidentiň ygtyýarlyk möhletlerini kesgitlemek dessury döwlet baştutanynyň wezipesiniň saýlawly bolmagy hakyndaky demokratiýa ýörelgesini durmuşa geçirmek bilen bir hatarda, döwlet baştutanlygyna saýlanan şahsyň öz halkynyň hem-de ýolbaşçylyk edýän döwletiniň bähbidine gönükdirilen maksatnamalarynyň ahyrky oňyn netijelerini gazanmagy üçin mümkinçilik bermek bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi döwlet möçberinde durmuşa geçirilýän maksatnamalaryň amala aşyrylmagy belli bir wagty talap edýär. Çünki islendik döwletde-de halk bähbitli ägirt uly maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen ahyrky oňyn netijeleriň gazanylmagynyň döwletiň we jemgyýetiň ösüşinde örän wajyp ähmiýeti bardyr. Döwlet baştutanynyň ygtyýarlygynda onuň göz öňünde tutýan maksatnamalaryny amala aşyrmaklyk üçin belli bir möhletiň bolmagy bolsa şol maksatnamalaryň has düýpli, has netijeli we hemmetaraplaýyn bähbitli durmuşa geçirilmegini, şonuň netijesinde-de döwletiň yzygiderli ösmegini hem jemgyýetiň kadaly kämilleşmegini üpjün edýär.

Esasy Kanunyň 52-nji maddasynyň mazmunyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipesine saýlanan şahsyň Prezidentlik wesipesine girişmegi kanunçylykda bellenilen tertipde amala aşyrylýar we ol dabaraly ýagdaýda kasam kabul edenden soň dessine öz wezipesine girişýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipä girişmek dabarasy (inaugurasiýa) «Türkmenistanyň Prezidenti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasyna we 2011-nji ýylyň 21-nji maýynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlarynyň gizlin ses bermegi arkaly ählumumy, deň we göni saýlaw hukugy esasynda hem-de saýlaw döwri Türkmenis-

[1] Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda Kanunyň. 52-53-nji maddalary.

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 52-nji madda. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

tanyň Prezidenti wezipesine dalaşgärleri erkin we deňhukukly görkezmek, aýanlyk we açyklyk, wagyz erkinligi başlangyçlarynda, saýlaw möwsümi geçirilende ähli dalaşgärler üçin deň mümkinçiliklerde amala aşyrylýar. Gizlin ses bermek – bu saýlawlarda gizlin ses berilmegini, saýlawçylaryň öz erkini beýan etmegine gözegçilik edilmegine ýol berilmezligidir. Ählumumy saýlaw hukugy – bu saýlawlar gününe çenli 18 ýaşa ýeten Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, jynsyna, diline, bilimine, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, saýlamaga bolan hukugydyr. Olaryň saýlaw hukugynyň nähilidir bir göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirilmegi gadagan edilýär. Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen akyly kem raýatlar, kazyýetiň hökümi boýunça azatlykdan mahrum edilip saklanylýan adamlar gatnaşmaýarlar. Deň saýlaw hukugy – bolanda saýlawçylaryň hemmesiniň saýlawlara deň esaslarda gatnaşmagyny, her saýlawçynyň bolsa bir sesiniň bardyygyny aňladýar. Göni saýlaw hukugy – bu raýatlaryň Türkmenistanyň Prezidentini gös-göni özleriniň saýlamaklarydyr.

Umuman, öz gözbaşyny halkymyzyň asylly däp-dessurlaryndan alyp gaýdýan we demokratiýanyň esasgoýujy ýörelgelerini özünde jemleýän saýlawlar, döwletde demokratiýanyň ýüze çykmagynyň hem-de raýatlaryň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gatnaşmak hukuklaryny durmuşa geçirmegiň ýokary kepillikleriniň ykrar edýändiginiň aýdyň subutnamasy hökmünde çykyş edýär.

## §3. Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary

Bellenip geçilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti – bu Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygynyň we bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň, ýurt bitewiliginiň, konstitusiýanyň we halkara borçnamalaryň berjaý edilmeginiň kepili hökmünde çykyş edýän, döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanydyr, Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamydyr. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň konstitusiýasy we kanunlary tarapyndan üstüne ýüklenen wezipe borçlaryny berjaý etmek üçin, konstitusiýa esasynda oňa birnäçe ygtyýarlyklar berilýär. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti şu aşakdaky ygtyýarlyklara eýedir, ýagny:

1) konstitusiýany we kanunlary durmuşa geçirýär;

2) daşary syýasatyň amala aşyrylmagyna ýolbaşçylyk edýär, beýleki döwletler bilen gatnaşyklarda Türkmenistana wekilçilik edýär, Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki, döwletara we halkara guramalarynyň ýanyndaky ilçilerini we beýleki diplomatik wekillerini belleýär hem yzyna çagyrýar, daşary ýurt

döwletleriniň diplomatik wekilleriniň ynanç hem yzyna çagyrylyş hatlaryny kabul edýär;

3) Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysydyr, ol Ýaragly Güýçleriň ählumumy ýa-da bölekleýin mobilizasiýasyny geçirmek, Ýaragly Güýçleri ulanmak we söweşjeň ýagdaýa getirmek hakynda buýruk berýär, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň ýokary serkerdelerini belleýär;

4) hukuk ýagdaýy kanun esasynda kesgitlenýän Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşini döredýär we oňa ýolbaşçylyk edýär;

5) ýurdy syýasy, ykdysady, sosial taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny we esasy ugurlaryny tassyklaýar;

6) Türkmenistanyň Döwlet býujetini hem onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty Mejlisiň garamagyna we tassyklamagyna berýär;

7) kanunlara gol çekýär, ylalaşmadyk ýagdaýynda, gaýra goýmak gadaganlygyny (wetosyny) ulanyp, närazy ýerlerini görkezmek bilen kanuny iki hepdeden gijä goýman, Mejlise täzeden ara alyp maslahatlaşmak we sese goýmak üçin gaýtarmaga haklydyr. Eger Mejlis deputatlaryň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň ses bermegi bilen ozal kabul eden çözgüdini tassyklaýan bolsa, onda Türkmenistanyň Prezidenti şol kanuna gol çekýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň konstitusiýa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky kanunlar babatda gaýra goýmak gadaganlygyny (wetosyny) ulanmaga hukugy ýokdur;

8) Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topary döredýär, onuň düzümine üýtgetmeler girizýär;

9) sala salşyklary geçirmegiň senesini belleýär, Mejlisiň maslahatyny möhletinden öň çagyrmaga haklydyr;

10) Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmek, raýatlykdan çykarmak we gaçybatalga bermek hakyndaky meseleleri çözýär;

11) Türkmenistanyň ordenleri we beýleki döwlet sylaglary bilen sylaglaýar, harby atlary, beýleki ýörite döwlet atlaryny we tapawutlandyryş atlaryny dakýar;

12) Mejlis bilen ylalaşyp, Ýokary kazyýetiň başlygyny, Baş prokurory, Içeri işler ministrini, Adalat ministrini wezipä belleýär we wezipeden boşadýar;

13) rehim etme hem-de günä geçme çärelerini amala aşyrýar;

14) raýatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin Türkmenistanyň bütin çäginde ýa-da aýry-aýry ýerlerinde adatdan daşary ýagdaý düzgünini girizýär. Adatdan daşary ýagdaý düzgüni Türkmenistanyň Kanuny bilen kadalaşdyrylýar;

15) konstitusiýada we kanunlarda özüniň ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýär.

**1.** Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň konstitusiýasyny we kanunlaryny durmuşa geçirýändigi hakynda wezipesi, Türkmenistanyň Prezidentiniň çykarýan permanlary, kararlary we buýruklary bilen amala aşyrylýar. Öz çykarýan hukuk resminamalarynda Türkmenistanyň Prezidenti Döwlet baştutany

we Hökümetiň, ýagny ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutany, Ýaragly Güýçleriň Belent Serkerdebaşysy hökmünde Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we hereket edýän kanunçylygynyň talaplaryny durmuşa geçirmek babatda anyk buýruklary hem görkezmeleri berýär. Şol buýruklaryň we görkezmeleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bolsa, Esasy Kanunyň 110-njy maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Baş prokurorynyň hem-de oňa tabyn prokurorlaryň üstüne ýüklenilýär.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň bütin çäginde hemmeler üçin hökmany bolan namalary, ýagny permanlary, kararlary, buýruklary çykarmak bilen öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrýar. 2011-nji ýylyň 21-nji maýynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Prezidenti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary – munuň özi Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we kanunlarynyň esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin umumydöwlet ähmiýetli möhüm meseleler boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çykarylýan namalardyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň buýruklary – munuň özi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gündelik meseleleriň çözülmegi üçin çykarylýan namalardyr.

**2.** Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasatyň durmuşa geçirilmegine ýolbaşçylyk etmegi diýlende, döwlet baştutany hökmünde Türkmenistanyň Prezidentiniň döwletiň beýleki döwletler, halkara guramalary bilen alyp barýan gatnaşyklarynyň jemini, döwletiň halkara gatnaşyklarynda ýöredýän umumy ugruny kesgitlemegine, daşary syýasy, ykdysady, medeni we gaýry gatnaşyklaryň döwlet üçin bähbitli esaslarda amala aşyrylmagyny üpjün etmegine we bu ugurdan alnyp barylýan ähli çärelere ýolbaşçylyk etmegine düşünilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň beýleki döwletler bilen gatnaşyklarda Türkmenistana wekilçilik etmegi diýlende, Türkmenistanyň Prezidentiniň beýleki döwletler bilen dürli gatnaşyklarda gönüden-göni döwletiň adyndan çykyş etmegine, döwletiň adyndan şertnamalar baglaşmagyna, dürli Halkara ylalaşyklaryna Türkmenistanyň goşulýandygy barada habar ýa-da beýan bilen çykyş etmegine we öz ygtyýarlyklarynyň çäginde daşary syýasat bilen bagly başga hereketleri amala aşyrmagyna düşünilýär. Şonuň ýaly-da düşündirilýän maddanyň bu bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki, döwletara we halkara guramalarynyň ýanyndaky ilçilerini we beýleki diplomatik wekillerini belleýär hem yzyna çagyrýar. 2011-nji ýylyň 4-nji awgustynda kabul edilen, «Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 2-nji maddasyna laýyklykda, «Diplomatik wekilhanalar Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň esasynda döredilýär. Bu barada deslapky ylalaşyk daşary ýurt döwletleri bilen Türkmenistanyň ikitaraplaýyn resminamalarynyň (şertnamalaryň, ylalaşyklaryň, teswirnamalaryň, ähtnamalaryň, beýannamalaryň, şeýle hem diplomatik notalary alyşmagyň we başgalaryň) esasynda bellenilýär». Şonuň ýaly-

-da diplomatik wekilhanalaryň baştutanlary (adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçiler, wekiller, işleri ynanylanlar we halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekiller) olaryň bellenilýän daşary ýurt döwletiniň razylygy (agreman) bellenilen tertipde alnandan soň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär. Diplomatik wekilhanalaryň baştutanlaryny wezipä bellemek Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň teklibi boýunça amala aşyrylýar. Öz bellenilen döwletine gidýän Türkmenistanyň ilçilerine we wekillerine Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gol çekilen we Türkmenistanyň Daşary işler ministri tarapyndan kontrassiglenen ynanç haty berilýär. Halkara guramalarynyň ýanyndaky Türkmenistanyň hemişelik wekillerine Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara guramasynyň baştutanynyň adyna ýazylan haty berilýär. Türkmenistanyň işleri ynanylanlara Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň kabul edýän döwletiň Daşary işler ministriniň adyna ýazylan degişli haty berilýär. Türkmenistanyň diplomatik wekilhanasynyň baştutany kabul edýän döwlete baranynda bu döwletde (halkara guramasynda) bellenen amallara laýyklykda ynanç hatyny (haty) gowşurýar[1]. Şonuň ýaly-da, «Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 14-nji maddasyna laýyklykda, konsul Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň teklibi boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen wezipä bellenilýär we wezipesinden boşadylýar.

Ondan başga-da, «Daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 5-6-njy maddalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilleriniň ynanç hem yzyna çagyrylyş hatlaryny kabul edýär ýa-da şol hatlary kabul etmekligi Türkmenistanyň Mejlisiniň başlygyna tabşyrýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň döwletiň daşary syýasatyny amala aşyrmagynyň kadalaşdyrylmagy döwlet protokolynyň esasynda üpjün edilýär. 2002-nji ýylyň 14-nji dekabrynda kabul edilen, «Döwlet protokoly hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Döwlet protokolyna Türkmenistanyň Prezidentiniň beýleki döwletler, olaryň hökümetleri we halkara guramalary bilen resmi özara gatnaşyklarynda berjaý edilýän däpleri nazara almak bilen umumy kabul edilen düzgünleriň we kadalaryň jemi hökmünde garalýar. Türkmenistanyň Döwlet protokoly Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet baştutanlarynyň, hökumet baştutanlarynyň, daşary işler ministrleriniň, parlament wekiller toparlarynyň, ýörite wekilleriň, adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçileriň üsti bilen beýleki döwletler bilen, halkara guramalary, olaryň wekilleri bilen olaryň ýolbaşçylarynyň üsti bilen özara gatnaşyklarynyň esasgoýujy ýörelgelerini iş ýüzünde durmuşa geçirmeginiň guralydyr. Kanuna laýyklykda, döwlet protokolynyň esasy maksady – ýokary we beýleki derejelerde Türkmenistanyň halkara gatnaşyklaryny

[1] «Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasy.

üpjün etmekdir. Döwlet protokolynyň esasy wezipeleri bolsa, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň hökümet we parlament wekiller toparlarynyň daşary ýurtlara saparlaryny, şeýle hem daşary ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň, parlament wekiller toparlarynyň, daşary işler ministrleriniň Türkmenistana saparlaryny protokol we guramaçylyk taýdan üpjün etmekden, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna, ylalaşyklaryna we ähtnamalaryna, bilelikdäki beýannamalaryna, resmi maglumatyna, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň şahsy ýörite hatlaryna gol çekilmegini guramakdan, Türkmenistanyň Prezidentiniň gepleşiklerini taýýarlamakdan we guramakdan, şonuň ýaly-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň karary boýunça Türkmenistanyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde ýokary derejedäki duşuşyklary taýýarlamakdan, ondan başga-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet, hökümet we parlament wekiller toparlary, halkara guramalarynyň wekiller toparlary, şeýle hem iri daşary ýurt kompaniýalarynyň we işewür toparlarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklaryny guramakdan we taýýarlamakdan, Türkmenistanyň Prezidentiniň resmi hat alyşmagyny we telefon gepleşiklerini guramakdan, daşary ýurt diplomatik wekilhanalarynyň baştutanlarynyň we halkara guramalarynyň wekilhanalarynyň baştutanlarynyň bellenilmegini guramakdan, şeýle hem, daşary ýurt döwletleriniň adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçileriniň Türkmenistanyň Prezidentine ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygyna ynanç hatlaryny gowşurmagyny guramakdan, ýokary derejedäki saparlaryň protokol üpjünçiligi boýunça Türkmenistanyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikdäki işi utgaşdyrmakdan we guramakdan, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan gaýry wezipeleri amala aşyrmakdan ybaratdyr[1].

**3.** Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddanyň 3-nji bendinde, Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysydygy, onuň Ýaragly Güýçleriň ählumumy ýa-da bölekleýin mobilizasiýasyny geçirmek, Ýaragly Güýçleri ulanmak we söweşjeň ýagdaýa getirmek hakynda buýruk berýändigi we Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň ýokary serkerdelerini belleýändigi hakynda hukuk kadasy berkidilýär. Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy – bu döwletiň Ýaragly Güýçleriň iň ýokary ýolbaşçysydyr. «Goranmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Ýaragly Güýçeleriniň Belent Serkerdebaşysy hökmünde Ýaragly Güýçlere umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň Ýaragly Güýçeleriň Belent Serkerde-başysy hökmündäki ygtyýarlyklary Türkmenistanyň kanunlarynda we beýleki kadalaşdyryjy namalarynda berkidilýär. Mobilizasiýa[2] – bu, Türkmenistanyň

[1] «Döwlet protokoly hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasy.

[2] Lat. Mobilis – işjeň, çakgan, çalasyn.

döwlet edaralaryny, kärhanalaryny, edaralaryny, guramalaryny, Ýaragly Güýçlerini we beýleki goşunlaryny, çägini we ykdysadyýetini (ählumumy mobilizasiýa) ýa-da olaryň haýsydyr bir bölegini (bölekleýin mobilizasiýa) harby ýagdaýyň[1] düzgünine geçirmek bilen baglanyşykly umumydöwlet çäreleriniň toplumydyr[2]. Mobilizasion taýýarlygy – bu, mobilizasiýa döwründe we harby wagtda döwleti ýaragly çozuşdan goramak hem-de döwletiň ykdysadyýetiniň üznüksiz işini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň döwlet häkimiýet we dolandyryş hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, kärhanalarynyň, edaralarynyň, guramalarynyň, Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň, ilatynyň hem-de çäginiň öz wagtynda taýýarlygyny özünde jemleýän, parahatçylykly wagtda geçirilýän umumydöwlet çäreleriniň toplumydyr.

«Goranmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti goranmak bähbidi üçin, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini guramak hem-de ulanmak meýilnamalaryny, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň mobilizasion meýilnmamalaryny, ykdysadyýet baradaky mobilizasion meýilnamalary, şeýle hem mobilizasion ätiýaçlyklary taýýarlamak we toplamak hem-de ýurduň çägini operatiw enjamlaşdyrmak meýilnamalaryny tassyklaýar; ýaraglanmagy we harby tehnikany ösdürmegiň döwlet maksatnamalaryny hem meýilnamalaryny tassyklaýar; ýaragy, harby tehnikany, goranmak desgalaryny hem-de gaýry harby emlägi bermegiň we satmagyň tertibini belleýär, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň düzümini, gurluşyny hem-de sanyny tassyklaýar; Türkmenistanyň üstüne duýdansyz ýaragly çozuş edilen wagtynda uruş ýagdaýyny yglan edýär hem-de Türkmenistanyň bütin territoriýasynda ýa-da aýry-aýry ýerlerinde harby ýagdaý yglan edýär, Türkmenistanyň parahatçylygy we howpsuzlygy gorap saklamak baradaky halkara borçnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini onuň çäklerinden daşarda ulanmak hakynda, Ýaragly Güýçleri döwletiň bähbitleri üçin beýleki wezipeleri çözmek üçin ulanmak hakynda karar kabul edýär, Türkmenistanyň

---

[1] Harby ýagdaý – bu, Türkmenistanyň «Goranmak hakynda» kanunynyň 18-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň bütin çäginde ýa-da onuň aýry-aýry ýerlerinde uruş ýagdaýynyň yglan edilmegi bilen girizilýän, şeýle hem başga bir döwletiň ýa-da bir topar döwletiň Türkmenistana ýaragly çozuş etmek howpy ikuçsuz bolan mahalynda girizilýän düzgüni (režimi) Türkmenistanyň kanunlary bilen kesgitlenýän hukuk tertibiniň bir görnüşidir. **Uruş ýagdaýy** – salgylanylýan Kanunyň 17-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistana başga bir döwlet ýa-da bir topar döwlet ýaragly çozuş eden wagtynda yglan edilýär. Başga bir döwletiň goşunlary ýa-da ýaragly toparlary Türkmenistanyň çägine duýdansyz çozan ýa-da güýç bilen giren mahalynda harby dolandyryş edaralary uruş yglan edilmegine garaşyp durman, şol çozuşa gaýtawul bermek üçin ähli çäreleri görmäge borçludyrlar. Uruş ýagdaýynyň yglan edilen pursatyndan ýa-da uruş hereketleriniň hakyky başlanan pursatyndan **uruş döwri** başlanýar. Uruş döwri uruş hereketleriniň ýatyrylandygy yglan edilen dessine ýa-da urşuň hakykatdan ýatan dessine tamamlanýar.

[2] 10.12.1998-nji ýylda kabul edilen, «Türkmenistanda mobilizasion taýýarlygy we mobilizasiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasy.

Mejlisiniň uruş we parahatçylyk meselelerini çözmek hakyndaky degişli Kararyna laýyklykda, uruş hereketlerini alyp barmak üçin Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerine buýruk berýär; uruş döwrüniň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny güýje girizýär hem-de olaryň güýjüni ýatyrýar, uruş döwrüniň döwlet dolandyryş edaralaryny düzýär hem ýatyrýar; Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşine baştutanlyk edýär, onuň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär. Türkmenistany sosial--ykdysady taýdan ösdürmegiň bähbidi üçin, halk hojalygynda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini we beýleki goşunlary peýdalanmak hakynda karar kabul edýär; Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň goşun düzümleriniň azyk bilen üpjün edililişini gowulandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, kanun boýunça özlerinde harby gulluk göz öňünde tutulan ministrlikleriň we pudak edaralaryň ulgamynda kömekçi hojalyklaryny döretmek hakynda karar kabul edýär. Şonuň ýaly-da Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň ýokary serkerdelerini belleýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň harby borçlulyk babatdaky ygtyýarlyklary bolsa «Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda berkidilýär.

**4.** Esasy Kanunyň 53-nji maddasynyň 4-nji bendinde berkidilişine görä, Türkmenistanyň Prezidenti hukuk ýagdaýy kanun esasynda kesgitlenýän Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşini döredýär we oňa ýolbaşçylyk edýär. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşi – bu döwletiň howpsuzlygyny we goranmagyny, adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny, edara görnüşli taraplaryň kanuny bähbitleriniň goraglylygyny üpjün etmek, kanunçylygy berkitmegiň we hukuk tertibini goramagyň ýörelgelerini kämilleşdirmek, halkara gatnaşyklarynda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk syýasatynyň sebitde parahatçylygy berkitmekdäki täsirini güýçlendirmek maksady bilen, şu ugurlar boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň garamagyna habarnamalary, teklipleri hem-de degişli meseleler boýunça çözgütleriň taslamalaryny berýär, şeýle-de Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlygyna degişli, Kanunda görkezilen beýleki meselelere garaýar[1]. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň wezipeleri, onuň ygtyýarlyklary we düzümi «Türkmenistanyň Döwlet howpsyzlygy geňeşi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň degişli maddalarynda berkidilýär.

**5.** Seredilýän maddanyň 5-nji bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti ýurdy syýasy, ykdysady, sosial taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny we maksatnamalaryny tassyklaýar. Ol maksatnamalar dürli döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan işlenip düzülýär. Ol maksatnamalaryň mysaly hökmünde «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamasyny»,

---

[1] «Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasy. 23.10.2008-nji ý.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasyny» we ş.m. maksatnamalary görkezmek bolar.

**6.** Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 6-njy bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň döwlet býujetini hem onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty Mejlisiň garamagyna we tassyklamagyna berýär. Mälim bolşy ýaly, býujet ýyly – bu döwlet býujetini düzmegiň we ýerine ýetirmegiň kanun esasynda kesgitlenen bir ýyllyk möhletidir[1]. Döwlet býujetiniň her ýylky ýerine ýetirilişi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan amala aşyrylýar we şonuň bilen bagly işleriň ählisine gözegçilik edilýär. Türkmenistanyň Prezidenti bolsa ýerine ýetiriji häkimiýetiň hem-de Hökümetiň, ýagny Ministrler Kabinetiniň baştutany hökmünde döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty Türkmenistanyň Mejlisiniň garamagyna we tassyklamagyna hödürleýär. Hasabat – bu belli bir wagt möhletiniň dowamynda belli bir ugurda amala aşyrylan işler we olaryň netijesi barada bellenilen görnüşde düzülen ýazmaça maglumatdyr. Býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabat bolsa, býujet ýylynyň dowamynda girdejiler we çykdajylar boýunça býujetiň ýerine ýetirilişi barada hasabatdyr. Bu hasabaty ýerine ýetiriji häkimiýet kanun çykaryjy häkimiýete tabşyrmak üçin taýýarlaýar.

**7.** Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary görkezilen Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 7-nji bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti kanunlara gol çekýär, ylalaşmadyk ýagdaýynda bolsa, närazy ýerlerini görkezmek bilen kanuny iki hepdeden gijä goýman, Mejlise täzeden ara alyp maslahatlaşmak we sese goýmak üçin gaýtarmaga, ýagny gaýra goýmak gadaganlygyny (wetosyny[2]) ulanmaga haklydyr. Eger Mejlis deputatlaryň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň ses bermegi bilen ozal kabul eden çözgüdini tassyklaýan bolsa, onda Türkmenistanyň Prezidenti şol kanuna gol çekýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň konstitusiýa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky kanunlar babatda gaýra goýmak gadaganlygyny (wetosyny) ulanmaga hukugy ýokdur.

**8.** Seredilýän maddanyň 8-nji bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topary döredýär, onuň düzümine üýtgetmeler girizýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň bu ygtyýarlyklary onuň esasy konstitusion ygtyýarlyklaryna degişlidir.

---

[1] Köp döwletlerde, mysal üçin, Russiýa Federasiýasy, Italiýa, Fransiýa, Germaniýa, şol sanda Türkmenistan we ş.m. býujet ýyly kalendar ýylyna, ýagny her ýylyň 1-nji ýanwaryndan 31-nji dekabryna çenli aralyga gabat gelýär. Käbir döwletlerde bolsa býujet ýyly kalendar ýylyndan tapawutlylykda kesgitlenýär. Mysal üçin, Beýik Britaniýada we Ýaponiýada her ýyl 1-nji aprelden 31-nji mart aralygynda, Kanadada 1-nji iýuldan 30-njy iýun aralygynda, ABŞ-da 1-nji oktýabrdan 30-njy sentýabr aralygynda, Türkiýede 1-nji martdan 28-nji fewral aralagynda hasaplanýar.

[2] Lat. Veto – gadagan edýärin.

**9.** Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 9-njy bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti sala salşyklar geçirmegiň senesini belleýär, Mejlisiň maslahatyny möhletinden öň çagyrmaga haklydyr.

2009-njy ýylyň 9-njy ýanwarynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, Mejlisiň işi maslahat görnüşinde geçirilýän ýygnaklar, şeýle hem Mejlisiň komitetleriniň we toparlarynyň maslahatlary görnüşinde amala aşyrylýar. Salgylanylýan Kanunyň 5-nji maddasyna laýyklykda, nobatdan daşary maslahatlar Türkmenistanyň Prezidenti, Mejlisiň Başlygy tarapyndan ýa-da Mejlisiň deputatlarynyň azyndan üçden bir böleginiň teklibi boýunça çagyrylýar. Mejlisiň maslahatyna deputatlaryň bellenilen sanynyň azyndan üçden iki bölegi gatnaşýan bolsa, onda ol doly ygtyýarlydyr[1].

**10.** konstitusiýanyň 53-nji maddasynyň 10-njy bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmek, raýatlykdan çykarmak we gaçybatalga bermek hakyndaky meseleleri çözýär. (Türkmenistanyň Prezidentiniň bu ygtyýarlyklary we raýatlyk babatda kitabyň IX babynda giňişleýin durlup geçildi).

**11.** Seredilýän maddanyň 11-nji bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň ordenleri[2] we beýleki döwlet sylaglary bilen sylaglaýar, hormatly atlary, harby atlary, beýleki ýörite döwlet atlaryny we tapawutlandyryş atlaryny dakýar. «Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň ordenleri şu aşakdakylardyr.

1) «Watan» ordeni;

2) «Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy» ordeni;

3) «Prezidentiň Ýyldyzy» ordeni;

4) «Türkmenbaşy» ordeni;

5) «Altyn asyr» ordeni;

6) «Garaşsyzlyk» ordeni;

7) «Bitaraplyk» ordeni;

8) «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin» ordeni;

9) «Galkynyş» ordeni;

10) «Ruhubelent» ordeni;

11) «Gurbansoltan eje» ordeni;

Salgylanylýan kanunyň 10-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň medallary:

---

[1] «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji maddasy.

[2] Orden – «ordo – hatar, dereje» diýen latyn sözünden gelip çykyp, bu ulanylýan manysynda döwletiň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin berilýän sylag nyşanyny aňladýar; **Medal** – «metallia – teňňe, şaýy» diýen latyn sözünden gelip çykyp, bitiren haýsydyr bir hyzmatlary üçin ýa--da haýsydyr bir dabaraly, şanly waka mynasybetli ýadygärlik üçin berilýän sylag nyşanyny aňladýar.

1) «Altyn Aý» medaly – Türkmenistanyň Gahrymanyny aýratyn tapawutlandyrýan nyşan;

2) «Edermenlik» medaly;

3) «Gaýrat» medaly;

4) «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bolup durýar.

Görkezilenlerden başga-da, 2008-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda kabul edilen, «Türkmenistanyň »Harby gullugyň weterany» medalyny döretmek hakynda», «Türkmenistanyň «Içeri işler edaralarynyň weterany» medalyny döretmek hakynda», «Türkmenistanyň «Watan öňündäki birkemsiz harby gullugy üçin» medalyny döretmek hakynda», «Birkemsiz gullugy üçin» medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda, görkezilen döwlet sylaglary döredildi. Şonuň netijesinde-de Salgylanylýan Kanunyň 10-njy maddasyna üýtgetme-goşmaça girizildi.

*Türkmenistanyň Hormatly atlary* bolsa şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. «Türkmenistanyň halk mugallymy»;
2. «Türkmenistanyň halk lukmany»;
3. «Türkmenistanyň halk artisti»;
4. «Türkmenistanyň halk suratkeşi»;
5. «Türkmenistanyň halk ýazyjysy»;
6. «Türkmenistanyň halk bagşysy»;
7. «Türkmenistanyň ylymda we tehnikada at gazanan işgäri»;
8. «Türkmenistanyň at gazanan senagat işgäri»;
9. «Türkmenistanyň at gazanan halyçysy»;
10. «Türkmenistanyň at gazanan gurluşykçysy»;
11. «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory»;
12. «Türkmenistanyň at gazanan ulag işgäri»;
13. «Türkmenistanyň at gazanan aragatnaşyk işgäri»;
14. «Türkmenistanyň at gazanan oba hojalyk işgäri»;
15. «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy»;
16. «Türkmenistanyň at gazanan ýer gurluşykçysy»;
17. «Türkmenistanyň at gazanan saglygy goraýyş işgäri»;
18. «Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri»;
19. «Türkmenistanyň at gazanan artisti»;
20. «Türkmenistanyň at gazanan bagşysy»;
21. «Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri»;
22. «Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti».
23. «Türkmenistanyň at gazanan bilim işgäri»;
24. «Türkmenistanyň durmuş hyzmaty çygrynyň at gazanan işgäri»;
25. «Türkmenistanyň at gazanan ýuristi»;
26. «Türkmenistanyň at gazanan ykdysatçysy»;

27. «Türkmenistanyň at gazanan uçarmany“
28. «Türkmenistanyň «Hormatly il ýaşulusy»;
29. «Türkmenistanyň hormatly raýaty»;
30. «Altyn asyryň hormatly hünär ussady»
31. «Ene mähri»[1].

**12.** Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 12-nji bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Mejlis bilen ylalaşyp, Ýokary kazyýetiň başlygyny, Baş prokurory, Içeri işler ministrini, Adalat ministrini wezipä belleýär we wezipeden boşadýar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy, 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen, «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 47-nji maddasynda we beýleki kanunlarda kesgitlenen ygtyýarlyklaryny amala aşyrýan we döwletiň kazyýet edaralarynyň ulgamyna ýolbaşçylyk edýän wezipeli adamdyr. Türkmenistanyň Baş prokurory, 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji maddasynda berkidilişi ýaly, kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gös-göni prokuratura edaralarynyň ulgamynyň üsti bilen gözegçilik edýän wezipeli şahsdyr. 2011-nji ýylyň 21-nji maýynda täze redaksiýasynda kabul edilen «Türkmenistanyň Içeri işler edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi (içeri işler edaralary) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kanunylygy we jemgyýetçilik tertibini, adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny hem-de kanuny bähbitlerini, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini jenaýatçylykly we beýleki hukuga garşy gelýän kast etmelerden goramagy amala aşyrýan, olaryň duýdurmagy we öňüni almagy üpjün edýän, anyklaýyş, deslapky derňew we operatiw-agtaryş işlerini geçirýän, şeýle hem «Türkmenistanyň Içeri işler edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen üstlerine ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirýän döwlet dolandyryş edarasydyr. Türkmenistanyň Içeri işler ministri bolsa, tutuş içeri işler edaralaryna ýolbaşçylygy hem gözegçiligi amala aşyrýan wezipeli şahsdyr[2]. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 6-njy awgustynda çykaran, 9944 sanly Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanyň Adalat ministrligi hakynda» Düzgünnamanyň 1-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Adalat ministrligi adalat edaralarynyň ulgamynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegi üpjün edýän merkezi ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy bolup durýar. Türkmenistanyň Adalat ministri bolsa tutuş adalat edaralarynyň ulgamyna ýolbaşçylygy hem gözegçiligi amala aşyrýan wezipeli şahs bolup durýar. Bu wezipelere adamlaryň Türkmenistanyň Mejlisi bilen ylalaşyp

[1] «Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasy;

[2] «Türkmenistanyň Içeri işler edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynyň 2-nji bölegi.

bellenilmegi, döwlet işiniň demokratiýa ýörelgeleri esasynda amala aşyrylmagyny aňladýar. Bu wezipeleriň wajyplygy bolsa, şol wezipeleri ýerine ýetirýän şahslar gönüden-göni döwletiň esasy we iň möhüm wezipesi bolan döwletiň bütin çäginde hukuk tertibini, kanunylygy üpjün etmek hem-de durmuş adalatlylygyny berkarar etmek wezipelerini berjaý edýärler. Bu wezipeleriň berjaý edilmegi bolsa halkyň ykbalyna ägirt uly täsir edýär. Halkyň ykbalyna täsir etmek ygtyýarlyklary bolan wezipelere adamlar bellenilende wekilçilikli demokratiýasynyň esasy aňlatmasy bolan parlament bilen maslahatlaşylmagy hem demokratiýa ýörelgesiniň hakyky manysynda durmuşa geçirilmegini üpjün edýär.

**13.** Esasy Kanunyň seredilýän maddasynyň 13-nji bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti rehim etme hem-de günä geçme çärelerini amala aşyrýar. Türkmenistanyň JK-nyň 80-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda rehim etme – bu, Türkmenistanyň Prezidentiniň rehim etme hakynda Permanynyň esasynda jenaýat edendigi üçin kazyýetiň aýyplaýyş hökümi bilen iş kesilen adamyň jeza çekmegiň möhletinden şertli ýa-da şertsiz boşadylmagy, oňa bellenilen jezanyň kemeldilmegi ýa-da has ýeňil görnüşdäki jeza çäresi bilen çalşyrylmagydyr. Günä geçme – bu, salgylanylýan Kodeksiň görkezilen maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň günä geçme hakynda Permanynyň esasynda, jenaýat etmekde aýyplanýan adamyň jenaýat jogapkärçiliginden, iş kesilen adamyň jeza çekmekden doly boşadylmagy, bellelilen jeza çäresiniň kemeldilmegi ýa-da has ýeňil görnüşdäki jeza çäresi bilen çalşyrylmagy, şeýle hem iş kesilen adamyň goşmaça jeza çäresinden boşadylmagydyr. Bu ikisiniň tapawutly aýratynlygy, rehim etme adamyň şahsyýeti boýunça, indiwidual, ýagny degişli namada her bir adamyň aýratynlykda adyny, atasynyň adyny, familiýasyny, haçan, nirede, haýsy kazyýet tarapyndan iş kesilendigini görkezmek bilen, özi-de diňe kazyýetde aýyplaýyş hökümi çykyp, iş kesilen adamlar babatda ulanylýan çäredir. Günä geçme bolsa, köpçülikleýin häsiýetdäki, jenaýatlaryň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyranlara (Mysal üçin, Türkmenistanyň JK-nyň 326-njy maddasynyň 2–3-nji böleklerinde kesgitlenen jenaýatlar) ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilenleriň, iş kesilenleriň aýry-aýry kategoriýalaryna (Mysal üçin, jenaýat edenleriň arasynda Beýik Watançylyk urşuna ýa-da döwletiň bähbitlerini goramak we harby borjy berjaý etmek bilen baglanyşykly başga wakalara gatnaşan weteranlar babatda) degişlilikde ulanylýan rehim etme çäresidir. Esasy Kanunda berkidilişine görä bu çäreleri ulanmak Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklarynyň biri bolup durýar.

**14.** Seljerilýän maddanyň 14-nji bendinde berkidilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti raýatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin, Türkmenistanyň bütin çäklerinde ýa-da aýry-aýry ýerlerinde adatdan daşary ýagdaý düzgünini girizýär. Adatdan daşary ýagdaý düzgüni 1990-njy ýylyň 23-nji awgustynda kabul edilen «Adatdan daşary ýagdaýyň hukuk düzgüni hakynda» Türkmenistanyň Kanuny

bilen kadalaşdyrylýar. 1998-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda kabul edilen, «Adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüniň alynmagy we ýok edilmegi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 23-nji maddasynda bolsa, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda hemişelik hereket edýän edara hökmünde, Türkmenistanyň adatdan daşary ýagdaýlar baradaky döwlet toparynyň döredilýändigi hem-de onuň ygtyýarlyklary kesgitlenýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 58-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentiniň konstitusiýanyň 53-nji maddasynyň 2-nji, 11-nji, 13-nji bentlerinde göz öňünde tutulan özüniň Mejlisiň Başlygyna berlip bilinýän ygtyýarlyklaryndan beýleki ygtyýarlyklaryny başga döwlet edaralaryna ýa-da wezipeli adamlara bermäge haky ýokdur.

Esasy Kanunyň 53-nji maddasynyň 2-nji bendinde, Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasatyň durmuşa geçirilmegine ýolbaşçylyk edýändigi, beýleki döwletler bilen gatnaşyklarda Türkmenistana wekilçilik edýändigi, Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki, döwletara we halkara guramalarynyň ýanyndaky ilçilerini we beýleki diplomatik wekillerini belleýändigi hem yzyna çagyrýandygy, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilleriniň ynanç hem yzyna çagyrylyş hatlaryny kabul edýändigi, 11-nji bendinde Türkmenistanyň ordenleri we beýleki döwlet sylaglary bilen sylaglaýandygy, hormatly atlary, harby atlary, beýleki ýörite döwlet atlaryny we tapawutlandyryş atlaryny dakýandygy, 13-nji bendinde bolsa rehim etme hem-de günä geçme çärelerini amala aşyrýandygy hakynda ygtyýarlyklary berkidilýär. «Türkmenistanyň Prezidenti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň 2-nji bölegine we «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 17-nji maddasynyň 10-njy bendine laýyklykda, görkezilen ygtyýarlyklar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygyna wagtlaýyn berlip bilinýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 58-nji maddasynda Konstitusiýanyň 53-nji maddasynyň 2-nji, 11-nji, 13-nji bentlerinde göz öňünde tutulan, ýagny özüniň Mejlisiň Başlygyna berlip bilinýän ygtyýarlyklaryndan beýleki ygtyýarlyklaryny başga döwlet edaralaryna ýa-da wezipeli şahslara bermäge hakynyň ýokdugy hakynda hukuk kadasynyň berkidilmeginiň düýp mazmuny Türkmenistanyň Prezidentiniň Esasy Kanunyň 53-nji maddasynda kesgitlenýän galan ygtyýarlyklarynyň ählisiniň döwletde dolandyryş-häkimiýet işini amala aşyrmakda möhüm ähmiýetiniň bardygyndan we ol ygtyýarlyklaryň döwlet Baştutanyndan başga şahsa ýa-da edara berilmeginiň döwlet häkimiýetiniň şahalara bölünmek we häkimiýet şahalarynyň ygtyýarlyklaryny deňagramlaşdyrmak ýörelgesiniň, ýagny demokratik döwletiň esasgoýujy ýörelgesiniň bozulmagyna getirjekdiginden ybaratdyr. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň Prezidentiniň Mejlisiň Başlygyna berlip bilinýän ygtyýarlyklaryndan başga ygtyýarlyklaryny diňe Prezidentiň özi ýa-da onuň wezipesini ýerine ýetiriji amala aşyryp bilýär.

*12.1-nji çyzgy*

**Respublikalar öz mazmunlary boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:**

Prezident respublikasy

Parlament respublikasy

Prezident-parlament respublikasy

Prezident respublikasy: Bu döwlet häkimiýet bölünişiginde ýerine ýetiriji häkimiýetiň hem-de döwletiň baştutany hökmünde çykyş edýän prezidentiň döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy we kazyýet häkimiýetlerine garanyňda has giň ygtyýarlyklardan peýdalanmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir

Prezident-parlament respublikasy: Bu döwlet häkimiýet bölünişiginde kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň ygtyýarlyklarynyň deňagramlaşdyrylmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir

Parlament respublikasy: Bu döwlet häkimiýet bölünişiginde kanun çykaryjy häkimiýeti özünde jemleýän parlamentiň ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine garanyňda has giň ygtyýarlyklardan peýdalanmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir

*12.2-nji çyzgy*

**Prezident respublikasynyň özbaşdak alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

- Prezident respublikalarynda, prezidentem, parlamentem gönümel halk tarapyndan saýlanýar
- Adatça prezidentiň öz islegine görä (konstitusiýada kesgitlenen halatlardan başga halatlarda) ýurduň parlamentini ýatyrmaga, parlamentiň bolsa, öz karary bilen, ýagny ynam bildirmezlik ýoly bilen (wotum esasynda), prezidenti wezipesinden çetleşdirmäge (konstitusiýada kesgitlenen halatlardan başga halatlarda), şeýle hem hökümeti (Ministrler Kabinetini) otstawka ibermäge hukugy ýokdyr
- Ýurdy dolandyrmakda esasy orun döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutany bolan prezidente degişlidir
- Prezident özbaşdaklykda, hökümeti düzýär we ony ýatyrýar, hökümetiň agzalaryny wezipä belleýär we wezipesinden boşadýar
- Prezident  we onuň hökümeti parlamentiň öňünde özüniň alyp barýan syýasaty we işi üçin jogapkärçilik çekmeýärler (hökümet öz alyp barýan syýasaty we işi babatynda diňe prezidentiň öňünde jogapkärçilik çekýär)
- Prezident, parlament tarapyndan kabul edilen kanunlara gol çekýär, ylalaşmadyk ýagdaýynda, gaýra goýmak gadaganlygyny (wetosyny) ulanmak hukugyndan peýdalanýar. Ýöne parlament deputatlaryň bellenen sanynyň ses bermegi esasynda, ozal kabul eden çözgüdini güýjünde goýmaga mümkinçiligi bardyr
- Köp halatlarda prezident tarapyndan ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetiniň ýokary wezipeli adamlary bellenende parlamentiň razylygy bolmalydyr
- Prezident  tarapyndan baglaşylýan halkara şertnamalary, perlament tarapyndan ratifikasiýa edilmäge degişlidir

*12.3-nji çyzgy*

**Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary:**

- Konstitusiýany we kanunlary durmuşa geçirýär
- Daşary syýasatyň amala aşyrylmagyna ýolbaşçylyk edýär, beýleki döwletler bilen gatnaşyklarda Türkmenistana wekilçilik edýär, Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki, döwletara we halkara guramalarynyň ýanyndaky ilçilerini we beýleki diplomatik wekillerini belleýär hem yzyna çagyrýar, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilleriniň ynanç hem yzyna çagyrylyş hatlaryny kabul edýär
- Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysydyr, ol Ỳaragly Güýçleriň ählumumy ýa-da bölekleýin mobilizasiýasyny geçirmek, Ýaragly Güýçleri ulanmak we söweşjeň ýagdaýa getirmek hakynda buýruk berýär, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň ýokary serkerdelerini belleýär
- Hukuk ýagdaýy kanun esasynda kesgitlenýän Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşini döredýär we oňa ýolbaşçylyk edýär
- Ýurdy syýasy, ykdysady, sosial taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny we esasy ugurlaryny tassyklaýar
- Türkmenistanyň Döwlet býujetini hem onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty Mejlisiň garamagyna we tassyklamagyna berýär
- Kanunlara gol çekýär, ylalaşmadyk ýagdaýynda, gaýra goýmak gadaganlygyny (wetosyny) ulanyp, närazy ýerlerini görkezmek bilen kanuny iki hepdeden gijä goýman, Mejlise täzeden ara alyp maslahatlaşmak we sese goýmak üçin gaýtarmaga haklydyr. Eger Mejlis deputatlaryň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň ses bermegi bilen ozal kabul eden çözgüdini tassyklaýan bolsa, onda Türkmenistanyň Prezidenti şol kanuna gol çekýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň konstitusiýa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky kanunlar babatda gaýra goýmak gadaganlygyny (wetosyny) ulanmaga hukugy ýokdur
- Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topary döredýär, onuň düzümine üýtgetmeler girizýär
- Sala salşyklary geçirmegiň senesini belleýär, Mejlisiň maslahatyny möhletinden öň çagyrmaga haklydyr

*12.4-nji çyzgy*

**Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary:**

- Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmek, raýatlykdan çykarmak we gaçybatalga bermek hakyndaky meseleleri çözýär
- Türkmenistanyň ordenleri we beýleki döwlet sylaglary bilen sylaglaýar, harby atlary, beýleki ýörite döwlet atlaryny we tapawutlandyryş atlaryny dakýar
- Mejlis bilen ylalaşyp, Ýokary kazyýetiň başlygyny, Baş prokurory, Içeri işler ministrini, Adalat ministrini wezipä belleýär we wezipeden boşadýar
- Rehim etme hem-de günä geçme çärelerini amala aşyrýar
- Raýatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin Türkmenistanyň bütin çäginde ýa-da aýry-aýry ýerlerinde adatdan daşary ýagdaý düzgünini girizýär. Adatdan daşary ýagdaý düzgüni Türkmenistanyň Kanuny bilen kadalaşdyrylýar
- Konstitusiýada we kanunlarda özüniň ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýär

**Sowalnama:**

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Respublika – bu:**

● adamlaryň özara gatnaşyklaryny kadaly derejede amala aşyrmak üçin saýlap alan döwlet dolandyrylyşynyň bir görnüşidir;

● adamlaryň öz azatlyklaryny we erk isleglerini erkin beýan etmeklerinden ugur alyp, özara döreden guramasydyr;

● ýokary döwlet häkimiýetiniň belli bir möhlete saýlanan wekillerden düzülen we baştutanlygynda prezident durýan edaralara degişli bolan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir;

● garaşsyz we özbaşdak döwletdir.

*Has dogry jogaby tapyň.*

**2. Respublikalar öz mazmunlary boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:**

● Prezident respublikasyna; Parlament respublikasyna; Gatyşyk ýa-da prezident-parlament respublikasyna;

● Prezident respublikasyna;

● Prezident we Parlament respublikalaryna;

● Diňe Parlament respublikalaryna.

*Nä dogry jogaby tapyň.*

**3. Döwleti dolandyrmaklygyň bir görnüşi hökmünde prezident respublikasy aşakdaky ýaly birnäçe artykmaçlyklara eýedir:**

● ol hakimiýet bölünişigi ýörelgesiniň iş ýüzünde ulanylmagyna aýratyn amatly şertleri döredýär;

● ähli halk tarapyndan saýlanan prezident, ýurt we halk bitewiliginiň, nyşany we nusgasy hökmünde çykyş edýär;

● döwlet dolandyryşyň bu görnüşi ýokary dolandyryş häkimiýetleri bir ýere jemlemeklige mümkinçilik berýär;

● onda prezident halk häkimiýetiň ýeke täk gözbaşy hökmende çykyş edýär;

*Dogry jogaby tapyň.*

**4. Prezident respublikasy – bu:**

● döwlet häkimiýet şahalarynyň ählisiniň ýurt baştutanynyň, ýagny prezidentiň elinde bolmaklygydyr;

● ýeke häkiýetlikdir;

● döwlet häkimiýet bölünişiginde ýerine ýetiriji häkimiýetiň hem-de döwletiň baştutany hökmünde çykyş edýän prezidentiň döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy we kazyýet häkimiýetlerine garanyňda has giň ygtyýarlyklardan peýdalanmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir;

● döwlet dolandyryşy bilen bagly ähli meseleriň diňe prezident tarapyndan çözülmegidir.

**5. Parlament respublikasy – bu:**

● döwlet häkimiýet şahalarynyň, ýagny ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetiniň parlamentiň elinde bolmaklygydyr;

● demokratik ýörelgelerine esaslanýan we halk häkimiýetine daýanýan döwlet dolandyryşyň bir görnüşidir;

● daşary syýasatdan başga döwletde ýüze çykýan ähli meseleleriň diňe parlament tarapyndan çözmeklik göz öňünde tutylan döwlet dolandyryşynyň bir görnüşidir;

● döwlet häkimiýet bölünişiginde kanun çykaryjy häkimiýeti özünde jemleýän parlamentiň ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine garanyňda has giň ygtyýarlyklardan peýdalanmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir.

**6. Gatyşyk ýa-da prezident-parlament respublikasy – bu:**

● daşary syýasaty alyp barmaklyk döwletiň prezidentine degişli edilen, içeri syýasaty alyp barmaklyk bolsa, ýurduň parlamentine degişli edilen döwlet dolandyryşynyň bir görnüşi;

● döwlet häkimiýet bölünişiginde kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň ygtyýarlyklarynyň deňagramlaşdyrylmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir;

● kanun çykaryjylyk we kazyýet häkimiýeti parlamente, çykarylan kanunlary ýerine ýetirmek we olary dumuşa geçirmek bolsa prezidente degişli bolan döwlet dolandyryşyň bir görnüşidir;

● döwlet ýolbaşçysy (prezident) diňe parlament tarapyndan saýlanýan döwlet dolandyryşyň bir görnüşidir.

**7. Prezident saýlawlary – bu:**

● döwlete ýolbaşçylyk etjek adamynyň Mejlis (Parlament) tarapyndan saýlanylmagydyr;

● parlament bilen ylalaşyp hökümet tarapyndan döwlete ýolbaşçylyk etjek adamynyň saýlanylmagydyr;

● demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň merkezi inistituty bolmak bilen, döwlete we onuň ýerine ýetiriji edaralaryna (ýerine ýetiriji häkimiýetine) ýolbaşçylyk etjek adamyň ähli halk tarapyndan saýlanylmagydyr;

● ählumumy sala salyşygyny geçirmek bilen döwlete ýolbaşçylyk etjek adamyň parlament tarapyndan saýlanylmagydyr.

*Kanuna laýyk jogaby tapyň.*

**8. Türmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanyp bilýar:**

● konstitusiýada we kanunlarda berkidilen adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny hakykat ýüzünde durmuşa geçirip biljegini subut eden islendik kämillik ýaşyna ýeten adam;

● Türkmenistanda doglan, ýaşy kyrkdan pes bolmadyk we ýetmişden uly bolmadyk, döwlet dilini bilýän, soňky on bäş ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan hem-de döwlet edaralarynda, jemgyýetçilik birleşiklerinde, kärhanalarynda, edaralarynda, guramalarynda işläp gelýän Türkmenistanyň islendik raýaty;

● ýaşy ýigirimi bäşden pes bolmadyk we pensiýa ýaşyna ýetmedik, ýokary bilimi bolan, hem-de Türkmenistanyň dürli edaralarynda işläp gelýän we şol edaralarda uly abraýa eýe bolan islendik adam;

● Türkmenistanda doglan, Türkmenistanyň edara-kärhanalarynda ýolbaşçy wezipesinde işlän, maşgalaly, milleti türkmen bolan islendik adam.

*Dogry jogaby tapyň.*

**9. Türmenistanda Prezident saýlamagyň tertibi haýsy kanunlar bilen düzgünleşdirilýär?**

● diňe Türkmenistanyň konstitusiýasy bilen;

● diňe Türkmenistanyň Prezidenti hakynda Türkmenistanyň Kanuny bilen;

● diňe Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda Türkmenistanyň Kanuny bilen;

● Türkmenistanyň konstitusiýasy, Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda Türkmenistanyň Kanuny, Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar hakynda Türkmenistanyň Kanuny we Türkmenistanda saýlaw gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen.

**10. Türkmenistanyň Prezidenti gös-göni Türkmenistanyň halky tarapyndan:**

● Bäş ýyl möhlete saýlanylýar;

● Ýedi ýyl möhlete saýlanýar;
● Dört ýyl möhlete saýlanýar;
● Ömürlik saýlanýar.

**11. Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary Esasy Kanunyň**
● 51-nji maddasynda berkidilýär;
● 50–58-nji maddalary aralygynda berkidilýär;
● 53-nji maddasynda berkidilýär;
● 58-nji maddasynda berkidilýär.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**12. Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary – bu:**
● Türkmenistanyň Prezidentiniň belli bir şahsa degişli we guramaçylyk-serenjam beriji häsiýetindäki çykarýan namasydyr;
● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gündelik meseleleriň çözülmegi üçin çykarylýan namalardyr;
● Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we kanunlarynyň esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin umumydöwlet ähmiýetli möhüm meseleler boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çykarylýan namalardyr;
● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çykarylýan we Türkmenistanyň bütin çäginde hökmanylyk güýji bolan namadyr.

*Dogry jogaby tapyň.*

**13. Türkmenistanyň Prezidentiniň buýruklary – munuň özi:**
● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan birini sylaglamak üçin çykarylýan namadyr;
● Türmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namadyr;
● Birini wezipä bellemek ýa-da ony wezipeden boşatmak üçin Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çykarylýan namadyr;
● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gündelik meseleleriň çözülmegi üçin çykarylýan namalardyr.

**14. Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Mejlisi bilen ylalaşyp:**
● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygyny, Türkmenistanyň Baş prokuroryny, Türkmenistanyň Içeri işler we Adalat ministrini wezipä belleýär we wezipeden boşadýar;

● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine başlyklyk edýär;

● hukuk ýagdaýy kanun esasynda kesgitlenýän Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşini döredýär we oňa ýolbaşçylyk edýär;

● Rehim etme we günä geçme çärelerini amala aşyrýar.

**15. Türkmenistanyň Prezidentiniň işiniň hukuk esasyny:**

● Türkmenistanyň konstitusiýasy emele getirýär;

● Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda kabul edilen Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalary düzýär;

● Türkmenistanyň konstitusiýasy, Türkmenistanyň Prezidenti hakynda Türkmenistanyň Kanuny we Türkmenistanyň beýleki kanunlary düzýär;

● Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda kabul edilen Türkmenistanyň Mejlisiniň namalary düzýär.

# XIII BAP.
# TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI

## §1. Türkmenistanyň Mejlisiniň döredilmeginiň tertibi we onuň hukuk ýagdaýy

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 59-njy maddasynda: «Türkmenistanyň Mejlisi (Parlament) kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan iň ýokary wekilçilikli edaradyr» diýip bellemek bilen, Türkmenistanyň Mejlisiniň hukuk ýagdaýyny kesgitleýär. Mejlis – bu maddada bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň ýokary wekilçilikli we kanun çykaryjy edarasy bolup durýar. Mejlisiň umumymilli, wekilçilikli we kanun çukaryjylykly edaranyň wezipelerini özünde jemleýändigi onuň döwletdäki beýleki häkimiýet edaralaryndan tapawutlandyryjy özboluşlyklary bolup çykyş edýär. Dünýä ýurtlarynyň tejribesinden belli bolşy ýaly, kanun çykaryjy edara hökmünde Mejlis kanunlary kabul etmek, döwlet býujetini tassyklamak, parlament gözegçiligini amala aşyrmak we ş.m. meselelere garamak ýaly ygtyýarlyklara eýedir. konstitusiýanyň 63-nji maddasynda we III babynyň beýleki maddalarynda Türkmenistanyň Mejlisiň ygtyýarlyklary berkidilýär. konstitusiýa tarapyndan kesgitlenýän häkimiýet bölünişigine laýyklykda Mejlis kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan edara hökmünde çykyş edýär we döwlet häkimiýetiniň beýleki şahalary (ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleri) bilen sabyr-takatly işleýär. Mejlis, ýerli halk maslahatlar we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, halk wekilçiliginiň görnüşleri bolup çykyş edýärler. Türkmenistanyň Mejlisiniň, onuň düzümleriniň we saýlanylýan wezipeli adamlarynyň işiniň hukuk esaslary we olaryň ygtyýarlyklary 2009-njy ýylyň 9-njy ýanwarynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda kesgitlenýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 62-nji maddasynyň 2-nji abzasyna laýyklykda, Mejlis özüniň ygtyýarlylyklaryny täze çagyrylyş, ýagny täze saýlanan Mejlisiň birinji maslahaty işläp başlaýança saklap galýar. Täze saýlanan Mejlis deputatlaryň ygtyýarlyklary ykrar edilýänçä diňe maslahaty açmak, Mandat we Ses sanaýjy toparlary[1] saýlamak baradaky meseleler boýunça kararlary kabul edip bilýär. Mejlis Mandat toparynyň teklipnamasy boýunça Mejlisiň deputatlarynyň ygtyýarlylyklaryny ykrar etmek hakynda, saýlawlar hakyndaky kanunçylygyň bozulan halatynda bolsa, aýry-aýry deputatlary saýlamak boýunça geçirilen saýlawlary hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda karar kabul edýär. Mejlisiň täze

[1] Mejlisiň deputatlarynyň ýa-da halk wekilleriniň ygtyýarlyklaryny barlamak üçin, wekilçilikli saýlaw edaralary tarapyndan döredilýän topar.

çagyrylyşynyň birinji maslahaty onuň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki bölegi saýlanylandan soň iki hepdeden gijä galman öňki Mejlis tarapyndan çagyrylýar.

Mejlisiň başlygy saýlanýança maslahaty Türkmenistanda Saýlawlar we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi toparyň başlygy açýar hem alyp barýar. Mejlisiň maslahatyna bellenilen tertipde döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ylmy edaralaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, şeýle hem beýleki adamlar gatnaşyp bilýärler. Emma döwletiň baştutany hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti Mejlisiň ähli maslahatlaryna gatnaşmaga haklydyr. Şonuň ýaly-da Mejlisiň ähli maslahatlaryna Ministrler Kabinetiniň başlygynyň Orunbasarlary hem gatnaşyp bilýärler.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 61-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi aşakdaky halatlarda möhletinden öň ýatyrylyp bilner:

1) ählihalk sala salşygynyň çözgüdi esasynda;

2) Mejlisiň bellenen sandaky deputatlarynyň üçden iki böleginden az bolmadyk sesleriniň köplügi bilen kabul eden karary esasynda (öz-özüni ýatyrmagy);

3) alty aýyň dowamynda Mejlisiň ýolbaşçy düzümi düzülmedik mahalynda, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan.

*Mejlisiň (parlamentiň) möhletinden öň ýatyrylmagy,* respublika görnüşinde dolandyrylýan döwletlerde döwlet häkimiýetiniň konstitusion mehanizminiň esasy düzüm bölekleriniň biri bolup, ol konstitusiýada anyk görkezilen halatlarda parlamentiň ygtyýarlyklarynyň ýatyrylyp, deputatlaryň möhletinden öň saýlawlaryny geçirmekligiň bellenilmegini aňladýar. Mejlisiň möhletinden öň ýatyrylmagyna mümkinçilik berýän bu hukuk kadasy gönüden-göni döwlet häkimiýetiniň üç şaha bölünmegi we olaryň ygtyýarlyklarynyň deňagramlaşdyrylmagy ýörelgesinden gelip çykýar. Sebäbi Esasy Kanunyň 57-nji maddasyna laýyklykda Mejlis Prezidente ynam bildirmezlik meselesini çözmekligi ählihalk sala salşygynyň garamagyna hödürlemäge ygtyýarlydyr. Esasy Kanunyň 72-nji maddasyna we 1995-nji ýylyň 24-nji noýabrynda kabul edilen, «Türkmenistanyň Ministrler Kabineti» hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlylyk möhletiniň çäklerinde hereket edýär we Türkmenistanyň täze saýlanan Prezidentiniň öňünde öz ygtyýarlyklaryny ýatyrýar.

Şu kadalardan görnüşi ýaly, kanunçykaryjy häkimiýet ýerine ýetiriji häkimiýete gönüden-göni täsir edip bilýär. Bu maddada berkidilýän konstitusion kada bolsa, döwletde häkimiýetleriň deňagramlylygyny üpjün etmek üçin ýerine ýetiriji häkimiýetiň kanun çykaryjy häkimiýete täsir etmegine we häkimiýet şahalarynyň biri-birini gözegçilikde saklamagyna mümkinçilik berýär.

Dünýäniň konstitusion tejribesinde parlamenti möhletinden öň ýatyrmagyň birnäçe sebäpleri bardyr:

a) hökümeti düzmek (Bolgariýada we Polşada) ýa-da prezidenti saýlamak (Gresiýada) mümkinçiliginiň bolmazlygy;

b) parlament tarapyndan Hökümete ynanmazlyk wotumynyň bildirilmegi (Beýik Britaniýada, Slowakiýada we Estoniýada), parlament tarapyndan gysga wagtyň dowamynda gaýtadan ýa-da birnäçe gezek hökümete ynanmazlyk wotumynyň bildirilmegi (Russiýa Federasiýasynda we Wengriýada), hökümetiniň maksatnamasyny tassyklamazlyk (Litwada), hökümet tarapyndan hödürlenen býujeti bellenilen möhletlerde kabul etmezlik (Polşada we Estoniýada). Ýöne dünýäniň köp döwletlerinde (mysal üçin, Russiýa Federasiýasynda, Fransiýada, Italiýada, Polşada we ş.m.) parlament adatdan daşary ýa-da harby ýagdaý döwründe möhletinden öň ýatyrylyp bilinmeýär.

Şonuň ýaly-da prezidentiň ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanýan soňky aýynda (Russiýa Federasiýasynda, Italiýada, Litwada) ýa-da parlamentiň ygtyýarlyk möhletiniň ilkinji ýylynyň dowamynda (Fransiýada, Russiýa Federasiýasynda) parlamenti möhletinden öň ýatyrmaklyga rugsat berilmeýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 61-nji maddasynyň 1-2-nji böleklerinde kesgitlenýän, Mejlisiň ählihalk sala salşygynyň kararynyň we öz-özüni ýatyrmagynyň esasynda möhletinden öň ýatyrylmagy hakyndaky hukuk kadalary düşnüklidir we giňişleýin düşün-dirilmäge mätäç däldir. Sebäbi ýokarda bellenip geçilişi ýaly, ählihalk sala salşygynyň geçirilmegi halk häkimiýetliliginiň ýokary beýany bolup, gönüden-göni demokratiýanyň durmuşa geçirilmegidir. Ählihalk sala salşygynyň geçirilmeginiň netijesinde döwletiň her bir raýaty we tutuş ilaty öz erk-islegini beýan edýär. Ähli halk sala salşygynyň netijesinde kabul edilen çözgüt bolsa tutuş jemgyýetiň erk-isleginiň jemlenen beýany hökmünde çykyş edýär. Demokratiýa ýörelgelerine goldanýan döwletde bolsa şondan ýokary erk--isleg ýokdur.

Şonuň üçinem Esasy Kanunda Mejlisiň ählihalk sala salşygynyň kararynyň esasynda möhletinden öň ýatyrylyp bilinýändigi hakynda hukuk kadasy bellenilýär. Mejlisiň möhletinden öň öz-özüni ýatyrmagy bolsa dürli ýagdaýlar zerarly amala aşyrylyp bilner. Mysal üçin, Mejlisiň düzüm gurluşyny emele getirýän deputatlaryň pikirleriniň gapma-garşylygy zerarly, olaryň aglaba köpüsiniň (Konstitusiýada kesgitlenilişine görä, bellenen sandaky deputatlaryň azyndan üçden iki böleginiň) Mejlisi möhletinden öň ýatyrmak barada karar kabul etmeginiň netijesinde bolup bilýär.

Esasy Kanunymyzyň 61-nji maddasynyň 3-nji bendinde, alty aýyň dowamynda Mejlisiň ýolbaşçy düzümi düzülmedik mahalynda, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan onuň möhletinden öň ýatyrylyp bilinýändigi bellenilýär. Mejlisiň ýolbaşçy düzümi diýlende, Mejlisiň başlygyna, onuň orunbasaryna, Mejlisiň

komitetleriniň ýolbaşçylaryna düşünilýär. Olaryň saýlanmazlygy Mejlisiň işini ýola goýulmazlygyna, netijede bolsa Mejlisiň öz wezipelerini döwlet üçin zerur bolan derejede ýerine ýetirmezligine getirýär. Şonuň üçinem konstitusiýa Döwlet Baştutany hökmünde Prezidente döwlet häkimiýet-dolandyryş ulgamynyň bu näsazlygyny aradan aýyrmak üçin zerur bolan ygtyýarlygy berýär.

## §2. Türkmenistanyň Mejlisiniň düzüm gurluşy we onuň işini guramagyň tertibi

Mejlisiň we onuň düzümleriniň işiniň guralyşy barada aýdylanda, «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Mejlisiň işi maslahat görnüşinde geçirilýän ýygnaklar, şeýle hem Mejlisiň komitetleriniň we toparlarynyň maslahatlary görnüşinde amala aşyrylýar we ol meseleleri erkin ara alyp maslahatlaşmaga, olary bileleşip çözmäge, onuň döredýän düzümleriniň we saýlaýan wezipeli adamlarynyň Mejlisiň öňünde jogapkärçiligine, hasabatlylygyna, aýanlygyna, jemgyýetçilik pikiriniň hemişe hasaba alynmagyna esaslanýar.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynda: «Mejlis 125 deputatdan ybarat bolup, olar saýlawçylarynyň sany takmynan deň bolan ýerli saýlaw okruglary boýunça bäş ýyl möhlete saýlanylýar[1]» diýlip bellenilýär. Mälim bolşy ýaly, deputat[2] – bu, döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynyň agzasy hökmünde saýlanan adamdyr. «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 31-nji maddasyna laýyklykda, deputatlar halkyň doly ygtyýarly wekilleri bolmak bilen, Mejlisde olaryň işini üpjün edýän hukuklaryň ählisine dolulygyna eýedirler. Deputatlar öz ygtyýarlyklaryny konstitusiýanyň we kanunlaryň çäklerinde amala aşyrmak bilen öz saýlawçylarynyň erkini aňladýarlar. Deputatyň ygtyýarlyklary olary ykrar etmek hakynda Mejlis tarapyndan karar kabul edilen pursatyndan ýüze çykýar. Deputatyň ygtyýarlyklary Mejlisiň täze çagyrylyşynyň işe başlan pursadyndan ýatyrylýar, ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyrylan halatynda ýa-da deputat ygtyýarlyklaryndan mahrum edilen halatynda Mejlisiň degişli karar kabul eden pursadyndan ýatyrylýar. Bellenip geçilişi ýaly, Türkmenistanyň Mejlisi ählumumy, deň we göni saýlaw hukugy esasynda gizlin ses bilen saýlanylýan 125 deputatdan ybaratdyr. Mejlisiň deputatlarynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti bäş ýyldyr.

Deputatlaryň sanynyň 125 bolmagy, ilkinji nobatda ýurdumyzda demokratik başlangyçlarynyň, halk häkimiýetiniň pugtalanýandygy, Mejlisiň deputatlarynyň giň halk köpçüligi, döwlet edaralary, kärhanalary, guramalary we jemgyýetçilik

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 60-njy madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] Lat. deputatus – ygtyýarly edilen.

birleşikleri bilen yzygiderli aragatnaşyk saklap jemgyýeti we döwleti giň demokratik esaslarda dolandyrmaga gönükdirilen işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak bilen baglydyr. Şonuň ýaly-da milli kanunçylyk ulgamyny kämilleşdirmekde, döwletiň hukuk binýadyny berkitmekde, jemgyýetde raýat jemgyýetine mahsus institutlary işjeň ornaşdyrmakda halkyň erk islegini beýan etmekleri bilen baglydyr.

Esasy Kanuna 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabryndaky üýtgeşme-goşmaçalar girizilmezinden ozal Mejlisiň deputatlary 65 sanydy. Olaryň sany hem döwletiň ýokary wekilçilikli kanunçykaryjy edarasyna ýurdumyzyň her etrabyndan bir wekiliň (deputatyň) gatnaşmagyny üpjün etmek bilen baglydy. Deputatlaryň sanynyň täk bolmagy bolsa Mejlisde islendik mesele boýunça ses berlişik geçirilende haýsy-da bolsa bir tarapyň köpçüligini üpjün etmekden ybaratdyr. Sebäbi deputatlaryň sany jübüt bolan halatynda belli bir meselelere garalanda ses köpçüligini üpjün etmek mümkin bolman hem biler. Beýle ýagdaý bolsa Mejlisiň öz wezipelerini amala aşyrmagyna päsgelçilik döreder.

Kanunlaryň taslamalaryny, degişli meseleleri işläp taýýarlamak we olara deslapdan seretmek işlerini alyp barmak üçin Mejlis deputatlaryň hataryndan komitetleri we toparlary düzýär. Komitetler hemişelik esasda düzülýär. Toparlar hemişelik, şeýle hem wagtlaýyn esasda döredilip bilinýär. Komitetleri we toparlary döretmegiň we ýatyrmagyň, olaryň başlyklaryny we orunbasarlaryny hem-de olaryň agzalaryny saýlamagyň we boşatmagyň tertibi «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny tarapyndan kadalaşdyrylýar.

Salgylanylýan kanuna laýyklykda komitetiň başlygy, onuň orunbasary we komitetiň agzalary Mejlis tarapyndan saýlanylýar. Komitetleriň agzalary saýlanan mahalynda komitetiň tutuş düzümi boýunça ses berilýär, zerur bolan halatynda bolsa, hödürlenýän her bir adam boýunça aýratynlykda ses berilýär. Komitetiň başlygy, onuň orunbasary olaryň haýyşy boýunça, şeýle hem olaryň öz borçlaryny ýerine ýetirmegine mümkinçilikleriniň bolmadyk ýagdaýlary bilen baglylykda Mejlis tarapyndan wezipesinden boşadylyp bilinýär. Mejlisiň Başlygy we Başlygyň orunbasary komitetleriň düzümine saýlanyp bilinmez.

Komitetler täze çagyrylyş Mejlisiň birinji maslahatynda onuň ygtyýarlylyk möhletine barabar möhlet bilen düzülýär. Zerur bolan halatynda täze komitetler döredilip, ozalky döredilenler ýatyrylyp we üýtgedilip guralyp bilinýär. Häzirki wagtda, ýagny Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylşynda şu aşakdaky komitetler hereket edýär:

1. Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komiteti;
2. Ylym, bilim we medeniýet baradaky komiteti;
3. Ykdysadyýet we durmuş syýasaty baradaky komiteti;
4. Halkara we Parlamentara aragatnaşyklar baradaky komiteti;
5. Ýerli wekilçilikli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek baradaky komiteti.

Mejlisiň komitetleri işini Mejlisiň meýilnamalaryna, Mejlisiň Başlygynyň, Mejlisiň Başlygynyň orunbasarynyň tabşyryklaryna we tekliplerine laýyklykda guraýarlar. Türkmenistanyň kanunlarynyň we Mejlisiň namalarynyň taslamalaryny işläp düzmek kanunlaryň taslamalaryny işläp düzmegiň meýilnamasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti, Ministrler Kabineti we Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti tarapyndan, şeýle hem Mejlisiň Başlygynyň, Mejlisiň Başlygynyň orunbasarynyň tabşyrmagy boýunça komitetler tarapyndan amala aşyrylýar.

Mejlisiň komitetleriniň esasy wezipeleri kanunlaryň we beýleki namalaryň taslamalarynyň üstünde işlemekden, Mejlisiň ygtyýarlyklaryna degişli edilen meselelere deslapdan garamakdan we olary taýýarlamakdan hem-de Mejlis tarapyndan kabul edilen kanunlary we beýleki hukuk namalary durmuşa geçirmäge ýardam bermekden we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmekden ybaratdyr. Türkmenistanyň kanunlarynyň we Mejlisiň namalarynyň taslamalary, kada hökmünde, komitetlerde deslapky ara alyp maslahatlaşylandan soňra kabul etmek üçin Mejlisiň maslahatyna hödürlenýär.

Kanunlaryň we namalaryň taslamalarynyň komitetlerde deslapky garalmagynyň we ara alnyp maslahatlaşylmagynyň jemleri, olar barasynda aýdylan teklipler we bellikler Mejlise komitetleriň çykaran netijeleri görnüşinde berilýär. Bulardan başga-da Komitetleriň Mejlisiň maslahatynyň gün tertibi boýunça teklipleri girizmäge, öz ygtyýarlyklaryna degişli bolan meseleler boýunça habarnamalar we goşmaça habarnamalar bilen çykyş etmäge hukugy bardyr. Şonuň ýaly-da kanunlaryň taslamalarynyň işlenilmegi bilen baglylykda, döwlet we jemgyýetçilik--syýasy ähmiýetli meseleler barada resmi düsündiriş bermegini sorap, döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň wezipeli adamlaryna ýüz tutmaga haky bardyr. Türkmenistanyň kanunlaryny we Mejlisiň namalaryny taýýarlamagyň we kabul etmegiň tertibi, bu işe komitetleriň gatnaşmagynyň tertibi «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny tarapyndan kesgitlenilýär.

Mejlis öz işiniň islendik ugyr boýunça toparlary döredip bilýär. Toparlar hem deputatlaryň hataryndan toparlaryň başlyklaryndan we agzalaryndan ybarat düzümde, açyk ses bermek arkaly saýlanýar. Toparlaryň wezipesi we iş tertibi olar döredilende Mejlis tarapyndan kesgitlenýär. Topar işiň jemi boýunça Mejlise habarnama ýa-da netijenama ýazyp berýär. Toparyň habarmamasy, çykaran netijesi boýunça Mejlis karar kabul edýär. Öz üstlerine ýüklenen wezipeleri doly ýerine ýetirmek üçin komitetler we toparlar deputat däl alymlary, hünärmenleri, beýleki işgärleri öz işine çekip bilýärler. Mejlisiň komitetiniň ýa-da toparynyň maslahatyna onuň düzümine girýän agzalaryň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, onda ol maslahaty geçirmek uçin doly ygtyýarlydyr. Komitetiň we toparyň maslahatlary aýanlykda alnyp barylýar we olaryň agzalarynyň umumy sanyndan sesleriň köplügi bilen degişli kararlar kabul edilýär. Emma komitetler we toparlar zerur bolan halatynda ýapyk maslahat geçirmek hakynda hem karar kabul edip bilýärler.

Mejlis ýörite komitetleri we toparlary düzenden soň olara ýolbaşçylyk etjek, olaryň maslahatlarynda başlyklyk etjek ýolbaşçylary saýlaýar hem-de olara kanunlarda kesgitlenilen ygtyýarlyklary berýär.

Komitetiň we toparyň başlygy öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

● komitetiň we toparyň maslahatlaryny çagyrýar we maslahatlary geçirmek üçin zerur bolan maglumatlary taýýarlamagy guraýar;

● komitetiň, toparyň agzalaryna tabşyryklar berýär, olara komitetiň, toparyň işi bilen baglanyşykly bolan maglumatlary we resminamalary iberýär;

● taýýarlaýjy toparlarda we iş toparlarda komitetiň, toparyň agzalarynyň işini guraýar; döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň, hünärmenleriň we alymlaryň komitetiň, toparyň maslahatlaryna gatnaşmagy hakyndaky meseleleri çözýär;

● komitetiň, toparyň gelen netijelerine gol çekýär;

● Mejlisiň beýleki komitetleri we toparlary, döwlet edaralary we guramalary, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bolan gatnaşyklarynda komitetleriň, toparlaryň adyndan wekilçilik edýär;

● kabul edilen kararlary ýerine ýetirmek işini guraýar, komiteti, toparyň agzalaryny komitetiň, toparyň kararlarynyň ýerine ýetirilişi hakynda habarly edýär;

● komitetde, toparda seredilen meseleler hakynda, şeýle hem komitetiň, toparyň teklipnamalaryny durmuşa geçirmek üçin görlen çäreler barada Mejlisiň Başlygyna habar berýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 70-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy gizlin ses bermek bilen saýlanýar. Ol Mejlise hasabat berýär hem-de Mejlisiň bellenen sandaky deputatlarynyň üçden iki böleginden az bolmadyk sesleriniň köplügi bilen kabul eden çözgüdi boýunça wezipesinden boşadylyp bilner.

Mejlisiň Başlygynyň orunbasary açyk ses bermek arkaly saýlan-ýar, ol Başlygyň tabşyrmagy boýunça onuň aýry-aýry wezipelerini ýerine ýetirýär, Mejlisiň Başlygynyň bolmadyk ýagdaýynda ýa-da öz ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmasa, onuň wezipesini ýerine ýetirýär.

Salgylanylan maddada bellenilişine görä, Mejlis gizlin ses bermek arkaly, deputatlaryň bellenen sanyndan sesleriň ýönekeý köplüginiň esasynda Mejlisiň Başlygyny saýlamak hakynda Türkmenistanyň Kanuny kabul etmek bilen öz düzüminden Mejlisiň Başlygyny saýlaýar. Mejlisiň Başlygy deputatlaryň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň sesleriniň köplügi bilen kabul edilen kanun esasynda hem wezipesinden boşadylýar.

Mejlisiň Başlygyny wezipesinden boşatmak hakyndaky meselä deputatlaryň azyndan üçden bir böleginiň talap etmegi boýunça Mejlis tarapyndan seredilýär. Mejlisiň Başlygyny wezipesinden boşatmak onuň öz haýyşy boýunça, şeýle hem oňa öz borçlaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermeýän ýagdaýlar sebäpli

amala aşyrylyp bilner. Şu ýagdaýda Mejlisiň Başlygyny wezipesinden boşatmak hakyndaky kanun deputatlaryň bellenilen sanynyň ýönekeý köplüginiň açyk ses bermegi bilen Mejlis tarapyndan kabul edilýär.

Mejlisiň öňki çagyrylyşynyň Başlygy öz ygtyýarlyklaryny Mejlisiň täze çagyrylyşynyň birinji maslahaty açylýança saklap galýar.

● Mejlisiň başlygy:

● Mejlisiň işine ýolbaşçylyk edýär we Mejlisiň maslahatlarynda başlyklyk edýär;

● Mejlisiň komitetleriniň we toparlarynyň düzümi baradaky teklipleri Mejlisiň garamagyna hödürleýär, olaryň işini utgaşdyrýar;

● komitetlere, toparlara we deputatlara guramaçylyk, hukuk, ylmy taýdan maddy-tehniki hyzmat edilişini üpjün edýär;

● kanunlaryň taslamalaryny işläp taýýarlamak üçin zerur bolan halatlarda, taýýarlaýjy toparlary we iş toparlaryny döredýär;

● Mejlisiň komitetleríniň we toparlarynyň alyp barýan işleri hakyndaky habarlaryny diňleýär;

● Mejlisiň gulluklarynyň gurluşyny we wezipe sanawyny tassyklaýar;

● Mejlisiň kabul eden kanunlaryny we beýleki namalaryny çap etmegi, «Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlaryny» neşir etmegi guraýar;

● Mejlisiň kararlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edilmegini guraýar;

● Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrmagy boýunça, Konstitusiýanyň 53-nji maddasynyň 2-nji, 11-nji we 13-nji bentlerinde göz öňünde tutulan onuň ygtyýarlyklaryny amala aşyrýar;

● Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, beýleki döwlet edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri bilen Mejlisiň özara gatnaşygyny amala aşyrýar;

● beýleki döwletleriň parlamentleri bilen bolýan gatnaşyklarda Mejlisiň adyndan wekilçilik edýär we parlamentara aragatnaşyklary amala aşyrmak baradaky işi guraýar;

● Mejlis tarapyndan kabul edilip, Türkmenistanyň Prezidentine gol cekmäge berilýän kanunlaryň asyl nusgadygyny öz goly bilen tassyklaýar, Mejlisiň kararlaryna gol çekýär;

● Mejlisiň degişli gulluklarynyň işgärlerini wezipä belleýär we wezipeden boşadýar;

● Türkmenistanyň konstitusiýasy, kanunlary we Mejlisiň namalary bilen Mejlisiň Başlygynyň ygtyýarlygyna degişli edilen beýleki meseleleri çözýär we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde buýruklary çykarýar.

*Mejlisiň Başlygynyň orunbasary* hem deputatlaryň arasyndan, ýöne Mejlisiň Başlygyna garanyňda, açyk ses bermek arkaly deputatlaryň bellenen sanyndan sesleriň ýönekeý köplügi bilen saýlanylýar. Mejlisiň Başlygynyň orunbasaryny

saýlamak hakynda Türkmenistanyň Kanuny kabul edilýär. Mejlisiň Başlygynyň orunbasary Başlyk tarapyndan öz üstüne ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirýär. Başlygyň ýok wagtynda ýa-da onuň öz ygtyýarlyklaryny berjaý etmäge mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda onuň wezipesini ýerine ýetirýär. Mejlisiň Başlygynyň orunbasary onuň öz haýyşy boýunça, şeýle hem oňa öz borçlaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermeýän ýagdaýlar sebäpli wezipesinden boşadylyp bilinýär. Mejlisiň Başlygynyň orunbasaryny wezipesinden boşatmak hakyndaky kanun deputatlaryň bellenilen sanyndan ýönekeý köplüginiň açyk ses bermegi bilen kabul edilýär. Mejlisiň Başlygyny, Başlygynyň orunbasaryny saýlamak ýa-da wezipesinden boşatmak hakynda teklipleri girizmegiň tertibi Mejlisiň dessurynda bellenilýär.

## §3. Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlyklary

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 63-nji maddasynda Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlyklary berkidilýär. Esasy Kanunymyza laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi:

- kanunlary kabul edýär, Türkmenistanyň konstitusiýasyna we kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizýär, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär hem-de olara resmi taýdan düşündirişler berýär;
- Ministrler Kabinetiniň iş maksatnamasyny makullamak baradaky meselä garaýar;
- Türkmenistanyň döwlet býujetini we onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak baradaky meselelere garaýar;
- ýurdy syýasy, ykdysady, sosial taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryna we maksatnamalaryna garaýar;
- ählihalk sala salşyklaryny geçirmek hakyndaky meseleleri çözýär;
- Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher wekilçilikli edaralarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny belleýär;
- Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi boýunça Ýokary kazyýetiň başlygyny, Baş prokurory, Içeri işler ministrini, Adalat ministrini wezipä bellemek we olary wezipeden boşatmak baradaky meselelere garaýar;
- döwlet sylaglaryny döredýär, Türkmenistanyň Prezidentini döwlet sylaglary bilen sylaglaýar, oňa harby atlary we tapawutlandyryş atlaryny dakýar;
- döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň konstitusiýa laýyklygyny ýa-da laýyk däldigini kesgitleýär;
- halkara şertnamalaryny tassyklaýar we ýatyrýar;
- Türkmenistanyň Döwlet serhedini we dolandyryş-çäk bölünişigini üýtgetmek meselelerini çözýär;

● parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerine garaýar;

● konstitusiýada we kanunlarda Mejlisiň ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýär.

Bu ygtyýarlyklaryň her biri barada aýratynlykda durlup geçilende şu aşakdakylary bellemek gerek:

**1.** Kanunlary kabul etmek, Türkmenistanyň konstitusiýasyna we kanunlara üýtgetmeler girizmek hem-de olara resmi düşündirişler bermek, Türkmenistanyň Mejlisiniň Esasy Kanunyň 63-nji maddasynyň 1-nji bendinde berkidilen ygtyýarlygy bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, 2005-nji ýylyň 7-nji dekabrynda rejelenen görnüşde kabul edilen, «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasynda, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň, Türkmenistanyň konstitusiýasy, Türkmenistanyň konstitusion kanunlary, Türkmenistanyň kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary, ministrlikleriň we döwlet dolandyrylyşynyň beýleki merkezi edaralarynyň namalary, häkimleriň kararlary, Geňeşleriň kararlary ýaly görnüşleriniň bardygy kesgitlenýär. Bu adalgalar barada gysgaça durlup geçilende şu aşakdakylary bellemek bolar:

Salgylanylýan Kanunyň 5-nji maddasyna laýyklykda, döwletiň Esasy Kanuny hökmünde Türkmenistanyň konstitusiýasy kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ulgamynda hukuk taýdan iň ýokary güýje eýedir. Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilen kadalar we düzgünler gös-göni hereket edýär. Türkmenistanyň kanunlary we döwlet edaralarynyň hem wezipeli adamlarynyň gaýry namalary konstitusiýa esasynda we oňa laýyklykda çykarylýar. konstitusiýa garşy gelýän kanunlaryň we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hukuk taýdan güýji ýokdur. Türkmenistanyň konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan amala aşyrylýar.

Görkezilen Kanunyň 6-njy maddasynda berkidilişine görä, Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslaryna düýpli degip geçýän, ählihalk sala salşygy esasynda kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namasy Türkmenistanyň konstitusion kanunydyr. Türkmenistanyň konstitusiýasyndan soň, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen deňeşdirilende Türkmenistanyň konstitusion kanunlary hukuk taýdan has ýokary güýje eýedir. Kanun barada aýdylanda bolsa, kanun – bu umumydöwlet ähmiýetli möhüm meseleler boýunça Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan ýa-da ählihalk sala salşygy arkaly kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namasydyr.

Kanunda esasan:

1) raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary, olary goramagyň we üpjün etmegiň usullary;

2) kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýeti eda-ralaryny döretmegiň we işiniň tertibi;

3) Türkmenistanyň raýatlyk gatnaşyklary;

4) Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygy we goranmagy bilen baglanyşykly meseleler;

5) eýeçilik gatnaşyklary;

6) ykdysadyýeti, medeni-durmuş gurluşy dolandyrmagy guramak;

7) býujet-maliýe ulgamy, nyrh emele gelme we salgyt salma;

8) jenaýat, dolandyryş we raýat kanunçylygynyň meseleleri;

9) kazyýet işini ýörediş;

10) jemgyýetçilik birleşiklerini döretmegiň we olaryň işiniň meseleleri;

11) köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hukuk ýagdaýy;

12) daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly meseleler düzgünleşdirilýär.

Emma bu görkezilenler kanun bilen düzgünleşdirilýän meseleleriň we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gutarnykly sanawy däldir. Salgylanylýan Kanuna laýyklykda umumydöwlet ähmiýetli beýleki meseleler hem kanun arkaly düzgünleşdirilip bilinýär. Aýry-aýry meseleler boýunça kanunlar Türkmenistanyň konstitusiýasy tarapyndan bellenilen tertipde Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan hem kabul edilip bilinýär[1].

Kanuna laýyklykda degişli ygtyýarlygy bolan döwlet edarasy ýa-da wezipeli adam kadalaşdyryjy hukuk namany kabul edende, birnäçe talaplary berjaý etmelidir, ýagny kadalaşdyryjy hukuk nama aşakdakylary öz içine almalydyr:

– kadalaşdyryjy hukuk namanyň görnüşiniň ady;

– kadalaşdyryjy hukuk namanyň nämäni düzgünleşdirýändigini görkezýän ady;

– kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysy;

– kadalaşdyryjy hukuk nama gol çekýän adamyň wezipesi;

– kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilen senesi, belgisi, ýeri.

Kadalaşdyryjy hukuk namany kabul etmäge ygtyýarly edaralar we wezipeli adamlar görkezilen düzgünlere laýyklykda kadalaşdyryjy hukuk namalaryň gurluşyna bolan anyk talaplary belleýärler. Görkezilenler bilen birlikde, kadalaşdyryjy hukuk namanyň mazmuny onuň niýetlenilişine laýyk gelmelidir, many taýdan yzygiderli, gysga we aýdyň bolmalydyr. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysynda düşnüksiz söz düzümleri, gaýtalanmalar, gysgaltmalar we iki manylylyk bolmaly däldir. Ilkinji gezek ulanylýan at gysgaldylan görnüşde berlip bilinmeýär. Kadalaşdyryjy hukuk nama az mälim bolan we ýörite adalgalaryň düşündirişini hem özünde saklap bilýär. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazgysy edebi diliň we hukuk adalgalarynyň kadalaryny berjaý etmek bilen beýan edilmelidir. Köpmanyly we göçme manyly sözleriň hem-de aňlatmalaryň, sypatlandyrmalaryň we deňeşdirmeleriň ulanylmagyna ýol berilmeýär. Kadalaşdyryjy hukuk nama üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizilende üýtgetmeleriň manysy beýan edilýär ýa-da kadalaşdyryjy hukuk namanyň degişli maddasynyň, böleginiň, bendiniň täze mazmuny görkezilýär.

---

[1] «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunyň 7-nji maddasy.

Salgylanylýan Kanunyň 9-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary Türkmenistanyň kanunlaryny düşündirmegiň ýa-da ulanmagyň, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen Türkmenistanyň kanunlaryny tassyklamagyň, halkara şertnamalaryny we ylalaşyklaryny tassyklamagyň şeýle hem ýatyrmagyň meseleleri boýunça Türkmenistanyň Mejlisiniň maslahatlarynda kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr. Türkmenistanyň Mejlisiniň belli bir şahsa degişli we guramaçylyk-serenjam beriji häsiýetindäki kararlary kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hataryna girmeýär. Kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamagyň meýilnamalaryny Türkmenistanyň Mejlisiniň komitetleri işläp taýýarlaýarlar we Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanylýar.

Esasy Kanunymyzyň 63-nji maddasynyň 1-nji bendinde Türkmenistanyň Mejlisiniň Türkmenistanyň konstitusiýasyna we kanunlaryna resmi düşündirişler bermäge bolan ygtyýarlygy bellenilýär. Düşündiriş diýlende, fiziki ýa-da ýuridik şahslaryň islendik hadysa, ýagdaýa ýa-da haýsydyr bir görnüşdäki resminama düşünmäge ýa-da düşündirmäge gönükdirilen akyl taýdan işjeňligine düşünilýär. Mejlisiň düşündirişleri diýlende bolsa, ilkinji nobatda hukuk kadalarynyň resmi düşündirişine düşünilýär.

Düşündirişiň bu görnüşi, döwlet edaralarynyň, dürli guramalaryň hem-de aýry-aýry raýatlaryň hukuk kadalarynda kanun çykaryjynyň hemmeler üçin hökmany bolan erkini düşünmeklige we düşündirmeklige gönükdirilen işidir. Hukuk kadalaryny düşündirmegiň esasy maksady, olarda beýan edilýän düzgünleri anyk durmuş ýagdaýlary babatda dogry ulanmaklygy üpjün etmekdir. Hukuk güýji boýunça hukuk kadalarynyň düşündirişi resmi we resmi däl düşündirişlere bölünýär.

Öz gezeginde hukuk kadalarynyň resmi düşündirişi kadalaşdyryjy we kazual düşündirişlere, resmi däl düşündirişleri bolsa doktrinal hem gündelik düşündirişlere bölünýär. Hukuk kadalarynyň düşündirişini göwrümi boýunça harplaýyn, çäklendirilen we ýaýrawly görnüşlere bölmek bolýar. Şonuň bilen birlikde-de, hukuk ylmynda hukuk kadalaryny düşündirmekde ulanylýan usullar bilen baglylykda düşündirişiň grammatiki, logiki, ulgamlaýyn we taryhy görnüşleriniň bardygyny hem bellemek gerekdir.

**Kadalaşdyryjy düşündiriş** – bu hukuk kadalarynyň resmi düşündirişiniň bir görnüşi bolup, hukugy ulanyş işiniň dowamynda umumy gollanma hökmünde ulanylmagyna niýetlenýär, özem dürli ýagdaýlaryň çäklendirilmedik möçberine we subýektleriň giň toplumyna degişli bolýär. Mysal ücin, Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan Türkmenistanyň Esasy Kanunyň bir maddasynyň düşündirişi. Kadalaşdyryjy düşündiriş autentiki[1] we legal[2] düşündirişlere bölünýär.

---

[1] Gr. autentikos – hakyky, asyl, düzgüne görä bir resminamanyň özi bilen deň hukuk güýjüne eýe bolan, emma başga dilde düzülen resminamanyň tekstine doly laýyk gelýändiginiň resmi taýdan tassyklanan tekstini düzmekligi aňladýar;

[2] Lat. legal, legalis – kanuny;

**Autentiki düşündiriş** – bu kadalaşdyryjy düşündirişiň bir görnüşi bolup, kadalaşyryjy namany kabul eden döwlet edarasy tarapyndan oňa berilýän resmi düşündirişi aňladýar. Düşündirişiň bu görnüşi hukuk kadalarynyň gönüden-göni düşündirilýändigi we ol kadalary ulanýanlar üçin hökmanylyk häsiýetiniň bardygy bilen tapawutlanýar.

**Legal düşündiriş** – bu hem kadalaşdyryjy düşündirişiň bir görnüşi bolup, onuň kanunalaýyk häsiýeti bardyr we düşündirişiň bu görnüşini düzmeklik şeýle düşündiriş berilýän kadalaşdyryjy hukuk namany kabul eden döwlet edara tarapyndan döwlet edaralarynyň ulgamynda ondan aşakda durýan edara tarapyndan, ýokarda durýan görkezilen edaranyň tabşyrmagynyň ýa-da rugsat bermeginiň, ýa-da özüniň kanunda berkidilen ygtyýarlyklarynyň esasynda amala aşyrylýar. Mysal üçin, Ýokary kazyýet öz ygtyýarlyklarynyň çäginde döwletiň ýokary kanun çykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalar boýunça kazyýetlere kazyýet işlerine seredilende ýüze çykýan Türkmenistanyň kanunçylygyny ulanmagyň meseleleri boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri berip bilýär[1].

**Kazual**[2] **düşündiriş** – bu hukuk kadalarynyň resmi düşündirişiniň bir görnüşi bolup, anyk ýagdaýlar babatda hukuk kadalaryny ulanýan döwlet edaralary tarapyndan olara berilýän düşündirişdir. Mysal üçin, aýyplaýyş höküminiň iş kesilene jeza çäresiniň bellenýän bölüminde onuň günäsini agyrlaşdyrýan we ýeňilleşdirýän ýagdaýlar düşündirilýär.

**Doktrinal düşündiriş** – bu hukuk kadalarynyň resmi däl düşündirişiniň bir görnüşi bolup, abraýly hukukçy-alymlar tarapyndan berilýän ylmy düşündirişi aňladýar.

**Gündelik düşündiriş** hem hukuk kadalarynyň resmi däl düşündirişiniň bir görnüşi bolup, gündelik tejribede islendik hukuk ulanyjy edara tarapyndan takyk bir ýagdaý barada berilýän düşündirişi aňladýar. Mysal üçin, prokuratura edarasynyň arzaça berýän jogaby.

*Harplaýyn (adekwat*[3]*) düşündiriş* – bu hukuk kadasynyň many-mazmuny we sözde beýan ediliişi gabat gelende berilýän düşündirişdir.

*Grammatiki*[4] *düşündiriş* – bu hukuk kadasynyň manysyny we mazmunyny anyklaşdyrmak üçin onuň düzümindäki sözleriň özara baglanyşygynyň gurluşyny seljermeklik bilen berilýän düşündirişdir.

*Taryhy düşündiriş* – bu düşündirilýän kadanyň mazmunyny anyklaşdyrmak üçin ol kada işlenip düzülen wagtynda ulanylan maglumatlary hereket edýän kada bilen

---

[1] «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 38-nji maddanyň 3-nji bendi. Aşgabat, 15.08.2009.

[2] Lat. casus – waka, ýagdaý;

[3] Lat. adaequatus – deňleşdirilen, deň;

[4] Gr. gramma – harp.

deňeşdirmek arkaly berilýän düşündirişdir. Mysal üçin, döwletiň konstitusiýasynyň ol ýa-da beýleki kadalarynyň mazmuny şol konstitusiýa işlenip düzülende ulanylan maglumatlaryň seljermesi arkaly amala aşyrylýar.

*Logiki[1] düşündiriş* – bu pikirlenmegiň manyly yzygiderliligi arkaly hukuk kadasynyň manysynyň we mazmunynyň düşündirilmegidir.

*Çäklendirilen düşündiriş* haçan-da hukuk kadasynyň söz düzümi onuň hakyky manysyndan uly bolanda ulanylýan düşündirişiň görnüşidir. Ýaýraw düşündiriş bolsa, haçan-da hukuk kadasynyň söz düzümi onuň hakyky manysyndan dar bolanda ulanylýan düşündirişiň görnüşidir. Mysal üçin, Esasy Kanunyň 101-nji maddasynda: «Kazylar garaşsyzdyrlar, olar diňe kanuna tabyndyrlar we özleriniň içki ynam-ygtykadyna gollanýarlar.» diýen hukuk kadasy berkidilýär. Emma bu kada kazylaryň diňe kanundan başga kadalaşdyryjy hukuk namalara, ýagny konstitusiýa, konstitusion kanunlara we Türkmenistanyň Mejlisiniň ýa-da Ýokary kazyýetiň kadalaşdyryjy häsiýetli hukuk namalaryna tabyn däldiklerini aňlatmaýar.

*Ulgamlaýyn düşündiriş* – bu hukuk kadasynyň degişli kadalaş-dyryjy hukuk namadaky ornuny anyklamak arkaly onuň many-mazmuny anyklaşdyrmaga gönükdirilen düşündirişdir. Sebäbi her bir kadalaşdyryjy hukuk namanyň ulgamy, düzümi kanun çykaryjy tarapyndan anyk esaslar boýunça, berk tertipli görnüşde emele getirilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kanunçylygynda, jenaýat işini gozgamagyň esaslaryny we tertibini kesgitleýän hukuk kadalaryndan öň jenaýat işini önümçilikden togtatmak ýa-da ýatyrmak barada hukuk kadalary berkidilip bilinmeýär.

Hukuk düşündirişleriniň ýene-de bir özbaşdak görnüşi bolsa halkara şertnamasynyň düşündirişi bolup durýar. Düşündirişiň bu görnüşiniň mazmuny halkara ylalaşygyny baglaşan taraplaryň hakyky maksatlaryny we ylalaşykdaky kadalaryň hakyky manysyny anyklaşdyrmakdan ybaratdyr. Onuň maksady bolsa mümkin boldugyndan halkara ylalaşygynyň ähli şertleriniň durmuşa geçirilmegidir we şonuň netijesinde halkara hukugynyň esasy ýörelgeleriniň biri bolan «pacta sunt servanda – şertnamalar ýerine ýetirilmelidir» diýen ýörelgesiniň berjaý edilmegini üpjün etmekdir. Halkara ylalaşyklaryny düşündirmeklikde artykmaçlyk hukugy şol ylalaşygyň gatnaşyjylaryna degişlidir.

**2.** Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 63-nji maddasynyň 2-nji bendinde Türkmenistanyň Mejlisiniň Ministrler Kabinetiniň iş maksatnamasyny makullamak baradaky meselä garamaklyga bolan ygtyýarlygy berkidilýär. Ministrler Kabinetiniň iş maksatnamasy – bu Hökümet tarapyndan onuň ýerine ýetiriş we serenjam beriş ygtyýarlyklarynyň ulanylyp, döwletiň bütin çäginde, belli bir wagtda amala aşyrylmaklygy meýilnamalaşdyrylýan çäreleriň toplumydyr. Demokratiýa ýörelgeleriniň esasynda hereket edýän döwletlerde kanun çykaryjy häkimiýet bolan parlament döwletiň iň ýokary wekilçilikli edarasy hökmünde çykyş edýär we

[1] Gr. logike – paýhasly esas.

tutuş halkyň adyndan Hökümetiň işine gözegçiligi amala aşyrýar. Düşündirilýän maddanyň bu bendinde berkidilýän Mejlisiň ygtyýarlygy hem şol demokratiýa ýörelgelerinden gelip çykýar.

**3.** Mejlisiň Türkmenistanyň döwlet býujetini we onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak baradaky meselä garamaga bolan ygtyýarlygy bolsa, Türkmenistanyň Prezidentiniň Esasy Kanunyň 53-nji maddasynyň 6-njy bendinde berkidilýän ygtyýarlygy bilen utgaşykly bolup, gaýtadan düşündirilmegine mätäç däldir. Ýöne şu ýerde belläp geçmeli ýagdaý, eger-de Mejlis ýerine ýetiriji häkimiýetiň döwlet býujetiniň girdejileriniň we çykdajylarynyň möçberi bilen ylalaşmadyk ýagdaýynda döwlet býujetini kabul etmezden ony gaýtadan işläp düzmeklik üçin gaýtarmaga haklydyr.

**4.** Mejlisiň möhüm ygtyýarlyklarynyň biri bolsa, ýurdy syýasy, ykdysady, sosial taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryna we maksatnamalaryna garamak bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, ösüş – bu kanunalaýyk hereketiň netijesinde haýsydyr bir zadyň düzüminiň we gurluşynyň düýpgöter üýtgemegini we kämilleşmegini aňladýar. Kämilleşdirmek diýlende bolsa haýsydyr bir zady üýtgetmegiň netijesinde onuň peýdaly häsiýetlerini ýüze çykarmaga ýa-da artdyrmaga gönükdirilen işe düşünilýär. Syýasy, ykdysady we sosial ösüş bolsa jemgyýetiň umumy ösüşiniň medeni, ahlak ösüş ýaly möhüm düzüm bölekleri bolup durýar.

*Syýasy ösüş* – bu döwlet tarapyndan adamyň we raýatyň syýasy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň durmuşa geçirilmegini has berk we anyk üpjün etmek maksady bilen jemgyýetiň syýasy gurluşynyň yzygider kämilleşdirilmegidir.

*Ykdysady ösüş* – bu döwletiň ykdysadyýetde yzygider höweslendirmeleri artdyryp, ýurduň ykdysadyýetini birsyhly galkyndyrmaga gönükdirilen hereketleriniň netijesinde ýurduň jemi içerki önüminiň we arassa milli girdejiniň çalt depginlerde ýokarlanmagydyr.

*Sosial ösüş* – bu döwlet tarapyndan raýatlaryň maddy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak üçin goýberilýän serişdeleriň yzygider artmagynyň we netijeli ulanylmagynyň netijesinde ýurduň ilatynyň maddy üpjünçiliginiň ýokarlanmagydyr.

Türkmenistanyň Mejlisi hem ösüşiň şu görnüşlerini durmuşa geçirmegi meýilnamalaşdyrýan maksatnamalara garamaga ygtyýarlydyr. Ol maksatnamalary bolsa Mejlisiň özi hem, döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýet şahasyna degişli edaralar hem düzüp bilýärler.

**5.** Esasy Kanunda berkidilişi ýaly, Mejlis ählihalk sala salşyklaryny geçirmek hakyndaky meseleleri çözýär.

**6.** Görkezilen ygtyýarlyklaryndan başga-da, Mejlis Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher wekilçilikli edaralarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny bellemäge ygtyýarlydyr.

**7.** Mejlisiň Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi boýunça Ýokary kazyýetiň başlygyny, Baş prokurory, Içeri işler ministrini, Adalat ministrini wezipelerine

bellemek, şeýle hem olary wezipesinden boşatmak baradaky meselelere garamaklyga bolan ygtyýarlygy Esasy Kanunyň 53-nji maddasynyň 12-nji bendinde berkidilen ygtyýarlyklary bilen utgaşýar.

**8.** Döwlet sylaglaryny döretmek, Türkmenistanyň Prezidentini döwlet sylaglary bilen sylaglamak, oňa harby atlary we tapawutlandyryş atlaryny dakmak hem Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlyklarynyň biri bolup durýar. Döwlet sylaglary kanun esasynda döredilýär we olary dakmagyň esaslary hem tertibi-de şol kanunlarda ýa-da ýörite düzgünnamalarda kesgitlenýär. Esasy Kanunyň 53-nji maddasynyň 11-nji bendine laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň ordenleri we beýleki döwlet sylaglary bilen sylaglaýar, hormatly atlary, harby atlary, beýleki ýörite döwlet atlaryny we tapawutlandyryş atlaryny dakýar. Emma halkyň we döwletiň öňünde bitiren hyzmatlary üçin Prezident özi-özüni sylaglap bilmeýär. Şonuň üçinem Mejlis tutuş halkyň we döwletiň adyndan döwlet Baştutanyny döwlet sylaglary bilen sylaglamak meselesini çözmäge ygtyýarly edilýär.

**9.** Mejlisiň döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň konstitusiýa laýyklygyny ýa-da laýyk däldigini kesgitlemeklige bolan ygtyýarlygynyň mazmuny, «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň VI babynda beýan edilýär. Salgylanylýan Kanuna laýyklykda, Mejlis döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyk gelýändigini ýa-da gelmeýändigini kesgitleýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklygy baradaky meselelere garalanda, Mejlis olaryň konstitusionlyk prezumsiýasyndan ugur alýar.

Mejlis namalaryň konstitusiýa laýyklygynyň meselelerine olary girizmäge hukugy bolanlaryň teklibi esasynda seredýär. Namanyň konstitusiýa laýyklygyny kesgitlemek üçin Mejlise teklip girizmek hukugyna Türkmenistanyň Prezidenti, Mejlisiň deputatlary, Ministrler Kabineti, Ýokary Kazyýet haklydyr. Ministrlikler we pudak edaralary, ýerli häkimiýet we öz-özüni dolandyryş edaralary, eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalar, edaralar we guramalar, raýatlar namanyň konstitusiýa laýyklygyny kesgitlemek üçin teklip girizmek hukugyna eýe bolan edaralara we wezipeli adamlara ýüz tutup bilýärler. Mejlis girizilen teklibi delillendirip ret etmäge hukuklydyr.

Salgylanylýan Kanunynyň 51-nji maddasyna laýyklykda Mejlis jedelli kadalaşdyryjy hukuk namanyň konstitusiýa gabat gelýändigini kesgitleýän wagty onuň Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýykdygyny:

1) kadalaryň mazmuny we görnüşi (formasy) boýunça;

2) döwlet edaralarynyň arasyndaky ygtyýarlyklaryň kesgitlenmekligi nukdaý nazaryndan;

3) kabul etmegiň, gol çekmegiň, çap etmegiň we herekete girizmegiň tertibi boýunça takyklaýar.

Mejlis görkezilen meselelere sereden wagtynda taraplaryň delillerine we pikirlerine bagly däldir. Şonuň ýaly-da Mejlis girizilen teklipde görkezilmedik, emma barlanylýan nama esaslanýan ýa-da onuň käbir düzgünlerini gaýtalaýan namalar boýunça hem karar çykaryp bilýär. Emma Mejlis geljekde olaryň konstitusiýa laýyklygy baradaky meseläniň ýüze çykmagynyň öňüni almak maksady bilen taýýarlanylýan namalaryň taslamalaryna gözegçilik we syn etmeýär.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, namalaryň konstitusiýa laýyklygy hakynda Mejlisiň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul eden kararlary Türkmenistanyň ähli çäklerindäki döwlet edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri, eýeçiligiň görnüşine garamazdan edaralar, wezipeli adamlar we raýatlar üçin hökmanydyr. Mejlisiň kararlary olaryň iberilen edaralary hem-de wezipeli adamlar tarapyndan seredilmelidir we Türkmenistanyň kanunçylygynda başga möhlet göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda Mejlisiň bellän möhletinde oňa jogap bermek hökmandyr. Şu mesele boýunça Mejlisiň kabul eden kararlaryna garamakdan boýun gaçyrylsa ýa-da ýüz dönderilse, möhletleri bozulsa, berjaý edilmese ýa- -da degişli derejede berjaý edilmese, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçiligiň ýüze çykmagyna getirýär. Bu işleriň ählisi hem hukuk nazaryýetinde konstitusion gözegçilik diýlip atlandyrylýar.

**10.** Halkara şertnamalaryny tassyklamak (ratifikasiýa) we ýatyrmak (denonsasiýa[1]) hem Mejlisiň esasy ygtyýarlyklarynyň biri bolup durýar. 2010-njy ýylyň 22-nji maýynda kabul edilen, «Türkmenistanyň halkara şertnamalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 2-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen özara we halkara gatnaşyklarynyň dürli meseleleri boýunça baglaşýan we oňa gatnaşýanlar üçin halkara hukuklaryny we borçlaryny belleýän şertnamalar Türkmenistanyň halkara şertnamalary bolup durýar. Türkmenistanyň halkara şertnamalary: a) Türkmenistanyň adyndan – döwletara şertnamalary; b) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň (Hökümetiň) adyndan – hökümetara şertnamalary; ç) ministrlikleriň hem pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň adyndan – pudagara şertnamalary baglaşylýar. Halkara şertnamasynyň ýerine ýetirilmeginiň hökmanylygyna Türkmenistanyň ylalaşýandygy baradaky şertnama gol çekmek, şertnamany döredýän resminamalary alyşmak, şertnamany ratifisirlemek (ykrar etmek), ony tassyklamak, oňa goşulmak ýa-da ylalaşýan taraplaryň şertleşen beýleki islendik usuly bilen aňladylyp bilinýär.

Salgylanylýan Kanunyň 5-nji maddasyna laýyklykda, döwletara we hökümetara derejelerde Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny baglaşmak hakyndaky teklipler Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan degişlilikde Türkmenistanyň Prezidentine ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berilýär. Pudagara häsiýetli Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny baglaşmak hakyndaky teklipler

[1] Lat. denoncer – yglan etmek, bozmak, halkara şertnamanyň oňa gatnaşyjy bolan döwletleriniň biri tarapyndan ýerine ýetirmekden ýüz dönderilmegini aňladýar.

Türkmenistanyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen bilelikde ýa-da onuň bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berilýär.

Şonuň ýaly-da, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňunde tutulandakydan başga kadalary belleýän Türkmenistanyň halkara şertnamalary Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Prezidentine ýa-da Turkmenistanyň Ministrler Kabinetine berilýär. Şunda Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny baglaşmak hakyndaky teklipler Türkmenistanyň Prezidentine ýa--da Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berilmezinden ozal Türkmenistanyň gyzyklanýan ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen ylalaşylýar.

Şonuň ýaly-da halkara şertnamasyny baglaşmak hakyndaky teklipde şertnamanyň taslamasy ýa-da onuň esasy düzgünleri we ony baglaşmagyň maksadalaýyklygy beýan edilmelidir. Hereket edýän köp taraply halkara şertnamasy babatyndaky teklipde şertnama gatnaşýan döwletleriň sanawy, şeýle hem zerur halatlarda Türkmenistanyň bellikleriniň ýazgysy we olaryň esaslandyrmasy görkezilmelidir.

Gepleşikler geçirmek hakyndaky we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna gol çekmek hakyndaky çözgütler, ýagny döwletara we hökümetara şertnamalary babatda Türkmenistanyň Prezidenti, pudagara häsiýetli şertnamalar babatda bolsa Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan kabul edilýär.

Kanuna laýyklykda Türkmenistanyň adyndan gepleşikler geçirmäge we halkara şertnamalaryna gol çekmäge bolan ygtyýarlyklary, ýagny döwletara we hökümetara şertnamalary babatda Türkmenistanyň Prezidenti, pudagara häsiýetli şertnamalar babatynda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan berilýär.

Salgylanylýan Kanunyň 7-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň adyndan gepleşikler geçirmäge we halkara şertnamalaryna gol çekmäge bolan ygtyýarlyklar, döwletara şertnamalar babatda Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygyna, Hökümetara şertnamalary babatda Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlaryna, pudagara häsiýetli şertnamalar babatynda ministrlere we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylaryna hem berlip bilinýär. Türkmenistanyň adyndan gepleşikler geçirmäge we halkara şertnamalaryny baglaşmaga bolan ygtyýarlyklar Türkmenistanyň Prezidentiniň ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalary bilen olaryň ygtyýarlyklaryna laýyklykda resmileşdirilýär.

Görkezilenlerden başga-da, Türkmenistanyň Prezidenti ýörite ygtyýarlyklary almazdan gepleşikler geçirmäge we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna gol çekmäge hukuklydyr. Kanunda bellenilişine görä, Türkmenistanyň Daşary işler ministri hem döwletiň daşary syýasatynyň esas goýujy ýörelgelerinden ugur alyp hem-de halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda

ýörite ygtyýarlyklar almazdan gepleşikler geçirmäge we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna gol çekmäge haklydyr[1].

Şonuň ýaly-da, Türkmenistanyň daşary döwletdäki diplomatik wekilhanasynyň baştutany ýa-da halkara guramasynyň ýanyndaky Türkmenistanyň wekilhanasynyň baştutany degişlilikde öz bolýan ýerindäki döwlet bilen ýa-da şol halkara guramasynyň çäklerinde ýörite ygtyýar almazdan Türkmenistanyň halkara şertnamasyny baglaşmak hakyndaky gepleşikleri geçirmäge haklydyr.

Kanuna laýyklykda Türkmenistanyň:

● adamyň we raýatyň esasy hukuklary we azatlyklary hakynda;

● dostluk, hyzmatdaşlyk we özara kömek hakynda;

● güýç ulanmakdan ýa-da güýç ulanmak howpuny salmakdan bilelikde ýüz döndermek hakynda;

● ýaraşyk şertnamalary;

● Türkmenistany beýleki döwletlerden territorial taýdan çäklendirmek hakynda;

● Türkmenistanyň kanunlaryny kabul etmegiň, üýtgetmegiň ýa-da güýjüni ýatyrmagyň zerurlygyny göz öňünde tutýan ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyndaka garanda gaýry kadalary belleýän;

● döwletiň goranmagy we howpsuzlygy bilen baglanyşykly;

● ykdysady häsiýetli köp taraply ýa-da uzak möhletli şertnamalar;

● döwletara we gaýry birleşmeler hakyndaky şertnamalar hökmany suratda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanylmaga degişlidir.

Şonuň bilen birlikde-de, taraplaryň baglaşan, soňra tassyklamaly diýip şertleşen Türkmenistanyň halkara şertnamalary hem tassyklanylmaga degişlidir[2].

Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny tassyklamak hakyndaky teklipler Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan özbaşdak ýa-da beýleki ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde ylalaşylyp, Türkmenistanyň Prezidentine berilýär. Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny Türkmenistanyň Mejlisine tassyklamaga bermek hakynda çözgüt kabul edýär. Türkmenistanyň Mejlisi bolsa, öz gezeginde Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklamaga berlen halkara şertnamalaryna garaýar we olar boýunça çözgütler çykarýar. Türkmenistanyň halkara şertnamasyny tassyklamak hakynda Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary degişlilikde çözgütler we kararlar görnüşinde kabul edilýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň halkara şertnamany tassyklamak hakyndaky çözgüdiniň esasynda Türkmenistanyň Prezidenti tassyklaýyş hatyna gol çekýär. Tassyklaýyş hatynyň görnüşi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

---

[1] «Türkmenistanyň halkara şertnamalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasy.

[2] «Türkmenistanyň halkara şertnamalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 11-nji madda.

Tassyklaýyş hatlaryny alyşmak we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny tassyklamak hakyndaky hatlary depozitarilere[1] saklamaga tabşyrmak işi Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça Türkmenistanyň diplomatik wekilhanasynyň ýerleşýän döwletinde onuň baştutany ýa-da halkara guramasynyň ýanyndaky Türkmenistanyň wekilhanasynyň baştutany, ýa-da Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan muňa ýörite ygtyýarly edilen wekil tarapyndan geçirilýär.

Salgylanylýan Kanunyň 26-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň güýjüni ýatyrmak ýa-da togtatmak hakyndaky teklipler halkara şertnamasyny baglaşmak hakyndaky teklipleri girizmek üçin şu salgylanylýan Kanunyň 5-nji maddasynda bellenilen tertibe laýyklykda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, beýleki ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berilýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Prezidentine degişli teklipleri hödürleýär.

Türkmenistanyň tassyklanan halkara şertnamalaryny hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Mejlisiniň çözgütleri esasynda amala aşyrylan şertnamalaryň güýjüni ýatyrmak ýa-da togtatmak işi Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanmagy talap edilmeýän Türkmenistanyň döwletara we hökümetara şertnamalarynyň güýjüni ýatyrmak ýa-da togtatmak işi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan geçirilýär. Pudagara häsiýetli halkara şertnamalarynyň güýjüni ýatyrmak ýa-da togtatmak işi bolsa, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan geçirilýär[2].

**11.** Mejlisiň Türkmenistanyň Döwlet serhedini we dolandyryş-çäk bölünişigini üýtgetmek meselelerine garamaga bolan ygtyýarlygy barada aýdylanda. Mejlis tutuş döwletiň dürli syýasy, ykdysady, sosial, medeni we gaýry bähbitlerinden ugur alyp, Döwlet serhedini ýa-da dolandyryş-çäk bölünişigini üýtgetmek barada karar kabul etmäge ygtyýarlydyr.

**12.** Mejlisiň parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerine garamaklyga bolan ygtyýarlygy hem onuň döwletiň iň ýokary wekilçilikli edarasy hökmünde tutuş halkyň adyndan çykyş edýänligi bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi parahatçylyk we howpsuzlyk meseleleri islendik döwletiň, halkyň durmuşynda iň wajyp meseleler bolup, ol meseleleriň çözülmegine örän jogapkärçilikli çemeleşmek zerurdyr. Şonuň bilen birlikde-de bu ygtyýarlygyň parlamente degişli edilmegi bütin dünýäde umumy ykrar edilen kada hökmünde döwlet gurluş tejribesine girizilen ýörelgedir. Parahatçylyk diýlende bolsa, halklaryň, döwletleriň arasynda ýaragly çaknyşyklaryň, şonuň ýaly-da döwletleriň içerki çäginde ýaragly gapma-garşylygyň bolmazlygyna düşünilýär.

---

[1] Lat. depositum – saklamaga berlen zat, halkara hukugynda halkara ylalaşygynyň asyl nusgasyny we tassyklaýyş (ratifikasion) hatlaryny saklamak borjuny öz üstüne alan döwleti aňladýar.

[2] «Türkmenistanyň halkara şertnamalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 27-nji maddasy.

**13.** Esasy Kanunyň 63-nji maddasynyň soňky bendinde Mejlisiň konstitusiýada we kanunlarda öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýändigi görkezilýär. Beýleki meseleleri çözmek diýlende, esasan hem:

● Mejlisiň başlygyny, Mejlisiň başlygynyň orunbasaryny saýlamak, olary wezipesinden boşatmak;

● Mejlisiň komitetlerini we toparlaryny döretmek, üýtgedip guramak we ýatyrmak, olaryň düzümini tassyklamak, komitetleriň we toparlaryň başlyklaryny we orunbasarlaryny saýlamak hem-de olary wezipesinden boşatmak;

● Türkmenistanyň Prezidentine aýry-aýry meseleler boýunça kanunlary çykarmak hukugyny bermek;

● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen kanunlary tassyklamak;

● Ministrler Kabinetiniň iş maksatnamasyny makullamak baradaky meselä garamak hem-de kanuny taslamalaryny işlemegiň ýyllyk we geljekki döwür üçin meýilnamalaryna garamak we tassyklamak;

● ýerli häkimiýetiň wekilçilikli edaralarynyň hem-de Geňeşleriň işine guramaçylyk-usullaýyn ýolbaşçylygy amala aşyrmak degişlidir[1].

## §4. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň hukugy

Türkmenistanyň konstitusiýasynda: «Mejlis deputatlaryň ygtyýarlyklaryny özbaşdak kesgitleýär, olaryň arasyndan Mejlisiň başlygyny, onuň orunbasaryny saýlaýar, komitetleri we toparlary düzýär. Mejlisiň öňki çagyrylyşynyň deputatlary Mejlisiň täze çagyrylyşynyň birinji maslahaty açylýança öz ygtyýarlyklaryny saklaýarlar[2]» diýen konstitusion-hukuk kadasy berkidilýär.

Bu maddada berkidilişine görä, Mejlis deputatlaryň ygtyýarlyklaryny özbaşdak kesgitleýär. Bu konstitusion kada laýyklykda döwlet häkimiýet-dolandyryş ulgamynda kanunçykaryjylyk ygtyýarlyklaryna eýe bolan ýokary häkimiýet edarasy hökmünde Mejlis öz düzüm gurluşyny emele getirýän wezipeli şahslar bolan deputatlaryň ygtyýarlyklaryny özbaşdak kesgitlemäge doly hukuklydyr. 2009-njy ýylyň 9-njy ýanwarynda kabul edilen «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 31-nji maddasyna laýyklykda, deputatyň ygtyýarlyklary olary ykrar etmek hakynda Mejlis tarapyndan karar kabul edilen pursatyndan ýüze çykýar we täze çagyrylyşdaky Mejlisiň işe başlan pursatyndan ýatyrylýar.

---

[1] «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasy.

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 62-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Mejlise saýlanan deputatyň ygtyýarlyklaryny ykrar etmek hakynda Mejlis tarapyndan karar kabul edilen pursatyndan deputatlaryň Mejlis bilen özara gatnaşyklary ýüze çykýar we Mejlisiň hem-de onuň edaralarynyň işine işeňňir gatnaşýar, olaryň tabşyryklaryny ýerine ýetirýär. Şonuň ýaly-da Mejlisiň deputatynyň işiniň esasy ugry, kanunlaryň we gaýry hukuk namalaryň taslamalaryny taýýarlamak, oňa garamak we kabul etmek bolup durýar. Deputatlyk ygtyýarlyklaryny amala aşyrmak we öz borçlaryny ýerine ýetirmek boýunça deputatyň Mejlis bilen gatnaşygy «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny hem-de Mejlis tarapyndan kabul edilýän gaýry kadalaşdyryjy namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Esasy Kanunymyzda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň Ministrler Kabinetine, ministrlere, beýleki döwlet edaralarynyň ýolbaşçylaryna resmi sowal bilen ýüz tutmaga, dilden hem hat üsti bilen sowal bermäge hukugynyň bardygy[1] berkidilýär.

Esasy Kanunda berkildilen bu bu konstitusion-hukuk kadasy Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň özleriniň deputatlyk wezipesini doly suratda ýerine ýetirmek üçin Hökümete, ministrlere we beýleki döwlet edaralarynyň ýolbaşçylaryna resmi sowal bilen ýüz tutmaga, dilden we hat üsti bilen sowal bermäge bolan hukuklaryny kepillendirýär.

*Deputatyň resmi sowaly* – bu Mejlisiň maslahatynda döwlet edaralaryna we wezipeli adamlara jemgyýetçilik ähmiýetine eýe bolan meseleler dogrusynda resmi düşündiriş bermegi ýa-da şolar barada öz nukdaý nazaryny beýan etmegi hakda deputatyň olara talap bildirmegidir. Resmi sowaly deputat ýa-da deputatlaryň bir topary dilden ýa-da ýazmaça görnüşde girizip bilýär.

*Dilden sowal bermek* – bu Mejlisde belli bir meselelere seredilende Mejlisiň maslahatyna gatnaşýan döwlet edaralaryna we ýolbaşçylaryna berilýän soraglaryň, şeýle hem olara berýän jogaplaryň dil üsti bilen beýan edilmeginden ybaratdyr. Deputatyň Hökümete, ministrlere we degişli döwlet edaralarynyň ýolbaşçylaryna dil üsti bilen sowal bermekligi Mejlisiň maslahatynyň açyk bolmagy, maslahatda seredilýän meseleleriň bolsa Mejlise gatnaşyjylaryň dykgatyna ýetirilmegi, deputatlaryň bolsa özlerini gyzyklandyrýan maglumatlary ilkinji çeşmelerden gös--göni özleri alyp biler ýaly mümkinçiliginiň bolmagy, maslahatyň gatnaşyjylary bolsa degişli ugur boýunça kanunçykaryjylyk işine işeňňir gatnaşyp bilmekleri üçin zerur şertleri döredýär.

Sowalyň ýazmaça hat üsti bilen berilmegi diýlende, Mejlisiň deputatlarynyň özlerini gyzyklandyrýan soraglary Ministrler Kabinetine, ministrlere ýa-da beýleki döwlet edaralarynyň ýolbaşçylaryna ýazmaça hat üsti bilen resmi sowaly bermegine düşünilýär. Ýazmaça görnüşde girizilen resmi sowal Mejlisiň maslahatynda yglan

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. 66-njy madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýät gullugy, 2008.

edilýär. Özüne resmi sowal bilen ýüzlenilen döwlet edarasy ýa-da wezipeli adam Mejlisiň maslahatynda şol resmi sowala Mejlis tarapyndan bellenen möhletlerde jogap bermäge borçludyr. Resmi sowal, oňa berlen jogap hem-de resmi sowala garamagyň netijeleri boýunça Mejlisiň kabul eden karary metbugatda çap edilýär. Deputatyň resmi sowaly boýunça kabul edilen kararyň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty Mejlis tarapyndan bellenen möhlete çenli bermäge döwlet edarasyny ýa- -da wezipeli adamy borçly etmäge Mejlisiň haky bardyr[1].

*Deputatyň ýüzlenmesi* – bu deputatyň Ministrler kabinetine, ministrlere, beýleki döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylaryna dil üsti bilen ýa-da hat üsti bilen ýüzlenmesidir. Deputatyň öz ýüzlenmesine ýa-da özi tarapyndan goýlan meselelere garalanda oňa gatnaşmaga haky bardyr. Ýokarda görkezilen edaralar we wezipeli adamlar deputata onuň dil üsti bilen aýdan ýa-da ýazmaça iberen ýüzlenmesine jogap bermäge borçludyrlar[2].

Mälim bolşy ýaly, islendik işiň netijeli bolmaklygy üçin ilkinji nobatda, şol işiň päsgelçiliksiz ýerine ýetirilmegi üçin zerur şertleriň bolmagy hökmandyr. Çünki netije, ilki bilen şol işiň amal edilişi bilen baglydyr. Hut şol nukdaýnazardan ugur alyp hem, döwlet Türkmenistanyň Mejlisiniň her bir deputatyna onuň öz ygtyýarlyklaryny päsgelçiliksiz we netijeli amala aşyrmagy üçin ähli şertleriň döredilmegini, onuň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, janynyň, at-abraýynyň we mertebesiniň, şeýle hem şahsy eldegrilmesizliginiň goraglylygyny kepillendirýär. Deputatyň hukuklaryna, janyna, abraýyna, mertebesine we azatlygyna, şahsy eldegrilmesizligine hyýanat eden adamlar kanuna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler[3].

*Deputatyň öz ygtyýarlarlyklaryny päsgelçiliksiz amala aşyrmagy üçin şertleriň üpjün edilmegi* – bu döwlet edaralary, kärhanalary, guramalary, jemgyýetçilik birleşikleri we wezipeli adamlar tarapyndan onuň öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmagy üçin ähli zerur şertler bilen üpjün edilmegini aňladýar. «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 43-njy maddasyna laýyklykda, döwlet edaralary deputata özüniň deputatlyk işini amala aşyrmakda, deputatyň saýlaw okrugynda bolmagyny guramakda, ony ulag we myhmanhana bilen üpjün etmekde ýardam edýärler. Şonuň ýaly-da Mejlisiň deputatlary zerur bolan mahalynda, olaryň ygtyýarlyklarynyň bütin döwründe gulluk ýaşaýyş jaýy bilen hem üpjün edilýär. Şonuň bilen baglylykda-da deputatyň we onuň maşgala agzalarynyň öz hemişelik ýaşaýan ýerindäki ýaşaýyş jaýy onuň deputatlyk ygtyýarlyklaryny amala aşyrmak bilen baglanyşykly ýagdaýda şol öýünde bolmadyk möhletiniň bütin dowamynda saklanyp (bronlanýar[4]) galýar.

---

[1] «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 37-nji maddasy.

[2] Şol ýerde. 42-nji madda.

[3] Şol ýerde. 32-nji madda.

[4] Bronlamak – bu adamlaryň ýaşamaklary, dynç almaklary, bir ýerden başga bir ýere gitmekleri üçin jaýlary, myhmanhanalaryň jaýlaryny, bejerdiş-sagaldyş ýerlerini, uçarlary, gämileriň otaglaryny

*Deputatlaryň el degrilmesizlik hukugy* – bu Mejlisiň razylygy bolmazdan Mejlisiň deputatynyň eýeleýän wezipesinden (gullugyndan) boşadylyp bilinmezligini, jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga hili ýol bilen azatlykdan mahrum edilip, kazyýet tertibinde görlen dolandyryş jogapkärçilik çärelerine sezewar edilip bilinmezligini aňladýan hukuk ýagdaýynyň esasy kepilliikleriniň biridir. Ýöne deputatlara bu hukugyň berilmegi olaryň tutuşlygyna jogapkärçilikden (raýat, jenaýat, dolandyryş we hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşinden) boşadylýandygyny aňlatmaýar. Bu hukuk diňe hukuk jogapkärçiliginiň käbir görnüşlerini deputatlar babatda ulanmagyň aýratyn tertibi hökmünde çykyş edýär. Deputatlara eldegrilmesizlik hukugynyň berilmegi, ilkinji nobatda deputatlaryň öz üstlerine ýüklenen wezipelerini päsgelçiliksiz amala aşyrmaklary bilen şertlendirilýär we bu hukuk diňe olaryň deputatlyk wezipelerini ýerine ýetirýän döwründe hereket edýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 68-nji maddasynda şeýle bellenýär: «Deputaty onuň deputatlyk ygtyýarlyklaryndan diňe Mejlis mahrum edip biler. Şu mesele boýunça çözgüt Mejlisiň deputatlarynyň bellenen sanynyň üçden iki böleginden az bolmadyk sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär.

Mejlisiň razylygy bolmasa, deputat jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga hili ýol bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez».

Bu maddada Mejlisiň deputatynyň ygtyýarlyklarynyň Mejlisiň degişli karar kabul etmegi bilen möhletinden öň ýatyrylyp ýa-da ygtyýarlyklaryndan mahrum edilip bilinýändigi hakynda hukuk kadasy berkidilýär. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda kabul edilen «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 33-nji maddasyna laýyklykda, deputaty deputatlyk ygtyýarlyklaryndan mahrum etmek üçin, deputat babatynda kazyýetiň aýyplaw hökümininiň kanuny güýje girmegi; özleriniň saýlan deputatynyň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmak hakynda degişli okrugyň saýlawçylarynyň ýygnaklarynyň kararlarynyň bar bolmagy esas bolup durýar. Şonuň ýaly-da deputatyň öz ygtyýarlyklaryny aýyrmak hakyndaky arzasy; onuň wezipä saýlanmagy ýa-da bellenmegi bilen onuň şol wezipede işlemeginiň kanuna görä deputatlyk ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmek bilen bir ýere sygyşmaýanlygy; şeýle hem kazyýet tarapyndan onuň kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilmegi onuň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmak üçin esas bolup durýar.

Deputatyň ygtyýarlyklaryny mahrum etmek hakyndaky karar deputatlaryň bellenilen sanyndan sesleriň azyndan üçden iki böleginiň açyk ses bermegi arkaly Mejlis tarapyndan kabul edilýär. Deputatyň ygtyýarlyklaryny togtatmak we möhletinden öň ýatyrmak hakyndaky karar deputatlaryň bellenen sanyndan açyk ses bermek bilen sesleriň ýönekeý köplügi arkaly Mejlis tarapyndan kabul edilýär. Deputat barasynda jenaýat işi derňelýän döwürde onuň ygtyýarlyklary togtadylyp bilner.

haýsy hem bolsa bir adamynyň ýa-da bir edaranyň eýeläp goýmaklygyny aňladýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 68-nji maddasynyň 2-nji böleginde berkidilen hukuk kadasyna laýyklykda, Mejlisiň razylygy bolmazdan, deputat jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga hili ýol bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmeýär. Şonuň ýaly-da, kanuna laýyklykda, deputatyň özüni, onuň işleýän ýa-da ýaşaýan jaýyny barlamaga, gulluk ýa-da şahsy ulag serişdesini, onuň goşlaryny barlamaga ygtyýar berilmeýär. Hereket edýän kanunçylykda bellenilişine görä, deputatyň garşysyna jenaýat işini gozgamak, ony jenaýat jogapkärçiligine çekmek, tussag etmek ýa-da başga ýol bilen ony azatlykdan mahrum etmek üçin ýa-da kazyýet tertibinde bellenilýän dolandyryş temmi çärelerini ulanmaklyga razyçylygy almak üçin Türkmenistanyň Baş prokurory Mejlise hat üsti bilen ýüzlenýär. Şol hat deputat barada jenaýat işi gozgalmazyndan ýa-da oňa günä bildirilmezinden ozal, ýa-da ony tussag etmek üçin ýa-da saklamak üçin sanksiýa berilmezinden ozal, ýa-da dolandyryş hukuk düzgünleriniň bozulanlygy hakyndaky işi kazyýete ugradylmazyndan ozal berilýär.

Baş prokuroryň ýüzlenmesine seredilen mahalynda Mejlis Baş prokurordan ýüzlenmede görkezilen meseleleri çözmek üçin zerur bolan goşmaça maglumatlaryň berilmegini talap etmäge ygtyýarlydyr. Mejlis garalan mesele boýunça delillendirilen karar kabul edýär we bu barada üç günüň dowamynda Baş prokurora habar berýär. Ýeterlik esas bolan ýagdaýynda Mejlis öz çykaran kararyna gaýtadan seretmäge ygtyýarlydyr. Özüniň deputatlyk eldegrilmesizligi hakyndaky meselesine seredilýän mahalynda, deputatyň şol maslahata gatnaşmaga haky bardyr. Işi ýöretmek gutaran gününden soňra, Baş prokuror geçirilen barlaglaryň we işe garamagyň netijeleri hakynda üç günüň dowamynda Mejlise habar bermäge borçludyr.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty şol bir wagtyň özünde Ministrler Kabinetiniň agzasy, häkim, arçyn, kazy, prokuror wezipelerini eýeläp bilmeýär[1].

Bellenip geçilişi ýaly, deputat – bu kanun çykaryjy häkimiýetiň wekilçilikli edarasynyň agzasydyr. Kanun çykaryjylyk ygtyýarlygyna eýe bolan deputat ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň aňlatmasy bolan, Ministrler Kabinetiniň agzasy, häkim, arçyn, prokuror ýa-da kazy wezipelerini eýelemegi döwlet häkimiýetiniň bölünişigi we häkimiýet şahalarynyň özbaşdaklygy ýörelgesiniň mazmunyna garşy gelýär. Sebäbi şol bir şahsyň döwlet häkimiýetiniň üç şahasyna degişli bolan, Mejlisiň deputaty, kazy, prokuror, häkim wezipelerinde işlemegi oňa şol bir wagtda döwlet häkimiýetiniň üç şahasynda-da ygtyýarlyklarynyň we borçlarynyň bolmagyna getirýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 69-njy maddasyndaky hukuk kadasy hem, kanun çykaryjy tarapyndan görkezilen ýagdaýlara ýol bermezlik maksady bilen berkidilýär. Şonuň üçinem Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatynyň şol bir

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 69-njy madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

wagtyň özünde Ministrler Kabinetiniň agzasy, häkim, arçyn, kazy, prokuror ýaly döwlet wezipelerini eýeläp bilmejekdigi hakynda hukuk kadasy, döwlet häkimiýet şahalarynyň bölünişigi ýörelgesiniň hakyky manysynda durmuşa geçirilmeginiň üpjün edilmeginden gelip çykýar özem demokratik başlangyçlara esaslanýar.

## §5. Kanunçykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuk

Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuk Türkmenistanyň Prezidentine, Mejlisiň deputatlaryna, Ministrler Kabinetine, Ýokary kazyýete degişlidir[1]. Bu hukuk kadasy, belli bir wezipeli adama ýa-da edara Mejlisde ara alnyp maslahatlaşmaga degişli kanunlaryň taslamalaryny Mejlise hödürlemäge ygtyýar berilmegini aňladýar.

*Kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuk* diýlende, belli bir ugurlar boýunça degişli kanunlaryň taslamalaryny (kanunlaryň tekst-redaksiýalaryny) döwletiň kanun çykaryjy edarasyna hödürlemäge bolan hukuga düşünilýär. Türkmenistanyň konstitusiýanyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň mazmunyna laýyklykda, kanun çykaryjy edara jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir ugruny düzgünleşdirjek täze kanunlaryň taslamasyny ýa-da öňki hereket edip ýören kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek boýunça kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuga eýe bolmadyk edara-kärhanalardan ýa-da raýatlardan aýratynlykda gelip gowuşýan teklipleri kanunyň taslamasy hökmünde seretmäge borçly däldir.

Ol teklipler kanunyň taslamasy hökmünde asla seredilmäge hem degişli däldir. Sebäbi Türkmenistanyň konstitusiýasynda kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuga eýe bolýan subýektleriň sanawy takyk kesgitlenýär. Diňe görkezilen döwlet edaralary ýa-da döwletiň wezipeli adamlary hem kanunlaryň taslamalaryny kanun çykaryjy edarasynyň garamagyna resmi hödürläp bilýärler. Ýöne bu konstitusion hukuk kadasy ýurdumyzyň aýry-aýry raýatlarynyň ýa-da beýleki döwlet edaralarynyň we kärhanalarynyň döwletiň kanunçykaryş işine gatnaşmaga bolan hukuklarynyň ýokdugyny aňlatmaýar.

Kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuga eýe bolmadyk döwlet edaralary, jemgyýetçilik guramalary we raýatlar döwletiň kanunçylyk ulgamyny kamilleşdirmek babatda özleriniň tekliplerini görkezilen hukukdan peýdalanýan edaralara ýa-da wezipeli adamlara gowşuryp bilýärler. Döwletiň jemgyýetçilik durmuşyna degişli ähli umumy we möhüm meseleleri çözmäge gatnaşýan şu aşakdaky edaralaryň we wezipeli adamlaryň kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukugy bardyr:

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 65-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

● *Türkmenistanyň Prezidenti;* Ol döwlet häkimiýet edaralarynyň sazlaşykly işlemeklerini üpjün etmek bilen bir hatarda ýurduň kanun çykaryjylyk işine hem gatnaşmaga hukuklydyr.

● *Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary;* Mejlisiň deputatlarynyň kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukugynyň bolmagy, döwlet ähmiýetli kanunlary ara alyp maslahat etmek üçin özleriniň pikirlerini, şonuň ýaly-da saýlawçylardan gelip gowşan teklipleri durmuşa geçirmeklige mümkinçilik berýär.

● *Türkmenistanyň Ministrler Kabineti;* Kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukugyň Hökümete berilmegi, ilki bilen onuň ýerine ýetiriji häkimiýeti amala aşyrýanlygy we ýurduň jemgyýetçilik durmuşunda bolup geçýän ähli özgerişlikler barada habarly bolmagy bilen baglanyşyklydyr.

● *Ýokary Kazyýet;* Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti hem öz garamagyndaky kazyýet edaralary bilen birlikde öz wezipelerini amala aşyranda ulanylýan kanunlaryň hereket edişine gözegçilik etmäge, olaryň kemçiliklerini ýüze çykarmaga, olary kämilleşdirmegiň ýollaryny kesgitlemäge we kadalaşdyryjy hukuk namalary kämilleşdirmekde özleriniň tekliplerini bermäge borçlydyr.

Sanalyp geçilen kanun çykaryjylyk başlangyjyna hukugy bolan subýektleriň her haýsy bu ugurda aýry-aýrylykda-da, bilelikde-de işläp bilýärler.

Türkmenistanyň Mejlisi aýry-aýry meseleler boýunça Türkmenistanyň Prezidentine kanun çykarmak hukugyny berip bilýär, ýöne soňra şol kanunlary tassyklamak baradaky meselä Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan hökman garalmalydyr.

Şonuň bilen birlikde-de Türkmenistanyň Mejlisi aşakdaky meseleler boýunça kanun çykaryjylyk hukugyny hiç kime berip bilmez:

1) konstitusiýany üýtgetmek;

2) jenaýat we dolandyryş kanunçylygy;

3) kazyýet önümçiligi[1].

Bellenip geçilişi ýaly, döwletiň kanun çykaryjylyk wezipesi, Mejlis tarapyndan amala aşyrylýar. Ýöne käbir ýagdaýlarda çykarylan kanunlary tassyklamak şerti bilen, Mejlis aýry-aýry meseleler boýunça kanun çykarmak hukugyny Türkmenistanyň Prezidentine hem berip bilýär. Aýry-aýry meseleler diýlende, konstitusiýanyň 64-nji maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen konstitusiýa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek, jenaýat we dolandyryş kanunçylygy boýunça we kazyýet önümçiligine degişli meselelerden başga meselelere, ýagny raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaklyga we beýleki ugurlara gönükdirilen meselelere (eýeçilik, ykdysadyýet, ylym-bilim, medeniýet, saglygy saklaýyş, durmuş üpjünçiligi, daşary gatnaşyklar we ş.m.) düşünilýär.

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 64-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Esasy Kanunymyzyň 64-nji maddasynyň 2-nji böleginde, Türkmenistanyň Mejlisiniň konstitusiýa üýtgetmeler girizmek, jenaýat we dolandyryş kanunçylygy we kazyýet önümçiligine degişli edilen meseleler boýunça kanun çykaryjylyk hukugyny hiç kime berip bilmeýändigi barada bellenilýär. Mälim bolşy ýaly, konstitusiýa döwletiň hukuk binýadyny emele getirýär, onda döwlet gurluşynyň esaslary, döwlet häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlyklary, wezipeleri we borçlary kesgitlenýär, şonuň ýaly-da raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary berkidilýär. Jenaýat we dolandyryş kanunçylygy, şeýle hem kazyýet önümçiligi bilen baglanyşykly kanunçylyk bolsa gönüden-göni etmiş eden halatlarynda raýatlaryň esasy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň çäklendirilmegi we olara etmiş edendikleri üçin temmi berilmegi bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçinem hukuk ulgamynyň bu pudaklary boýunça kanunlary kabul etmek diňe bir adamyň ýa-da aýry-aýry döwlet edaralarynyň ygtyýarlygyna berlip bilinmeýär. Bu ygtyýarlyk diňe döwlet kanunçykaryş wezipelerini amala aşyrmak üçin döredilen hem-de halkyň saýlan wekilleriniň jeminden düzülip, halkyň adyndan çykyş edýän ýeke-täk edara – Türkmenistanyň Mejlisine degişlidir.

*13.1-nji çyzgy*






*13.2-nji çyzgy*

**TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI:**

- kanunlary kabul edýär, Türkmenistanyň konstitusiýasyna we kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizýär, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär hem-de olara resmi düşündirişler berýär
- Ministrler Kabinetiniň iş maksatnamasyny makullamak baradaky meselä garaýar
- Türkmenistanyň Döwlet býujetini we onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak baradaky meselelere garaýar
- ýurdy syýasy, ykdysady, sosial taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryna we maksatnamalaryna garaýar
- ählihalk sala salşyklaryny geçirmek hakyndaky meseleleri çözýär
- Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher wekilçilikli edaralarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny belleýär
- Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi boýunça Ýokary kazyýetiň başlygyny, Baş prokurory, Içeri işler ministrini, Adalat ministrini wezipä bellemek we olary wezipeden boşatmak baradaky meselelere garaýar
- döwlet sylaglaryny döredýär, Türkmenistanyň Prezidentini döwlet sylaglary bilen sylaglaýar, oňa harby atlary we tapawutlandyryş atlaryny dakýar
- döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň konstitusiýa laýyklygyny ýa-da laýyk däldigini kesgitleýär
- halkara şertnamalaryny tassyklaýar we ýatyrýar
- Türkmenistanyň döwlet serhedini we dolandyryş-çäk bölünişigini üýtgetmek meselelerini çözýär
- parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerine garaýar
- Konstitusiýada we kanunlarda Mejlisiň ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýär

*13.3-nji çyzgy*

**TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATY**

**Deputatyň hukuk ýagdaýy:**

- Deputatlar halkyň doly ygtyýarly wekilleri bolmak bilen, Mejlisde olaryň işini üpjün edýän hukuklaryň ähli dolulygyna eýedirler
- Deputatlar öz ygtyýarlyklaryny konstitusiýanyň we kanunlaryň çäklerinde amala aşyrmak bilen öz saýlawçylarynyň erkini aňladýarlar
- Deputata Mejlisde kanun çykarmak başlangyjyna bolan hukuk berilýär
- Deputatyň ygtyýarlyklary olary ykrar etmek hakynda Mejlis tarapyndan karar kabul edilen pursadyndan başlanýar
- Deputatyň ygtyýarlyklary Mejlisiň täze çagyrylyşynyň işe başlan pursadyndan ýatyrylýar, ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyrylan halatynda ýa-da deputat ygtyýarlyklaryndan mahrum edilen halatynda Mejlisiň degişli karar kabul eden pursadyndan ýatyrylýar
- Deputat saýlawçylar bilen, şeýle hem öz saýlaw okrugynda ýerleşýän ýerli häkimiýet edaralary, öz-özüňi dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri bilen aragatnaşyk saklaýar
- Deputat Mejlisiň we onuň düzümleriniň işine işjeň gatnaşýar, olaryň tabşyryklaryny ýerine ýetirýär
- Kanunlary we gaýry namalary taýýarlamak, garamak, kabul etmek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek baradaky işler Mejlisiň deputatynyň işiniň esasy ugrudyr

**Deputatyň haky bar:**

- Mejlis tarapyndan döredilýän we saýlanylan düzümlere we wezipelere dalaşgärleri teklip etmäge, saýlamaga we saýlanmaga
- Mejlisiň garamagy üçin meseleleri teklip etmäge
- meselelere garamagyň tertibi hem-de ara alyp maslahatlaşylýan meseleleriň düýp mazmuny barada teklipler we bellikler girizmäge
- kararlaryň taslamalaryny we olara düzedişleri girizmäge
- Mejlisiň döredýän düzümleriniň atma-at düzümi hem-de Mejlisiň saýlaýan wezipeli adamlary barada öz pikirini aýtmaga
- meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga gatnaşmaga, sorag bermäge
- resmi sowal bilen ýüzlenmäge
- ses bermegiň delillendirmeleri barada we öz tekliplerini esaslandyrmak üçin çykyp geplemäge, düşündiriş bermäge

**Sowalnama:**

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty kazy, arçyn ýa-da prokuror bolup bilýärmi?**

- ýok;
- hawa;
- hawa, eger-de oňa şol wezipeleri eýelemeklige Türkmenistanyň Mejlisi rugsat beren bolsa;
- hawa, eger-de ol şol wezipede deputatlyga saýlanmazyndan öň hem işläp ýören bolsa.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**2. Türkmenistanyň Mejlisi döwlet häkimiýetiniň beýleki şahalary bilen nähili işlemeli?**

- kanagatly;
- agzybirlikde;
- sabyr-takatly;
- bilelikde.

*Dogry jogaby tapyň.*

**3. Ygtyýarlylyk möhleti dolan Mejlis öz ygtyýarlyklaryny haçana çenli saklap galýar?**

- täze saýlanan Mejlis öz işine oňat girişýänçä;
- täze saýlanan Mejlisiň birinji maslahaty işläp başlaýança;
- täze saýlanan Mejlisiň deputatlary kasam kabul edýänçäler;
- saýlawlardan soňra saýlanan deputatlara deputatlyk mandaty gowşurylýança.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**4. Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi möhletinden öň ýatyrylyp bilinýär:**

- ählihalk sala salşygynyň çözgüdi esasynda;
- Mejlisiň bellenen sandaky deputatlarynyň üçden iki böleginden az bolmadyk sesleriniň köplügi bilen kabul eden karary esasynda (öz-özüni ýatyrmagy);
- alty aýyň dowamynda Mejlisiň ýolbaşçy düzümi düzülmedik mahalynda, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan;
- bir ýylyň dowamynda hiç hili täze kanun kabul edilmese.

**5. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýolbaşçy düzümine girýärler:**

- Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy;

● Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň orunbasary;
● Türkmenistanyň Mejlisiniň komitetleriniň ýolbaşçylary;
● Türkmenistanyň Mejlisiniň wagtlaýyn toparlarynyň ýolbaşçylary.

**6. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgär hökmünde görkezilmek üçin şu şertler bolmalydyr:**
● 25 ýaşyň dolmagy;
● Türkmenistanyň raýatlygynyň bolmagy;
● hukuk ugrundan azyndan 5 ýyl iş tejribesiniň bolmagy;
● soňky 10 ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşalmagy.

**7. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgärleri görkezip bilýärler:**
● kanunda bellenen tertipde bellige alnan syýasy partiýalar;
● kanunda bellenen tertipde bellige alnan jemgyýetçilik birleşikleri;
● raýatlaryň ýygnaklary;
● Türkmenistanyň Mejlisi we Türkmenistanyň Merkezi saýlaw topary.

*Dogry jogaby tapyň.*

**8. Görkezilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýyby öz-özünden ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam Mejlisiň deputatlygyna dalaşgär hökmünde görkezilip bilnermi?**
● ýok;
● hawa;
● hawa, eger-de onuň eden jenaýaty aýratyn agyr jenaýat bolmasa;
● hawa, eger-de oňa kazyýet tarapyndan bellenen jeza çäresi azatlykdan mahrum edilmek bilen bagly bolmadyk bolsa.

**9. Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy Türkmenistanyň Kanuny bilen wezipä saýlanylýar, Türkmenistanyň Mejlisiniň orunbasary haýsy resminama bilen wezipä saýlanylýar?**
● Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary bilen;
● Türkmenistanyň Kanuny bilen;
● Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň Karary bilen;
● Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**10. Türkmenistanyň Mejlisi şu meseleler boýunça kanun çykaryjylyk hukugyny hiç kime berip bilmeýär:**
● konstitusiýany üýtgetmek;
● raýat we maşgala kanunçylygy;

● jenaýat we dolandyryş kanunçylygy;
● kazyýet önümçiligi.

*Dogry jogaby tapyň.*

**11. Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan konstitusion kanunlar haýsy tertipde kabul edilýär?**

● Mejlisiň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär;

● Mejlisiň deputatlarynyň bellenilen sanynyň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär;

● Mejlisiň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan dörtden üç böleginiň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär;

● Mejlisiň deputatlarynyň bellenen sanynyň sesleriniň elli göterimden artyk köplügi bilen kabul edilýär.

**12. Türkmenistanyň Mejlisinde konstitusion kanunlary we kanunlary kabul etmek babatda ses bermegiň tertibi haýsy kadalaşdyryjy hukuk namada berkidilýär:**

● «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda;
● «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda;
● Türkmenistanyň konstitusiýasynda;
● Türkmenistanyň Mejlisiniň dessurynda.

**13. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgär haçan saýlanan diýlip hasap edilýär?**

● saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň beýleki dalaşgärlere görä köpüsini alsa;

● saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alsa;

● saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň üçden iki bölegini alsa;

● saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň azyndan 25%-ni alsa.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**14. Türkmenistanda kanunçykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuk kimlere degişli?**

● Türkmenistanyň Prezidentine;
● Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlaryna;
● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine;
● Türkmenistanyň Baş prokuroryna.

# XIV BAP. TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

## §1. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetini döretmegiň tertibi we onuň hukuk ýagdaýy

Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda[1] Türkmenistanyň Ministrler Kabineti (Hökümet) döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ählisine ýolbaşçylygy amala aşyrýan we olaryň işiniň ylalaşykly alnyp barylmagyny üpjün edýän kollegial ýerine ýetiriji we serenjam[2] beriji edaradyr. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýerine ýetirijilik ygtyýarlygy, ýagny ýerine ýetiriji häkimiýetiň mazmuny diňe bir döwletde dolandyryşy amala aşyrýan ýörite edaralaryň barlygyndan ybarat bolman, eýsem-de ol kanun çykaryjy häkimiýet edaralary tarapyndan kabul edilen kanunlaryň durmuşa geçirilmegini, olaryň talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýänliginden hem ybaratdyr. Ýerine ýetiriji häkimiýet öz wezipelerini talabalaýyk berjaý etmek üçin kanun çykaryjy häkimiýet edarasy tarapyndan tassyklanan döwlet býujetiniň çäklerinde we kanuna laýyklykda maddy (ulag, aragatnaşyk we beýleki senagat kärhanalary) we maliýe serişdelerine, şeýle hem harby we harbylaşdyrylan bölümlere (polisiýa bölümleri, ýangyna garşy göreş bölümleri, milli howpsuzlyk bölümleri we ş. m.) ygtyýar edýär hem-de olardan peýdalanýar. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň iň esasy alamaty hem onuň diňe bir ýerine ýetirijilik ygtyýarlyklarynyň däl-de, eýsem serenjam beriş ygtyýarlyklarynyň hem barlygyndadyr.

Serenjam beriş ygtyýarlyklary diýlende, esasan belli bir derejede hukuk ulanyş we kadalaşdyryş-sazlaşdyryjy ygtyýarlyklar göz öňünde tutulýar. Hökümet serenjam beriş ygtyýarlyklarynyň çäginde kanunlaryň ulanylmagyny we hereket etmegini üpjün etmek maksady bilen, kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmäge haklydyr. Hökümet diýen adalga dünýäniň dürli döwletlerinde dürli-dürli atlandyrylýar. Mysal üçin, Fransiýa, Italiýa we Polşa ýaly döwletlerde Ministrleriň maslahaty; Türkmenistan, Özbegistan we Beýik Britaniýa ýaly döwletlerde Ministrler Kabineti; Hytaý Halk Respublikasynda (HHR) Döwlet maslahaty we ş.m. adalgalar bilen atlandyrylýar. Döwlet dolandyryşy prezident respublikasy görnüşünde amala aşyrylýan käbir döwletlerde-de (mysal üçin, ABŞ, Braziliýa, Meksika we ş.m. döwletlerde) şonuň ýaly-da monarhiýa döwletlerinde hem,

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 72-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] Serenjam – ýerine ýetirmekligi hökmany bolan «buýruk».

ýerine ýetiriji häkimiýetiň gönümel döwlet baştutanyna degişli bolup durýanlygy sebäpli, bu döwletlerde, hökümet kollegial edara hökmünde hereket etmeýär. Mysal üçin, ABŞ-nyň konstitusiýasynyň 2-nji maddasynyň 1-nji böleginde ýerine ýetiriji häkimiýetiň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidentine ynanylýandygy baradaky hukuk kadasy berkidilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň II bölüminiň IV baby tutuşlygyna Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bagyşlanýar. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti baradaky ýörite konstitusion hukuk kadalarynyň Esasy Kanunda berkidilmegi, onuň hukuk ýagdaýyny, ygtyýarlyklaryny, düzümini, onuň döwletiň merkezi ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary we beýleki edaralary bilen aragatnaşygyny kesgitlemekde möhüm ähmiýete eýedir we şu aşakdakylary öz içine alýandyr.

*Birinjiden,* Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi we Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti bilen bir hatarda ýokary döwlet häkimiýetini we dolandyryşy amala aşyrýan edara bolup durýar.

*Ikinjiden,* Döwlet Baştutanynyň konstitusiýada we kanunlarda berkidilen ygtyýarlyklaryny amala aşyrmaklygyny üpjün etmek ýa-da Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentiniň garamagyndaky edaralardan başga, döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary Ministrler Kabinetiniň garamagyna degişli edilýär. Türkmenistanyň Prezidenti şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň başlygydyr[1].

● Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine başlyklyk etmek bilen:

● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň arasynda borçlary paýlaýar;

● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalaryna gol çekýär;

● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we onuň aýry-aýry agzalarynyň iş başyndan aýrylmagyny kabul edýär;

● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň agzalaryny höweslendirýär we olara düzgün-nyzam temmilerini berýär[2].

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 73-nji maddasynyň 2-nji böleginde berkidilen hukuk kadasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan onuň öz wezipesine girişen gününden başlap bir aýyň dowamynda düzülýär we Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyk möhletiniň çäklerinde hereket edýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň täze saýlanan Prezidentiniň öňünde öz ygtyýarlyklaryny tabşyrýar.

Aslynda Hökümeti düzmekligiň, oňa ýolbaşçylyk etmekligiň tertibi, ilkinji nobatda, dolandyryşyň görnüşüne bagly bolup durýar. Döwlet we hukuk taglyma-

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 72-nji mad., 2-nji bent. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] «Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 14-nji maddasy.

tyndan we döwlet dolandyryşynyň umumy tejribesinden belli bolşy ýaly, döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýan ýurtlarda Hökümet ýurduň prezidenti tarapyndan düzülýär. Prezident respublikalarynda, hökümetiň düzümine onuň Başlygynyň orunbasarlary, ministrler şeýle hem ýurt baştutanynyň çözgüdi bilen, merkezi ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ýolbaşçylary bolup durýan beýleki adamlar girýärler. Şeýle döwletlerde Hökümet – döwletiň ýerine ýetiriji we serenjam beriji edarasydyr. Hökümetiň ygtyýarlygyna, döwletiň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary baradaky meseleler, ýurdy ykdysady we sosial taydan ösdürmegiň maksatnamalaryny işläp taýýarlamak, ykdysady we sosial taýdan ösüşiň döwlet tarapyndan dolandyrylmagyny amala aşyrmak, tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyny hem goralmagyny üpjün etmek we.ş.m. meseleler degişli edilýär.

Ministrler Kabinetiniň gurluşy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilýär[1]. Kanuna laýyklykda, Ministrler Kabinetiniň düzümine onuň Başlygynyň orunbasarlary, ministrler girýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Hökümetiň düzümine ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralarynyň ýolbaşçylary bolan beýleki adamlar hem girizilip bilinýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň düzümine girýän wezipeli adamlar Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň agzalary bolup durýar.

Türkmenistanyň Hökümetiniň düzümine girýän Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary (wise-premýerler), Hökümet Baştutanynyň hemişelik orunbasarlarydyr. Wise-premýerler öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde, ministrlikleriň we döwlet dolandyrylyşynyň beýleki merkezi edaralarynyň işini sazlaşdyrýarlar we gönükdirýärler, olaryň işine gözegçilik edýärler hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň görkezmeleriniň we namalarynyň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň we buýruklarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek barada olara tabşyryklar berýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary ýolbaşçylyk edýän iş çygryndaky işiň ýagdaýy üçin jogapkärçilik çekýärler, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine girizilýän kararlaryň taslamalaryna deslapdan garaýarlar. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrmagy boýunça we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan buýruklary kabul etmäge hukugy bardyr.

*Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň düzümine girýän ministrler* – Hökümet agzasy bolup, döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň merkezi edaralarynyň belli bir pudagyna ýolbaşçylygy amala aşyrýarlar. Ministrler Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken permanlaryny we kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlaryny we buýruklaryny, şeýle hem Türkmenistanyň Mejlisiniň kabul eden

[1] «Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 5-nji maddasy. 24.11.1995 ý-nji ý.

kanunlaryny durmuşa geçirýärler. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary we ministrler Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar. Ýöne Ýokary Kazyýetiň başlygy, Baş prokuror, Içeri işler ministri we Adalat ministri Türkmenistanyň Mejlisi bilen ylalaşyp, wezipä bellenýär we wezipesinden boşadylýar.

*Ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralarynyň ýolbaşçylary bolan beýleki adamlara* – welaýat we welaýat hukukly şäher häkimleri şeýle hem etrap we etrap hukukly şäher häkimleri, pudaklaýyn edaralaryň ýolbaşçylary, jemgyýetçilik guramalaryň we ylmy-barlag edaralarynyň ýolbaşçylary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary we metbugat serişdeleriniň baş redaktorlary, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary we ş.m. degişlidir. Ministrler we Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň beýleki agzalary özlerine tabşyrylan iş çygyrlaryna ýolbaşçylygy amala aşyrýarlar we Türkmenistanyň Prezidentine, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine hasabat berýärler hem-de öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen wezipeleriň çözülmegi üçin gönüden-göni özleri jogapkärçilik çekýärler. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň beýleki agzalary hem Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň maksatnamalaryny we namalaryny olaryň ygtyýarlyklaryna laýyklykda we Türkmenistanyň kanunlary esasynda durmuşa geçirýärler. Ministrler Kabinetiniň düzümine üýtgetmeler girizmeklik Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň agzalary Türkmenistanyň Prezidentiniň razylygy bolmasa, jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga ýagdaýda azatlykdan mahrum edilip bilinmez, şonuň ýaly-da kazyýet tertibinde berilýän dolandyryş temmi beriş çärelerine sezewar edilip bilinmeýär. Görkezilen adamlar babatda diňe Türkmenistanyn Baş prokurory tarapyndan jenaýat işi gozgalyp bilinýär. Baş prokuroryň razylygy bolmasa, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň agzasynyň hut özüni gözden geçirmäge we oňa degişli zatlary, gulluk ýa-da şahsy ulag serişdesini, gulluk ýa-da ýaşaýyş jaýyny gözden geçirmäge ýol berilmeýär.

Kanuna laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisleri Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň biri tarapyndan geçirilýär. Ministrler Kabineti öz ygtyýarlyklarynyň çäginde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kararlary kabul edýär we buýruklary çykarýar[1].

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisleri – bu, zerur bolşuna görä, ýöne her aýda azyndan bir gezek hökmany geçirilýän mejlisdir. Türmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde esasan hem, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň işiniň maksatnamasyna, döwletiň içeri we daşary syýasatynyň

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 74-nji maddasy. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

esasy ugurlarynyň, Türkmenistany we onuň aýry-aýry sebitlerini ykdysady we sosial taýdan ösdürmegiň maksatnamalarynyň hem çaklamalarynyň taslamalaryna, Türkmenistanyň, welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň döwlet býujetini taýýarlamagyň we ýerine ýetirmegiň, şeýle hem býujetden daşgary döwlet gaznalaryny döretmegiň we peýdalanmagyň, ykdysady özgertmeleri geçirmegiň, dolandyryş gurluşyny kämilleşdirmegiň, döwlet eýeçiligindäki desgalary hususylaşdyrmak we telekeçiligi goldamak babatdaky maksatnamalarynyň taslamalaryna, Türkmenistanyň garaşsyzlygyny pugtalandyrmagyň, milli howpsuzlygyny we goranyş ukybyny üpjün etmegiň, öndüriji güýçleri, maýa goýum syýasatyny ösdürmegiň we ýerleşdirmegiň meselelerine, şeýle hem raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek we goramak, eýeçiligi we jemgyýetçilik tertibini goramak baradaky çärelere, ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmagyň, zähmet hakynyň, ilatyň sosial taýdan goraglylygynyň, iş we sosial taýdan üpjünçiliginiň meselelerine, bilim, ylym we tehnika, saglygy goraýyş, medeniýet, syýahatçylyk we sport ulgamlaryny kämilleşdirmegiň meselelerine, ýeri, ýerasty baýlyklary, suw gorlaryny, ösümlik we haýwanat dünýäsini goramak we netijeli peýdalanmak baradaky çärelere, ýurduň walýuta gorlarynyň möçberi, döwlet gymmatly kagyzlaryny çykarmak hem döwletiň içerki we daşarky bergisiniň köpelişiniň çäkleri hakyndaky tekliplere, nyrhyň emele gelmeginiň, nyrh syýasatynyň we salgyt salmagyň meselelerine, bellenilen döwlet bahalary ulanylýan önümleriň, harytlaryň we hyzmatlaryň nomenklaturasyna[1], Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň, ministrleriň, döwlet dolandyryşynyň merkezi edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we häkimleriň özlerine tabşyrylan işlere ýolbaşçylyk edişleri hakyndaky hasabatlaryna, Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň, hökümetara şertnamalaryny baglaşmagyň meselelerine, döwlet dolandyryşynyň ulgamyny kämilleşdirmek barada Türkmenistanyň Prezidentine gelýän tekliplere, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Türkmenistanyň Prezidentine berýän hasabatlaryna, adatdan daşary ýagdaýlarda Hökümetiň görmeli çärelerine we hereketlerine, kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlaryny we halkara şertnamalary-ny ýerine ýetirmegiň barşyna we umumy döwlet ähmiýeti bolan beýleki meselelere garaýar.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 74-nji maddasynda berkidilen hukuk kadasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti öz ygtyýarlarynyň çäklerinde ministrlikler we pudaklar, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary, kärhanalar, edaralar, guramalar, wezipeli adamlar we Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kararlary kabul edýär we buýruklary

---

[1] Lat. Nomenclatura – atlaryň sanawy, ýazgyly sanaw. Ylmyň ýa-da tehnikanyň haýsydyr bir pudagynda ulanylýan adalgalaryň, ölçegleriň we derejeleriň ulgamy. Mysal üçin, harytlaryň nomenklaturasy – harytlaryň sanawy.

çykarýar. Türkmenistanyň Hökümetiniň çykaran kararlaryna Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gol çekilýär.

Derwaýyş we beýleki gündelik meseleler boýunça buýruklar bolsa Türkmenistanyň Prezidenti ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň biri tarapyndan gol çekilýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary we buýruklary, eger-de çykarylan namalarda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, gol çekilen gününden güýje girýärler.

Eger-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary we buýruklary raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna dahylly bolsa, onda olar çap edilen ýa-da başga hili ýol bilen halk köpçüligine ýetirilen pursatyndan başlap güýje girýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çykaran kararlary we Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary, Türkmenistanyň Hökümetiniň kararlarynyň (her aýda çykýan) Ýygyndysynda çap edilýär, ýöne çykarylan şol resminamalary giňden we dessine halk köpçüligine ýetirmekde zerurlyk ýüze çyksa, onda olar ählumumy maglumat üçin halk köpçüligine «Türkmenistan», «Нейтральный Туркменистан» gazetleri we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ýetirilýär.

## §2. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary

Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň Türkmenistanyň ýerine ýetiriji häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ählisine ýolbaşçylygy amala aşyrýan we olaryň ylalaşykly işini üpjün edýän kollegial ýerine ýetiriji we serenjam beriji edara bolup durýanlygy sebäpli, onuň döwleti dolandyrmakdaky ygtyýarlyklary-da ulydyr.

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde we kanun esasynda:

- Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Mejlisiniň namalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar;
- raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek hem goramak, eýeçiligi we jemgyýetçilik tertibini, milli howpsuzlygy goramak boýunça çäreleri amala aşyrýar;
- döwletiň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary baradaky teklipleri, ýurdy ykdysady we sosial taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny işläp taýýarlaýar hem-de olary Türkmenistanyň Mejlisiniň garamagyna berýär;
- ykdysady we sosial taýdan ösüşiň döwlet tarapyndan dolandyrylmagyny amala aşyrýar;

● döwlet kärhanalaryny, edaralaryny we guramalaryny dolandyrmagy guraýar;

● tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyny hem goralmagyny üpjün edýär;

● pul we karz ulgamyny pugtalandyrmak boýunça çäreleri görýär;

● zerur bolan halatynda Ministrler Kabinetiniň ýanynda komitetleri, baş müdirlikleri we beýleki pudaklaýyn dolandyryş edaralaryny döredýär;

● daşary ykdysady işi amala aşyrýar, daşary ýurt döwletleri bilen medeni we gaýry gatnaşyklaryň ösdürilmegini üpjün edýär;

● hökümet edaralarynyň, döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň işine ýolbaşçylyk edýär;

● ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş, şeýle hem ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk namalaryny ýatyrmaga haklydyr;

● Türkmenistanyň konstitusiýasynda, kanunlarynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen gaýry meseleleri çözýär[1].

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň döwleti dolandyrmakda eýe bolan ygtyýarlyklary barada aýdylanda şulary belläp bolar:

**1.** Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Mejlisiniň namalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti ýerine ýetiriji we serenjam beriji edaradyr. Döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýetine degişli bolan döwlet edaralarynyň ýerine ýetiriş-serenjam beriş işi – bu olaryň konstitusiýanyň we kanunlaryň berjaý edilmegini guramaklyga we üpjün etmeklige gönükdirilen ähli hereketleriniň jemidir. Bu iş zerurlyk ýüze çykan halatynda we kanunda bellenen çäklerde kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul etmek bilen, şonuň ýaly-da jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň haýsy--da bolsa bir ugry boýunça öz işini alyp barýan raýatlara we wezipeli adamlara degişli görkezmeler bermek, döwlet eýeçiligindäki emläklere ygtyýar etmek hem dolandyrmak bilen amala aşyrylýar.

**2.** Raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek hem goramak, eýeçiligi we jemgyýetçilik tertibini, milli howpsuzlygy goramak boýunça çärelerini amala aşyrmak, Ministrler Kabinetiniň konstitusion ygtyýarlyklarynyň ýene-de biri bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, üpjün etmek – bu haýsydyr bir hereketleriň kadaly amala aşyrylmagyny ýola goýmak maksady bilen, durmuşa geçirilýän çäreleriň toplumydyr. Görkezilen çäreleri üpjün etmek üçin Ministler Kabineti jenaýatçylyga garşy göreşi we hukuk goraýjy edaralaryň işini kämilleşdirmeklige we raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek hem goramaklyga, eýeçiligi we jemgyýetçilik tertibini, milli howpsuzlygy goramaklyga gönükdirilen kanuna laýyk kadalaşdyryjy hukuk namalary işläp düzýär hem-de kabul edýär. Şonuň bilen birlikde-de Ministrler Kabineti Esasy Kanunyň II bölüminiň maddalarynda

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 75-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

berkidilen adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny goramak we üpjün etmek babatda döwlet tarapyndan amala aşyrylýan çäreleriň aglaba köp bölegini durmuşa geçirýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 75-nji maddasynyň 2-nji bendinde berkidilişi ýaly, Ministrler Kabineti Türkmenistanyň çäginde jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek üçin çäreleri hem görýär. Ol çäreleri durmuşa geçirmek üçin Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary barada aýdylanda, 2011-nji ýylyň 21-nji maýynda täze redaksiýada kabul edilen, «Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynda berkidilen hukuk kadasyny mysal hökmünde getirmek bolar. Salgylanylýan Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan berlen ygtyýarlyklaryň çäklerinde, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek hem--de goramak, eýeçiligi we jemgyýetçilik tertibini goramak boýunça, Içeri işler edaralarynyň ulgamyna umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar.

Milli howpsuzlyk diýlende, Türkmenistanyň howpsuzlygyny üpjün etmegiň umumy ulgamynda şahsyýeti, jemgyýeti hem-de döwleti içeri hem-de daşary howplardan goramak işine düşünilýär. Goranyşy guramak hem milli howpsuzlygy üpjün etmek işiniň möhüm düzüm bölekleriniň biri bolup durýar. «Goranmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň beren maglumatlaryna (sargytlaryna) laýyklykda ýaragy we harby tehnikany ösdürmek, satyn almak hem-de şolar bilen Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini we beýleki goşunlary enjamlaşdyrmak, olary maddy serişdeler, resurslar hem-de hyzmatlar bilen üpjün etmek işini guraýar. Şonuň ýaly-da Türkmenistanyň harby sargytlary we mobi1izasion tabşyryklary ýerine ýetirýän ministrlikleri we pudak edaralary goranmak hajatlary üçin zerur bolan önümleriň goýberilmegi (getirilmegi) barada, pudagyň mobilizasion taýýarlygy barada jogapkärçilik çekýärler, uruş döwründe mobilizasion taýýarlyk meýilnamalaryna laýyklykda bu pudagyň saz işlemegini üpjün etmek çärelerini durmuşa geçirýärler, pudaklarda raýat we çäkleýin goranyş çäreleriniň meýilnamalaşdyrylmagyna gatnaşýarlar hem-de şol çäreleriň ýerine ýetirilmegini üpjün edýärler.

Ondan başga-da Türkmenistanyň Döwlet serhedini goramak hem milli howpsuzlygy üpjün etmegiň esasy şertleriniň biridir. «Türkmenistanyň Döwlet serhedi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 26-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti serhet gorag edaralaryryň beren maglumatlaryna laýyklykda ýarag, tehnika, maddy serişdeler, resurslar öndürmek, satyn almak hem-de şolar bilen serhet goragy edaralaryny üpjün etmek hem-de degişli hyzmatlar etmegi guraýar; araçäk gözegçiligi zolagynda iş geçirýän we ýaşaýan raýatlara ýerden peýdalanmakda ýeňillikler bermegiň hem-de şondan mahrum etmegiň tertibini belleýär.

**3.** Ministrler Kabinetiniň döwletiň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary baradaky teklipleri, ýurdy ykdysady we sosial taydan ösdürmegiň maksatnamalaryny işläp taýýarlamak hem-de olary Türkmenistanyň Mejlisiniň garamagyna bermek hakyndaky ygtyýarlygy Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 63-nji maddasynyň 2-nji bendinde berkidilen Türkmenistanyň Mejlisiniň Ministrler Kabinetiniň iş maksatnamasyny makullamak baradaky meselä garamaklyga bolan ygtyýarlygy bilen utgaşýar. Ýurdy ykdysady we sosial taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny işläp taýýarlamak (indikatiw meýilnamalaşdyryş) diýlende, döwletiň ykdysady--sosial syýasatynyň strategiki konsepsiýasynyň we jemgyýetçilik önümçiliginiň has netijeli ösüşini üpjün etjek, umumy hojalyk maksatnamalarynyň toplumynyň esasynda milli ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan berk dolandyrylmagyna düşünilýär. Düzgün bolşuna görä, sosial-ykdysady ösüş maksatnamalary maslahat beriji häsiýete eýedir we olaryň görkezijileri özlerinde sosial-ykdysady ösüşiň umumy ölçeglerini hem ugurlaryny jemleýär.

**4.** Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ykdysady we sosial taýdan ösüşiň döwlet tarapyndan dolandyrylmagyny amala aşyrmak, döwlet kärhanalaryny, edaralaryny we guramalaryny dolandyrmagy guramak, tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyny hem goralmagyny üpjün etmek hakynda ygtyýarlyklary bolsa Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 75-nji maddasynyň 4-nji bendinde berkidilýär. Ministrler Kabinetiniň ykdysady we sosial taýdan ösüşiň döwlet tarapyndan dolandyrylmagyny amala aşyrmak ygtyýarlygy Esasy Kanunyň 75-nji maddasynyň 3-nji bendinde berkidilen hukuk kadasy bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. 2000--nji ýylyň 15-nji iýunynda kabul edilen, «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, kärhana diýip, görkezilen Kanunyň talaplaryna laýyklykda önüm öndürmek, harytlary ýerleşdirmek, ýerine ýetirilýän işler we bitirilýän hyzmatlar bilen jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýekti hasaplanýar.

Salgylanylýan Kanunyň 24-nji maddasynda berkidilişine görä, kärhanalaryň, döwlet kärhanasy, ýekebara kärhana, hyzmatdaşlyk kärhanasy, jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy, hojalyk şereketi, paýdarlar jemgyýeti ýaly guramaçylyk hukuk görnüşleri bardyr.

*Döwlet kärhanasy* – bu döwlet serişdeleriniň hasabyna döredilen ýa-da bellenilen tertipde döwlet eýeçiligine berlen kärhanadyr, ol özüne berkidilen emläge eýelik edýär, peýdalanýar we ygtyýarlyk edýär. Döwlet kärhanasy döwlet emlägine eýelik etmek, ondan peýdalanmak we ygtyýarlyk etmek hukuklaryny Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde we çäklerde amala aşyrýar.

Döwlet kärhanasynyň esaslandyryş hazynasynyň iň pes möçberi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär. Döwlet kärhanasyny döretmegiň hukuk esasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti ýa-da öz ygtyýarlygyna

laýyklykda ygtyýarly beýleki döwlet edarasy tarapyndan kärhanany döretmek hakyndaky kabul edilen nama hasaplanylýar.

Döwlet kärhanasynyň işi bellenilen tertipde bellige alnan kärhananyň düzgünnamasy arkaly kesgitlenilýär. Esaslandyryjy döwlet kärhanasynyň öňünde hökmany işleri (tabşyryklary, ýumuşlary), harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň bahalaryny we nyrhlaryny, şeýle hem olary hasaplamagyň düzgünlerini, esaslandyryjy tarapyndan işgärleri bellenilýän dolandyryş wezipelerine bellemäge ygtyýarlydyr.

Döwlet kärhanasynyň düzüm gurluşy, şeýle hem döwlet kärhanasyny dolandyrmak ony esaslandyryjy tarapyndan kesgitlenýär we kärhananyň esaslandyryş resminamalarynda berkidilýär. Döwlet kärhanasy öz borçnamalary boýunça özüne degişli ähli emläk bilen jogap berýär. Döwlet kärhanasy esaslandyryjynyň borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekmeýär, kärhananyň esaslandyryjysy bolsa, kärhana berkidilen emläkden başgasyna, kärhananyň borçnamalary boýunça jogap bermeýär[1].

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyny hem goralmagyny üpjün etmek hakynda ygtyýarlyklary bolsa, tebigaty goramak barada kadalaşdyryjy namalary işläp taýýarlamakdan, Türkmenistanyň çäginde ekologiýa howpsuzlyk kadalaryny bellemekden, tebigy baýlyklary peýdalanmakda aňryçäk möçberleri (limitleri) we ölçegleri kesgitlemekden, tebigaty goramak baradaky döwlet gaznasyny döretmekden, tebigaty goramak baradaky çäreleri meýilnamalaşdyrmakdan we maliýeleşdirmekden, döwlet tebigaty goramak maksatnamalaryny, şeýle hem aýratyn goralýan tebigy çäkleriň düzgünini işläp düzmekden, tebigy baýlyklaryň hasabyny ýöretmekden, tebigy baýlyklaryň kadastrlaryny kanunlarda bellenen tertipde ýöretmekden, ýuridik şahslaryň guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan, olaryň tebigaty goramak babatdaky işini utgaşdyryp ugrukdyrmakdan, tebigy baýlyklardan peýdalanylmagy üçin, töwerekdäki tebigy gurşawyň hapalanmagy we oňa zyýanly täsir etmegiň başga görnüşleri üçin töleg tölemegiň tertibini we onuň aňryçäk möcberini bellemekden, daşky gurşawdaky zyýanly maddalaryň ýol berilýän aňryçäk möçberlerini işläp taýýarlamakdan we tassyklamakdan, tebigaty goraýjy bir bitewi gullugy guramakdan, döwlet ekologiýa seljerişiniň geçirilmegini üpjün etmekden, ekologiýa taýdan zyýanly desgalaryň eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan, olaryň işini wagtlaýyn togtatmakdan, ýatyrmakdan ýa-da başga önüm cykarmak üçin üýtgetmekden, tebigaty goramagy, raýatlara ekologiýa bilim we terbiýe bermegi guramagy üpjün etmekden, tebigaty goramak babatda döwletara we halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak maksatnamalaryny işläp düzmekden, şeýle hem tebigaty goramak baradaky beýleki meseleleri düzgünleşdirmekden ybaratdyr.

---

[1] 2000-nji ýylyň 15-nji iýunynda kabul edilen «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 25-nji maddasy.

1992-nji ýylyň 14-nji dekabrynda kabul edilen, «Ýerasty baýlyklary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň çägindäki ýerastyna hem-de ondaky baýlyklara eýelik etmek, olary peýdalanmak we olara erk etmek hukugyny Türkmenistanyň Ministrler Kabineti amala aşyrýar, şeýle hukuklaryň bir bölegini bolsa ol munuň üçin ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralaryna berýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň hem-de ýörite ygtyýarly edilen ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlyklaryna bu ugurdan döwlet maksatmalaryny işläp taýýarlamak hem durmuşa geçirmek arkaly mineral-çig mal binýadyny peýdalanmagyň strategiýasyny kesgitlemek, ýerasty baýlyklaryny peýdalanmaga ygtyýarnama bermek ulgamyny guramak, ýerasty baýlykly ýerleri peýdalanmak üçin hak almagyň şertlerini hem-de tertibini kesgitlemek, geologiýa maglumat gorlaryny döretmek hem-de býujet serişdeleriniň hasabyna alnan maglumata erk etmek, ýerasty baýlyklaryň netijeli ulanylyşyna we goralyp saklanyşyna döwlet gözegçiligini guramak, ýerasty ýataklarynyň, şeýle hem peýdaly ýerasty baýlyklary gazyp almak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalaryny gurmak üçin peýdalanylýan ýerasty şahamçalarynyň döwlet hasabyny ýöretmek, ýerastyny geologiýa taýdan öwrenmek işleriniň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrmak, gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň ätiýaçlyklarynyň döwlet deňagramlylygyny (balansyny[1]) düzmek, şonuň ýaly-da gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň mukdary hem hili hakyndaky ýerasty baýlykly ýerleriň gymmatlylygyny kesgitleýän gaýry sypatlary hakyndaky maglumaty döwlet seljermesinden geçirmek, ýerasty baýlyklary peýdalanmak we gorap saklamak barada halkara ylalaşyklaryny baglaşmak, ýerasty baýlykly ýerleri peýdalanmak bilen baglanyşykly ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk[2] işlerini utgaşdyryp alyp barmak girýär.

**5.** Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, döwletde pul we karz ulgamyny pugtalandyrmak boýunça çäreleri görýär. Pul ulgamy diýlende, döwlet tarapyndan ýurtda pul dolanyşygynyň anyk görnüşleriniň guralmagyna gönükdirilen çäreleriň tertipli toplumyna düşünilýär. Pul ulgamyny döredende döwlet milli pul birligini, onuň hümmetini, dolanyşykdaky görnüşlerini hem-de olary dolanyşyga goýbermegiň (emissiýasynyň[3]) we dolanyşykdan almagyň tertibini, şeýle hem nagt däl hasaplaşygyň häsiýetini, nagt däl töleg dolanyşygynyň görnüşlerini kesgitleýär.

Dünýäniň aglaba köp döwletlerinde pul dolanyşygynda kagyz pullar we banknotlar[4] ulanylýar. Pullaryň nagt däl hasaplaşygy hem hasaplaşygyň giňden

---

[1] Fr. Balance – terezi. Deňagramlaşdyrmak;

[2] Lat. Construction – düzmek, gurmak. Täze bir enjamy işläp düzmek ýa-da öň bar bolan enjamy kämilleşdirmek bilen bagly inženerçilik-ylmy işi;

[3] Lat. Emission – goýbermek. Kagyz pullaryň we banknotlaryň pul dolanyşygyna goýberilmegi;

[4] Bu emissiýa ygtyýarlygy bolan banklar tarapyndan dolanyşykdaky metal pullaryň ornuny kagyz pullar bilen çalyşmak üçin dolanyşyga goýberýän puluň karz birlikleridir.

ýaýran görnüşidir[1]. Karz (kredit[2]) ulgamy diýlende, birinjiden, bir ýurduň çäginde karz alyp-bermegiň usullarynyň we görnüşleriniň jemine, ikinjiden bir ýurduň karz berýän edaralarynyň (banklar, ätiýaçlandyryş jemgyýetleri, lombardlar[3] we ş.m.) toplumyna düşünilýär.

Beýleki ygtyýarlyklary bilen birlikde Hökümet özüniň pul we karz ulgamyny kadalaşdyrmak hem dolandyrmak ygtyýarlyklaryny ulanyp bu iki ulgamyň pugtalanmagyny üpjün edýär. Ministrler Kabinetiniň bu ugurdan amala aşyrýan işleri bank ulgamyna we olaryň işini berjaý edişleriniň tertibine üýtgeşme girizmek, täze gymmatly kagyzlaryň dolanyşyga goýberilmegini üpjün etmek, şonuň ýaly-da karzlary bermegiň tertibini kämilleşdirmek ýaly ençeme çärelerde aňladylyp bilner.

**6.** Türkmenistanyň Ministrler Kabineti zerur bolan halatynda öz ýanynda komitetleri, baş müdirlikleri we beýleki pudaklaýyn dolandyryş edaralaryny döredýär. Ministrler Kabineti öz ygtyýarlyklaryny netijeli amala aşyrmak üçin döwlet ministrlikleriniň düzüminden daşgary dürli komitetleri, baş müdirlikleri[4] we beýleki pudaklaýyn dolandyryş edaralaryny öz ýanynda döredip bilýär. Ministrler Kabinetiniň ýanynda ýa-da onuň ýokarda görkezilen konstitusion ygtyýarlygyndan ugur alnyp, döredilen edaralaryň mysalynda, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometeorologiýa baradaky Milli komiteti, Baş arhiw müdirligi, we beýleki edaralaryny görkezmek bolar.

**7.** Görkezilenlerden başga-da Ministrler Kabineti, daşary ykdysady işi amala aşyrýar, daşary ýurt döwletleri bilen medeni we gaýry gatnaşyklaryň ösdürilmegini üpjün edýär. 1992-nji ýylyň 19-njy maýynda kabul edilen, «Türkmenistanda daşary ykdysady işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň daşary ykdysady işi diýlende Türkmenistanyň döwlet edaralarynyň, ýuridik we fiziki şahslarynyň daşary ýurt döwletleri bilen, olaryň ýuridik we fiziki şahslary, halkara guramalary bilen daşary ykdysady hyzmatdaşlygy ýola goýmaga

---

[1] Dünýäde pullar dollar, rubl, ýewro, gulden, taler, krona, ýen, dong, marka, frank, funt streling, manat ýaly dürli atlar bilen atlandyrylýar. Gadymyýetden häzirki günlere çenli türkmenlerde-de pul birlikleri akja, gyran, tylla, dinar, dirhem, tümen, teňňe, köpük, manat ýaly dürli atlar bilen atlandyrylyp gelipdir;

[2] Lat. Credo – ynanýaryn, ynam edýärin. Pullary ýa-da harytlary belli bir möhlet bilen karzyna berilmegi;

[3] Bu gozgalýan emlägi girewine almak bilen karz pul berýän bank edarasydyr. Bu edaranyň ady biziň eýýamymyzyň XV asyrynda Fransiýanyň Lombardiýa welaýatynyň (häzirki wagtda Demirgazyk Italiýada ýerleşýär) esasan işiň şu görnüşi bilen meşgullanan wekilleriniň ýerli degişliliginden gelip çykypdyr;

[4] Bu döwlet dolandyryş ulgamynda özboluşly orny eýeleýän döwlet dolandyryş edarasy bolup, ministrligiň amala aşyrýan işiniň belli bir ugry boýunça tabynlygyndaky edaralara ýolbaşçylyk işini amala aşyrýan edaradyr. Mysal üçin, Aşgabat şäher häkimliginiň bilim müdirligi häkimligiň çägindäki etraplaryň häkimlikleriniň bilim bölümlerine we ähli bilim edaralaryna ýolbaşçylygy amala aşyrýar hem-de Aşgabat şäheriniň çäginde döwlet bilim syýasatynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýär.

hem-de ösdürmäge gönükdirip alyp barýan bütin tejribe işleriniň – hereketleriniň jemine düşünilýär.

Türkmenistan daşary ykdysady işi amala aşyranda, ähli döwletler bilen, daşary ýurtlaryň ýuridik we fiziki şahslary, halkara guramalary bilen birek-birek üçin peýdaly hyzmatdaşlyk etmek, taraplaryň deňligi, daşary ykdysady aragatnaşyklar boýunça hemşerileriniň (partnýorlarynyň) içerki işlerine gatyşmazlyk, daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen baglaşylan ylalaşyklar boýunça kabul edilen özara borçnamalary ýerine ýetirmek, hemmeler tarapyndan ykrar edilen halkara kadalaryny we şertlerini goldanmak ýaly halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelere goldanýar. Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda görkezilen ýörelgelerden ugur alyp, daşary ykdysady işi amala aşyrýar hem-de daşary ýurt döwletleri bilen medeni we gaýry gatnaşyklaryň ösdürilmegini üpjün etmek barada çäreleri görýär.

**8.** Ministrler Kabineti hökümet edaralarynyň, döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň işine ýolbaşçylyk edýär, şeýle hem ol ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş, şonuň ýaly-da ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk namalaryny ýatyrmaga haklydyr. Ministrler Kabinetiniň bu ygtyýarlyklary onuň Türkmenistanyň Prezidentinden soňra döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýetini amala aşyrýan merkezi döwlet dolandyryş edarasy bolup durýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Ministrler Kabinetiniň bu ygtyýarlygy Esasy Kanunyň 75-nji maddasynyň 4-nji bendinde berkidilen ygtyýarlyklary bilen utgaşyklydyr. Şonuň üçinem bu ygtyýarlyklary gaýtadan düşündirmekligiň zerurlygy ýokdur.

**9.** Görkezilenler bilen bir hatarda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň konstitusiýasynda, kanunlarynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen gaýry meseleleri çözýär. Ministrler Kabinetiniň Esasy Kanunda berkidilmedik beýleki ygtyýarlyklarynyň mysaly hökmünde, «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynda berkidilen ygtyýarlyklaryny görkezmek bolar.

Salgylanylýan Kanuna laýyklykda, Raýatlaryň saglygyny goramak babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlygyna bu ugurda:

● bitewi döwlet syýasatyny kesgitlemek we geçirmek;

● raýatlaryň saglygyny goramaga bolan hukuklaryny üpjün etmek;

● raýatlaryň saglygyny goramak babatda kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmek;

● saglygy goraýyş babatda Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilmegini guramak;

● saglygy goraýyş edaralarynyň we derman senagaty kärhanalarynyň ulgamyny ösdürmek hem-de olaryň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak;

● derman senagaty babatynda ýeke-täk tehniki syýasaty geçirmek;

● raýatlaryň saglygyny goramak babatynda döwlet maksatnamalaryny maliýeleşdirmek we ýerine ýetirilmegini üpjün etmek;

● işgärleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak, saglygy goraýyş işgärlerini maddy we durmuş taýdan üpjün etmek babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitlemek;

● raýatlaryň saglygyny goramak babatda ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, beýleki edaralaryň işini utgaşdyrmak;

● ýurduň sanitariýa-epidemiologiýa abadançylygyny üpjün etmek boýunça işi guramak;

● Türkmenistanyň çäginiň sanitariýa goragynyň, tebigatdan peýdalanmagyň, daşky tebigy gurşawy goramagyň, ekologiýa howpsuzlygynyň meselelerini dolandyrmak we düzgünleşdirmek;

● Türkmenistanda saglygy goraýyş we melhemçilik işini döwlet tarapyndan ygtyýarlylandyrmak hakyndaky düzgünnamany tassyklamak;

● ilata edilýän mugt saglygy goraýyş kömeginiň döwlet tarapyndan kepillendirilen möçberini tassyklamak;

● saglygy goraýyş kömegi berlende raýatlaryň aýry-aýry derejelerine berilýän ýeňillikleriň sanawyny tassyklamak;

● tölegli saglygy goraýyş hyzmatlarynyň sanawyny tassyklamak;

● adatdan daşary ýagdaýlarda adamlaryň janyny halas etmek we saglygyny goramak boýunça çäreleri guramak, adatdan daşary ýagdaý we kabul edilýän çäreler barada raýatlary habarly etmek;

● halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak we raýatlaryň saglygyny goramak babatynda halkara şertnamalaryny baglaşmak;

● raýatlaryň saglygyny goramak babatynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki meseleleri çözmek ýaly ygtyýarlyklar degişlidir.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary, iş tertibi hem-de olaryň wezipeleri Türkmenistanyň konstitusiýasynda, «Türkmenistanyň Prezidenti hakynda», «Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakynda» Türkmenistanyň kanunlarynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenýär.

*14.1-nji çyzgy*

**Türkmenistanyň Ministrler Kabineti (Hökümet) döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ählisine ýolbaşçylygy amala aşyrýan we olaryň işiniň ylalaşykly alnyp barylmagyny üpjün edýän kollegial ýerine ýetiriji we serenjam beriji edaradyr.**

Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň başlygydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine başlyklyk etmek bilen:

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň arasyndaky borçlary paýlaýar

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň agzalaryny höweslendirýär we olara düzgün-nyzam temmilerini berýär

Ministrler Kabinetiniň namalaryna gol çekýär; Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we onuň aýry-aýry agzalarynyň iş başyndan aýrylmagyny kabul edýär

Türkmenistanyň Hökümetiniň düzümine girýän Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary (wise-premýerler), Hökümet Baştutanynyň hemişelik orunbasarlarydyr. Wise-premýerler öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary ýolbaşçylyk edýän işindäki iş ýagdaýy üçin jogapkärçilik çekýär, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine degişli kararlaryň taslamalaryna deslapdan garaýar

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrmagy boýunça we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan buýruklary kabul etmäge hukugy bardyr

Ministrlikleriň we döwlet dolandyrylyşynyň beýleki merkezi edaralarynyň işini sazlaşdyrýar we gönükdirýär, olaryň işine gözegçilik edýär hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň görkezmeleriniň we namalarynyň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň we buýruklarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek barada olara tabşyryklar berýärler

27. Sargyt № 1499.

*14.2-nji çyzgy*

**Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisleri – bu, zerur bolşuna görä, her aýda azyndan bir gezek hökmany geçirilýän mejlisdir**

Türmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde şu aşakdakylar ýaly guramaçylyk meselelerine serdilýär:

- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň işiniň maksatnamasyna
- döwletiň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň, Türkmenistany we onuň aýry-aýry sebitlerini ykdysady we sosial taýdan ösdürmegiň maksatnamalarynyň hem çaklamalarynyň taslamalaryna
- Türkmenistanyň, welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň döwlet býujetini taýýarlamagyň we ýerine ýetirmegiň, şeýle hem býujetden daşgary döwlet gaznalaryny döretmegiň we peýdalanmagyň, ykdysady özgertmeleri geçirmegiň, dolandyryş gurluşyny kämilleşdirmegiň, döwlet eýeçiligindäki desgalary hususylaşdyrmak we telekeçiligi goldamak babatdaky maksatnamalarynyň taslamalaryna
- Türkmenistanyň Berkararlygyny pugtalandyrmagyň, milli howpsuzlygyny we goranyş ukybyny üpjün etmegiň, öndüriji güýçleri, maýa goýum syýasatyny ösdürmegiň we ýerleşdirmegiň meselelerine
- raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek we goramak, eýeçiligi we jemgyýetçilik tertibini goramak baradaky çärelere
- ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmagyň, zähmet hakynyň, ilatyň sosial taýdan goraglylygynyň, işliligiň we sosial taýdan üpjünçiliginiň meselelerine
- bilim, ylym we tehnika, saglygy goraýyş, medeniýet, syýahatçylyk we sport ulgamlaryny kämilleşdirmegiň meselelerine
- ýeri, ýerasty baýlyklary, suw gorlaryny, ösümlik we haýwanat dünýäsini goramak we netijeli peýdalanmak baradaky çärelere
- ýurduň walýuta gorlarynyň möçberi, döwletiň gymmatly kagyzlaryny çykarmak hem döwletiň içerki we daşarky bergisiniň köpelişiniň çäkleri hakyndaky tekliplere
- bellenilen döwlet bahalary ulanylýan önümleriň, harytlaryň we hyzmatlaryň nomenklaturasyna
- nyrhyň emele gelmeginiň, nyrh syýasatynyň we salgyt salmagyň meselelerine
- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň, ministrleriň, döwlet dolandyryşynyň merkezi edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we häkimleriň özlerine tabşyrylan işlerine ýolbaşçylyk edişleri hakyndaky hasabatlaryna
- Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň, hökümetara şertnamalaryny baglaşmagyň meselelerine
- döwlet dolandyryşynyň ulgamyny kämilleşdirmek barada Türkmenistanyň Prezidentine gelýän tekliplere
- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Türkmenistanyň Prezidentine berýän hasabatlaryna
- adatdan daşary ýagdaýlarda Hökümetiň görmeli çärelerine we hereketlerine

*14.3-nji çyzgy*

**Türkmenistanyň Ministrler Kabineti öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde we kanun esasynda:**

- Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Mejlisiniň namalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar
- raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek hem goramak, eýeçiligi we jemgyýetçilik tertibini, milli howpsuzlygy goramak boýunça çäreleri amala aşyrýar
- döwletiň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary baradaky teklipleri, ýurdy ykdysady we sosial taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny işläp taýýarlaýar hem-de olary Mejlisiň garamagyna berýär
- ykdysady we sosial taýdan ösüşiň döwlet tarapyndan dolandyrylmagyny amala aşyrýar, döwlet kärhanalaryny, edaralaryny we guramalaryny dolandyrmagy guraýar, tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyny hem goralmagyny üpjün edýär
- pul we karz ulgamyny pugtalandyrmak boýunça çäreleri görýär
- zerur bolan halatynda Ministrler Kabinetiniň ýanynda komitetleri, baş müdirlikleri we beýleki pudaklaýyn dolandyryş edaralaryny döredýär
- daşary ykdysady işi amala aşyrýar, daşary ýurt döwletleri bilen medeni we gaýry gatnaşyklaryň ösdürilmegini üpjün edýär
- hökümet edaralarynyň, döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň işine ýolbaşçylyk edýär, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş, şeýle hem ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk namalaryny ýatyrmaga haklydyr
- Türkmenistanyň konstitusiýasynda, kanunlarynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen gaýry meseleleri çözýär

**Sowalnama:**

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti (Hökümet) – bu:**

● Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlaryny we Kararlaryny ýerine ýetiriji edaradyr;

● döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ählisine ýolbaşçylygy amala aşyrýan we olaryň işiniň ylalaşykly alnyp barylmagyny üpjün edýän kollegial ýerine ýetiriji we serenjam beriji edaradyr;

● agzalary Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýän döwlet dolandyryş edarasydyr;

● döwletiň içeri we daşary syýasatyny özbaşdak alyp barýan dolandyryş edarasydyr.

**2. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti baradaky kadalar Türkmenistanyň konstitusiýasynyň haýsy babynda we maddalarynda berkidilýär?**

● Esasy Kanunyň V babynyň 59–71-nji maddalary aralygynda;

● Esasy Kanunyň diňe 89–90-njy maddalary aralygynda;

● Esasy Kanunyň diňe 73–75-nji maddalary aralygynda;

● Esasy Kanunyň IV babynyň 72–76-njy maddalary aralygynda.

**3. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti kim tarapyndan düzülýär?**

● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan onuň öz wezipesine girişen gününden başlap bir aýyň dowamynda düzülýär;

● her ýylyň başynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan;

● her üç ýylda geçirilýän saýlawlaň esasynda;

● her bäş ýyldan geçirilýän sala salşygyň esasynda.

**4. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine kim ýolbaşçylyk edýär?**

● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine Hökümet baştutany ýolbaşçylyk edýär;

● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine Mejlis ýolbaşçylyk edýär;

● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine, Türkmenistanyň Prezidenti ýolbaşçylyk edýär;

● Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine, onuň üçden iki böleginiň ses bermegi bilen saýlanan, Ministrler Kabinetiniň agzasy ýolbaşçylyk edýär.

**5. Täze düzülen Türkmenistanyň Ministrler Kabineti haýsy möhletleriň çäklerinde hereket edýär?**

● dört ýyl möhletiň çäklerinde;

● Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyk möhletiniň çäklerinde;
● möhleti çäklendirilmedik;
● üç ýyl möhletiň çäklerinde.

**6. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti kimiň öňünde öz ygtyýarlyklaryny tabşyrýar?**
● Türkmenistanyň Ministrler Kabineti öz ygtyýarlyklaryny hiç kimiň öňünde tabşyranok;
● Türkmenistanyň Mejlisiniň öňünde ;
● Türkmenistanyň Ýaşulylar maslahatynyň öňünde;
● Türkmenistanyň täze saýlanan Prezidentiniň öňünde.

**7. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň düzümine:**
● onuň Başlygynyň orunbasarlary, ministrler girýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Hökümetiň düzümine ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralarynyň ýolbaşçylary bolan beýleki adamlar hem girizilip bilinýär;
● hormatly il ýaşululary girýärler;
● mejlisiň deputatlary girýärler;
● diňe ministrler girýärler.

*Kanuna laýyk jogaby tapyň.*

**8. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisleri:**
● diňe Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan geçirilýär;
● diňe Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary tarapyndan geçirilýär;
● diňe Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň biri tarapyndan geçirilýär;
● diňe Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan geçirilýär.

**9. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisleri – bu:**
● her gün irden hökmany geçirilýän mejlisdir;
● zerur bolşuna görä, ýöne her aýda azyndan bir gezek hökmany geçirilýän mejlisdir;
● her ýylda bir gezek geçirilýän mejlisdir;
● her ýylyň başynda we ahrynda geçirilýän mejlisdir.

*Dogry jogaby tapyň.*

**10. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti:**
● Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Mejlisiniň namalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar;

● diňe Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar;
● diňe Türkmenistanyň Mejlisiniň namalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar;
● diňe kanunlary durmuşa geçirýär.

**11. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary Esasy Kanunyň**
● 61-nji maddasynda berkidilýär;
● 70–78-nji maddalary aralygynda berkidilýär;
● 93-nji maddasynda berkidilýär;
● 75-nji maddasynda berkidilýär.

**12. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:**
● ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kararlary we permanlary kabul edýär;
● ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kararlary kabul edýär we buýruklary çykarýar;
● ýerine ýetirilmegi hökmany bolan buýruklary çykarýar;
● ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kanunlary kabul edýär.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**13. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary:**
● «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda berkidilýär;
● Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilýär;
● «Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda berkidilýär;
● «Türkmenistanyň Prezidenti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda berkidilýär.

# XV BAP. TÜRKMENISTANDA ÝERLI HÄKIMIÝET EDARALARY

## §1. Türkmenistanyň ýerli häkimiýet edaralary barada düşünje

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň konstitusion-hukuk statusy Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 77–83-nji maddalaryny öz içine alýan V babynda berkidilýär. Türkmenistanda ýerli häkimiýet öz ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket edýän wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralardan ybaratdyr[1].

Ýerli häkimiýet edaralary iki görnüşe, ýagny ýerli ýerine ýetiriji we ýerli wekilçilikli edaralara bölünýärler:

● *Ýerli ýerine ýetiriji edaralar* – bu welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň hem-de etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň häkimlikleridir. Olara Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan häkimler ýolbaşçylyk edýärler.

● *Ýerli wekilçilikli edaralar* – bu welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarydyr. Olar ýerlerdäki saýlaw hukukly raýatlar tarapyndan saýlanýan halk wekillerinden düzülýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli Maksatnamasynyň» düzülmegi we durmuşa geçirilmegi, obalarymyzyň we şäherlerimiziň ilatynyň durmuş şertleriniň dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirilmegine gönükdirilendir. Bu şertleriň döredilmegi ýerli häkimiýet edaralarynyň hem kämilleşmegine oňaýly täsir edýär. Häzirki wagtda ýerli häkimiýet edaralarynyň işi Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda kabul edilen, «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kadalarynyň esasynda amala aşyrylýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bilim we saglygy goraýyş, ilaty durmuş taýdan goldamak ulgamlary has-da kämilleşdirilýär. Bu ulgamlaryň işi ýerli häkimiýet edaralarynyň işi bilen sazlaşykda alnyp barylýar. Ýerli häkimiýet edaralarynyň işleriniň kanunalaýyk, asyrlaryň synagyndan geçen milli däp-dessurlarymyzdan, umumy ykrar edilen halkara kadalaryndan ugur alnyp ýerine ýetirilmegi Türkmenistan döwletimiziň umumy ösüşine-de oňyn täsir edýär.

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 77-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Ýerili häkimiýet öz ygtyýrlyklarynyň çäklerinde hereket etmek bilen, wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralarynyň utgaşykly işlemeginde bu ulgamy emele getirýär. Türkmenistan döwletimiziň bäş welaýaty, ýagny Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap, Mary welaýatlary öz gezeginde etraplara bölünýär. Ýerli dolandyryşy kämilleşdirmek maksady bilen, uly şäherler hem etraplara bölünip bilinýär.

Ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk ýagdaýy, ygtyýarlyklary we işlerini guramagyň tertibi babatda şu bapda giňişleýin durlup geçilýär.

## §2. Ýerli häkimiýet edaralarynyň görnüşleri we olaryň ygtyýarlyklary

Türkmenistanyň häkimiýet-dolandyryş ulgamynda, ýerlerde ýerine ýetiriji häkimiýeti:

1. Welaýatlarda – welaýat häkimleri;
2. Şäherlerde – şäher häkimleri;
3. Etraplarda – etrap häkimleri amala aşyrýarlar[1].

2010-njy ýylyň 14-nji maýynda kabul edilen, «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 2-nji maddasyna laýyklykda, häkimler Türkmenistanyň Prezidentiniň ýerlerdäki wekilleridir. Häkimler döwlet dolandyryşynyň ýerlerdäki edaralarynyň işine ýolbaşçylyk edýärler hem-de Türkmenistanyň konstitusiýasynyň, kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýärler.

Şonuň ýaly-da olar degişli çägiň durmuş-ykdysady taýdan ösdürlişi, ilatyň azyk we isleg bildirýän harytlary, suw, tebigy gaz, elektrik energiýasy we beýleki jemagat hyzmatlary bilen üpjün edilişine, saglygy goraýyş, bilim, durmuş üpjünçilik babatdaky işleriň, kanunylygyň we hukuk tertibiniň ýagdaýy, jemgyýetçilik ulagynyň işleýşi, şäherleriň, şäherçeleriň we obalaryň abadanlaşdyrylyşy üçin, şeýle hem özleriniň garamagyndaky çäkde hereket edýän beýleki ugurlarda işleriň barşy üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň öňünde şahsy jogapkärçilik çekýärler[2].

Şonuň bilen birlikde-de olar öz işleri barada Türkmenistanyň Prezidentine hasabat berýärler. Mundan başga-da, etraplaryň we şäherleriň häkimleri degişli welaýatyň häkimine, şäherlerdäki etraplaryň häkimleri degişli şäheriň häkimine hem hasabat berýärler[3].

Salgylanylýan Kanunyň 7-nji maddasyna laýyklykda, Welaýatyň, etrabyň, şäheriň häkimi:

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 80-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji maddasy.

[3] Şol ýerde. 5-nji madda.

● Degişli çäkde durmuş-ykdysady we medeni ösüşiň milli maksatnamalaryndan gelip çykýan wezipeleriň durmuşa geçirilmegini üpjün edýär;

● Eýeçiligiň görnüşine we haýsy pudaga degişlidigine garamazdan, hojalygy dolandyrýan subýektleriň ilatyň harytlara we hyzmatlara bolan islegini kanagatlandyrmak, degişli çägi ykdysady we durmuş taýdan ösdürmek, ýerli zähmet resurslaryny rejeli peýdalanmak we ilaty iş bilen üpjün etmek hem-de zähmeti goramak bilen baglanyşykly meseleler boýunça işini sazlaşdyrýar;

● Eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalar hem-de hojalygy dolandyrýan beýleki subýektler bilen olaryň harytlaryny (önümlerini) we hyzmatlaryny (işlerini) ýerli bazarlara çekmek üçin hojalyk şertnamalaryny baglaşmaga ýardam edýär, degişli çäkde öndürilýän harytlaryň we edilýän hyzmatlaryň (işleriň) hiline, gözegçiligi amala aşyrýar;

● Degişli çäkde senagat, oba hojalyk desgalaryny, önümçilik hem-de durmuş infrakstrukturanyň beýleki desgalaryny ýerleşdirmek, gurmak, durkuny täzelemek we ýöriteleşdirmek baradaky meselelere seretmäge ministrlikler, döwlet dolandyryşynyň beýleki merkezi edaralary bilen bilelikde gatnaşýar;

● Degişli çäkde ýerden, ýerasty baýlyklardan, suwdan, tokaýlardan, atmosfera howasyndan, ösümlik hem-de haýwanat dünýäsinden, beýleki tebigy baýlyklardan oýlanyşykly peýdalanmak, olary goramak boýunça çäreleri görýär we bu ugurda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde gözegçiligi amala aşyrýar;

● Degişli çäkde ýerleşýän, welaýatyň, etrabyň, şäheriň garamagynda duran obýektleri dolandyrýar;

● Öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde garamagyndaky döwlet eýeçiligindäki obýektleri hususylaşdyrmak, oba hojalyk kärhanalaryny üýtgedip guramak baradaky maksatnamalaryň ýerine ýetirilmegini guraýar, orta we kiçi telekeçiligiň ösmegine ýardam edýär;

● Welaýatyň, etrabyň, şäheriň çagindäki döwlet eýeçiliginde bolan obýektleri başga eýeçilige bermegi, özgertmegi we aýrybaşgalaşdyrmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrýar;

● Degişli çäkde ilaty durmuş taýdan goramak, weteranlaryň, maýyplaryň, köp çagaly, pes üpjünçilikli maşgalalaryň ýaşaýyş we durmuş şertlerini, mekdebe çenli ýaşly çagalar we umumy bilim berýän edaralary, internatlaryň, garrylar öýleriniň, sagaldyş we şypahana-dynç alyş edaralarynyň maddy taýdan üpjünçiligini gowulandyrmak boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegini üpjün edýär;

● Ministrlikler we döwlet dolandyryşynyň beýleki merkezi edaralary bilen bilelikde bilim, saglygy goraýş, medeni we sport, durmuş üpjünçilik edaralaryny dolandyrmagy amala aşyrýar we olaryň maddy-tehniki binýadyny gowulandyrmak boýunça çäreler görýär;

● Saglygy berkitmek hem keselleriň öňüni almak, ýaşaýşyň şertlerini gowylandyrmak we daşky gurşawy sagdynlaşdyrmak, ilatyň dynç alşyny guramak

we syýahatçylygy ösdürmek baradaky maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine ýolbaşçylyk edýär;

● Taryhy, medeni we tebigy ýadygärlikleri goramagy we olardan oýlanyşykly peýdalanmagy üpjün edýär;

● Degişli çäkde sanitariýa-epidemiologik, karantin we gigiýeniki çäreleriň geçirilmegini guraýar hem-de olara gözegçilik edýär;

● Ekologik ýagdaý barada ilaty habarly edýär;

● Tebigy betbagtçylyk, epidemiýa, epizootiýa we heläkçilik (awariýa) bolan ýagdaýynda olaryň ýetiren zyýanlaryny ýok etmek hem-de ilatyň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça zerur çäreleri görýär;

● Kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň töwerekdäki gurşawa howp salýan we tebigatdan peýdalanmak baradaky Türkmanistanyň kanunçylygynyň bozulmagyna getirýän işini togtadýar;

● Ýaşaýş jaý gaznasyny ulanmagyň Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertibiniň berjaý edilmegini, jemagat we ýol hojalygynyň obýektleriniň, söwda, jemgyýetçilik iýmiti hem-de durmuş hyzmaty kärhanalarynyň, elektrik, gaz, suw we beýleki ulgamlaryň hem-de desgalarynyň, aragatnaşyk we gatnaw serişdeleriniň durnukly işlemegini üpjün edýär, ilatyň tebigy gaz, suw we elektrik energiýasy bilen üpjün bolmagy üçin çäreler görýär;

● Öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde harby ulgamyndaky kanunçylygyň ýerine ýetirilmegini guraýar hem-de oňa gözegçilik edýär, zerur bolanda raýat goranyşyna ýolbaşçylyk edýär;

● Degişli çäkde raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak, jemgyýetçilik tertibini we kanunylygy berkitmek boýunça döwlet edaralarynyň, eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň bilelikdäki hereketini we ylalaşykly işini üpjün etmek üçin çäreler görýär;

● Hukuk tertibiniň bozulmalarynyň öňüni almagyň ýagdaýy, şol bozulmalara getirýän sebäpleri we şertleri ýok etmek boýunça çäreler barada degişli ýolbaşçylaryň hasabatlaryny yzygiderli diňleýär. Hukuk goraýjy we beýleki edaralar bilen bilelikde hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň öňüni almagyň ýagdaýyny seljermek işini guraýar we gerek ýerinde jenaýatçylygyň öňüni almak barada çäreler görýär;

● Polisiýanyň ýerli wekilleriniň ýaşulular we beýleki jemgyýetçilik birleşikleri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär;

● Dolandyryş-çäk gurluşynyň meseleleri boýunça Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde teklipler girizýär;

● Häkimligiň işini guraýar we oňa gözegçilik edýär. Häkimligiň hünärmenlerini hem-de beýleki işgärlerini wezipä belleýär we wezipeden boşadýar, olaryň hünär taýýarlygyny, gaýtadan taýýarlanylmagyny we hünäriniň ýokarlandyrylmagyny guraýar;

● Häkim tarapyndan döredilýän barlag toparlaryň işine gözegçiligi amala aşyrýar.

● Raýatlaryň ýüz tutmalaryna, tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna garaýar, gerek ýerinde kärhanalarda we guramalarda şu işi guraýar;

● Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen ygtyýarlyklarynyň çäginde beýleki meseleleri çözýär.

Bu ygtyýarlyklaryň ählisi welaýat, welaýat hukukly şäher, etrap we etrap hukukly şäher häkimleriniň umumy ygtyýarlyklary bolup durýar. Bulardan başga-da häkimleriň eýeleýän wezipesine laýyklykda olaryň goşmaça ygtyýarlyklary hem bar.

Welaýatyň we welaýat hukukly şäheriň häkimi ýokarda görkezilen ygtyýarlyklardan başga, şu aşakda görkezilen ygtyýarlyklary hem amala aşyryp bilýär:

● Degişli etraplaryň, şäherleriň häkimleriniň öz wezipelerini we ygtyýarlyklaryny berjaý etmek boýunça alyp barýan işlerine ýolbaşçylyk we gözegçilik edýär, olaryň iş tejribelerini umumylaşdyrýar, iş usullaryny we görnüşlerini kämilleşdirmek üçin çäreleri görýär;

● Degişli çägi durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny we býujetiniň taslamalaryny işläp taýýarlaýar we olary Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna girizýär, ara alnyp maslahatlaşylmagyna gatnaşýar, olaryň ýerine ýetirilmegini guraýar;

● Degişli etraplaryň we şäherleriň býujetlerini, olary durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny, olaryň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabatlary tassyklaýar, etraplaryň, şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň býujetlerine serişdeleri bölüp berýär;

● Welaýatyň tabynlygyndaky kärhanalaryň, edaralaryň, guramalarynyň we hojalygy dolandyrýan beýleki subýektleriň ýolbaşçylaryny wezipä belleýär hem-de wezipesinden boşadýar;

● Welaýatyň çäginde ýaşaýyş üçin zerur bolan durmuş infrastruktura obýektleriniň: ulag kommunikasiýalaryň, elektrik, gaz, suw, arassalaýyş, aragatnaşyk we gaýry ulgamlaryň hem-de desgalaryň gurluşygyna buýrujy bolup çykyş edýär, gurluşygyny guraýar we gurluşyk işlerine gözegçilik edýär;

● Ýer gurluşyk we suw gorag işleriniň geçirilmegini, ýerden we suwdan rejeli peýdalanmak, ýerleri bölmek we eýeçilige bermek, eýelik etmek we peýdalanmak meseleleriniň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çözülmegini guraýar, sazlaşdyrýar we gözegçilik edýär, ýer-kadastr resminamalarynyň ýöredilmegini guraýar;

● Öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde we ilatyň durmuş taýdan goragyny güýçlendirmek baradaky çäreleri amala aşyrýar, welaýatyň serişdeleriniň hasabyna weteranlara, maýyplara, garrylara, köp çagaly, pes üpjünçilikli maşgalalara we raýatlara Türkmenistanyň kanunçylykdaky ýeňilliklere goşmaçalary bellemäge hukuklydyr, çagalaryň tomusky dynç alşyny guraýar;

● Orta okuw mekdeplerine, çagalar, saglygy goraýyş we medeniýet edaralaryna,

söwda we ilata hyzmat edýän obýektlere, sport desgalaryna at dakmagy we olaryň adyny üýtgetmegi amala aşyrýar;

● Welaýatyň häkiminiň orunbasarlaryny, etraplaryň we şäheriň häkimlerini we olaryň orunbasarlaryny wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hakynda Türkmenistanyň Prezidentine teklip berýär;

● Häkimligiň hünärmenleriniň hünär taýýarlygyny, olaryň gaýtadan taýýarlanylmagyny we hünäriniň ýokarlandyrylmagyny guraýar;

● Daýhan birleşigini döretmek, ýatyrmak ýa-da üýtgedip guramak hakynda Türkmenistanyň Prezidentine teklip berýär;

● Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gaýry meseleleri çözýär[1].

Etrabyň we etrap hukukly şäheriň häkimi bolsa, salgylanylýan Kanunyň 7-nji maddasynda berkidilen ygtyýarlyklary bilen birlikde,

● Etraby, şäheri durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny we býujetiň taslamalaryny işläp taýýarlaýar we olary welaýatyň häkiminiň tassyklamagyna hödürleýär, olaryň ýerine ýetirilmegini guraýar, býujetiň ýerine ýetirilişi hakynda welaýatyň häkimine hasabat berýär;

● Etrabyň, şäheriň tabynlygyndaky kärhanalaryň, edaralaryň, guramalarynyň hem-de beýleki hojalygy dolandyrýan subýektleriň ýolbaşçylaryny wezipä belleýär we wezipeden boşadýar;

● Etrabyň, şäheriň ösüş maksatnamalary we ýyllyk meýilnamalary düzülende Geňeşleriň tekliplerini göz öňünde tutýar, Türkmenistanyň býujet kanunçylygyna laýyklykda ýerli býujetden etrapdaky şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň býujetine serişdeleri bölüp berýär, arçynlaryň işine ýardam berýär;

● Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýer böleklerini eýeçilige, kärendesine we peýdalanmaga bermek meselelerini çözýär, ýer gurluşygy, suw obýektlerini we suwaryş ulgamlaryny göwnejaý saklamak boýunça işleriň geçirilmegini, ýer-kadastr resminamalarynyň ýöredilmegini guraýar;

● Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy we durmuş-önümçilik maksatly obýektleri gurmagyň tassyklanylan maksatnamalarynyň, taslamalarynyň durmuşa geçirilişine gözegçiligiň amala aşyrylmagyny üpjün edýär, etrap, şäher, we şäherçe ähmiýetli taslamalaryň seljermesini guraýar;

● ýerli býujetiň serişdeleriniň ýa-da maksatlaýyn toplanan serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän durmuş infrastrukturasynyň obýektleriniň gurluşygyna we bejerilişine buýrujy bolup çykyş edýär;

● degişli çäkde şäher gurluşyk işini amala aşyrmak üçin bellenilen tertipde rugsat berýär;

[1] «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasy.

● döwlet kabul ediş toparlarynyň düzümini tassyklaýar, ýaşaýyş jaý – jemagat maksatly obýektleri ulanmaga kabul etmek hakyndaky namalary tassyklaýar, şeýle hem degişli çäkde ýerleşen beýleki obýektleriň kabul edilmegine gatnaşýar;

● Saglygy goraýyş, bilim, medeniýet we sport edaralarynyň we guramalarynyň, jemagat hojalygy, söwda, durmuş hyzmaty, jemgyýetçilik ulag kärhanalarynyň hem-de durmuş maksatly beýleki obýektleriň durnukly işlemegini guraýar we olaryň ulgamyny ösdürmek boýunça çäreler görýär;

● Öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ilatyň durmuş taýdan goragyny güýçlendirmek baradaky çäreleri amala aşyrýar, etrabyň, şäheriň serişdeleriniň hasabyna weteranlara, maýyplara, garrylara, köp çagaly, pes üpjünçilikli maşgalalara we raýatlara Türkmenistanyň kanunçylygyndaky ýeňilliklere goşmaçalary bellemäge hukuklydyr, çagalaryň tomusky dynç alyşyny guraýar, Türkmenistanyň raýat we maşgala kanunçylygy esasynda dolandyrmagyna degişli edilen meseleleri çözýär;

● Etrabyň, şäheriň häkiminiň orunbasarlaryny wezipä bellemegiň we wezipesinden boşatmagyň meseleleri boýunça welaýatyň häkimine teklip berýär;

● Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen ygtyýarlyklaryň çäginde gaýry meseleleri çözýär[1].

● Mälim bolşy ýaly, häkimler Türkmenistanyň Prezidentiniň ýerlerdäki wekilleridir, olar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar hem-de oňa hasabat berýärler[2].

Häkimleriň Türkmenistanyň Prezidentiniň ýerlerdäki wekilleri diýlip kesgitlenmegi, olaryň ilkinji nobatda diňe Türkmenistanyň Prezidentine tabynlygyny, öz ygtyýarlyklaryny amala aşyranlarynda Prezidentiň adyndan çykyş edýändiklerini we diňe Döwlet baştutanyna hasabat berýändigini aňladýar. «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ähli häkimler Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipesinden boşadylýar.

Şonuň ýaly-da welaýatlaryň, welaýat hukukly şäheriň häkimleriniň orunbasarlary degişli häkimleriň teklipleri boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipesinden boşadylýar. Etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň häkimleriniň orunbasarlary etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň degişli häkimleriniň tekliplerini nazara almak bilen welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň häkimleriniň teklibi boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipesinden boşadylýar. Häkimler we olaryň orunbasarlary Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary bilen wezipä bellenilýär we wezipesinden boşadylýar.

Salgylanylýan Kanunyň 6-njy maddasynda bolsa häkimi, häkimiň orunbasaryny wezipesinden boşatmak üçin esaslaryň sanawy berilýär. Ol sanawa şular girýär:

---

[1] «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 9-njy madda.

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 81-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

● häkimiň ýa-da häkimiň orunbasarynyň öz wezipelerini talaba laýyk ýerine ýetirmezligi;

● wezipesi bilen bir ýere sygyşmaýan işlere baş goşmagy;

● ýarawsyzlygy zerarly özüniň wezipe borçlaryny ýerine ýetirmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy;

● şahsy haýyşyna görä ýa-da başga işe geçmegi;

● şonuň ýaly-da Türkmenistanyň raýatlygynyň ýatyrylmagy;

● Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki esaslar.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, döwlet häkime öz ygtyýarlyklaryny bökdençsiz we doly amala aşyryp bilmegi üçin ähli şertleri kepillendirýär, häkimiň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini, janyny, abraýyny, mertebesini we şahsy eldegrilmesizligini goraýar.

Häkim Türkmenistanyň Prezidentiniň razylygy bolmasa, jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga bir ýol bilen azatlykdan mahrum edilip, kazyýet tertibinde bellenilýän dolandyryş temmi çärelerine sezewar edilip bilinmeýär. Häkim babatda jenaýat işi diňe Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan gozgalyp bilinýär. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň sanksiýasy bolmasa, häkimiň gulluk jaýyny ýa-da ýaşaýyş jaýyny, gulluk ýa-da şahsy ulag serişdesini, oňa degişli goşlary barlamaga, şonuň ýaly-da onuň hut özüni barlamaga ýol berilmeýär[1].

Ýöne Kanun häkimiň şol bir wagtda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň, şeýle hem Geňeşiň agzasy bolup bilmejekdigini kesgitleýär. Şonuň ýaly-da häkim döredijilik, mugallymçylyk we ylmy-barlag işlerinden özge hak tölenýän haýsydyr bir başga wezipäni eýeläp bilmeýändigi kanunda berkidilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, häkimler ýerlerde dolandyryş edaralarynyň işine ýolbaşçylyk edýärler, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň, kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiň kararlarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýärler. Häkimler öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde garamagyndaky ýerlerde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kararlary kabul edýärler.

Görkezilen hukuk namalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin häkimler ýerlerde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýurt möçberinde amala aşyrýan işlerini ýerli möçberde berjaý edýärler. Bu ugurdan amala aşyrylýan işler barada Esasy Kanunyň 75-nji maddasynyň 1-nji bendiniň düşündirişinde durlup geçilýär.

«Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 11-njy maddasyna laýyklykda, häkim öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalaryna laýyklykda we olary ýerine ýetirmek üçin

[1] «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 20-nji maddasy.

karar görnüşinde kadalaşdyryjy hukuk nama kabul edýär. Häkimleriň kadalaşdyryş häsiýetli[1], şeýle hem raýatlaryň hukuklaryna we azatlygyna degip geçýän namalary, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp kabul edilýär.

Häkimiň namalary, raýatlaryň Türkmenistanyň konstitusiýasy we kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Ministrler Kabinetiniň namalary tarapyndan kesgitlenen hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirip, şeýle hem raýatlar üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulmadyk borçlary belläp bilmez. Häkimiň namalary olara gol çekilen pursatyndan ýa-da namada görkezilen möhletinden güýje girýär.

Eger-de häkimleriň namalary Türkmenistanyň konstitusiýasyna we kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalaryna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna ters gelýän bolsa, onda olar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda togtadylýar ýa-da ýatyrylýar[2].

## §3. Wekilçilikli ýerli häkimiýet edaralary (welaýatlaryň, etraplaryň, welaýat we etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlary)

Wekilçilikli ýerli häkimiýet edaralary diýlende, welaýatlaryň, etraplaryň, welaýat we etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlaryna, ýagny ýerli halk maslahatlaryna düşünilýär. Türkmenistanyň konstitusiýasynda bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde, welaýatda, welaýat hukukly şäherde, etrapda, etrap hukukly şäherde agzalary degişli dolandyryş-çäk birlikleriniň raýatlary tarapyndan dört ýyl möhlete saýlanýan wekilçilikli edaralar – halk maslahatlary döredilýär[3].

*Ýerli halk maslahaty* – bu jemgyýeti dolandyrmakda halk demokratiýasynyň esasy bolup, döwletde ýa-da döwletiň belli bir çäklerinde ýüze çykan meselelere

---

[1] Hukuk namalar täsir ediş güýji boýunça iki görnüşe bölünýär. Kadalaşdyryş (normatiw) häsiýetli we hususy häsiýetli (indiwidual nama). **Kadalaşdyryş häsiýetli hukuk nama** diýlende, ygtyýarly döwlet edarasy ýa-da wezipeli adam tarapyndan konstitusiýany we kanunlary berjaý etmegi üpjün etmek maksady bilen, kabul edilýän hem-de jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilişine täsir edýän hukuk nama düşünilýär. Mysal üçin, düzgünnama, gönükdirme, gollanma, karar we ş.m. **Hususy häsiýetli hukuk nama** diýlende, kadalaşdyryş häsiýetli bolmadyk, diňe belli bir şahsa täsir edýän ýa-da edara-kärhanalarda gündelik işi amala aşyrmak üçin kabul edilýän nama düşünilýär. Mysal üçin, wezipä bellemek barada, zähmet rugsadyny bermek barada buýruk, maliýe serişdelerini edaranyň binalaryny abatlamaga gönükdirmek barada buýruk we ş.m.

[2] «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasy.

[3] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 78-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

garamak we ses köplügi arkaly degişli kararlary kabul etmek üçin şol çäklerde ýaşaýan adamlaryň erkin saýlanan wekilleriniň bir ýere jemlenip degişli çözgütleri kabul etmegidir.

Mälim bolşy ýaly, halk häkimýetiniň wekilçilikli edaralary bolan welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň (Aşgabat şäheri), şeýle hem etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň döwlet häkimýet ulgamynda öz mynasyp orny bardyr. Bu bolsa, türkmen jemgyýetinde döwleti dolandyrylmagyna halka aýratyn orun berilýändiginiň alamatydyr. Türkmen jemgyýetinde halk we häkimiýet aýrylmaz bitewilikdir. Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň şeýle hem etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlary milli demokratiýanyň özenini düzmek bilen, onuň iň ýokary derejede ýüze çykmasy bolup durýar.

Ýerli halk maslahatlarynyň ýerlerde dolandyryş edaralarynyň bir ulgamy bolmak bilen, dürli gatlaklara degişli halk köpçüligine, jemgyýetçilik birleşiklerine döwletiň aýry-aýry çäklerinde jemgyýeti dolandyrmaga halk demokratiýasynyň ýörelgeleri esasynda giňden mümkinçilik alarlar. Munuň özi halkyň jebisleşmegine, onuň syýasy işjeňliginiň artmagyna getirýär,bu bolsa öz gezeginde, kanunyň çäginde raýatlaryň konstitusion hukuklarynyň durmuşa ornaşdyrylmagyna ýol açýar.

Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň, olaryň düzümleriniň, wezipeli adamlarynyň we agzalarynyň işiniň tertibi we hukuk esaslary, şeýle-de olaryň ygtyýarlyklary 2005-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda kabul edilen, «Welaýat halk maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly kesgitlenilýär.

Welaýat halk maslahatlarynyň düzümi jemi 40 agzadan ybarat bolup, olar raýatlar tarapyndan degişli dolandyryş-çäk birliklerinden dört ýyl möhlete saýlanýarlar. Welaýat halk maslahatlarynyň düzümine il içinde uly abraýdan we hormatdan peýdalanýan we halk maslahatlarynyň agzalygyna mynasyp diýlip saýlanylan adamlar girýärler.

Welaýat halk maslahatlarynyň agzalygyna mynasyp diýlip teklip edilen adamlary saýlamagyň tertibi 2010-njy ýylyň 5-nji oktýabrynda güýje giren, «Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bilen kesgitlenilýär. Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň agzalygyna saýlanan adamlar halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynda halkyň doly ygtyýarly wekilidir we ol halk maslahatynda halkyň erk-islegini we bähbitlerini aňladýandyr. Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň agzasynyň ygtyýarlyklary «Welaýat halk maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bilen kesgitlenilýär.

Welaýat halk maslahatlarynyň agzasynyň ygtyýarlyklary olary ykrar etmek hakynda degişli halk maslahaty tarapyndan karar kabul edilenden soň başlanýar. Ol

öz ygtyýarlyklaryny önümçilik ýa-da gulluk işinden arasyny üzmän amala aşyrýar. Welaýat halk maslahatlarynyň agzasy, öz gezeginde halk maslahatynyň mejlislerinde bolmaga we onuň işine işeňňir gatnaşmaga borçludyr. Halk maslahatynyň agzasynyň onuň mejlislerinde: halk maslahaty tarapyndan döredilýän düzümleri saýlamaga hem olara saýlanmaga; ara alyp maslahatlaşylýan meselelere seretmegiň tertibi hem-de olaryň mazmuny barada teklipler girizmäge; kararlaryň taslamalaryny we taslamalara düzedişleri girizmäge; çykyp geplemelere gatnaşmaga, sorag bermäge we öz girizýän tekliplerini esaslandyrmak üçin çykyş etmäge we düşündiriş bermäge haky bardyr.

Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň agzalary öz saýlaw okrugynda döwlet we zähmet düzgün-nyzamynyň berjaý edilişi, döwlet hem-de jemgyýetçilik tertibiniň, raýatlaryň hukuklarynyň goralyşy, halkyň durmuş ýagdaýy hakynda, ilatyň isleglerini, pikirlerini we talaplaryny öwrenmek üçin döwlet edaralaryndan, eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan, hojalygy ýörediji subýektleriň ählisinden zerur bolan maglumatlary almaga haklydyr.

Zerur bolan mahalynda olaryň işini gowulandyrmak, ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek, döwlet düzgün-nyzamyny we kanunçylygy bozmakda günäkär adamlary jogapkärçilige çekmek hakynda degişli wezipeli adamlar tarapyndan garalmagy hökman bolan teklipleri girizýär. Şonuň ýaly-da welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň agzasy halk maslahatynyň işine degişli meseleler boýunça degişli döwlet we jemgyýetçilik edaralarynyň, eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan hojalygy ýörediji subýektleriň wezipeli adamlary tarapyndan haýal edilmän kabul edilmek hukugyndan peýdalanýar.

Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň agzasy bolsa, öz gezeginde, özüniň we halk maslahatynyň işi barada saýlawçylaryň öňünde ýylda iki gezek hasabat bermäge borçludyr. Halk maslahatynyň agzasynyň hasabaty ony halk maslahatynyň agzalygyna saýlan jemgyýetçilik guramalarynyň ýa-da saýlaw okrugynyň saýlawçylarynyň öz ýaşaýan ýerinde geçiren ýygnaklarynyň talap etmegi boýunça hem islendik wagtda geçirilip bilner. Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda bellenen tertipde welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň agzasy degişli halk maslahatyndan deslapdan razylyk alman işleýän (gulluk edýän) ýerinde wezipesinden boşadylyp bilinmez.

Emma welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatynyň agzasynyň ygtyýarlygy, onuň islendik welaýatyň, etrabyň, şäheriň häkimi, häkiminiň orunbasary wezipesine bellenen mahalynda möhletinden öň ýatyrylýar. Welaýat halk maslahatlarynyň agzasynyň ygtyýarlyklaryna şu aşakdaky ýagdaýlarda möhletinden öň ýatyrylyp bilinýär:

- halk maslahatynyň agzasy barada kazyýetiň aýyplaw hökümi kanuny güýje giren mahalynda;
- onuň Türkmenistanyň raýatlygyndan çykanda ýa-da raýatlygyny ýitirende;

● onuň häkim, häkimiň orunbasary wezipelerine bellenende;

● ol Türkmenistanyň çäginden başga ýere hemişelik ýaşamaga göçüp gidende;

● onuň öz arzasy boýunça;

● onuň näsaglygy sebäpli degişli halk maslahatynyň kabul eden karary esasynda.

Şonuň ýaly-da welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň agzasynyň Türkmenistanyň konstitusiýasyny we kanunlaryny bozmagy, öz borçlaryny yzygiderli ýerine ýetirmezligi, il içinde abraýdan düşmegi ony yzyna çagyrmak üçin esas bolup biler.

Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň agzasyny yzyna çagyrmak hakyndaky meselä ony agzalyga saýlamaga hödürlän syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriň degişli edaralarynyň mejlislerinde, raýatlaryň ýygnaklarynda seredilýär we karar kabul edilýär. Ýöne welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň agzasynyň özüni yzyna çagyrmak hakyndaky meselä seredýän mejlislere, ýygnaklara gatnaşmaga haky bardyr.

Mejlisiň, ýygnagyň nirede we haçan geçiriljekdigi öňünden halk maslahatynyň agzasyna habar edilýär. Habar edilenden soň onuň mejlise, ýygnaga gelmezligi bu meselä garalmagyna päsgel bermeýär. Ýygnagyň, mejlisiň karary bolsa degişli halk maslahatynyň mejlisinde seredilýär. Eger halk maslahatynyň agzasyny yzyna çagyrmak hakyndaky kararyň tarapyna halk maslahatynyň agzalarynyň umumy sanynyň üçden ikisi ses beren bolsa, onda ol karar kabul edilen diýlip hasap edilýär. Ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyrylan ýa-da yzyna çagyrylan halk maslahatynyň agzasynyň ýerine «Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen tertipde başga agza saýlanylýar.

Degişli halk maslahatynyň razylygy bolmasa, onuň agzasy jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga usul bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez. Welaýat halk maslahatynyň agzasy barasynda jenaýat işini diňe Türkmenistanyň Baş prokurory kanunçylyga laýyklykda gozgap bilýär. Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatynyň agzasyny jenaýat jogapkärçiligine çekmek ýa-da tussag etmek üçin Baş prokuror degişli halk maslahatyna teklipnama girizýär. Teklipnama halk maslahatynyň agzasyna aýyplama bildirilmänkä ýa-da tussag etmäge rugsat berilmänkä girizilýär. Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahaty öz gezeginde delillendirilen karar kabul edýär we bu barada Baş prokurora habar berýär. Baş prokuror işiň derňelişiniň ýa-da garalyşynyň netijeleri hakynda halk maslahatyna habar bermäge borçludyr.

Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatynyň agzasyna onuň ygtyýarlyklary ykrar edilenden soň şahsyýetnama berilýär. Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatynyň agzasynyň ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyrylan mahalynda, ol şahsyýetnamasyny degişli halk maslahatyna gaýtaryp berýär.

Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň işi garalýan meseleleri erkin ara alyp maslahatlaşmaga we olary bileleşip çözmäge, aýanlyga, jemgyýetçilik pikiriniň hemişe nazara alynmagyna, onuň düzümleriniň we wezipeli adamlarynyň halk maslahatynyň öňünde jogapkärçiligine, hasabatlylygyna esaslanýar. Şeýle hem welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlary özüniň alyp barýan işleri hakynda ilaty yzygiderli habarly edip durýar. Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlary öz işlerini jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda gurnaýarlar we işi mejlisler görnüşinde amala aşyrýarlar.

Welaýat we welaýat hukukly şäheriň halk maslahatynyň mejlisine onuň özüniň bellän tertibinde döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ylmy edaralaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, şeýle hem beýleki adamlar çagyrylyp bilner. Welaýat we welaýat hukukly şäher halk maslahatlarynyň mejlisine onuň agzalarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki bölegi gatnaşýan bolsa, onda ol doly ygtyýarlydyr.

Welaýat we welaýat hukukly şäheriň halk maslahatynda işleri doly derejede amala aşyrmak üçin diwan döredilýär. Diwan halk maslahatynyň işini gurnaýar, gündelik we gaýra goýulmasyz meselelere seredýär we çözýär. Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatynyň diwanynyň düzümi Türkmenistanyň kanunçylyk namalary arkaly kesgitlenýär. Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatynyň diwanyna halk maslahatynyň ýolbaşçysy baştutanlyk edýär.

Welaýat we welaýat hukukly şäher halk maslahatlarynyň ýolbaşçylary degişli halk maslahatynyň mejlisinde halk maslahatynyň agzalaryndan açyk ses bermek arkaly sesleriň ýönekeý köplügi bilen saýlanylýarlar. Olar halk maslahatynyň ýolbaşçylary hökmünde welaýat we welaýat hukukly şäher halk maslahatyna hasabat berijilerdir. Welaýat we welaýat hukukly şäheriň halk maslahatynyň ýolbaşçysyny wezipesinden boşatmak baradaky meselä degişli çäkleriň halk maslahatynyň agzalarynyň azyndan üçden bir böleginiň teklibi bilen degişli halk maslahatynyň mejlisinde garalýar we ony wezipesinden boşatmak hakynda karar açyk ses bermek arkaly sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär.

Welaýat we welaýat hukukly şäher halk maslahatynyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlyklaryna:

● halk maslahatyna ýolbaşçylyk etmek;

● halk maslahatynyň mejlislerinde başlyklyk etmek;

● halk maslahatynyň kararlaryna we onuň mejlisleriniň teswirnamasyna gol çekmek;

● halk maslahatynyň kararlarynyň ýerine ýetirilişine we etrap, şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň işine ýardam etmek;

● Türkmenistanyň kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň, welaýat halk maslahatynyň namalary bilen onuň berjaý etmegine degişli edilen beýleki meseleleri çözmek degişlidir.

Şonuň ýaly-da, welaýat we welaýat hukukly halk maslahatynyň ýolbaşçysy buýruk çykarýar. Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahaty we onuň ýolbaşçysy, Türkmenistanyň Prezidentiniň – Döwlet baştutanynyň ýerlerdäki wekilleri bolan häkimler öz işlerini Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ygtyýarlaryna laýyklykda özbaşdak amala aşyrýarlar we biri-biri bilen ylalaşykly işleýärler.

Diwan welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň, onuň wezipeli adamlarynyň we agzalarynyň işini guramaçylyk, tehniki taýdan we beýleki üpjünçiligi amala aşyrýar. Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň diwanynyň işini halk maslahatynyň kätibi ugrukdyrýar. Kätip halk maslahatynyň mejlisinde onuň agzalarynyň bellenen sanynyň kän böleginiň açyk ses bermegi bilen saýlanylýar. Kätiplige hödürlenýän adam degişli halk maslahatynyň agzasy bolmalydyr.

Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň kätibiniň ýolbaşçylygynda halk maslahatynyň işini üpjün etmek boýunça diwanyň esasy wezipeleri:

● halk maslahatynyň mejlislerine, onuň beýleki çärelerine guramaçylyk, maddy-tehniki taýdan hyzmat etmekden;

● halk maslahatynda seredilmeli meseleleri taýýarlamagy üpjün etmekden, taslamalary taýýarlamakdan ýa-da deslapdan gözden geçirmekden;

● halk maslahatynyň mejlislerinde meseleler ara alnyp maslahatlaşylanda aýdylan, şeýle hem şu meseleler boýunça raýatlardan gelip gowşan teklipleri we bellikleri hasaba almakdan we umumylaşdyrmakdan;

● halk maslahatynyň resminamalaryny saklamagyň tertibini berjaý etmekden;

● etrap, şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň işine ýardam bermekligi üpjün etmekden;

● halk maslahatynyň gündeki we gaýragoýulmasyz meselelerine seretmekden we çözmekden;

● halk maslahatynyň işini üpjün etmek boýunça onuň diwanynyň berjaý etmegine degişli edilen beýleki meseleleri çözmekden ybaratdyr.

Etrap we etrap hukukly şäherleriň halk maslahatlary barada aýdylanda, olar hem welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlary ýaly, ýerli wekilçilikli edaralar bolup durýarlar. Olaryň ygtyýarlyklary, işiniň tertibi we guralyşy, etrap we etrap hukukly şäher halk maslahatynyň we olaryň ýolbaşçysynyň ygtyýarlyklary, halk maslahatynyň agzasynyň hukuk ýagdaýlary edil welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk mslahatlarynyňky bilen bir meňzeş, ýöne welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlaryndan tapawutlylykda olar ýerli edaralardyr, olaryň düzümleri bolsa jemi 20 agzadan ybaratdyr.

Olaryň ygtyýarlyklary, işiniň tertibi we guralyşy, halk maslahatynyň we olaryň ýolbaşçysynyň ygtyýarlyklary we agzasynyň hukuk ýagdaýlary 2005-nji

ýylyň 25-nji oktýabrynda kabul edilen, «Etrap, şäher halk maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly kesgitlenilýärler. Etrap, şäher halk maslahatlarynyň düzümine hem il içinde uly abraýdan we hormatdan peýdalanýan adamlar saýlanýarlar. Olaryň agzalygyna mynasyp diýlip hödürlenen adamlary saýlamagyň tertibi bolsa 2010-njy ýylyň 5-nji oktýabrynda güýje giren, «Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny arkaly kesgitlenilýär.

Esasy Kanunymyzda berkidilişi ýaly, ýerli halk maslahatlary öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda çäkleriň ykdysady, sosial we medeni taýdan ösüşiniň meselelerini çözmäge gatnaşýarlar[1]. Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda ýerli halk maslahatlary öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda çäkleriň ykdysady, sosial we medeni taýdan ösüşiniň meselelerini çözmäge gatnaşýarlar.

Ýerli halk maslahatlary ýerli häkimiýetiň wekilçilikli edaralary bolup durýarlar. Şonuň üçin hem olar ygtyýarlyklaryna laýyklykda degişli häkimligiň çäginde görkezilen ugurlar boýunça ösüş maksatnamalaryna garaýar, olary tassyklaýar, zerurlyk ýüze çykan halatynda bolsa ol maksatnamalara düzedişler girizýär, gaýtadan işlemäge başlaýar.

Türkmenistanyň konstitusiýanyň 79-njy maddasyna we «Welaýat halk maslahaty hakynda», «Etrap, şäher halk maslahaty hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda, ýerli halk maslahatlarynyň ygtyýarlyklaryna şu aşakdakylar degişlidirler:

Welaýat we welaýat hukukly şäherleriň halk maslahatlarynyň ygtyýarlyklaryna:

● Türkmenistanyň kanunlarynyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek;

● öz çägini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan maksatnamalarynyň berjaý edilişini üpjün etmek;

● ýerli býujeti ara alyp maslahatlaşmak we onuň ýerine ýetirilişine ýardam bermek hem-de býujetiň ýerine ýetirilişi hakyndaky habary diňlemek;

● öz çäginde döwlet we zähmet düzgün-nyzamynyň berjaý edilişini, döwlet hem-de jemgyýetçilik tertibiniň, raýatlaryň hukuklarynyň goralyşyny, halkyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda yzygiderli alada etmek we ilatyň isleglerini, pikirlerini hem talaplaryny öwrenip we olardan netije çykaryp, olar barada bellenen tertipde maglumat bermek;

● çägi ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmek babatynda alnyp barylýan işler barada häkimiň ýyllyk habaryny diňlemek;

● Türkmenistanyň kanunçylyk namalary bilen halk maslahatlarynyň ygtyýarlaryna degişli edilen beýleki meseleler degişlidir.

Etrap we etrap hukukly şäher halk maslahatlarynyň ygtyýarlyklaryna:

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 79-njy madda, 1-nji bent. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

● Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, welaýat halk maslahatynyň namalarynyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek;

● öz çägini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan maksatnamalaryň berjaý edilişini üpjün etmek;

● ýerli býujeti ara alyp maslahatlaşmak we onuň ýerine ýetirilişine ýardam bermek hem-de býujetiň ýerine ýetirilişi hakyndaky habary diňlemek;

● çägi ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmek babatynda alnyp barylýan işler barada häkimiň ýyllyk habaryny diňlemek;

● öz çäginde döwlet we zähmet düzgün-nyzamynyň berjaý edilişini, döwlet hem-de jemgyýetçilik tertibiniň, raýatlaryň hukuklarynyň goralyşyny, halkyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda yzygiderli alada etmek we ilatyň isleglerini, pikirlerini hem talaplaryny öwrenip we olardan netije çykaryp, olar barada welaýat halk maslahatyna maglumat bermek;

● halk maslahatynyň agzalarynyň ygtyýarlyklaryny ykrar etmek hem-de Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda olaryň ygtyýarlyklaryny ýatyrmak;

● öz çägindäki Geňeşleriň işine ýardam etmek;

Türkmenistanyň kanunçylyk namalary bilen etrap we etrap hukukly şäher halk maslahatlarynyň ygtyýarlaryna degişli edilen beýleki meseleler degişlidir.

Eger häkim öz borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmese, halk maslahatynyň ony wezipesinden boşatmak hakyndaky meseläni ýokarda durýan edaranyň öňünde goýmaga hukugy bardyr. Degişli halk maslahatynyň bu baradaky karary onuň agzalarynyň bellenen sanynyň üçden iki böleginiň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär.[1] Bu kada welaýat we welaýat hukukly şäherleriň häkimlerine hem degişlidir.

[1] 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda kabul edilen «Ýerli häkimiýetiň wekilçilikli edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasynyň 2-nji bendi.

*15.1-nji çyzgy*



*15.2-nji çyzgy*



*15.3-nji çyzgy*



## Sowalnama:

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Türkmenistanda ýerli häkimiýet ulgamyny haýsy edaralar emele getirýärler?**

● häkimlikler we halk maslahatlary;
● häkimlikler, halk maslahatlary we geňeşlikler;
● ministrlikler, häkimlikler, halk maslahatlary we geňeşlikler;
● diňe häkimlikler.

**2. Ýerli halk maslahatlary nähili edaralar?**

● ýerli ýerine ýetiriji edaralar;
● ýerli wekilçilikli edaralar;
● ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary;
● ýerli kanunçykaryjy häkimiýet edaralary.

**3. Häkim halk maslahatynyň agzasy bolup bilýärmi?**

● ýok;
● hawa;
● hawa, eger-de degişli halk maslahaty muňa razylyk berse;
● hawa, eger-de Türkmenistanyň Mejlisi muňa razylyk berse.

**4. Halk maslahatynyň ýa-da Geňeşiň agzalygyna dalaşgär hökmünde görkezilmek üçin raýatyň näçe ýaşy dolan bolmaly?**

● 25;
● 40;
● 21;
● 18.

**5. Halk maslahatynyň ýa-da Geňeşiň agzalarynyň saýlawlaryna gatnaşmak üçin raýatyň näçe ýaşy dolan bolmaly?**

● 25;
● 40;
● 21;
● 18.

**6. Welaýatyň, welaýat hukukly şäheriň, etrabyň, etrap hukukly şäheriň häkiminiň wezipesine bellenmek üçin raýatyň näçe ýaşy dolmaly?**

● 25;
● 40;
● hereket edýän kanunçylykda ýaş ölçegi görkezilmeýär;
● 21.

**7. Etrap halk maslahatynyň agzasynyň häkimiň orunbasary wezipesine bellenmegi, onuň ygtyýarlyklarynyň möhletinden öň ýatyrylmagy üçin esas bolup bilýärmi?**

● ýok;
● hawa;
● hawa, eger-de degişli etrap halk maslahaty bu barada karar kabul etse;
● hawa, Türkmenistanyň Prezidentiniň ony wezipä bellemek barada kararynda bu görkezilen bolsa.

**8. Welaýat halk maslahatlarynyň kararlary nähili häsiýetde bolýar?**

● maslahat beriji häsiýetde;
● kadalaşdyryjy-hukuk häsiýetde;
● degişli çäkde, hemmeler üçin hökmany häsiýetde;
● maslahat beriji we kadalaşdyryjy-hukuk häsiýetde.

**9. Häkimiň kararlary:**

● garamagyndaky ýerler üçin hökmany häsiýetli;
● ýurduň bütin çäginde hökmany häsiýetli;
● maslahat beriji häsiýetli;
● diňe garamagyndaky häkimligiň işgärleri üçin hökmany häsiýetli.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**10. Halk maslahatynyň ýa-da Geňeşiň agzalygyna dalaşgär hökmünde görkezilmek üçin zerur şertlere şular hem girýärler:**

● Türkmenistanyň raýaty bolmak;
● degişli çäkde ýaşamak;
● soňky 10 ýylyň dowamynda Türkmenistanyň çäginde ýaşamak;
● aklynyň düzüw bolmagy.

*Dogry jogaby tapyň.*

**11. Iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam Halk maslahatynyň ýa-da Geňeşiň agzalygyna dalaşgär görkezilip bilnermi?**

● hawa;
● ýok;
● hawa, eger-de ol aýratyn agyr jenaýat etmedik bolsa;
● hawa, eger-de oňa kazyýet tarapyndan bellenen jeza çäresi azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk bolsa.

**12. Welaýat halk maslahatynyň agzasy arçyn bolup bilýärmi?**

● hawa;

● ýok;

● hawa, eger-de muňa degişli halk maslahaty razylyk berse;

● hawa, eger-de muňa degişli häkim razylyk berse.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**13. Eger häkim öz borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmese, halk maslahatynyň ony wezipesinden boşatmak hakyndaky meseläni ýokarda durýan edaranyň öňünde goýmaga hukugy barmy?**

● ýok;

● hawa;

● hawa, eger-de muňa degişli halk maslahatynyň agzalarynyň bellenen sanynyň üçden iki bölegi ses berse;

● hawa, eger-de muňa degişli halk maslahatynyň agzalarynyň bellenen sanynyň ýarysyndan köpüsi ses berse.

*Dogry jogaby tapyň.*

**14. Jenaýat eden we degişli halk maslahatynyň razylygy bolan halatynda, welaýat halk maslahatynyň agzasy barada jenaýat işini kim gozgap bilýär?**

● islendik anyklaýyş işlerini geçirýän adam, sülçi, prokuror ýa-da kazy;

● diňe şol welaýatyň prokurory;

● diňe şol welaýatyň prokuraturasynyň, polisiýa müdirliginiň, milli howpsuzlyk ministrliginiň müdirliginiň sülçisi ýa-da kazyýetiniň kazysy;

● diňe Türkmenistanyň Baş prokurory.

**15. Degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň näçesi birleşenlerinde welaýat halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär görkezip bilýärler?**

● 100-si;

● 200-si;

● 150-si;

● 50-si.

# XVI BAP. TÜRKMENISTANDA ÝERLI ÖZ-ÖZÜŇI DOLANDYRYŞYŇ KONSTITUSION-HUKUK ESASLARY

## §1. Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary barada düşünje

Ýerli öz-özüňi dolandyryş diýlende haýsy-da bolsa bir guramaçylykly sosial toparyň öz işlerini guramagy we dolandyrmagy özbaşdak amala aşyrmagyna düşünilýär. Türkmenistanda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary diýip, Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 84-nji maddasyna laýyklykda, Geňeşlere we ýerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralaryna düşünilýär. Biziň döwletimizde halkyň ýerlerde öz-özüni dolandyrmagynyň esasy görnüşi hökmünde bolsa, Türkmenistanda etraplardaky şäheriň, şäherçäniň, Geňeşligiň çäginde ýerli öz-özüňi dolandyryş wezipelerini amala aşyrýan halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy bolan Geňeşler çykyş edýärler. Has takyk aýdylanda, Geňeşler öz çägini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitlemekden başlap çäginde ýaşaýan ilatyň syýasy, ykdysady we medeni durmuşyna dahylly wajyp meseleleriň aglaba köpüsini çözmeklige kanun esasynda ygtyýarly edilen edaralar bolup durýarlar.

Demokratiýanyň esasy ýörelgeleriniň biri adamlaryň jemgyýetde ýüze çykýan möhüm meseleleri bilelikde özbaşdak çözmeklerinden ybarat bolup durýandyr. Ýerli öz-özüňi dolandyryş bolsa demokratiýanyň şu möhüm ýörelgesiniň gönüden-göni durmuşa geçirilmegini aňladýandyr. Has irki döwürlerden bäri türkmen obasy, kiçeňräk şäher-kentleri, umuman türkmen jemagatynyň ululy-kiçili bölekleri hormatly ýaşulylaryň we beýleki iliň öňüne düşýän, sylagly-sarpaly adamlaryň gatnaşmaklarynda hem-de kethuda aksakgallaryň ýolbaşçylygynda geçirilýän geňeş ýa-da maslahat tarapyndan dolandyrylypdyr. Şeýle geňeş ýa-da maslahat öz dolandyrýan jemagatyna dahylly, ekin ýerlerini we suwy paýlamak, umumy hasyldan ýetim-ýesirlere, dul aýallara, hossarsyz garrylara paý bermek, tutuş jemagatyň derkaryna ýaraýan binalary, ýagny suw howdanlaryny, guýulary, köprüleri, gatlalary gurmaklyk we abatlamak, duşmandan goranmak, meýletinlerden ybarat goşunyň serkerdelerini, hanlary we begleri saýlamak ýaly ähli wajyp meseleleri seljeripdir hem-de degişli çözgütleri kabul edipdir. Bu görnüşdäki geňeşiň ýa-da maslahatyň ygtyýarlygynda ýasawullar, salgyt ýygnaýjylar ýa-da nökerlerden düzülen goşun, ýörite kabul edilýän we berjaý edilmegi döwlet ýaly haýsydyr bir has güýçli we mäkäm ulgamyň mejbur ediji güýji bilen kepillendirilýän hukuk kadalarynyň bolmandygyna garamazdan, olaryň kabul eden çözgütleri milletimize

mahsus bolan päk ynsaply ahlak kadalaryna we sagdyn däp-dessurlara, edim-gylymlara esaslanyp, hemmeler tarapyndan hökmany ýagdaýda ýerine ýetirilipdir. Geňeşiň ýa-da maslahatyň çözgüdini ýerine ýetirmezlik halkymyzyň arasynda aňrybaşy masgaraçylyk hasap edilipdir. Çözgüdi ýerine ýetirmedik adam ýowuz jemgyýetçilik ýazgarylyşyna sezewar edilipdir, hatda şeýle adamlaryň kähalatda obadan kowulýan ýagdaýlary hem bolupdyr.

Halkymyza mahsus bolan demokratiýa barada gürrüň edilende saýlawlaryň gadymy türkmen jemagatyny dolandyrmakda neneňsi wajyp ähmiýetiniň bolandygyny ýatlaman geçmek bolmaz. Sebäbi türkmen jemagatynyň öz-özüni dolandyryş ulgamy tutuşlygyna saýlawlara, ýerli sala salşyklara we saýlawlylyk ýörelgesine bagly bolupdyr diýilmegi hem ýalňyşlyk däldir. Türkmen jemagatynda kesgitleýji orny eýelän arçynlaryň, miraplaryň, galyberse-de halkyň arasyndan çykan görnükli hanlaryň-begleriň hem serdarlaryň ähli halk tarapyndan göni we açyk ses bermek arkaly saýlanandygy bu taryhy hakykatyň aýdyň subutnamasy bolup durýandyr.

Bu ugurdan Ýewraziýa yklymynda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgamyny döretmek we olaryň netijeli hereket etmegini üpjün etmek meselesine dürli çemeleşmeler bar. Ýewropa we Aziýa döwletleriniň içinde biziň döwletimiz ýaly ösüp barýan döwletler hökmünde ykrar edilýän, Gazagystan, Gyrgyzystan, Özbegistan, Ermenistan, Wengriýa, Latwiýa, Polşa, Çehiýa ýaly döwletlerde akimatlar, munisipal geňeşler, ýerli geňeşler, raýatlaryň ýygnagy diýlip dürli atlar bilen atlandyrylýan ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgamy bilen biziň döwletimiziň öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgamynyň arasynda birnäçe meňzeşlikleriň bardygyny bellemek ýerlikli bolardy. Emma käbir meňzeşlikleriň bardygyna garamazdan biziň döwletimiziň ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň özboluşly aýratynlyklary bardyr. Geňeşleri döretmek we geňeş agzalaryny saýlamak meseleleri kadalaşdyrylanda 2005-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda rejelenen görnüşde kabul edilen «Geňeş hakynda» şeýle hem 2010-njy ýylyň 5-nji oktýabrynda güýje giren «Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň kanunlary türkmen halkynyň ýokarda görkezilen milliliginden ugur alýar.

## §2. Geňeşler

Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda[1], Geňeşler ýerli öz-özüňi dolandyryş wezipesini amala aşyrýan we etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasydyr. Geňeşligiň çäginde hojalyk

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 84-nji maddasynyň 2-nji bölegi. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

işiniň subýekti hökmünde bir ýa- da birnäçe daýhan birleşigi, paýdarlar jemgyýeti, hojalygara kärhanasy bolup biler[1].

Kanuna laýyklykda[2] Geňeşiň işiniň esasy görnüşi onuň maslahatydyr. Geňeşiň maslahatlaryny taýýarlamagyň, olary çagyrmagyň we geçirmegiň tertibi «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanunynda kesgitlenilýär, ýagny kanuna laýyklykda Geňeşiň maslahatlary zerur bolşuna görä, ýöne azyndan ýylda iki gezek arçyn tarapyndan çagyrylýar. Täze saýlanylan Geňeşiň birinji maslahatyny saýlaw toparynyň başlygy saýlawdan soň iki hepdäniň dowamynda çagyrýar, ol maslahaty açýar we arçyn saýlanylýança maslahatyň işini alyp barýar, soňra bu işi arçynyň özi ýerine ýetirýär. Eger saýlanylan Geňeş agzalarynyň umumy sanynyň azyndan üçden iki bölegi maslahata gatnaşýan bolsa, onda maslahat doly ygtyýarly hasap edilýär. Geňeşiň maslahatlary açyk tertipde geçirilýär, emma Geňeşiň karary boýunça onuň ýapyk mejlisi hem geçirilip bilinýär. Maslahat geçirilendigi barada Geňeşiň maslahatynyň teswirnamasy düzülýär. Maslahatyň teswirnamasyna arçyn hem-de Geňeşiň kätibi gol çekýär. Geňeşiň maslahatlary hakyndaky habar, Geňeşiň kabul eden kararlary ilatyň dykgatyna ýetirilmäge degişlidir.

Salgylanylýan Kanunyň 13-nji maddasyna laýyklykda, Geňeş ýuridik tarap hasaplanylýar, onuň Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanan nusgasyna laýyklykda tugraly möhri bolýar. Geňeşiň işine guramaçylyk, tehniki taýdan we başga hyzmatlaryň edilmegini onuň diwany üpjün edýär. Geňeşiň diwanyna arçyn ýolbaşçylyk edýär. Geňeşiň diwanyny saklamak üçin çykdajylar onuň öz býujet serişdeleriniň hasabyna Geňeşiň karary bilen kesgitlenilýär. Geňeşiň diwanynyň Mysaly düzümini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti kesgitleýär. Geňeşiň işini üpjün etmekde onuň diwanynyň esasy wezipeleri: 1) Geňeşiň maslahatlaryny geçirmäge taýýarlyk görmekden, onuň gün tertibine degişli bolan teklipleri işläp taýýarlamakdan; 2) Geňeşiň maslahatlaryny we beýleki çärelerini guramaçylyk, maddy-tehniki taýdan üpjün etmegi guramakdan; 3) Geňeşiň maslahatynda seredilmeli meseleleri taýýarlamakdan, taslamalary taýýarlamakdan; 4) Geňeşiň maslahatynda meseleler ara alnyp maslahatlaşylanda aýdylan teklipleri we bellikleri hasaba alyp umumylaşdyrmakdan; 5) Geňeşiň resminamalaryny saklamagyň tertibini berjaý etmekden; 6) Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda raýat ýagdaýynyň namalaryny resmileşdirmegi, kepillendiriş hereketleri, hojalyk hasabatyny ýöretmegi amala aşyrmakdan; 7) Geňeşiň gündeki we gyssagly meselelerine garamakdan we çözmekden; 8) Geňeşiň işini üpjün etmek üçin diwanyň berjaý etmegine degişli edilen beýleki meseleleri çözmekden ybaratdyr. Geňeşiň diwanynyň işini Geňeşiň kätibi ugrukdyrýar. Kätip Geňeşiň maslahatynda onuň agzalarynyň arasyndan açyk ses bermek arkaly sesleriň ýönekeý köplügi

[1] «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasy.

[2] Şol ýerde. 6-7-nji maddalar.

bilen saýlanylýar. Kätibi wezipesinden boşatmak hem şol tertipde amala aşyrylýar[1]. Salgylanylýan Kanunyň 23-nji maddasynda berkidilişine görä, Geňeşiň diwanynyň ýerleşýän jaýynda Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy gerilýär we Döwlet Tugrasy (Gerbi) oturdylýar. Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy Geňeşiň maslahatynyň geçirilýän jaýynda hem dikilýär.

Mälim bolşy ýaly, Geňeş agzasy saýlawçylaryň doly ygtyýarly wekilidir we ol Geňeşde saýlawçylaryň erk-islegini hem bähbitlerini aňladýar[2]. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 84-nji maddasynyň 2-nji böleginde Geňeş agzalary barada hukuk kadasy berkidilýär. Geňeş agzasynyň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň konstitusiýasy we «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanuny bilen kesgitlenilýär. Geňeş agzasynyň ygtyýarlyklary olary ykrar etmek hakynda Geňeş tarapyndan karar kabul edilenden soň başlanýar we täze çagyrylyşyň Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklary ykrar edilen gününde gutarýar. Geňeş agzasy özüniň ygtyýarlyklaryny muzdsuz amala aşyrýar. Geňeş agzasy Geňeşiň maslahatlary geçirilýän, Geňeşiň tabşyryklaryny ýerine ýetirýän döwründe önümçilik ýa-da gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadylýar, oňa şol işleri ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly edilen çykdajylaryň öwezi ýerli býujetiň hasabyna tölenilýär. Geňeş agzasy saýlawçylar bilen ykjam aragatnaşyk saklaýar, öz çäklerini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişi hakynda olary yzygiderli habarly edip durýar, Geňeşiň kabul eden kararlaryny ýerine ýetirmegi guramak we oňa gözegçilik etmek işine gatnaşýar, jemgyýetçilik pikirini, ilatyň isleg-hajatlaryny öwrenýär, Geňeşe teklip girizýär. Geňeş agzasynyň ygtyýarlyklary kazyýetiň aýyplaw höküminiň kanuny güýje girmegi, ýa onuň özüniň arza bermegi, ýa-da Türkmenistanyň raýatlygyndan çykmagy ýa-da bolmasa raýatlygyny ýitirmegi bilen baglanyşyklylykda Geňeşiň kabul eden karary esasynda möhletinden öň ýatyrylýar. Geňeş dolandyryş-çäk gurluşynyň üýtgedilmegi bilen baglanyşyklylykda ýatyrylan mahalynda, Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyrylýar. Geňeşiň agzasy saýlawçylaryň ynamyny ödemedik wagtynda, ol «Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda yzyna çagyrylyp bilinýär. Kanuna laýyklykda Geňeşiň agzasy Geňeş bilen deslapdan ylalaşylman, ýolbaşçylaryň teklibi boýunça işden ýa-da gullukdan boşadylyp ýa-da düzgün-nyzam temmisi tertibinde pes hak tölenilýän işe geçirilip (wezipesinden peseldilip) bilinmeýär. Salgylanylýan Kanunda Geňeşiň agzasy jenaýat jogapkärçiligine çekiljek, tussag ediljek bolnanda ýa-da ol barada kazyýetiň üsti bilen dolandyryş temmi çäresi ulanyljak bolnanda Geňeş bilen deslapdan ylalaşylmalydygy bellenilýär. Geňeşiň agzasyna bellenilen nusgadaky şahsyýetnama berilýär[3].

---

[1] «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 16-njy maddasy;

[2] Şol ýerde. 17-njy madda.

[3] «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 17-nji maddasy.

Geňeş agzasyny jenaýat jogapkärçiligine çekmek, tussag etmek ýa-da ol barada kazyýet tarapyndan dolandyryş temmi çäresi ulanyljak bolnanda Geňeşiň razylygyny almak üçin etrabyň, şäheriň prokurory Geňeşe teklip girizýär. Kanuna laýyklykda şeýle teklip ýokarda durýan prokuror tarapyndan hem girizilip bilinýär. Teklip Geňeş agzasyna aýyp bildirilmezinden ýa-da tussag etmäge sanksiýa berilmezinden, ýa-da dolandyryş hukuk bozulmalary baradaky iş kazyýete ugradylmazyndan ozal girizilýär. Geňeş agzasyny jogapkärçilige çekmek hakynda razylygy almak üçin aşakda durýan prokuror tarapyndan ugradylan teklipnamany ýokarda durýan prokuror yzyna çagyryp bilýär. Geňeş bir aýdan gijä goýman prokuroryň teklipnamasyna garaýar we teklipnamada görkezilen meseleleri çözmek üçin zerur bolan goşmaça maglumatlary prokurordan soramaga haklydyr. Geňeş delillendirilen karary kabul edýär we bu barada üç günüň dowamynda prokurora habar berýär. Geňeş esaslar bar bolan ýagdaýynda öz kararyna gaýtadan seredip biler. Öz eldegrilmesizligi hakyndaky meselä Geňeş tarapyndan garalanda, Geňeş agzasynyň oňa gatnaşmaga haky bardyr. Geňeşiň karary bilen ylalaşylmadyk mahalynda ýokarda durýan prokuror Geňeş tarapyndan şu meselä gaýtadan seredilmegi hakynda Geňeşe teklipnama girizmäge haklydyr. Eger Geňeş ilkibaşdaky kararyny tassyklasa, onda Baş prokuroryň teklipnamasy boýunça şu mesele düýp manysy boýunça Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan çözülmäge degişlidir. Eger salgylanylýan Kanunyň 18-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde prokuroryň girizen teklipnamasyna Geňeş tarapyndan bir aýyň dowamynda seredilmedik bolsa, onda Türkmenistanyň Mejlisi Baş prokuroryň girizen teklipnamasy boýunça, oňa haýal edilmän garalmagyny üpjün etmek üçin çäreleri görýär. Geňeşe teklipnama girizen prokuror Geňeş agzasyny jenaýat ýa-da dolandyryş jogapkärçiligine çekmäge ýa-da ony tussag etmäge razylyk beren Geňeşe iş boýunça önümçiligiň gutaran gününden soň üç güniň dowamynda derňew geçirilmeginiň ýa-da işe garalmagynyň netijeleri hakynda habar bermäge borçludyr[1].

Geňeş agzalaryny saýlamagyň tertibi, 2010-njy ýylyň 5-nji oktýabrynda güýje giren, «Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň kanunynda kesgitlenýär. Geňeş agzalygyna dalaşgärleri görkezmegiň, olary bellige almagyň we olaryň saýlawlarynyň tertibi barada şu aşakdakylary bellemek bolar. Görkezilen Kanunyň 33-nji maddasyna laýyklykda, Geňeş agzalygyna dalaşgärleri görkezmeklik saýlawa 45 gün galanda başlanyp, 30 gün galanda tamamlanýar. Degişli şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň çäginde ýaşaýan, saýlawlar gününe çenli 21 ýaşy dolan Türkmenistanyň raýatlary Geňeş agzalygyna dalaşgär görkezilip bilinýär. Dalaşgär hökmünde görkezilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam Geňeş agzalygyna dalaşgär görkezilip bilinmeýär. Kanuna laýyklykda Geňeş agzalygyna dalaşgärleri görkezmek: syýasy partiýalaryň,

[1] «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 18-nji maddasy.

jemgyýetçilik birleşikleriniň etrap edaralarynyň mejlislerinde we olaryň ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda amala aşyrylýar. Syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň dalaşgärleri görkezmek baradaky mejlisleri we ýygnaklary bilelikde geçirmäge hukuklary bardyr.

Ondan başga-da, raýatlar toparynyň başlangyjy bilen çagyrylyp geçirilýän raýatlaryň ýygnaklarynda-da Geňeş agzalygyna dalaşgärleri görkezmek amala aşyrylyp bilinýär. Ýygnaga saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan 50-si gatnaşýan bolsa, ol doly ygtyýarly hasap edilýär. Ýygnaga gatnaşyjylar bellige alynmaga degişlidir, bellige alyş sanawynda her bir saýlawçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýaşaýan ýeri görkezilýär. Mejlislerde we ýygnaklarda Geňeş agzalygyna dalaşgärleriň çäklendirilmedik sany ara alnyp maslahatlaşylyp bilinýär. Mejlise, ýygnaga, gatnaşýan her adamyň dalaşgärlige görkezilýänler hakynda teklip girizmäge, olaryň ara alnyp maslahatlaşylmagyna gatnaşmaga, olary oňlamaga ýa-da ret etmäge, Geňeş agzalygyna dalaşgär hökmünde ara alnyp maslahatlaşmak üçin hut özüni hem teklip etmäge hukugy bardyr. Syýasy partiýa, jemgyýetçilik birleşigi, raýatlaryň ýygnagy her bir saýlaw okrugyna Geňeşiň agzalygyna diňe bi däläşgär görkezip bilýär. Eger syýasy partiýanyň, jemgyýetçilik birleşiginiň degişli saýlawly guramasynyň düzüminiň ýarysyndan köpüsi ýa-da raýatlaryň ýygnaga gatnaşyjylaryň ýarysyndan köpüsi Geňeş agzalygyna dalaşgär üçin ses berse, onda şol dalaşgär görkezilen diýlip hasap edilýär. Dalaşgäri görkezmek hakyndaky karar açyk ýa-da gizlin ses bermek arkaly kabul edilýär. Ses bermegiň tertibi we mejlisiň, ýygnagyň alnyp barlyşynyň beýleki meseleleri mejlise, ýygnaga gatnaşyjylar tarapyndan kesgitlenilýär. Geňeş agzalygyna dalaşgäriň görkezilendigi hakynda teswirnama düzülýär. Syýasy partiýanyň, jemgyýetçilik birleşiginiň degişli guramasynyň mejlisiniň teswirnamasy raýatlaryň ýygnagynyň teswirnamasynyň ýanyna bolsa, ýygnaga gatnaşyjylaryň sanawyny goşup, iki günüň içinde, ýöne dalaşgär görkezmek möhletiniň gutaran gününiň yzyndan gelýän iş gününden gijä galynman, degişli welaýatyň, etrabyň, şäheriň, etrapdaky şäheriň, şäherçäniň geňeşliginiň saýlaw toparyna gowşurylýar. Dalaşgär görkezilendigi hakyndaky karar barada dalaşgäre hem şol möhlet içinde habar berilýär. Dalaşgär özüniň saýlawlarda sese goýulmaga razydygy hakynda degişli welaýatyň, etrabyň, şäheriň, etrapdaky şäheriň, şäherçäniň geňeşliginiň saýlaw toparyna, ýazmaça habar berýär[1].

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 85-nji maddasyna laýyklykda, Geňeş öz işlerinde özbaşdakdyr, ol häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşyklaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýar. Mälim bolşy ýaly, Geňeşiň özbaşdaklygy diýlende bu ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň subýekti hökmünde çykyş edýän Geňeşiň ygtyýarlygyna degişli edilen meseleleri çözmekde, onuň hereketleriniň erkinligini aňladýar. Emma Geňeş ýerli öz-özüňi

[1] «Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 33-nji maddasy.

dolandyryş wezipesini amala aşyrmagyň dowamynda, döwletiň degişli häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşyklaryny ýola goýýar. Geňeşleriň häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşyklary Türkmenistanyň dürli kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär. Mysal üçin, «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 17-nji maddasyna laýyklykda, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet Türkmenistanyň konstitusiýasynda, salgylanylýan kanunda we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýerli häkimiýetiň wekilçilikli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşyklaryny gurýar. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet ýerli häkimiýetiň wekilçilikli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklarynyň çygryna girýän meselelere häkimleriň gatyşmagyna ýol berilmeýär. Bu hukuk kadasyndan görnüşi ýaly, hereket edýän kanunçylyk häkimleriň Geňeşler we Geňeşe ýolbaşçylyk edýän arçynlar bilen özara gatnaşyklarynyň ýörite kadalaryny berkidýär. Geňeşleriň we Geňeşe ýolbaşçylyk edýän arçynlaryň beýleki häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan beýleki hukuk namalarynda hem (mysal üçin, «Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakynda» Türkmenistanyň kanuny we «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň kanunyny we ş.m.) edil şonuň ýaly ýörite hukuk kadalary berkidilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 86-njy maddasyda berkidilen hukuk kadalaryna laýyklykda Geňeşler şu aşakdaky ygtyýarlyklara eýedirler, ýagny Geňeşler:

1. Öz çäklerini ykdysady, sosial hem medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitleýärler;

2. Býujeti düzýärler we tassyklaýarlar, onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty taýýarlaýarlar;

3. Ýerli ýygymlary we olary almagyň tertibini belleýärler;

4. Tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça çäreleri kesgitleýärler;

5. Geňeşler kanun tarapyndan öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýärler we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde garamagyndaky ýerlerde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan çözgütleri kabul edýärler.

Geňeşleriň ýokarda sanalyp geçilen ygtyýarlyklary barada aýdylanda şu aşakdakylary belläp bolar:

**I.** Türkmenistanda Geňeşler öz çäklerini ykdysady, sosial hem medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitleýärler. Geňeşleriň bu ugurdan amala aşyrýan çäreleri hem ýerli halk maslahatlarynyň amala aşyrýan işleri bilen mazmuny boýunça meňzeşdir. Diňe Geňeşleriň bu ugurdan durmuşa geçirýän işleri möçberi boýunça etraplaryň, şäherleriň çäginde amala aşyrylýandygy bilen tapawutlanýarlar.

**II.** Geňeşleriň öz býujetini düzmeklige we tassyklamaklyga, onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty taýýarlamaklyga bolan ygtyýarlyklary hem olaryň

esasy ygtyýarlyklarynyň biri bolup durýar. «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 19–21-nji maddalaryna laýyklykda, Geňeşiň maliýe serişdeleri ýerli býujetiň serişdelerinden we býujetden daşary serişdelerden, şeýle hem kanun tarapyndan gadagan edilmedik gaýry maliýe çeşmelerinden durýar. Türkmenistanyň kanunlary boýunça bellenilýän salgytlardan hem-de beýleki töleglerden ýerli býujete geçirilýän serişdeler, Geňeşiň karary boýunça bellenilen ýerli ýygymlar, gaýry girdejiler we düşýän serişdeler ýerli býujet serişdeleriniň çeşmeleri diýlip hasaplanylýar. Ondan başga-da Geňeş ýerli býujetiň serişdelerini haýsy maksatlar üçin we näçe mukdarda ulanmalydygyny özbaşdak kesgitleýär, býujetiň girdeji we çykdajy böleklerine düzediş girizýär, Geňeşiň diwanyny saklamak üçin çykdajylaryň möçberini tassyklaýar. Ýerli býujet ýerine ýetirilende goşmaça alnan girdejiler, şeýle hem alynmaly girdejileriň artyk ýerine ýetirilmegi ýa-da çykdajy etmekde tygşytlylyk gazanylmagy netijesinde girdejileriň çykdajylardan artyk galan bölegi Geňeşiň ygtyýarynda galýar, ol ýokarda durýan döwlet edaralary tarapyndan yzyna alynmaga degişli däldir hem-de ol Geňeşiň kararyna görä peýdalanylýar.

Kanuna laýyklykda, Geňeş dürli çeşmelerden býujetden daşary gaznany döretmäge hem hukuklydyr. Ol çeşmeler, goşmaça alnan girdejilerden hem-de ykdysady we durmuş meselelerini çözmek boýunça Geňeşiň guran çäreleriniň durmuşa geçirilmeginiň hasabyna alnan, tygşytlanan maliýe serişdelerinden, raýatlaryň we eýeçiligiň görnüşine seretmezden kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň meýletin gatançlaryndan we beren serişdelerinden, şonuň ýaly-da, býujetden daşary gelip gowuşýan beýleki serişdelerden ybaratdyr. Býujetden daşary gaznanyň serişdeleri bank edaralarynda açylýan ýörite hasaplarda saklanylýar we olar ýokarda durýan döwlet edaralary tarapyndan yzyna alynmaga degişli däldir hem-de olardan Geňeşiň kararyna görä peýdalanylýar.

**III.** Ýerli ýygymlary we olary almagyň tertibini kesgitlemek hem Geňeşleriň möhüm ygtyýarlyklarynyň biri bolup durýar. 2004-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda kabul edilen, Türkmenistanyň Salgyt kodeksiniň VII babyna laýyklykda, Türkmenistanda ýerli ýygymlaryň, mahabatlandyrma (reklama) üçin ýygym, şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym, awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym, awtomobilleriň ýerlenmegi üçin ýygym, itleriň eýelerinden alynýan ýygym ýaly görnüşleri bardyr.

**IV.** Geňeşleriň tebigy baýlyklary rejeli ulanmaklyga we daşky gurşawy goramak boýunça çäreleri kesgitlemeklige bolan ygtyýarlyklary barada aýdylanda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary öz çäginde dolandyryşy amala aşyrýarlar. Mälim bolşy ýaly, Esasy Kanunyň 75-nji maddasynyň 4-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti ýurt möçberinde tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyny we daşky gurşawyň goralmagyny üpjün edýär. Hökümet bu ugurdan döwletiň adyndan çykyş etmek bilen ençeme çäreleri amala aşyrýar. Geňeşler hem arçynyň

ýolbaşçylyk etmeginde öz çäginde tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyny we daşky gurşawyň goralmagyny üpjün etmek boýunça Ministrler Kabinetiniň ýurt möçberinde amala aşyrýan çärelerine meňzeş işleri ýerine ýetirýär. Şonuň ýaly-da bu ugurdan döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär.

**V.** Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 86-njy maddasynyň 5-nji bendinde Geňeşleriň Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýändigi hakynda hukuk kadasy berkidilýär. Esasy Kanunyň bu maddasynda Geňeşleriň ygtyýarlyklarynyň gutarnykly sanawy berkidilmeýär. «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 14-nji maddasyna laýyklykda bolsa, Geňeşleriň konstitusiýada berkidilen ygtyýarlyklaryndan başga-da şu aşakdaky ygtyýarlyklar bellenilýär: 1. Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklaryny ykrar etmek hem-de kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda olaryň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmak; 2. Arçyny, Geňeşiň kätibini saýlamak, olary wezipesinden boşatmak; 3. Geňeşiň diwanyny saklamak üçin edilýän harajatlary tassyklamak; 4. Arçynyň işi hakyndaky hasabatlara, şeýle hem Geňeş agzalarynyň öz borçlaryny ýerine ýetirişi hakyndaky habarlara garamak; 5. Arçynyň çykaran buýruklaryny ýatyrmak; 6. Ýerli sala salşygy geçirmek hakynda karar kabul etmek; 7. Öz çägini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitlemek; 8. Ýerli býujeti hem-de onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak; 9. Ýerli ýygymlary, olary almagyň tertibini bellemek; 10. Öz býujetine tölenilýän tölegler boýunça ýeňillikler bermek; 11. Tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we töwerekdäki gurşawy goramak baradaky çäreleri kesgitlemek; 12. Ilatly mekanlaryň we dolandyryş-çákleriň (birlikleriň) araçäklerini, hukuk ýagdaýyny hem-de adyny üýtgetmek hakynda haýyşlara seretmek, şunda emläk we hukuk häsiýetli ýüze çykýan meseleleri çözmek; 13. Ýerli çäkde binalary gurmak zerurlygy baradaky teklip bilen etrap häkimligine çykmak baradaky meseläni çözmek; 14. Köpçülikleýin bagçylyk we bakjaçylyk ýerlerini, dynç alyş zolaklaryny, suwa düşülýän ýerleri abadanlaşdyrmak; 15. Hususy ýaşaýyş jaýlary gurlanda şol çäkde gurluşyk işlerini alyp barmak baradaky kadalaryň, gurluşygyň berkligi we gözelligi babatda edilýän talaplaryň berjaý edilişine gözegçilik etmek; 16. Ýerli býujetiň we ilatyň serişdeleriniň hasabyna ýerli ähmiýetli ýollary, köprüleri gurmak we abatlaşdyrmak, ilat üçin jemagat maksatly desgalary (suw-gaz geçirijilerini, lagymy, energiýa-ýylylyk üpjünçiligini, suw howuzlaryny, guýulary, hammamlary we beýlekileri) gurmak we elektrik, gaz, aragatnaşyk ulgamynyň desgalarynyň bökdençsiz işlemegi üçin degişli edaralar bilen utgaşykly iş alyp barmak; 17. Şäheri, şäherçäni, geňeşligiň obalaryny abadanlaşdyryş işlerini geçirmek we gür baglyga öwürmek, baglara ideg etmek boýunça çäreleri görmek; 18. Ilatly ýerleriň, suw üpjünçilik çeşmeleriniň, ýaşaýyş jaýlarynyň, söwda, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň, mekdepleriň we beýleki medeni-durmuş edaralaryň hem-de olaryň daş-töwereginiň arassaçylyk ýagdaýyna gözegçilik etmek, ýadygärlikleriň,

gonamçylyklaryň tertipli ýagdaýda saklanylmagyny üpjün etmek; 19. Polisiýanyň ýerli wekilleri bilen bilelikde jenaýatçylyga, neşekeşlige garşy göreşmek, jemgyýetçilik tertibini, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanun arkaly goralýan bähbitlerini goramak, ilata kanunçylygy düşündirmek boýunça işleri guramak, olar bilen bilelikde hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň öňüni almak, hukuk düzgünlerini bozanlary jemgyýetçilik tarapyndan ýazgarmak işine ýerlerdäki ýaşulularyň işjeň gatnaşdyrylmagyny guramak; 20. Öz çäginde ýerleşýän medeniýet edaralarynyň işini utgaşdyrmak, olaryň ulgamyny giňeltmek, halk döredijiligini we çeper höwesjeňligi ösdürmek boýunça çäreleri görmek; döwlet baýramçylyklary, belli seneler bilen baglanyşykly köpçülikleýin çäreleri guramaga ýardam etmek; 21. Çäkdäki mekdepleriň, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň işini göwnejaý üpjün etmek boýunça çäreleri görmäge: mekdebiň önümçilik bilen aragatnaşygynyň pugtalanmagyna, mekdebiň işiniň ýaşlary päkize ahlakly, watançylyk ruhunda terbiýelemäge we ýaşlykdan hünär saýlamak mümkinçiligini döretmeklige gönükdirilmegine, çagalaryň dynç alşyny many-mazmunly guramaga ýardam etmek; 22. Ata-ene howandarlygyndan galan çagalary mekdep-internatlara, çagalar öýlerine we raýatlaryň maşgalalaryna terbiýelemäge ýerleşdirmek üçin çäreleri görmäge, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň gözegçiliksiz galmagynyň öňüni almak boýunça işi guramaga, hossarlary we howandarlary bellemek boýunça teklipleri we degişli maglumatlary taýýarlamaga we olaryň öz borçlaryny ýerine ýetirişine gözegçilik etmäge ýardam bermek; 23. Saglygy goraýyş edaralarynyň ilata saglygy goraýyş kömegini bermek, eneligi we çagalygy goramak, sanitariýa-öňüni alyş çärelerini, ýokanç kesellere garşy çäreleri geçirmek boýunça alyp barýan işine ýardam etmek; 24. Halk senetçiligini we hünärmentçiligini ösdürmek, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän kiçi kärhanalaryň gurnalmagyna ýardam etmek, daýhanlaryň oba hojalyk paýdarlar jemgyýetiniň ýerli guramalary bilen oba hojalyk önümini öndürmäge şertnama baglaşmaklaryna usulyýet, guramaçylyk we gaýry kömekleri bermek bilen tabynlygyndaky çäkde iş bilen üpjün etmek barada iş alyp barmak; 25. Jemgyýetçilik ýerlerinde söwda etmek kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek; 26. Türkmenistanyň kanunçylyk namalary arkaly Geňeşleriň ygtyýaryna degişli edilen beýleki meseleler.

Geňeş Türkmenistanyň konstitusiýasyna, kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Ministrler Kabinetiniň, Mejlisiniň namalaryna laýyklykda, öz ygtyýarlyklarynyň çäginde kararlary kabul edýär. Geňeşiň kararlary açyk ses bermek arkaly, Geňeş agzalarynyň umumy sanyndan berlen sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Geňeşiň kabul eden kararlary hemmeleriň dykgatyna ýetirilýär we halka ýetirilen pursatyndan güýje girýär[1]. «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, Geňeşleriň kadalaşdyryş häsiýetli namalary hem kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ulgamyna girýär.

---

[1] «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 8-nji maddasy.

Geňeşleriň, beýleki jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň wezipeleri we ygtyýarlyklary, olaryň işiniň hem-de beýleki häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşyklarynyň tertibi Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 84–88-njy maddalaryny özünde jemleýän IV bölüminde, «Geňeş hakynda», «Arçynlar hakynda», «Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary hakynda», «Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň kanunlarynda kesgitlenilýär.

## §3. Arçynlar

*Arçyn* – bu ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň we etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, şeýle hem geňeşligi emele getirýän obalaryň çäginde ýaşaýşyň ähli ugurlarynda işleriň ýagdaýy üçin degişli Geňeşiň öňünde gös-göni jogapkärçilik çekýän wezipeli adamdyr. Arçyn etrapdaky şäheriň, şäherçäniň ýa-da geňeşligiň Geňeş agzalarynyň arasyndan açyk ses bermek arkaly sesleriň ýönekeý köplügi bilen saýlanylýar. Arçyn Geňeşiň işine ýolbaşçylyk edýär we özüniň alyp barýan işi barada Geňeşe hasabat berýär. Arçyn Geňeşiň ygtyýarlyk möhleti (3 ýyl[1]) tamamlanandan soň täze çagyrylyşyň Geňeşi arçyn saýlaýança öz ygtyýarlylygyny saklaýar. Eger-de arçyn öz üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirip bilmedik ýagdaýynda, onda Geňeş agzalarynyň açyk ses bermegi bilen sesleriň ýönekeý köplügi esasynda arçynyň ygtyýarlylygyny möhletinden öň ýatyrmak baradaky karar kabul etmek bilen arçynyň ygtyýarlylyklary möhletinden öň hem ýatyrylyp bilinýär. Arçynyň näsaglamagy sebäpli öz gulluk wezipesini ýerine ýetirip bilmezligi, şahsy haýyşy, başga işe geçmegi, Geňeş agzalarynyň azyndan üçden bir böleginiň talap etmegi hem-de Türkmenistanyň raýatlygyndan çykmagy ýa-da raýatlygyny ýitirmegi, arçynyň ygtyýarlylygyny möhletinden öň ýatyrylmagyna esas bolup durýar. Arçyn öz üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirip bilmedik ýagdaýynda ýa-da ol wezipesinden boşadylan bolsa onda, onuň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirmekligi Geňeşiň karary bilen Geňeş agzalarynyň birine tabşyrylýar. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň we kanunlarynyň bozulmagy, öz borçlaryny ýerine ýetirmezligi ýa-da göwnejaý ýerine ýetirmezligi, öz gulluk ýagdaýy bilen bir ýere sygyşmaýan etmişi edenligi, şeýle hem özi barada kazyýetiň aýyplaw höküminiň kanuny güýje girmegi, arçynyň wezipesinden boşadylmagy üçin esas bolup durýar. Arçyny wezipesinden boşatmak hakynda karar Geňeş agzalary tarapyndan açyk ses bermek arkaly sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär[2].

Arçyn özüniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde derhal (operatiw) we beýleki gündelik meseleleri çözmek üçin Geňeşiň tabynlygyndaky çäkde ýaşaýan raýatlar we ykdysady işi ýöredijiler üçin ýerine ýetirilmegi hökmany bolan buýruklary

[1] «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 3-nji maddasy.

[2] Şol ýerde. 10-njy madda.

çykarýar. Arçynyň buýruklary raýatlaryň Türkmenistanyň Konstitusiýasy, kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Ministrler Kabinetiniň namalary bilen kesgitlenen hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirip, şeýle hem raýatlar üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulmadyk borçlary belläp bilmeýär. Arçynyň buýruklary olara gol çekilen döwründen ýa-da buýrukda görkezilen möhletden güýje girýär. Arçynyň çykaran buýrugy Geňeş agzalarynyň azyndan üçden bir böleginiň başlangyjy bilen, prokuroryň, degişli etrap, şäher halk maslahatlarynyň ýa-da etrabyň, şäheriň häkiminiň teklipnamasy boýunça diňe Geňeş tarapyndan ýatyrylyp bilinýär. Şonuň ýaly-da arçynyň üstüne: 1) Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiniň, Ministrler Kabinetiniň, degişli welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň namalarynyň, Geňeşiň kararlarynyň, welaýat, etrap, şäher häkimleriniň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde çykaran buýruklarynyň ýerine ýetirilmegini guramak; 2) şäheriň, şäherçäniň, obanyň ykdysady, durmuş we medeni taýdan toplumlaýyn ösdürilmegini üpjün etmegi gurnamak; 3) saglygy goraýyş, bilim, medeniýet edaralarynyň hem-de söwda, jemgyýetçilik iýmiti we durmuş hyzmaty kärhanalarynyň işleriniň ýokary derejede bolmagyny üpjün etmegi gurnamak; 4) ilatyň suw, gaz, elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün edilmegini, jemagat hojalygynyň desgalarynyň, ulgamlaryň we beýleki desgalaryň, aragatnaşyk serişdeleriniň kadaly işlemegini üpjün etmegi guramak; 5) ýerli ähmiýetli ýollaryň gurluşygyny we olaryň abatlandyrylmagyny gurnamak; 6) şäherleri, şäherçeleri we obalary abadanlaşdyrmak hem-de bagy-bossanlyga öwürmegi gurnamak; 7) jenaýatçylyga, neşekeşlige garşy göreşmek, jemgyýetçilik tertibini, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny, kanuny bähbitlerini we emlägini goramak boýunça işleri gurnamak[1] ýaly wezipeler ýüklenilýär.

Görkezilenler bilen bir hatarda özüniň garamagyndaky çäkde işi ýola goýmak üçin arçyn Geňeşiň işine ýolbaşçylyk etmek bilen onuň kabul eden kararlarynyň, Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiň, Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, şeýle hem häkimleriň ygtyýarlyklarynyň çäginde çykaran buýruklarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär, Geňeşiň maslahatyny taýýarlamak we ony çagyrmak işini amala aşyrýar, maslahatyň gün tertibini maslahatyň geçiriljek gününe çenli azyndan 10 gün galanda Geňeş agzalarynyň dykgatyna ýetirýär, Geňeşiň kararlarynyň taslamalary bilen tanyşmak mümkinçiligini üpjün edýär, Geňeşiň maslahatlaryny alyp barýar, dolandyryş-çäk gurluşynyň meseleleri baradaky degişli maglumatlary taýýarlaýar, döwlet we jemgyýetçilik guramalary, kärhanalary bilen gatnaşyklarda Geňeşe wekilçilik edýär, Geňeşiň çykaran kararlaryna laýyklykda ýerli sala salşyklaryň geçirilmegini, şeýle hem Geňeşiň kararlarynyň taslamalarynyň, ýerli we döwlet ähmiýetli beýleki möhüm meseleleriň raýatlar tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmagyny üpjün edýär, raýatlaryň ýüztutmalaryna jogap bermek boýunça işi üpjün edýär; özüniň garamagyndaky çäkde işleriň ýagdaýy hakynda,

[1] «Arçynlar hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 3-nji maddasy.

Geňeşiň kararlaryny ýerine ýetirmek boýunça edilen iş hakynda Geňeşi habarly edýär, ýerli çägi ykdysady, durmuş, medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň hem-de ýerli býujetiň taslamalaryny işläp taýýarlamaga ýolbaşçylyk edýär hem-de bellenilen maksatnamalaryň berjaý edilişi we býujetiň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabatlary Geňeşiň garamagyna hödürleýär, şeýle hem ýerli häkimiýetiň eýeçiligindäki desgalaryň dolandyrylmagyny üpjün edýär, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň hem-de welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeş agzalarynyň saýlawlaryna taýýarlyk we olary geçirmek boýunça saýlaw toparlaryna ýardam edýär, raýatlary sylaglamak meseleleri baradaky teklipleri hem-de degişli maglumatlary taýýarlaýar, kanunçylyk namalary, şeýle hem Geňeşiň kararlary boýunça arçynyň ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýär[1].

Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulyşy ýaly, ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň ýolbaşçysy hökmünde arçyna onuň ýerine ýetiriş-serenjam beriş işinde şu aşakdaky ýaly hukuklar berilýär: 1) şäheri, şäherçäni, obany ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmek maksatnamalarynyň we ýerli býujetiň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge; 2) döwlet we jemgyýetçilik guramalary hem-de hojalygy ýöredijiler bilen gatnaşyklarda şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň bähbitlerine wekilçilik etmäge; 3) şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň çäginde ýerleşen kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýerden peýdalanmaga, tebigaty goramaga, gurluşyk, ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygyny ösdürmäge, zähmet serişdelerini peýdalanmaga, halkyň sarp edýän harytlaryny we ýerli çig malyň gorundan ýerli gurluşyk serişdelerini öndürmäge, ilata jemgyýetçilik-medeni, durmuş we beýleki hyzmaty bitirmäge dahylly meýilnamalara garalan wagtynda oňa gatnaşmaga, bu meseleler boýunça öz tekliplerini girizmäge; 4) şäheriň, şäherçäniň, obalaryň guruljak ýeriniň we şol çäkleri gurnamagyň meýilnamalarynyň taslamalaryna garamaga hem-de olar barada şäher, etrap we welaýat häkimliklerine teklipler girizmäge, çägi (şäheri, şäherçäni, obany) gurnamak meýilnamasynyň berjaý edilişine gözegçilik etmäge, eger gurluşyk şäheri, şäherçäni ýa-da obalary gurnamak kadalaryny bozmak bilen alnyp barylsa, onda gurluşygy togtatmaga; 5) öz ygtyýarlyklarynyň çäginde tabynlykdaky çäkde ýerine ýetirmek üçin hökmany bolan buýruklary çykarmaga; 6) ilatyň mellek ýerleriniň bölünip berilmegi baradaky arzalaryna garamaga we daýhan birleşigi bilen bilelikde degişli maglumatlary Geňeşiň garamagyna hödürlemäge hem-de bu baradaky Geňeşiň kararyny degişli maglumatlar bilen bilelikde etrabyň (şäheriň) ýer meseleleri baradaky toparyna bermäge; 7) şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň çäginde ýerleşen hojalygy ýöredijileriň razylygy bilen çäkleri abadanlaşdyrmak we bagy-bossanlyga öwürmek üçin bölüp beren serişdelerini jemlemäge; 8) ýerli şertlere görä, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýerli ýygymlaryň görnüşlerini kesgitlemek üçin Geňeşe

[1] «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň kanunyň 15-nji maddasy.

teklipleri hödürlemäge; 9) raýatlaryň ýaşaýşyna dahylly (abadanlaşdyrmak, jemagat-durmuş we medeni taýdan hyzmat, jemgyýetçilik tertibini goramak we başgalar) has möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň ýa-da onuň aýry-aýry düzüm bölekleriniň çäginde ýaşaýan raýatlaryň umumy ýygnagyny (ýygnanyşyklaryny) çagyrmaga; 10) tebigy betbagtçylyklara, ýangynlara garşy göreşmek, tehnogen heläkçilikleriň we betbagtçylyklaryň netijesi düzedilende heläkçilik çekenleri, şonuň ýaly-da agyr näsaglary hassahana gyssagly ýerleşdirmek, olary bejermek, saglygy goraýyş işgärleriniň agyr näsaglaryň ýanyna barmagy üçin we beýleki aýratyn halatlarda ulag bermek hakynda tabynlykdaky çäkde ýerleşýän kärhanalara, edaralara ýa-da guramalara buýruklary bermäge; 11) dolandyryş-çäk gurluşynyň, raýatlary sylaglamagyň meseleleri boýunça teklipleri we degişli maglumatlary taýýarlamaga; 12) Geňeşiň diwanynyň işgärlerini wezipä bellemäge we wezipesinden boşatmaga; 13) saglygy goraýyş, bilim we durmuş ulgamyndaky edaralaryň ýolbaşçylarynyň alyp barýan işleri hakyndaky maglumatlary soramaga we hasabatlaryny diňlemäge; 14) guramaçylyk-hukuk taýdan görnüşine we tabynlygyna garamazdan öz işini Geňeşiň çäginde amala aşyrýan hojalygy ýöredijileriň ýolbaşçylaryndan ýerli häkimiýet edaralarynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde çykaran kararlaryny olaryň ýerine ýetirişleri hakyndaky habaryny talap etmäge.

Türkmenistanyň kanunçylygynda arçynlaryň hukuklary bilen bir hatarda olaryň borçlary hem kesgitlenýär. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, arçyn şu aşakdakylara borçludyr: 1) şäheri, şäherçäni, obany ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň we ýerli býujeti düzmegiň maksatnamalarynyň taslamalaryny Geňeşiň garamagyna girizmäge; 2) ýerli häkimýetiň eýeçiligindäki desgalary dolandyrmagy amala aşyrmaga; 3) salgytlaryň we ýerli ýygymlaryň ýygnalyşyna gözegçiligi guramaga; 4) ilatyň harytlara we hyzmatlara bolan isleglerini kanagatlandyrmak, çägi ykdysady we durmuş taýdan ösdürmek we ilaty iş orunlary bilen üpjün etmek bilen baglanyşykly meseleler boýunça tabynlykdaky çäkde ýerleşen kärhanalaryň ykdysady işini utgaşdyrmaga; 5) mallary we guşlary saklamagyň weterinariýa kadalarynyň berjaý edilişine, mallaryň we guşlaryň keselleriniň öňüni almak we şolaryň ýok edilmegi boýunça çäreleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge; 6) oba hojalyk önümlerini öndürmegi we gaýtadan işlemegi, halk senetçiligini we hünärmentçiligini ösdürmäge ýardam etmäge; 7) şäheriň, şäherçäniň we geňeşligiň çäklerinde ýerleşen dynç alyş meýdançalarynyň abadanlaşdyrylyşyna gözegçilik etmäge, şäheriň, şäherçäniň we obalaryň arassaçylygyna hem-de bagy-bossanlyga öwrülmegine we baglara ideg etmek, olary goramak boýunça çäreleriň geçirilmegine ýolbaşçylyk etmäge; 8) ýerli býujetiň we beýleki serişdeleriň hasabyna ýerli ähmiýetli ýollaryň, köprüleriň gurulmagyny we abatlanylmagyny, ilat üçin umumy maksatly kärhanalaryň we desgalaryň (suw geçirijiniň, energiýa-ýylylyk üpjünçiliginiň, gaz hojalygynyň,

suw howdanlarynyň, guýularyň, hammamlaryň we beýlekileriň) gurluşygyny guramaga; 9) ýaşaýyş we jemgyýetçilik jaýlarynyň, jaýlaryň we desgalaryň daş-töwereginiň, taryhy ýadygärlikleriň, şeýle hem gonamçylyklaryň we adam jaýlanan beýleki ýerleriň abadan we tertipli ýagdaýda saklanylmagyny üpjün etmäge; 10) söwda, jemgyýetçilik iýmiti we durmuş hyzmaty kärhanalaryny tabynlykdaky çäkde ýerleşdirmegiň meselelerini çözmäge, ilata söwda-durmuş hyzmatynyň edilişine gözegçilik etmäge; 11) ýol hojalygynyň desgalarynyň, elektrik, gaz kärhanalarynyň, beýleki ulgamlaryň we desgalaryň, aragatnaşyk, ulag serişdeleriniň bökdençsiz işlemegi üçin çäreleri görmäge; 12) şäheriň, şäherçäniň we geňeşligiň çäginde ýerleşen medeniýet edaralarynyň işini utgaşdyrmaga, olaryň ulgamyny giňeltmäge, halk döredijiligini we çeper höwesjeňligi ösdürmek boýunça çäreleri görmäge; döwlet baýramlary, belli seneler bilen baglanyşykly köpçülikleýin çäreleri geçirmäge; 13) tabynlykdaky çäkde mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň, mekdepleriň işini göwnejaý guramak boýunça çäreleri görmäge; mekdebiň önümçilik bilen aragatnaşygynyň pugtalanmagyna, ýaşlaryň terbiýelenmegine we hünär taýdan gönükdirilmegine, çagalaryň boş wagtynda dynç alşyny guramaga ýardam etmäge; 14) ata-ene howandarlygyndan galan çagalary ýöriteleşdirilen mekdeplere, çagalar öýlerine we raýatlaryň maşgalalaryna terbiýelemäge ýerleşdirmek üçin çäreleri görmäge; kämillik ýaşyna ýetmedikleriň gözegçiliksiz galmagynyň öňüni almak boýunça işi guramaga; hossarlary we howandarlary bellemek boýunça teklipleri we degişli maglumatlary taýýarlamaga, olaryň öz borçlaryny ýerine ýetirişine ýardam etmäge; 15) ilata lukmançylyk kömegini bermek bilen baglanyşykly saglygy goraýyş edaralarynyň işini guramak boýunça çäreleri görmäge, eneligi we çagalygy goramak boýunça çäreleriň geçirilmegine, sanitariýa-öňüni alyş çäreleriniň, ýokanç kesellere garşy çäreleriň geçirilmegine ýardam etmäge; 16) ilatly ýerleriň, suw üpjünçilik çeşmeleriniň, ýaşaýyş jaýlarynyň, söwda, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň, mekdepleriň we beýleki edaralaryň sanitariýa ýagdaýyna gözegçilik işlerini alyp barmaga; 17) ilatyň arasynda bedenterbiýäniň we sportuň köpçülikleýin ösdürilmegi, sport meýdançalarynyň we beýleki sport desgalarynyň gurulmagy üçin çäreleri görmäge; 18) jenaýatçylyga, neşekeşlige garşy göreşmek, jemgyýetçilik tertibini, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanun arkaly goralýan bähbitlerini goramak, ilata kanunçylygy düşündirmek boýunça işleri guramaga we bu babatda degişli çäreleri görmäge; 19) pasport ulgamynyň kadalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi üpjün etmäge; Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda raýat ýagdaýynyň namalaryny bellige almagy geçirmäge, käbir kepillendiriş hereketlerini amala aşyrmaga, raýatlaryň hojalyklarynyň maşgala-emläk taýdan bölünmelerini bellige almaga, raýatlara Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan güwänamalary bermäge; 20) hojalyk kitaplaryny we ilatyň hasaba alnyşyny bellenilen görnüşler boýunça ýöretmäge we hasabatlylygy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen

tertipde döwlet edaralaryna bermäge; 21) raýat goranyşyny guramak boýunça çözgütleri kabul etmäge; 22) öz işi hakynda ilata yzygiderli habar bermäge; 23) raýatlary kabul etmäge, raýatlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde garamaga we olar boýunça zerur çäreleri geçirmäge; 24) Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen Arçynyň ygtyýaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözmäge[1]. Arçynyň öz üstüne ýüklenen ygtyýarlyklaryny päsgelçiliksiz amala aşyrmagy üçin döwlet ähli şertleri kepillendirýär, şonuň ýaly-da onuň hukuklaryny, janyny, namysyny, mertebesini we şahsy eldegrilmesizligini goraýar. Kanuna laýyklykda, Geňeşiň razylygy bolmasa, arçyn jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga hili ýol bilen azatlykdan mahrum edilip, kazyýet tertibinde berilýän dolandyryş temmi çärelerine çekilip bilinmeýär[2].

[1] «Arçynlar hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 9-njy maddasy.

[2] Şol ýerde. 14-nji madda.

*16.1-nji çyzgy*



*16.2-nji çyzgy*



*16.3-nji çyzgy*



**Sowalnama:**

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Öz-özüňi dolandyryş diýlende:**

● haýsy-da bolsa, bir edaranyň ýa-da kärhananyň, öz işlerini amala aşyrmakda özbaşdak hereket etmeklerine düşünilýär;

● öz çykdaýjylaryňa we girdejileriňe dolulygyna özüň erk etmeklige düşünilýär;

● haýsy-da bolsa, bir guramaçylykly sosial toparyň öz işlerini guramagy we dolandyrmagy özbaşdak amala aşyrmagyna düşünilýär;

● kimdir birinden garaşsyz öz başyňy özüň çaramaklyga düşünilýär.

**2. Türkmenistanda ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyny:**

● ministrlikler we pudaklaýyn edaralar emele getirýärler;

● etraplar we etrap hukukly şäherler emele getirýärler;

● welaýatlar we welaýat hukukly şäherler emele getirýärler;

● Geňeşler we ýerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralary emele getirýärler.

**3. Geňeşler – bu:**

● ýerli öz-özüňi dolandyryş wezipesini amala aşyrýan we etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasydyr;

● dolandyryş we guramaçylyk meseleleri halk tarapyndan amala aşyrylýan ýörite ygtyýarly döwlet edarasydyr;

● daýhan birleşikleriň dolandyryş edarasydyr;

● Türkmenistanyň Mejlisiniň ýerlerdäki edaralarydyr.

**4. Geňeşiň işine guramaçylyk taýdan we başga tehniki hyzmatlaryň edilmegini:**

● Türkmenistanyň Ministrler Kabineti üpjün edýär;

● Türkmenistanyň Mejlisi üpjün edýär;

● Geňeşiň öz diwany üpjün edýär;

● Welaýat we etrap häkimleri üpjün edýär.

**5. Geňeşiň diwanyna ýolbaşçylyk edýär:**

● Türkmenistanyň Mejlisi;

● arçyn;

● ýaşulular;

● Geňeş agzalary.

**6. Geňeş agzalary:**
● diňe ýaşulular tarapyndan saýlanýar;
● arçynlar tarapyndan saýlanýar;
● Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň arasyndan Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan saýlanýar;
● gös-göni raýatlar tarapyndan saýlanýar.

**7. Geňeş agzalygyna dalaşgärleri görkezmeklik saýlawa çenli:**
● 45 gün galanda başlanyp, 30 gün galanda tamamlanýar;
● 25 gün galanda başlanyp, 10 gün galanda tamamlanýar;
● 70 gün galanda başlanyp, 15 gün galanda tamamlanýar;
● 80 gün galanda başlanyp, 10 gün galanda tamamlanýar.

*Kanuna laýyk jogaby tapyň.*

**8. Kanuna laýyklykda Geňeş agzalygyna dalaşgärleri görkezmek:**
● Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan amala aşyrylýar;
● Türkmenistanyň Ministrleri tarapyndan amala aşyrylýar;
● syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň etrap edaralarynyň mejlislerinde we olaryň ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda amala aşyrylýar;
● oba ilaty tarapyndan amala aşyrylýar;

*Dogry jogaby tapyň.*

**9. Geňeş agzalygyna dalaşgäri görkezmek hakyndaky karar:**
● açyk ýa-da gizlin ses bermek arkaly kabul edilýär;
● diňe açyk ser bermek arkaly kabul edilýär;
● diňe gizlin ses bermek arkaly;
● dalaşgäri görkezmek üçin asla karar kabul edilenok.

**10. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Geňeş öz işlerinde:**
● Türkmenistanyň Prezidentine, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine we Türkmenistanyň Mejlisine tabyndyr;
● welaýat we etrap häkimlerine tabyndyr;
● özbaşdakdyr hem-de ol häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşyklaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýandyr;
● diňe Türkmenistanyň Prezidentine tabyndyr.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**11. Geňeşler şu aşakdaky ygtyýarlyklara eýedir:**
● öz çäklerini ykdysady, sosial hem medeni taýdan ösdürmegiň esasy

ugurlaryny kesgitleýärler, býujeti düzýärler we tassyklaýarlar, onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty taýýarlaýarlar, ýerli ýygymlary we olary almagyň tertibini belleýärler;

● tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça çäreleri kesgitleýärler;

● Geňeşler kanun tarapyndan öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýärler we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde garamagyndaky ýerlerde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan çözgütleri kabul edýärler;

● halk kazyýet we derňew işlerini alyp barýarlar, derňew we halk kazyýet çözgütleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýärler.

*Dogry jogaby tapyň.*

**12. Arçyn – bu:**

● Türkmenistanyň Prezidentiniň ýerlerdäki wekili bolmak bilen, ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň we etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, şeýle hem Geňeşligi emele getirýän obalaryň çäginde ýaşaýşyň ähli ugurlarynda işleriň ýagdaýy üçin degişli Geňeşlige ýolbaşçylyk edýän wezipeli adamdyr;

● ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň we etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, şeýle hem geňeşligi emele getirýän obalaryň çäginde ýaşaýşyň ähli ugurlarynda işleriň ýagdaýy üçin degişli Geňeşiň öňünde gös-göni jogapkärçilik çekýän wezipeli adamdyr;

● welaýat we etrap häkimleriniň ýerlerdäki kömekçisi bolmak bilen, ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň we etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, şeýle hem Geňeşligi emele getirýän obalaryň çäginde ýaşaýşyň ähli çygyrlarynda işleriň ýagdaýy üçin degişli Geňeşlige ýolbaşçylyk edýän wezipeli adamdyr;

● ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň we etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, şeýle hem geňeşligi emele getirýän obalaryň çäginde ýaşaýşyň ähli ugurlarynda işleriň ýagdaýy üçin degişli Geňeşlige ýolbaşçylyk edýän we Türkmenistanyň Mejlisiniň öňünde gös-göni jogapkärçilik çekýän wezipeli adamdyr.

**13. Arçyn:**

● Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen wezipä bellenýär;

● Türkmenistanyň Mejlisiniň üçden iki böleginiň ses bermegi bilen, Mejlisiň deputatlarynyň arasyndan saýlanýar;

● etrapdaky şäheriň, şäherçäniň ýa-da geňeşligiň Geňeş agzalarynyň arasyndan açyk ses bermek arkaly sesleriň ýönekeý köplügi bilen saýlanylýar;

● häkimleriň buýruklary bilen wezipä bellenýär.

**14. Arçyny wezipesinden boşatmak hakynda karar:**

● Geňeş agzalary tarapyndan açyk ses bermek arkaly sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär;

● Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan açyk ses bermek arkaly sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär;

● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilýär;

● Türkmenistanyň Mejlisi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kabul edilýär.

# XVII BAP.
# TÜRKMENISTANDA
# KAZYÝET HÄKIMIÝETI

## §1. Türkmenistanyň kazyýet ulgamy barada düşünje we kazyýet edaralarynyň wezipeleri

Esasy Kanunymyzda Türkmenistanda kazyýet häkimiýetiniň diňe kazyýetlere degişlidigi, onuň raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun arkaly goralýan döwlet hem jemgyýetçilik bähbitlerini goramaga niýetlenendigi bellenilýär[1].

Mälim bolşy ýaly, kazyýet häkimiýeti – adyl kazyýetligi amala aşyrýan döwlet häkimiýetiniň garaşsyz we özbaşdak şahasy bolup durýar. Adyl kazyýetlik diýlende, kanunyň ähli talaplaryny doly we gyşarnyksyz berjaý etmek bilen, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ýüze çykan dürli hukuk bozulmalaryny (jenaýat, raýat, dolandyryş we beýlekiler) kanunlarda bellenilen kadalary we iş ýörediş tertibini berjaý etmek bilen adalatly we esaslandyrylan çözgütleri çykarmakda, kazyýet edaralary tarapyndan amala aşyrylýan hukuk goraýjylyk işine düşünilýär. Türkmenistanda adyl kazyýetlik, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar[2].

Esasy Kanunyň 99-njy maddasynda berkidilen hukuk kadasyna laýyklykda, kazyýet häkimiýetini amala aşyrmaklyk, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ýüze çykýan raýat, jenaýat, dolandyryş we beýleki işlere kazyýet önümçiligi tertibinde seredýän ýeke-täk döwlet edaralaryna, ýagny kazyýet edaralaryna degişli edilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 99-njy maddasynyň 2-nji bendinde berkidilen hukuk kadasyna laýyklykda, döwletiň konstitusion gurluşyny, şeýle hem raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň we guramalaryň kanuny bähbitlerini goramak kazyýet häkimiýetiniň esasy wezipesidir. Kazyýet häkimiýeti bu wezipesini adyl kazylygy amala aşyrmagyň netijesinde durmuş adalatlylygyny berkarar etmek arkaly berjaý edýär.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti we kanunda göz öňünde tutulan beýleki kazyýetler Türkmenistanda kazyýet häkimiýetini amala aşyrýan ýeke-täk edaralaryň ulgamy bolup durýar.

*Türkmenistanyň kazyýet edaralaryna* – Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti, welaýat kazyýetleri we welaýat hukukly şäher kazyýetleri, şeýle hem etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 99-njy madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasy.

degişlidir[1]. Kazyýet edaralary barada has düýpli düşünje almak üçin olaryň gurluşyny, düzümini we ygtyýarlyklaryny bilmek zerurdyr. Türkmenistanyň kazyýet edaralarynyň içki gurluşyny şu aşakdaky ýaly tertipde görkezmek bolar.

Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti:

● Ýokary Kazyýetiň Giňişleýin mejlisinden;

● Ýokary Kazyýetiň Prezidiumyndan;

● Raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan;

● Jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan;

● Arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasyndan ybarat düzümde hereket edýär.

Kazyýet edaralarynyň üstüne adyl kazyýetligi amala aşyrmak ýaly möhüm wezipeleriň ýüklenilýändigi sebäpli, kanun tarapyndan olaryň düzümi takyk kesgitlenilýär.

Ýokary Kazyýetiň düzümi:

● Ýokary Kazyýetiň Başlygyndan;

● Başlygyň birinji orunbasaryndan we orunbasarlaryndan;

● kazylardan we kazyýet oturdaşlaryndan ybarat bolup durýar.

Onuň ygtyýarlygyna:

● öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde birinji basgançakly (instansiýaly) kazyýet hökmünde, nägilelik (kassasion) tertibinde, gözegçilik tertibinde, şeýle hem täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işlere seretmek;

● öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde nägilelik we gözegçilik tertibinde arbitraž işlerine seretmek;

● kazyýet we arbitraž iş tejribesini öwrenmek we umumylaşdyrmak, kazyýet statistikasyny ýöretmek we kazyýetiň çözgütlerini ýerine ýetirmek boýunça işi guramak, statistika maglumatlaryny seljermek we umumylaşdyrmak hem-de kazyýet işlerine seredilende ýüze çykýan Türkmenistanyň kanunçylygyny ulanmagyň meseleleri boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermek;

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň ugrukdyryjy düşündirişleriniň kazyýetler tarapyndan ýerine ýetirilşine gözegçiligi amala aşyrmak;

● öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň halkara şertnamalaryndan gelip çykýan meseleleri çözmek;

● Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Başlygy tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentiniň garamagyna girizmek üçin kazyýetleriň guralyşynyň meseleleri boýunça teklipleri işläp düzmek;

● kazylyga dalaşgärleri seçip almagy we taýýarlamagy, kazyýetleriň işgärleriniň hünärini ýokarlandyrmagyny amala aşyrmak;

[1] «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 14-nji maddasy.

● kazyýetleriň maddy-tehniki taýdan üpjün edilmegi we olaryň işlemegi üçin zerur şerleriň döredilmegi boýunça işi guramak;

● raýatlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna seretmek we olary kazyýetlerde kabul etmek boýunça işe gözegçilik etmek;

● kazylaryň garaşsyzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen çäreleri işläp düzmek we amala aşyrmak;

● kazyýetleriň işiniň guramaçylyk taýdan üpjün edilmegini amala aşyrmak;

● Türkmenistanyň kanunçylygynda özüne berlen başga ygtyýarlyklary amala aşyrmak degişlidir[1].

Bulardan başga-da Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuga eýedir.

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi:

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygyndan;

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň birinji orunbasaryndan, orunbasarlaryndan;

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazylaryndan ybarat düzümde hereket edýär.

Onuň ygtyýarlyklary:

● öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça, şol sanda Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlaryna garşylyknamalar boýunça işlere seretmekden;

● kazyýet iş tejribesiniň umumylaşdyrylan materiallaryna we kazyýet statistikasyna, şeýle hem Türkmenistanyň Baş Prokurorynyň teklipnamasyna, kazylaryň maslahatlarynyň tekliplerine seretmekden we kazyýetlere kanunçylygy ulanmak boýunça ugrukduryjy düşündirişleri bermekden, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň, welaýat kazyýetleriniň we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň, etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň başlyklarynyň kanunçylygy ulanmak boýunça kazyýet iş tejribesi hakyndaky habarlaryny diňlemekden;

● Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Başlygynyň teklibi boýunça Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň kazylarynyň hataryndan kazyýet kollegiýalarynyň düzümini we Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kätibini tassyklamakdan;

● Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Başlygynyň teklibi boýunça, Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň ýanyndaky ylmy-maslahat geňeşiniň düzümini tassyklamakdan;

● Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Kazylarynyň kwalifikasion kollegiýasyny, şol sanda onuň başlygyny we başlygynyň orunbasaryny saýlamakdan ybaratdyr.

---

[1] «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 38-nji maddasy.

● Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Prezidiumynyň işi hakyndaky habarlary diňleýär;

● Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň kazyýet kollegiýalarynyň başlyklarynyň öz işi hakyndaky hasabatlaryny diňleýär;

● Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Başlygynyň Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň ugrukduryjy düşündirişleriniň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýändigi hakyndaky teklipnamalaryna seredýär;

● Türkmenistanyň kanunçylygynda özüne berlen beýleki ygtyýarlary amala aşyrýar[1].

Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň iş tertibi 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 42-nji maddasy bilen kadalaşdyrylýar. Görkezilen hukuk kadasyna laýyklykda Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi zerurlyga görä, emma dört aýda bir gezekden az bolmadyk ýygylykda çagyrylýar. Giňişleýin mejlisiň agzalaryna, Türkmenistanyň Baş Prokuroryna mejlise azyndan on bäş gün galanda onuň çagyrylýan wagty we garamagyna girizilýän meseleler hakynda habar berilýär.

Giňişleýin mejlisiň kararlarynyň taslamalary we kazyýet işleri boýunça garşylyknamalaryň (protest) ýa-da netijenamalaryň göçürilen nusgalary Giňişleýin mejlisiň agzalaryna, Türkmenistanyň Baş Prokuroryna, mejlise azyndan on gün galanda iberilýär. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlary Giňişleýin mejlisiň ses bermäge gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen açyk ses bermek arkaly kabul edilýär. Giňişleýin mejlisiň kararlaryna Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy we Giňişleýin mejlisiň kätibi tarapyndan gol çekilýär. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kätibi Giňişleýin mejlisiň mejlislerini taýýarlamak boýunça işi ýerine ýetirýär, teswirnamanyň ýöredilmegini üpjün edýär we Giňişleýin mejlis tarapyndan kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolan hereketleri amala aşyrýar[2].

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy:

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygyndan;

● Başlygyň birinji orunbasaryndan we orunbasarlaryndan;

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenen sandaky kazylardan ybarat düzümde döredilýär.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumyna girýän kazylaryň düzümi Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň mejlislerinde kazyýet işlerine seredilen mahalynda Türkmenistanyň Baş Prokurorynyň ýa-da onuň orunbasarynyň gatnaşmagy hökmanydyr.

---

[1] «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 40-njy maddasy;

[2] Şol ýerde. 42-nji madda.

Prezidiumyň kararlary Prezidiumyň ses bermäge gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär we başlyklyk ediji tarapyndan gol çekilýär.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy öz ygtyýarlyklarynyň çäginde:

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň hökümlerine, çözgütlerine we kesgitnamalaryna berlen nägilelik şikaýatlaryna we teklipnamalaryna seredýär;

● öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça jenaýat, raýat we arbitraž işlerine seredýär;

● kazyýet iş tejribesini öwrenmegiň we umumylaşdyrmagyň, kazyýet statistikasyny seljermegiň materiallaryna seredýär;

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazyýet kollegiýalarynyň we diwanynyň işiniň guramaçylyk meselelerine seredýär;

● kazyýetleriň işiniň guramaçylyk taýdan üpjünçiliginiň meselelerine seredýär;

● aşaky kazyýetlere Türkmenistanyň kanunçylygyny dogry ulanmaklarynda kömek bermek hakyndaky meselelere seredýär we olary çözýär;

● Türkmenistanyň kanunçylygynda özüne berlen başga ygtyýarlyklary amala aşyrýar[1].

Welaýat kazyýeti we welaýat hukukly şäher kazyýeti:

● başlykdan;

● başlygyň orunbasaryndan;

● kazylardan we kazyýetiň oturdaşlaryndan ybaratdyr.

Ol kanunda işlere kazynyň ýekelikde seretmäge rugsat berilýän mahalyndan başga halatlarda kazyýetiň Prezidiumy, raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy düzümde hereket edýär. Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň ygtyýarlyklaryna:

● öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde birinji basgançakly (instansiýaly) kazyýet hökmünde, nägilelik tertibinde, gözegçilik tertibinde, şeýle hem täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işlere seretmek;

● etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň kazyýet işine gözegçiligi amala aşyrmak, kazyýet iş tejribesini öwrenip we umumylaşdyryp, kazyýet statistikasyny seljermek;

● kazylyga dalaşgärleri seçip almaga we olary taýýarlamaga, öz kazyýetiniň, şeýle hem etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň işgärleriniň hünärlerini ýokarlandyrmaga gatnaşmak;

● raýatlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna seretmek we olary kazyýetlerde kabul etmek boýunça işi, şeýle hem kazyýet çözgütleriniň ýerine ýetirilmegini guramak;

● Türkmenistanyň kanunçylygynda özlerine berlen beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrmak degişlidir.

---

[1] «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 44-nji madda.

Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumy:

● kazyýetiň başlygyndan;

● başlygyň orunbasarlaryndan;

● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenýän sandaky kazylardan ybarat düzümde döredilýär.

Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumyna girýän kazylaryň düzümi Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumlarynda kazyýet işleri seljerilen mahalynda welaýat prokurorynyň we welaýat hukukly şäher prokurorynyň gatnaşmagy hökmandyr[1].

Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumynyň ygtyýarlyklaryna:

● öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işlere seretmek;

● kazyýetiň başlygynyň teklibi boýunça kazylaryň hataryndan raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň düzümlerini tassyklamak;

● kazyýet iş tejribesini öwrenmegiň we umumylaşdyrmagyň hem-de kazyýet statistikasynyň seljermesiniň materiallaryna seretmek;

● kazyýet kollegiýalarynyň başlyklarynyň kollegiýalaryň işi hakyndaky hasabatlaryny diňlemek;

● etrap kazyýetlerine we etrap hukukly şäher kazyýetlerine Türkmenistanyň kanunçylygyny dogry ulanmakda kömek bermek;

● Türkmenistanyň kanunçylygynda özüne berlen beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrmak degişli edilýär[2].

Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumynyň mejlisleri azyndan aýda bir gezek geçirilýär. Prezidiumyň kararlary Prezidiumyň ses bermäge gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen açyk ses bermek arkaly kabul edilýär we olara başlyklyk ediji tarapyndan gol çekilýär[3].

Etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri:

● kazyýetiň başlygyndan;

● kazylardan we kazyýet oturdaşlaryndan ybaratdyr.

Kanuna laýyklykda etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň düzümine şol kazyýetleriň başlygynyň orunbasarynyň wezipeleri girizilip bilinýär.

Etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň ygtyýarlyklary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

---

[1] «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 25-nji maddasy;

[2] Şol ýerde. 26-njy madda;

[3] Şol ýerde. 27-nji madda.

30. Sargyt № 1499.

● etrap kazyýeti we etrap hukukly şäher kazyýeti birinji basgançakly kazyýetdir. Etrap kazyýeti we etrap hukukly şäher kazyýeti, kanun tarapyndan beýleki kazyýetleriň ygtyýaryna degişli edilen işlerden başga ähli raýat we jenaýat işlerine seredýär;

● Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda etrap kazyýetiniň we etrap hukukly şäher kazyýetiniň kazylary, şeýle hem dolandyryş we ýerine ýetiriş önümçiligi boýunça kazylar dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işlere seredýärler;

● etrap kazyýeti we etrap hukukly şäher kazyýeti kazyýet iş tejribesini öwrenýär we umumylaşdyrýar;

● kazyýet çözgütleriniň ýerine ýetirilmegini guraýar;

● kanunçylygy wagyz etmek we düşündirmek bilen meşgullanýar;

● kanun boýunça özüne berlen beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

*Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti* – kanun tarapyndan olaryň seredilmegine degişli edilen ykdysady hukuk gatnaşyklaryndan ýa-da dolandyryş we başga kanunlarda onuň ygtyýarlygyna degişli edilen başga işleriň çygryndaky hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller baradaky kazyýet edarasy bolup durýar.

Onuň düzümi:

● Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň başlygyndan;

● kazylardan ybaratdyr[1].

Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň ygtyýarlyklaryna bolsa şu aşakdakylar degişli edilýär:

● ykdysady hukuk gatnaşyklarynda ýa-da dolandyryşyň we başga kanunlarda onuň ygtyýarlygyna degişli edilen başga işleriň çygryndaky hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedellere seretmek we olary çözmek;

● ýuridik şahslaryň we hususy telekeçiniň batyp galmagy (bankrot bolmagy) hakyndaky işlere seretmek;

● telekeçiligiň we gaýry ykdysady işiň çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalarynyň ulanyş tejribesini öwrenmek we umumylaşdyrmak;

● telekeçiligiň we gaýry ykdysady işiň çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryny kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp düzmek;

● raýatlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna seretmek we olary kazyýetlerde kabul etmek boýunça işi, şeýle hem kazyýet çözgütleriniň ýerine ýetirilmegini guramak;

● arbitraž işleri boýunça kazyýet statistikasyny ýöretmek we seljermek;

● öz ygtyýarlygynyň çäklerinde Türkmenistanyň halkara şertnamalaryndan gelip çykýan meseleleri çözmek;

---

[1] T. Goçyýew, S. Ataýew, A. Çaryýew. Arbitraž iş ýöredişi. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. S.34.

● Türkmenistanyň kanunçylygynda özüne berlen başga ygtyýarlyklary amala aşyrmak[1].

Türkmenistanyň kazyýet edaralarynyň ählisiniň alyp barýan işleri kanunçylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge, jemgyýetde sosial adalaty berkarar etmäge, raýatlaryň konstitusiýada we kanunlarda berkidilen tebigy hem mizemez hukuklaryny we azatlyklaryny, olaryň namysyny we mertebesini goramaga, şonuň ýaly-da hukuk tertibiniň bozulmagyna eltýän sebäpleriň we şertleriň ýok edilmegine gönükdirilendir.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 102-nji maddasynda: «Kazylar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär. Kazylary bellemegiň we boşatmagyň tertibi, ygtyýarlyklarynyň möhletleri kanun bilen kesgitlenilýär» diýlip bellenilýär.

«Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kazyýet ulgamynyň ähli kazylary 5 ýyl möhlet bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar. Salgylanylýan Kanunyň mazmunyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy Türkmenistanyň Mejlisiniň razylygy bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär (bu kada Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 12-nji bendinde bellenilen kadadan gelip çykýär).

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň birinji orunbasary, orunbasarlary we kazylary, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň Başlygy we kazylary, welaýat kazyýetleriniň we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň, şeýle hem etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň başlyklary, olaryň orunbasarlary we şol kazyýetleriň kazylary, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär.

Kazynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti tamamlanandan soň, olar salgylanylýan kanunyň 73-njy maddasynda görkezilen ýagdaýlar bolmadyk mahalynda we kazylaryň kwalifikasion kollegiýalary tarapyndan geçirýän hünär synagynyň (attestasiýasynyň) netijelerine laýyklykda ol täzeden kazylyga bellenmäge hödürlenýär.

Kazyýet hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 59–61-nji maddalaryna laýyklykda, etrap kazyýetiniň we etrap hukukly şäher kazyýetiniň kazylary bolup:

● Türkmenistanyň raýaty;

● 25 ýaşy dolan;

● ýokary ýuridik bilimi bolan;

● ýuridik hünäri boýunça azyndan 2 ýyl iş döwri bolan;

● hünär dereje (kwalifikasion) synagyndan geçen Türkmenistanyň raýaty bellenilip bilinýär.

---

[1] «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 34-nji maddasy.

Ýokarda durýan kazyýetleriň we Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň kazysyna hem şu aşakdaky talaplar bildirilýär:

- ol Türkmenistanyň raýaty;
- ýokary ýuridik bilimli;
- ýuridik hünäri boýunça azyndan 3 ýyl iş döwri, şol sanda düzgün boýunça kazy hökmünde azyndan 2 ýyl iş döwri bolmaly.

Knuna laýyklykda, dolandyryş we ýerine ýetiriş önümçiligi boýunça kazylyga 22 ýaşy dolan, ýokary ýuridik bilimi bolan, hünär dereje synagyny tabşyran Türkmenistanyň raýaty bellenilip bilinýär[1]. Bu kazylary hem Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti 5 ýyl möhlet bilen belleýär.

Türkmenistanyň kazyýet ulgamlarynda adyl kazyýetligi amala aşyrmakda birinji basgançakly kazyýet seljerişinde kazyýet mejlisine başlyklyk ediji kazy bilen deň hukukly kazyýet oturdaşy hökmünde bolsa 5 ýyl möhleti bilen, ýaşy 25-den pes bolmadyk islendik Türkmenistanyň raýaty saýlanyp ýa-da bellenip bilinýär. Etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň kazyýet oturdaşlary raýatlaryň işleýän ýa-da ýaşaýan ýerinde ýygnaklarda açyk ses bermek arkaly saýlanýarlar. Ýygnagyň teswirnamasy degişli etrabyň we etrap hukukly şäheriň häkimligine iberilýär. Häkimlik bolsa öz gezeginde ýygnaklaryň teswirnamasy esasynda kazyýet oturdaşlarynyň sanawyny tassyklaýar we şol sanawy degişli etrabyň we etrap hukukly şäher kazyýetine iberýär. Welaýat kazyýetleriniň we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň kazyýet oturdaşlary, welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň häkimleri tarapyndan bellenilýär. Ýokary Kazyýetiň kazyýet oturdaşlaryny bolsa 5 ýyl möhlet bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär.

Esasy Kanunymyzyň 102-nji maddasynyň 2-nji bendinde: kazy ygtyýarlyklarynyň möhleti tamamlanmazdan öň wezipesinden diňe kanunda görkezilen esaslara görä boşadylyp bilner diýlip kesgitlenilýär.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, kazyýet ulgamynyň ähli kazylary 5 ýyl möhlet bilen wezipä bellenilýär. Emma kazylar kanunylygyň bozulmagy ýa-da öz ýokary adyna sygyşmaýan etmişi edenligi üçin, şeýle hem kazyýetiň olar babatda çykaran we kanuny güýje giren aýyplaw hökümi bolan wagtynda kazylar öz ygtyýarlyklaryndan möhletinden öň hem mahrum edilip bilinýärler. Şonuň ýaly-da kazy işi dowam etdirmäge päsgel berýän saglyk ýagdaýy boýunça, başga işe geçmegi bilen baglanyşykly ýa-da öz islegi boýunça öz wezipelerini ýerine ýetirmekden möhletinden öň boşadylyp bilniýärler. Kazynyň ygtyýarlyklaryndan mahrum edilmegi Kazylaryň kwalifikasion kollegiýasynyň netijenamasyny hasaba almak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy öz eýeleýän wezipesinden Türkmenistanyň Mejlisiniň razylygy bilen, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan boşadylýar.

[1] «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 80-nji maddasy.

Adyl kazyýetlik amala aşyrylanda birinji basgançakly kazyýet seljerişine gatnaşýan etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň kazyýet oturdaşlaryny ygtyýarlyklaryndan mahrum etmek we olary möhletinden öň boşatmak meselesini bolsa, kazyýet oturdaşynyň saýlanan ýeri boýunça raýatlaryň ýygnaklary tarapyndan, ýokarky kazyýetleriň kazyýet oturdaşlary bolsa, degişlilikde olary wezipä bellän häkimler we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýar. Kazylary we kazyýet oturdaşlaryny ygtyýarlyklaryndan mahrum etmegiň hem-de olary möhletinden öň wezipesinden boşatmagyň ýa-da kazylary düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmegiň tertibi «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kesgitlenilýär.

Esasy Kanunymyza laýyklykda, Türkmenistanda kazylar mugallymçylyk we ylmy-barlag işlerinden özge hak tölenilýän haýsydyr bir başga wezipäni eýeläp bilmeýärler[1]. Bu hukuk kadasynyň konstitusiýada berkidilmeginiň sebäbi kazylaryň adyl kazyýetligi amala aşyrmak babatda öz ygtyýarlyklaryny hiç-hili päsgelçiliksiz, hiç bir edara, kärhana, gurama ýa-da fiziki şahslara garaşsyz ýagdaýda, netijeli amala aşyrmaklaryny, şonuň ýaly-da seljerýän işleri boýunça netije çykaranlarynda kazylaryň bitaraplygyny we diňe kanuna hem içki ynam-ygtykatlaryna esaslanmaklaryny üpjün etmekden ybaratdyr.

Sebäbi işi seljerýän kazy mugallymçylyk we ylmy-barlag işlerinden özge hak tölenilýän haýsydyr bir başga wezipäni eýelän halatynda onuň öz hak alýan ýuridik ýa-da fiziki şahsyna garaşly ýagdaýa düşmeginiň, ýa-da haýsydyr bir işi seljerende özüniň hak alýan ýuridik ýa-da fiziki şahsynyň haýryna çözgüt kabul etmäge çalyşmagynyň mümkindigi göz öňünde tutulyp kanun çykaryjy tarapyndan görkezilen kada konstitusion hukuk kadasy hökmünde berkidilýär. Mugallymçylyk we ylmy-barlag işleri bolsa gönüden-göni döredijilik bilen bagly iş bolup, adamyň kazy, prokuror ýa-da döwlet ähmiýetli başga bir wezipäni eýeleýändigine garamazdan onuň hünär taýdan kämilleşmegine we erkin döredijilige bolan hukuklaryny durmuşa geçirmäge mümkinçilik bermekden ybaratdyr.

## §2. Kazyýet edaralarynyň işini guramagyň hukuk esaslary

Kazyýetleriň ygtyýarlyklary, olary döretmegiň we işiniň tertibi Türkmenistanyň konstitusiýasy, «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi we Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi, şeýle hem Türkmenistanyň Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakynda kodeksi we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenýär.

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 103-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Esasy Kanunymyzda kazylaryň işiniň ilkinji ýörelgeleri hökmünde: «Kazylar garaşsyzdyrlar, olar diňe kanuna tabyndyrlar we özleriniň içki ynam-ygtykadyna gollanýarlar. Kazylaryň işine hiç kimiň gatyşmagyna ýol berilmeýär, oňa gatyşylmagy kanunda bellenilen jogapkärçilige getirýär. Kazylaryň eldegrilmesizligi kanun bilen kepillendirilýär[1]» diýlip bellenilýär.

*Mälim bolşy ýaly, kazy* – bu kanunda bellenilen tertipde kazyýet häkimiýetini amala aşyrýan kazyýetiň başlygy, kazyýetiň başlygynyň orunbasary, kazy, kazyýetiň oturdaşydyr[2].

*Kazyýet oturdaşy* – bu birinji basgançakly kazyýetde raýat we jenaýat işlerine seretmeklik üçin Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen tertipde Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine, welaýat kazyýetlerine we welaýat hukukly şäher kazyýetlerine, etrap kazyýetlerine we etrap hukukly şäher kazyýetlerine belli bir möhlet bilen saýlanan we bellenen raýatlardyr. Kazyýet oturdaşlaryny saýlamagyň we bellemegiň tertibi «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 62-nji maddasy we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly kadalaşdyrylýar.

Bu maddada berkidilen kazylaryň garaşsyzlygy, olaryň diňe kanuna tabynlygy we özleriniň içki ynam-ygtykadyna esaslanýanlygy hakyndaky hukuk kadasynyň düýp esasy adyl kazyýetlik amala aşyrylanda kazylaryň hakyky garaşsyzlygynyň üpjün edilmeginden, olaryň özleriniň seredýän işlerini diňe kanun esasynda we özleriniň hukuk düşünjesine laýyklykda çözmeklerine mümkinçilik döretmekden ybaratdyr. «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 51-nji maddasynda kazynyň garaşsyzlygyny üpjün etmeginiň esasy kepillendirmeleri görkezilýär.

Kazynyň garaşsyzlygy:

● onuň ýokary statusyna laýyk gelýän maddy we sosial taýdan üpjünçilik bilen;

● adyl kazyýetligiň kanun tarapyndan göz öňünde tutulan düzügüni bilen;

● kimde bolsa biriniň adyl kazyýetligi amala aşyrmak boýunça işe gatyşmagyny jenaýat we dolandyryş jogapkärçiligi astynda gadagan etmek bilen;

● ygtyýarlyklarynyň togtadylmagynyň we bes edilmeginiň bellenen tertibi bilen;

● eldegrilmesizligi bilen üpjün edilýär.

Adyl kazyýetlik amala aşyrylanda kazylaryň işine hiç kimiň gatyşmazlygy diýlende – bu kazylaryň adyl kazyýetligi amala aşyrmak boýunça işine hiç kimiň (islendik döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalaryň, wezipeli adamlaryň we raýatlaryň) gatyşyp bilmezligini aňladýar. Kazynyň adyl kazyýetligi amala aşyrmak boýunça işine her hili gatyşylma Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda yzarlanylýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 189-njy maddasy «Adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagyna we

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 101-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[2] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 6-njy maddasynyň, 42-nji bendi.

deslapky derňewiň önümçiligine päsgel bermek» ýa-da 190-njy maddasy «Adyl kazyýetligi ýa-da deslapky derňewi amala aşyrýan adam babatynda haýbat atmak ýa-da zorlukly hereketler».

*Kazylaryň eldegrilmesizligi* diýlende, Türkmenistanyň Prezidentiniň razylygy bolmazdan kazy babatda jenaýat işiniň gozgalyp bilinmezligine we onuň tussag edilip bilinmezligine düşünilýär. Kanuna laýyklykda, kazyýetiň oturdaşy babatda bu kepillikleriň ol kazyýetde oturdaşyň borçlaryny ýerine ýetirýän mahalynda güýji bardyr. Kazy, şeýle hem kazyýetde oturdaşyň borçlaryny ýerine ýetirýän mahalynda kazyýet oturdaşy babatynda tutup saklanmagyna, mejbury getirilmegine ýa-da dolandyryş temmi beriş çäreleriniň ulanylmagyna ýol berilmeýär. Kazy ýa-da kazyýet oturdaşy babatda jenaýat işi diňe Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan gozgalyp bilinýär.

Şonuň bilen birlikde-de kazynyň ýa-da kazyýet oturdaşynyň ygtyýarlyklaryny togtatmak hakyndaky mesele hem çözülýär. Jenaýat işleriniň derňelmegine gözegçiligi Türkmenistanyň Baş prokurory alyp barýar. Kanuna laýyklykda kazy we kazyýet oturdaşy babatda jenaýat işleri Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazyýet seljermegine degişlidir[1]. Kazyýet oturdaşynyň ygtyýarlyk döwründe administrasiýanyň başlangyjy boýunça onuň işden çykarylmagyna ýa-da düzgün--nyzam temmisi tertibinde pes hak tölenýän işe geçirilmegine, umumy düzgüniň berjaý edilmeginden başga-da, diňe kazyýet oturdaşyny saýlan zähmetkeşler toparynyň ýa-da ony bellän edaranyň razylygy bilen ýol berilýär[2].

Kanun tarapyndan kazylar üçin düzgün-nyzam jogapkärçiliginiň aýratyn tertibi bellenendir, ol hem düzgün-nyzam taýdan häkimiýeti bolan wezipeli adamlaryň kazylara täsir etmeginiň öňüni almagyna niýetlenendir. Salgylanylýan Kanunyň 74-nji maddasyna laýyklykda şu aşakdakylara kazylar babatynda düzgün-nyzam önümçiligini bozmak hukugy degişlidir:

● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygyna kazyýetleriň ähli kazylary babatynda;

● Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň başlygyna bu kazyýetiň kazylary babatynda;

● Welaýat kazyýetleriniň we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň başlyklaryna bu kazyýetleriň, etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň kazylary we dolandyryş hem-de ýerine ýetiriş önümçiligi boýunça kazylary babatynda.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 104-nji maddasyna laýyklykda, işlere kazyýetlerde kollegial garalýar, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa kazynyň bir özi garaýar.

Işlere kazyýetlerde kollegial garalmagy diýlende, ähli basgançakdaky kazyýetlerde işlere bileleşip seredilmegine düşünilýär. Türkmenistanyň Jenaýat iş

---

[1] «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunyň 57-nji maddasy;

[2] Şol ýerde. 58-nji madda.

ýörediş kodeksiniň 53-nji maddasyna laýyklykda jenaýat işlerine ähli kazyýetlerde kanun boýunça bellenilen kazylar we degişli tertipde saýlanan we bellenen kazyýetiň oturdaşlary tarapyndan seredilýär.

Birinji basgançakly kazyýetlerde jenaýat işleriň seredilmegi uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça (kämillik ýaşyna ýetmedik baradaky jenaýatlardan başgasy), kazynyň ýekeliginde, galanlary bolsa kazydan we kazyýetiň iki oturdaşyndan ybarat düzümde amala aşyrylýar.

Adyl kazyýetlik amala aşyrylan mahalynda kazyýetiň oturdaşlary kazynyň hukuklaryndan deň derejede peýdalanýarlar. Kazyýetiň oturdaşlary kazyýet mejlisinde jenaýat işine seredilende we höküm çykarylanda ýüze çykýan ähli meseleleri çözmekde geňeşli seretmek ýörelgelerine esaslanyp, kazyýet mejlisinde başlyklyk ediji bilen deň hukuklardan peýdalanýarlar. Işe nägilelik tertibinde, gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet çözgütlerine gaýtadan seretmek azyndan üç kazydan ybarat düzümde amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi işlere onuň düzüminiň azyndan üçden iki bölegi gatnaşan mahalynda seredýär. Kanuna laýyklykda işlere bileleşip seredilmegi onuň hemme taraplaýyn, doly we obýektiw (tarapgöýsiz) çözülmeginiň şerti bolup durýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, kazyýet oturdaşlary birinji basgançakda seredilýän işe gatnaşyp, adyl kazyýetligi amala aşyryranlarynda kazynyň ähli hukuklaryndan peýdalanýarlar. Haçan-da jenaýat işler nägilelik, gözegçilik ýa-da täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden ýöredilip başlamak tertibinde seredilýän bolsa, onda olara degişli kazyýetleriň kazylaryndan ybarat düzüm tarapyndan seredilýär. Kazyýet oturdaşlarynyň şu üç sany kazyýet tapgyrlaryna gatnaşmaýanlygynyň sebäbi, bularda ozal çykarylan kazyýet kararlarynyň kanunylygy we esaslandyrylyşy barlanylýandygy bilen düşündirilýär. Şonuň üçin olar ýaly barlagy geçirmekde diňe bir ýörite bilimlere däl-de, eýsem degişli tejribä-de eýe bolan kazylar zerur bolup durýar.

Aslynda adyl kazyýetligiň kazyýet oturdaşlary bilen bilelikde amala aşyrylmagy, kazyýet bilen halkyň arasyndaky ýakyn aragatnaşygy, şeýle hem adyl kazyýete jemgyýetçiligiň hukuk aň-düşünjesiniň we durmuş tejribesiniň girizilmegini üpjün etmekden ybaratdyr. Umuman aýdylanda, kazyýet seljerişiniň bileleşigi, şol sanda kazyýet seljerişine kazyýet oturdaşlarynyň gatnaşmagy – bu kabul edilýän çözgütleriň kanunylygynyň we esaslandyrylyşynyň wajyp kepillikleriniň biri bolup çykyş edýär.

Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda, işlere kazynyň bir özi hem seredip bilýär. Mysal üçin, birinji basgançakly kazyýetlerde jenaýat işleriň seredilmegi uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça (kämillik ýaşyna ýetmedik baradaky jenaýatlardan başgasy)[1] kazy işe ýekelikde seredip bilýär.

[1] Türkmenistanyň JIÝK-niň 53-nji maddasynyň 2-nji bölegi.

Edil şonuň ýaly-da kazy:

● hossar haky (aliment) töletdirmek, onuň möçberini üýtgetmek we hossar haky töletmegi bes etmek hakyndaky işlere;

● nikany bozmak hakyndaky işlere, eger şunda emläk we çagalar hakynda jedel bolmasa;

● ýaşaýyş jaýyny kireýine almak şertnamasyny üýtgetmek; ýaşaýyş jaý meýdany baradaky hukugy ykrar etmek we ýaşaýyş jaý meýdany baradaky hukugy ýitirilen diýip ykrar etmek hakyndaky işlere;

● hukuk ähmiýetine eýe bolan faktlary belli etmek hakyndaky işlere;

● adamyň saglygyna zeper ýetmegine ýa-da ekleýjisiniň ýitirilmegine getiren zyýanyň öwezini töletdirmek hakyndaky işlere;

● kämillik ukybyny çäklendirmek hakyndaky işlere;

● raýaty kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmek hakyndaky işlere;

● adamy nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek hakyndaky işlere;

● adamy ölen diýip yglan etmek hakyndaky işlere;

● adamy nam-nyşansyz giden we ölen diýip ykrar etmek baradaky çözgütleri ýatyrmak hakyndaky işlere;

● mirasy kabul etmek möhletini uzaltmak hakyndaky işlere;

● zyýan ýetirilmegi netijesinde ýüze çykan ýagdaýlar hakyndaky işlere;

● döwlet dolandyryş edaralaryň we wezipeli adamlaryň hereketleri dogrusyndaky şikaýatlar baradaky işlere;

● ykdysady hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller boýunça[1] raýat işlerine ýekelikde seredip bilýär.

Türkmenistanyň konstitusiýasynda kazyýetlerde işleriň açyk seljerilýändigi, işiň ýapyk mejlisde seljerilmegine diňe kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, kazyýet önümçiliginiň ähli düzgünlerini berjaý etmek bilen ýol berilýändigi bellenilýär[2].

Bu konstitusion-hukuk kadasyna laýyklykda, ähli kazyýetlerde işler açyk seljerilýär. Işleriň kazyýetiň ýapyk mejlisinde seljerilmegine diňe kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda kazyýet önümçiliginiň ähli düzgünlerini berjaý etmek bilen ýol berilýär.

*Açyklyk* – bu halkyň durmuşynda wajyp orun eýeleýär we jemgyýetde demokratiýa ýörelgelerini amala aşyrmagyň aýyrylmaz bölegi bolup durýar. Açyklyk işi kazyýetde seredilýäniň ýaşaýan we işleýän ýerlerindäki raýatlary kazyýet seljerişiniň geçiriljek wagty we ýeri barada tiz-tizden habarly edilmegi we höküm ýa-da çözgüt kanuny güýjüne girenden soň ýerli habar beriş serişdeleri arkaly onuň mazmunynyň mälim edilmegi bilen ýüze çykýar.

---

[1] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 15[1]-nji maddasy.

[2] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 105-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Kazyýetler bolsa, kazyýet seljerişlerini gönüden-göni edaralarda, kärhanalarda, daýhan birleşiklerinde we okuw jaýlarynda geçirmegi ýola goýmalydyrlar. Çünki ýerlerde geçirilýän mejlisleriň terbiýeçilik ähmiýeti örän uludyr we olar jemgyýetçilik köpçüliginde hukugy wagyz etmek babatda has köp peýda berýär. Aýratyn ähmiýeti bolan jenaýat işler kazyýetiň göçme mejlisinde seredilip, olar teleýaýlym arkaly görkezilýär we beýany metbugatda çap edilýär. Bu çäreleriň giňden geçirilmegi bolsa, adyl kazyýetligiň açyklygyny hem tassyklaýar.

*Açyklygy üpjün etmek* – bu jenaýat, raýat, dolandyryş we beýleki işleriň seredilýän kazyýet jaýlaryna raýatlaryň, şol sanda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň erkin girip bilmegini aňladýar. Käbir kesgitlemeleri, hökümleri ýa-da çözgütleri çykarmakdan başga kazyýetiň ähli hereketleri açyk ýagdaýda amala aşyrylýar. Kazyýet mejlisine gatnaşyp, raýatlar işiň maglumatlary bilen tanyşýarlar we şonuň esasynda-da kanunyň talaplaryny öwrenýärler.

Raýatlar kazyýet mejlisiniň jaýyna gatnaşyp bilmeýän hem-de kazyýetiň jaýyndan çykarylýan halatlary bolsa kanunda takyk görkezilýär. On alty ýaşyna yetmedik adamlar, eger-de olar iş boýunça haýsy hem bolsa bir tarap bolup çykyş etmeýän bolsa ýa-da şaýat bolmaýan bolsa, onda kazyýet mejlisiniň jaýyna goýberilmeýär. Şonuň ýaly-da kazyýet mejlisiniň tertibini bozýan adamlar başlyklyk edijiniň dil üsti bilen beren buýrugy boýunça kazyýet mejlisiniň jaýyndan çykarylyp bilinýär.

Eger-de kazyýet önümçiligine gatnaşyjy kazyýet mejlisi geçirilýän wagtynda tertibi bozan hem-de başlyklyk edijiniň buýruklaryna boýun egmedik mahalynda, onda başlyklyk ediji tarapyndan oňa duýduryş berilýär. Şonuň bilen birlikde-de eger şolar ýaly hereketleri gaýtalan ýagdaýynda, onda ol kazyýetiň kesgitlemesi boýunça jaýdan çykarylýar. Emma çözgüt ýa-da höküm kazyýet önümçiligine gatnaşýan adamyň, kazyýetde işi seredilýäniň gatnaşmagynda aç-açan yglan edilýär ýa-da jar edilenden soň oňa derrew yglan edilýar. Şuňa meňzeş ýagdaýlarda raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi, jebir çeken ýa-da olaryň wekilleri, bilermen, hünärmen, terjimeçi hem kazyýetiň kesgitlemesi boýunça kazyýet mejlisiniň jaýyndan çykarylyp bilinýär.

Kazyýet seljerisiniň açyklygynda beýleki döwlet edaralaryň, guramalaryň alyp barýan işleriniň açyklygynda meňzeş ýeri köpdür. Ýöne kazyýet önümçiliginiň açyklygy – bu kanun tarapyndan bellenilen düzgün-tertipdir, onuň ýerine ýetirilmezligi kanunyň bozulmagy diýlip hasap edilýär. Kazyýet seljerişiniň açyklyk ýörelgeleriniň berjaý edilmezligine rugsat berilýän halatlar kanunlarda takyk görkezilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň JIÝK-niň 27-nji maddasynda jenaýat işleriniň ýapyk kazyýet seljerişinde seredilýän ýagdaýlary bellenilýär. Şu ýerde kanun çykaryjynyň jenaýat işleriniň ýapyk ýagdaýda seredilmeginiň hökmany we hökmany däl şertlerine bölýändigini nygtamak gerek.

Jenaýat işleri hökmany ýagdaýda ýapyk mejlisde seredilmeli diýen şertine laýyklykda, kazyýetiň garaýşy nazara tutulman, onuň hökmany ýerine

ýetirilmelidigini aňladýar. Hökmany bolmadyk şertine görä kazyýet jenaýat işini ýapyk mejlisde seredibem bilýär, seretmänem bilýär. Kanun esasynda kazyýet işe hökmany ýapyk ýagdaýda seretmeli diýip borçly edilmeýär.

Kazyýet seljerişi şu aşakdaky ýagdaýlarda ýapyk geçirilýär:

1. *hökmany ýagdaýda* döwletiň syryny goramak bähbitlerine ters gelýän işler boýunça;

2. *kazyýetiň delillendirilen kesgitlemesi boýunça:* kämillik ýaşyna ýetmedik adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça; zyna işi bilen baglanyşykly jenaýatlar hem-de başga işler boýunça; iş ýöredişe gatnaşyjylaryň durmuşynyň pynhan taraplary hakyndaky maglumatlaryň aýan bolmagynyň öňüni almak maksady bilen beýleki geçirilýän işler boýunça.

Görkezilen işleri açyk ýa-da ýapyk kazyýet mejlisinde seretmek baradaky mesele çözülende, kazyýet şolar ýaly işler açyk mejlisinde seredilse, kazyýet seljerişiniň terbiýeçilik täsirine zyýan ýetjekmi ýa-da raýatlaryň durmuşynyň pynhan taraplary köpçülige mälim edilse, şol raýatlaryň bähbitlerine zyýan ýetiriljekmi we ş.m. ýagdaýlardan ugur almalydyr. Raýatlaryň durmuşynyň pynhan taraplaryny köpçüligiň öňünde açmaly däl diýen talap barada gürrüň edilende, diňe bir kazyýetde işi seredilýäniň we jebir çekeniň däl-de, şol işe gatnaşýan beýleki islendik adamlaryň bähbitleri göz öňünde tutulýar. Kazyýet seljerişini ýapyk mejlisde geçirmeli bolanda-da, kazyýet şol işi tutuşlygyna ýa-da döwlet syrynyň we adamlaryň durmuşynyň pynhan taraplarynyň açylmagyna getirip biljek aýratyn pursatlaryny we ýagdaýlaryny ýapyk ýagdaýda seretmek baradaky meselesini çözmäge ygtyýarlydyr.

Emma kazyýetiň çözgütleri ähli ýagdaýlarda aç-açan jar edilýär. Eger-de iş ýapyk kazyýet mejlisinde seredilýän bolsa, onda kazyýet önümçiliginiň ähli düzgün--tertipleri berjaý edilýär. Açyklyk ýörelgesi kazyýet seljerişi, nägilelik önümçiligi we çözgütleri ýerine ýetirmek tapgyrlarynda has doly we yzygiderli amala aşyrylýar. Işi kazyýetde seretmekligi bellemek, gözegçilik tertibinde kazyýetiň çözgütlerine täzeden seretmek hem-de täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işleriň ýöredilmegini täzeden başlamak tapgyrlarynda kazyýet mejlisleri ýapykdyr.

Türkmenistanda kazyýet önümçiligi döwlet dilinde ýöredilýär. Işe gatnaşýan we kazyýet önümçiliginiň dilini bilmeýän adamlara terjimeçiniň kömek etmeginde işiň materiallary bilen tanyşmak hem-de kazyýet hereketlerine gatnaşmak, şeýle hem kazyýet mejlisinde ene dilinde çykyş etmek hukugy üpjün edilýär[1]. Esasy Kanunymyzda berkidilen bu hukuk kadasy kazyýet önümçiliginiň milli dili diýen ýörelgesini durmuşa geçirilmegini we jenaýat, raýat, arbitraž we dolandyryş seljerişleriniň beýleki ýörelgeleriniň amala aşyrylmagynyň kepillendirmesi bolup çykyş edýär (açyklyk, raýatlaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligini we ş.m).

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 106-njy madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Bu konstitusion ýörelge Türkmenistanda ähli kazyýet hereketleriniň, şonuň ýaly-da ähli iş ýörediş resminamalarynyň Türkmenistanyň döwlet dilinde alnyp barylýandygyny we düzülýändigini aňladýar. Şonuň bilen birlikde-de işe gatnaşýan adamlar kazyýet işiniň alnyp barylýan dilini bilmeýän bolsalar, onda olaryň kazyýet seljerişiniň islendik tapgyrynda şu aşakdaky hukuklardan peýdalanyp bilýändiklerini hem aňladýar:

– öz ene dilinde görkezme bermäge;
– arzalaryny we haýyşnamalaryny aýtmaga;
– kazyýet edaralarynyň hereketlerine şikaýat etmäge;
– işiň ähli maglumatlary bilen tanyşmaga;
– kazyýetde çykyş etmäge;
– adwokatyň[1] we terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga.

Kanunlarda kazyýet resminamalary kazyýet hereketlerine we kazyýet seljerişine gatnaşýana onuň ene diline ýa-da onuň bilýän başga diline terjime edilen görnüşinde gowşurylýandygy hem bellenilýär. («Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasy, Türkmenistanyň JIÝK-niň 28-nji maddasy, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 8-nji maddasy).

Şonuň bilen birlikde-de kazyýet önümçiliginiň dilini bilmeýän adamlar hünär derejesi bolan terjimeçiniň kömegi bilen özleriniň ähli görkezmeleriniň we haýyşlarynyň işiň maglumatlarynda doly we takyk beýan ediljeginden, kazylar, sülçiler, prokurorlar hem-de iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylary we kazyýet mejlisine gatnaşýan raýatlar tarapyndan dogry düşüniljekdiginden arkaýyn bolup bilýärler. Kazyýet önümçiliginiň milli dili diýen ýörelge ähli kazyýet tapgyrlaryndan başga-da, anyklaýyş we deslapky derňew tapgyrlaryna hem-de görkezme berýän, arzalaryny we haýyşnamalaryny aýdýan ähli adamlara degişlidir. Şol adamlaryň derňew hereketleri geçirilende öz ene dilinde ýa-da islendik erkin saýlan gepleşik dilinde görkezme bermäge hem-de terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga hukuklary bar.

Milli dil hakyndaky ýörelgäni durmuşa geçirmekde degişli çäreleri görmek anyklaýyş, derňew, prokuratura we kazyýet edaralarynyň üstüne ýüklenýär, olar degişli derňew we kazyýet resminamalaryny aýyplanýana, kazyýetde işi seredilýäne ene diline ýa-da onuň bilýän başga diline terjime edip bermäge, ony hem-de jenaýat kazyýet önümçiliginiň beýleki gatnaşyjylaryny terjimeçiniň kömegi bilen üpjün etmäge borçludyr. Kazyýet edaralary tarapyndan terjimeçä tölenýän pul serişdeleri kazyýet çykdajylaryna goşulyp, döwletiň hasabyna tölenýär.

Kazyýet işini ýöretmegiň dili hakynda «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasynda, Türkmenistanyň JIÝK-niň 28-nji maddasynda we Türkmenistanyň RIÝK-nyň 8-nji maddasynda görkezilen kadalar bozulan halatynda, ýagny aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň, adwokatyň we beýlekileriň kazyýet önümçiliginde alnyp barylýan dilini bilmeýändikleri bilen

[1] Lat. advocatus ýa-da advoco – çagyrýaryn.

baglanyşyklylykda hukuklarynyň çäklendirmegi hem-de şol adamlara jenaýat, raýat we dolandyryş iş ýöredilişiniň islendik tapgyrynda öz ene dilini ulanmaga mümkinçilik berilmezligi görkezilen kanunlaryň düýpli bozulmagy diýlip hasap edilýär özem hökümiň, çözgüdüň sökülmegi üçin esas bolup durýar.

Ondan başga-da, görkezilen ýörelgäniň kanunalaýyk amala aşyrylmagy terjimeçi görnetin nädogry terjime eden halatynda oňa jenaýat jogapkärçiligini belleýän Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 201-nji maddasy bilen kepillendirilýär. Kazyýet önümçiliginiň milli dil ýörelgesiniň ähmiýeti biziň döwletimiziň demokratik ýörelgelerine esaslanýandygyny görkezip, ilat üçin kazyýet önümçiliginiň düşnükliligini we elýeterliligini, kazyýet önümçiliginiň gatnaşyjylary üçin bolsa wagtynda we doly möçberde hukuklarynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmekden, kazyýet seljerişleriniň terbiýeçilik we dürli hukuk bozulmalaryň öňüni almak ähmiýetiniň ýokarlandyrmagyna ýardam bermekden hem-de anyklaýyş, deslapky derňew, prokuratura we kazyýet edaralarynyň işlerine jemgyýetçiligiň işjeň gatnaşmagyny ýola goýmakdan ybarat bolup durýar.

Türkmenistanda konstitusiýa we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, adyl kazyýetlik taraplaryň deňligi we bäsleşigi esasynda amala aşyrylýar. Taraplaryň Türkmenistanyň kazyýetleriniň çykaran çözgütleri, hökümleri we beýleki kararlary barada şikaýat etmäge hukugy bardyr[1].

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň konstitusiýasy haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç bir partiýa degişli däldigine garamazdan olaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligini kepillendirýändigini anyk kesgitleýär.

Raýatlaryň kanunyň öňünde deňligi ykdysady, syýasy, jemgyýetçilik, medeni durmuşynyň ähli ugurlarynda üpjün edilýär. Kazyýet önümçiligine degişlilikde bolsa bu ýörelge diňe bir kazyýet seljerişi tapgyrynda däl-de, eýsem kazyýet önümçiliginiň beýleki ähli tapgyrlarynda-da hereket edýär. Şonuň ýaly-da arbitraž kazyýet önümçiliginde hem taraplaryň ýerleşýän ýerine we eýeçiliginiň görnüşine, hususy telekeçileriň bolsa haýsy millete degişlidigine, diline, işiniň görnüşine hem-de häsiýetine we beýleki ýagdaýlara garamazdan, olaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňlik ýörelgesi esasynda amala aşyrylýar.

«Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasyna, Türkmenistanyň JIÝK-niň 351-nji maddasyna, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 5-nji maddasyna laýyklykda kazyýet seljerişine gatnaşyjylar: kazyýetde işi seredilýän, adwokat, döwlet aýyplaýjysy, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri kazyýet seljerişinde subutnamalary getirmekde, subutnamalary barlamaga gatnaşmakda we haýyşlary bildirmekde, şeýle hem kazyýet seljerişinde döreýän beýleki meseleler boýunça deň hukuklardan peýdalanýarlar.

---

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasy. 107-nji madda. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Kazyýet seljerişine gatnaşyjylaryň hiç haýsy beýlekileriň öňünde artykmaç hukuklara eýe däldir. Sanalyp geçilen iş ýörediş hukuklarynyň kazyýetiň ähli gatnaşyjylaryna berilmegi, başga bir gatnaşyjynyň tassyklamalary bilen olaryň kanuny bähbitlerini bozýan bolsa, şolara garşy çykmagynyň, tassyklamalarynyň dogrulygyny kazyýetiň öňünde subut edip hem-de gorap bilýändigini aňladýar.

Esasy Kanunyň 107-nji maddasynda adyl kazylyk taraplaryň deňligi we bäsleşigi esasynda amala aşyrylýar diýip görkezilýär. Mälim bolşy ýaly, kazyýet seljerişinde onuň gatnaşyjylary, adatça, iki topara bölünýär (jenaýat iş ýöredişinde, aýyplaýjy hem-de aklawjy, raýat iş ýöredişinde taraplar we ş.m.). Şol sebäpli-de, kazyýet seljerişinde işleriň taraplaryň bäsleşigi esasynda alnyp barylma ýörelgesi berkidilýär.

*Bäsleşik* – bu kazyýet önümçiliginiň konstitusion ýörelgesi bolup, ol kazyýet seljerişinde işlere seredilende seljerişiň taraplaryň çekeleşikli görnüşinde alnyp barylmagyny aňladýar. Şonuň üçin kazyýet önümçiliginde bu ýörelge ýaryşmak ýa-da jedelleşmek ýörelgesi diýlip atlandyrylman, kazyýet seljerişine gatnaşyjylarynyň iş ýörediş taýdan deň hukuklylygy diýilip atlandyrylýar. Çünki kazyýet önümçiliginde onuň gatnaşyjylary ýaryşmak diýen sözüň göni manysynda ýaryşmaýarlar-da, özleriniň kanuny bähbitleriniň goralmagyna gönükdirilen öz tassyklamalarynyň dogrulygyny kazyýetiň öňünde subut edýärler we esaslandyrýarlar.

Şeýlelikde, seljerilýän ýörelgäniň esasy alamaty, iş ýöredişiň gatnaşyjylarynyň arasyndaky mümkin bolan iş ýörediş göreşi däl-de, kazyýet seljerişinde gatnaşyjylaryň her biri özüniň kanuny bähbitlerini gorap biler ýaly, olara deň prosessual hukuklarynyň berilmegi hem-de üpjün edilmegi bolup durýar. Kazyýet seljerişiniň gatnaşyjylarynyň subutnamalary getirip görkezmek, subutnamalary barlamaga gatnaşmak we haýyşnamalary aýtmak baradaky hukuklarynyň deňligi bolsa-da, olaryň iş ýörediş borçlarynyň deňligini aňladýan däldir. Meselem, döwlet aýyplaýjysy kazyýetde işi seredilýäniň diňe bir jogapkärçiligini paş edýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary däl-de, eýsem onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we aklaýan ýagdaýlary-da kazyýete görkezmäge borçludyr.

Emma adwokatyň kazyýetde işi seljerilýäniň günäsini agyrlaşdyrýan we paş edýän ýagdaýlary barada aýtmaga haky ýokdur, ol diňe ony aklaýan we ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryny görkezmäge borçludyr. Kazyýet seljerişine gatnaşýanlaryň deň hukuklylygy olaryň işiň seljerilmegine işjeň gatnaşmagyna, özlerine mahsus bolan wezipeleri ýerine ýetirmeklerine, özleriniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramagyna ýol açýar, kazyýet tarapyndan hakykatyň ýüze çykarylmagyna, jenaýat işiniň dogry çözülmegine oňaýly şertleri döredýär.

Türkmenistanda ähli raýatlaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňlik baradaky kadasy yzygiderli durmuşa geçirilýär. Türkmenistanda ilatyň aýratyn toparlary üçin aýratyn hukukly kazyýetler hem-de şolar üçin kazyýet önümçiliginiň ýörite tertibini göz öňünde tutýan aýratyn bir kanunçylyk ýygyndysy ýokdur. Döwletiň

iş ýörediş kanunçylygynda bellenen kazyýet önümçiliginiň tertibi, iş ýörediş kepillendirilmeleri jenaýat, raýat, arbitraž, dollandyryş hem-de beýleki işler boýunça we ähli kazyýetler üçin ýeke-täkdir we hökmanydyr. Şonuň üçin hem raýatlara berlen deň hukuklylygyň konstitusion ýörelgesini hiç kim bozup ýa-da çäklendirip bilmez. Eger-de bu ýörelge adamlaryň jynsyna, milletine, diline we beýleki ýagdaýlara baglylykda göni ýa-da gytaklaýyn bozulan ýa-da çäklendirilen ýagdaýynda, onda şonuň ýaly hereketler üçin Türkmenistanyň JK-nyň 145-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiliginiň göz öňünde tutulýandygyny bellemek gerek.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 107-nji maddasynyň 2-nji bendinde berkidilen hukuk kadasy, taraplaryň Türkmenistanyň ähli kazyýetleriniň çykaran çözgütleri, hökümleri we beýleki kazyýet kararlary barada şikaýat etmäge bolan konstitusion hukuklaryny kepillendirýär.

*Kazyýet önümçiliginde taraplar diýlende* – bu raýat iş ýöredişin-de raýat hak isleýjisine1 we raýat jogap berijisine[2], olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin kazyýete ýüz tutan prokurora, döwlet dolandyryş edaralaryna, kärhanalara, guramalara we olaryň birleşiklerine, şeýle hem jemgyýetçilik guramalaryna we aýry-aýry raýatlara, jenaýat iş ýöredilişinde bolsa, aýyplanýana, jebir çekene olaryň wekillerine we kanuny wekillerine hem-de olaryň adwokatlaryna düşünilýär.

*Kazyýet seljerişiniň netijesinde çykarylan çözgüt* – bu raýat işleri boýunça birinji basgançakly kazyýetiň çykaran netijesidir.

*Höküm* – bu kazyýetde işi seredilýäniň günäkärdigi ýa-da bigünädigi hakynda we şol barada jezany ulanmalydygy ýa-da ulanmaly däldigi hakyndaky mesele barada birinji basgançakly kazyýetiň çykaran çözgüdidir.

*Karar* – bu kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümlerine, kesgitlemelerine we kararlaryna gaýtadan garalan wagtynda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň we Prezidiumynyň, welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumynyň kabul eden çözgüdidir, şonuň ýaly-da kazynyň özbaşdak kabul eden her bir çözgüdidir.

*Kazyýetiň kesgitnamasy* – bu jenaýat işi boýunça önümçilik ýöredilen mahalynda birinji basgançakly kazyýetiň hökümden başga çykaran her bir çözgüdidir; ikinji basgançakly kazyýetiň her bir çözgüdidir; kazyýetiň kanuny

---

[1] Türkmenistanyň JIÝK-niň 87-nji maddasynda hukuk kadasyna laýyklykda, jenaýat zerarly maddy zyýan çeken şahsy adam ýa-da edara görnüşindäki tarap;

[2] Türkmenistanyň JIÝK-niň 88-nji maddasyna laýyklykda, jenaýat işi boýunça önümçiligiň dowamynda bildirilen hak isleg bilen baglylykda jenaýatyň edilmegi netijesinde ýa-da akyly düzüw däl adamyň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi tarapyndan gadagan edilen etmişi etmegi netijesinde ýetirilen zyýan üçin kanun esasynda maddy jogapkärçilik çekýän şahsy adam ýa-da edara görnüşindäki tarap;

güýje giren hökümlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna gaýtadan seredilen mahalynda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazylar kollegiýasynyň kabul eden çözgüdidir, kazyýetiň hökümi ýerine ýetiriş tertibinde çykaran her bir çözgüdidir.

Raýat işleri boýunça bolsa, birinji basgançakly kazyýetiň işi düýp manysy boýunça çözmeýän kararlarydyr. Düşündirilýän konstitusion hukuk kadasyna laýyklykda, fiziki we ýuridik şahslar kazyýetiň ýokarda görkezilen resminamalarynyň ählisi babatda şikaýat etmeklige haklydyrlar. Kanuna laýyklykda şikaýatlaryň iki görnüşi bardyr.

*Nägilelik şikaýaty* – kanuny güýjüne girmedik hököm we çözgüt baradaky şikaýatlar, hususy şikaýat – birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik kesgitlemesi we kazynyň karary baradaky şikaýatdyr[1].

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 108-nji maddasyna laýyklykda, professional ýuridik kömegi almak hukugy kazyýet önümçiliginiň islendik tapgyrynda ykrar edilýär. Raýatlara we guramalara ýuridik kömegi adwokatlar, beýleki adamlar we guramalar berýärler.

Salgylanylan maddanyň 1-nji bendinde berkidilen hukuk kadasy Türkmenistanyň raýatlarynyň kazyýet önümçiliginiň islendik tapgyrynda hünärmen hukuk kömegini almaga bolan hukuklaryny kepillendirýär. Düşündirilýän maddada görkezilen professional ýuridik kömegi diýlende, kazyýete gatnaşýan taraplaryň kanuny bähbitlerini goramaklyk üçin we hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny dogry ulanmakda adwokatlaryň ýa-da beýleki adamlaryň we guramalaryň berýän hukuk (ýuridik) kömegine düşünilýär.

Ýuridik kömegini almaklyk kazyýet önümçiliginiň islendik tapgyrynda ykrar edilýär. Kazyýet önümçiliginiň tapgyrlaryna – jenaýat kazyýet önümçiliginde: jenaýat işini gozgamak tapgyry; deslapky derňew işi tapgyry; kazyýet seljerişi tapgyry; nägilelik (kassasion) önümçiligi tapgyry; hökümi ýerine ýetirmek tapgyry; gözegçilik önümçiligi tapgyry we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işiň ýöredilmegini täzeden başlamak tapgyry.

Raýat kazyýet önümçiliginde: raýat işini gozgamak tapgyry; raýat işini kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyry; kazyýet seljerişi tapgyry; nägilelik önümçiligi tapgyry; çözgüdi ýerine ýetirmek tapgyry; gözegçilik önümçiligi tapgyry we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işiň ýöredilmegini täzeden başlamak tapgyrlary degişlidir. Beýleki kazyýet önümçiliklerinde hem (dolandyryş kazyýet önümçiligi, arbitraž kazyýet önümçiligi) kazyýet önümçilik tapgyrlary görkezilen tertibe meňzeşlikde amala aşyrylýar.

Esasy Kanunymyzyň 108-nji maddasynyň 2-nji bendinde, raýatlara we guramalara professional ýuridik kömegi adwokatlar, beýleki adamlar we guramalar berýärler diýen hukuk kadasy berkidilýär. Görkezilen hukuk kadasyndaky

[1] Türkmenistanyň JIÝK-niň 6-njy maddasy.

adwokatlar diýlende, ýokary ýuridik bilimli, adwokatyň statusyna eýe bolan hem-de adam hukuklaryny we azatlyklaryny, ýuridik şahslaryň kanuny bähbitlerini goraýan, jemgyýetde kanunylygyň berjaý edilmegine we pugtalandyrylmagyna ýardam berýan we Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatyna düşünilýär.

Adwokatlaryň wezipeleri, olaryň ygtyýarlyklary hem-de olary döretmegiň we işiniň tertibi 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda kabul edilen «Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny tarapyndan kesgitlenilýär. Beýleki adamlar we guramalar – 2009-njy ýylyň 18-nji sentýabryndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanylan «Edara görnüşli we şahsy taraplara hukuk kömegini bermek işini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Düzgünnama esasynda hukuk kömegini bermek işini amala aşyrýan ýuridik guramalar we aýry-aýry adamlar bolup durýar. Ýuridik kömegini bermäge ygtyýarlygy bolan aýry-aýry adamlaryň we guramalaryň ygtyýarlyklary görkezilen Düzgünnamada we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenilýär.

31. Sargyt № 1499.

*17.1-nji çyzgy*



*17.2-nji çyzgy*

**TÜRKMENISTANDA KAZYÝET HÄKIMIÝETINIŇ ESASY ALAMATLARY**

- Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti diňe kazyýetlere degişlidir we Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti we kanunda göz öňünde tutulan beýleki kazyýetler tarapyndan amala aşyrylýar
- Kazyýet häkimiýeti özbaşdakdyr we kanun çykaryjy hem-de ýerine ýetiriji häkimiýetlerden garaşsyz hereket edýär
- Kazyýet häkimiýeti raýat, arbitraž, dolandyryş we jenaýat kazyýet önümçiligi arkaly amala aşyrylýar
- Kazynyň talaby boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrmak üçin zerur bolan maglumatlar, resminamalar we olaryň göçürilen nusgalary tölegsiz berilýär
- Kazylaryň talaplarynyň we buýruklarynyň ýerine ýetirilmezligi kanunda bellenen jogapkärçilige eltýär
- Adatdan daşary kazyýetleriň we kazyýetiň ygtyýarlyklary berlen gaýry düzümleriň döredilmegine ýol berilmeýär
- Öz ygtyýarlyklaryny amala aşyranlarynda kazylaryň talaplary we buýruklary ähli döwlet edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri, wezipeli adamlar, beýleki ýuridik we fiziki şahslar üçin hökmanydyr
- Kazyýet adyl kazyýetligi amala aşyrmak bilen, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun tarapyndan goralýan döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerini goraýar
- Kazyýetiň ähli işi kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge, sosial adalatyň berkararlygyna, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, namysynyň we mertebesiniň goralmagyna, hukuk düzgüniniň bozulmalaryna eltýän sebäpleriň we şertleriň ýok edilmegine gönükdirilendir

*17.3-nji çyzgy*



## Sowalnama:

*Nädogry jogaby tapyň.*

**1. Türkmenistanyň kazyýet edaralarynyň ulgamyna girýärler:**
● Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti;
● welaýat, welaýat hukukly şäher, etrap, etrap hukukly şäher kazyýetleri;
● Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti;
● Türkmenistanyň dolandyryş we maşgala kazyýetleri.

**2. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň düzümine girýärler:**
● raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy;
● jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy;
● nika we maşgala işleri boýunça kazyýet kollegiýasy;
● arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy.

*Dogry jogaby tapyň.*

**3. Türkmenistanda etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň prezidiumynyň düzümi kimlerden ybarat?**

● kazyýetiň başlygyndan, onuň orunbasaryndan, kazylardan we kazyýet oturdaşlaryndan;

● kazyýetiň başlygyndan, onuň orunbasaryndan, kazylardan;

● Türkmenistanda etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň prezidiumy ýok;

● kazyýetiň başlygyndan, onuň orunbasaryndan, kazylardan, kazyýet oturdaşlaryndan hem-de prokurordan.

**4. Türkmenistanda welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň Giňişleýin mejlisine (Plenumyna) prokuroryň gatnaşmagy hökmanmy?**

● ýok;

● hawa;

● Türkmenistanda welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň Giňişleýin mejlisi (Plenumy) ýok;

● hawa, eger-de aýratyn çylşyrymly işlere garalsa we Giňişleýin mejlise çagyrylsa.

**5. Kazy goşmaça iş hökmünde haýsydyr bir firmada hukukçy – maslahatçy bolup işläp bilýärmi?**

● hawa;

● ýok;

● hawa, eger-de firmanyň eýesi ýa-da başlygy bilen ýakyn garyndaşlygy bolmasa;

● hawa, eger-de özi şol firma bilen bagly işe garamaýan bolsa.

**6. Kazy Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty bolup bilýärmi?**
● hawa;
● ýok;
● hawa, eger-de ol etrap ýa-da etrap hukukly şäher kazyýetiniň kazysy bolsa;
● hawa, eger-de ol Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazysy bolmasa.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**7. Etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň kazylygyna dalaşgärlik üçin beýlekiler bilen birlikde şu şertleriň hem bolmagy zerur:**
● 25 ýaşyň dolmagy;
● ýokary ýuridik bilimiň we ýuridik hünäri boýunça azyndan iki ýyl iş döwrüniň bolmagy;
● şol çäkde ýaşamak;
● Türkmenistanyň raýaty bolmak.

**8. Kanuna laýyklykda kazynyň ygtyýarlyklary kazylaryň kwalifikasion kollegiýasynyň çözgüdi bilen togtadylýar:**
● saglyk ýagdaýy ýa-da başga esasly sebäpler boýunça ygtyýarlyklaryny amala aşyryp bilmese;
● kazyýetiň çözgüdi bilen ol nam-nyşansyz ýiten diýip ykrar edilse;
● ol babatda jenaýat işi gozgalsa ýa-da ol başga jenaýat işi boýunça aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekilse;
● ol Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna ýa-da beýleki saýlawly edaralaryň agzalygyna dalaşgär hökmünde saýlawyň öň ýanyndaky çärelere gatnaşsa.

**9. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň düzümine girýärler:**
● Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy;
● onuň birinji orunbasary we orunbasarlary;
● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenen sanda kazylar;
● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenen sanda kazyýet oturdaşlary.
*Dogry jogaby tapyň.*

**10. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň hukugy Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň hukugy bilen deňmi?**
● hawa;
● ýok, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň ähli kazyýet edaralary babatda ýokarda durýan kazyýet bolup durýar;

● hawa, diňe ol ykdysady jedellerden gelip çykmaýan raýat işlerine garaýan wagtynda;

● hawa, ýöne diňe Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy hereket etmeýän wagtynda.

**11. Türkmenistanda etrap kazyýetiniň kazysy ýazan çeper eserini kitap görnüşinde çap etdirip, munuň üçin galam hakyny alyp bilýärmi?**

● hawa;

● hawa, eger-de ol eser ylmy äheňde ýazylan bolsa;

● ýok;

● hawa, eger-de ol eser ýaşlara edep-terbiýe bermek äheňinde ýazylan bolsa.

**12. Eger-de jenaýat iş ýörediş önümçiliginde, kazyýetde işi seljerilýän döwlet dilini bilmeýän bolsa,**

● onda barybir kazyýet önümçiligi döwlet dilinde alnyp barylýar;

● onda oňa terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga mümkinçilik döredilýär;

● onda kazyýet önümçiligi onuň ene dilinde ýa-da bilýän dilinde alnyp barylýar;

● onda oňa döwlet dilini ýeterlik derejede öwrenmäge wagt berlip, işe garamaklyk gaýra goýulýar.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**13. Fiziki we ýuridik şahslara ýuridik kömegi berýärler:**

● adwokatlar;

● fiziki şahslar;

● ýuridik şahslar;

● kazyýet edaralary.

*Dogry jogaby tapyň.*

**14. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazyýet oturdaşlygyna dalaşgärlik üçin ýaş ölçegi näçe?**

● 40;

● 25;

● 21;

● 18.

# XVIII BAP.
# TÜRKMENISTANYŇ PROKURATURASY

## §1. Prokuratura edaralary barada düşünje we olaryň hukuk ýagdaýy

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda prokuratura edaralary, Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň tabynlygyndaky prokurorlar tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän hem-de Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjäý edilişine gözegçilik etmek işini amala aşyrýan hukuk goraýjy edaralardyr[1].

Prokuraturanyň Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine, şeýle-de Türkmenistanyň kanunlarynyň talaplaryna laýyklykda kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmeginiň esasy maksady, Kanunyň ähli zatdan ýokary tutulmagyny üpjün etmekden we kanunçylygy pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

Ýokarda görkezilen maksatlara ýetmek üçin hem prokuratura edaralary:

– Türkmenistanyň raýatlarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilişine;

– döwlet häkimiýet, Ýaragly Güýçler we beýleki goşunlar, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, kärhanalar, edaralar, guramalar, jemgyýetçilik birleşikleri, önümçilik-hojalyk we täjirçilik işine gatnaşýanlar şeýle hem raýatlar tarapyndan kanunlaryň hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine;

– operatiw-agtaryş işini, anyklaýyş we deslapky derňewi amala aşyrýan edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine;

– tutulyp saklananlaryň, tussag edilenleriň saklanylýan we azatlykdan mahrum ediş jezalarynyň ýerine ýetirilýän ýerinde, kazyýetiň bellän beýleki jezalarynyň, mejbur ediş häsiýetli çäreleriň ýerine ýetirilýän edaralarynda Türkmenistanyň kanunlarynyň ýerine ýetirilişine umumy gözegçilik işlerini;

– kanunlarda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa jenaýaty derňemegi, jenaýat edenleri jenaýat jogapkärçiligine çekmek;

– kazyýetde işleriň seljerilmegine gatnaşmak ýaly hereketleri amala aşyrýar[2].

---

[1] «Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasy;

[2] Şol ýerde. 3-nji madda.

Kanunlaryň ýerine ýetirilişine prokuror gözegçiligi prokuror gözegçiliginiň özbaşdak ugry bolup, kanunalaýyklykda «umumy gözegçilik» diýen adalga bilen aňladylýar. Prokuror gözegçiliginiň bu ugrunyň ýokarda görkezilen adalga bilen aňladylmagy, ony prokuror gözegçiliginiň beýleki ýöriteleşdirilen ugurlaryndan tapawutlandyrmaga mümkinçilik döredýär. Hut şu gözegçilik ugrunda Türkmenistanyň prokuraturasynyň kanunyň agalygyny – hukuk döwletiniň kadalaşdyryş binýadyny – şahsyýetiň hukuklaryny we azatlyklaryny döwlet we jemgyýetçilik bähbidine laýyk berkarar etmek üçin işjeňliginiň anyk hem aýdyň aňlatmasy görünýär. Jemgyýet üçin peýdaly, döredijilikli döwlet işjeňliginiň islendik görnüşi ýaly prokuror gözegçiliginiň hem öz wezipeleri we predmeti bar. Adatça islendik durmuşy işjeňligiň predmeti hökmünde onuň mazmunyna, häsiýetine, aýratynlyklaryna we anyk bir oňaýly netijäniň gazanylmagy üçin hereket edilýän ugurlaryna düşünilýär. Umumy gözegçiliginiň predmeti «Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky» Türkmenistanyň kanunyň 36-njy maddasynda şu aşakdaky ýaly mazmunda kesgitlenilýär: Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň döwleti dolandyryş, Ýaragly Güýçleri we beýleki goşunlarynyň dolandyryş edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, önümçilik-hojalyk we täjirçilik işine gatnaşýanlar tarapyndan, guramalar we edaralar, jemgyýetçilik birleşikleri, wezipeli adamlar hem-de raýatlar tarapyndan takyk we birmeňzeş berjaý edilmegini; görkezilen edaralar we wezipeli adamlar tarapyndan çykarylýan hukuk namalarynyň Türkmenistanyň kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyk gelmegini; raýatlaryň kanunda bellenilen hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmeginiň üpjün edilmegi, hem-de kanun bozulmalarynyň amala aşyrylmagyna ýardam edýän ýagdaýlary düzetmek, bozulan hukuklary dikeltmek üçin çäreleriň görülmegi bilen.

Umumy gözegçiligiň gurluşyny emele getirýän düzüm bölekleri barada has giňişleýin durlup geçilende şu aşakdakylary bellemek zerurdyr:

**1.** Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň kanunlarynyň birmeňzeş berjaý edilmegi, bu Türkmenistanyň Prokuraturasy hakyndaky kanunyň 36-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendinde görkezilýän fiziki we ýuridik şahslaryň Türkmenistanyň hereket edýän kanunlarynyň doly we gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegini hem-de şolaryň berjaý edilmegine prokurorlaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde gözegçilik etmeklerini aňladýar. Prokuror gözegçiliginiň bu ugrunyň predmeti häsiýetlendirilende Türkmenistanyň konstitusiýasyny we kanunlaryny berjaý etmekleri prokuror tarapyndan barlanmaga degişli edilen ýuridik we fiziki şahslaryň sanawyny görkezmek zerurdyr. Kanunda bellenilişine görä olar şu aşakdakylardyr: döwleti dolandyryş edaralary; Ýaragly Güýçleri we beýleki goşunlaryň dolandyryş edaralary; ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary; önümçilik-

hojalyk we täjirçilik işine gatnaşýanlar; guramalar we edaralar; jemgyýetçilik birleşikleri; wezipeli adamlar; raýatlar.

**2.** Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň birmeňzeş berjaý edilmegi diýlende bolsa, ýokarda görkezilen fiziki we ýuridik şahslaryň hemmesi tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlarynyň, buýruklarynyň, görkezmeleriniň, kararlarynyň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň, buýruklarynyň, gollanmalarynyň, düzgünnamalarynyň, görkezmeleriniň deň derejede, talabalaýyk ýerine ýetirilmegini hem-de olaryň berjaý edilişine prokurorlaryň gözegçilik etmegini aňladýar.

**3.** Çykarylýan hukuknamalaryň kanunylygyna gözegçilik etmek, bu ýokarda görkezilen edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň, wezipeli adamlaryň hemmesi tarapyndan çykarylýan hukuknamalaryň Türkmenistanyň konstitusiýasyna we kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalaryna we Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryna laýyk gelşine prokuror gözegçiliginiň amala aşyrylmagyny aňladýar. Prokuror gözeçiligiň bu ugrunda «hukuknamalar» diýen adalganyň astynda anyk bir hukuk gatnaşyklaryny döredýän, üýtgedýän ýa-da bes edýän namalara düşünilýär. Olar garşylyknamalar, teklipnamalar, tabşyryknamalar, karar we ş.m. görnüşinde kabul edilip bilner. Kabul edilýän namalar ýuridik şahslaryň çäklendirilmedik toparynyň (Mysal üçin, banklaryň wekilhanalary, demir ýol müdirliginiň bölümleri, zähmetkeşleriň toplumy we ş.m.) ýa-da ýuridik we fiziki şahslaryň takyk belli biriniň (Mysal üçin: edaranyň, kärhananyň ýa-da guramanyň anyk bir işgärini işden çykarmak hakynda buýruk ýa-da belli bir gurama jerime salmak barada çözgüt we ş.m.) hukuk ygtyýarlyklaryny we borçlaryny döredýärler, üýtgedýärler ýa-da bes edýärler. Şoňa görä-de ol namalaryň amala aşyrmagy göz öňünde tutýan hereketleriniň Türkmenistanyň konstitusiýasyna, kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Ministrler Kabinetiniň namalaryna we Mejlisiň kararlaryna laýyk gelmegi, ýagny şol namalaryň kanunylygy, jemgyýetde hukuk tertibiniň berkarar edilmeginde möhüm orna eýedir. Hut şonuň üçinem prokurorlara hukuknamalaryň kanunylygyna gözegçilik etmek wezipesi ýüklenilýär.

**4.** Raýatlaryň kanunda bellenilen hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmegi bolsa, ýokarda sanawy berlen ähli edaralar, kärhanalar, guramalar, wezipeli adamlar tarapyndan raýatlaryň kanuny bähbitleriniň goralmagyny, olaryň hukuklarynyň hormatlanylmagyny, kemsitmäge ýol berilmezligini we ynsan hukuklarynyň hem azatlyklarynyň berkarar edilişine berk prokuror gözegçiliginiň amala aşyrylmagyny aňladýar.

Kanunlaryň ýerine ýetirilişine prokuror gözegçiliginiň beýleki döwlet edaralarynyň amala aşyrýan gözegçiliginden esasy tapawutly aýratynlygy, düzgüne görä kanunlaryň bozulmagy hakyndaky maglumat gelip gowşandan soň prokuror

tarapyndan umumy gözegçilik ygtyýarlyklarynyň ulanylyp başlanýanlygyndadyr. Şeýle maglumaty alandan soň prokuror kanunlaryň berjaý edilişini barlaýar we beýleki gözegçilik hereketlerini amala aşyrmaklyga girişýär. Prokuror gözegçiligi kanunlaryň ägirt uly köpçüliginiň amal edilmegini öz içine alýan köptaraplaýyn we giň ugurdyr. Prokuror gözegçiligi diňe anyklaýyş we deslapky derňew edaralarynyň, kazyýetleriň we arbitraž kazyýetleriň, şeýle-de kazyýetiň bellän jeza çärelerini ýerine ýetirýän edaralaryň işini düzgünleşdirýän kanunlaryň berjaý edilişine gözegçilik etmegi öz içine almaýar. Şonuň ýaly-da prokuror gözegçiliginiň beýleki döwlet gözegçilik edaralaryndan ýe-ne bir tapawutly aýratynlygy, ol hem şol gözegçilik edaralar we wezipeli adamlar tarapyndan kanunlaryň berjaý edilişine gözegçilik etmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 111-nji maddasyna laýyklykda Prokuratura operatiw-agtaryş işiniň kanunylygyna hem-de jenaýat işleriniň derňelişine hem gözegçilik edýär. 1994-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda kabul edilen, «Operatiw-agtaryş işleri hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, operatiw-agtaryş işleri – bu kanun esasynda ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde şahsyýetiň janyny, saglygyny, hukuklaryny we azatlyklaryny, eýeçiligi, jemgyýetiň hem-de döwletiň howpsuzlygyny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak üçin operatiw-agtaryş çäreleri görnüşinde aýan we aýan däl ýagdaýlarda geçirýän işleridir. Operatiw-agtaryş çäreleri – «Operatiw-agtaryş işleri hakynda» Türkmenistanyň kanunynda kesgitlenilen wezipeleri berjaý etmek üçin operatiw-agtaryş işlerini amala aşyrýan edaranyň aýan ýa-da aýan däl ýagdaýlarda alyp barýan aýratyn hereketleridir.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinde operatiw-agtaryş işlerini geçirmäge, Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň, Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralarynyň, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň aňtawçylyk edaralarynyň, Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň aňtawçylyk birlikleriniň, Türkmenistanyň Prezidentiniň howpsuzlyk gullugynyň, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň şeýle hem Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky Döwlet gullugynyň edaralarynyň we Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň edaralarynyň ygtyýarlyklary bardyr. Operatiw-agtaryş işlerini geçirýän edaralaryň sanawy diňe kanun esasynda üýtgedilip ýa-da üsti ýetirilip bilinýär1.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 111-nji maddasynda berkidilen konstitusion hukuk kadasyna, Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda kanunyň 39–42-nji maddalaryna we Operatiw-agtaryş işleri hakynda Türkmenistanyň kanunyň 20-nji maddasyna laýyklykda, operatiw-agtaryş işleriniň kanuna laýyk gelýändigine Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň tabynlygyndaky prokurorlar gözegçilik edýärler.

---

[1] «Operatiw-agtaryş işleri hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 5-nji maddasy.

Mälim bolşy ýaly, deslapky derňew işi – bu jenaýat işi gozgalandan soň anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror tarapyndan derňew hereketlerini geçirmek bilen jenaýaty doly açmak, iş boýunça maddy subutnamalary ýygnamak, obýektiw hakykatyň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn anyklamak, günäkäri paş etmek, jenaýatçyny jenaýat jogapkärçiligine çekmek, jenaýatyň netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň doldurylmagy üçin degişli çäreleri görmek, jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak, şeýle hem kazyýet seljerişinde seretmek üçin jenaýat işiniň maglumatlaryny we resminamalaryny taýýarlamak boýunça alnyp barylýan iş ýörediş işdir. Derňew işine deslapky diýilmeginiň sebäbi şol tapgyrda ýygnalan maglumatlar we resminamalar diňe deslapky häsiýete eýedir, olar kazyýet seljerişinde gaýtadan barlanylýar we olara kazyýet tarapyndan gutarnykly baha berilýär.

Subutnamalary tapmak, ýygnamak we barlamak boýunça geçirilýän iş ýörediş hereketler derňew hereketleri diýlip atlandyrylýar. Derňew hereketlerini diňe jenaýat işini ýöredýän wezipeli adam (sülçi, anyklaýjy, prokuror we ş.m.) geçirip bilýär, jenaýat iş ýöredişiniň beýleki gatnaşyjylary (jebir çeken, güman edilýän, aýyplanýan, aklawçy we ş.m.) derňew hereketlerini geçirip bilmeýärler. Olar diňe derňew hereketlerini geçirmek barada haýyşnamalary aýdyp ýa-da şolara gatnaşyp bilýärler. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň talap edişi ýaly, gaýragoýulmasyz halatlardan başga halatlarda, derňew hereketleri diňe gündizine geçirilýär (gündiz wagty diýlip sagat 6-dan 22-ä çenli wagt hasaplanýar). Ähli derňew hereketleri jenaýat işi gozgalandan soň geçirilýär, diňe wakanyň bolan ýerini gözden geçiriş geçirilmegine iş gozgalmazdan öň hem ýol berilýär.

Görkezilenler bilen bir hatarda prokuror, kanunda bellenen esaslarda hem-de tertipde kazyýetlerde işleriň garalmagyna hem gatnaşýar[1]. Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde prokuror raýat, arbitraž, jenaýat işlerine birinji basgançakly kazyýetde, şeýle-de dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary baradaky işlere seredilende gatnaşýar. Prokuror jenaýat işleri boýunça geçirilýän kazyýetlerde döwlet aýyplaýjysy hökmünde çykyş edýär we döwlet aýyplawyny goldamak arkaly kanunçylygyň talaplaryna we işiň ähli ýagdaýlarynyň hemme taraplaýyn, doly we dogry derňelmegine esaslanan öz içki ynam-ygtykadyna goldanýar.

## §2. Prokuratura edaralarynyň ulgamy we olaryň ygtyýarlyklary

Kanuna laýyklykda, prokuratura edaralarynyň ulgamy Baş prokuraturadan, welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalaryndan, etraplaryň we

[1] Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 110-njy maddasynyň 2-nji bölegi.

etrap hukukly şäherleriň prokuraturalaryndan, harby prokuraturalardan hem-de ýöriteleşdirilen prokuraturalardan ybaratdyr[1].

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 112-nji maddasyna laýyklykda Prokuratura edaralarynyň ýeke-täk merkezleşdirilen ulgamyna Türkmenistanyň Baş prokurory ýolbaşçylyk edýär. Türkmenistanyň Baş prokurory Türkmenistanyň konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň razylygy bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar[2]. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasarlary, welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalaryna, Baş harby prokuraturasyna ýolbaşçylyk edýän prokurorlar, olaryň orunbasarlary, şeýle hem etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalaryna, harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalara ýolbaşçylyk edýän prokurorlar Türkmenistanyň Baş prokurorynyň teklipnamasy bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar. Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň tabynlygyndaky welaýat, welaýat hukukly şäher, baş harby, etrap, etrap hukukly şäher prokurorlary şeýle-de harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalaryň prokurorlary we olaryň orunbasarlary bäş ýyl möhlete bellenilýär we öz wezipesini yzly-yzyna iki möhletden köp eýeläp bilmeýärler. Prokurorlary ýgtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagy; prokuroryň ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmek bilen bir ýere sygyşmaýan etmiş eden halatynda; gulluk borçlaryny talaba laýyk ýerine ýetirmedik halatynda; hünär synagynyň (attestasiýanyň) netijeleri boýunça; saglyk ýagdaýy sebäpli; başga işe geçmegi sebäpli; öz islegi boýunça; Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda we «Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan beýleki esaslar boýunça eýeleýän wezipesinden boşatmaklyga hereket edýän kanunçylyk rugsat berýär[3].

**Türkmenistanyň Baş prokuraturasy:** Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 18-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Baş prokuraturasyna Türkmenistanyň Baş prokurory ýolbaşçylyk edýär, onuň birinji orunbasary, orunbasarlary, uly kömekçileri we kömekçileri bolýar. Orunbasarlaryň arasynda wezipe borçlaryny bölmek Baş prokuror tarapyndan amala aşyrylýar. Prokuraturanyň guralyşynyň we işiniň esasy meselelerine Baş prokuraturanyň kollegiýasy tarapyndan garalýar, ol maslahat beriji edara hasaplanylýar. Baş prokuraturanyň düzümini baş müdirlikler, müdirlikler we bölümler düzýärler. Baş müdirlikleriň, müdirlikleriň, bölümleriň başlyklary Baş prokuroryň uly kömekçileridir, olaryň orunbasarlary we müdirlikleriň bölümleriniň başlyklary bolsa Baş prokuroryň kömekçileridir. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň gözegçiligiň käbir ugurlary we aýratyn tabşyryklar boýunça uly kömekçileri we kömekçileri bolup,

---

[1] «Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 14-nji maddasy;

[2] Şol ýerde. 15-nji madda;

[3] Şol ýerde. 16-njy madda.

olaryň hukuk derejesi degişlilikde baş müdirlikleriň we müdirlikleriň başlyklarynyň we olaryň orunbasarlarynyň, bölüm başlyklarynyň hukuk derejesine laýyk gelýär. Şeýle hem Baş prokuraturada prokuratura edaralarynyň guralyşy we işi, kanunlary kämilleşdirmek işi bilen baglanyşykly meselelere seretmek üçin ylmy-usulyýet maslahaty hereket edýär. Ylmy-usulyýet maslahaty hakyndaky düzgünnama we onuň düzümi Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan tassyklanylýar.

**Welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalary:** Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokurorlary degişli prokuraturalara ýolbaşçylyk edýärler we olarda orunbasarlaryň, prokurorlaryň uly kömekçileriniň we kömekçileriniň wezipeleri bellenilýär. Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalarynda kollegiýa döredilýär we ol maslahat beriji edara hasaplanylýar. Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalarynda baş bölümler we bölümler döredilýär. Baş bölümleriň we bölümleriň başlyklary degişli welaýat we welaýat hukukly şäherleriň prokurorlarynyň uly kömekçileridir, olaryň orunbasarlary we bölüm prokurorlary bolsa olaryň kömekçileridir[1].

**Etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalary, harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalar:** Kanunçylyga laýyklykda, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalaryna, harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalara degişli prokurorlar tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär. Görkezilen prokuraturalarda prokurorlaryň orunbasarlarynyň, prokurorlaryň uly kömekçileriniň, kömekçileriniň, uly sülçüleriň we sülçüleriň wezipeleri bellenilýär[2].

**Harby prokuratura edaralary:** Harby prokuratura edaralarynyň gurluşy Türkmenistanyň Baş prokuraturasy we harby prokuraturalaryndan ybaratdyr. Harby prokuratura edaralary öz ygtyýarlyklaryny Türkmenistanyň kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde hem-de beýleki goşunlarynda, harby birikmelerinde we harby düzümi bolan edaralarynda amala aşyrýarlar.

Harby prokuratura edaralarynyň üstüne harby gullukçylar we ätiýaçlykda bolýan döwründe harby ýygnanyşyklara çagyrylan harby borçlular tarapyndan edilen jenaýatlaryň; Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň hem-de beýleki goşunlarynyň, harby birikmeleriň we harby düzümi bolan edaralaryň işçileri we gullukçylary tarapyndan gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän wagtlarynda edilen jenaýatlaryň, şeýle hem Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň hem-de beýleki goşunlarynyň, harby birikmeleriň we harby düzümi bolan edaralaryň ýa-da harby bölümleriň, edaralaryň, harby okuw jaýlaryň, kärhanalaryň ýa-da guramalaryň çäginde edilen jenaýatlaryň ýeke-täk hasabatyny ýöretmek borjy ýüklenýär[3].

---

[1] «Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 19-njy maddasy;

[2] Şol ýerde. 20-nji madda.

[3] «Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 28-nji maddasy.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň prokuratura edaralary, kanunçylykda bellenilen esaslarda we tertipde, umumy gözegçilik wezipeleri bilen bir hatarda, deslapky derňew işlerini hem amala aşyrýarlar[1]. Şonuň bilen baglylykda hem prokuraturanyň sülçüleri: Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda özleriniň ygtyýaryna degişli edilen işler boýunça, şeýle hem prokuror tarapyndan özlerine berlen beýleki işler boýunça deslapky derňew işlerini geçirýärler. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň ýanynda aýratyn möhüm işler boýunça uly sülçüler hem-de aýratyn möhüm işler boýunça sülçüler, şeýle hem uly sülçüler bolup biler. Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalarynda aýratyn möhüm işler boýunça sülçüler, uly sülçüler, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalarynda, harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalarda uly sülçüler we sülçüler bolýar. Sülçüleri bellemegiň tertibini Türkmenistanyň Baş prokurory kesgitleýär[2].

Türkmenistanyň Kanunçylygyna laýyklykda geňeşli çözgütleri talap edýän hem-de prokuratura edaralarynyň işiniň has möhüm meselelerine seretmek üçin prokuratura edaralarynda kollegiýalar döredilýär. Kollegiýanyň maslahatynda prokuraturanyň işiniň esasy ugurlary boýunça prokuror gözegçiliginiň ýagdaýy, prokuratura edaralarynyň işini guramaçylyk taýdan kämilleşdirmegiň, işgärleri seçip almagyň we ýerli-ýerinde goýmagyň meseleleri, düzgünnamalar we kadalaşdyryjy häsiýetdäki düzgünler ara alnyp maslahatlaşylýar, tabynlygyndaky prokurorlaryň we prokuratura edaralarynyň beýleki işgärleriniň hasabatlary diňlenilýär we başga meselelere seredilýär.

Görkezilenleriň esasynda hem Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň kollegiýasy Türkmenistanyň Baş prokuroryndan (kollegiýanyň başlygy), orunbasarlaryndan, prokuratura edaralarynyň beýleki ýolbaşçy işgärlerinden ybarat düzümde döredilýär. Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň kollegiýasynyň düzümi Türkmenistanyň Baş prokurorynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

Welaýat we welaýat hukukly şäher prokuraturalarynda kollegiýalar degişli prokuratura ýolbaşçylyk edýän prokurordan (başlyk), onuň orunbasarlaryndan we prokuratura edaralarynyň beýleki işgärlerinden ybarat düzümde döredilýär. Kollegiýanyň düzümi degişli prokurorlaryň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan tassyklanylýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, prokurorlar öz üstlerine ýüklenen wezipelerini doly we talaba laýyk ýerine ýetirmekleri üçin, olar özleriniň wezipe ygtyýarlyklarynyň çäklerinde şu aşakdaky, ygtyýarlyklara eýedirler. Ýagny:

**I. Türkmenistanyň Baş prokurory:** Kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gös-göni we prokuratura edaralarynyň ulgamynyň üsti bilen gözegçilik edýär. Türkmenistanyň Baş prokurory

[1] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 222-nji maddasynyň 2-nji bölegi;

[2] «Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 21-nji maddasy.

Türkmenistanyň Prezidentine prokuratura edaralarynyň ulgamynyň işi barada hasabat berýär hem-de:

1) prokuratura edaralaryna ýolbaşçylyk edýär, olaryň işini guraýar, olaryň işine gözegçilik edýär;

2) prokuratura edaralarynyň işgärlerini seçip almak, ýerli-ýerinde goýmak, hünär synagyny geçirmek we işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak boýunça işi alyp barýar;

3) prokuratura edaralarynyň işiniň tärlerini we usullaryny kämilleşdirmek, netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrýar;

4) Türkmenistanyň kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň prokuratura edaralarynyň ulgamynyň işini guramagyň meselelerini düzgünleşdirýän, prokuratura edaralarynyň işgärleriniň ählisiniň ýerine ýetirmegi üçin hökmany bolan buýruklary, görkezmeleri, düzgünnamalary, gollanmalary çykarýar.

**II. Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokurorlary:** Türkmenistanyň kanunlary we Türkmenistanyň Baş prokurorynyň namalary esasynda etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalarynyň, ýöriteleşdirilen prokuraturalaryň işine ýolbaşçylyk edýär, öz tabynlygyndaky ähli işgärler üçin hökmany bolan buýruklar, görkezmeler çykarýar, tabynlygyndaky prokuratura edaralarynyň wezipe sanawlaryndaky üýtgetmeler hakynda teklipler girizýär.

**III. Etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň, harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalaryň prokurorlary:** Degişli prokuraturalaryň işine ýolbaşçylyk edýärler we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde tabynlygyndaky işgärleriň ýerine ýetirmegi üçin hökmany bolan buýruklary we görkezmeleri çykarýarlar, prokuraturanyň wezipe sanawyny üýtgetmek hakynda, öz tabynlygyndaky prokuratura işgärlerini wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hakynda ýokardaky prokurora teklipleri berýärler.

**IV. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň tabynlygyndaky harby prokurorlar:** Kanunda, şeýle hem Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda kesgitlenen hukuklarynyň çägindäki ygtyýarlyklara eye bolýarlar we olary serkerdelige (ýolbaşçylyga) we harby dolandyryşyň edaralaryna garamazdan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýarlar.

Umumy gözegçiligi amala aşyrmak bilen harby prokuror öz ygtyýarlyklarynyň çäginde:

● Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň harby dolandyryş edaralary, serkerdeler (başlyklar) we beýleki wezipeli adamlar tarapyndan çykarylýan buýruklaryň, gözükdirmeleriň, düzgünnamalaryň, gollanmalaryň, görkezmeleriň we beýleki namalaryň Türkmenistanyň konstitusiýasyna, kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby düzgünnamalaryna, harby kanunçylygyň beýleki namalaryna laýyk gelýändigini barlamak üçin talap etmäge;

● Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň harby dolandyryş edaralaryndan, serkerdelerden (başlyklardan) we beýleki wezipeli adamlardan zerur resminamalaryň, materiallaryň, statistiki we başga maglumatlaryň berilmegini, tabynlygyndaky harby bölümleriň, edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň, harby okuw jaýlaryň, gulluklaryň we wezipeli adamlaryň işlerine kanun bozmalar baradaky bar bolan maglumatlar bilen baglanyşykly barlaglaryň geçirilmegini, gözegçiligiň dowamynda ýüze çykan meseleleri çözmek üçin hünärmenleri bermekligi talap etmäge;

● arzalar, şikaýatlar we hukuk bozulmalar barada beýleki maglumatlar esasynda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde we beýleki goşunlarynda kanunlaryň ýerine ýetirilişini barlamaga;

● wezipeli adamlary, harby gullukçylary we beýleki raýatlary çagyrmaga we kanun bozulmalar babatynda dilden ýa-da ýazmaça düşündirişleri almaga;

● harby dolandyryş edaralary tarapyndan çykarylan kanuna garşy gelýän buýruklara we beýleki namalara, şeýle hem Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň serkerdeleriniň (başlyklarynyň) we beýleki wezipeli adamlarynyň bikanun namalaryna garşylyknama getirmäge;

● kanunda kesgitlenen tertibe laýyklykda hukuk bozujylary jenaýat jogapkärçiligine çekmäge, düzgün-nyzam önümçiligini ýa-da dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary babatynda önümçiligi gozgamaga, kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda olar barada maglumatlary jemgyýetçilik täsiriniň çärelerini ulanmak hakynda meseläni çözmek üçin harby köpçülige, ofiser mertebesiniň kazyýetlerine, jemgyýetçilik guramalaryna geçirmäge, kanuny bozmaklyga ýol berilmezligi hakynda öňünden duýdurmaga;

● bellenen tertipde kanuny bozmagyň netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň öweziniň dolunmagyny üpjün etmek hakynda çäreler görmäge;

● harby dolandyryş edaralaryna, serkerdelere (başlyklara), beýleki wezipeli adamlara we jemgyýetçilik birleşiklerine kanuny bozmalary, olara ýardam eden sebäpleri we şertleri aradan aýyrmak hakynda prokuror täsir ediş namalaryny getirmäge hukuklydyr.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kazyýetiň mejlisinde işler seredilende prokuror şu aşakdakylara ygtyýarlydyr[1]:

1. kazyýetiň jenaýat işler boýunça serenjam mejlisine, kazyýetde birinji basgançak boýunça raýat, arbitraž we jenaýat işleri seljerilende gatnaşmaga;

2. raýat, arbitraž we jenaýat işlerine nägilelik we gözegçilik tertibinde garalanda öz pikirini aýtmaga;

3. kazyýetiň Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelýän kararlaryna hususy, nägilelik we gözegçilik tertibindäki teklipnamalary we garşylyknamalary getirmäge we olary kazyýetde seredilýänçä yzyna almaga.

---

[1] «Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 45-nji maddasy.

Kanuna laýyklykda kazyýetiň kanuny güýje girmedik hökümlerine, çözgütlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna degişlilikde hususy ýa-da nägilelik tertibindäki teklipnama ýa-da garşylyknama ýokardaky kazyýete getirmek hukugy birinji basgançakly kazyýet tarapyndan işlere seredilende gatnaşan prokurora ýa-da degişli etrap, etrap hukukly şäher, welaýat we welaýat hukukly şäher prokuroryna, olaryň orunbasarlaryna, şeýle hem ýokarda durýan prokurora degişlidir. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Giňişleýin mejlisiniň kararlaryna, Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň hökümlerine, çözgütlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna garşylyknama kanuny güýjine girmedik hökümleriň we kesgitnamalaryň üstünden bolsa nägilelik tertibinde teklipnama ýa-da hususy teklipnama getirmek hukugy Türkmenistanyň Baş prokuroryna degişlidir. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň, Giňişleýin mejlisiniň kararlaryndan başga, Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň hökümlerine, çözgütlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna garşylyknama, kanuny güýjine girmedik hökümleriň we kesgitnamalaryň üstünden bolsa nägilelik tertibinde teklipnama ýa-da hususy teklipnama getirmek hukugy Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasarlaryna degişli edilýär. Şonuň ýaly--da prokuror kanunda göz öňünde tutulan tertipde dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işler boýunça hem kazynyň kararyna garşylyknama getirip bilýär[1].

Türkmenistanyň Baş prokurory Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň garşylyknama getirilen höküminiň, çözgüdiniň, kesgitnamasynyň we kararynyň, onuň orunbasarlary bolsa Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Giňişleýin mejlisiniň kararlaryndan başga, Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň garşylyknama getirilen höküminiň, çözgüdiniň, kesgitnamasynyň we kararynyň ýerine ýetirilmegini iş gözegçilik tertibinde çözülýänçä togtatmaga hukuklydyr[2]. «Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 48-nji maddasyna laýyklykda bolsa, Türkmenistanyň Baş prokurorynyň raýat, arbitraž we jenaýat işlerine, dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işleriň seredilmegi bilen baglanyşykly kanunlary ulanmak meseleleri barada kazyýetlere ugrukdyryjy düşündirişler bermek hakynda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň seretmegine teklipnama girizmäge hukugy bardyr.

---

[1] «Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 46-njy maddasy;

[2] Şol ýerde. 47-nji maddasy.

*18.1-nji çyzgy*

**Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda prokuratura edaralary, Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň tabynlygyndaky prokurorlar tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän hem-de Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjäý edilişine gözegçilik etmek işini amala aşyrýan hukuk goraýjy edaralardyr**

Prokuratura edaralarynyň Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjäý edilişine gözegçilik etmegiň esasy maksady şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Kanunyň ähli zatdan ýokary tutulmagyny üpjün etmekden we kanunçylygy pugtalandyrmakdan
- Raýatlaryň durmuş-ykdysady, syýasy we gaýry hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramakdan

Ýokarda görkezilen maksatlara ýetmek üçin prokuratura edaralary şu aşakdaky ugurlar boýunça umumy gözegçilik işlerini alyp barýarlar

- Türkmenistanyň raýatlarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilişine
- döwlet häkimiýet, Ýaragly Güýçler we beýleki goşunlar, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, kärhanalar, edaralar, guramalar, jemgyýetçilik birleşikleri, önümçilik-hojalyk we täjirçilik işine gatnaşýanlar şeýle hem raýatlar tarapyndan kanunlaryň hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine
- operatiw-agtaryş işini, anyklaýyş we deslapky derňewi amala aşyrýan edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine
- tutulyp saklananlaryň, tussag edilenleriň saklanylýan we azatlykdan mahrum ediş jezalarynyň ýerine ýetirilýän ýerinde, kazyýetiň bellän beýleki jezalarynyň, mejbur ediş häsiýetli çäreleriň ýerine ýetirilýän edaralarynda Türkmenistanyň kanunlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik
- kanunlarda göz öňünde tutulan halatlarda jenaýaty derňemegi, jenaýat edenleri jenaýat jogapkärçiligine çekmek
- kazyýetde işleriň seljerilmegine gatnaşmagy amala aşyrmak

*18.2-nji çyzgy*




*18.3-nji çyzgy*



*18.4-nji çyzgy*



## Sowalnama:

*Dogry jogaby tapyň.*

**1. Prokuratura – bu:**

● Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjäý edilişine gözegçilik edýän ýerine ýetiriji we serenjam beriji edaradyr;

● Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda prokuratura edaralary, Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň tabynlygyndaky prokurorlar tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän hem-de Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjäý edilişine gözegçilik etmek işini amala aşyrýan hukuk goraýjy edaralardyr;

● Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjäý edilişine gözegçilik edýän öz-özüňi dolandyryş edaradyr;

● Deslapky derňew geçirýän hem-de işiň dowamynda ýüze çykan soraglary öz başdak çözýän we gerek bolan halatynda fiziki we ýuridiki şahslary jogapkärçilige çekip, olar babatda degişli sanksiýalary ulanýan kazyýet häkimiýetiniň aýratyn bir şahasydyr.

**2. Kanunalaýyklykda, kanunlaryň ýerine ýetirilişine amala aşyrylýan prokuror gözegçiligine:**

● umumy gözegçilik diýilýär;

● aýratyn gözegçilik diýilýär;

● jemgyýetçilik gözegçiligi diýilýär;

● şahsy gözegçilik diýilýär.

**3. Türkmenistanyň konstitusiýasyna we kanunlaryna laýyklykda Türkmenistanyň Baş Prokuroryny wezipä belleýär we wezipesinden boşadýar:**

● Türkmenistanyň Mejlisi bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti;

● Türkmenistanyň Prezidenti we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşyp Türkmenistanyň Mejlisi;

● Türkmenistanyň Mejlisi bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Prezidenti;

● Ýaragly Güýçleriň belent serkerde başysy hökmünde Türkmenistanyň Prezidentiniň bir özi.

**4. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasarlary, welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalaryna ýolbaşçylyk edýän prokurorlar, olaryň orunbasarlary, şeýle hem etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalaryna, harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalara ýolbaşçylyk edýän prokurorlar:**

● Türkmenistanyň Baş prokurorynyň teklibi bilen, Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan;

● Türkmenistanyň Baş prokurorynyň teklibi bilen, Türkmenistanyň Mejlisi bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan;

● Türkmenistanyň Baş prokurorynyň teklibi bilen, Türkmenistanyň Mejlisi bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan;

● Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan.

*Kanuna laýyk jogaby tapyň.*

**5. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 110-njy maddasyna laýyklykda Prokuror:**

● Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gözegçilik edýär, şeýle hem kazyýetlerde işleriň garalmagyna kanunda bellenen esaslarda hem-de tertipde gatnaşýar;

● Deslapky derňew we kazyýet seljerişi bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuknamalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek barada teklip bilen çykyp bilýän, ýörite subýektdir;

● Ýerine ýetiriji häkimiýete girýän edaralaryň kanuna laýyk we biri-birleri bilen sabyr takatly işlemeklerini üpjün edýän, wezipeli adamdyr;

● Deslapky derňew we kazyýet seljerişini amala aşyrýan wezipeli adamdyr.

**6. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 111-nji maddasyna laýyklykda prokuratura edaralary:**

● ýerli öz-özüňi dolandyryş wezipesini amala aşyrýan we etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasydyr;

● dolandyryş we guramaçylyk meseleleri halk tarapyndan amala aşyrylýan ýörite ygtyýarly döwlet edarasydyr;

● hukuk goraýjy edaralaryň dolandyryş edarasydyr;

● operatiw-agtaryş işiniň kanunylygyna hem-de jenaýat işleriniň derňelişine hem gözegçilik edýän edaradyr.

*Dogry jogaby tapyň.*

**7. Türkmenistanyň Baş prokurory hem oňa tabyn prokurorlar, öz ygtyýarlyklaryny amala aşyranlarynda:**

● diňe kanuny gollanýarlar;

● özleriniň içki ynam ygtykatlaryna gollanýarlar;

● Türkmenistanyň Baş prokurorynyň buýruklaryna we görkezmelerine gollanýarlar;

● edebiýatlara gollanýarlar.

**8. Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň tabynlygyndaky welaýat, welaýat hukukly şäher, baş harby, etrap, etrap hukukly şäher prokurorlary şeýle-de harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalaryň prokurorlary we olaryň orunbasarlary wezipä:**

● bäş ýyl möhlet bilen bellenilýärler we öz wezipesini yzly-yzyna iki möhletden köp eýeläp bilmeýärler;

● möhletsiz bellenýär, emma prokurorlar we olaryň orunbasarlary, öz eýeleýän wezipeleri bilen bir ýere sygyşmaýan hereketleri eden halatlarynda bolsa, olar eýeleýän wezipesinden boşadylýär;

● on ýyl möhlet bilen bir gezek bellenilýärler;

● ýedi ýyl möhlet bilen bellenilýärler we öz wezipesini yzly-yzyna iki möhletden köp eýeläp bilmeýärler;

**9. Deslapky derňew işi – bu:**

● bu jenaýat işi gozgalandan soň, prokuror tarapyndan geçirilýän derňew hereketleridir;

● bu jenaýat işi gozgalmanka, prokuror tarapyndan geçirilýän derňew hereketleridir;

● bu jenaýat işi gozgalandan soň anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror tarapyndan derňew hereketlerini geçirmek bilen jenaýaty doly açmak, iş boýunça maddy subutnamalary ýygnamak, obýektiw hakykatyň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn anyklamak, günäkäri paş etmek, jenaýatçyny jenaýat jogapkärçiligine çekmek, jenaýatyň netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň doldurylmagy üçin degişli çäreleri görmek, jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak, şeýle hem kazyýet seljerişinde seretmek üçin jenaýat işiniň maglumatlaryny we resminamalaryny taýýarlamak boýunça alnyp barylýan iş ýörediş işdir;

● bu jenaýat işi gozgalandan soň, prokuror tarapyndan geçirilýän operatiw-agtaryş işleridir;

**10. Derňew hereketleri – bu:**

● deslapky derňew döwründe prokuror tarapyndan amala aşyrylýan gözegçilik işdir;

● subutnamalary tapmak, ýygnamak we barlamak boýunça geçirilýän iş ýörediş hereketlerdir;

● deslapky derňewiň netijesidir;

● prokuroryň öz başdak alyp barýan derňew işleridir.

**11. Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan ha-latlarda we tertipde prokuror:**

● raýat, arbitraž, jenaýat işlerine birinji basgançakly kazyýetde, şeýle-de dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary baradaky işlere seredilende gatnaşýar;

● raýat, arbitraž, jenaýat işler şeýle-de dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary baradaky işler boýunça birinji basgançakly kazyýet hökmünde çözgüt we höküm çykarýar;

● kazyýetde seredilýän iş boýunça kazyýete degişli hukuk maslahatlaryny berýär;

● raýat, arbitraž, jenaýat işlerine birinji basgançakly kazyýetde, şeýle-de dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary baradaky işlere seredilende kazyýet oturdaşy hökmünde gatnaşýar.

**12. Prokuror jenaýat işleri boýunça geçirilýän kazyýetlerde:**

● döwlet aklawjysy hökm ünde çykyş edýär;

● jemagat garalawjysy hökmünde çykyş edýär we aýplawy goldaýar;

● ekspert hökmünde gatnaşýar;

● döwlet aýyplaýjysy hökmünde çykyş edýär we döwlet aýyplawyny goldamak arkaly kanunçylygyň talaplaryna we işiň ähli ýagdaýlarynyň hemme taraplaýyn, doly we dogry derňelmegine esaslanan öz içki ynam-ygtykadyna goldanýar.

**13. Kanuna laýyklykda, prokuratura edaralarynyň ulgamy şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

● Baş prokuraturadan, welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalaryndan, etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň prokuraturalaryndan, harby prokuraturalardan hem-de ýöriteleşdirilen prokuraturalardan;

● Baş prokuraturadan we Baş prokuraturanyň düzümüne giýän müdirliklerden;

● Baş prokuraturadan, welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalaryndan we olaryň düzümine girýän beýleki hukuk goraýjy edaralaryndan;

● Baş dolandyryş müdirliginden, işgärler müdirliginden, derňew müdirliginden, umumy gözegçilik müdirliginde we ş.m.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**14. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kazyýetiň mejlisinde işler seredilende prokuror şu aşakdakylara ygtyýarlydyr:**

● kazyýetiň jenaýat işler boýunça serenjam mejlisine, kazyýetde birinji basgançak boýunça raýat, arbitraž we jenaýat işleri seljerilende gatnaşmaga;

● raýat, arbitraž we jenaýat işlerine nägilelik we gözegçilik tertibinde garalanda öz pikirini aýtmaga;

● kazyýetiň jenaýat işler boýunça serenjam mejlisinde degişli görkezmeleri bermäge;

● kazyýetiň Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelýän ka-rarlaryna hususy, nägilelik we gözegçilik tertibindäki teklipnamalary we garşylyknamalary getirmäge we olary kazyýetde seredilýänçä yzyna almaga.

## Jemleme

Konstitusiýa – döwletiň esasy syýasy-hukuk resminamasy bolup, onda gysgaça, ýöne düýpli many-mazmuna eýe bolan düşünjeler, döwletimiziň esasy gymmatlyklary we ideýalary beýan edilýär, adam hukuklarynyň, azatlyklarynyň we borçlarynyň, hukuk ulgamynyň, tertip-düzgüniň ýörelgeleri kesgitlenýär. Syýasy, ykdysady, sosial ulgamlarda geçirilýän reformalar, gazanylýan üstünlikler konstitusion gurluşyň kanuny netijesidir. Esasy Kanun kanunyň rüstemligini ykrar etmek bilen, hemmeleriň kanunyň öňünde deňligini, jemgyýetiň gymmatly hazynasynyň adamdygyny, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny döwletiň goraýandygyny berkidýär. Şeýle hem her bir raýatyň konstitusiýanyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdigini görkezýär.

Konstitusiýamyzyň kämilleşdirilen görnüşi diňe bir şu günüň kadalary bolman, eýsem geljekki ösüşlerimiziň hem badalgasydyr. Girizilen üýtgeşmelere we goşmaçalara dünýäniň umumy ykrar edilen öňdebaryjy kadalary türkmen halkynyň müňlerçe ýyllardan bäri nesilden-nesle geçip gelýän asylly däp-dessurlary utgaşdyrylyp siňdirildi. Döwrüň synagyndan geçen oňyn kadalary bolsa üýtge-wsizligine galdyryldy.

Türkmenistanyň kämilleşdirilen görnüşdäki konstitusiýasy boýunça, okuw serişdeleri bilen bir hatarda, çyzgylar, sowalnamalar ýaly usuly serişdeleri-de işjeň ulanmak bilen «Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy» dersinden ýazylan bu okuw kitaby hem ýurdumyzyň raýatlarynyň hukuk düşünjeliligini artdyrmaga, Esasy Kanunymyzyň many-mazmunyna, hormatly Prezidentimiziň ýurdu-myzda amala aşyrýan hukuk özgertmeleriniň döwletiň, jemgyýetiň we her bir raýatyň durmuşyna edýän oňyn täsirine has düýpli we anyk göz ýetirmäge ýardam bermeklige niýetlenýär.

Şonuň bilen birlikde-de, mugallymlar, talyplar, hukukçy hünärmenler üçin niýetlenen bu okuw kitabyň degişli baplarynda Türkmenistanyň kanunçylygyny emele getirýän kadalaşdyryjy hukuk namalar bilen Esasy Kanunyň kadalarynyň arabaglanyşygy seljerilýär, şeýle hem, döwletiň we hukugyň nazaryýet esaslary barada-da degişli temalarda durlup geçilýär, şonuň ýaly-da milli hukuk kadalarynyň, halkara we beýleki döwletleriň hukuk kadalary bilen gysgaça deňeşdirmesi hem geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe jemgyýeti we onuň ösüşi baradaky ýörelgeleriniň, parasatly we öňdengörüjilikli içeri hem daşary syýasatynyň dogrudygyny durmuş görkezýär. Döwletimizde durmuşa geçirilýän ösüşlere we özgertmelere, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmagyň ýollaryny we usullaryny oňat bilmegine, konstitusion hukuklaryň we ygtyýarlyklaryň raýatlyk borçlaryny ak ýürekden ýerine ýetirmek bilen üznüksiz baglanyşyklydygyna raýatlaryň aýdyň düşünmegine awtorlaryň ýerine ýetiren bu işi gollanma bolar diýip umyt edýäris.

Konstitusiýa häzirki zaman taryhynyň görnükli resminamasy bolmak bilen halk köpçüliginiň döredijiliginiň netijesidir. Esasy Kanunyň taryhy ähmiýeti, onuň düzgünleriniň mazmuny, Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuşynda, döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň işinde şu okuw kitapda bar bolan maglumatlaryň gollanma bolup hyzmat etmegini isleýäris.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň zähmeti bilen Türkmenistan döwletini galkyndyrjakdygyna, demokratik, dünýewi, hukuk döwletini, raýat jemgyýetini gurjakdygyna tüýs ýürekden ynanýarys.

## Sowalnamalaryň dogry (nädogry) jogaplarynyň belgileri

**I bap boýunça:**

| | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
| 3 | 2 | 1 | 4 | 1 | 2 | 4 | 1 | 3 | 3 | 3 | 1 | 4 | 4 |

**II bap boýunça:**

| | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
| 1 | 3 | 3 | 4 | 1 | 1 | 2 | 4 | 1 | 4 | 4 | 4 | 1 | 3 |

**III bap boýunça:**

| | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
| 4 | 2 | 3 | 1 | 3 | 4 | 1 | 2 | 4 | 1 | 2 | 2 | 1 | 3 |

**IV bap boýunça:**

| | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
| 1 | 4 | 2 | 3 | 1 | 3 | 4 | 3 | 1 | 2 | 4 | 2 | 1 | 3 |

**V bap boýunça:**

| | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
| 4 | 2 | 4 | 3 | 1 | 2 | 1 | 2 | 3 | 2 | 3 | 1 | 3 | 3 |

**VI bap boýunça:**

| | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
| 3 | 4 | 1 | 2 | 2 | 3 | 1 | 2 | 4 | 2 | 1 | 3 | 2 | 3 |

**VII bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | 1 | 2 | 4 | 3 | 3 | 1 | 4 | 4 | 4 | 1 | 3 | 3 | 3 |

**VIII bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 3 | 2 | 1 | 4 | 3 | 2 | 1 | 4 | 2 | 3 | 4 | 1 |

**IX bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 4 | 3 | 3 | 4 | 4 | 1 | 2 | 3 | 4 | 1 | 2 | 3 |

**X bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 3 | 2 | 3 | 1 | 4 | 3 | 2 | 4 | 1 | 2 | 3 | 3 | 1 | 3 |

**XI bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 4 | 2 | 3 | 4 | 1 | 1 | 3 | 4 | 2 | 3 | 1 | 4 | 2 |

**XII bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | 1 | 4 | 3 | 4 | 2 | 3 | 2 | 4 | 1 | 3 | 2 | 4 | 1 | 3 |

**XIII bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 3 | 2 | 4 | 4 | 3 | 4 | 1 | 2 | 2 | 1 | 4 | 2 | 4 |

**XIV bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 2 | 4 | 1 | 3 | 2 | 4 | 1 | 3 | 2 | 1 | 4 | 2 | 1 | 4 |

**XV bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 1 | 3 | 4 | 3 | 2 | 1 | 1 | 3 | 2 | 1 | 3 | 4 | 2 |

**XVI bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | 4 | 1 | 3 | 2 | 4 | 1 | 3 | 1 | 3 | 4 | 2 | 3 | 1 |

**XVII bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4 | 3 | 3 | 3 | 2 | 2 | 3 | 1 | 4 | 2 | 1 | 2 | 4 | 2 |

**XVIII bap boýunça:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 2 | 1 | 3 | 4 | 1 | 4 | 1 | 1 | 3 | 2 | 1 | 4 | 1 | 3 |

## Peýdalanylan kanunlar we edebiýatlar:


1. Türkmenistanyň konstitusiýasy. Aşgabat. 2008.

2. Gurbanguly Berdimuhamedow. «Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr» A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007.

3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007.

4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk, döredijilik, progres syýasatynyň dabaralanmasy. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007.

5. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007.

6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir! A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007.

7. Täze galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy – 2007-nji ýyl. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2008.

8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007.

9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2008.

10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylyň 22-nji maýynda geçirilen, Türkmenistanyň konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça konstitusion toparyň mejlisinde eden çykyşy. Aşgabat. Türkmenistan gazeti, 23.05.2008 ý.

11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdan daşary XXI mejlisinde sözlän sözünden. Aşgabat. Türkmenistan gazeti, 27.09.2008 ý.

12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylyň 23-nji aprelinde geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat: Türkmenistan gazeti, 24.04.2008.

13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2009.

14. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2010.

15. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I, II tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2010.

16. BMG-nyň Baş Assambleýasy tarapyndan 10.12.1948 ýylda kabul edilen Adamyň hukuklarynyň ählumumy Jarnamasy. «Adam hukuklary baradaky halkara namalar». Aşgabat. 2000 ý.

17. «Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak hakynda» Konwensiýa. Fransiýa, Parižşäheri. 16.11.1972 ý. Türkmenistan 1992-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda goşuldy.

18. «Çagalaryň diri galmagyny, goralmagyny we ösmegini üpjün etmek hakyndaky bütindünýä» Jarnama. ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäheri. 30.09.1990 ý. Türkmenistan 1993-nji ýylyň 28-nji dekabrynda goşuldy.

19. «Ozon gatlagyny goramak hakynda» Konwensiýa. Awstriýa, Wena şäheri. 22.03.1985ý. Türkmenistan 1994-nji ýylyň 14-nji fewralynda goşuldy.

20. «Jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky» Halkara Konwensiýa. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 21.12.1965 ý. Türkmenistan 1994-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda goşuldy.

21. «Çaganyň hukuklary hakyndaky» Konwensiýa. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 20.11.1989 ý. Türkmenistan 1994-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda goşuldy.

22. «Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky» Halkara Ylalaşyk. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 16.12.1966 ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda goşuldy.

23. «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky» Halkara Ylalaşyk. BMG-nyň Baş Assambleýasy. 16.12.1966 ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda goşuldy.

24. «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygyna fakultatiw teswirnama» BMG-nyň Baş Assambleýasy. 16.12.1966 ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda goşuldy.

25. «Aýallar barada kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky» Konwensiýa BMG-nyň Baş Assambleýasy. 18.12.1979 ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda goşuldy.

26. «Erkeklere we aýallara meňzeş zähmeti üçin deň zähmet hakyny tölemek baradaky» Konwensiýa. Halkara Zähmet Guramasynyň Baş Konwensiýasy 6.06.1951 ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda goşuldy.

27. «Mejbury zähmet hakyndaky» Konwensiýa. Halkara Zähmet Guramasynyň Baş Konwensiýasy. 10.06.1930 ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda goşuldy.

28. «Mejbury zähmeti ýatyrmak hakyndaky» Konwensiýa. Halkara Zähmet Guramasynyň Baş Konwensiýasy. 5.06.1957 ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda goşuldy.

29. «Işe kabul etmek üçin iň kiçi ýaş hakyndaky» Konwensiýa. Halkara Zähmet Guramasynyň Baş Konwensiýasy. 6.06.1973 ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda goşuldy.

30. «Birleşme azatlygy we gurama bolan hukugy goramak hakyndaky» Konwensiýa. Halkara Zähmet Guramasynyň Baş Konwensiýasy. 17.06.1948 ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda goşuldy.

31. «Guramaçylyga we köpçülikleýin şertnamalary baglaşmaga bolan hukuk hakynda» Halkara Zähmet Guramasynyň Baş Konwensiýasy. 8.06.1949 ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda goşuldy.

32. «Howply galyndylaryň serhetaşyr daşalyşyna we olaryň ýok edilişine gözegçilik hakynda» Konwensiýa. Şweýsariýa, Bazel şäheri 22.03.1989ý. Türkmenistan 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda goşuldy.

33. «Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakyndaky» Konwensiýa. Şweýsariýa, Ženewa şäheri. 28.07.1951 ý. Türkmenistan 1997-nji ýylyň 10-njy iýulynda goşuldy.

34. «Bosgunlaryň hukuk ýagdaýyna degişli» Teswirnama. Şweýsariýa, Ženewa şäheri. 31.01.1967 ý. Türkmenistan 1997-nji ýylyň 10-njy iýulynda goşuldy.

35. «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygyna ölüm jezasyny ýatyrmaga gönükdirilen ikinji fakultatiw teswirnama» BMG-nyň Baş Assambleýasy. 15.12.1989 ý. Türkmenistan 1999-njy ýylyň 28-nji dekabrynda goşuldy.

36. «Gynamalara we çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň rehimsiz, adam-kärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy» Konwensiýa BMG-nyň Baş Assambleýasy.10.12.1984 ý. Türkmenistan 1999-njy ýylyň 30-njy aprelinde goşuldy.

37. «Aýallaryň syýasy hukuklary hakyndaky» Konwensiýa BMG-nyň Baş Assambleýasy. 20.12.1952 ý. Türkmenistan 1999-njy ýylyň 15-nji sentýabrynda goşuldy.

38. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. 29.12.1963 ý. 2009-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

39. Türkmenistanyň Maşgala kodeksi. 10.01.2012 ý.

40. Türkmenistanyň Düzediş-zähmet kodeksi. 30.06.1971 ý. 2009-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

41. Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksi. 28.06.1983 ý. 2009-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

42. Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksi. Aşgabat. 17.12.1984 ý. 2010-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

43. Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksi (rejelenen görnüşi). 21.11.2009 ý.

44. Türkmenistanyň Gümrük kodeksi. 08.10.1993 ý. 2009-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

45. Türkmenistanyň Howa kodeksi. 18.06.1996 ý. 2009-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

46. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. 12.06.1997 ý. 2010-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

47. Türkmenistanyň Raýat kodeksi. 17.07.1998 ý. 2012-nji ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

48. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. 19.12.2000 ý. 2012-nji ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

49. Türkmenistanyň Suw kodeksi. Aşgabat. 25.10.2004 ý. 2009-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

50. Türkmenistanyň Ýer kodeksi. 25.10.2004 ý. 2009-njy ýyla çenli üýt-getmeler-goşmaçalar bilen.

51. Türkmenistanyň Salgytlar hakyndaky kodeksi. 25.10.2005 ý. 2010-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

52. Türkmenistanyň Durmuş-üpjünçiligi hakynda kodeksi. 17.03.2007 ý. 2009-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

53. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. 18.04.2009 ý.

54. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. Aşgabat. 18.04.2009 ý. 2010-njy ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

55. Türkmenistanyň Tokaý kodeksi. 25.03.2011 ý.

56. «Ýygnaklary, mitingleri, köçe ýörişlerini we demonstrasiýalary guramagyň hem-de geçirmegiň tertibi hakyndaky» Düzgünnama. 15.11.1988 ýyldaky №1331 belgili Perman bilen tassyklanan.

57. «Dil hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 24.05.1990 ý.

58. «Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyýarlylygy hakynda» Jarnama. 22.08.1990 ý.

59. «Adatdan daşary ýagdaýyň hukuk düzgüni hakynda» Türkmenistan SSR-niň kanuny. 23.08.1990 ý.

60. «Türkmenistan SSR-inde dolandyryşyň prezidentlik formasyny döretmek hem-de Türkmenistan SSR-niň konstitusiýasyna (Esasy Kanunyna) üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistan SSR-niň kanuny. 11.10.1990 ý.

61. «Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda» Türkmenistanyň konstitusion kanuny. 27.10.1991 ý.

62. «Türkmenistanda metbugat we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda» Türkmenistan kanuny. 10.01.1991ý.

63. «Türkmenistanyň Prezidentiniň at-abraýyny we mertebesini goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 12.11.1991 ý.

64. «Tebigaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 12.11.1991ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

65. «Türkmenistanyň taryhy we medeni ýadygärliklerini goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 19.02.1992 ý.

66. «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 19.02.1992 ý.

67. «Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 19.05.1992 ý. 18.04.2009 ýylda girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

68. «Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 19.05.1992 ý.

69. «Türkmenistanyň raýatlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 30.09.1992 ý. 12.06.2007 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

70. «Referendum hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 12.04.1993 ý.

71. «Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk organlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 12.04.1993 ý. 14.06.2003 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

72. «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1.10.1993 ý. 30.03.2007 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

73. «Girew hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1.10.1993 ý. 18.04.2009 ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

74. «Telekeçilik işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1.10.1993ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

75. «Türkmenistanyň döwlet serhedi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 01.10.1993 ý. 18.04.2008 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

76. «Goranmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1.10.1993 ý. 14.12.2007 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

77. «Erkin telekeçiligiň ykdysady zonasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 8.10.1993 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goş-maçalar bilen.

78. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 8.10.1993 ý. 2.07.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

79. «Ösümlik dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 28.12.1993 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

80. «Algoritmleriň, elektron hasaplaýjy maşynlar (EHM) üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň hukuk taýdan goralyşy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 23.09.1994 ý.

81. «Operatiw-agtaryş işleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 23.09.1994 ý. 01.01.2010 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

82. «Döwlet häkimýieti we dolandyryş edaralarynda garyndaşlaryň bilelikde işlemegini çäklendirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.06.1995 ý.

83. «Döwlet ekologik ekspertizasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.06.1995 ý.

84. «Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 24.11.1995 ý. 15.06.2000 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

85. «Döwlet syrlaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 24.11.1995 ý.

86. «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň konstitusion kanuny. 27.12.1995 ý.

87. «Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 18.06.1996 ý.

88. «Atmosfera howasyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 20.12.1996 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

89. «Daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 20.12.1996 ý.

90. «Muzeýler we muzeý işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 20.12.1996 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

91. «Döwlet organlarynyň apparatyndaky gulluk hakynda» Türk-menistanyň Kanuny. 12.06.1997 ý.

91. «Haýwanat dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 12.06.1997 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

92. «Bosgunlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 12.06.1997 ý.

93. «Graždanlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny bozýan döwlet organlarynyň¸ jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň we wezipeli adamlaryň hereketlerini suda şikaýat etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 6.02.1998 ý.

94. «Adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüniň alynmagy we ýok edilmegi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.09.1998 ý.

95. «Gozgalýan medeni gymmatlyklary goramak, äkitmek we getirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.09.1998 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

96. «Türkmenistanda mobilizasion taýýarlygy we mobilizasiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 10.12.1998 ý.

97. «Türkmenistanyň serhet goşunlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 10.12.1998 ý. 18.03.2005 ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

98. «Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran Permany bilen ölüm jezasyny jenaýat jeza çäresi hökmünde ulanmaga girizilen moratorini ulanmagyň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 06.01.1999 ý.

99. «Raýatlaryň ýüz tutmalary we olara garamagyň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 14.01.1999 ý.

100. «Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklarynyň kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 22.04.1999 ý. 10.09.2004 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

101. «Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 30.04.1999 ý. 23.10.2008 ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

102. «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 25.03.2008 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

103. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.06.2000 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

104. «Diplomatik gulluk hakynda «Türkmenistanyň Kanuny. 19.12.2000 ý.

105. «Türkmenistanda halk çeper amaly-haşam döredijiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 19.12.2000 ý.

106. «Täjirçilik syry hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 19.12.2000 ý.

107. «Elektron resminama hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 19.12.2000 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

108. «Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 21.05.2011 ý.

109. «Türkmenistanyň içerki goşunlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 7.07.2001 ý. 22.07.2002 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

110. «Bedenterbiýe we sport hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 7.07.2001 ý.

111. «Çaganyň hukuklarynyň kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 5.07.2002 ý.

112. «Melhemçilik işi we derman üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 5.07.2002 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

113. «Söwda hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 5.07.2002 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

114. «Türkmenistanda döwlet gullugyna döwlet ýolbaşçylaryny we wezipeli adamlary seçip-saýlap almak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 9.08.2002ý.

115. «Döwlet protokoly hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 14.12.2002 ý.

116. «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 14.12.2002 ý. 25.10.2005 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

117. «Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 21.10.2003 ý. 7.02.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

118. «Dine uýmak erkinligi we dini guramalar hakynda» Türk-menistanyň Kanuny. 21.10.2003 ý. 2.07.2009 ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

119. «Raýat goranyşy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 29.11.2003 ý. 3.02.2008 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

120. «Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 30.11.2003 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

121. «Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 9.10.2004 ý. 18.04.2009 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

122. «Ýaşlaryň zähmet çekmäge bolan hukugynyň kepillendirmesi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1.02.2005 ý.

123. «Etrap, şäher halk maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 25.10.2005 ý. 23.10.2008 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

124. «Welaýat halk maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 25.10.2005 ý. 23.10.2008 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

125. «Geňeş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 25.10.2005 ý. 23.10.2008 ýyla çenli üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

126. «Migrasiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 7.12.2005 ý. 2008-nji ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

127. «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 7.12.2005 ý. 3.07.2007 ýyla çenli girizilen üýtgetmeler-goşmaçalar bilen.

128. «Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 26.12.2006 ý.
129. «Arçynlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 30.03.2007 ý.
130. «Daýhan hojalygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 30.03.2007 ý.
131. «Daýhan birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 30.03.2007 ý.
132. «Türkmenistanyň Prezidenti hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 28.06.2007ý.
133. «Aýallaryň deň hukuklylygynyň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 14.12.2007 ý.
134. «Adam söwdasyna garşy göreş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 14.12.2007 ý.
135. «Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 10.10.2008 ý.
136. «Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 23.10.2008 ý.
137. «Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 23.10.2008 ý.
138. «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 9.01.2009 ý.
139. «Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 18.04.2009 ý.
140. «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny 18.04.2009 ý.
141. «Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 28.05.2009 ý.
142. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.08.2009 ý.
143. «Radiýasiýa howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.08.2009 ý.
144. «Ozon gatlagyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.08.2009 ý.
145. «Ösümlikleriň karantini hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.08.2009ý.
146. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.08.2009 ý.
147. «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.08.2009 ý.
148. «Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 15.08.2009 ý.
149. «Harby gullukçylaryň hemde olaryň maşgala agzalarynyň statusy we sosial taýdan goralyşy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 30.08.2009ý.
150. «Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2.10.2009 ý.
151. «Medeniýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 12.03.2010 ý.
152. «Aragatnaşyk hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 12.03.2010 ý.
153. «Türkmenistanyň daşary ýurtda ýerleşýän döwlet eýeçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 12.03.2010 ý.
154. «Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 14.05.2010 ý.
155. «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 14.05.2010 ý.
156. «Syýahatçylyk hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 21.05.2010 ý.
157. «Türkmenistanyň halkara şertnamalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 22.05.2010 ý.
158. «Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 05.10.2010 ý.
159. «Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 25.09.2010 ý.

160. «Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 26.03.2011 ý.

161. «Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 4.08.2011 ý.

162. «Türkmenistanyň konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça konstitusion toparyň düzümi hakynda» Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň karary. Aşgabat, 18.04.2008, №HMK-72.

163. Gazaly M. Ylym barada kitap, 1-nji jilt A: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi. 2005 ý.

164. Orazdurdyýewa B. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy dersi boýunça okuw maksatnamasy. Aşgabat: Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, 2008 ý.

165. Ýerli hakimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary: milli jähtler we halkara tejribesi. Aşgabat, 2009 ý.

166. T. Goçyýew, S. Ataýew, A. Çaryýew. Arbitraž iş ýöredişi. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010 ý.

167. Goçyýew T.D., Ataýew S.K., Çaryýew A.A. Nika, maşgala we kanun. – Aşgabat. Ylym, 2010 ý.

168. Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Okuw gollanmasy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011 ý.

169. М.О.Хаитов. Основы Конституции Туркменистана: Учебное по-собие – А.: Ылым, 1996 ý.

170. Конституционное право: словарь / Отв.ред. В.В. Маклакова. Москва, 2001 ý.

171. Енгибарян Р.В., Тадевосян Э.В. О некоторых дискуссионных теоретико-методологических вопросах курса конституционного права (читая новейшую учебную литературу). Москва: //Государство и право, 2001 ý. №1.

172. Конституционное право Российской Федерации. Курс лекций. Под редакцией М.П. Авдеенкова. Москва: «Весь Мир», 2005 ý.

173. Большая электронная юридическая энциклопедия. Москва, 2007 ý.

174. Мишин А.А. Конституционное (государственное) право зарубежных стран. Учебник. Москва 2009 ý.

175. М.П. Авдеенкова, Ю.А.Дмитриев. Основы теории конститу-ционного права. Издательство Москва 2005 ý.

176. Смоленский М.Б., Иванников И.А. Конституционное право зарубежных стран. Учебник. Москва 2009 ý.

Ýagmyr Nuryýew, Serdar Ataýew, Aýdogdy Çaryýew,
Baýramgül Orazdurdyýewa

# TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝA HUKUGY

*Ýokary okuw mekdepleri we Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy üçin okuw kitaby*

Ylmy redaktor M.Tyllaýew

Redaktor *H. Sapargulyýew*
Surat redaktory *G. Orazmyradow*
Teh.redaktory *O. Nurýagdyýewa*

Çap etmäge rugsat edildi .
Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi. Şertli reňkli ottiski.
Hasap-neşir listi. Çap listi 33,0.
Sargyt № 1499. Sany.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.